TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

# JENAÝAT HUKUGY
# (UMUMY BÖLEK)

Aşgabat - 2010

**G.D.Saryýewa**

**Türkmenistanyň Bilim minstirligi tarapyndan hödürlenildi**

**Ylmy redaktor hukuk ylymlarynyň doktory, akademik B.S.Saryýew**

**Aşgabat – 2010**

# Giriş

Bu günki gün dabarasy dag aşýan Beýik Galkynyş eýýamymyzda Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmak, ilatymyzyň ýaşaýyş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak, döwletiň hem jemgyýetiň durmuşyna degişli her bir ugurda ösüş gazanmak bilen öňe sürülýän giň möçberli özgertmeler barha rowaç alýar. Şeýle berkarar ýurtda ýaşamak, işlemek, döretmek, gurmak bagtynyň bize miýesser etmegi her birimiz üçin tüýs ykbalyň çüwmegidir. Şonuň bilen birlikde, raýatlaryň hem döwletiň öňünde kanuny borçlarynyň bardygyny biz sähelçe pursat hem ünsden düşürmeli däldiris. Şol borçlaryň naýbaşysynyň eziz diýarymyzyň has-da pajarlap ösmegine öz mynasyp goşandymyzy goşmakdan ybaratdygyny unutmaga hakymyz ýokdur. Bizi arzyly geljege sary alyp barýan bu röwşen ýollarda il-ýurt bähbitli halal, haýyrly, sogaply, tutumly işlerimiziň ömrümiziň hem döwrümiziň bezegi-zynatydygyny, berkararlyk tuguny parladyp, günsaýyn uly özgerişliklere beslenýän döwletimiziň daýanjy - kuwwatydygyny duýup ýaşamak uly bagtdyr.

Beýik Galkynyşlar we özgerişlikler eýýamymyzda milli Liderimiziň başynda duran oňyn özgertmeleriň maksada laýyk amala aşmagy, ozaly bilen, ýurdumyzda milli kanunçylyk ulgamynyň kämilleşdirilmegi bilen berk baglanşyklydyr. Şoňa laýyklykda, Hormatly Prezidentimiz kanunçylykda özgertmeleriň zerurdygyny esaslandyrmak bilen birlikde, dünýä ösüşine sesini goşýan Watanymyzyň dünýäniň ösen tejribesinden çetde galmaýan, şol tejribäni hemmetaraplaýyn özünde jemleýän milli kanunçylygyny döretmegi döwlet syýasatynyň esasy ileri tutulýan ugry hökmünde häsiýetlendirdi. Her bir jemgyýet şol kanunlaryň doly güýjünde

hereket edip, talaba laýyk, gyşarnyksyz berjaý edilmegi bilen sagdyn jemgyýete öwrülýär. Şeýle hem her bir ýurt kämil kanunlary bilen ösen döwlet bolup bilýär. Mähriban Prezidentimiziň Gurbanguly Berdimuhamedow başyny başlan taryhy özgertmeleri diňe bir jemgyýetde däl, eýsem-de döwlet durmuşynda heniz görlüp-eşidilmedik galkynyşly özgerişlikleri döretdi. Şol bir wagtda konstitusion özgertmeleri yzygiderli we netijeli dowam etdirmegiň barşy ýurdumyzda milli döwletlilik, hukuk hem hakyky demokratik binýatlaryň barha berkidilýändigine şaýatlyk edýär. Dine bir raýatlaryň kadaly, azat, erkin ýaşaýşyny üpjün etmekde däl, eýsem-de bolsa ýurduň ykdysady taýdan belent sepgitleri eýelemegi babatynda öňde durýan wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy hem ilkinji nobatda kämil kanunçylyk ulgamy bilen baglanşyklydyr. Sebäbi munuň üçin ozaly bilen jemgyýetiň aň-düşünjesiniň, sowatlylygynyň, ahlak we ruhy kämilliginiň ýokary bolmagy derwaýysdyr. Şeýlelikde, ynsan hukuklarynyň goragynda durup, oňa mynasyp ýaşaýşy, ösüşi we ähli zerur şertleri döredýän kanunlaryň jemgyýetdäki orny, şol bir wagtda döwletiň ösüşlerindäki orny bütin aýdyňlygy bilen ýüze çykýar.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Watanymyzyň dünýä tejribesini hemmetaraplaýyn özünde jemleýän milli kanunçylygymyzy döretmegi döwlet syýasatynyň esasy ugry hökmünde häsiýetlendirdi. Ýurdumyzda kämil demokratik, hukuk we dünýewi ýörelgeleriň rowaç alýandygyna şaýatlyk edýän Baş kanunymyzda berkidilen. Konstitusiýa-da we kanunlarda görkezilen ýagdaýlardan başga adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur. Ýagny adamyň hukuklary hem-de azatlyklary eldegrilmesizdir we olary adamyň elinden alyp bolmaz.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda ”Türkmenistanda jemgyýetiň döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr” diýip bellenilýär[1].

Hormatly Prezidentimiz döwletimizde kanunçylygy we hukuk tertibini berkitmek, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin ýurdumyzyň hukuk goraýjy edaralarynyň işgärlerinden tutanýerli işlemegi talap edýär. Ýurt Baştutanymyzyň talaplaryndan, adalatly hukuk syýasatyndan we ýurdumyzda jenaýatçylyga garşy göreşi güýçlendirmek, jemgyýetiň asudalygyny üpjün etmek baradaky görkezmelerinden ugur alyp, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri dürli edara-kärhanalarda, mekdeplerde, etrap polisiýa bölüminiň asudalygy goraýyş jemgyýetçilik merkezlerinde jeatçylykly adamzat nesline, onuň beden, psihiki taýdan saglyga ýetirýän zyýany hakynda gürrüňdeşlikleri, wagyz-nesihat çärelerini, düşündiriş işlerini ýygy-ýygydan geçirip durýarlar. Döwlet Baştutanymyzyň bu ugurda öňümizde goýýan wezipelerini talaba laýyk durmuşa geçirmekde mundan beýläk hem gujur-gaýratymyzy gaýgyrmarys. Çünki jemgyýetde sagdyn nesilleriň kemala gelmegi ugrunda göreşmek her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.

Jenaýatçylyga garşy göreşde hukuk goraýjy edaralar özleriniň gündelik işinde jenaýatçylygy döredýän sebäpleriň üstüni açmaga, jenaýatçylygyň öňüni almaga köp üns berýärler. Bu ýerde jemgyýetçilik guramalarynyň hereketiniň ýöriteleşdiriş derejesiniň işjeňligi hem-de olaryň dolandyryş edaralary (polisiýa, prokuratura, kazyýet edaralary, häkimlikleriň dolandyryş toparlary) bilen has ýakyn aragatnaşyk saklaýandygy duýulýar.

---

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy.A., 2008, sah.11

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan öňde goýlan, Jenaýat iş ýörediş kanunçylygyny mundan beýläk-de liberallaşdyrmagy göz önünde tutýan wezipeleri üerine ýetirmek maksady bilen, kanunçylyga degişli üýtgetmeler we göşmaçalar girizildi, şolarda agyr jenaýatlar üçin jeza bermegiň aňryçäk möhletini azaltmak, temmi çäresi görnüşinde pul jerimelerini girizmek göz öňünde tutuldy.

Terrorçylyga we ykdysady häsiýetdäki jenaýatlara garşy göreş alyp barmaga gönükdirilen täze maddalaryň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine goşulmagy biziň ýurdymyzda adam hukuklaryny we azatlaklaryny goramagy üpjün etmekde möhüm orny eýeleär[1] diýlip, 2010-njy ýylyň 10-njy maýynda bolan Türkmenistanyň Mejlisiniň dördünji çagyrylşynyň altynjy maslahatynda bellendi. Hormatly Prezidentimiziň tarapyndan öňde goýulan wezipelerden ugur alyp, **“Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky”** Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi, kanunyň 3-nji maddasyna laýyklykda **2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndan** şol kanun hukuk güjine girdi[2].

Hukuk öwreniş ylmynda esasy pudaklaryň içinde aýratyn orunly bolan pudak jenaýat hukugy bolup durýar. Jenaýat hukugy döwletiň ýokary kanun çykaryjy we ýokary amala aşyryjy häkimýet edaralary tarapyndan bellenen, jenaýat eden adamlar babatda temmi bermek we döwlet mejbur edişiniň beýleki çärelerini ulanmak ýoly bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goraýan, şonuň ýaly-da jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagynyň we temmi bermeginiň, kazyýet edilenleriň aýbyny ýatyrmagynyň,

[1] Türkmenistan gazeti. 2010 ýylyň 11-nji maý
[2] Türkmenistan gazeti. 2010 ýylyň 20-njy maý

lukmançylyk we terbiýeçilik häsiýetli mejbur ediş çäreleri ulanmagyň şertlerini we tertibini düzgünleşdirýän hukuk pudagydyr.

**Jenaýat hukugy Umumy we Aýratyn böleklerden** ybarat bolup durýar. Jenaýat hukugynyň esasy düşünjeleri, düýp göteriji ýorelgeleri we wezipeleri hukugyň Umumy böleginde seredilýär. Jenaýat hukugynyň Umumy böleginde jenaýat hukugynyň, jenaýat kanunynyň we jenaýatyň düşünjeleri, jenaýatyň derejeleri, jenaýat jogapkärçiliginiň esaslary, jezanyň düşünjeleri, jenaýat kanunynyň wagt we giňişlikdäki hereketleri, jenaýat jogapkärçilikden we jezadan boşatmagyň şertleri we beýlekiler görkezilýär. Aýratyn böleginde bolsa aýry-aýry jenaýatlaryň görnüşleri, etmişleri maddalaşdyrýan alamatlary, olaryň amala aşyrylmagy üçin döwlet tarapyndan aýyplaw hökümiň üsti bilen berilýän sanksiýalaryň görnüşleri beýän edilýär.

Türkmenistanyň jenaýat hukugynyň esaslaryny öwrenmekligiň meseleleri örän çylşyrymly we wajypdyr. Şahsyýeti, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini, eýeçiliki, jemgyýetçilik tertibini, Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny, konstitusiýon gurluşyny we Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny, parahatçylygy we adamzadyň howpsuzlygyny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak we geljekki jenaýatlaryň öňüni almak jenaýat hukugynyň esasy meseleleri bolup durýar.

Jenaýat hukugynyň Umumy bölegi dersiniň synag okuw kitaby geljekde hukuk goraýjy edaralarynyň işgärleri we beýleki hukuk hünärmenleri boljak hukuk öwreniş hünäriniň talyplaryna jenaýat hukugyny öwrenmekde uly ýardam berer diýip umyt edýäris. Milli kanunçylygy berkitmek, adyl kazyýetligi saklamak, türkmen jemgyýetiň gulläp-ösmegini gazanmak bilen bagly gündeki işlerinde kanunçylygyň ulanmagyny

düşündirmek hukukçylar üçin örän wajyp we ahmiýetli bolup durýar. Hukuk ulgamynda jenaýatçylyga garşy göreşi alyp barmak, jenaýatlaryň üstüni doly we tiz wagtda açmak, jenaýatda günäkärlere kanunlary ulanmak, jenaýaty amala aşyran adamlara adalatly jeza bermek bilen bagly meseleleri örän derwaýyas meseleleridir, olary dernemek Jenaýat hukugyny öwrenmekliginiň esasy wezipeleri bolup durýarlar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzda geçirýän bilim we ylym syýasaty, türkmen ylymyň, bilimiňi dünýä standartlarynyň derejesine gün-günden ýakynlaşdyrýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ylmy-tehniki pudagyny ösüşiň hil taýdan täze derejesine çykarmak üçin şol pudakdaky işiň ýagdaýyny düýpli üýtgetmäge, ylmy barlaglaryň we tehniki işläp taýýarlamalaryň netijeliligini ýokarlandyrmaga, olary halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň barha artýan talaplaryny üpjün etmäge we döwlet durmuşynyň derwaýyş meselelerini çözmäge gönükdirmäge wagt ýetdi, diýip, döwletimiziň baştutany nygtaýar. Döwletimyzyň mundan beýläk-de, hemmetaraplaýyn üstünlikli ösüşi, Türkmenistanda geçirilýän uly möçberli özgertmeleri, şol sanda milli bilim ulgamy babatda özgertmeleriň doly derejede durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin dünýä ylmynyň öňdebaryjy tehnologiýalaryny öwrenmek bilen, ýökary hünärli işgärleri taýýarlamak meseleleri ýokary okuw mekdebiniň mugallymlarynyň öňünde örän wajyp we jogapkärçilikli wezipe bolup durýar. Türkmen halkynyň Lideri şeýle belläp geçdi, “ýuristleri, ykdysadyýetçileri, bank işgärlerini, kompýuter programmalarynyň hünärmenlerini, inženerlerini we ýurdumyza zerur bolan beýleki hünärmenleri

dünýäniň iň ösen döwletlerinde, iň abraýly okuw mekdeplerinde taýýarlarys“[1].

Ýurdumyzda jemgyýetiň, durmuşyň hilini ösdürmek we kämilleşdirmek meseleleri ylmyň, bilimiň esasynda amala aşyrylýar. Ýokarda goýulan wezipeleri durmuşa geçirmek, kanunçylygy ulanylmak, “Hukuk öwreniş” hünäriniň talyplarynyň okuw hilini kämilleşdirmek üçin, Jenaýat hukugy (Umumy bölek) dersiniň okuw kitaby hödürlenýär.

[1] Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőŷmek – bagtdyr.A., 2007, sah.130

## Bap I. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ynsanperwerlik syýasaty we jenaýatçylyga garşy göreş baradaky taglymaty

### §1.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan ynsanperwerlik syýasaty

Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistany dünýä derejesinde mälim eden Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow halkara hukugynyň, halkara hyzmatdaşlygyň talabyny, Türkmenistanyň döwlet syýasatyny durmuşa geçirýär. Türkmenistan döwletini esaslandyrýan jemgyýetiň milli aýratynlyklary, daşary ýurt döwletleriniň içerki we daşarky syýasatyna gatyşmazlyklygy, goňşy ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy alyp barmakylygy, dünýä howpsuzlygyna ýardam etmekligi we ynsanperwerlik syýasaty bolup durýar. Halkymyzyň ynsanperwerlik ýörelgelerinden we dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen halkara hukugynyň kadalaryndan ugur alyp, Türkmenistanda adam jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy diýip ykrar edildi. Türkmen döwleti ynsanperwerligi, demokratiýany, adam azatlyklarynyň we hukuklarynyň garalşyny amala aşyrmaga millilik bilen çemeleşýär. Türkmenistanyň täze Garaşsyz ýurtlarynyň içinde ilkinji bolup ynsanperwerlik ädimleri amala aşyrdy. Türkmen döwletiniň häzirki zaman nusgasy biziň ata-babalarymyzyň beýik pelsepe

we ynsanperwerlik taglymatyna, türkmen halkyna ozaldan mahsus bolan adamkärçiligiň we adalatlylygyň özboluşly milli sypatlaryna esaslanýar.

Ýurdumyz Garaşsyzlyga eýe bolanyndan soňra, özüniň içerki we daşarky syýasatyny özbaşdak amala aşyryp başlady. Gysga taryhy döwrüň içinde jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunlar kabul edildi. Türkmen halkynyň baý, taryhy mirasyna, onuň syýasy we hukuk medeniýetine esaslanan we şol bir wagtda kanunçylygyň öňde baryjy pikirlerini we meýillerini nazara alýan ýurdumyzda kanunçylyk ulgamy kemala getirildi we ösdürildi. Türkmenler gadym zamanlardan bäri kanuna berk hormat goýandygyny, kanunyň öňünde hemmeleriň deňdigini halkymyzyň taryhy mirasynyň iň gadymy çeşmelerine salgylanyp nygtaýar.

Ýurtda adyl-adalatly, sahawatly, ynsanperwer syýasatlary yzygiderli durmuşa geçirýän Hormatly Prezidentimiziň daşyna berk jebisleşen agzybir, asly halal türkmen halkymyzyň birleşen tagallasy, belent maksady netijesinde hasyl bolýan döwletli tutumlar, beýik işler ýurdymyzyň at-abraýyny, mertebesini belende göterýär. Ýokarda belleýşimiz ýaly, döwletiň we jemgyýetiň baş gymmatlygy bolan adam hakyndaky alada ýurtda öňe sürülýän syýasatlaryň, gündelik kabul edilýän resminamalaryňdyr çözgütleriň düýp mazmunyny düzýär.

Raýatlaryň parahat, bagtyýar durmuşda ýaşamagy, azat-erkin zähmet çekmegi, dünýä derejesinde ylym-bilim almagy üçin döwlet tarapyndan ähli şertler döredilýär. Garaşsyz ýurdumyzda gazanylýan syýasy-ykdysady ýeňişler halkymyzy eşretli, abadan ýaşaýşyň, bolelin durmuşyň belentliklerine atarýar. Raýatlaryň maddy we psihiki üpjün ýaşamagy üçin bimöçber tagallalar amala aşyrylýar. Adalat jemgyýetimizde raýatlaryň kanuny hak-hukuklarynyň goralmagyna, her bir

adamynyň kanunda görkezilen kepilliklerinden peýdalanyp bilmegine oňyn şertleriň döredilmegi, ýurtda demokratik özgertmeleriň, dünýä döwletleriniň parahatçylygyna, asudalygyna, durnuklylyga we howpsuzlyga gönükdirilen syýasatlaryň ýöredilmegi Bitarap türkmen döwletimiziň halkara derejesindäki abraýyny has-da ýokary göterýär.

Ýurduň baş gymmatlygy hasaplanýan raýatlaryň kanuny hukuklary berk, ygtybarly goralmak bilen birlikde, olaryň azat-erkin ýaşamagy, zähmet çekmegi üçin ýurt asudalygynyň üpjün edilmeginiň esasy şert bolup durýandygy nazara alnyp, bu ugurda alnyp barylýan işler hemişe döwletimiziň üns merkezinde saklanylýar.

Biziň bilşimiz ýaly Konstitusiýanyň hukuk normalary umumy kadalar bolup, beýleki kanunlar hem öz gözbaşyny şol konstitusion kadalardan alyp gaýdýar. Diýmek, raýatyň namysynyň we mertebesiniň goraglylygy onuň konstitusion hukugy bolup, şol hukugyň kemsidilmegi eýýäm hukuk jogapkärçiliginiň ýüze çykýanlygyny aňladýar.

Baş Kanunymyz bolan Konstitusiýa laýyklykda, Türkmenistan döwletimiziň kanunçylyk syýasatynyň durmuşa geçirilmegini gazanmak, şoňa laýyklykda-da biziň şu günki hereket edýän jenaýat kanunçylygymyzy, şeýle hem jenaýat hukuk syýasatyny öwrenmegimiz we ony durmuşa geçirmegimiz örän möhüm işdir. Biziň şu günki öwrenýän Jenaýat hukuk ylmymyz hem Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň hukuk gurluşynda uly ähmiýete eýedir. Ýagny ol Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ynsanperwerlik syýasatyny gollamakda, adalat jemgyýetini gurmakda, ony durmuşa geçirmekde, berkitmekde, şeýle hem adamlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirmekde we olary jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramakda esasy orny eýeleýär.

Baş Kanunymyzyň 19 maddasynda, şeýle bellenen: “Türkmenistan adamyň we raýtyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň deňligini, şeýle hem haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, adamyň we raýatyň kanun öňündäki deňligini kepillendirýär”.[1]

Türkmen özüniň ynsanperwerlik, adalat we halallyk ýörelgelerine esaslanýan jemgyýetini, gülläp ösýän dünýewi, hukuk hem-de demokratik döwletini gurýar. Binýady berk tutulan ýurdumyzda adam iň belent gymmatlykdyr. Bu barada Türkmenistanyň Baş kanunynda hem görkezilendir: “Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet her bir raýatyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsyýeti eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar”.[2] Aslynda raýatlarynyň mertebesini beýgelden döwletimiziň düýp maksady halkymyzyň abadan, akazyýete durmuşda ýaşamagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda: ”Her bir adam ýaşamaga we azat ömür sürmäge hakylydyr. Hiç bir adam ýaşamaga bolan hukugyndan mahrum edilip bilinmez. Her bir adamyň erkin ýaşamaga bolan hukugy döwlet tarapyndan kanun esasynda goraýar”[3] - diýlip belleýär.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň netijesinde ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda ýaşap gelen ynsanperwerlik taglymatlarynyň häzirki zaman türkmen

---

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy, A., 2008, sah.18
[2] Türkmenistanyň Konstitusiýasy, A., 2008, sah.18
[3] Türkmenistanyň Konstitusiýasy, A., 2008, sah.5

jemgyýetine ornaşmagyna ýardam edýär. Adama mähremlilik we ynsanperwerlik Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň köptaraply döwlet işinde äşgär ýüze çykýar. Biziň Prezidentimiziň durmuşa geçirýän netijeli döwlet hukuk-syýasaty adalatlylygyň we ynsanperwerligiň aýdyň nusgasy bolup durýar. Şu ýörelgelerden ugur alyp ýurdumuzyň Prezidenti döwletiň jeza çärelerini ýerine ýetirýän edaralaryň işini üýtgedip gurmak we kämilleşdirmek barada özüniň ýurt başyna geçen ilkinji günlerinden başlap birnäçe düýpli çäreleri işläp taýýarlady we olary durmuşa geçirmek baradaky döwletiň alyp barýan syýasatyny yglan etdi.

Häzir dünýäde bolup geçýän ýagdaýlaryň biri-biri bilen baglydygy, biri-birine garaşlydygy hemmelere aýdyňdyr. Bu ýagdaýlaryň ösüşi "raýat-döwlet-sebit, yklym-bütin dünýä-adamzat" diýen ugur boýunça hatara düzülýärler. Şonuň üçin hem biz her bir döwlet, her bir millet, goý ol uly ýa kiçi bolsun, öz tutuş jogapkärçilik derejesine düşünmek bilen, bu günki gün hereketiň barşyna hakykat ýüzünde edil şu kysmy ýzygiderlikde täsir etmäge ukyplydyr diýip hasap edýäris. Meselä hut şeýle çemeleşmäge ygrarlyk bolsa Türkmenistanyň dünýä ösüşiniň iň bir wajyp, jygba-jygly meselelerini özüniň milli bähbitleri bilen bagly ägirt wezipelerini çözmekdäki tutumlaryny hem-de hereketlerini kesgitleýär. Olarda ykdysady ýa-da syýasy haýýarlyga we eden-etdilige orun bolmaly däldir, halkara guramalary aýry-aýry ýurtlar ýa-da maliye merkezleri tarapyndan ýardam berilmegi döwletiň özbaşdakylyk hukugynyň kemsidilýändigini aňladyp bilmez.

Bu hem täze eýýamyň özboluşlylyklarynyň ýene biridir. Türkmenistan şeýle çemeleşmek pikirinde öňem durupdy, häzirem durýar. Şeýle çemeleşmek türkmen halkynyň ahlak aýratynlygyna, onuň döwlet bitaraplygy ugrundaky hereketiniň gözbaşynda duran syýasy pelsepesine dogry gelýär.

Täze Galkynyşlar we Beýik özgertmeler zamanamyzda mähriban Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly ýolbaşçylygy astynda ylyma, bilime uly üns berilmegi netijesinde bu ugurda ençeme işler edildi.

Mahriban Prezidentimiz döwlet baştutany wezipesine girişen gününden başlap, türkmen ylmyňy, bilimini dünýä derejesine çykarmak, türkmen ýaşlarynyň giň dünýägaraýyşly bolup ýetişmeklerini gazanmak esasy meseleleriň biri edip goýdy. Hut şu nukdaý nazardan mähriban Prezidentimiziň ilkinji kabul eden Kararynyň biri hem “Bilim ulgamyny kämilleşdirmek” hakyndaky Karary boldy. Bu Kararyň netijesinde orta mekdepleriň 10 ýyllyk, ýokary okuw jaýlarynyň 5 ýyllyk okuw meýilnamasyna geçilmegi giň bilim almak üçin uly mümkinçilik döretdi. Türkmen ýaşlarynyň birnäçesiniň bolsa daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw jaýlarynda bilim almagy bolsa bizi has-da guwandyrýar.

## §2. Türkmenistanyň Prezidentiniň jenaýatçylyga garşy göreş baradaky taglymaty. Türkmenistanda geçirilýän jenaýatçylygyň öňüni almak bilen bagly umumy we ýörite çäreleri

Döwletimiziň iň esasy üns berýän wezipeleriniň biri - jenaýatçylygyň öňüni almakdyr. Bu mesele diňe bir hukuk goraýjy edaralaryň wezipesi bolman, eýsem ýurdumyzyň hemme raýatlarynyň esasy meseleleriniň biri bolmalydyr. Sebäbi, jenaýatçylygy azaltmak, aradan aýyrmak, düýbünden ýok etmekde döwletimiziň işine raýatlaryň işjeň gatnaşmagy bimöçber ýeňillikleri döredýär, işleriň oňyn çözülmegine ýardam edýär.

Jenaýatçylygyň öňüni almakylyk jenaýat kanunçylygynyň hem esasy wezipesidir. Onuň maddalarynda jogapkärçiligin

bolmagy üçin birnäçe günäni agyrladýan hem ýeňilledýän ýagdaýlaryň, edilen etmişiň jemgyýet üçin howplylyk derejesiniň we netijesiniň, şeýle-de günäkäriň şahsyýeti göz öňünde tutulyp, her bir günäkäre aýratynlykda jeza çäresiniň bellenmegi jeneýatyň agyr netijeleriniň öňüni almakda degişli täsirini ýetirip biler. Jenaýat kanunynyň çap edilmegi, ol barada metbugatyň çykyş etmegi, halk arasynda düşündiriş işleriniň geçirilmegi her bir adamyň kanunçylyk boýunça hukuk düşünjesini artdyrýar, bidüzgünçiligiň öňüni almaga degerli ýardam berýär.

Derňew we anyklaýyş edaralary tarapyndan her bir jenaýatçylykly hereket barasynda obýektiw, doly we hemme taraplaýyn barlag işleriniň geçirilmegi, jenaýatyň sebäplerni dogry anyklap, ony ýok etmek üçin degişli çäreleri görüp, kanunyň talaplaryny doly berjaý edilmegi. Kazyýetiň kanuna laýyk adyl kararlar çykarylmagy, diňe bir günäkär ýa-da iş kesilen adam üçin däl, eýsem hossarlary, onuň bilen gatnaşykda bolanlar, hatda kazyýet iş ýöredişine gatnaşanlar üçin hem jenaýatçylykly hereketleriň gaýtalanmazlygyna kömek eder.

Şeýlelik bilen, jenaýat kanunçylygynda haýsy hereketleriň jenaýatçylykdygy, şahsyýete, jemgyýete, döwlete garşy nähilli hereketleriň howply jenaýat bolýandygy we oňa nähilli jeza bellenýändigi görkezilendir. Her bir adam kanun tarapyndan gadagan edilen hereketler üçin bellenilýän jeza çäresini öwrenmäge bolan mümkinçiliklerden peýdalanyp bilýär.

Türkmenistanda ýaşaýan her bir raýat, Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygyny bozan halatynda eýeleýän wezipesine, diline, jynsyna, dinine garamazdan, eden etmişi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmelidir. Şol adama, eden etmişine görä döwletiň adyndan kazyýetiniň hökümininiň esasynda degişli jeza çäresi bellenilýär. Jeza durmuş adalatlylygy dikeltmek, şeýle hem kazyýetde iş kesilen adamlary düzetmek we täze

jenaýatlaryň edilmeginiň öňüni almak maksatlary bilen ulanylýar. Jeza özüniň mazmuny we mejbury täsiriniň göwrümi bilen beýleki çärelerden tapawutlanýar. Jeza berk şahsyýeti häsiýetde bolmak bilen, diňe kazyýetde iş seredilýäne, güniň boýnuna goýmak arkaly, edelen etmişe görä günäkärlere gönükdirilýär. Jenaýatda günäkär adam jezasyny başga bir adama geçirilip bilmez. Jeza iş kesilenlik aýybyny emele getirýär. Jemgyýetde jezanyň esasy maksady jenaýat eden adamlary mejbury terbiýelemekden, olaryň geljekde özlerini kanuna laýyk alyp barmaklaryny üpjün etmekden we jemgyýete peýdaly raýatlaryň sanawyna goşmakylykdan ybarat bolup durýar. Jezanyň esasy mazmuny günäkärleriň eden etmişine laýyklykda olaryň hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmekdir. Jeza, edilen ĵenaýat üçin bellenilen ýowuz çäre bolman, ol iş kesilenleri zähmete bolan ýokary ruhda täzeden terbiýelemäge, kanunyň doly we dogry ýerine ýetirilmegine, türkmen jemgyýetine hormat goýmaga we jemgyýetiň beýleki adamlary tarapyndan täze jenaýatlara garşy möhüm  çäre bolup durýar. Jenaýat eden adamlary düzetmek we täzeden  olary terbiýelenmek jenaýat işiniň derňelýän döwründen başlanylýar, ol kazyýet seljerişi döwründe, jeza çäresini çekýän möhletinde hem-de Iş kesilenlikaýyby aýrylýança dowam edýär. Iş kesilenleri täzeden terbiýelemek olary düzetmeginiň esasy döwri bolup durýar.

Hakýaradanyň adama eçilen ynsansöýüjilik mynasybetini “Adamkärçilik” diýip atlandyrýan türkmen ili dünýä ýaly giň göwrümliligi, çydamlylygy, hoşniýetliligi talap edýän ynsan üçin howa ýaly zerur bu keşbiň gönezliginiň geçirimlilikdigini “Bir ýazykdan är ölmez” diýen atalar sözi bilen berçinläpdir. Ata Watanymyzda amala aşyrylýan her bir ynsanperwerlik işiň il-günüň ýürek öwazyna öwrülmegide agzybirlikden başlanan

türkmen milletiniň döretmek, gurmak, dowam bolmak ýollaryna rowandygynyň buýsandyryjy alamatydyr.

Aslynda durmuşda ýalňyşmaýan ýok. Ýöne, ýalňyşyňa düşünip, Allany ýatlap, toba gelmegiň özi, azaşan ynsany dogry ýola gönükdirýär. Türkmenistanda 1999-njy ýylyň dekabr aýynyň 29-na kabul edilen her ýylda Mukaddes Gadyr gijesi mynasybetli günä geçmek, tussagdan hem-de jezadan boşatmak hakyndaky Türkmenistanyň Kanuny adalatlylygyň we ynsanperwerligiň iň ýokary basgançagy bolup beýgeldi. Ine, indi ençeme ýyl bäri adalatly Perman esasynda azatlyga çykan adamlar, indi gollarynyň güýjüne bat berip, päk zähmeti bilen durmuşda göýberen hatasyny ýuwýarlar.

Iş kesilenlik aýby barada Türkmenistanyň TJK-niň 81-nji maddasynyň 1-nji böleginde şeýle düşündiriş berilýär: "Jenaýat edendigi üçin iş kesilen adam aýyplaw höküm kanuny güýjüne giren gününden iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden ýa-da aýrylýan pursatyna çenli iş kesilen hasaplanylýar". [1]

Jenaýat – bu jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmägi howp döredýän, edilen (hereket ýa-da hereketsizlii)jemgyýetçilik howply günä etmişi jenaýat diýlip hasap edilýär.[2]

Günä – munuň özi niýetlilik ýa-da seresapsyzlyk görnüşinde aňladylan, edýän Jenaýatyňa adamyň düşünjeli-erkli psihiki gatnaşygydyr. Diňe jemgyýetçilik howply etmiş bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk boýunça eden adam jenaýatda günäkär diýlip hasap edilip bilner. Seresapsyzlyk boýunça edilen etmiş munuň özi diňe jenaýat kanuny tarapyndan göni nazarda tutulan halatlarynda jenaýat diýlip hasap edilýär.[3] Günä

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.41-42

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi, A., 1997, sah.8

yglan edýän (aýyplaw) hökümi çykarmak diňe kazyýet edaralarynyň ygtyýarlygyna berilýär. Döwletiň beýleki hukuk goraýjy ýa-da dolandyryş edaralarynyň hiç birine höküm çykarmaga ygtyýar berilmeýär.

Iş kesilen adam kazyýetiň hökümi esasynda bellenen jezany çekmeklige we bellenen möhletiň dowamynda umumy hukuklaryndan çäklendirilip, özüne oňaýsyz bolan ýagdaýda azatlykdan mahrum edilip, jemgyýetden üzňelikde saklanylmaga degişli edilýär. Hormatly Prezidentimiz döwletimizde kanunçylygy we hukuk tertibini berkitmek, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin ýurdumyzyň hukuk goraýjy edaralarynyň işgärlerinden tutanýerli işlemegi talap edýär. Ýurt Baştutanymyzyň talaplaryndan, adalatly hukuk syýasatyndan we ýurdumyzda neşe serişdeleriniň ýaýradylmagyna garşy göreşi güýçlendirmek, jemgyýetiň asudalygyny üpjün etmek baradaky görkezmelerinden ugur alyp, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri dürli edara-kärhanalarda, mekdeplerde, etrap polisiýa bölüminiň asudalygy goraýyş jemgyýetçilik merkezlerinde neşekeşligiň adamzat nesline, onuň beden, psihiki taýdan saglyga ýetirýän zyýany hakynda gürrüňdeşlikleri, wagyz-nesihat çärelerini, düşündiriş işlerini ýygy-ýygydan geçirip durýarlar. Prezidentimiziň bu ugurda öňümizde goýýan wezipelerini talaba laýyk durmuşa geçirmekde mundan beýläk hem gujur-gaýratymyzy gaýgyrmarys. Çünki jemgyýetde sagdyn nesilleriň kemala gelmegi ugrunda göreşmek her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.

Şonuň ýaly çäreler hukuk goraýjy edaralarynyň arasynda hem yzygiderli geçirilip durulýar. Hukuk goraýjy işgärleri mekdeplerde, edaralarda, kärhanalarda we beýleki guramalarda esasan-da ýaşlaryň arasynda çykyşlary geçirip durýarlar. Bu çäreleriň ýaşlaryň arasynda geçirilmeginiň esasy

sebäbi, ýurdumyzda sagdyn arassa nesilleri ýetişdirmek bolup durýar. Bu barada Hormatly Prezidentimiz öz kitaplarynda hem giňişleýin belläp geçýär.

Jenaýatçylyga garşy göreşde hukuk goraýjy edaralar özleriniň gündelik işinde jenaýatçylygy döredýän sebäpleriň üstüni açmaga, jenaýatçylygyň öňüni almaga köp üns berýärler. Munuň özi kanun çykaryjy soň etmiş üçin jeza bermäge mejbury bolmazdan ötri etmişiň ozaldan öňüni alar. Emma ol muny hukugyň täsirini çäklendirmek ýoly bilen däl-de, gaýtam hukuga oňaýly öwüşgin bermek bilen, her bir hukuklaýyn çalyşmada onuň oňaýsyz tarapyny ýok etmek arkaly eder diýilse adalatly bolar. Şonuň üçin-de jenaýatçylyga garşy göreşde biziň döwletimiz jenaýatyň sebäplerini we onuň ýüze çykmagyna getirýän şerti ýok etmäge köp üns beryär. Ýöne welin bu işe giň jemgyýetçilik köpçüligi gatnaşmasa, ony üstünlikli amala aşyrmak ýeňil düşmeýär. Şonuň üçin hem, soňky wagtlarda bu ugur boýunça-da uly işler alnyp barylýar.

Jenaýaty döredýän sebäpleri ýok etmegiň esasy şerti-dolandyryş edaralarynyň jemgyýetçiligiň kömegi bilen geçirýän durmuşy häsiýetdäki öňüni alyş çäresidir. Jemgyýetçilik öňüni alyş we jenaýatyň öňüni alyş munuň özi döwlet we jemgyýetçilik çärelerini, ulgamlaryny durmuşa geçirmekdir, şol çäreler ulgamlary bolsa ahyr netijede jenaýatçylygyň soňuna çykmagy hem-de jenaýaty döredyän sebäpleri ýok etmegi üpjün eder.

Durmuşy häsiýetdäki öňüni alyş çäreleri diýlende jenaýatçylygyň gös-göni wezipesini öňünde goýman, eýsem, bu wezipäniň gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn çözülmegine ýardam edip biljek durmuşy häsiýetdäki umumy çäreleriň toplumy göz öňünde tutulýar. Munuň özi bütin ilatyň ýa-da onuň düzümine girýän aýry-aýry jemgyýetçilik toparlaryň maddy durmuş derejesini, medeniýetini we aň-düşünjesini ýokarlandyrmaga

gönükdirilen çäreleridir, bu çäreler bolsa ilatyň maddy hal-ýagdaýlaryny gowulandyrmak (iş hakyny artdyrmak, ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak we başgalar) ýoly bilen ahlak-pedogogik, we estetik täsirleriň, (mekdeplerde, kärhanalarda terbiýelemek, leksiýalar, dokladlar, filmler we gaýrylar) kömegi bilen durmuşa geçirilýär.

Şu hili çäreler döwlet edaralary tarapyndan hem, jemgyýetçilik guramalary tarapyndan hem geçirilýär, ýöne elbetde ol jenaýatlaryň öňüni almagyň hakyky manysynda ýörite şoňa ugur alyp edilmeýär. Emma olaryň jenaýatçylyga garşy göreşde üstünlik gazanmak üçin hem ähmiýeti uludyr. Şu ýerden hem olary jenaýat temmi çäreleri bilen utgaşdyrmagyň zerurlygy we olaryň maksadynyň käbir özboluşlylygy gelip çykýar. Durmuşy häsiýetdäki çäreleriň obýekti anyk we bisaýhal jemgyýetçilik toparlar ýa-da kiçijik toparlar (maşgala, howludaky, mekdepdäki adamlar we ş.ž)ýa-da aýry-aýry adamlar bolup biler, şol çäreleriň maksady bolsa şeýle jemgyýetçilik toparlaryň kiçijik toparlaryň ýa-da aýry-aýry adamlaryň ahlak derejesini ýokarlandyrmakdyr. Bu ýerde jemgyýetçilik guramalarynyň hereketiniň ýöriteleşdiriş derejesiniň işjeňligi hem-de olaryň dolandyryş edaralary (polisiýa, prokuratura, kazyýet edaralary, häkimlikleriň dolandyryş toparlary) bilen has ýakyn aragatnaşyk saklaýandygy duýulýar.

Jenaýat jezasyny bermek çäreleri hakynda gürrüň gidende özbaşdak döwletimizde bu jezanyň jenaýatçylyga we hukuk düzgünininiň bozulmagyna garşy göreşiň hiç wagt hem ýeke-täk çäresi hökmünde ulanylmandygyny, onuň bu göreşde hemişe kömekçi serişde bolup, hyzmat edendigini bellemek gerek, bu serişdäniň netijeleliligi bolsa, ilkinji nobatda jenaýatyň öňüni alyş işiniň guralyşy bilen kesgitlenýärdi we häzir hem kesgitlenilýär. Munuň üstesine-de, özbaşdakylyk ýoly

bilen öňe gadam basyldygyça jenaýat temmisiniň berlişi barha yzky hatara geçip, öz ornuny jemgyýetçilik täsir ediş çärelerine berýär.

Şu mynasybetli, edilýän jenaýatlaryň öňüni almakda hukuk goraýjy edaralarymyzyň görýän çäreleriniň, Hormatly Prezidentimiziň Permanlarynyň we Kararlarynyň ähmiýetiniň uludygyny bellemek gerek, şu möhüm resminamalarda hukuk tertibiniň onçakyly ýokary bolmadyk howply derejede bozulandygy üçin jemgyyetçilik täsir ediş çärelerini giňden ulanmagy, deregi ujypsyz jenaýatlar üçin dolandyryş çärelerini we azatlykdan mahrum etmesiz jenaýat temmi çärelerini, şertli iş kesmek ýa-da hökmany zähmete çekmek arkaly şertli boşatmak çärelerini ulanmak salgy berilýär.

Jenaýatçylyga garşy göreşi güýçlendirmek baradaky iň aýgytly çäreleri görmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde döwletiň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow köp çäreleri geçirmek barada gaýtalap-gaýtalap nygtaýar, prokuratura, Içeri işler, Milli howpsuzlyk, Kazyýetler we başga Hukuk goraýjy edaralarynyň ýolbaşçylaryndan, şeýle hem häkimlerden, arçynlardan, kethudalardan ybarat düzümde jenaýatçylyga garşy göreşýän jemgyýetçilik guramalaryndan özleriniň borçlaryny gyşarnyksyz amala aşyrmaklaryny gös-göni talap edýär.

Döwletimizde kanun bozulmalarynyň garşysyna göreşmek işi Konstitusiýasynyň we beýleki kanunlaryň talaplaryny örän pugta berjaý etmek esasynda guralmalydyr, bu işde jemgyyetçiligiň giň goldawyna daýanylmalydyr. Ähli döwlet edaralary, kärhanalary, jemgyýetçilik guramalary hukuk goraýjy edaralaryň işinde olara hemme çäreler arkaly kömek bermäge borçludyrlar.

Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwruniň talabyny ödäp, jenaýatçylygyň garşysyna göreşi kämilleşdirmek Altyn

asyrymyzy, guryan özbaşdak, demokratik, dunýewi, hukuk döwletimiziň gýç-kuwwatynyň artmagyna, halkyň durmuşynyň rowaçlanmagyna, öýlerinde arkaýyn ýatyp turmaklaryna uly ýardam etjekdigi şubhesizdir. Hukuk goraýjy edaralaryň işine gönuden-göni şu aşkadaky degişlidir:

- Jenaýatlaryň edilmegine getirýän sebäpleri we şertleri ýuze çykarmak we olary ýok etmek;
- Jenaýat kanunçylygyny mydama kämilleşdirmek;
- Hukuk duzgunininiň bozulmagynyň öňuni almak barada geçirilýän çareleriň derejesini ýokarlandyrmak;
- Edilen etmişleriň jogapkärsiz galdyrylmasyzlygy hakyndaky talaby durmuşda has giň ornaşdyrmak;
- Bellenýan jeza çaresiniň aýyplanýanyň gunäsine takyk laýyk gelmelidigi duzgunininiň berjay edilmegine ünsleri guýçlendirmek;
- Iş kesilenleri gaýtadan terbiýelemek hakyndaky aladany durmuşa geçirilmek.

Hemmämize mälim bolşy ýaly, jenýatyň edilmegine getirýän sebäpleri we şertleri anyklap bilmek jenaýatçylyga garşy göreş alyp barmagy ýeňilleşdirýär we jenaýatçylygyň azalmagyna getirýar.

## §3. Türkmenistanda hemişelik ölüm jezasynyň ýatyrylmagy

1999-njy ýylyň dekabr aýynda bolup geçen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň IX-njy döwlet maslahatynyň, Halk maslahatynyň we Umumymilli "Galkynyş" hereketiniň bilelikdäki mejlisinde ebedilik kanunlar kabul edildi we bu

kanunlar jemgyýetiň ähli toparlaryny ýene bir gezek galkyndyrdy, kanunlara laýyklykda, Garaşsyz we Baky Bitarap Türkmenistanda ölüm jezasy hemişelik ýatyryldy. BMG-niň, ÝHHT-niň we beýleki abraýly halkara guramalarynyň ýörelgelerine we milli kanunçylyk kadalaryna pugta eýermek, olary durmuşa geçirmek, adamyň ýaşamagy, onuň işlemegi we dynç almagy üçin ýurtda zerur bolan ähli şertleri döretmek Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatynyň we gündelik döwlet işiniň many-mazmunyna öwrüldi, ol türkmen jemgyýetiniň, onuň syýasatynyň halkara ähmiýetini artdyrýar, ynsanperwerligiň ajaýyp nusgasyny dünýä ýaýýar.

Türkmenistanda ölüm jezasynyň doly ýatyrylmagy we ömrylla gadagan edilmegi bilen baglanşykly 1999-njy ýylyň dekabr aýynyň 29-na Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Ölüm jezasyny ýatyrmak baradaky by täze konstitusion kada soňra 2000-nji ýylyň mart aýynyň 23-ne ýurdumyzyň jenaýat kanunyna ornaşdyryldy.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny we Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny alandan bäri, ähmiýetli we ynsanperwerlikli kanunlary kabul edýar. Sol sanda, Türkmenistanyň Halk Maslahaty 1999-njy ýylyň dekabr aýynda, döwletiň jemgyýetçilik durmuşyny kamilleşdirmek we ynsanperwerleşdirmek maksady bilen mukaddes “Gadyr gijesi” mynasybetli Rehim etme we Günä geçme hakyndaky Kanuny kabul edildi. Indi bolsa her ýyl, halkyň isleglerini göz öňünde tutup, bendilikdäki adamlary, ýagny toba gelen we öz etmişine puşman edýänleriň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn öwrenip we göz öňünde tutunyp, Türkmenistanyan Prezidenty tarapyndan her ýyl iş kesilenleriň günäsini geçmek baradaky ýörite kanuny kabul edilýär. Ol ynsanperwerlikden, musulmançylykdan, adalatlylykdan, adamkärçilikden ugur alnyp, demokratik özgertmeleriň ugrunda edilen ynamly

ädimdir. Türkmenistanyň Konstitusiyasynyň 53-nji maddasyna[1] laýyklykda Türkmenistanyn Prezidenti Rehim etme we Günä geçme çärelerini amala aşyrýar. Rehim etme namasy kesgitli we anyk bolmadyk adamlara we adamlaryň toparlaryna ulanylyp bilner. Rehim etme jenaýat eden adamlaryň tutuş toparyna ulanmak mümkin, mysal üçin, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bar aýallara, kämillik ýaşyna ýetmediklere, birinji we ikinji topar maýyplara we beýlekilere. Rehim etmeginiň hukuk netijeleri dürli-dürli bolup biler: jenaýat jogapkärçiliginden boşatmak; jezadan boşatmak; bellenilen jezany gysgaltmak; bellenilen jezany ýeňil görnüşi bilen çalyşmak; jezanyň goşmaça görnüşinden boşatmak; iş kesilenlik aýybyny aýyrmak.

Jenaýat ĵogapkärçiligine çekilen adama günä geçmek hakyndaky namanyň ulanmagy bilen, ol mundan beýläk temmi çäresini çekmekden boşadylyp bilner, temmi möhleti gysgaldylyp, ýa-da temminiň ýeňil görnüşi bilen çalşylyp bilner. Günä geçme namasy jenaýat jogapkärçiliginden, temmiden we beýlekilerden boşatmak üçin hukuk taýdan esas diýlip hasaplanýar. Günä geçme çäresi belli bir takyk şahsyýete ýa-da birnäçe kesgitli şahsyýetlere degişli bolup durýar. Eden jenaýaty üçin iş kesilen adam günä geçme namasy esasynda jezasyny mundan beýläk çekmekden şertli ýa-da şertsiz boşadylyp, berlen jeza çäresi kemeldilip, jezasynyň has ýeňil görnüşi bilen çalşyrylyp bilner. Günä geçme jenaýat edilendigi üçin iş kesilen adamlar barasynda geçirilýär. Türkmenistanyň Prezidentine günä geçme hakynda haýyş bilen jenaýatkärleriň özi, olaryň dogan-garyndaşlary, edara, kärhana ýolbaşçylary, jemgyýetçilik guramalary we beýlekiler ýüz tutyp bilýärler. Mähriban Prezidentimiz bendilikden boşap, kadaly durmuşa

[1] Türkmenistanyň Konstitusiyasy. A., 2008, sah.29-32

dolanyp gelenleriň dogry ýola düşmekleri, olaryň öz eden işleriniň gabahatdygyna düşünmekleri üçin, olaryň mundan beýläk halal zähmet çekmeklerine mümkinçilik döretmek barada ýerine ýetiriji häkimiýetiň wekilleriniň öňunde wezipe edip goýdy.

Türkmenistanyň raýatlarynyň bagtly ýaşajakdygyna bolan berk ynamy döwletiň jenaýat hukuk syýasatynyň ynsanperwerligini mundan beýläk hem çuňlaşdyrmaga we Aziýa sebitinde ilkinji bolup Türkmenistanda ölüm jezasyny ýatyrmak hakynda döwlet derejesinde kabul etmäge mümkinçilik döredildi. 2000-nji ýylyň maý aýynyň 12-ne türkmen döwletini we jemgyýetini mundan beýläkde demokratiýalaşdyrmagy tarap ugry yzygiderli amala aşyrmak, adamyň ýaşaýşynyň tebigy we mizemez hukugyny iş ýüzünde durmuşa geçirmek maksady bilen Türkmenistanda ölüm jezasy doly ýatyryldy. Türkmenistanda ölüm jezasynyň girizilmegi we ulanylmagy ömürlik gadagan edildi. „Türkmenistanda ölüm jezany ýatyrmak hakyndaky“ Permanyň esasynda Jenaýat kodeksindäki ölüm jeza baradaky 55-nji madda düýbünden ýatyryldy, onuň ornuna aýratyn agyr jenaýatlar üçin 25 ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek jezasy bellenildi.

Türkmenistanda ynsanperwerligiň netijesinde ýalňyşan, jenaýatçylykly ýola düşen adamlaryň köpüsi tussaglykdan boşadyldy we toba geldi. Jenaýatkärleriň köpüsi üçin gaýtadan durmuşy ýöretmäge şert döredildi, olara maşgalasyna, Hormatly Prezidentimize, ata Watanyna bolan söýgüsini we sylagyny görkezmäge ynam bildirildi. Türkmenistan demokratik, hukuk, dünýewi döwlet bolmak bilen, öz Garaşsyzlygyna eýe bolanda, „Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwletiň her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny,

mertebesini we azatlygyny, şahsyýeti eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar. Her bir raýat öz Konstitusiýasynyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdir“[1] diýip, Konstitusiýanyň 3-nji maddasynda berkitdi. Ýurtda ilaty durmuş taýdan goramak iň öňdäki hatara geçirildi we bu ugur durmuşa geçirilýär. Bu bolsa jemgyýetçilik-syýasy durnuklylygy üpjün etmek bilen gelejege, durmuşa bolan ynamy has hem güýçlendirdi.

## § 4. Jenaýatçylyga garşy syýasaty döwletiň adyndan amala aşyrýan hukuk goraýjy edaralar

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň hukuk goraýjy edaralarynyň işini kämilleşdirmeklige, olaryň maddy-tehniki binýadynyň üstüni ýetirmeklige uly üns berýär. 2009-njy ýylyň awgust aýynyň 15-ne “Türkmenistanyň prokuraturasy hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň we “Kazyýet hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bu edaralaryň işini kämilleşdirmeklige uly itergi berdi. Soň bolsa, 2010-njy ýylyň maý aýynda “Aklawçylar we adwokatura hakyndaky”[2] we “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky”[3] Kanunlar kabul edildi.

Soňky döwürlerde hukuk goraýjy edaralarynyň maddy-tehniki binýadyny kämil kompýuter tehnologiýalary, ýörite awtoulaglar, mebeller, ýörite egin-eşik we beýleki maddy gymmatlyklar bilen üpjün etmekde uly işler alnyp barylýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň tassyklan

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. A., 2008,sah.11
[2] “Türkmenistan” gazeti. A., 20-njy maý, 2010
[3] Türkmenistan” gazeti. A., 21-nji maý, 2010

düzgünnamasyna laýyklykda, ýurdumyzyň içeri işler edaralarynda sorag etmeklikde poligraf enjamyny ullanmak bellenildi.

Ýurdumyzyň hukuk goraýjy edaralarynyň işini kämilleşdirmek boýunça geçen ýyllarda hem amala aşyrylan ägirt uly işler bellenilmäge degişlidir. Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň düzümindäki Döwlet ýol gözegçilik gullugynyň, Döwlet ýangyn howpsuzlyk gullugynyň we Gorag gullugynyň Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň düzümine geçirilmegi, Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň prokuraturasynyň düzümindäki Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde we harby birikmelerinde kanunlaryň berjaý edilişine gözegçilik müdirliginiň we bölümleriniň ýapylyp, olaryň esasynda Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň düzüminde Harby müdirliginiň we welaýatlarda hem-de Aşgabat şäherinde harby prokuraturalaryň açylmagy kanunçylygy berkitmekde, hukuk bozulmalarynyň öňüni almakda, jenaýatçylygyň üstüniň açylyşyny ýokarlandyrmakda uly netijeleri berer.

Galyberse-de, Mähriban Prezidentimiz daşary ýurtlara saparlarynyň dowamynda, şol ýurtlaryň hukuk goraýjy edaralary bilen Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralarynyň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak baradaky Ylalaşyklara gol çekmegi, döwletimiziň hukuk goraýjy edaralarynyn işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmaga, daşary ýurtlaryň tejribesini öwrenip, öz işimizde giňden peýdalanmaga şert döredýär.

Türmenistanda amala aşyrylýan adalatly, ynsanperwer ýörelgeleri halkyň bähbidi üçin amatly ýörelgelerdir. Adalatlylygyň we ynsanperwerliligiň ýokary taglymatyndan ugur alyp we adamyň ýaşaýşynyň tebigy we mizemez hukugyny iş üstünde durmuşa geçirmek maksady bilen Türkmenistanda

kanunyny bozan we toba gelen adamlaryň günäsini geçmek hakynda Türmenistanyň Prezidentiniň sahawatlylygy jemgyýetimizde giňden makullanma we goldaw tapdy. Iş kesilenleriň günäsini geçmek, jenaýat eden adamlary terbiýelemek, dogry ýola salmak, ýurtda parahat durmuşy alyp barmaga gönükdirlendir. Umuman aýdylanda, günä geçmekliginiň, ölüm jezasyny ýatyrmakylykgynyň özi döwlet we halk bähbitli uly meseleleriň birine öwürildi.

Raýatlary, esasanam, ýaşlary ýaramaz etmişlerden saklamak üçin döwletimiziň jemgyýetçilik guramalary, hukuk goraýjy, lukmançylyk, bilim we beýleki pudak edaralary uly işleri alyp barýar. Emma bu ýowuz belanyň öňüni almakda Täze Galkynyş zamanasynda Garaşsyz Watanymyzyň her bir raýaty öz goşandyny goşmalydyr. Jenaýatçylyga garşy umumy we ýörite göreş çärelerini geçirmekde esasy üns, esasan, düşündiriş, terbiýeleýiş we öňüni alyş çärelerine berilýär.

**Soraglar:**

1.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan ynsanperwerlik syýasaty nämeden ybarat?

2. Türkmenistanda geçirilýän jenaýatçylygyň öňüni almak bilen bagly umumy we ýörite çäreleriniň görnüşleri?

3. Türkmenistanda ömürlik ölüm jezasy haçan ýatyryldy?

4. Jenaýatçylyga garşy syýasaty amala aşyrýan hukuk goraýjy edaralarynyň görnüşleri?

## Ulanmaly edebiýätlar:

1.Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2.Mugallym, esger, ilhalar ynsan. Berdymuhamet Annaýewiň gahrymançylykly ömür ýoly.A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
4. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek – bagtdyr.A., 2007
5.Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. A., 2007.
6.Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. A., 2007
7.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. A., 2007
8.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli „Galkynyş“ Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlislerinde sözlän sözi. A., 2007
9.Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
10. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
11. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
12. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny . A., 2009
13. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
14. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2001
15. ”Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
**16.** “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010

17. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
18. AtaýewH.A. Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksine düşündirişler. A., 1998
19. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
20. Антонян Ю.М., Бородин С.В. Преступное поведение и психические аномалии. М., 1998
21. Карпец И.И. Наказание: Социальные, правовые и криминологические проблемы. М., 1973
22. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
23. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
24. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
25. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
26. Лебедев М.Ю. Уголовное право. М., 1999
27. Назаренко Г.В. Принудительные меры медицинского характера в уголовном праве. М.,2000
28. Романов В. В. Юридическая психология: Учебник. М., 1998
29. Рыжов А.П. Производство по применению принудительных мер медицинского характера. М. 1997
30. Полубинская С.В. Цели уголовного наказания. М., 1990
31. Шаргородский М.Д. Наказание, его цели и эффективность. Л., 1973
32. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
33. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
34. Ситковская О.Д. Психологический комментарий к Уголовному кодексу Российской Федерации. М., 1999

35. Судебная психиатрия: Учебник. / Под ред. Г.В. Морозова. М., 1986
36. Судебная психиатрия: Учебник / Под ред. А.С. Дмитриева, Т.В. Клименко. М., 1998
37. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
38. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
39. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
40. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У
41. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
42. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004
43. Уголовное право Российской Федерации. Общая часть: Учебник. / Под ред. А.И. Рарога. М., 2001
44. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2001
45. Уголовное право РФ: Особенная часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2001
46. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, Ю.А.Красикова, М., 2000
47. Уголовное право России: Особенная часть: Краткое пособ. для подготовки к экзамену. Отв.ред. Л.Л.Кругликов, М., 2000
48. Уголовное право РФ: Общая часть: Практикум под ред./ проф. Л.Д.Ермаковой, М., 2000
49. Уголовное право РФ: Особенная часть: Конспект лекций в сх. Ред.-сост./ Е.В. Платонова, М.,2001
50. Уголовное право РФ: Общая и Особенная части: Учеб. для вузов. Отв.ред. проф. Кашепов В.П, М., 2001

51. Уголовное право. Тестовые задания: Учеб.-практич. пособие. М., 2001
52. Уголовное право: Общая часть: Пособ. для подготовки к экзаменам. М., 2001
53. Уголовное право: Общая и Особенная части. Интенсивный полный курс в алгоритмах: Под ред./ Л.Д.Гаухмана. М., 2001
54. Уголовное право: Общая и Особенная части: Практикум. М., 2002
55. Уголовное право: Общая и Особенная часть: Учеб. для вузов Под. ред./ Н.И.Ветрова, Ю.И.Ляпунова, М., 2001
56. Уголовное право: Словарь-справочник, М., 2000.
57. Уголовное право. Схемы, таблицы. Учеб. пособие для вузов. М., 2001
58. Уголовный кодекс Австрии, Под ред./ А.В.Серебренниковой. М., 2001
59. Уголовный кодекс Испании. Под ред./ Кузнецовой, М., 1998
60. Уголовный кодекс ФРГ. Под ред./ А.В.Серебренниковой. М.,, 2001
61.Уголовный кодекс Швейцарии, Под ред./ А.В.Серебренниковой. М., 2001

# Bap II. Jenaýat hukugy barada düşünje

## § 1.Jenaýat hukugy barada düşünje. Jenaýat hukugynyň predmeti we usuly. Garaşsyz, Bitarap, Hukuk döwletinde jenaýat hukugynyň orny

Hukuk öwreniş ylmynda esasy pudaklaryň içinde aýratyn orun jenaýat hukugyna degişlidir bolup durýar. Jenaýat hukugy döwletiň ýokary kanun çykaryjy we ýokary amala aşyryjy häkimýet edaralary tarapyndan bellenen, jenaýat eden adamlar babatda temmi bermek we döwlet mejbur edişiniň beýleki çärelerini ulanmak ýoly bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goraýan, şonuň ýaly-da jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagynyň we temmi bermeginiň, kazyýet edilenleriň aýbyny ýatyrmagynyň, lukmançylyk we terbiýeçilik häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmagyň şertlerini we tertibini düzgünleşdirýän hukuk pudagydyr.

Jenaýat hukugy, hukugyň bir ulgamy bolup, dőwletiň ýokary kanun çykaryjy we ýokary amala aşyryjy häkimýet edaralary tarapyndan bellenen, jenaýat eden adamlar babatda temmi bermek, dőwlet mejbur edişiniň beýleki çärelerini ulanmak ýoly bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goraýan, şonuň ýaly-da jenaýat jogapkärçiliginiň esasyny, jenaýat jogapkärçiliginden boşatmagyň we temmi bermeginiň kazyýet edilenlik aýbyny ýatyrmagyny, lukmançylyk we terbiýeçilik häsiýetli mejbur ediş çäreleri ulanmagyň şertlerini we tertibini düzgünleşdirýän hukuknamalaryň jemini beýan edýän pudakdyr. Jenaýat hukugy jenaýaty, jenaýatyň derejelerini (kategoriýalaryny), jenaýat jogapkärçiligine degişli adamlary, jenaýat jogapkärçiliginiň bellenmeginiň we boşadylmagynyň esaslaryny, jenaýat

jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan we ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryny, jenaýatçylygy aradan aýyrýan ýagdaýlary, jezany we onuň gőrnüşlerini kadalaşdyrýan hukuk pudagydyr. Jenaýat hukugy jenaýat eden adamyň we dőwletiň adyndan çykyş edýän, hukugy goraýjy edaralaryň arasynda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Jenaýat hukuk gatnaşyklary jenaýatçylylyk wakanyň başlan pursatyndan ýüze çykýar we jenaýat eden adamyň iş kesilenlik aýybynyň aýyrylmagy bilen tamamlanýar. Hukuk goraýjy edaralar diňe dőwletiň adyndan jenaýatçylykly waka baha berýärler we şolary eden adamlara hőkümiň esasynda jeza çärelerini ulanýarlar. Jenaýat hukugynyň wezipeleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 2-nji maddasynda[1] beýan edilip, oňa şahsyýeti, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýeti dőwletiň bähbitlerini, eýeçiliki, jemgyýetçilik tertibini, Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny, konstitusion gurluşyny we bitaraplyk hukuk ýagdaýyny, parahatçylygy we adamzadyň howpsuzlygyny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak, şeýle hem jenaýatlaryň őňüni almak girýär.

## § 2. Jenaýat hukuk ulgamy. Hukuk pudaklarynyň ulgamynda jenaýat hukugynyň eỳeleỳän orny

Jenaýat hukugy dersi Umumy we Aýratyn böleklerden ybarat bolup durýar. Umumy böleginde Jenaýat hukugynyň esasy düşünjeleri, düýp göteriji ýörelgeleri we wezipeleri seredilýär. Jenaýat hukugynyň umumy böleginde jenaýat hukugynyň, jenaýat kanunynyň we jenaýatyň, jenaýat jogapkärçiliginiň, jezanyň düşünjeleri, jenaýat kanunynyň wagt

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi, A., 1997, sah.4

we giňişlikdäki hereket edýänligi, jenaýat jogapkärçiliginiň şertleri we esaslary, jogapkärçilikden we jezadan boşatmagynyň şertleri görkezilýär. Aýratyn böleginde bolsa aýry-aýry jenaýatlaryň görnüşleri, olary maddalaşdyrýan alamatlary we anyk jenaýatlar amala aşyrylan halatynda döwlet tarapyndan hökümiň esasynda berilýän jezasy (sanksiýasy) öwredilýär.

**Çyzgy № 1. Jenaýat hukugynyň gurluşy**



Türkmenistanyň jenaýat hukugynyň esaslaryny öwrenmekligiň meseleleri örän çylşyrymly hem wajyp bolup durýar. Şahsyýeti, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini, eýeçiliki, jemgyýetçilik tertibini, Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny, konstitusiýon gurluşyny we bitaraplyk hukuk ýagdaýyny, parahatçylygy we adamzadyň howpsuzlygyny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak we geljekki jenaýatlaryň öňüni almak jenaýat hukugynyň esasy meseleler bolup durýar.

Jenaýatlaryň üstüni doly we tiz wagtda açmak, jenaýatda günäkärlere jenaýat kanunlary ulanmak, jenaýaty amala aşyran adamlara adalatly jeza bermek bilen bagly meseleler Jenaýat hukugyny öwrenmekliginiň esasy wezipeleri bolup durýar.

Jenaýat hukugy döwletiň ýokary kanunçykaryjy we ýokary amala aşyryjy häkimiýet edaralary tarapyndan bellenen, jenaýat eden adamlar barada temmi bermek, we döwlet mejbur edişiniň beyleki çärelerini ulanmak ýoly bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goraýan, şonuň ýaly-da jenaýat jogapkärçiliginiň esasyny, jogapkärçilikden boşatmagynyň we temmi bermeginiň, iş kesilenlik aýybynyň ýatyrylmagyny we aýrylmagyny, lukmançylyk we terbiýeçilik häsiýetli mejbur ediş çäreleri ulanmagyň şertlerini we tertibini düzgünleşdirýän hukuk normalarynyň jemini beýan edýän pudakdyr.

Jenaýat eden adamlaryň we jenaýatçylyga garşy göreş alyp barýan hukuk goraýyjy edaralarynyň arasynda ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklary jenaýat hukugynyň predmeti bolup durýar.

Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygyny Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna, hem-de Türkmenistanyň Jenaýat

kodeksine esaslanýar. Türkmenistanyň çäginde hereket edýän kanunlar we beýleki hukuk namalary Türkmenisatnaýň Jenaýat kodeksine hökmany suratda laýyk gelmelidirler. Jenaýat hukugynyň namalarynyň üsti bilen düzgünleşdirilýän gatnaşyklara jenaýat hukuk gatnaşyklary diýilýär. Bu gatnaşyklaryň subýektleri bolup, jenaýat eden adamlar we döwletiň adyndan çykyş edýän jenaýatçylyga garşy göreşi alyp barýan hukuk goraýjy edaralar durýar.

Jenaýat hukuk gatnaşyklary jenaýat edilen pursatynda emele gelýär. Bu bolsa jenaýat edilen gününden döwletiň jenaýaty eden adam barada degişli hukuga we borçlara eýe bolýandygyny aňladýar. Döwlet günäkäre temmi bermäge haky bardyr, jenaýaty eden adam haýsy kanuny bozmakda günäkär bolsa, oňa garşy şol kanunyň namalaryny ulanmaga borçlydyrlar. Edilen jenaýatyň ähli hukuk netijeleriniň aýrylan pursaty, jenaýat hukuk gatnaşygynyň bes edilen pursatydyr. Ulanylýan täsir ediş serişdelerine baglylykda bu pursat jenaýat etmekde günäkär diyip ykrar edilen adamlaryň hemmesinde birmeňzeş däldir.

Eger belli bir temmi çäreleri bellenen halatynda, aýyplanýan kazyýetiň hökümininiň esasynda berilen jezanyň möhletini doly geçiren bolsa, onda iş kesilenleriň we döwletiň arasyndaky hukuk gatnaşyklary iş kesilenlik aýyby ýatyrylandan ýa-da aýrylandan soň bes edilýär.

Temmileri ýa-da temmi däl beýleki täsir ediş çärelerini ulanmagynyň özi jenaýat kanunynda beýan edilen hukuk taýdan düzgünleşdirmek usuly (metody) bolup durýar. Jenaýat hukugynyň namalarynyň kömegi bilen tertibi düzgünleşdirmek ýagdaýý jenaýat edilenden soň ulanylýar. Şoňa görä jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň maksatlaryna we wezipelerine baglylykda jenaýat-hukuk taýdan

düzgünleşdirmek usullaryň (metodlarynyň) iki görnüşi mälimdir:

1) Jenaýat edilmek mümkinçiliginiň öňüni almak maksady bilen jenaýat-hukuk taýdan düzgünleşdirmek usuly-temmileri we jenaýat-hukuk taýdan täsir etmegiň beýleki çärelerini ulanmak howpy.

2) Jenaýat jogapkärçiligini durmuşa geçirmek maksady bilen jenaýat-hukuk taýdan düzgünleşdirmek usuly - jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan temmi we beýleki täsir ediş çärelerini ulanmak. Jenaýat çäreleri jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan, kazyýet tarapyndan ulanylýar, jenaýat eden adamlar barada ulanylýar. Şonuň üçin olara jenaýat-hukuk çäreleri diýilýär. Emma temmi ulanmak howply jenaýat edilmeginden öň adamyň özüni pozitiw (oňaýly) alyp barmagyny üpjün edýän talap bolup durýar.

## § 3.Jenaýat hukugynyň wezipeleri

Türkmenistanyň BMG bilen alyp barylýan hyzmatdaşlygy boýunça häzirki wagtda halkara hyzmatdaşlygynyň meselelerine parahatçylyk, ynsanperwerlik we bähbitleriň özara balansy nukdaýnazaryndan çemeleşýär. Şonda halkara guramalary, ikinji nobatda, BMG bilen özara gatnaşyk etmäge esasy orun berilýär. Türkmenistan 1992-nji ýylda BMG-niň doly hukukly agzasy bolup, milletleriň dünýä bileleşigine girmegiň ýolunda möhüm ädim ätmek bilen, açyklyk, hoşniýetli goňşuçylyk we ählumumy bähbitleriň hatyrasyna işjeň halkara hyzmatdaşlygyny etmek syýasatyny ýöretmäge üýtgewsiz ugur alandygyny tassyklady. Şu ýyllaryň içinde türkmen parahatçylygynyň, howpsuzlygynyň, ösüşiniň we abadançylygyň hatyrasyna uzak möhletli stategiki hyzmatdaşlyk üçin ygtybarly esas bolan halkara

konwensiýalarynyň we şertnamalarynyň **109-njy** sanysyna goşuldy.

Türkmenistan öz üstüne alan borçnamalaryna ygrarlydygyny iş ýüzünde görkezip, diňe bir bu möhüm halkara resminamalaryny durmuşa geçirmek boýunça anyk çäreleri görmek bilen çäklenmän, eýsem türkmen halkynyň abadançylygyny we durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen giň möçberli regörnüşleri amala aşyrýar we birnäçe täze başlangyçlar bilen çykyş edýär.

**Çyzgy № 2. Jenaýat hukugynyň wezipeleri**




Adam hukuklaryny goramak babatda Türkmenistan halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparyň döredilmegi Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ynamly ýöredýän ynsanperwer syýasatynyň aýdyň mysalydyr. Şol toparyň işi Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek hem-de pugtalandyrmak üçin has uly mümkinçilikleri açýar. Bu Gurama bilen hyzmatdaşlyk etmek bolsa Türkmenistanyň ýöredýän daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr we şeýle bolmagynda galýar. Bu pudagara toparyň döredilmegine türkmen jemgyýetini demokratiýalaşdyrmagyň we halkara hukugynyň kadalaryny milli kanunçylyga işjeň ornaşdyrmagyň ýolunda nobatdaky möhüm ädim hökmünde baha bermek bolar.

Garaşsyz Türkmenistan ýakyn we netijeli hyzmatdaşlyk etmegiň milletleriň deňligi we özara hormat goýmak ýörelgelerinde olaryň birleşmeginiň umumy dünýä prosesine ýolbaşçylyk etmegi, şeýle hem dünýäniň birek-birege garşy durmaýan, zorluksyz modelini döretmek üçin bellenilen oňyn meýilleri pugtalandyrýän hem-de ösdürýän gurama hökmünde BMG-niň halkara arenasyndaky abraýyny ýokarlandyrmak ugrunda yzygiderli çykyş edýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň işläp taýýarlan maksatnamalaryna örän işeňňir gatnaşýan Türkmenistanyň köpýyllyk hyzmatdaşlygy şol bir wagtyň özünde Türkmenistan tarapyndan birnäçe başlangyçlaryň hödürlenmegi, däp bolup galan hyzmatdaşlygyň çäklerinden çykýar. Häzirki wagtda bar bolan dawalaryň öňüni almak we olary çözmek babatda ägirt uly mümkinçiligi we tejribesi bolan Türkmenistanda parahatçylygy üpjün etmegiň merkeziniň derejesi pugta orun aldy.

Aşgabatda Prewentiw diplomatiýasynyň sebit merkezini açmak barada türkmen döwletiniň biragyzdan goldaw tapan başlangyjy ählumumy howpsuzlygy we durnuklylygy pugtalandyrmagyň hatyrasyna netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin nobatdaky täsirli ädim boldy, ol merkez bolsa BMG-niň Merkezi Aziýany ygtybarly daýanjy, parahatçylygy we sebitiň ýurtlarynyň durnukly ösüşini üpjün etmegiň täsirli guraly bolmalydyr.

Möhüm görkezijiler bilelikdäki üstünlikli hyzmatdaşlyga şaýatlyk edýär. Mysal üçin, köp babatda BMG-niň Çagalar Gaznasy, BMG-niň Ilat Gaznasy we Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy bilen netijeli hyzmatdaşlyk etmegi netijesinde Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmek we kämilleşdirmek boýunça anyk çäreler durmuşa geçirilýär. BSG-nyň maglumatlaryna görä, häzirki wagtda Türkmenistan

çagalary immunizasiýa bilen gurşap almak boýunça Merkezi Aziýa sebitinde öňde barýar. Adam bedeninde ýoduň we demriň ýetmezçilik etmegi bilen baglanşykly keselleriň öňüni almak we olary ýok etmek maksady bilen Türkmenistanda daşary ýurtly partnýorlar bilen ýakyn hyzmatdaşlykda azyk önümlerini, hususan-da, uny we duzy baýlaşdyrmak boýunça giň möçberli taslamalaryň birnäçesi amala aşyryldy. Şonuň netijesinde Türkmenistan GDA we Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda ilkinji hem-de dünýäde dördünji bolup, umumylykda duzy köp ugurly ýodlaşdyrmagy üpjün eden ýurt hökmünde ählumumy möçberde ykrar edildi. Elbetde, ilatyň saglygy goraýyş we maddy üpjünçiligi ýurduň parahat we jenaýatçylykly hereketlerden saklanmagynda esasy çäreleriň biridir. Çünki adam ähli zady üpjün bolanda, jany sag bolup, öz-özüni zähmet bilen üpjün edip bilende, ol jenaýatçylykly hereketlere baş goşmaýar.

Jenaýat hukugynyň wezipeleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 2-nji maddasynyň 1-nji böleginde[1] beýan edilen, Türkmenistanyň jemgyýetçilik gurluşyny, syýasy we ykdysady ulgamlaryny, döwlet we jemgyýetçilik emläklerini, raýatlaryň şahsyýetini, hukuklaryny we azatlyklaryny, ähli hukuk tertibini jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak görkezilendir.

Jenaýat hukugynyň häsiýeti oňa mahsus bolan ýörelgelerinde beýan edilýär. Jenaýat hukugynyň ýörelgeleri şulardan ýbarat bolup durýar. Kanun çykaryjy jenaýat hukuk namalarynyň esasynda ahlak we durmuş syýasatyň manysyny açyp görkezýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny jenaýat hukugy tarapyndan düzgünleşdirmegiň möçberini, häsiýetini, esaslaryny kesgitleýär. Jenaýat hukugynyň esasy düşünjeleriniň

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.4

mazmunyny beýan edýän görkezme bolup durýar. Ýörelgeleriniň jenaýat hukugynyň ahlak we durmuş-syýasy mazmunyny açyp görkezýändikleri olaryň möhüm aýratynlygydyr.

Jemgyýetçilik gatnaşyklary nähili möhüm ýa-da gymmatly bolsa-da, olaryň esaslarynda anyk şahsyýet, anyk adam, zähmetkeş adam, biziň jemgyýetimiziň maddy we medeni gymmatlyklaryny öndürýän adam durýar. Şunlykda şahsyýetiň bähbitlerini gös-göni goramak, şahsyýetiň janyna, saglygyna we mertebesine, raýatlaryň syýasy we zähmet hukuklaryna, olaryň şahsyýeti eýeçilikine garşy edilen jenaýatlar üçin jogapkärçiligini bellemek ýoly bilen, şonuň ýaly-da jenaýat hukugynyň esasy obýekti bilen bir hatarda şahsyýetiň hukuklary we bähbitleri jenaýat hukuk goragynyň goşmaça ýa-da fakultatiw obýekti hökmünde öňe sürýän namalary bilen durmuşa geçirilýär.

**Çyzgy № 3. Jenaýat hukuk düzgünleriň maksady we usuly**



Jenaýatyň we temmininiň, jenaýat toplumynyň, jenaýatyň subýektininiň we obýektininiň, günäniň, jenaýatyň delilliginiň we maksadynyň, möhletinden öň şertleýin boşatmagynyň, iş kesilenlikaýybyny ýatyrmagynyň we aýyrmagynyň we beýleki düşünjeleriniň ahlak mazmuny bardyr.

## § 4. Jenaýat hukugynyň ýörelgeleri barada düşünje. Kanunlyk. Kanun öňünde raýatlaryň deňligi. Günäkärlik jogapkärçiligi. Adalatlylyk. Ynsanperwerlik. Jenaýat hukugynyň wezipelerini amala aşyrmakda jenaýat hukugynyň esasy ýörelgeleriniň orny

Jenaýat kanunynyň namalary adamlaryň gelip çykyşyna, milletine, bilimine, diline, dini garaýyşyna, hünäriniň häsiýetine we beýleki ýagdaýlaryna garamazdan kanunyň öňüde deň hukuklylygynyň ýörelgeleri esasynda ulanylýar. Jenaýat kanunçylygynyň ýörelgeleri şulardan ybarat bolup durýar.

Bilşimiz ýaly, 2009-njy ýylyň 1-nji iýulyndan güýje giren Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 2-nji babynda şol Kodeksiň wezipeleri we ýörelgeleri berkidilen, 7-nji maddanyň 2-nji bendine laýyklykda, “Jenaýat işi boýunça önümçiligiň şu Kodeksde bellenilen tertibi adamy esassyz günäli bilmekden we oňa iş kesmekden goramaga, onuň hukuklarynyň we azatlyklarynyň bikanun çäklendirilmeginiň öňüni almaga, şeýle hem kanunylygyň we hukuk tertibiniň pugtalandyrylmagyna, jenaýatlaryň öňüniň alynmagyna we olaryň ýok edilmegine, adamlary hukuk kadalaryny hormatlamak ruhunda terbiýelemäge ýardam etmelidir”[1]. Şeýle-de 1998-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri hereket edýän Türkmenistanyň Jenaýat

[1] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009, sah.13

kodeksiniň we 2010-njy ýylyň 1-njy ýülyndan girizilen "Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunyň 2-nji maddasynda[1] jenaýat kanunçylygyň wezipeleri görkezilen. Bu wezipeler şahsyýeti, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini, eýeçiliki, jemgyýetçilik tertibini, Türkmenistanyň garaşsyzlygyny, konstitusion gurluşyny we bitaraplyk hukuk ýagdaýyny, parahatçylygy we adamzadyň howpsuzlygyny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak, şeýle hem jenaýatlaryň öňüni almakylykdan ybarat bolup, bu wezipeler biziň adyl kanunlarymyzda bütindünýä tejribesiniň esasyndan gelip çykýan iňňän wajyp ýörelgelerden gelip çykýar.

1. Ýörelgeleriň ilkinjisi – **kanunçylyk. Kanunçylyk** ýörelgä laýyklykda, önümçilik ýöredilende kanunyň bozulmagy ýolberilmesizdir we ol kanunda görkezilen jogapkärçiligi getirýär. Ikinjiden adyl kazyýetligiň diňe kazyýet tarapyndan amala aşyrylmagydyr. Taryhy tejribäniň netijesinde öňe sürlen üç häkimiýetlik taglymatynda kazyýet häkimiýeti öz işini garaşsyz, diňe kanuna we öz içki ynam-ygtykatlaryna laýyklykda amala aşyrýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 101-nji maddasynda kazylaryň garaşsyzlygy we eldegrilmesizligi kepillendirilýär[2].

Adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň kazyýet arkaly goragy kanunçylyk ýörelgeleriniň esaslarynyň biridir. Bu ýörelgäniň çäklerinde halkara hukuknamalaryndan 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen Adamyň hukuklarynyň ählumumy jarnamasyny, Raýatlyk we syýasy hukuklar

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.4
[2] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. A., 2008, sah.49

hakyndaky halkara ylalaşygyny mysal getirmek ýerlikli bolsa gerek.

Şonuň üçin, Kanunçylyk her bir adamyň kanunlary hormatlamalydygyny we berjaý etmelidigini aňladýar. Edilen etmişiň jenaýatçylyklydygyny, şoňa jeza berilmeginiň we jenaýat-hukuk netijeliniň ýüze çykmagynyň esaslaryny jenaýat kanuny kesgitleýär.

Durmuşyň özgermegi bilen heniz bize mälim bolmadyk açyşlar döreýär. Açyşlaryň netijesinde ýene-de durmuş özgerýär. Ýöne durmuşyň üýtgewsiz kanunyna laýyklykda, her bir gowulygyň gapdalyndan nogsanlygam aýrylanok. Ýagny wagtyň geçmegi bilen täze jenaýatlaryň üsti açylýar. Bu bolsa täze kanunlaryň kabul edilmegine getirýär. Şol jenaýatlaryň öňüni almak üçin turuwbaşdan çäre agtarmak welin juda inçe mesele. Munuň üçin her bir işi ylmylaýyn çemeleşip bilýän, çuňňur syýasy paýhasa eýe bolan şahsyýet öňe çykmaly. Bu babatda mähriban Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow irginsiz tagalla edýär.

2. **Adamlaryň jenaýat eden halatynda kanunyň öňünde deňligi.** Hiç bir yagdaýa garamazdan, hemme adamlar jenaýat jogapkärçiligini çekmäge we temmi howpuny başdan geçirilmäge borçlydyrlar. Şoňa görä jenaýatlary etmekde günäkär adamlara jenaýat hukuk namalaryny ulanmak meselesinde-de, jenaýatlardan horlyk çeken (jebirçekek) adamlary jenaýat hukuk taýdan goramak meselesinde kadadan çykmakylyga ýol berilmeyär. Seredilen ýörelgesi demokratiýany aňladýar Jenaýat hukuklugynda demokratizm ýörelgesi üç derejede beýan edilýär. Birinjiden, jenaýat kanunçylygynyň hakyky demokratik häsiýetini döwle tiň, jemgyýetiň, adamlaryň bähbitleriniň jenaýat-hukuk usullary bilen goralan halatynda ýüze çykýar. Ikinjiden, demokratizm jenaýat hukuk jogapkärçiliginiň subýektleriniň jenaýat kanunyň

öňünde deňligini ýüze çykýar. Üçinjiden, jenaýat hukugynda jenaýat eden adamlary ahlak taýdan düzetmäge we jemgyýete peýdaly terbiýe bermekde jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan namalar ýüze çykýar. Kanunyň öňünde hemme adamlar deň diýmek, şahsyýetiň jynsyna, teniniň reňkine, milletine, bilimine, hünärine, emläk we wezipe ýagdaýyna, dine garaýşyna, ýnançlaryna, jemgyetçilik birleşiklerine degişliligine garamazdan, edelen jenaýaty üçin jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykmagy, hökman bolup durýar.

3. **Günäkärlik ýörelgesi** – diňe jenaýat eden adamyň günäsi belli bolan halatynda we zyýanly netijeler eden etmişiň esasynda ýüze çykan halatynda, günakär jenaýat jogapkärçiligine çekilýär. Kazyýetiň hökümi boýunça we kanuna laýýklykda günäkär diýlip hasaplanmasa we jenaýat jezasy berilýän bolmasa, hiç kim jenaýat etmekde günäkär diýlip hasap edilip bilinmez we oňa jenaýat jezasy berilip bilinmez.

4. **Adalatlylyk ýörelgesi** – Adalatlylyk öz mazmuny boýunça kanunçylygyň mahsus alamatydyr. Adalatlylygyň esasynda ýagşylyk we ýamanlyk kategoriýalary bar. Olaryň bir-birine laýyk gelmegi adalatsyzlykdyr. Her bir jenaýat eden adam diňe öz eden jenaýaty boýunça jenaýat kanunynda görkezilen temmi çärä çekilip bilner. Jenaýatkäre ulanylyan jeza şonuň eden etmişine degişli bolmalydyr. Jeza berilen halatynda jenaýatyň agyrlygy we onuň ýagdaýlary, ýüze çykan netijeleriniň derjesi, günäkäriň şahsyýeti hökmany suratda öwrenilýär we şoňa laýyklykda jeza berilýär.

Türkmenisatnyň Jenaýat kodeksinde bellenilişi ýaly, jenaýat eden adama ulanylmaga degişli jeza we gaýry jenaýat-hukuk täsir çäresi adalatly bolmalydyr, jenaýatyň agyrlygyna, onuň edilen ýagdaýlaryna we günäkäriň şahsyýetine berk laýyk gelmelidir. Şu we beýleki kanunçylyk ýörelgelerine esaslanyp

kabul edilýän beýik Galkynyş zamanamyzyň adyl kanunlary, ilkinji nobatda, raýatlarymyzyň, adamyň we jemgyýetiň asudalygy hem-de olaryň geljekki bagtyýar durmuşynyň aladasy babatdaky kada-düzgünleri özünde jemleýär.

Döwletimiziň asudalygynyň durnuklylygyny mundan beýläk-de saklamak, dünýä halklarynyň birleşen parahatçylyk inisiatiwasyny goldamaga ýakyndan ýardam bermek üçin Hormatly Prezidentimiziň tagallalary juda uludyr we örän ýakymlydyr. Bir mysal, belent Liderimiz BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynda eden çuňňur mazmunly taryhy çykyşynda ähli umumy howpsuzlygy üpjün etmek meselesine aýratyn orun berip, belledi, Sebitde, kontinentde, bütin dünýäde howpsuzlygyň ýok mahalynda bir ýurduň howpsuzlygyny üpjün etmegiň mümkin däldigine biz ynanýarys. Şeýle hem ykdysady, energetika, azyk howpsuzlygyny üpjün etmezden, ekologik, tehnogen häsiýetli töwekgelçilikleriň we howplaryň öňüni almazdan we aradan aýyrmazdan, halkara terrorçylygyna, guramaçylykly jenaýatçylyga, köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýaýradylmagyna, beýleki global wehimlere garşy netijeli göreşmezden, syýasy ýa-da harby howpsuzlygyň uzakmöhletleýin we doly derejeli bolmagyny gazanmak başartmaýar. Ýurt Baştutanymyz energetika howpsuzlygynyň global howpsuzlygyň iň derwaýys düzümleriniň biri bolup durýandygyny nygtap, oňa ähli umumy parahatçylygyň esasy nukdaýnazaryndan seretmekligi aýdyňlaşdyrdy.

5. **Kanunçylygyň ýene bir ýörelgesi** – ynsanperwerlikdir, diýmek, şahsyýetiň ynsanlyk mertebesine we abraýyna hormat goýmak. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilişi ýaly, Raýatlara adamyň we raýatyň at-abraýynyň hem mertebesiniň, Konstitusiýa-da hem-de kanunlarda göz öňünde tutulan şahsyýeti we syýasy

hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kazyýet goragy kepillendirilýär.

Häzirki döwürde Türkmenistan alyp barýan ynsanperwer içeri we daşary syýasatynda tutuş dünýä döwletleriniň nazaryny özüne çekýär. Çünki biziň ýurdumyz sebitde ylalaşdyryjy merkez hökmünde, şeýle-de döwletiň içki asudalygyny doly üpjün edip, Bitaraplyk syýasatyny durnukly amala aşyrýan, halkara diplomatiýasyna netijeli goşant goşýan, durmuşyň ähli pudaklarynda uly ösüşleri gazanýan döwlet hökmünde tanalýar. Munuň üçin, elbetde, dünýäniň ösen talabyna laýyk gelýän kanunlaryň, beýleki kanunçylyk namalarynyň kabul edilmegi uly ähmiýete eýedir. Sebäbi hukuk, munuň özi nazaryýet we tejribe babatdan seredeniňde, döwletiň binýatlyk guralydyr.

**Ynsanperwerlik** ýörelgesi - gumanizmy aňladýar. Gumanizm - ol adamkärçilikdir. Şoňa laýyklykda jenaýat eden adama ulanylýan jeza, bedeni taýdan heläk etmeli däldir. Jeza ulanylan halatynda, jenaýat jogapkärçiligine çekilen adamyň mertebesini kemsidip bolmaýar. Ynsanperwerlik ýörelgesiniň jenaýat kanunçylygynda ulanylmagynyň özi Türkmenistanda ynsanperwerlik syýasatynyň amala aşyrylmagyny aňladýar. Türkmenistanyn Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Güna geçmek çäreleri biziň döwletimizde yzygiderli ulanylýar. Jenaýat eden adamlar towa gelen halatynda olaryň günäsi döwlet tarapyndan geçirilýär we iş kesilenler öz öý ojaklaryna, çagalarynyň we maşgala agzalarynyň ýanyna gaýdyp bilýärler we halal zähmeti bilen döwletiň ynamyny ödäp bilýärler. Her bir şahsyýet jenaýat hukuk gatnaşykalarynyň subýekti hökmünde döwletiň, jemgyýetiň, raýatlaryň hukularyny we bähbitlerini hormatlamalydyr.

## Çyzgy № 4. Jenaýat kanunçylygynyň ýörelgeleri




Şol sanda jenaýat kanunçylygynyň ýörelgeleri hem bize mälim bolup durýar. Mysal üçin, **TJK-niň** 3-nji maddasy **“Jenaýat kanunçylygynyň ýörelgeleri**[1]

(1) Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy kanunçylyk, kanunyň öňünde raýatlaryň deňligi, günäkärlik jogapkärçiligi, adalatlylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýar.

(2) Etmişiň jenaýatçylyklydygy, şoňa jeza berilmelidigi we gaýry jenaýat-hukuk netijeleri jenaýat kanuny, arkaly kesgitlenýär.

(3) Adam günäsi belli edilen, diňe zyýanly netijelere getiren hereketleri (herekesizligi) üçin jenaýat jogapkärçiligine degişlidir.

(4) Kazyýetuň hökümi boýunça we kanuna laýyklykda günäkär diýlip hasaplanylmasa we jenaýat jezasy berilýän bolmasa, hiç kim jenaýat etmekde günäkär diýlip hasap edilip bilinmez, oňa jenaýat jezasy berlip bilinmez.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.5

(5) Jenaýat eden adamlar kanunyň öňünde deňdirler we jynsyna, teniniň renkine, milletine, emläk we wezipe ýagdaýyna, dine garaýşyna, ynançlaryna, partiýa degişliligine garamazdan, jenaýat jogapkärçiligine degişlidirler.

(6) Jenaýat eden adama ulanylmaga degişli jeza we gaýry jenaýat-hukuk täsir çäresi adalatly bolmalydyr, jenaýatyň agyrlygyna, onuň edilen ýagdaýlaryna we günäkäriň şahsyýetine berk laýyk gelmelidir.

(7) Jenaýat eden adamlara ulanylýan jeza we gaýry jenaýat-hukuk täsir çäreleri fiziki taýdan ejir çekmeler ýetirmegi ýa-da adam mertebesiniň kemsidilmegini öz maksady edinip bilmez.

(8) Şol bir jenaýat üçin hiç kim jenaýat jogapkärçiligini iki gezek çekip bilmez".

**Soraglar:**

1.Jenaýat hukugy barada düşünje.
2. Jenaýat hukugynyň predmeti we usuly.
3. Jenaýat hukuk ulgamy nämeden ýbarat?
4. Jenaýat hukugynyň wezipeleri nämeden ýbarat?
5. Jenaýat hukugynyň ýörelgeleri barada düşünje we olaryň görňüşleri.

**Ulanmaly edebiýätlar:**

1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. "Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky" kanuny. A., 2009

8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
23. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У

# Bap III. Jenaỳat kanuny

## § 1. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň kanunlary kämilleşdirmek babatda alyp barýan syýasaty

Türkmenistanda geçirilýän türkmen jemgyýetiniň ruhy Galkynyşynyň milli strategiýasy türkmen halkynyň taryhy mirasyndan gözbaşyny alyp gaýdýan ahlak gymmatlyklary we däp-dessurlary, milli başlangyçlara gaýdyp gelmegi öz içine alýar. Galkynyşlar zamanasy milli aýratynlyklary we dünýä tejribesini nazara alýan Beýik zamanamyzyň giň möçberli maksatlaryna laýyk gelýän ençeme möhüm meseleleriň çözülmegini göz öňünde tutýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda geçirilýän hukuk regörnüşinyň uly döwlet üçin ähmiýeti bar, aýratynam ýurdumyzyň kanunlaryny ara alyp maslahatlaşmagynda ütgeşmeleri we goşmaçalary girizmek, türkmen halky üçin has möhüm we ykbalgöteriji reforma bolup durýandygy öz-özünden bellidir.

Biziň döwletimizde adamlaryň we raýatlaryň esasy hukuklary, borçlary we azatlyklary diňe bir kanunda berkidilmän, eýsem olary durmuşa geçirmekde zerur bolan şertler döredilen. Şu günki gün Türkmenistanda raýatlaryň erkin isleg bildirişiniň demokratik ösüşiniň gidişini, hakyky halk häkimýetiniň tertip-düzgünini reglamentirleýän, kepillendirýän hukuk esaslary döredilen. Adamlaryň we raýatlaryň Konstitusiýa-da yglan edilen hukuklary, borçlary we azatlyklary “Adam hukuklarynyň ähliumumy deklarasiýasy” we şuňa meňzeşler ýaly esasy halkara hukuk resminamalaryna laýyk gelýär.

Galkynyşlar we Beýik özgertmeler zamanasynda adam hakdaky aladany baş wezipesi hasaplaýan ýurdumyzda

ýaşamagam, işlemegem diýseň lezzetli. Çünki binýady adalatdan, sahawatdan, ynsanperwerlikden tutulan Garaşsyz Watanymyzda raýatlary durmuş taýdan goramak, maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak, kanuny hukuklaryny üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler öz halkymyz tarapyndan hem, dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan hem doly goldanylýar.

Döwlet raýatlaryň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsyýeti eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar[1]. Adama mähremlik etmek we ynsanperwerlik Hormatly Prezidentimiziň Gurbanguly Berdimuhamedowyň köptaraply döwlet işinde äşgär ýüze çykýar. Türkmenistan dünýä bileleşigi tarapyndan kabul edilen we halkara hukuk kadalarynda bellenilen adamyň we raýatyň esasy demokratik hukuklaryny hem azatlyklaryny ykrar edýär we hormatlaýar, olaryň netijeli amala aşyrylmagynyň syýasy, ykdysady, hukuk we beýleki kepilliklerini döredýär.

Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistana demokratik hukuk we dünýewi döwlet hökmünde dünýäde iň kämilleşen, adalatly, döwredap, ynsanperwerlikli kanunlaryň gerekdigini nazarda tutup, Galkynyşlar we özgertmeler zamanasynda kabul edilýän we Türkmenistanda adam hukuklaryny hemde azatlyklaryny doly dereje üpjin etmäge gönükdirilen iş ýüzindäki deňsiz taýsyz çäreleriň birnäçesi bu ýagdaýyň aýdyň şaýady bolup durýar.

Dünýä derejesindäki kämil jemgyýetde kanunçylygy ösdürmek barada döwletimiz tarapyndan taýsyz tagallalar edilýär. Şol kanunçylygyň talaplaryny berjaý etmek bolsa hemmelere degişlidir.

---

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat. 2008, sah.11.

Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanasynda Mähriban Prezidentimiz ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň jenaýat hukugy ulgamynda täze döwrebap kanunlar kabul edildi. Muňa mysal hökmünde 2009-njy ýylyň 1-nji iýulynda güýje giren Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş Kodeksini görkezmek hem bolýar. Täze Galkynyşlar we özgertmeler zamanasynda neşekeşlige, jemgyýetiň sagdyn bolmagyna zyýan berýän ýaramaz endiklere we hereketlere garşy göreşmekde wagyz nesihat, düşündiriş çäreleri geçirilýär. ,,Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň kanunlaşdyryl-magyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny 2009-njy ýylyň 28-nji maýynda kabul edildi. Bu Kanun jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyryl-magynyň we terrorçylygyň maliýeleşdirilmeginiň garşysyna hereket etmegiň hukuk mehanizmini döretmek arkaly raýatlaryň, jemgyýetiň we döwletiň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini, şeýle hem Türkmenistanyň maliýe ulgamynyň bitewiligini jenaýatçylykly kast etmelerden goramaga gönükdirlendir. Beýik Galkynyşlar we Täze Özgertmeler eýýamynda Mähriban Prezidentimiziň hut özüniň ýolbaşçylyk etmeginde milli kanunçylygymyzy, hukuk goraýjy edaralarynyň işini kämilleşdirmekde hem uly işler edildi. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda adatdan daşary XXI Halk Maslahatynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň Baş Kanunynyň - Konstitusiýamyzyň täze redaksiýasy kabul edildi. Mundan başga-da Beýik Galkynyşlar eýýamynda "Durmuş üpjünçiligi baradaky bitewi kanun", "Ýer kodeksi", "Salgyt kodeksi", "Zähmet kodeksi" ýaly kodeksleriň, kanunlaryň kabul edilmegi ýa-da öňki bar bolan kanunlaryň, kodeksleriň gaýtadan işlenilmegi hem Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly

Berdimuhamedowyň milli kanunçylygymyzy kämilleşdir-mäge uly üns berýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Terrorçylyga we ykdysady häsiýetdäki jenaýatlara garşy göreş alyp barmaga gönükdirilen täze maddalaryň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine goşulmagy biziň ýurdymyzda adam hukuklaryny we azatlaklaryny goramagy üpjün etmekde möhüm orny eýeleär[1] diýlip, 2010-njy ýylyň 10-njy maýynda bolan Türkmenistanyň Mejlisiniň dördünji çagyrylşynyň altynjy maslahatynda bellendi. Hormatly Prezidentimiziň tarapyndan öňde goýulan wezipelerden ugur alyp, **"Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky"** Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi, kanunyň 3-nji maddasyna laýyklykda **2**010-njy ýylyň 1-nji iýulyndan şol kanun hukuk güjine girdi[2].

Biziň döwletimizde kanunçylygy, özüniň eýeleýän wezipesine ýa-da derejesine garamazdan, Türkmenistanyň ähli raýatlary ýerine ýetirilmelidir. Jemgyýetçiligiň içinde bolup geçýän jenaýatlara garşy göreşmeklik diňe Jenaýat kanunlaryň esasynda mümkindir, çünki diňe kanun haýsy etmişlariň jemgyýet üçin howplulygyny hem-de onuň jenaýat bolup durýandygyny we şol jenaýaty edenlere jezanyň haýsy görnüşini ulanmalydygyny kesgitleýändir. Islendik etmişi eden adam eden etmişi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekiljek bolsa onda ilki bilen onuň eden etmişiniň jemgyýetçilik üçin howplulygy anyklanmalydyr. Ine şonuň üçin hem jenaýat hukugynda jenaýatyň düzümi diýen düşinjäniň kesgitlemesi döwletde kanunçylygy berkitmegiň ugrynda göreşmegiň esasy şertleriniň biri bolup durýandyr.

---

[1] Türkmenistan gazeti. 2010 ýýlyň 11-nji maý

[2] Türkmenistan gazeti. 2010 ýýlyň 20-njy maý

Jemgyýetçiligiň arasyndaky bolup geçýän hukuk bozulmalaryna garşy göreşi güýçlendirmek barasydaky meseläni çözmekde ýa-da kanunçylygy berkitmekde kabul eden kanunlara we kararlara uly üns berilmelidir. Çünki kabul edilen kanun döwlet edara-kärhanalaryny jemgyýetçilik guramalaryny we raýatlary jemgyýetçiligiň arasynda bolup geçýän hukuk bozulmalarynyň garşysyna göreşmek üçin borçly edýarler.

## § 2. Jenaỳat kanuny barada düşünje. Jenaýat kanunynyň esasy alamatlary we ähmiỳeti

Türkmenistanyň Jenaýat kanuny - Döwlet häkimýetiň jenaýat diýlip ykrar edilen jemgyýetçilik üçin howply etmişleri gadagan edýän we jenaýat etmekde günäkär adamlar barada temmileri we beýleki döwlet mejbur ediş hem jemgyýetçilik täsiriniň çärelerini belleýän namadyr. Jenaýat kanuny, jenaýat bolup durýan etmişleriň gutarnykly san ýazgysyny berýär. Jenaýat kanunlary diňe Mejlis we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan çykarylyp bilnerler. Başga döwlet edaralaryň jenaýat kanuny çykarmaga we kabul etmäge haky ýokdur.

Jenaýat kanuny – döwlet häkimiýetiniň ýokary edaralary tarapyndan çykarylan, jenaýat hukugynyň ýörelgelerini belleýän, hukuk kadalaryny özünde jemleýän we haýsy jemgyýetçilik howply etmişleriň jenaýat bolup durýandygyny we jenaýaty etmekde günäkär şahsyýetlere ullanmaga degişli jezalary kesgitleýän kanunçylyk namasydyr.

Jenaýat kanunçylygy jemgyýetçilik we döwlet gurluşyny, şahsyýeti we raýatlaryň hukuklaryny we ähli hukuk tertibini, jenaýatçylykly etmişleriň görnüşlerini kesgitlemek we olar üçin bu jenaýatçylykly etmişleri eden günäkärlere ullanmakylyga degişli jezalary bellemek ýoly bilen, jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak wezipesini amala aşyrýar. Jenaýat

kanunlary jenaýat hukugynyň ýörelgelerini we umumy ýagdaýlaryny, jenaýatçylykly etmişleriň toplumyny, jenaýatlaryň görnüşlerini we alamatlaryny, olary bellemegiň we jenaýat jogapkärçiliginden we jezadan boşatmagyň tertibini kesgitleýär, anyk jenaýatlar üçin ullanmaga degişli jezanyň görnüşlerini we çägini belleýär.

**Çyzgy № 5.Jenaýat kanuny**



Diňe jenaýat kanunynda etmişiň jenaýatçylyklydygyny we jezalydygyny kesgitleýän kadalar jemlenýär. Bu manyda jenaýat kanuny jenaýat hukugynyň ýeke-täk çeşmesi bolup durýar. Etmişiň jenaýatçylyklydygy we jezalydygy, jezany bellemek ýa-da jezadan boşatmak baradaky soraglar her bir anyk ýagdaýda kazyýet tarapyndan diňe jenaýat kanunynyň esasynda çözülýär. Jenaýat kanunynda saklanýan jenaýat hukugynyň kadalary şol bir wagtyň özünde gadagan ediji hem-de borçly ediji bolup durýar. Jenaýat hukugynyň kadasy jezanyň gorkusy astynda jenaýat kanunynyň jemgyýetçilik howply we jenaýatçylykly diýip bilen etmişleri (hereket we hereketsizlii) etmegi gadagan edýär.

Şonuň bilen birlikde jenaýat hukugy degişli edaralary we häkimiýetiň wekillerini, eger-de bu kada tarapyndan gadagan edilen jemgyýetçilik howply etmiş edilen ýagdaýynda, bu ýagdaýy anyklamakylyga we günäkäri jezalandyrmakylyga borçly edýär. Şeýle, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 206-njy maddasynda, “Anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror şu Kodeksde bellenen tertipde, jenaýat alamatlary ýüze çykan halatynda, jenaýat işini gozgamaga, jenaýatyň wakasyny, jenaýat etmekde günäkär adamlary anyklamak we olara jeza çäresini bermek üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge borçludyrlar”[1], diýip bellenilýär.

Elbetde, kanunyň bu ýagdaýy jenaýat jogapkärçiliginden we jezadan boşatmakylyk üçin kanuny esaslar bolan ýagdaýlaryna degişli däl. Jenaýat kanuny adamlaryň hukuk aňyny we ahlak talaplaryny aňladýar. Kanun boýunça jenaýatçylykly diýlip bilinýän etmişler, mysal üçin, parahorluk, huligançylyk, jenaýatçylykly ýol bilen edinilen emlägi edinmek we satmak raýatlaryň hukuk aňy tarapyndan

[1] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi.A., 2009, sah.88

şular ýaly diýlip bilinýär we biziň jemgyýetimiziň ahlagy bilen ýazgarylýar. Kanunlar, şol sanda jenaýat kanunlary, hukuk aňynyň mundan beýläk hem ösmegine ägirt uly täsir edýär.

Jenaýat kanuny - bu adamlaryň erkini görkezýän we ýuridiki (hukuk)güýje eýe bolan, döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy edarasy Mejlis tarapyndan kabul edilen we jemgyýetçilik guramalary, döwlet edara kärhanalary, şeýle hem raýatlar tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmeli jemgyýetçilik aragatnaşyklaryny kadalaşdyryjy hukuk namasydyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kadalaryna laýyk gelýän döwlet tarapyndan kabul edilen kanun, özüne degişli bolan pudaklaryň işlerini kadalaşdyrýandyr. Jenaýat kanuny bolsa öz gezeginde jenaýat we jeza diýen düşünjeler bilen baglanşykly bolan hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýandyr. Döwletimiziň raýatlarynyň köp sanly erk-isleglerini beýan edýän Jenaýat kanuny, jenaýatçylygyň garşysyna göreşmek üçin öz öňünde goýan meselelerini netijeli çözmekligi üpjün etmäge gönükdirýändir. Bu meseleleri çözmeklik üçin bolsa jenaýat kanuny haýsy jemgyýetçilik howply etmişiň jenaýat bolup durýandygyny we şol jenaýaty eden şahsyýetlere eden jenaýaty üçin jezanyň haýsy görnüşlerini bermelidigini kesgitleýär. Sebäbi islendik jemgyýetçilik gurluşynda jenaýata garşy göreşmek diňe Jenaýat kanunyň esasynda mümkindir.

Biziň şu günki hereket edýän jenaýat kanunymyz - Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi, Türkmenistanyň kanun çykaryjy edarasy - Mejlis tarapyndan 1997-nji ýylyň Iýul aýynyň 12-ine kabul edildi we 1998-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-den[1] hukuk güjine girdi. 2010-njy yýlyň 10-njy maýynda bolan Türkmenistanyň Mejlisiniň dördünji çagyrylşynyň altynjy maslahatynda "Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A.,1997

üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny seredildi, Kanunyň 3-nji maddasyna laýyklykda 2010-njy ýylyň 1 iýulyndan Jenaýat kodeksiniň rejelenen görnüşi hukuk güjine girdi[1]. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan öňde goýlan, Jenaýat iş ýörediş kanunçylygyny mundan beýläk-de liberallaşdyrmagy göz önünde tutýan wezipeleri üerine ýetirmek maksady bilen, jenaýat kanunçylyga degişli üýtgetmeler we göşmaçalar girizildi, terrorçylyga we ykdysady häsiýetdäki jenaýatlara garşy göreş alyp barmaga gönükdirilen täze maddalar goşuldy, agyr jenaýatlar üçin jeza bermegiň aňryçäk möhletini azaltmak, temmi çäresi görnüşinde pul jerimelerini girizmek we beýleki meseleler göz öňünde tutuldy.

Türkmenistanyň çäginde hereket edýän kanunlar we gaýry normatiw hukuk namalary Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine laýyk gelmäge degişlidir. Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna[2], halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we normalaryna esaslanýar hem-de Jenaýat kodeksden ybaratdyr. Jenaýat jogapkärçiligini belleýän aýry-aýry kanunlar TJK-na goşulmaga degişlidir.

“Kodeks” sözi gadymy grek sözi bolan “kodio” diýen sözünden gelip çykyp, ýygyndy, bütewi diýen manyny berýär. Kodifikasiýa – bu kanunçylygy ulgamlaşdyrmagyň bir görnüşi bolup, kadalaşdyryjy materiallarynyň gaýtadan işlenilmegi we bütewi kadalaşdyryjy namasynyň, ýagny bütewi kanunyň, çykarylmagy bolup durýandyr.

---

[1] Türkmenistan gazeti. 2010 ýylyň 20-njy maý

[2] Türkmenistanyň Konstitusiýäsy. A., 2008

Hereket edýän Jenaýat kanunynda jenaýat we jeza, jenaýat jogapkärçilikden we jezadan boşadylmagy, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat jogapkärçiligi hem-de lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagyň esaslary we tertibi umumy böleginde, adaty bolan jenaýatlaryň toplumyndan başlap Türkmenistanyň dünyä siwilizasiýasynyň döwlet gurluşygynda oýlap tapan iň bir demokratik esaslaryny düzýän içeri we daşary syýysatyny, şeýle-de onuň halkara ylalaşyklaryny jenaýatçylykly kast etmelerden gorap biljek kadalary parahatçylyga, adamzadyň howpsyzlygyna we döwlete garşy jenaýatlar barasyndaky bölümlerinde, şahsyýete garşy, ykdysady gatnaşyklarynda bolýan, harby we beýleki jenaýatlar aýratyn böleginde görkezilendir.

## § 3. Jenaỳat kanunynyň normasy, onuň düşünjesi we gurluşy. Gipotiza barada düşünje we onuň görnüşleri. Dispozisiýa barada düşünje we onuň görnüşleri. Sanksiýa barada düşünje we onuň görnüşleri

Jenaýat kanuny - Döwlet häkimýetiniň jenaýat diýlip ykrar edilen jemgiyetçilik üçin howply etmişleri etmegi gadagan edýän we jenaýat etmekde günäkär adamlar barada temmileriň we beýleki döwlet mejbur ediş hem jemgyýetçilik täsiriniň çärelerini belleýän namadyr.

Jenaýat kanuny - Döwlet häkimiýetiniň ýokary kanunçykaryjy edaralarynyň namasydyr. Türkmenistanyň çäginde kanunlary çykaryjylyk işi Mejlise hem Prezidentine degişlidir. Başga döwlet edaralarynyň jenaýat kanunyny çykarmaga we kabul etmäge haky ýokdur.

**Çyzgy № 6. Jenaýat kodeksiniň wezipeleri**

Jenaýat kodeksiniň wezipeleri

Adamlaryň we şahsyýetleriň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak

Eýeçiliki goramak

Jemagyýetçilik howpsyzlygyny we jemgyýetçilik tertibini goramak

Daşky gurşawy goramak

Türkmenistanyň konsititusion gurluşyny we Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny goramak

Adamzadyň howpsuzlygyny üpjin etmek

Geljeki jenaýatlary öňüni almak

Jenaýat kanuny jenaýatçylyk diýlip ykrar edýän, jemgyýetçilik üçin howply etmişleri etmegi gadagan edýän namadyr. Jenaýat kanuny jemgyýet üçin howply etmişleriniň etmegi gadagan edip, raýatlary özüni dogry alyp barmakylygy talap edýar. Jenaýat kanuny jenaýat etmişleriň toparyny belleýän namasydyr. Kanun gadagan etmegi bellemekden çäklenmän, gadagan etmegiň kömegi arkaly raýatlara özüni

nähili alyp barmagyň ýolyny görkezýär. Jenaýat kanuny jenaýat bolup durýan etmişleriň gutarnykly san ýazgysyny berýär.

Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy şahsyýeti, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini, eýeçiliki, jemgyýetçilik tertibini, Türkmenistanyň garaşsyzlygyny, konstitusion gurluşyny we bitaraplyk hukuk ýagdaýyny, parahatçylygy we adamzadyň howpsuzlygyny jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramak, şeýle hem jenaýatlaryň öňüni almak wezipelerinden ybaratdyr. Bu wezipeleri amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy jenaýat jogapkärçiliginiň esaslaryny we ýörelgelerini berkidýär, jemgyýetçilik howply bolan haýsy etmişleriň jenaýatlar bolup durýandygyny kesgitleýär we şolaryň edilendigi üçin jezalary we gaýry jenaýat-hukuk täsir çärelerini belleýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi Umumy we Aýratyn bőleklerden düzilen bolup, 359 maddadan ybaratdyr. Türkmenistanyň çäginde hereket edýän kanunlaryň we namalaryň hemmesi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine[1] laýyk gelmelidirler. Jenaýat kodeksi iki bölekden ybarat bolup, ol özünde 14 sany bölüm we 34 bap jemleýär. Umumy bölekde jenaýat hukugynyň esasy düşünjeleri kadalaşdyrylan, Aýratyn bölümde bolsa aýratyn ýeke-täk jenaýatlaryň görnüşleri seredilýär.

Jenaýat kanuny jenaýat etmekde günäkär adamlar barada temmi çäresini we beýleki döwlet mejbur edişiniň, jemgyýetçilik täsiriniň çärelerini belleýän edýan namadyr. Temmi bermek döwlet mejbur ediş görnüşleriniň biridir, emma jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan görnüşidir. Jenaýat

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997

kodeksiniň 44-maddasy[1] temmileriň görnüşiniň gutarnykly san ýazgysyny berýär.

Jenaýat hukuk normasy diýlip – özüňi alyp barmagyň döwlet tarapyndan görkezilen ählumumy düzgünlerine düşünmek gerek. Jenaýat kanunlarynyň mazmuny hukuk normalaryndan ybaratdyr. Jenaýat kanunlary olarda jemlenen kadalaryň häsiýeti boýunça birnäçe görnüşli bolup bilýär. Jenaýat kanunlarynyň biri aýratyn (bir ýa-da birnäçe) jenaýat-hukuk kadalaryny özüne jemleýär. Beýleki jenaýat kanunlary Umumy ýa-da Aýratyn bölümleriniň bell bir toparlaryny kadalaşdyrýan, ulgamlaşdyrylan kadalaşdyryjy namalary aňladýar. Umumy we Aýratyn bölümleriň ähli soraglaryny kadalaşdyrýan Jenaýat kodeksi bolup durýar.

Jenaýat kodeksi – esasy ýörelgelere laýyklykda jenaýat hukugynyň umumy ýagdaýlary, jemgyýetçilik howply etmişleriň jenaýat bolup durýandygyny kesgitleýär. Jenaýat kodeksi jenaýat hukugy ýaly, Umumy we Aýratyn böleklere bölünýär. Umumy böleginde jenaýat kanunçylygynyň wezipeleri, jenaýat jogapkärçiliginiň esaslary, jenaýat kanunynyň wagt we giňişlikde hereketi, jenaýatyň düşünjesi, jezanyň maksatlary we onuň görnüşleri, jezany ullanmak, ondan boşatmak, lukmançylyk we terbiýeçilik häsiýetli mejbury çäreler kesgitlenýär. Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginde a anyk jemgyýetçilik howply etmişler görkezilýär, anyk jenaýatlaryň **(Bilkastdan adam öldürmek, Töhmet, Ogurlyk, Huligançylyk)** düzümi kesgitlenilýär, her-bir jenaýat üçin jezanyň görnüşi we çägi bellenilýär.

Jenaýat kodeksleriniň Umumy we Aýratyn bölekleri öz aralarynda gönüden-göni baglanşykly. Olaryň her biri beýleki bölegiň hökmany bolmagyny we ullanylmagyny göz öňünde

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.20

tutýar. Jenaýaty kesgitlemek we jezany bellemek Aýratyn bölegiň kadalarynyň we Umumy bölegiň bu ýagdaýlara degişli kadalarynyň ullanylan wagty bir birine gabat gelýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirmek baradaky 107-nji maddasy[1] ullanylanda, 27-nji maddada[2] görkezilen meýliň alamatlarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny kesgitlemeli, aýyplanýanyň akylynyň düzüwligini, jenaýaty eden pursatynda 14 ýa-da 16 ýaşa ýetendigini, ýa-da ýetmändigini (TJK-niň 23-nji[3], 82-nji[4] m.m), onuň zerur goranyş ýagdaýynda hereket etmändigini (TJK-niň 37-nji[5] m) anyklamaly. Bu jenaýat üçin jeza kesgitlenende jezanyň maksadyndan (TJK-niň 43-nji[6] m) tutmaly, agyrlaşdyrýan we ýeňilleşdirýän ýagdaýlary (TJK-niň 57-nji[7] we 58-nji[8] m.m) hasaba almaly.

Jenaýat kodeksiniň Umumy we Aýratyn bölekleri birnäçe bölümlere we baplara bölünýär. Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölegi bell bir kysymly jenaýat üçin **(Döwlete garşy jenaýatlar, Ýkdysady çygryndaky jenaýatlara garşy, Şahsyýete garşy jenaýatlar)** jenaýat jogapkärçiligini belleýän bölümlere bölünýär.

Aýratyn bölegiň maddalarynda anyk jenaýatlaryň edilmegi üçin jenaýat jogapkärçiligi görkezilýär. Bu bilen baglanşykly Aýratyn bölegiň maddalaryň gurluşy özboluşlu taraplary bilen tapawutlanýar. Aýratyn bölegiň maddalary, dispozisiýa-dan we sanksiýa-dan durýarlar. Maddalaryň köp

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.52
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.13
[3] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.12
[4] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.42
[5] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.17
[6] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.19
[7] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah. 26-27
[8] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.27-28

sany böleklere bölünýär, maddanyň her bölegi özünde dispozisiýany we sanksiýany saklaýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Ogurlyk üçin jogapkärçilik baradaky 227-nji maddasy 4 bölekden ybarat bolup durýar:

“**TJK-niň 227-nji-nji maddasy. Ogurlyk**[1]

(1) Ogurlyk edene, ýagny başga biriniň emlägini gizlinlik bilen ogurlana,

**zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň onusyndan ellisine çenli möçberde jerime salynýar ýa-da** iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şu aşakdaky ýagdaýlarda ogurlyk edene:

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topar tarapyndan edilen bolsa;

b) gaýtadan;

ç) ýaşaýyş jaýyna, başga jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girilip ogurlyk edilen bolsa;

d) edilen ogurlyk raýata ep-esli möçberde zyýan ýetiren bolsa, emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman,

üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şeýle ýagdaýlarda ogurlyk edene:

a) uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) guramaçylykly topar tarapyndan ogurlyk edilen bolsa, emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, alty ýyldan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şular ýaly ýagdaýda ogurlyk edene:

a) aýratyn uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.97-98

b) jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan ogurlyk edene, emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

BELLIKLER.

1. Şu Kodeksiň maddalarynda ogurlyk diýlip, kesekiniň emläginiň kada-düzgüne ters ýol bilen mugt alynmagyna we (ýa-da) günäkäriň ýa-da başga adamlaryň peýdasyna geçirilmegine, betnebislik maksatlary bilen amala aşyrylyp, hususyýetçä ýa-da şol emlägiň başga eýesine zyýan ýetirilmegine düşünilýär.

2. Şu babyň maddalarynda görkezilen emlägiň uly möçberi diýlip, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýüzüsinden artykmaç gelýän emlägiň bahasy; aýratyn uly möçberi diýlip bolsa, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň iki ýüzüsinden artykmaç gelýän emlägiň bahasy hasap edilýär.

Ýetirilen zyýanyň möçberi hasaplanylan mahalynda zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberi diýlip, jenaýat edilen pursatyna çenli Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen iş hakynyň ortaça derejesine düşünilýär, uzaga çeken we dowam edýän jenaýatlar boýunça bolsa, degişlilikde jenaýatçylykly hereketiň gutaran pursatyna çenli ýa-da iň soňky jenaýat edilen pursata çenli kanun tarapyndan bellenilen iş hakynyň ortaça derejesine düşünilýär.

3. Şu Kodeksiň 227-233-nji maddalarynda gaýtadan edilen jenaýat diýlip, şu maddalarda göz öňünde tutulan jenaýatlardan birini ýa-da birnäçesini ozal eden adam tarapyndan edilen jenaýat hasap edilýär, şeýle hem şu Kodeksiň garakçylyk üçin, radioaktiw materiallaryny ogurlamak ýa-da gorkuzyp almak, ýaragy, ok-därileri, partlaýjy maddalary ýa-da partladyş enjamlaryny ogurlamak ýa-da gorkuzyp almak, neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny

ogurlamak ýa-da gorkuzyp almak üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalardaky jenaýatlardan birini ozal eden adam tarapyndan edilen jenaýat hasap edilýär”[1].

**Çyzgy № 7. Jenaýat kodeksiniň aýratyn bölüminiň maddalarynyň gurluşy**




Diýmek, jenaýat hukuk normasy hökmany halatda üç bölekden ybaratdyr:

1) Gipoteza 2) Dispozisiýa 3) Sanksiýa

GIPOTEZA: Normanyň jenaýat jogapkärçiligini we temmileri ulanmagyň şertini we umumy esasyny beýan edýän bölegidir. Gipoteza TJK-niň umumy böleginde göz öňünde tutulýar.

Gipoteza üç görnüşe bölünýär.

1) **Dispozisiýa degişli gipoteza** (TJK-niň 10-njy, 12-16-njy aralygyndaky maddalar[1]).

Mysal üçin, “**12 madda. Gutarylan we gutarylmadyk jenaýat[2]**

(1) Eger adam tarapyndan edilen etmişde jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýat düzüminiň alamatlarynyň hemmesi bar bolsa, jenaýat gutaran diýlip hasap edilýär.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.87-98
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.9

(2) Jenaýata taýýarlyk görmek ýa-da jenaýat kastyna düşmek gutarylmadyk jenaýat diýlip hasap edilýär.
(3) Jenaýata taýýarlyk görmek ýa-da jenaýat kastyna düşmek üçin jogapkärçilik şu Kodeksiň 13 we 14 maddalaryna salgylanmak bilen gutaran jenaýatyňky ýaly jenaýat kanunynyň şol maddasy boýunça bolýar.

2) **Sanksiýa degişli gipoteza** ( TJK-niň 44-55-njy[1] aralygyndaky maddalar).

Mysal üçin, **"50 madda. Düzediş işleri**[2]

(1) Düzediş işleri iki aýdan iki ýyla çenli möhlet bilen bellenilýär we kazyýetuň hökümine laýyklykda, bu düzediş işleri işkesilen adamynyň işleýän ýerinde ýa-da iş kesilen adamyň ýaşaýan çägindäkiky beýleki ýerlerde geçirilýär. Düzediş işlerine höküm edilen adamynyň gazanjyndan kazyýetuň hökmünde bellenilen möçberde, gazanjyň bäş göteriminden ýigrimi göterimine çenli bolan çäklerde döwletin haýryna pul tutulyp alnyp galynýar.

(2) Düzediş işleri zähmet çekmäge ukypsyzlara, on alty ýaşyna ýetmedik
adamlara, göwreli aýallara we çaga seretmek boýunça rugsatda bolýan aýallara, pensiýa ýaşyna ýeten adamlara, şeýle hem harby gullukçylara, okuwçylara we ýokary okuw jaýlarynyň talyplaryna ulanylmaýar.

(3) Düzediş işleriniň dolunýan wagty umumy zähmet stažyna goşulmaýar. Düzediş işlerinde bolýan döwründe ak ýürekli işlän bolsa we özüni göreldeli alyp baran bolsa, iş kesileniň jeza möhletini dolduranyndan soňra, zähmetkeşler toparynyňhaýyşy boýunça, şeýle hem iş kesileniň leniň

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.20-21
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.22-23

haýyşy boýunça düzediş işlerinde bolnan döwri kazyýet umumy zähmet stažyna goşup biler.

(4) Düzediş işlerinde bolmakdan zandyýamanlyk bilen boýun gaçyrýan
mahalynda, kazyýet düzediş işleriniň gutarmadyk möhletini azatlykdan mahrum
etmegiň bir gününi düzediş işleriniň üç gününe hasaplamak bilen azatlykdan
mahrum etmek görnüşindäki jeza bilen çalşyryp biler.

3. **Hem sanksiýa hem dispozisiýa degişli gipoteza** (TJK-niň 1-4-nji aralygyndaky maddalar[1]).

Mysal üçin, **TJK-niň** 3-nji maddasy **"Jenaýat kanunçylygynyň ýörelgeleri**[2]

(1) Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy kanunçylyk, kanunyň öňünde raýatlaryň deňligi, günäkärlik jogapkärçiligi, adalatlylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýar.

(2) Etmişiň jenaýatçylyklydygy, şoňa jeza berilmelidigi we gaýry jenaýat-hukuk netijeleri jenaýat kanuny, arkaly kesgitlenýär.

(3) Adam günäsi belli edilen, diňe zyýanly netijelere getiren hereketleri (herekesizligi) üçin jenaýat jogapkärçiligine degişlidir.

(4) Kazyýetuň hökümi boýunça we kanuna laýyklykda günäkär diýlip hasaplanylmasa we jenaýat jezasy berilýän bolmasa, hiç kim jenaýat etmekde günäkär diýlip hasap edilip bilinmez, oňa jenaýat jezasy berlip bilinmez.

(5) Jenaýat eden adamlar kanunyň öňünde deňdirler we jynsyna, teniniň renkine, milletine, emläk we wezipe

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.4-5
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.5

ýagdaýyna, dine garaýşyna, ynançlaryna, partiýa degişliligine garamazdan, jenaýat jogapkärçiligine degişlidirler.

(6) Jenaýat eden adama ulanylmaga degişli jeza we gaýry jenaýat-hukuk täsir çäresi adalatly bolmalydyr, jenaýatyň agyrlygyna, onuň edilen ýagdaýlaryna we günäkäriň şahsyýetine berk laýyk gelmelidir.

(7) Jenaýat eden adamlara ulanylýan jeza we gaýry jenaýat-hukuk täsir çäreleri fiziki taýdan ejir çekmeler ýetirmegi ýa-da adam mertebesiniň kemsidilmegini öz maksady edinip bilmez.

(8) Şol bir jenaýat üçin hiç kim jenaýat jogapkärçiligini iki gezek çekip bilmez”.

Jenaýat kodeksiniň umumy böleginde görkezilen gipoteza esasanam Jenaýat kodeksiniň aýratyn böleginde göz öňünde tutulan anyk jenaýatlaryň toplumlarynyň üstüni ýetirýän ýa-da olary häsiýetlendirýän düzgünleri dispozisiýa degişli gipotezanyň ornuny ýerine ýetirýärler.

Sanksiýalara degişli gipotezalary umumy bölegiň temmi bermek (TJK-niň 3-nji baby), temmini bellemek we ondan boşatmak (TJK-niň 4-nji baby), şeýle hem lukmançylyk we terbiýeçilik häsiýetli mejbur ediş çäreleri (TJK-niň 5-nji baby) hakyndaky düzgünleri emele getirýän düzgünnamalary ýerine ýetirmek üçin niýetlenendir. Şu düzgünnamalaryň esasy aýratynlygy, birinjiden, olaryň temminiň mazmunyny we maksatlaryny açyp görkezýändigi; ikinjiden, olary ulanmagyň tertibini we ýörelgelerini belleýändigi; üçinjiden, jogapkärçilikden boşatmagyň, temmi bermegiň esaslaryny we şertlerini kesgitleýändigi; dördünjiden, jenaýatlary etmekde günäkär adamlara täsir etmegiň ulanmagyň esasylaryny, tertiplerini we şertlerini belleýändigi.

**DISPOZISIÝA**: Normanyň jemgyýetçilik üçin howply anyk etmişiň alamatlaryny suratlandyrýan bölegidir. TJK-de dispozisiýalar Aýratyn bölekde göz öňünde tutulýar.

Hakykatda jenaýat-hukuk normasynyň dispozisiýasy jenaýatyň düzümini "saklaýar". Jenaýat düzümleriniň aýratyn alamatlary jenaýat hukuk normalarynyň dispozisiýalarynda ýerleşýär, ýöne düzümleriň aýry-aýry elementlerini häsiýetlendirýän alamatlary TJK-niň umumy böleginde nazara alnan (mysal üçin, jenaýat subýektiniň alamatlary we beýlelkiler). Dispozisiýa bilen jenaýatyň düzümiň alamatlaryň sanawy şol bir zat däldir. Dispozisiýa jenaýat toplumynyň bolmagynyň görnüşidir. Dispozisiýa - forma, toplum-normanyň mazmunydyr. Bir dispozisiýa-da bir toplum kesgitlenip bilner. Toplumyň alamatlarynyň suratlandyrylyşynyň görnüşine baglylykda dispozisiýalar ýönekeý, beýan ediş, salgylanyş we blanket (salgylanyş) dispozisiýalaryna bölünýärler.

Dispozisianiň birnäçe görnüşi bardyr.

**1. Ýonekeý dispozisia** – ol jenaýatyň obýektiw we subýektiw alamatlaryny açyp görkezmän, diňe jenaýatyň adyny berýär, mysal üçin TJK-niň 101-nji maddasy. „ **Bilkastdan adam öldürmek**[1]

(1) Bilkastdan adam öldürmek,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Bilkastdan adam öldürmek:

a) iki ýa-da şondan-da köp adamy;

b) öz gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny amala aşyrmagy bilen baglanşykly adamy ýa-da onuň ýakyn adamlaryny;

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah. 50-51

ç)garawsyzlygy günäkäre görnetin bolup duran adamy, şeýle hem adamy ogurlamak ýa-da girewine almak bilen baglanşyklylykda;

d) göwreliligi günäkäre görnetin bolup duran aýaly;

e) zorlamak ýa-da seksual häsiýetli zorlukly hereketler bilen baglanşyklylykda;

ä)aýratyn zalymlyk bilen;

f)köp adamlaryň jany üçin görnetin howply usul bilen;

g)deslap dilleşmezden iki ýa-da şondan-da köp adam, ýa-da deslap dilleşmek boýunça adamlaryň topary, guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan;

h)betnebislik niýeti bilen, şeýle hem hakyna tutma boýunça;

i)huligançylyk niýeti bilen;

j)başga jenaýaty ýaşyrmak ýa-da onuň amala aşyrylmagyny ýeňilleşdirmek maksady bilen;

ž)durmuş, milli, jyns ýa-da dini ýigreniç ýa-da duşmançylykly garamak bilen;

k)gan almak maksady bilen;

l)gaýtadan, şu Kodeksiň 102-nji we 103-nji maddalarynda göz öňünde tutulan etmişler muňa girmeýär;

m)aýratyn howply residiwde,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, on ýyldan ýigrimi bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Ýönekeý dispozisiýa jenaýatyň ýönekeý toplumyny beýän edýän dispozisiýadyr diýip hasap etmek bolmaz. Bular dürli hili düşünjeler. Dispozisiýanyň özi ýönekeý, ýöne onda beýan edilen toplumy bolsa çylşyrymly (mysal üçin, iki obýektli) bolup biler. Ýönekeý dispozisiýa toplumyň konstruksiýasyny däl-de, ony beýan etmegiň görnüşini göz öňünde tutýär.

Dispozisiýa diýlip, jenaýat kanunynyň Aýratyn bölegininiň maddasynyň jenaýatçylykly etmişiň kesgitlemesini saklaýan bölegidir. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasy[1].

**“Töhmet**

(1) Töhmet atana, ýagny başga bir adamyň namysyny we mertebesini kemsidýän görnetin ýalan maglumatlary ýaýradana,

ýetirilen zyýany düzetmek borçlary üstüne ýüklenilýär ýa-da zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäşden onusyna çenli möçberde jerime salynýar ýa-da bir ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

(2) Köpçülikleýin çykyşda, köpçülige niýetlenen eserde ýa-da köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde atylýan töhmet üçin,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ondan ýigrimisine çenli möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da bir ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Agyr netijelere getiren ýa-da aýratyn agyr jenaýat etmekde aýyplamak bilen birlikde atylan töhmet üçin,

üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Ýönekeý dispozisiýa jenaýat kanunçylygynda köplenç halatda kanunda ýörite düşündirmezden, jenaýatçylykly etmişiň alamatlarynyň aýan ýagdaýynda ullanylýar. Ýönekeý dispozisiýa diňe jenaýatçylykly etmişi agzaýar, emma onuň alamatlaryny kesgitlemeýär. Mysal üçin, para bermegiň alamatlaryny Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 185-nji maddasy[2] kesgitlemeýär.

“**Para bermek**

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.63

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.185

(1) Özi ýa-da arada duran adamyň üsti bilen wezipeli adama para berene, bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmişi gaýtadan edene, bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

BELLIK.

Eger para beren adam babatynda parany gorkuzyp almak bar bolsa ýa-da eger bu adam para bermek hakynda jenaýat işini gozgamaga hukugy bolan organa meýletin habar berse, para beren adam jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar"[1].

2. **Beýan ediş dispozisia** – jenýatyň anyk toplumynyň alamatlaryny kanunda beýan edýan görnüşidir. Beýan ediş dispozisiasy jenaýat toplumynyň giň häsiýetini berýär, mysal üçin TJK-niň 132-nji, 133-njy, 134-nji, 227-nji maddalarda.[1]

Mysal üçin, "**134-nji madda. Zorlamak**[2]

(1) Aýal-gyzlary zorlana, ýagny fiziki zorlugy ulanyp, gorkuzyp, şeýle hem jebir çekeniň biçäreliginden peýdalanyp, zyna edene,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, üc ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Aýal-gyzlary zorlamak:

a) gaýtadan edilse;

b) deslap dilleşmezden iký ýa-da şondan-da köp adam ýa-da deslapky dilleşek boýunça adamlar topary tarapyndan edilse;

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.63-64, sah.97

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.63-64

ç) jebir çekeni horlamak bilen edilse;
d) jebir çekene weneriki kesel ýokaşdyrsa;
e) kämillik ýaşyna ýetmedikdigi görnetin bolsa,
iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, bäş ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.
(3) Aýal- gyzlary zorlamak:
a) seresapsyzlyk boýunça jebir çekeniň ölmegine getirse ýa-da onuň saglygyna agyr şikes ýetirse ýa-da ona SPID keselini ýokaşdyrsa;
b) jebir çekeniň on dört ýaşyna ýetmedikdigi görnetin bolsa,
iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, on ýyldan ýigrimi bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Jenaýat kodeksiniň dispozisiýasyda kanunyň durmuş-hukuk mazmunyny, esasy we tapawutlandyrýan aýratynlyklary suratlandyrylyp görkezilýär. Beýan ediş dispozisiýa gönüden-göni jenaýatyň alamatlaryny kesgitleýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 227-nji maddasynda[1] "Ogurlygy başga biriniň emlägini gizlinlik bilen ogurlamak hökmünde kesgitlenýär".

3. **Salgylanyş dispozisia** – ýagny, onda kanun çykaryjy jenaýat toplumynyň aýry-aýry alamatlaryny anyklaşdyrmak üçin hukugyň beýleki normalaryna ýollaýar. Salgylanyş dispozisianyň iki görnüşi bardyrdyr:

   1. **Blanket (dürli görnüşli).**
   2. **Salgylanyş (bir meňzeş).**

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.97-98

**Blanket dispozisiýa** – hukugyň başga pudaklaryna iberýär, meselem, TJK-niň 160-njy maddasynda görkezilen jenaýat, maşgala hukugynyň namalary bilen hem kadaşdyrylýar. **“160 madda. Çagalary ýa-da işe ýarawsyz ata-eneleri ekläp-saklamak üçin serişdeleri tölemekden bilgeşleýin boýun gaçyrmak**[1]

(1) Ata-eneleriň kemala gelmedik çagalary, şonuň ýaly-da on sekiz ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalary ekläp-saklamak üçin kazyýetuň çözgüdi boýunça serişde tölemeklikden bilgeşleýin boýun gaçyrandygy üçin,

zähmete hak tölemegine ortaça aýlyk möçberiniň on bäşden otuzysyna çenli moçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

(2) Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalaryň kazyýetuň çözgüdi boýunça zähmete ukypsyz ata-enelerini ekläp-saklamak üçin serişde tölemekden bilgeşleýin boýun gaçyrandygy üçin,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň on bäşden otuzysyna çenli möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär”[1].

**Salgylanyş dispozisiýa** – Jenaýat kodeksiniň bir maddasyndan TJK-niň başga bir madda salgy berýär. Meselem, TJK-niň 292-nji maddasy 294-njy, 295-njy, 296-njy, 297-nji maddalaryna[2] salgy berýar.

Mysal üçin, **“294 madda. Neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň ogurlanmagy ýa-da gorkuzyp alynmagy**[3]

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.72
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.131-136
[3] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.133-134

(1) Neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň ogurlanandygy ýa-da gorkuzyp alnandygy üçin,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, bäş ýyldan on ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly hereketler, eger:

a) gaýtadan;

b) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

ç) neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary onuň gulluk ýagdaýy bilen baglanşykly ýa-da gorap saklamak ynanylan adam tarapyndan;

d) jan ýa-da saglyk üçin howply bolmadyk zorlugyň ulanylmagy bilen amala aşyrylandygy üçin,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, alty ýyldan on iki ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketler guramaçylykly topar tarapyndan, şeýle hem jan ýa-da saglyk üçin howply bolan zorlugyň ulanylmagy bilen amala aşyrylandygy üçin ýa-da eger şol hereketleriň predmeti uly möçberdäki neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şu maddanyň birinji, ikinji ýa-da üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketler jenaýatçylykly bileleşik

tarapyndan ýa-da eger şol hereketleriň predmeti aýratyn uly möçberlerdäki neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, on iki ýyldan ýirgimi bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

**Salgylanyş (birmeňzeş) dispozisiýa-da** jenaýat toplumynyň aýry-aýry alamatlaryny jenaýat hukugynyň diňe beýleki normalarynyň kömegi bilen anyklaşdyrmak bolar.

**Birmeňzeş salgylanyş dispozisiýasy** dispozisiýalary ýazylyş görnüşleri boýunça: **1) ýönekeý; 2) beýan ediş dispozisiýalary** bolup bilerler.

**Ýönekeý salgylanyş dispozisiýa-da** kanun çykaryjy Jenaýat kodeksiniň başga maddasynda beýan edilýän ol ýa-da beýleki düşünjäniň diňe adyny görkezýändigi bilen tapawutlanýar.

**Salgylanyş-beýan ediş dispozisiýa-da** Jenaýat kodeksiniň beýleki normalaryna ýa-da onuň umumy böleginiň maddalaryna salgylanyp, jenaýatyň anyk toplumynyň aýratynlyklary giňden beýan edilýänligi bilen häsiýetlendirilýär.

**Dürli görnüşli (blanket) salgylanyş dispozisiýa** jenaýatçylygyň onda berkidilen toplumynyň aýry-aýry alamatlaryny anyklaşdyrmak üçin hukugynyň beýleki pudaklaryna ýollaýan dispozisiýadyr. Blanket dispozisiýasynyň "sap" görnüşini gatyşyk blanket dispozisiýasyndan tapawutlandyrmak gerek, "sap" görnüşdäki blanket dispozisiýasynda jenaýat kanuny hukugynyň haýsy-da bolsa bir pudagynyň normalaryna ýollaýar, gatyşyk blanket dispozisiýas[i]ynda bolsa ulanylýan normanyň mazmunyny

anyklaşdyrmak üçin kanun çykaryjy hukugyň dürli pudaklarynyň normalaryna ýollaýar.

**Blanket dispozisiýa** diýlip, jenaýat kanunynyň özünde jenaýatçylykly etmişi we onuň alamatlaryny gönüden-göni kesgitlemän, başga kanunlara ýa-da başga kadalaşdyryjy namalara – Hökümetiň kararlaryna we buýruklaryna, ministrlikleriň buýruklaryna we gözükdirmelerine we başgalara iberýän dispozisiýa aýdylýar. Agyr netijelere getiren, zähmeti goramagyň düzgünleriniň bozulmagy jezalandyrylýan, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 151-nji maddasynyň dispozisiýasy blanket görnüşli bolup durýar. **"151 madda. Zähmeti goramagyň kadalarynyň bozulmagy**[1]

(1) Tehniki howpsuzlyk kadalaryny ýa-da zähmeti goramagyň başga kadalaryny berjaý etmek boýunça borçlar ýüklenen adam tarapyndan bu kadalaryň bozulandygy üçin, eger munuň özi adamlar bilen betbastçylykly ýagdaýlara getirip biljek bolsa,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäşden onusyna çenli möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş adamyň saglygyna şikes ýetirse,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan etmiş, eger ol seresapsyzlyk boýunça adamyň ölmegine getirse,

üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip, ýa-da mahrum etmän, bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.69

Hereket edýän jenaýat kanunçylygynda maddalar gabat gelýär. Olaryň bir bölegi ýönekeý bolup durýar, sebäbi diňe anyk jezaly etmişleri agzaýar, bir bölegi bolsa, blanket bolup durýar, sebäbi galan etmişler babatda beýleki kadalaşdyryjy namalara iberýär.

Salgylanyş dispozisiýasy bolup, başga madda ýa-da maddanyň bölegine iberýän dispozisiýa bolup durýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 184-nji maddasynyň 2-nji böleginde[1] "şol bir hereketler" diýen sözler, para almakylygy kesgitleýän 1-nji bölekde beýan edilýär, soňra bolsa 2-nji bölegiň dispozisiýasynda para almakylygyny agyrlaşdyrýan ýagdaýlary görkezilýär.

"**184 madda. Para almak**

(1) Para berýäniň ýa-da oňa wekilçilik edýänleriň peýdasyna iş bitirendigi (bitirmänligi) sebäpli wezipeli adamyň hut özüniň ýa-da arada durýan adamyň üsti bilen pul, gymmatly kagyzlar, başga emläk görnüşinde para alandygy ýa-da emläk häsiýetli peýda görendigi üçin, eger şeýle işi bitirmek (bitirmezlii)wezipeli adamyň gulluk ygtyýarlyklaryna girýän bolsa ýa-da gulluk ýgtyýarlyklaryna mümkinçiligi şol iş bitirmäge (bitirmezlige) täsirini ýetirip bilýän derejede bolsa,

üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan sekiz ýyla çenli möhlete belle bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek ýa-da üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş, eger:

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.81

a) gaýtadan edilse;

b) deslapky ylalaşmak boýunça adamlaryň topary ýa-da guramaçylykly topar tarapyndan edilse;

ç) jogapkärli ýagdaýy eýeleýän wezipeli adam tarapyndan edilse;

d) gorkuzmak bilen para alynsa;

e) uly möçberde bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan on bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek ýa-da emlägini muzdsuz edip ýa-da muzdsuz etmän, bäş ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

**SANKSIÝA:** Normanyň temmi çärelerini, döwlet mejbur ediş çärelerini we jemgyýetçilik täsiriniň çärelerini beýan edýän bölegidir. Sanksiýalar hukuk edebýatynda temmi çäreleri bilen baglanyşdyrýarlar. Sanksiýalaryn birnäçe görnüşi bardyr. Sanksiýa diýlip, jenaýat kanunynyň Aýratyn böleginiň maddasynda jenaýat üçin berilýän jezanyň gönüşi we çägi görkezilýär. Sanksiýa-da jenaýatyň howplulygynyň häsiýeti we derejesi berilen.

Sanksiýa esasy jezanyň gönüşini we çägini kesgitleýär. Jezanyň goşmaça çäreleriniň ullanmagy belli bir jenaýat üçin hökmanydyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Banditçylygy jezalandyrýan 274-nji maddasynda[1] emlägi muzdsuz almak, emma köplenç ýagdaýda goşmaça jeza çäresi hökmünde görkezilýär. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde Garakçylygy jezalandyrýan 231-nji maddasyna[2] laýyklykda kazyýet işiň ýagdaýyna baglylykda çäreleri ulanmak ýa-da ullanmazlyk baradaky meseläni çözýär.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.123

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.101

“**231-nji madda. Garakçylyk**

(1) Başga biriniň emlägini almak maksady bilen, adamyň jany üçin ýa-da saglygy üçin howply bolan zorlugy ulanmak ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny salmak bilen birlikde çozuş (garakçylyi)edene, emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Amala aşyrylan garakçylyk:

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

b) ýaşaýyş jaýyna, başga jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girmek bilen;

ç) ýarag ulanmak ýa-da ýarag hökmünde başga zatlary ulanmak arkaly;

d) gaýtadan;

e) raýata ep-esli möçberde zyýan ýetirmek bilen edilen bolsa, emlägini muzdsuz alyp, ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu aşakdaky ýagdaýlarda garakçylyk amala aşyrylanda:

a) uly möçberli zyýan ýetirmek bilen;

b) guramaçylykly topar tarapyndan garakçylyk edilen bolsa, emlägini muzdsuz alyp, ýa-da muzdsuz alman alty ýyldan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şular ýaly ýagdaýlarda garakçylyk edilende:

a) aýratyn uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) jenaýatçy toparlanyşyk tarapyndan;

ç)jebir çekeniň saglygyna düýpli zyýan ýetirmek bilen garakçylyk edilen bolsa, emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Hereket edýän jenaýat kanunlarynda sanksiýalar otnositel kesgitli. Jenaýat kodekslerde **absolýut kesgitli** ýa-da absolýut kesgitli däl sanksiýalar ýok. Absolut kesgitlenmedik sanksiýalar, mejbur etmegiň ýeke-täk görnüşi görkezilen, emma onuň takyk möçberi görkezilmedik ýa-da görnüşi kesgitlenmedik sanksiýalar absolýut kesgitlenmedik sanksiýalardyr.

**Otnositel kesgitli sanksiýa** jezanyň görnüşini we onuň aşaky we ýokarky çägini görkezýär. Bular ýaly sanksiýa kazyýete jezany aýrybaşgalaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Hereket edýä jenaýat kanunlarynyň maddalarynda otnositel kesgitlenen sanksiýa kabul edilen, sanksiýalaryň iki görnüşi gabat gelýär:

a) Jenaýat jezanyň dine ýokary çägini kesgitleýän sanksiýa. Jezanyň aşaky çägi, jenaýat jezasynyň bu çäresi üçin Umumy bölekde bellenen çäk bolup durýar. Mysal üçin, Jenaýat kodeksi boýunça azatlykdan mahrum etmek üçin aşaky çäk – alty aý, düzediş işleri üçin – iki aý (TJK-niň 50-njy, 53-nji m.m). Şonuň üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 232-nji maddasy boýunça, alty aýdan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmeklik, ýa-da iki aýdan iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmeklik ullanylyp bilner;

b) Jezanyň aşaky we ýokarky çägini kesgitleýän sanksiýalar. Sanksiýany bu görnüşi hereket edýän jenaýat kanunçylygynda agdyklyk edýär. Şeýle, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 254-nji maddasynyň 2-nji bölegi esasynda[1], Kontrabanda iki ýyldan bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy bilen jezalandyrylýar.

**Otnositel kesgitlenen** – temminiň minimal we maksimal çäklerinibelleýär, mysal üçin TJK-niň 101-nji maddasy.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.111-113

“**Bilkastdan adam öldürmek**

(1) Bilkastdan adam öldürmek,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Bilkastdan adam öldürmek:

a) iki ýa-da şondan-da köp adamy;

b) öz gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny amala aşyrmagy bilen baglanşykly adamy ýa-da onuň ýakyn adamlaryny;

ç)garawsyzlygy günäkäre görnetin bolup duran adamy, şeýle hem adamy ogurlamak ýa-da girewine almak bilen baglanşyklylykda;

d) göwreliligi günäkäre görnetin bolup duran aýaly;

e) zorlamak ýa-da seksual häsiýetli zorlukly hereketler bilen baglanşyklylykda;

ä)aýratyn zalymlyk bilen;

f)köp adamlaryň jany üçin görnetin howply usul bilen;

g)deslap dilleşmezden iki ýa-da şondan-da köp adam, ýa-da deslap dilleşmek boýunça adamlaryň topary, guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan;

h)betnebislik niýeti bilen, şeýle hem hakyna tutma boýunça;

i)huligançylyk niýeti bilen;

j)başga jenaýaty ýaşyrmak ýa-da onuň amala aşyrylmagyny ýeňilleşdirmek maksady bilen;

ž)durmuş, milli, jyns ýa-da dini ýigreniç ýa-da duşmançylykly garamak bilen;

k)gan almak maksady bilen;

l)gaýtadan, şu Kodeksiň 102-nji we 103-nji maddalarynda göz öňünde tutulan etmişler muňa girmeýär;

m)aýratyn howply residiwde,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, on ýyldan ýigrimi bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”[1].

**Alternatiw sanksiýalar** – bularda temmileriň ikisinden ýa-da köp görnüşlerinden birini saýlap almagyna ýol berýär.

Mysal üçin, “**109-njy-njy madda. Gazaplanma ýagdaýynda saglyga bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirmek**[1]

Jebir çekeniň zorluk etmegi, masgaralamagy ýa-da gaty kemsitmegi netijesinde ýa-da gaýry kanuna ters gelýän ýa-da ahlaksyz hereketleri (hereketsizligi), şonuň ýaly-da jebir çekeniň yzygiderli hukuga ters gelýän ýa-da özüni ahlaksyz alyp barmagy bilen döran uzak wagtlap akyla zeper ýetirýän ýagdaý netijesinde birden dörän güýçli psihiki tolgunmasy (gazaplanmasy) ýagdaýynda saglyga bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirene,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

**Salgylanys sanksiýasy** – göni bellemän, jenaýat kanunynyň başga normasyna ya-da hukugyň başga pudagyna iberilýär. Salgylanyş sanksiyalaryň dispozitsiýalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlary etmekde günäkär adamlar arada şol sanksiýalar ulanylmalydyr, mysal üçin 337 madda[2].

**“Buýrugyň ýerine ýetirilmezligi**

(1) Bellenilen tertipde naçalnigiň beren buýrugyny onuň tabynlygyndaky ýerine ýetirmezligi gullugyň bähbitlerine düýpli zyýan ýetiren bolsa,

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.50-51

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.54

harby gulluk boýunça iki ýyla çenli çäklendirmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan amala aşyrylan, şonuň ýaly-da agyr netijelere getiren şeýle hereket üçin,

üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan, söweş ýagdaýynda amala aşyrylan hereketler üçin,

bäş ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Gulluga sowuk-sala ýa-da ynsapsyzlyk bilen garamagy netijesinde buýrugy ýerine ýetirmändigi agyr netilijelere getiren bolsa,

harby gulluk boýunça iki ýyla çenli çäklendirmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(5) Şu maddanyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan söweş ýagdaýynda amala aşyrylan hereket üçin,

üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Salgylanyş sanksiýalarynyň şeýle gönüşleri bar:

1) **Jenaýat hukugynyň normalaryna salgylanýan sanksiýalar.**

**2) Hukugyň beýleki pudaklarynyň normalaryna salgylanýan sanksiýalar (blanket sanksiýalar).**

**Absolýut-kesgitlenen sanksiýalar** jenaýat hukugynda pes netijeli, şoňa görä-de kanunlarymyzda absolýut kesgitlenmedik sanksiýalar ýaly, olar hemsanksiýalaryň beýleki görnüşleri bilen deňeşdirilende köp ýaýran däldir. Jenaýat temminiň takyk möçberi bellenilse, kazyýet temmini hokum esasynda bellände, jogapkärçilgi ýeňilleşdirýän ýagdaýlary nazara

almaga mümkinçlik bolmaýär, hatda jenaýat işinde onuň ýaly ýagdaýlaryň ençemesi bar bolsa-da, kazyýet olaryň bardygyny görkezip hiç-hili tässirli netije çykaryp bilmeýar. Şonuň ýaly, jenaýat eden adamyň jogapkärçilgini agyrlaşdyran ýagdaýlar bar halatynda, şonuň ýaly möçberde temmi beriler, sebäbi absolýut-kesgitlenen sanksiýa kazyýetiň öňüde beýan edilýän temminiň möçberinden çykmagyna mümkinçilik bermeýär.

Tejribede ulanylýan jenaýat kanunlarynda otnositel-kesgitlenen sanksiýalaryň iki görnüşi bardyr:

**1) Temminiň maksimal (ýokary) çägi görkezilen görnüşi.**

**2) Temminiň minimal (aşai)we maksimal (ýokary) çäkleri görkezilen görnüşi.**

## § 4. Jenaỳat kanunyna düşündiriş bermek. Jenaỳat kanunynyň hereket edyän wagty. Jenaỳat kanunynyň güýjüniň yzyna hereket etmegi. Türkmenistanyň çäginde jenaýat eden adamlar babatda jenaýat kanunyň hereketi. Türkmenistanyň çäkleriniň daşynda jenaýat eden adamlar barada jenaýat kanunyň hereketi. Jenaýat eden adamlaryň berilmegi

Jenaýat kanunyna düşündüriş bermek - kanunyň mazmunyny anyklaşdyrmak hukukda işläp taýarlanylýan dogry çäreler bilen onuň hakyky mazmuny açyp görkezmekdir. Her bir düşündüriş bermegiň maksady kanun çykaryjynyň kanun düzülýän wagtynda onuň mazmununa beýan edilen erk-islegini anyklaşdyrmakdyr. Kanun çykarmakda ol ýa-da beýleki kanun çykaryjylyk aktyny düzende kanunyň formal we maddy taraplarynyň ýökary mynasybetini gazanmak ýarymbaşartmaýar.

**“5 madda. Jenaýat kanunynyň hereket edýän wagty**[1]

(1) Etmişiň jenaýatçylyklydygy we jeza berilmelidigi şol etmişiň edilen wagtynda hereket eden kanun boýunça kesgitlenilýär.

(2) Jenaýatyň amala aşyrylan wagty diýlip, onuň netijeleriniň, başlanýan wagty hasap edilýär, emma jogapkärçilik jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan hereketiň (hereketsizligiň) edilen fakty üçin bellenilen ýagdaýlarda bolsa, şol hereketiň (hereketsizligiň) edilen wagty hasap edilýär”.

Jenaýat kanunynyň hereket edýän wagty etmişiň jenaýatçylyklydygy we jeza berilmelidigi şol etmişiň edilen wagtynda hereket eden kanun boýunça kesgitlenilýär.

Jenaýatyň amala aşyrylan wagty diýlip, onuň netijeleriniň, başlanýan wagty hasap edilýär, emma jogapkärçilik jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan hereketiň (hereketsizligiň) edilen fakty üçin bellenilen ýagdaýlarda bolsa, şol hereketiň (hereketsizligiň) edilen wagty hasap edilýär

**Çyzgy № 8. Jenaýat kanunyň hereket etmegi**




[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.6

Jenaýat hukugynda jenaýat kanunynyň güýjüniň yzyna hereket etmegi diýen düşünje bardyr. Jenaýat eden adamyň jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýan, jezasyny ýeňilleşdirýän ýa-da ýagdaýyny başga hili gowulandyrýan ýagdaýlar jenaýat kanunyň güýjini yzyna hereket edýärler. Yagny günäni ýenilýeşdirýan kanununyň hukuk güýjene girmezinden öň jenaýat jogapkärçiligine çekilen adamlar babatda täze kanun hem ulanylýar. Şol kanun jezasyny çekýän ýa-da jezasyny çeken, ýöne iş kesilen aýby aýrylmadyk adamlara hem degişlidir.

Yöne welin etmişiň jenaýatçylyklydygyny belleýän, jezany güýçlendirýän ýa-da adamyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan kanunyň güýji yzyna hereket etmeýär. Diýmek, günäni agyrlaşdyrýan kanun, şol kanundaň öň jenaýat jogapkärçiligine çekilen ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilmedik adamlar babatynda ulanyp bilinmez.

Eger täze kabul edilen jenaýat kanuny eden etmişi üçin jezasyny çekýän adamyň jeza berilmeginiň tertibini ýeňilleşdirse, onda oňa berilen jeza täze kanunda göz öňünde tutulan çäklere laýyklykda gysgaldylmaga degişlidir.

**“6 madda. Jenaýat kanunynyň güýjüniň yzyna hereket etmegi**[1]

(1) Jenaýat eden adamyň jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýan, jezasyny ýeňilleşdirýän ýa-da ýagdaýyny başga hili gowulandyrýan kanunyň güýji yzyna hereket edýär, ýagny ol bu kanun güýje girmezinden öň degişli etmiş eden adamlara, şol sanda jezasyny çekýän ýa-da jezasyny çeken, ýöne iş kesilenlikaýby bolan adamlara hem degişlidir. Etmişiň jenaýatçylyklydygyny belleýän, jezany güýçlendirýän ýa-da

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.6

adamyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan kanunyň güýji yzyna hereket etmeýär.

(2) Eger täze jenaýat kanuny etmişi üçin jezasyny çekýän adamyň etmişine jeza berilmegini ýeňilleşdirse, bellenilen jeza täze kanunda göz öňünde tutulan çäklere laýyklykda gysgaldylmaga degişlidir".

Jenaýat kanunyň territoriallyk alamaty boýunça hereket etmegi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 7-maddasynda berkidilen[1].

**"Türkmenistanyň çäginde jenaýat eden adamlar barada jenaýat kanunynyň hereketi**

(1) Türkmenistanyň çäginde jenaýat eden adamlar Türkmenistanyň jenaýat kanuny boýunça jogapkärçiligi degişlidirler.

(2) Türkmenistanyň çäklerindäki suwlarynyň ýa-da howa giňişliginiň çäklerinde edilen jenaýatlar Türkmenistanyň çäginde edilen diýlip hasap edilýär. Şu Kodeksiň güýji şeýle hem Türkmenistanyň kontinental şelfinde we deňiz ykdysady zolagynda edilen jenaýatlara degişlidir.

(3) Türkmenistanyň portuna ýazylan, Türkmenistanyň çäklerinden daşyndaky suw ýa-da howa giňişliginde bolan gämide jenaýat eden adam, eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň jenaýat kanuny boýunça jogapkärçilik çekýär.

(4) Jenaýat döwletleriň ikisiniň ýa-da şondan-da köpüsiniň çäginde edilende, eger jenaýat Türkmenistanyň çäginde tamamlansa ýa-da onuň öňi alynsa, jogapkärçilik Türkmenistanyň jenaýat kanuny boýunça başlanýar.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah. 6

(5) Daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilleriniň we immunitetden peýdalanýan gaýry adamlaryň jenaýat jogapkärçiligi hakyndaky mesele, şol adamlar tarapyndan Türkmenistanyň çäginde jenaýat edilen mahalynda halkara hukugynyň normalarynyň we Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň esasynda çözülýär".

Şu maddaň mazmuny boýunça Türkmenistanyň çäginde amala aşyrylan jenaýatlar babatynda Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda jogapkärçilik ýüze çykýar. Jenaýat eden adamlar barada jenaýat edilen ýerinde hereket edýan kanun ýüze çykýar. Türkmenistanyň territoriýasy diýip, ýer (ýerasty), suw (suwasty) we howa giňişliginiň Türkmenistanyň döwlet serhetleriniň çäklerindäki türkmen döwletiniň ýurisdiksiýasy ýaradylan bölegine düşünmek gerek.

Türkmenistanyň çäkleriniň daşynda jenaýat eden adamlar barada, haçan-da olar jenaýat eden erinde saklansalar, onda olar babatynda degişli ýürtlaryň jenaýat kanunçylygy hereket edýar.

Yöne welin, Türkmenistanyň raýatlary, şeýle hem Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň çäklerinden daşarda, Türkmenistanyň jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýaty eden halatynda, eger-de edilen etmiş üçin jogapkärçilik onuň edilen çägindeky döwletiň jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan bolsa we eger şol adamlar daşary ýurt döwletinde Kazyýetiň işine çekilmedik bolsalar, onda olar Türkmenistaňyň jenaýat kanunçylygy boýunça jogapkärçiligi degişlidirler. Şol ýagdaýlarda jenaýatyň edilen ýerinde hereket edýän kanunda göz öňünde tutulan jezanyň iň ýokary çäginden aňry geçýän jeza bellenilip bilinmez.

**“8 madda. Türkmenistanyň çäkleriniň daşynda jenaýat eden adamlar barada jenaýat kanunynyň hereketi**[1]

(1) Türkmenistanyň raýatlygy, şeýle hem Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň çäklerinden daşarda, Türkmenistanyň jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýaty edende, eger edilen etmiş üçin jogapkärçilik onuň edilen çägindeky döwletiň jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan bolsa we eger şol adamlar daşary ýurt döwletinde iş kesilmedik bolsa, Türkmenistaňyň jenaýat kanunlary boýunça jogapkärçiligi degişlidirler. Şunda jenaýatyň edilen ýerinde hereket edýän kanunda göz öňünde tutulan jezanyň ýokary çäginden aňry geçýän jeza bellenilip bilinmez.

(2) Daşary ýurtly raýatlar, şeýle hem Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň çäklerinden daşanda eden jenaýat üçin, eger jenaýat Türkmenistanyň ýa-da onuň raýatlygylyň garşysyna gönükdirilse, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertlamalarynda göz öňünde tutulan halatlarda, eger olar daşary ýurt döwletinde iş kesilmedik bolsa we Türkmenistanyň çäginde jenaýat jogapkärçiligi çekilmedik bolsa, Türkmenistanyň jenaýat kanunlary boýunça jogäpkärçilige degişlidir”[3].

Daşary ýurtly raýatlar, şeýle hem Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň çäklerinden daşanda eden jenaýat üçin, eger jenaýat Türkmenistanyň ýa-da onuň raýatlarylyň garşysyna gönükdirilse, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertlamalarynda göz öňünde tutulan halatlarda, eger olar daşary ýurt döwletinde Kazyýetiň işine çekilmedik bolsa we

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.7

Türkmenistanyň çäginde jenaýat jogapkärçiligi çekilmedik bolsa, Türkmenistanyň jenaýat kanunlary boýunça jogäpkärçilige degişlidir.

**“9 madda. Jenaýat eden adamlaryň berilmegi[1]**

(1) Daşary ýurt döwletiniň çäginde jenaýat eden Türkmenistanyň raýatlygy şol döwlete berilmäge degişli däldir.

(2) Türkmenistanyň çäkleriniň daşynda jenaýat eden we Türkmenistanyň çäginde bolýan daşary ýurtly raýatlygy we raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanyň goşulyşan halkara şertnamalaryna, Türkmenistanyň ylalaşyklaryna, konwensiýalaryna we gaýry halkara-hukuk kadalaryna laýyklykda jenaýat jogapkärçiligine çekmek ýa-da jezasyny çekdirmek üçin daşary ýurt döwletine berlip bilner”.

Jenaýat eden adamlaryň berilmegi TJK-niň 9-njy maddada gökkezilen tertibe degişlidir. Daşary ýurt döwletiniň çäginde jenaýat eden Türkmenistanyň raýatlary şol döwlete berilmäge degişli däldir (eger-de başga tertibi düzgünleşdirýan halkara şertnamasy ýök halatynda).

Türkmenistanyň çäkleriniň daşynda jenaýat eden we Türkmenistanyň çäginde bolýan daşary ýurtly raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanyň goşulyşan halkara şertnamalaryna, Türkmenistanyň ylalaşyklaryna, konwensiýalaryna we gaýry halkara-hukuk kadalaryna laýyklykda jenaýat jogapkärçiligine çekmek ýa-da jezasyny çekdirmek üçin daşary ýurt döwletine berlip bilner.

**Soraglar:**

1. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň kanunlary kämilleşdirmek babatda alyp barýan syýasaty.

---

[1] Тüркменистаныñ Женаят kodeksi.A., 1997, sah.6-7

2. Jenaỳat kanuny barada düşünje, onuň esasy alamatlary we ähmiỳeti.
3. Jenaỳat kanunynyň normasy, onuň düşünjesi we gurluşy.
4. Gipotiza barada düşünje we onuň görnüşleri.
5. Dispozisiýa barada düşünje we onuň görnüşleri.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. ,,Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002

16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
23. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У
24. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
25. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004
26. Шляпочников Ш.В. Время, пространство, закон. М., 1960
27. Брайнин Я.М. Уголовный закон и его применение. М., 1967

## Bap IV. Jenaýat barada düşünje

### § 1. Jenaýat barada düşünje

Şahsyýet bilen jemgyýetiň arasyndaky jedel haýsysynyň ýokary jemgyýetçilik howpy dőredýändiginiň we jenaýat hukuk täsiri üçin çäre ulanmagy talap edýändiginiň kesgitlemesi jenaýat kanunçylygyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar. Jenaýat kodeksiniň 10-njy maddasyna laýyklykda[1], jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän, ýa-da zyýan ýetirmägi howp dőredýän, edilen (hereket ýa-da hereketsizlii)jemgyýetçilik howply günä etmişi jenaýat diýlip hasap edilýär. Jenaýatyň alamatlary (esasy taraplary), kanunda jenaýat düşündirşiň kanuny kesgitlemesiniň esasynda düzülýar.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 10-njy maddasynda jenaýata we onuň alamatlaryna berilýän düşünje daşary ýurt döwletleriniň, ýagny Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Ispaniýa, Fransiýa döwletleri bilen deňeşderilende bir neme tapawutlanylýar[2]. Jenaýat we onuň alamatlary şular ýaly düşünjä eýedir. Jenaýatçylykly etmiş – dürli hukuk ulgamda esasy düşünje bolup durýar, emma köp daşary ýurt döwletleriň jenaýat kanunlarynda ol düşünje ulanylmaýar.

**Çyzgy № 9. Jenaýat barada düşünje**




[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.8
[2] Уголовное право, Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008.

Jenaýat - hukuk Nazaryýeti tarapyndan jenaýatyň düşünjesi we onuň alamatlary talap edilýar. Häzirki wagtda ol düşünje ABŞ, Ispaniýa we beýleki döwletlerde ulanylýar. Daşary ýurtlaryň jenaýat hukugy jenaýatçylykly etmişi maddalaşdyrmakda onuň iki ýa-da üç derejesini göz önünde tutýar, ýagny hukuk bozulmanyň agyrlygy we jenaýat kanunynda görkezilen jezanyň görnüşine ýa-da möçberine seredilýar.

Amerikanyň Nýu-Ýork ştatynyň jenaýat kanunyna laýyklykda[1], ştatyň hukuk kadasy tarapyndan belli bir möhlet bilen türme tussaglygy ýa-da jerime görnüşindäki jeza çäresi bellenen bolsa ýa-da dürli hukuk kadalara ýerli ýa-da ştatyň döwlet häkimýetiniň ygtyýarly häkimýet edaralaryň kabul eden buýruklaryna, şertlerine, görkezmelerine ters gelýän hereketler jenaýat diýip hasap edilýär. Ýokardaky kesgitlemä laýyklykda "dürli hukuk kadalara" ters gelýän etmiş jenaýat bolup durýar. Jenaýatçylykly kast etmäniň esasy alamaty - jezalandyrylan etmişe laýyk jenýat jezasy türme tussaglygydyr ýa-da jerimedir. Doktrina kesgitlemeleri biri-biri bilen uly aratapawutlanýar. Däp bolup gelşine görä anglo-amerikan doktrinasynda jenaýat iki alamat boýunça häsiýetlendirilýär:

- *"actus reus"* (jenaýatçylykly etmiş) jenaýatyň obýektiw tarapyny häsiýetlendirýän maddy alamat;

- *„mens res"* (akylyň günälidigine düşünmek ýagdaýy) edilen jenaýatyň subýektiw tarapyny häsiýetlendirýän alamat.

„Actus reus" – bu meýletin hereket ýa-da hereketsizlik sebäpli belli bir zyýan ýetiren ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döredýän ýagdaý bolup durýar. Bu ýerde belli hereket ýa-da

[1] Уголовное право, Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008.

hereketsizlik barada gürrüň gidýär. Maddy zyýan ýetirmedik belli bir niýet bilen amala aşyrylan jenaýat üçin jeza çäresi ulanylmaýar

„Meus rea“ – bu kesgitleme has çylşyrymly, bu jenaýatçylykly özüňi alyp barşyň psihologik häsiýeti, kadanamalarda „belli bir niýet bilen, bilkastdan, betniýet, seresapsyzlykdan, aldaw ýoly bilen“ sözleri bilen aňladylýandyr. Şeýlelik bilen „meus rea“ düşünje günli düşünjesine ýakyndyr. Ýöne belli bir halatlarda anglo-amerikan hukuk edebiýatlarynda we kazyýet tejribesinde günä jenaýatyň hökmany elementi däl diýip hasap edýär. ABŞ-nyň, Angliýanyň jenaýat kanunynda jogapkärçiligin „absolýut“ we „berk“ görnüşi bar. Onda jogapkärçiligi bellemek üçin, günäni anyklamak hökman däl, diňe maddy zyýan ýetiren hereketiniň bolmagy talap edilýär. Bu talap kanunda bellenen jenaýatyň obýektiw tarapyny kesgitleýär. Nýu-Ýork ştatynyň jenaýat kanunynyň §15.10 laýyklykda jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin bildirilýän minimal talaplaryň biri, fiziki ýagdaýy meýletin hereketi ýa-da hereketsizligi üsti bilen amala aşyrylmagyna ukyplylygyny belleýär. Amerikanyň jenaýat kanuny jenaýaty iki topara bölýär.

Birinji topara agyr jenaýatlar girýär, olara “feloniýa” diýip atlandyrylýar.

Ikinji topara uly bolmadyk agyr jenaýatlar girýär, olara “misdiminor” diýilýär. Ikinji topardaky jenaýatlara iň ýokary jeza çäresi 1 ýyl azatlykdan mahrum etmekden uly bolmaly däl ýa-da jerime tölemek sanksiýasy ulanylýar, birinji topara bolsa, jenaýatlaryň beýleki hemme görnüşleri girýär.

Nýu-Ýork ştatynyň jenaýat kanunynyň §10.00 laýyklykda, „feloniýa“ - agyr jenaýaty amala aşyrmakda kast edene, bir ýyldan uly tussaglygly jeza çäresi ulanylýar.

„Misdiminor“ – bu jenaýatlary amala aşyrmaga kast edene, on bäş günden bir ýyla çenli tussaglygly jeza bellenilýär. „Feloniýa“ we „misdiminor“ bu jenaýatlaryň dürli kategoriýalary diýip hasap edilýär[1].

Fransiýanyň hereket edýän jenaýat kanunçylygynda jenaýatçylykly etmişi diýen düşünjäni özünde jemlemeýär. Bu düşünje jenaýat hukugynyň nazaryýetinde öwrenilýär. Fransiýanyň jenaýat hukugy häzirki wagtyň talaplaryna laýyklykda, jenaýatçylykly etmişi diýip, jemgyýet tarapyndan gadagan edilen her bir hereketi ýa-da hereketsizligi, jenaýat sanksiýasynyň bellenilmegini, ýa-da kadalaryň esaslarynyň bozulmagyny ykrar edýän kesgitlemesidir. Awtorlaryň köpisi jenaýatçylykly etmişi onuň esasy alamatlaryna görä kesgitleýärler. Olara şu aşakdakylar degişli:

- maddy (hereket ýa-da hereketsizlik);
- kanunda görkezilmegi (jenaýat kanuny tarapyndan göz öňünde tutulan we jezalandyrylan);
- psihiki (eden etmişiňe düşünmek).

Ispaniýanyň jenaýat kanuny boýunça, jenaýatçylykly etmiş diýen düşünje diňe hereket üçin däl-de, eýsem hereketsizlik üçin jezany belleýär we günälilik alamatyny öz içine alýar. Şeýlelik bilen Ispaniýanyň jenaýat kanunynyň 10-njy maddasyna[1] laýyklykda, jenaýat - bu bilkastdan ýa-da seresapsyzlyk bilen edilen, kanun tarapyndan jezalandyrylýan hereket ýa-da hereketsizlik.

Fransiýanyň hereket edýän jenaýat kanunçylygyna laýyklykda jenaýatçylykly etmişiniň üç görnüşi göz öňünde tutylýar:

- jenaýatlar;
- etmişler;

- bozulmalar.

Jenaýatlaryň amala aşyrylmagy üçin jenaýat kanunynda jeza bellenilýar.

Etmişler üçin düzediş çäreleri, bozulmalar üçin bolsa bellenilen jezalar ulanylýar.

Ispaniýanyň jenaýat kanunyna laýyklykda jenaýatçylykly etmişleriň hemmesi jenaýata we etmişlere bölünýärler[1]. Öz gezeginde jenaýatlar hem aýratyn agyr we agyr jenaýatlara bölünýärler.

Aýratyn agyr jenaýatlar üçin berk jeza çäresi, agyr jenaýatlar üçin berk däl jeza çäresi ulanylýar. Etmişler üçin "ýeňil jeza çäresi" bellenilýär.

Daşary ýurtlaryň jenaýat kanunçylygynda ýene bir aýratynlyk bar, jenaýatyň subýekti diňe fiziki tarap däl-de, eýsem hem ýuridiki tarap bolup bilýar. Jenaýatçylykly etmişiň subýektiniň hökmany alamaty Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi bilen gabat gelýar, jenaýatyň subýekti belli bir ýaşa ýeten we akyly düzüw bolmalydyr. Jenaýat jogapkärçiliginiň ýaşy her bir döwlete bir hili. Köp döwletlerde jenaýat jogapkärçiliginiň ýaşy 18 ýaş diýip hasap edilýär. Iň aşaky ýaş derejesi 12 bilen 16 ýaş aralykda durýar[2].

## § 2. Jenaýatyň alamatlary. Jemgyýet üçin howply. Günäli. Jenaýat kanuna garşy. Jezaly

Jenaýatyň alamatlarynyň jemi jenaýat kanunynda jenaýat hökmünde seredilýär. Jenaýat - jemgyýetçilik howply etmişi döredýän alamatlaryň we aýratynlyklaryň jemidir. Jenaýatyň alamatlaryny çykarmak, onuň özi Jenaýat

---

[2] Уголовное право, Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008.

kodeksinde göz öňünde tutulan jenaýatyň ähli alamatlaryny jemlemek we jenaýatçylykly etmişi eden adamy jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin hukuk esasy bolup durýar.

Kanun çykaryjy jenaýatyň dört sany hőkmany alamatyny kesgitleýär:

1. **Jemgyýet üçin howply.**
2. **Günäli.**
3. **Kanuna garşy.**
4. **Jezaly.**

Kanun çykaryjy jenaýaty jemgyýetçilik howply etmiş diýip göz öňünde tutýar.Ýokarda agzalan alamatlaryň hemmesi jenaýatyň düzümini düzýär, haýsy-da bir alamat bolmasa, onda etmiş jenaýatçylykly däl, diýmek jenaýatyň alamatlary ýök.

Şahsyýet bilen jemgyýetiň arasyndaky jedeliniň haýsysynyň ýokary jemgyýetçilik howpy döredýändiginiň we jenaýat-hukuk täsiri üçin çäre ulanmagy talap edýändiginiň kesgitlemesi jenaýat kanunçylygynyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar. Jenaýat adamyň akyl ýetirişi we erkiniň gözekçiligi astynda özüni alyp barşynyň hereket we hereketsizlik görnüşindäki şekillendirilen özüni alyp barşyny jemleýär.

Jenaýat hukugynyň mazmuny boýunça Jenaýat kodeksiniň kesgitli bir maddasynda görkezilen alamatlaryň bolmagy jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykmagyna sebäp bolup bilýär.

Jenaýat jogapkärçiliginiň hukuk esasy hökmünde adamyň özüni alyp barşy, anyk ýagdaýy yglan edip, anyk jenaýat hukuk kadany bozup, jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlere zyýan ýetirmeklikdir ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döretmeklikdir. Eger-de Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatyň alamatlarynyň hemmesi bar bolsa, etmiş jenaýatçylykly diýlip

hasap edilýär. Jenaýat eden adamy jenaýat jogapkärçiligine çekmek we ony günäkär hökmünde hasaplamak üçin onuň amala aşyran jemgyýetçilik howply etmişinde haýsydy-da bir jenaýatyň alamatlaryny ýüze çykarmak zerurdyr. Jenaýat eden adam, eger-de onuň günäsi mälim bolsa we onuň etmişiniň esasynda jenaýat hukuk kadalary bozulsa, jenaýatyň alamatlary ýüze çykan halatynda jenaýat jogapkärçiligi çekilýär. Jenaýat hukugynda jenaýatyň alamatlarynyň hemmesiniň ýüze çykmagy, jenaýatyň düzümi diýlip atlandyrylýar.

**Çyzgy № 10. Jenaýatyň alamatlary**




Jenaýat jogapkärçiliginiň ýeke-täk esasy - jenaýatyň düzümidir. Kanun jenaýat jogapkärçiliginiň iki esasyny göz öňünde tutýar.

1. Hakyky jemgyýetçilik howply etmişiň ýüze çykmagy (adamyň özüni alyp barmagynyň şekili).

2. Ýuridiki (hukuk)esasy - bu jemgyýetçilik howply etmişde jenaýatyň düzüminiň alamatlarynyň bolmagy.

Göz öňünde tutulan esaslarlaryň ikisem, biri-birinden aýrylmazdyr, hem-de olaryň düzümi jenaýaty emele getirýändir. Şunlukda adamyň jemgyýetçilik howply etmişi jenaýat diýlip hasaplanylýar, haçan ol Jenaýat kodeksinde görkezilen jenaýatyň düzüminiň alamatlaryny özünde saklaýan bolsa. Jenaýat kodeksinde her bir anyk jenaýatyň düzüminiň kesgitli sanawy görkezilendir. Hukuk goraýjy edaralaryň öz islegleri boýunça adamlary jenaýat jogapkärçiligine çekip bolmaýar, diňe Jenaýat kodeksiniň ayratyn bölüminiň maddasy bozulan halatynda etmişi eden adam, jenaýat jogapkärçiligine degişlidir. Anyk jemgyýetçilik howpunyň bardygyna garamazdan, Jenaýat kodeksiniň aýratyn böleginde ol etmiş jenaýat hökmünde görkezilmedik bolsa, jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykmagyna sebäp bolmaýar. Jenaýat hukugynda meňzeşlik boýunça kanunyň ulanmakylygyna ýol berilmeýär.

Adamyň jemgyýetçilik howply etmişi ol real hakykatlykdyr, ýöne jenaýat düzümi bolsa, jenaýat hukuk kadalarynyň dispozisýalarynda berilýän jenaýat hakyndaky ýuridiki düşünjedir. Mysal üçin, Jenaýat kodeksiniň 227-nji maddasynda "Ogurluk" üçin jenaýat jogapkärçiliginiň sebäbi görkezilen. Şahsyýeti jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin Jenaýat kodeksiniň TJK-niň 227-nji maddasysynda görkezilen ýagdaýlaryň amala aşyrandygy we onda hakykatdan hem ogurlygyň, kesekiniň emlägini gizlin ogurlamakylygy zerurdyr. Ýagny kesekiniň emlägini günäkäriň ýa-da beýleki şahsyýetiň bähbidine kanuna garşy yzyna gaýtarmasyz alynmagy we dolanşygy, onuň hyýanatçylykly maksatlarynda amala aşyrylmagy we emlägiň eýesine zyýan ýetirmegi ýa-da zyýan ýetirmek howpuny doretmek düşünilýär. Jenaýat kodeksiniň 171-nji maddasy bolsa, Döwlete dönüklik etmekligiň alamatlaryny özünde saklaýar. Döwlete dönüklik

etmek – Türkmenistanyň raýaty tarpyndan Türkmenistanyň garaşsyzlygyna, bütewiligine, territorial eldegrilmesizligine, döwlet howsyzlygyna, bitaraplygyna ýa-da goranmak ukybyna zyýan ýetirip, duşmançylykly işi geçirmekde içanlyk edene, daşary ýurt döwletine döwlet syrynyň berilmegi ýa-da başga hili kömek berilmegi şu jenaýatyň düzüminiň alamatlaryny jemleýär. Agzalan düzümleriň haýsydyr biriniň bolmazlygy, jenaýatyň bütin düzüminiň ýokdugyny aňladýar, şol halatda şahsyýet tarapyndan amala aşyrylan etmiş, jenaýat diýlip hasaplanylmaýar. Şol bir wagtyň özünde umumy maksatdaky düzümler öz-özünden jenaýat jogapkärçiliginiň ýeke-täk we doly esaslary bolup bilmeýärler. Islendik jenaýaty edenligi üçin şahsyýeti hukuk goraýjy edaralarynyň işgäriniň islegi boýunça jenaýat jogapkärçiligi çekmek, etmişiň alamatlary ýok halatynda ýeterlikli däldir. Jenaýat jogapkärçiligi diňe jenaýatyň düzüminiň alamatlarynyň jemi bar halatynda ýüze çykýandyr.

Şunlukda jenaýatyň düzümi ylmy abstraksiýa (diýmek pikirde, küýde bolmakylygyň özi) hökmünde bolman, eýsem adamyň hereketi ýa-da hereketsizligi üsti bilen amala aşyrylýar. Jenaýatyňyň düzüminiň alamatlaryny etmiş saklaýan bolsa, onda jenaýat jogapkärçiligine esas bardyr.

Türkmenstanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 31-nji maddasynyň 2-nji bölegine[1] laýyklykda jenaýatyň düzümi ýok bolsa, jenaýat işi gozgalyp bilinmez. Eger jenaýat etmekde şübhelenýän ýa-da kazyýetde işi serdilýän adamyň jenaýaty etmekde günäkärdigi anyklaýşyň, derňewiň we kazyýet mejlisiniň dowamynda subutnamalaryň jeminiň barlanylmagy esasynda gümansyz anyklan bolsa we psihiki taýdan sagat bolan

[1] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi.A., 2009, sah.19-20

ýagdaýynda ol jenaýat jogapkärçiligine çekilip we iş kesilip bilner.

Mysal üçin, jenaýaty amala aşyrmagyň ýoly we usuly (köçe, edara, otad), onuň wagty (gündiz, agşam), ejir çekeniň anyk häsiýetnamasy (onuň jynsy, ýaşy, durmuş ýagdaýy), jenaýatkäriň özbaşdak alamatlary (adam, aýal, öň iş kesilen jenaýatkär ýa-da ilkinji gezek jenaýat edek)we şuňa meňzeşler.

Kanunçylyk jenaýatyň prinsipial kesgitlemesini jemgyýetçilik howply hereket ýa-da hereketsizlik ýaly göz öňünde tutýar. Onuň esasyna maddy alamat – etmişiň jemgyýetçilik howpy goýulan. Jenaýat-hukuk jemgyýetçilik howpy bu jenaýatyň aýratyn obýektiw tarapynyň ýagdaýydyr. Ol kanunyň goragy astyna goýulan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna real zyýan ýetirmägi mümkinçilgini özünde jemleýän jenaýatyň düzümini we alamatlaryny baglanyşdyrýar.

Jemgyýetçilik howpy bu jenaýatyň obýektiw alamaty bolup, onuň barlygy we ýoklygy kanun çykaryjynyň kanunyny ulanýan edaralarynyň erkine bagly däldir. Emma şonda-da ol kanun çykaryjy we kanuny ulanyjylar üçin uly ähmiýete eýedir. Onuň esasynda kriminilizasia amala aşyrylýar. Ýagny, haýsy jemgyýetçilik howply hereketiň jenaýat hasaplylygy anyklanýar. Jemgyýetçilik howpuny görkezilen ýagdaýlaryň esasynda kesgitlenilýar:

1) Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kanuny goralyşynyň zerurlygy.

2) Ýetirilen zyýanyň derejesi, häsiýeti we göwrümi.

3) Jemgyýetçilik howply hereketiň özüniň aýratynlygy;

4) Belli bir halatlarda jenaýatyň subýektiniň aýratynlygy bilen kesgitlenýär.

Jemgyýetçilik howpunyň häsiýeti jenaýatyň zyýanynyň özboluşly ýüze çykmakylykdyr. Ol howp abanýan obýektiň mazmunyna, anyk jemgyýetçilik gatnaşygyna ýetirilen

zyýanyň mazmunyna (maddy, bedeni, ahlak, guramaçylyk, dolandyryş we ş.m). Abanýan Howpuň usulynyň aýratynlygyna (zorlukly we zorluksyz), günäniň görnüşine (bilkastlaýyn ýa-da serasapsyzlykdan), jenaýatyň maksadynyň we deliliniň mazmunyna (betnebislik, ganymylyk we ş.ž)baglydyr. Jemgyýetçilik howply hereketi – bu şol bir häsiýetli hereketiň deňeşdirme howpunyň beýanydyr. Ol ýetirilen zyýanyň möçberi, günäniň häsiýeti, jenaýatyň maksadyna, deliliniň durnuklylygyna, jenaýatyň ýerine, wagtyna baglylykda jenaýatyň amala aşyrylyşynyň ýagdaýy bilen kesgitleýär.

Jenaýatyň häsiýeti – jemgyýetçilik howply hereketiniň jenaýat kada- düzgüne ters gelmegini, ýagny jenaýat kanunynyda gadagan edilmegini görkezýär. Kada-düzgüne ters gelmek diýip, günäkäri jeza ulanmak howpy bilen jenaýat hukuk normalaryna baglylykda jenaýatyň gadagan edilmegine düşündirilýär. Hereketiň jenaýatçylykly kada-kanuna ters etmişiň esaslary şulardan ybaratdyr: hereketiň jemgyýetçilik howpy – jenaýatçylykly kada-kanuna ters etmişiň düýbüni tutujy alamatydyr.

Jemgyýetçilik howpy jenaýatyň obýektiw häsiýetini özünde jemleýär. Hereket jenaýatly diýip, yglan edilen wagtynda ol ähli netijeler den jenaýat derejesine eýe bolýar. Jemgyýetçilik howpunyň we kada-kanuna ters etmişiň alamaty, jenaýat düşünjesinde üznüksiz bolup, olar maddalaşdyrmagynyň esasydyr we biri-biri bilen baglanşyklydyr.

### § 3. Etmiş. Hereket we hereketsizlik

Jenaýat – jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýan ýa-da zyýan ýetirmägi howp döredýan, edilen (hereket ýa-da hereketsizlii)jemgyýetçilik howply günä etmişi hasaplanýar.

Özüniň mazmuny boýunça diňe jemgyýet üçin howply hereket ýa-da hereketsizlik jenaýat bolup bilýär. Jemgyýetçilik howply zyýanly hereket ýa-da hereketsizlik hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetiriş howpunda görkezilýär.

Jenaýat kanunçylygy jenaýatyň kesgitlemesini jemgyýetçilik howply hereket ýa-da hereketsizligi astynda göz öňünda tutýar. Onuň esasynda maddy alamat, onuň jemýetçilik howpy goýulandyr. Jemgyýetçilik howpy bu jenaýatyň aýratyň durmyş düzgünlerine garşy ýagdaýdyr. Ol kanunyň goragy astynda goýulan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna hakyky zyýan ýetirmekde mümkinçiligini özünde jemleýän jenaýatyň kanuna ters gelýän alamatlaryny we düzümini baglanşdyrýar.

Hukuk bozulma hereketiň giň toplumyna dürli düşünýär. Jenaýat őzüniň esasy alamatlary boýunça hukuk bozulmadyr. Ýöne hukukçylaryň bellemegine gőrä, jenaýat beýleki hukuk tertibiniň bozulmazdan, ýagny, őzüniň raýatlara, jemgyýete we dőwlete ýetirýän uly howpy bilen tapawutlanylýar. Jenaýat jemgyýete howplylyk derejesi we häsiýeti boýunça beýleki jemgyýetçilik hukuk bozulmalaryndan tapawutlanylýar. Jenaýatçylykly etmiş günäniň bilkaslaýyn ýa-da seresapsyzlyk gőrnüşi bilen amala aşyrylyp bilner. Jenaýat, jenaýat kanunyň kadasyna ters gelýändir. Diňe jenaýat üçin jenaýat jogapkärçiligi hőküminde jeza bellenip bilner. Jenaýatyň we beýleki hukuk bozulmalaryň çaklendirmesiniň maddy alamaty ýetirilen zyýandyr. Ýetirilen zyýanyň moçberine görä köp halatlarda hukuk bozulma jenaýat hökmünda hasaplanylýar.

Hereket işjeň, bedeni adamyň ygtyýarlygy bolup, oňa adamyň diňe eden hereketi we şonuň bilen baglanşykly zatlar girmän, eýsem oňa aýdylan sözler, haýbatlar we şuňa meňzeşler girýär. Hereketiň sanawyna adamyň dürli

ýgtyýarlyklary girýär, meselem, „urmak“, „zynmak“, „zaýalamak“, „döwmek“, „taşlamak“, „gizlemek“, „basmak“, „gizlemek“, „açmak”, „iteklemek”, „almak” we suňa meňzeşler.

Jenaýat hukuk hereketi çylşyrymly häsiýetde eýe bolup Jenaýat kodeksinde “iş hereket, telim gezek” we şuňa meňzeş görnüşinde kesgitlenýär. Bu ýerde hereketleriň çäklerini bilmek zerurdyr. Bilkastlaýyn hereketiň başlanyjy ýa-da esasy jenaýatçylykly, kast etmege gönikdyrlen beden hereketli ýgtyýarlyk bolup durýar. Hereketleriň jemi bolsa, “almak, açmak, zyňmak” we başgalar hereketiň daşgy ýüze çykmasynyň has giňden ýaýran görnüşi bolup durýar.

Seresapsyzlykdan bolan jenaýatlarda hereketiň başlangyç wagty jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirmek howpunyň wagty, abanýan wagty ýa-da zyýan ýetirlip başlan wagty bilen kesgitlenilýär. Jenaýat hukugynda mälim bolşy ýaly, seresapsyzlyk bilen amala aşyrylan hereket jenaýat hukugyna garşy diýlip, diňe zyýan ýetirilmegi ýa-da zyýan ýetirilmeginiň sebäbi mümkin bolanda hasaplanýar. Hereketiň ahyrky möhleti jenaýat netijesiniň başlamagy bilen kesgitlenýär.

Jemgyýetçilik howply hereketiň ahyrky aktynyň ýerine ýetirilişi, hereket amala aşyryldy diýlip hasaplanylýar, onuň jemi bolsa, tutuş hereketi döredýär.

Hereketsizlik bolsa adamyň özüni passiw alyp barşyny, diýmek belli bir borjyna girýän hereketlerden saklanmakylygy Hereketsizlik dürli hereketiň saklanmagy bilen kesgitlenýär. Ol jemgyýetçilik howply akyl ýetirilişi, erkin őzüni alyp barşy, berlen şertlerde adamyň belli bir hereketi amala aşyrmaga borçly bolup, ýőne amala aşyrylmadyk halatynda, herketsizligiň üsti bilen jenaýat edildi diýip aýdylýar. Jenaýat hereketsizligi üçin jenaýat jogpkärçiligine çekilende, jenaýatkäriň őzini alyp barşynyň häsiýetini we mazmunyny nazara alynman, eýsem hereketsizligiň çägi üç kadadan çykma bilen kesgitlenýär:

1. Adamyň belli bir hereketi ýerine ýetirilmegiň hőkmanlygy.
2. Şol hereketleri gőrkezilen şertlerde amala aşyrmagyň mümkinçiligi.
3. Adamdan talap edilýän hereketleri ýerine ýetirilmezligi.

Hereketsizlik bolsa, şahsyýetiň passiw (degişli hereketden saklanym)özüni alyp barşyny aňladýar. Jenaýat hereketsizligi hereketden özüniň daşky alamatlary boýunça tapawutlanylýar. Şol halatda jenaýatyň obýektiw tarapyny, etmişi amala aşyran adamyň hereketsizligi ýüze çykan jemgyýetçilik howply netijeleriň arasyndaky baglanşyk esasynda kesgitlenilýar.

Hereketsizlik dürli hereketlerden saklanmagy bilen kesgitlenýär. Hereketsizlik halatynda, sahsyýet, oňa doly akyl ýetirip, erkin özüni alyp barmagynda, berilen şertlerde, belli bir hereketleri amala aşyrmaga borçly bolup, ýöne amala aşyrylmakdan boýün gaçyrýar. Şonuň esasynda jehaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirilmegi ýa-da zyýan ýetirmek howpy hereketsizlik esasynda amala aşyrylyp bilner.

Jenaýat hereketsizligi esasynda jenaýat jogapkärçiligine etmişi amala aşyran adamy çekilende, jenaýaty eden adamyň özüni alyp barşynyň häsiýeti we mazmuny nazara alynmaýar. Hereketsizlik içgi pikiriniň kadadan çykmagy bilen kesgitlenýär:

1. Şahsyýetiň belli bir hereketi ýerine ýetirmeginiň hökmanylygy;
2. Hereketi berlen şertlerde amala aşyrmagyň mümkinçiligi;
3. Şahsyýetiň talap edilýän hereketleri ýerine ýetirmezligi.

Jenaýatyň alamtlary (esasy taraplary) jenaýat kanunyň normalarynda üznüksiz berkidilmegi ýa-da ondan gelip

çykmagy bilen, jenaýat düşünjesiniň kanuny kesgitlenmesiniň derňelmeginiň esasynda düşündürilýär.

Olar üç ulgamyň esasynda birleşdirilýär.

1. jenaýat kanuny; 2. jenaýat; 3. jeza.

## § 4. Jenaýatyň derejeleri. Uly bolmadyk agyr. Ortaça agyr. Agyr jenaýatlar. Jenaýatlaryň görnüşleri

Jenaýatlaryň hemmesini görnüşi (kategoriýa) boýunça bölmek uly ähmiýetli, sebäbi jeza bellenende, onda jezanyň görnüşi, agyrlygy we çägi, jenaýatyň derejesi bilen bagly bolup durýar. Günäniň görnişi boýunça seredeniňde, onda jenaýatlaryň belli bir kategoriýalary, meselem, uly bolmadyk agyr, ortaça agyr we agyr jenaýatlary hem bilkastdan hem-de seresapsyzlygyň üsti bilen amala aşyryp bilnerler, aýratyn agyr jenaýatlar bolsa diňe bilkastdan edilen bolmaly.

Günäniň agyrlyk derejesiniň we jenaýatyň jemgyýetçilik howpunyň esasynda Jenaýat kodeksiň 11-nji maddasy[1] hemme jenaýatlary netijäniň derejesi boýunça dört derejelere (kategoriýa) bölünýärler: **uly bolmadyk agyr, ortaça agyr, agyr we aýratyn agyr.**

1. **Uly bolmadyk agyr jenaýatlar** diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda ýokary jezasy iki ýyldan köp bolmadyk şöhle bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasaplanýar.

2. **Ortaça agyr jenaýatlar** diýlip, edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda iň ýokary jezasy sekiz ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz tutulan öňünde bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasap edilýär.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.8

3. **Agyr jenaýatlar** diýlip edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda iň ýokary jezasy on bäş ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler hasap edilýär.

4. **Aýratyn agyr jenaýatlar** diýlip edilen etmişler üçin jenaýat kanunynda iň ýokary jezasy ýigrimi bäş ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek jezasy görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn jenaýatlar hasaplanylýar.

Türkmen jemgyýetiniň durmuşynynda geçirilýän regörnüşleriň häzirki tapgyry, möçberleri we çuňlygy bilen tebigy ýagdaýda hukuk goraýjy edaralaryň ulgamy ýaly möhüm pudaga hem galtaşman bilner. Milletiň Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejilisinde söz açyp, Şol düzümleri mundan beýläk-de reformirlemek boýunça täze wezipeleri belledi. Şol düzümleriň işi bolsa islendik döwletiň we jemgyýetiň durmuşynda uly orny eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň Prezidenti adam hukuklary boýunça halkara talaplara laýyklykda hukuk goraýjy edaralaryň işini kesgitleýän kanunlaryň ulgamyny kämileşdirmegiň birnäçe meselelerini çözmäge wagt ýetendigi nygtady. Döwlet baştutany, hususanda, bu ulgamdaky regörnüşleriň täze tapgyrynda jenaýat iş ýörediş kanunçylygyny mundan beýläk-de liberallaşdyrmagyň, türmelerde we koloniýalarda iş kesilenleriň saklanşyna jemgyýetçiligiň has giňden gözegçilik etmeginiň, agyr jenaýatlar üçin iň ýokary jeza möhletini 15 ýyla çenli azaltmagyň, temminiň görnüşi hökmünde pul jerimeleriniň girizilmeginiň, kazyýetlerde işlere garalan mahaly adwakatura institutynyň ornuny we ähmiýetini ýokarlandyrmagyň, gözegçilik geňeşlerini döretmegiň, koloniýalarda dürli önümçilikleri guramak arkaly iş kesilenleri zähmet terbiýesine çekmegiň göz öňünde tutulýandygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Mejlisine we Adalat ministrligine Düzediş zähmet kodeksini taýýarlamak, olarda hususan-da günä geçmek baradaky toparlara, neşeleri ýerleýänleri günä geçmegiň sanawyna goşmazlyk hukugyny bermegi, şeýle hem azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde iş kesilenleri saklamagyň gowulandyrmaga gönükdirilen beýleki birnäçe çäreleri göz öňünde tutmak barada hem tabşyryk berdi.

Döwlet Baştutanynyň belleýşi ýaly, şol kanunlaryň işlenip taýýarlanylşynyň barşynda iş kesilenleri terbiýelemegiň hususanda olara zähmet we jemgyýetçilik terbiýesini bermegiň ornuna üns bermek zerurdyr. Milletiň Lideri işiň terbiýeçilik tarapynyň möhümdigi hakynda söz açyp, türkmen halkynyň däp-dessurlarynda jeza çäresi hökmünde türme basmagyň ulanylmandygy tötänleýin däldir, diýip belledi. Jenaýat edenleriň obanyň çetine göçürmek görnüşinde ählihalk tarapyndan ýazgarylmagy olar üçin her hili türmeden agyr bolupdyr. Häzirki wagtda hem jemgyýetiň kadany bozanlary adaty durmuşa gaýtaryp getirmäge ýardam etmek bilen terbiýeçilik işinden çetde durmaly däldir, diýip Hormatly Prezidentimiz nygtady.

Jenaýatlar görnüşi boýunça ýeke-täk (ýönekeý) we çylşyrymly jenaýatlara bölünýärler. Jenaýatçylykly etmişiň hereketiň ýa-da hereketsizligiň üsti bilen amala aşyrmagy, günäniň görnüşi boýunça ýeke-täk (ýönekeý) we çylşyrymly jenaýatlara bölmek, jenaýat hukugynyň nazaryýetinde giňişleýin seredilýär. Ýeke-täk jenaýat diýlip, bir hereketden ýa-da hereketsizlikden we bir netijeden ybarat etmişe aýdylýar. Ol Jenaýat kodeksiň Aýratyň bolümüniň bir maddasy ýa-da maddanyň bir bölümi maddalaşdyrylan, jenaýatyň bir düzümini düzýän, bir görnişde bir obýekte kast edýän hereket ýa-da hereketsizlik bolup durýar. Çylşyrymly jenaýatlar bolsa, bir

hereketiň ýa-da bir hereketligiň esasynda bir näçe ýüze çykýan zyýanly netijeler bilen häsiýetlenilýärler. Haçanda, bir näçe hereketiň esasynda diňe bir näçe jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirilse, ýa-da bir näçe hereketiň astynda köp zyýanly netije dörese, onda hem şol jenaýata çylşyrymly jenaýat diýlip aýdylýar.

**Çyzgy № 11. Jenaýatyň derejeleri**




## § 5. Jenaýatyň beýleki hukuk bozulmalaryndan tapawudy

Hukuk bozulma hereketiň giň toplumyna dürli düşünýär. Jenaýat őzüniň esasy alamatlary boýunça hukuk bozulmadyr. Ýöne hukukçylaryň bellemegine gőrä, jenaýat beýleki hukuk tertibiniň bozulmazdan, ýagny, őzüniň raýatlara, jemgyýete we dőwlete ýetirýän uly howpy bilen tapawutlanylýar. Jenaýat jemgyýete howplylyk derejesi we häsiýeti boýunça beýleki jemgyýetçilik hukuk bozulmalaryndan tapawutlanylýar. Jenaýatçylykly etmiş günäniň bilkaslaýyn ýa-da seresapsyzlyk gőrnüşi bilen amala aşyrylyp bilner. Jenaýat,

jenaýat kanunyň kadasyna ters gelýändir. Diňe jenaýat üçin jenaýat jogapkärçiligi hőküminde jeza bellenip bilner. Jenaýatyň we beýleki hukuk bozulmalaryň çaklendirmesiniň maddy alamaty ýetirilen zyýandyr. Ýetirilen zyýanyň moçberine görä köp halatlarda hukuk bozulma jenaýat hökmünde hasaplanylýar.

Jenaýat beýleki hukuk bozulmalardan şu ýagdaýlaryň esasynda tapawutlandyrylýar:

1. Obýekti.
2. Jemgyýetçilik howpunyň häsiýeti we derejesi.
3. Kadanyň düzgüne ters gelmegi bilen.
4. Düýpli zyýanyň esasynda.

**1)** Jenaýatyň umumy obýektine jenaýat kodeksi bolmaga aýratyn düzgünleşdirilen gymmatly zatlar, ýagny, adamyň ömri döwlet howpsyzlygy bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklary we şoňa meňzeşler girýär.

**Çyzgy № 12. Jenaýatyň beýleki hukuk bozulmalardan tapawudy**



**2)** Jenaýat jemgyýete howplylyk derejesi we häsiýeti boldugyça beýleki jemgyýetçilik hukuk bozmaklaryny özüniň köp durmuş zyýanlylygy bilen hemişe tapawutlanýar. Hereketiň hukuk bozulmanyň hasabyna geçirmekligiň jemgyýetçilik howplulyk derejesine kesgitlenýän subýektiw ýagdaýlar günä, delil we maksat görnüşindedir. Jemgyýetçilik üçin howpsyzlygyň häsiýeti kast edişiň obýekti bilen kesgitlenýär.

**3)** Çäklendirmäň has anyk kriteriýasy kada-düzgüne ters gelme häsiýetidir. Jenaýat hemişe jenaýat kanunyň kadasyna ters gelýar. Jenaýat üçin jeza diňe kazyýetde işiň seredilmegi bilen çäklendirilýändir.

**4)** Jenaýatyň we beýleki hukuk bozulmalaryň çäklendirmesiniň maddy kriteriýasy ýetirilen zyýandyr. Ýetirilen zyýanyň möçberine görä köp halatlarda hukuk bozulma jenaýat hökmünde hasaplanylýar.

## § 6. Jenaýatçylyk barada düşünje we onuň derejesi

Hormatly Prezidentimiz döwletimizde kanunçylygy we hukuk tertibini berkitmek, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin ýurdumyzyň hukuk goraýjy edaralarynyň işgärlerinden tutanýerli işlemegi talap edýär. Ýurt Baştutanymyzyň talaplaryndan, adalatly hukuk syýasatyndan we ýurdumyzda neşe serişdeleriniň ýaýradylmagyna garşy göreşi güýçlendirmek, jemgyýetiň asudalygyny üpjün etmek baradaky görkezmelerinden ugur alyp, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri dürli edara-kärhanalarda, mekdeplerde, etrap polisiýa bölüminiň asudalygy goraýyş jemgyýetçilik merkezlerinde neşekeşligiň adamzat nesline, onuň beden, psihiki taýdan saglyga ýetirýän zyýany hakynda gürrüňdeşlikleri, wagyz-nesihat çärelerini, düşündiriş işlerini

ýygy-ýygydan geçirip durýarlar. Döwlet Baştutanymyzyň bu ugurda öňümizde goýýan wezipelerini talaba laýyk durmuşa geçirmekde mundan beýläk hem gujur-gaýratymyzy gaýgyrmarys. Çünki jemgyýetde sagdyn nesilleriň kemala gelmegi ugrunda göreşmek her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.

Şonuň ýaly çäreler hukuk goraýjy edaralarynyň arasynda hem yzygiderli geçirilip durulýar. Hukuk goraýjy işgärleri mekdeplerde, edaralarda, kärhanalarda we beýleki guramalarda esasanda ýaşlaryň arasynda çykyşlary geçirip durýarlar. Ýaşlaryň arasynda geçirilmeginiň sebäbi, ýurdumyzda sagdyn arassa nesilleri ýetişdirmek bolup durýar. Bu barada Hormatly Prezidentimiz öz kitaplarynda hem giňişleýin belläp geçýär.

Jenaýatçylyga garşy göreşde hukuk goraýjy edaralar özleriniň gündelik işinde jenaýatçylygy döredýän sebäpleriň üstüni açmaga, jenaýatçylygyň öňüni almaga köp üns berýärler. Munuň özi kanun çykaryjy soň etmiş üçin jeza bermäge mejbury bolmazdan ötri etmişiň ozaldan öňüni alar. Emma ol muny hukugyň täsirini çäklendirmek ýoly bilen däl-de, gaýtam hukuga oňaýly öwüşgin bermek bilen, her bir hukuklaýyn çalyşmada onuň oňaýsyz tarapyny ýok etmek arkaly eder diýilse adalatly bolar. Şonuň üçin-de jenaýatçylyga garşy göreşde biziň döwletimiz jenaýatyň sebäplerini we onuň ýüze çykmagyna getirýän şerti ýok etmäge köp üns beryär. Ýöne welin bu işe giň jemgyýetçilik köpçüligi gatnaşmasa, ony üstünlikli amala aşyrmak ýeňil düşmeýär. Şonuň üçin hem, soňky wagtlarda bu ugur boýunça-da uly işler alnyp barylýar.

Jenaýaty döredýän sebäpleri ýok etmegiň esasy şerti-dolandyryş edaralarynyň jemgyýetçiligiň kömegi bilen geçirýän durmuşy häsiýetdäki öňüni alyş çäresidir. Jemgyýetçilik öňüni alyş we jenaýatyň öňüni alyş munuň özi döwlet we

jemgyýetçilik çärelerini, ulgamlaryny durmuşa geçirmekdir, şol çäreler ulgamlary bolsa ahyr netijede jenaýatçylygyň soňuna çykmagy hem-de jenaýaty döredyän sebäpleri ýok etmegi üpjün eder.

Durmuşy häsiýetdäki öňüni alyş çäreleri diýlende jenaýatçylygyň gös-göni wezipesini öňünde goýman, eýsem, bu wezipäniň gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn çözülmegine ýardam edip biljek durmuşy häsiýetdäki umumy çäreleriň toplumy göz öňünde tutulýar. Munuň özi bütin ilatyň ýa-da onuň düzümine girýän aýry-aýry jemgyýetçilik toparlaryň maddy durmuş derejesini, medeniýetini we aň-düşünjesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreleridir, bu çäreler bolsa ilatyň maddy hal-ýagdaýlaryny gowulandyrmak (iş hakyny artdyrmak, ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak we başgalar) ýoly bilen ahlak-pedogogik, we estetik täsirleriň, (mekdeplerde, kärhanalarda terbiýelemek, leksiýalar, dokladlar, filmler we gaýrylar) kömegi bilen durmuşa geçirilýär.

Şu hili çäreler döwlet edaralary tarapyndan hem , jemgyýetçilik guramalary tarapyndan hem geçirilýär, ýöne elbetde ol jenaýatlaryň öňüni almagyň hakyky manysynda ýörite şoňa ugur alyp edilmeýär. Emma olaryň jenaýatçylyga garşy göreşde üstünlik gazanmak üçin hem ähmiýeti uludyr. Şu ýerden hem olary jenaýat temmi çäreleri bilen utgaşdyrmagyň zerurlygy we olaryň maksadynyň käbir özboluşlylygy gelip çykýar. Durmuşy häsiýetdäki çäreleriň obýekti anyk we bisaýhal jemgyýetçilik toparlar ýa-da kiçijik toparlar (maşgala, howludaky, mekdepdäki adamlar we ş.ž)ýa-da aýry-aýry adamlar bolup biler, şol çäreleriň maksady bolsa şeýle jemgyýetçilik toparlaryň kiçijik toparlaryň ýa-da aýry-aýry adamlaryň ahlak derejesini ýokarlandyrmakdyr. Bu ýerde jemgyýetçilik guramalarynyň hereketiniň ýöriteleşdiriş derejesiniň işjeňligi hem-de olaryň dolandyryş edaralary

(polisiýa, prokuratura, kazyýet edaralary, häkimlikleriň dolandyryş toparlary) bilen has ýakyn aragatnaşyk saklaýandygy duýulýar.

**Soraglar:**

1.Jenaýat barada düşünje.
2.Jenaýatyň alamatlary nämeden ýbarat?
3.Hereket we hereketsizlik nähili bolýar?
4.Jenaýatyň derejeleri nämeden ybarat?
5.Jenaýatyň beýleki hukuk bozulmalaryndan tapawudy.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. ,,Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010

12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008

# Bap V. Jenaýatyň köplügi

## § 1. Jenaýatyň köplügi barada düşünje we onuň alamatlary Jenaýatyň köplügüniň hukuk ähmiýeti. Jenaýatyň köplüginiň jenaýat-hukuk netijeleri. Jenaýatyň köplüginiň görnüşleri

Bir şahsyýet tarapyndan iki ýa-da ondan köp özbaşdak jenaýatlaryň düzümleriniň alamatlaryny jemleýan bir ýa-da biňäçe jemgyýetçilik howply etmişleriň edilmegi jenaýatlaryň köplügini emele getirýär. Iki ýa-da ondan köp jenaýatlaryň bir adam tarapyndan amala aşyrylmagy ýokary jemgyýetçilik howplulygyna getirýar. Jenaýatyň köplüginiň aýratyn howplulygy deň şertlerde bir näçe jenaýatlaryň edilmegi, olary eden adamlar has durnukly jemgyýete garşy gönükdirilen psihologiýasy bilen häsiýetlendirilýärler. Jenaýatyň köplüginiň netijesinde jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna has uly zyýan ýetirilýär. Bir adam tarapyndan iki ýa-da ondan köp jenaýatyň edilmegi ol şahsyýetiň jemgyýetçilik howplulygyny kesgitleýär. Jenaýatyň köplügi ýüze çykýar, haçan edilen jenaýatlary üçin kazyýetiň hökümi ýök bolsa.Eger-de edilen jenaýat üçin kazyýetiň hökümi bar bolsa, onda jenaýatyň köplügi ýök. Jenaýatyň köplügi elementleriň düzümi hökmünde birnäçe ýeke-täk jenaýatlary özünde jemleýär. Jenaýatyň köplügi jenaýat-hukuk düşünjesi hökmünde şu aşakdaky hukuk alamatlary bilen häsiýetlendirilýär:

1. Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň maddasynda ýa-da maddasynyň böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlaryň ikisiniň ýa-da ondan köpisiniň bir adam tarapyndan edilmegi.

2. Jenaýatlaryň her biri özbaşdak we ýeke-täk jenaýat bolup, Jenaýat kodeksinin Aýratyn bölegininň maddasy ýa-da maddasynyň bölegi boýunça maddalaşdyrylmagy.

3. Jenaýatyň köplügini emele getirýän her bir jenaýata degişli aýratyň jenaýat-hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy.

Jenaýatyň köplüginiň birinji alamaty onuň san tarapy, diýmek, iki ýa-da ikiden köp jenaýatyň bir adam tarapyndan amala aşyrylmagy. Jenaýatyň köplüginiň ikinji alamaty bir adam tarapyndan amala aşyrylýan jenaýatlaryn her biri aýry, özbaşdak ýeke-täk jenaýat hökmünde häsiýetlendirilýär. Ýeke-täk jenaýatlaryň hemmesi dürli görnüşli we özbaşdak jenaýatyň düzümüniň alamatlaryny özünde jemleýän bolmalydyrlar.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 10-njy maddasynda Jenaýatyň düşünjesi görkezilen: "Jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmägi howp döredýän, edilen (hereket ýa-da hereketsizlii)jemgyýetçilik howply günä etmişi jenaýat diýlip hasap edilýär"[1]. Jenaýat kanuny jenaýat düşünjesini kesgitlemek bilen olary gutarylan we gutarylmadyk jenaýatlary (TJK-nyň 12-nji maddasy)[2] hökmünde göz astyna alýar. Şonuň üçin jenaýatyň köplügini döredýän jenaýatyň her biri gutarylan we gutarylmadyk bolup biler. Jenaýatyň köplüginiň görnüşleri öz aralarynda köplügi emele getirýän jenaýatyň jemgyýetçilik howplulyk derejesi we häsiýeti, jenaýat kanunynda görkezilen maddalaşdyryş alamatlary we aýratyn hukuk netijeleri bilen tapawutlanaýrlar.

Jenaýatyň köplüginiň üç sany görnüşi bardyr: **1) Jenaýatlaryň gaýtalanmagy**

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.8
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.8

(TJK 17-nji maddasy)[1], **2) Jenaýatlaryň umumy jemi** (TJK-niň 18 maddasy),
**3) Jenaýatlaryň residiwi** (TJK 19-niň maddasy)[2].

Jenaýatyň köplüginiň jenaýat-hukuk netijeleri özüniň mazmuny boýunça köpdürlidir, jenaýat jogapkärçiliginiň möçberini we çägini bellemekde, jeza bellemekde, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmakda we jezany geçmek tertibi bilen baglanşykly bolup durýar. Jenaýat hukugy günäni we jezany agyrlaşdyrýan ýagdaýy esasynda bir adam tarapyndan bir näçe jenaýatlaryň edilmegini göz öňünde tutýar. Meselem, TJK-niň 101-nji m.1b. we 231-nji m.2b. Jemgyýet üçin howply etmişleri şol bir adam edýär, birnäçe jenaýatlaryň edilmegi etmişleriň we jenaýatçynyň howplylyk derejesini görkezýär. Bir näçe jenaýat edilendigi üçin jezanyň möçberi galýar.

**Çyzgy № 13 Jenaýatlaryň köplüginiň görnüşleri**




---
[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.10
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.10

# Çyzgy № 14. Jenaýatyň köplügi



## § 2. Jenaýatlaryň gaýtalanmagy

Jenaýatyň köplüginiň iň möhüm meselesi jenaýatyň gaýtalanmagydyr. Jenaýatlaryň gaýtalanmagy **TJK-niň 17-nji maddasynda görkezilen, "Jenaýatlaryň gaýtalanmagy**[1]

(1) Şu Kodeksiň Aýratyn böleginiň bir maddasynda ýa-da maddasynyň böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlaryň ikisiniň ýa-da şondan hem köpüsiniň edilmegi jenaýatlaryň gaýtalanmagy diýlip hasap edilýär. Jenaýat kodeksiniň dürli maddalarynda göz öňünde tutulaň iki ýa-da şondan hem köp jenaýatlaryň edilmegi diňe Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginde ýörite görkezilen ýagdaýlarda şolaryň gaýtalanmagy diýlip hasap edilip bilner.

(2) Eger öňki edilen jenaýatlar üçin olary eden adam jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezasyndan boşadylsa ýa-da şol jenaýatlar üçin kanunda bellenilen tertipde iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylsa ýa-da aýrylsa, jenaýat gaýtalanan diýlip hasap edilmeýär".

Diýmek, Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň bir maddasynda ýa-da maddanyň böleginde göz öňünde tutulan birmeňzeş jenaýatlaryň ikisiniň ýa-da şondan hem köpüsiniň edilmegi jenaýatlaryň gaýtalanmagy diýlip hasaplanýar. TJK-nyň dürli maddalarynda göz öňünde tutulan iki ýa-da şondan hem köp jenaýatlaryň edilmegi diňe TJK-nyň Aýratyn böleginde ýörite görkezilen ýagdaýlarda şolaryň gaýtalanmagy diýlip hasap edilip bilner. Jenaýat gaýtalanmasynyň hökmany alamaty bir adam tarapyndan iki ýa-da ondan-da köp jenaýatlaryň dürli wagtda yzygiderli amala aşyrylmagydyr.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.125-126

Wagtyň arakesmesi uzak bolmaly däl, ýöne ähli ýagdaýlarda bir jenaýaty beýlekiden tapawutlandyrmaly. Meselem, jenaýatkär 2009-njy ýylyn mart aýynda TJK-niň 227-nji maddasynyň 2b boýunça kesekiniň emlägini gizlin ogurlaýar we soň bolsa maý aýynda ene-de kesekiniň emlägini gizlin ogurlady. Şol ýagdaýda jenaýatlaryň gaýtalanlmagy ýüze çykýar, sebäbi jenaýatlaryň ikisi-de Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň bir maddanyň böleginde görkezilen jenaýat, ol jenaýatlaryň arasynda uzak döwür geçmedik we ol jenaýatlar üçiň jenaýatkär babatda kazyýetiniň hökümi çykarylmadyk. Kazyýet tejribesinde jenaýatyň gaýtalanmagy umumy edilen jenaýatlaryň içinde has köp ýüze çykýar. Jenaýatlaryň gaýtalanmagy jenaýat hukuk taýdan iki sany dürli wagtda edilen özbaşdak jenaýatlara düşünilýär, eger jenaýatçy öň edilen jenaýaty üçin iş kesilen bolup, Iş kesilenlikaýby aýtyrylmadyk bolsa, şeýle hem şol adam öň edilen jenaýaty üçin jezany almadyk bolsa, onda jenaýatyň gaýtalanmagy ýüze çykýar.

Şeýlelikde, jenaýatyň gaýtalanmakylygynyň hukuk alamatlary bolup şu
aşakdakylar çykyş edýär:

1) Adam tarapyndan dürli-dürli wagtda iki we ondan köp jenaýatyň edilmegi;

2) Her jenaýatyň özbaşdak häsiýetiniň bolmagy.

Jenaýat hukuk nazaryýeti we hereket edýän kanunçylyk jenaýatyň gaýtalanmagynyň iki görnüşini tapawutlandyrýar: Umumy we Ýörite. Jenaýatlaryň gaýtalanmagynyň umumy görnüşi - bu adam tarapyndan haýsy hem bolsa täze jenaýatyň edilmegi. Umumy jenaýatlaryň gaýtalanmagy jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaý bolup durýar. Jenaýatlaryň gaýtalanmagynyň ýörite görnüşi - bu diňe bir adam tarapyndan täze jenaýatyň edilmegi bolman, eýsem edilen jenaýatyň öňki

jenaýata meňzeş bolmagy bolup durýar. Ýörite jenaýatlaryň gaýtalanmagy jenaýat düzüminiň maddalaşdyrýan alamaty bolup çykyş edýär. Diýmek, umumy jenaýatyň gaýtalamagy häsiýetine garamazdan iki we ondan köp jenaýatyň edilmegi bolup durýar, ýörite jenaýatlaryň gaýtalanmagy bolsa birmeňzeş we deň bolup durýar.

Jenaýatlaryň gaýtalanmagyndan tapawutlylykda, jenaýatlaryň umumy jemi iki we ondan köp dürli - dürli jenaýatlaryň edilmegini göz öňünde tutýar. Emma bir adam tarapyndan iki we ondan köp birmeňzeş jenaýatlaryň edilmegi jenaýatlaryň umumy jemi bolman, jenaýatlaryň gaýtalanmagy bolup durýar. Umumy jenaýatlaryň gaýtalamagyny ýörite jenaýatlaryň gaýtalanmagyndan tapawutlandyrmak üçin birmeňzeş jenaýatlar barada düşünmeli. Birmeňzeş jenaýatlar - bu Jenaýat Kanunyň şol bir maddasy boýunça edilen jenaýatlar bolup durýar. Mysal üçin: eger Ogurlyk edip (TJK-niň 227-nji maddasy), soňra ýene-de şol jenaýaty etse, birmeňzeş jenaýatlaryň edilmegi bolup durýar. Diýmek jenaýat hukuk düşünjesinde birmeňzeş jenaýatlar diýlip, adam tarapyndan edilen jenaýatlaryň TJK-niň şol bir madda degişligi düşýändigi. Birmeňzeş jenaýatlaryň düşünjesi has çylşyrymlydyr. „Birmeňzeş jenaýatlaryň“ düşünjesi ilki bilen jenaýatyň obýekti we obýektiw tarapy bilen bagly bolup durýar. Birmeňzeş jenaýatlaryň alamaty bolup umumy kast edilýän obýekt bolup durýar.

Ýene-de bir bellemeli zat, ol hem jenaýatyň obýektleriniň birmeňzeşliginiň düşünjesiniň hem jedelliligi. Has takygy, şeýle bir düşünjä görä, meňzeş obýektli jenaýatlar Jenaýat kodeksiniň bir babyndaky jenaýatlaryň bolmagydyr. Emma bu elmydama şeýle bolmaýar. Şeýle hem jenaýat düzüminiň çylşyrymly obýektli jenaýatlary hem göz öňünde tutmaly.

Mysal üçin, Huligançylyk (TJK-niň 279-njy maddasy 2b)[1], ýagny, häkimýet wekiline ýa-da jemgyýetçilik tertibini goramak wezipesini ýerine ýetirýän ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bozulmalarynyň öňüni alýan başga adama garşylyk görkezmek bilen baglanşykly ýagdaýda obýekt hökmünde bilelikde jemgyýetçilik tertibi we häkimiýet wekiliniň ýa-da jengyýetçilik tertibiniň öňüni alýan adamyň şahsyýeti çykyş edýär.

Birmeňzeş jenaýatlaryň esasy alamaty bolup delilleriniň meňzeşligi çykyş edýär. Ýene-de bir üns bermeli alamat ol hem günäniň görnüşleri, jenaýatlaryň gaýtalanmagy bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk bilen edilmelidir. Jenaýatlaryň gaýtalanmagynyň düşünjesi öwrenilende, oňa ýakyn bolup durýan uzaga çekýän we dowam edýän jenaýatlary öwrenmek wajyp bolup durýar. Bu ýagdaýlary öwrenmek diňe bir ylmy taýdan gerek bolman, eýsem jenaýaty maddalaşdyrlanda hem zerur bolýar. Dowam edýän jenaýatlary öwrenmeklik jedelli bolup durýar. Käbir edebiýatlarda dowam edýän jenaýatlar we olaryň alamatlary barada dürli-dürli işler bar[2]. Şol alamatlary diýip jenaýatlaryň bir maksada gönükdirilmegi, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bir toparyna kast edilmegi, jenaýat soňunyň bitewiligi hem-de subýektiw we obýektiw alamatlarynyň biri-biri bilen berk baglanyşygy bolup durýar.

Jenaýatyň jemgyýetçilik howplulygynyň derejesi jenaýatyň düzümine girýär we jenaýatyň obýektiw we subýektiw alamatlary bilen kesgitlenilýär. Şol alamatlarya edilen etmişiň jemgyýetçilik howplulygynyň häsiýeti we derejesi, jenaýatçyny häsiýetlendirýän ýagdaýlar, şeýle hem jenaýatçylygy ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlar degişli bolup durýar. Şonuň üçin kazyýet öňde duran meseleleri ýerine

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.125-126

[2] Уголовное право России. Том 1, часть Общая, М., 2000, стр.257-273.

ýetirmek üçin kanuny, delillendirilen şeýle hem adalatly jeza bellemekde etmişiň jemgyýetçilik howplulygynyň derejesini, günäkäriň şahsyýetini, işiň agyrlaşdyrýan ýa-da ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryny göz öňünde tutmaly. Jenaýatyň gaýtalanmagy jeza bellenende jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaý bolup durýar. Jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan we ýeňilleşdirýän ýagdaýlar, jenaýatçynyň şahsyýetini şeýle-de jenaýatyň obýektiw we subýektiw alamatlaryny häsiýetlendirýär. Jenaýatlaryň gaýtalanmagy jenaýatçynyň şahsyýetini häsiýetlendirýär. Bu ýagdaýyň hasaba alynmagy bolsa jeza bellenende günäkäriň şahyýeti häsiýetlendirlende beýleki ýagdaýlaryň anyklanylmagy bilen berk baglanşyklydyr.

Şol sanda jenaýaty maddalaşdyrmak jenaýat hukuk ylmynyň zerur düşünjeleriniň biri bolup, Jenaýat Kanunyny ulanmak üçin Kazyýet, Prokuratura we Derňew edaralarynyň işi bilen baglanşyklydyr. Jenaýaty maddalaşdyrylmagy bolan wakanyň jenaýatyň alamatlary bilen deňeşdirmek we oňa hukuk baha bermegi bilen baglydyr. Jenaýaty dogry maddalaşdyrmak - kanuna laýyklykda adalatlylygy üpjün etmek üçin kepil bolup durýar. Ýalňyş maddalaşdyrmak özüniň soňunda diňe bir ýalňyş jezaň bellenmegine getirmän, eýsem birnäçe esassyz hukuk netijelere getirýär. (Mysal üçin, emlägi muzdsuz almak we ş.m.). Jenaýatçylykly etmişleri dogry maddalaşdyrmak köplenç ýörite jenaýatlaryň gaýtalanmagy bilen bagly bolup durýar. Jenaýatyň gaýtalanmagy ýokarlandyrylan jogapkärçiligi emele getirýär we günäkäri birnäçe oňaýsyz netijelere getirýär.

Eýeçilike garşy edilen jenaýatlary gaýtalanmak boýunça alamatlary bilen maddalaşdyranymyzda ýeňilleşdirmek üçin şu aşakdaky kadalardan ugur almaly: Birinjiden döwletiň, jemgyýetiň we şahsy eýeçilike garşy edilen jenaýatlaryň gaýtalanmagynyň alamatlary boýunça maddalaşdyrylanda birinji jenaýatyň haýsy eýeçilike garşy edilendigi hiç hili

ähmiýeti ýokdur. Ikinjiden has howply düzümli jenaýatlar: Garakçylyk (TJK-niň 231-nji maddasy, Banditçilik (TJK-niň 274 maddasy) jenaýatlaryň gaýtalanmagyny emele getirýär.

## § 3. Jenaýatlaryň umumy jemi

Jenaýatyň köpliginiň beýleki görnüşi, ol **TJK-nyň 18-njy maddasyna görkezilen "Jenaýatlaryň umumy jemi**[1]

(1) Jenaýat kanunynyň dürli maddalarynda ýa-da maddasynyň böleklerinde göz öňünde tutulan etmişleriň ikisiniň ýa-da şondan hem köpüsiniň edilmegi, şolaryň biri üçin hem adama iş kesilmedik bolsa, jenaýatlaryň umumy jemi diýlip hasap edilýär.

(2) Jenaýat kanunynyň maddalarynyň ikisinde ýa-da şondan hem köpüsinde göz öňünde tutulan bir etmişi adamyň eden halatlary hem jenaýatlaryň umumy jemi diýlip hasap edilýär.

(3) Eger jenaýat umumy we ýörite normada göz öňünde tutulan bolsa, jenaýatlaryň umumy jemi bolmaýar we jogapkärçilik ýörite kada boýunça düşýär.

(4) Jenaýatlaryň umumy jeminde adam her bir edilen jenaýat üçin jenaýat kanunynyň degişli maddasy we maddanyň bölegi boýunça jogapkärçilik çekýär".

Jenaýatlaryň umumy jemi jenaýat kanunynyň dürli maddalarynda ýa-da maddasynyň böleklerinde göz öňünde tutulan etmişleriň ikisiniň ýa-da şondan hem köpüsiniň edilmegi, şolaryň biri üçin hem adama iş kesilmedik bolsa, jenaýatyň umumy jemi diýlip hasap edilýär. Jenaýatlaryň umumy jemi üç sany alamat bilen häsiýetlendirilýär:

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.10

1. Bir adam tarapyndan iki ýa-da ondan-da köp jenaýatyň amala aşyrylmagy.

2. Jenaýatlaryň ählisi höküm çykarylmaka amala aşyrylan bolmaly.

3. Her bir ýerine ýetirilen jenaýat TJK-nyň dürli maddalary bilen maddalaşdyrylan.

Başgaça aýdanymyzda jenaýatlaryň umumy jemi diňe ýuridiki birgörnüşli ýa-da dürli görnüşli jenaýatlaryň esasynda ýüze çykyp biler. Jenaýat hukugynda real we ideal jenaýatyň umumy jemi tapawutlandyrylýar. Real jenaýatyň umumy jemi diýlip, TJK-nyň Aýratyn bölümünde dürli maddalarda seredilen, şolaryň biri üçin hem iş kesilmedik adamyň iki ýa-da ondan-da köp jenaýaytyň amala aşyrylmagyna aýdylýar. Real jenaýatyň umumy jemi ýüze çykýar, haçan her bir jenaýat özbaşdak hereket ýa-da hereketsizlik bilen dürli wagtdyň dowamynda amala aşyrlylýar. Ideal jenaýatyň umumy jemine mahsus bolan zat, bir jemgyýetçilik howply hereketiň (hereketsizligiň) birnäçe zyýanly netijeleriniň döretmegidir. Real jenaýatyň umumy jemiden tapawutlykda ideal jenaýatyň umumy jemi jenaýatyň gaýtalanmagyny ýüze çykarmaýar. Jenaýatlaryň umumy jeminiň mysaly hökmünde bir adam tarapyndan TJK-niň 231-nji maddasy (Garakçylyi)we 274-nji maddasy (Banditizž)boýunça jenaýatlaryň edilmegi.

Jenaýat düzüminyň hökmany alamaty hökmünde jenaýaty amala aşyrlyşynyň usulyny göz öňünde tutýar. Şeýle ýagdaýlarda jenaýatyň maddalaşdyrylmagynyň düli görnüşleri bolup biler.

## § 4. Jenaýatlaryň residiwi we onuň görnüşleri

Jenaýatyň residiwi - bu Jenaýatyň köplüginiň has möhüm ýagdaýlarynyň biri bolup durýar. Jenaýatyň residiwiň has çuňňur öwrenilmegi oňa garşy alyp barylýan göreş çäreleriň

netijesini ýokarlandyrýar. Jenaýatyň residiwi gaýtalanýan jenaýatlaryň howply görnüşiniň biri bolup durýar.

**Çyzgy № 15. Jenaýatyň resediwiniň görnüşleri**




**TJK-niň 19-nji maddasy "Jenaýatlaryň residiwi[1]**

(1) Öň edilen bilkastlaýyn jenaýaty üçin iş kesilenlik aýby bolan adam tarapyndan bilkastlaýyn jenaýatyň edilmegi jenaýatlaryň residiwi diýlip hasap edilýär.

(2) Aşakdaky halatlarda jenaýatlaryň residiwi howply diýlip hasap edilýär:

a) eger öň bilkastlaýyn jenaýaty üçin iki gezek azatlykdan mahrum edilip iş kesilen adam tarapyndan bilkastlaýyn jenaýat edilende;

b) eger öň bilkastlaýyn agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýaty üçin iş kesilen adam tarapyndan bilkastlaýyn agyr jenaýat edilende.

(3) Aşakdaky halatlarda jenaýatlaryň residiwi aýratyn howply diýlip hasap edilýär:

a) eger öň bilkastlaýyn agyr ýa-da ortaça agyr jenaýat üçin iş kesilen adam üç ýa-da şondan-da köp gezek azatlykdan mahrum edilen bolsa, ol bilkastlaýyn eden jenaýaty üçin azatlykdan mahrum edilse;

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.10-11

b) eger öň ol aýratyn agyr jenaýaty üçin iş kesilen adam tarapyndan aýratyn agyr jenaýat edilende.

(4) On sekiz ýaşa çenli edilen jenaýatlar üçin iş kesilenlik aýby, şeýle hem şu Kodeksiň 81 maddasy arkaly bellenilen tertipde aýratyn ýa-da öz-özünden aýrylan iş kesilenlik aýby residiw hasap edilende nazara alynmaýar".

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda residiw legal (açyk edilek)residiwiň özenine esaslanýar, ýagny oňa laýyklykda residiwist diýlip diňe öň edilen jenaýaty üçin jogapkärçiligi çekilen hasap edilýär. Şeýlelikde, legal residiwiň esasynda iş kesilen bolup durýar. Şu ýagdaýy legal residiwi hakyky residiwden tapawutlandyrýar. Hakyky residiwde bir adam tarapyndan öň iş kesilendigine ýa-da kesilmänligine garamazdan, birnäçe jenaýatyň edilmegi bolýar.

Jenaýatyň residiwini döredýän jenaýatyň häsiýetine we iş kesilediginiň sanyna baglylykda jenaýat kanuny **ýönekeý (umumy), howply we aýratyn howply residiwi** tapawutlandyrýar. Şular bilen bir hatarda jenaýat kanuny ýörite residiwi hem görkezýär. Jenaýat kanuny bir adam tarapyndan birnäçe jenaýatyň amala aşyrmagyny günäkär şahsyýetiň ýokary jemgyýetçilik howpuny döredýän ýagdaý hökmünde seredýär we köp gezek, umumy jemgyýetçilik we residiwlik üçin jenaýat jogapkärçiligini güýçlendirýän bir topar jenaýat-hukuk netijelerini seredýär.

Jenaýatyň köplüginiň jenaýat hukuk netijeleri öz mazmuny we ugry boýunça dürli görnüşlidir we kwalifikasiýasy, jenaýat jogapkärçiliginiň çägi bilen, jezanyň bellenişi bilen, jezany çekmegiň tertibi we ş. m. bilen baglydyr.

1) Jenaýatyň köpgezekligi we residiwligi (TJK-nyň Aýratyn bölüminiň maddalarynda ýörite seredilende) agyrlaşdyrýan ýa-da aýratyn agyrlaşdyrýan ýagdaýlarda düzüminiň alamaty bolýarlar. Jenaýat kanuny aşakdaky ýagdaýlary tapawatlandyrýar: a) şol bir jenaýatyň gaýtalanmagy we resediwligi günäkäriň şahsyýetiniň

ýokary derejedäki howpuny aňladýar; b) jemgyýetçilik howply hereketiň aýratyn görnüşi köp gezek jenaýaty amal aşyran adamyň jenaýat işjeňliginde ýygy-ýygydan gaýtalanýar; ç) meňzeş jenaýatlaryň amala aşyrylmagy üçin jogapkärçilgiň güýçlendirilmegi jezanyň maksadyna ýetmeklige goldaw berýär.

2) TJK-nyň 58-maddasynyň 1-böleginiň ‘a’ punktyna baglylykda jenaýatyň köpgezekligi we residiwligi jezany agyrlaşdyrýan ýagdaýy ( ýagny kazyýet tarapyndan jezanyň görnüşi we ölçegi nazara alynýar) hasaplanylýar.

3) Jenaýatyň resediw – Jenaýatyň köplüginiň iň howply görnüşi (TJK-niň 62-niň maddasy). Şoňa laýyklykda jenaýat kanuny jenaýatyň resediwini jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan jezanyň bellenmegiň aýratyn tertibi we berk jeza çäresini belleýär.

4) Jenaýatyň jemliginde adam her bir eden jenaýaty üçin aýratyn jenaýat jogapkärçiligi çekýär.

5) Hökümleriň jemi boýunça bellenilen jezanyň üstüne öňki höküm boýunça jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegi doly ýa-da kem-käsleýin suratda goşulýar (TJK-niň 64-nji maddasy).

6) Eger şertleýin iş kesilen adam synag möhletiniň gutarmagyna çenli özüni alyp barşy bilen düzelendigini subut etse, kazyýet şertleýin iş kesileniň özüni alyp barşyna gözegçiligi amala aşyrýan edaranyň ýazyp bermegi boýunça şertleýin kazyýet aýbyny ýatyrmak hakynda karary kabul edip biler.

7) Jenaýatyň resediwi jezany çekmegiň aýratyn tertibinde seredilýär.

Şu mesele boýunça kazyýet iş ýörelgelerini ara alyp maslahatlaşyp, kazyýetleriň öň kazyýet jogapkärçiligine çekilen adamlar tarapyndan edilen jenaýatlar baradaky işlere seretmeklige ünsi güýçlendirendiklerini, jenaýatlaryň residiwi baradaky kanunçylygy ulanmakda goýberilýän ýalňyşlyklaryň

azalýandygyny Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň mejlisi belleýär.

Kazyýetleriň haýsy hem bolsa bir residiwde jenaýat eden adamlar üçin Türkmenistanyň Jenaýat Kanunynyň 62-nji maddasynyň görkezilen jezalaryň mukdarynyň çägini berk saklamaklary gerek. Doly amala aşyrylmadyk jenaýatda, hatda haýsy hem bolsa bir residiwiň bardygyna seretmezden, jezanyň ýokary çägi Türkmenistanyň Jenaýat Kanunynyň 60-njy maddasynda görkezilen möçberden köp bolup bilmez.

## § 5. Ýeke-täk jenaýat barada düşünje we olaryň görnüşleri. Ýönekeý we çylşyrymly jenaýatlar barada düşünje we onuň görnüşleri. Alternatiw hereketli jenaýatlar. Düzümli jenaýatlar. Goşmaça agyr kast edişli jenaýatlar. Dowamly jenaýatlar. Uzaga çekýän jenaýatlar. Gaýtalamak hereketi bilen amala aşyrylýan jenaýatlar

Jenaýat hukugynyň nazaryýetinde ýeke-täk jenaýat diýip, Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddalaryň bölüminde ýa-da aýratyn maddasynda görkezilen jenaýatyň alamatyny özünde jemleýän jemgyýetçilik howply herekete aýdylýar. Ýeke-täk jenaýatlar özüniň häsiýeti boýunça ýuridiki meňzeş, bir görnüşli ýa-da dürli görnüşli bolup bilýär. Ýuridiki meňzeş jenaýatlar diýlip, özbaşdak sanksiýasy bolan, jenaýat kanunynyň şol bir kadasyna seredilen we ýuridiki alamatlary boýunça doly gabat gelýän jenaýatlar bolmalydyr. Meselem, ýuridiki birmeňzeş jenaýatlar – iki gezek TJK-niň 101-nji maddasynda görkezilen jenaýaty amala aşyrmak. Onda her aýratyn jenaýat üçin hüküm çykarylýar. Jenaýatyň amala aşyrylmagynyň aýry alamatlary hökmünde jenaýatyň ýeri, ýagdaýy, wagty, usuly, şerti, predmeti. Her bir jenaýatyň aýratyn hökümi bar, şol bir deň madda bolsa-da, bir wagtda seredilmeýär, aýratyn seredilýär. Ýeke-täk jenaýat

hem öz görnüşi boýunça: ýönekeý we çylşyrymly bolup bilýär. Ýeke-täk jenaýatlar öz daşky alamatlary boýunça jenaýatlaryň köplügi bilen meňzeş bolup durýandyrlar. Şonuň üçin olary biri-birinden tapawutlandyrmak zerurlygy ýüze çykýandyr. Bilişimiz ýaly, ýeke-täk jenaýatlar ýönekeý düzümli jenaýatlara, çylşyrymly düzümli jenaýatlara, uzaga çekýan jenaýatlara hem-de dowam edýan jenaýatlara bölünýärler.

**Çyzgy № 16. Yeke-täk jenaýatlaryň görnüşleri**

| |
|---|
| **Yeke-täk jenaýatlaryň görnüşleri** |
| **Yönekeý düzümli jenaýat** |
| **Çylşyrymly düzümli jenaýat** |
| **Dowam edýan jenaýat** |
| **Uzaga çekýän jenaýat** |
| **Alternatiw hereketli jenaýat** |
| **Gaýtalanýan hereket bilen amala aşyrylýan jenaýat** |
| **Goşmaça kast edişli jenaýat** |

**Ýönekeý düzümli** jenaýat bir etmişden ybarat bolup, jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýekte bir kast ediş bilen häsiýetlendirilýar, mysal üçin, Masgaralamak TJK-niň 130-nji maddasy, Ogurlyk TJK-niň 227-nji maddasy.

Ýeke-täk jenaýatlar belleýşimiz **ýönekeý we çyşyrymly jenaýatlardan** ybarat bolup, olaryň görnüşleri şulardan ybarat:

**Uzaga çekýan jenaýat** üznüksiz kanunyň bozulmagy bilen häsiýetlenip, kesgitsiz wagtyň dowamynda amala aşyrylýar. **TJK-niň 15-njy maddasy " Uzaga çekýän jenaýat**[1]

(1) Uzaga çekýän jenaýat diýlip, etmişiň alamatlary jenaýat kanunynyň bir maddasynda ýa-da maddasynyň böleginde göz öňünde tutulan şol etmişi amala aşyrmakylyk kesgitsiz wagtyň dowamynda durýan etmiş hasap edilýär.

(2) Uzaga çekýän jenaýat amala aşyrylan etmişiň bes edilen pursatyndan ýa-da onuň dowam etmegine päsgel berýän wakanyň başlanan pursatyndan gutaran diýlip hasap edilýär".

Mysal üçin TJK-niň 342-nji maddasynyň dispozisiýasynda "Bölümiň ýa-da gulluk edilýan ýeriň birugsat taşlanyp gaýdylmagy", TJK-niň 287-nji maddasynyň dispozisiýasynda "Ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun edinilmegi, satylmagy, saklanylmagy, äkidilmegi, iberilmegi ýa-da ýanynda göterilmegi" ýaly hereketler görkezilen. Uzaga çekýan jenaýatlar gutarnykly jenaýat düzüminiň döwrinde kesgitsiz wagtyň dowamynda amala aşyrylýandyrlar. Şeýle, edil beýleki uzaga çekýan jenaýatlar ýaly, Ýaragyň bikanun saklanylmagy onuň saklamaga başlanmagynyň pursatyndan gutarnykly jenaýat düzümini emele getirýandir. Bu jenaýat bir näçe hereketlerden ybarat bolsa-da, olaryň içki birligi netijesinde ol jenaýatlaryň köplügini düzmän, ýekeleýin jenaýat bolup durýar.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.9

**Dowamlyj jenaýatlar** - bir maksada gönükdirilen we bir pikir bilen birleşdirilen hereketleriň jemi bilen dörän jenaýat kast etme diýlip hasap edilýär. Dowamly jenaýatlaryň döwürleri olaryň ugry (şol bir obýekte gönükdirilen), usullaryň deň gelmegi, ýüze çykýan netijäniň birligi bilen gönükdirlen. Günäkäriň jenaýat etmek pikiriniň birligi bilen düşündirilýär. Ol jenaýat hereketiniň (hereketsizliginiň) amala aşyrylyş wagtynda başlanýar we günäkäriň özüniň hereketi (günäni boýun alyp gelmegi), ýa-da jenaýat dowam etmäge päsgelçilgiň ýüze çykmagy bilen (mysal üçin jenaýatçynyň tutulmagy) gutarýar.

**TJK-niň 16-njy maddasy " Dowam edýän jenaýat[1]**

(1) Dowam edýän jenaýat diýlip, alamatlary jenaýat kanunynyň bir maddasynda ýa-da maddasynyň böleginde göz öňünde tutulan we ýeke-täk niýeti gurşap alýan we umumy maksady bolan birmeňzeş etmişleriň ikisinden ýa-da şondan hem köpüsinden ybarat etmiş hasap edilýär.

(2) Dowam edýän jenaýat soňky jenaýatçylykly etmişiň tamamlanan pursatyndan başlap, gutaran diýlip hasap edilýär".

Dowam edýän jenaýat ýeke-täk niýeti gurşap alýan we umumy maksady bolan birmeňzeş etmişleriň ikisinden ýa-da şondan hem köp ybarat bolan etmiş hasaplanylýar. Muňa mysal edip görkezmek bolar, zawodyň işgäri radio enjamy ýygnamak maksady bilen zawoddan yzygiderli, birnäçe tär bilen radio bölekleri ogurlaýar. Bu ýagdaýda ogurlygyň köplügi bolman, bir dowamly ogurlyk emele gelýandir. Bärde hereketler bir maksada gönükdirilendigi we bir niýet bilen gurşalýandygy üçin bir jenaýät ýüze çykýandyr. Bu ýagdaýda edilen etmişi bir gutarnykly jenaýat hökmünde hasaplamalydyr. Şeýlelikde, bir maksada gönükdirilmek ýa-da jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bir toparyna kast edilmek dowam edýän jenaýatlaryň içki

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.9

arabaglanyşygyny häsýetlendirýär. Ýene-de dowam edýän jenaýatlaryň obýekti we jenaýatyň netijesi bitewi bolmaly. Dowam edýän jenaýatyň obýektiw tarapy birnäçe hereketlerden ybarat bolup, biri-biri bilen jenaýat edilmegiň usuly bilen baglanşyklydyr. Dowam edýän jenaýatlaryň esasy alamatlarynyň biri hem subýektiw tarapynyň bitewiligi, ol hem günäniň şol bir formada birmeňzeş delilleriň we umumy maksady bilen aňladylýar. Dowam edýän jenaýatlar iki ýa-da ondan köp birmeňzeş jenaýatlardan bolup, olar hem umumy maksada gönükdirilip, jenaýatyň bitewi düzümini getirip, bir bitewi netijeli bolýar.

**Çyzgy № 17. Çylşyrymly ýeke-täk jenaýatlaryň görnüşleri**




**Alternatiw hereketli jenaýatlar** – bu jenaýatlaryň gutarnykly düzümini döredýän we Jenaýat kodeksiniň aýratyn bölüminiň maddalarynda ýa-da maddanyň böleginde görkezilen dispozisiýalarynda agzalan herketler düzülýär. Görkezilen hereketleriň haýsy-da bolsa biri ýüze çyksa, onda ol agzalan jenaýatyň düzümi düzýär. Bu jenaýatyň spesifikasiýasyny

gutarnykly düzümi döredýär. Mysal üçin, TJK-niň 292-niň maddasyna laýyklykda neşe serişdeleriň ýa-da psihoterapiýa maddalarynyň satmak maksady bilen bikanun taýýarlanylmagy, gaýtadan işlenilmegi, edinilmegi, saklanylmagy, daşalmagy, iberilmegi jenaýat hasaplanýar. Bu hereketleriň haýsyny tutsaň hem agzalan jenaýatyň sostawyny düzýär.

Mysal üçin, TJK-niň 292-nji maddasy.[1]

**"Neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň satmak maksady bilen bikanun taýýarlanylmagy gaýtadan işlenilmegi, edinilmegi, saklanylmagy, daşalmagy, iberilmegi**

(1) Neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň satmak maksady bilen bikanun taýýarlanylandygy, gaýtadan işlenilendigi, edinilendigi, saklanylandygy, daşalandygy ýa-da iberilendigi, şeýle hem bikanun satylandygy üçin, emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, üç ýyldan on ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly hereketleriň gaýtadan ýa-da deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan amala aşyrylandygy üçin ýa-da eger şol hereketleriň predmeti uly möçberdäki neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary bolsa, emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, alty ýyldan on bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Öz gulluk ýagdaýyna görä, neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary ynanylan ýa-da olary gorap saklaýan adam ýa-da guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah131-132.

öňünde tutulan hereketleriň amala aşyrylandygy üçin, şonuň ýaly-da, eger şol hereketleriň predmeti aýratyn uly möçberdäki neşe serişdeler ýa-da psihotropiýa maddalary bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman hem-de iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän on iki ýyldan ýigrimi bäş ýyla çenli möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

BELLIKLER.

1. Neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny meýletin tabşyran we neşe serişdeleriň ýa-da psihotropiýa maddalarynyň bikanun dolanyşygy bilen baglanşykly jenaýatlaryň üstüniň açylmagyna ýa-da öňüniň alynmagyna, şol işleri amala aşyran adamlary paş etmäge, olaryň jenaýatçylykly ýol bilen gazanan emlägini ele salmaga işjeň ýardam eden adam şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketleri üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

2. Şu Kodeksiň 292, 294, 295, 296, 297 maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlaryň haýsy-da bolsa birini öň amala aşyran adam jenaýaty gaýtadan eden diýlip ykrar edilýär.

3. Neşe serişdeler we psihotropiýa maddalary dolanyşygy bikanun girizilende olaryň uly we aýratyn uly möçberlidigi degişli döwlet edarasynyň çykaran netijesi boýunça kesgitlenilýär”.

**Uzaga çeken jenaýatlar** – bu jenaýat günäkäriň uzak wagtlap oňa ýüklenen borçlaryndan uzak wagtyň dowamynda ýerine ýetirmän, dowam edýän hereket ýa-da hereketsizlik. Uzaga çekýän jenaýatlar yzgiderli anyk jenaýatçylykly etmişiň düzüminiň amala aşyrylmagy bilen häsýetlendirilýär. Ol haýsy hem bolsa jenaýatçylykly etmişden başlaýar. (Mysal üçin, Jenaýat barada habar bermezlik). Uzaga çekýän jenaýatlarda amala aşyrylýan jenaýat onuň öňi alynýança dowam edýär.

Meselem: **TJK-niň 287-nji maddasy uzaga çeken jenaýat hasaplanylýar. “Ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun edinilmegi, satylmagy, saklanylmagy, ekidilmegi, iberilmegi ýa-da ýanynda göterilmegi**[1]

(1) Ok atýan ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun edinilendigi, satylandygy, saklanylandygy, äkidilendigi, iberilendigi ýa-da ýanynda göterendigi üçin,

bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly hereketleriň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan ýa-da gaýtadan amala aşyrylandygy üçin,

iki ýyldan ýedi ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketleriň guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan amala aşyrylandygy üçin,

bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Gamalaryň, fin pyçaklarynyň ýa-da beýleki sowuk ýaragyň şol sanda zyňylýan ýaragyň bikanun satylandygy ýa-da ony ýanynda göterendigi, şonuň ýaly-da gaz sapançalary, ballonjyklarynyň ýa-da beýleki gaz ýaragynyň bikanun satylandygy üçin,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimi bäşisinden ellisine çenli bolan çäklerde jerime salmak ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.129

Adam ýaragy alyp, birnäçe wagtyň dowamynda saklaýar: 5 ýyl, 10 ýyl, 30-ýyl... Ýaragy alan gününden - jenaýatyň başlanan wagty bolýar, eger onuň üsti açylyp, ýa-da başga ýagdaýlar bilen saklanylsa – jenaýatyň tamamlanan wagty hasaplanylýar. Jenaýat hukugynyň nazaryýetinde uzaga çekýän jenaýatlary günäkäriň ýüklenen borçlaryň uzak ýerine ýetirilmän dowam edýän hereket ýa-da herketsizlik kesgitlenýär. Şeýle jenaýatyň herketi bilen amala aşyrmagy Ýaragy bikanun götermegi (TJK-niň 287-nji maddasy). Herketsizlik ýoly bolsa hukuk borçlarynyň ýerine ýetirilmezligi, mysal üçin, Çagalary ýa-da işe ýarawsyz ata-eneleri ekläp-saklamak üçin serişdeleri tölemekden bilgeşleýin boýun gaçyrmak (TJK-nyň 160-nji maddasy).

Gaýtalamak hereketi bilen amala aşyrylýan ýönekeý jenaýatlar. Onuň düzümüniň alamatlary hereketiň gaýtalanmagy bilen ybaratdyr. Bir hereketiniň edinmegi jenaýatyň alamatlaryny ýüze çykaranok, emma şol bir hereketiniň birsyhly gaýtalanmagy jenaýaty ýüze çykarýar. Mysal üçin, **TJK-niň 113-nji maddasy, “Horlamak**[1]

(1) Adamy birsyhly urmak ýa-da gaýry zorlukly usul bilen fiziki ýa-da psihiki ezýetler berilse, ýöne ol şu Kodeksiň 107 we 108 maddalarynda göz öňünde tutulan netijelere getirmese, munuň üçin,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Amala aşyrylan şeýle etmişler, eger:

a) göwreliligi gunäkäre görnetin bolup duran aýal babatda edilse;

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.62

b) adamyň öz gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirmegi bilen baglanşykly şol adam ýa-da onuň ýakyn adamlary babatda;

ç)kämillik ýaşyna ýetmedik babatda ýa-da biçäre ýagdaýdadygy günäkäre görnetin bolup duran ýa-da günäkäre maddy ýa-da başga hili garaşly bolan adam babatda, şeýle hem ogurlanan ýa-da girew hökmünde tutulan adam babatda;

d) deslap dilleşmezden iki ýa-da şondan-da köp adam tarapyndan ýa-da deslapky dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilse;

d) jebir çekdirmek arkaly;

ä)durmuş, milli, jyns ýa-da dini ýigrenç ýa-da duşmançylyk bilen edilse,

üç ýyldan ýedi ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

**Düzümli jenaýatlar** bolanda, jenaýat kanunynda her haýsy özbaşdak kast etme görnüşinde göz öňünde tutulan iki ýa-da birnäçe dürli görnüşli jemgyýetçilik howply hereketiň birleşmeginden düzülen jenaýata düşünilýär. Mysal üçin, JK-niň 231-maddasynda kesgitlenen Garakçylyk başga biriniň emlägini almak maksady bilen, adamyň jany ýa-da saglygy üçin howply bolan zorlugy ulanmak, ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny salmak bilen birlikde çozuş etmekligi. Bu jenaýatyň düzümi iki jenaýatyň alamatlaryny birleşdirýär, ýagny aç-açan emlägini ogurlamaga synanyşyk (TJK-niň 230-nji maddasy) we jebir çekeniň janyna we saglygyna howply zorlygyň (ýa-da onuň howpunyň) ýetirilmegi (TJK-niň 107-108-njy maddalary). Bu hereketleriň her biri jenaýatyň özbaşdak düzümini düzýär, ýöne olaryň jemi TJK-niň bir maddasynda çörkezilen jenaýaty ýüze çykarýar.

**Çylşyrymly düzümli jenaýatlar.** Olara şular degişlidir:

a) **Goşmaça agyr kast edişli jenaýatlar**. Çylşyrymly jenaýata birnäçe dürli netijeleri döredýän esasy we goşmaça esasynda bolsa bir hereket ýatan jenaýatlar hem degişlidir. Mysal üçin, 235-maddanyň 2-böleginiň ‘b’ punkytynda kesekiniň emlägini bilkastdan ýok etmek, ýa-da zaýalamak maksady bilen seresapsyzlyk sebäpli adamyň heläk bolmagyna getirmekligi üçin jogapkärçilik kesgitlenen. Şeýle-de bu jenaýat iki özbaşdak hereketden: emlägi bilkastdan ýok etmekden ýa-da zaýalamakdan we seresapsyzlykdan adamyň heläk bolmagyndan ybaratdyr. Ýöne içki arabaglanyşygyna garamazdan, olar bir jenaýaty döredýär.

b) **Birnäçe kast etmelerden ybarat düzümli jenaýat,** ol jenaýat bir näçe hereketlerden ýbarat bolup içki birligi netijesinde bir jenaýat düzümine girýan jenaýat. Mysal üçin, Garakçylyk TJK-niň 231-nji maddasy. Bu jenaýatyň düzüminde hem eýeçilike, hem şahsyýete garşy kast etmeler bar, ýöne olar bir maksada gönükdirilendigi sebäpli, bu hereketler bir jenaýat düzümini emele getirýarler. Şeýlelikde, ol kast etmeleriň içki birligi bolandygy üçin kanun çykaryjy olary jenaýatyň köplügi hökmünde däl-de, özbaşdak jenaýat hökmünde hasaplaýar.

## § 6. Jenaýatlaryň köplügi mahalynda jezanyň bellenilmeginiň düzgünleri

Kanun çykaryjy, jenaýatlaryň gaýtalanmagynda, jenaýatlaryn umumy jeminde we jenaýatlaryň residiwinde jeza bellemegiň ýörite düzgünlerini göz öňünde tutýar. Bu düzgünler, **TJK-niň** 62-63-njy maddalarynda1 bellenen.

Residiw mahalynda jezanyň bellemegiň düzgünleri **TJK**-niň 62-nji maddasynda kesgitlenen[1]. Oňa laýyklykda:

**“Residiw mahalynda jezanyň bellenilmegi**″

(1) Residiw halatynda, howply residiw we aýratyn howply residiw halatynda jeza bellenilende ozalky jezanyň, düzediş täsiriniň ýeterlik bolmandygyna görä, amala aşyrylan jenaýatlaryň sany, häsiýeti, agyrlygy we netijeleri, ýagdaýlar, şeýle hem täze jenaýatlaryň häsiýeti, agyrlygy we netijeleri göz öňünde tutulýar.

(2) Residiwde jeza amala aşyrylan jenaýat üçin jenaýat kanuny tarapyndan göz öňünde tutulan jezanyň degişli görnüşiniň iň ýokary möçberiniň ýarysyndan pes bolmaly däldir; howply residiwde jeza amala aşyrylan jenaýat üçin göz öňünde tutulýan has berk jezanyň ýokary möçberiniň üçden iki böleginden pes bolmaly däldir, aýratyn howply residiwde jeza amala aşyrylan jenaýat üçin göz öňünde tutulýan has berk jezanyň ýokary möçberiniň dörtden üç böleginden pes bolmaly däldir.

(3) Şu Kodeksiň 59 maddasynda göz öňünde tutulan aýratyn ýagdaýlar bar bolan halatynda, residiw mahalynda, howply residiwde we aýratyn howply residiwde jeza şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan çäklendirmeleri hasaba almazdan bellenilýär”.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.29-30

Maddanyň mazmunyndan görüşimiz ýaly, kazyýet jeza çäresini bellände, ozal edilen jenaýatlaryň sanyny, häsiýetlerini, agyrlygyny we netijelerini, hem täze amala aşyrylan jenaýatlaryň ýagdaýlaryny nazara almalydyr.

Indi bolsa, jenaýatlaryň jemi boýunça jezanyň bellemeginiň düzgünlerini seredeliň. Bu düzgünler TJK-niň 63-njy maddasynda1 göz öňünde tutulan. Bu madda laýyklykda,

**“Jenaýatlaryň jemi boýunça jezanyň bellenilmegi**

(1) Jenaýatlaryň jeminde her bir jenaýat üçin aýratynlykda jeza bellenilýär.

(2) Eger jenaýatlaryň jemine uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýat goşulýan bolsa, onda onçakyly berk bolmadyk jezany has berk jeza bilen gurşap almagy ýa-da jezalaryň bölekleýin ýa-da dolulygyna goşulmagy arkaly gutarnykly jeza bellenilýär. Şeýle halatlarda jezalar goşulanda gutarnykly jeza amala aşyrylan jenaýatlaryň iň agyry üçin göz öňünde tutulýan iň ýokary jezadan ýokary bolup bilmez.

(3) Eger amala aşyrylan jenaýatlaryň jemine agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat goşulýan bolsa, onda jezalary bölekleýin ýa-da dolulygyna goşmak arkaly gutarnykly jeza bellenilýär. Şeýle edilende azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki gutarnykly jezaon bäş ýyldan, aýratyn agyr jenaýatlar boýunça bolsa amala aşyrylan jenaýat üçin göz öňünde tutulan iň ýokary jezadan ýokary bolmaly däldir.

(4) Esasy jezanyň üstüne goşmaça jezalar goşulyp bilner. Gutarnykly goşmaça jeza bölekleýin ýa-da dolulygyna goşulan, mahalynda şu Kodeksiň Umumy bölegi tarapyndan jezanyň şol görnüşi üçin bellenilen iň ýokary möhletden ýa-da möçberden ýokary bolup bilmez.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.30

(5) Eger iş boýunça höküm çykarylandan soň, iş kesilen adamyň birinji iş boýunça höküm çykarylmazyndan öň başga jenaýat etmekde hem gunäkärdigi takyklansa, onda jeza bermek edil şol düzgünler boýunça bellenilýär. Şu halatda birinji höküm boýunça çekilen jeza möhleti berlen jezanyň gutarnykly möhletine hasap edilýär”.

Kanun jenaýatlaryň umumy jemi halatynda jezanyň bellemegiň belli yzygiderligini talap edýär. Ilkibaşda jeza her edilen jenaýat üçin aýratyn bellenilýär. Ondan soňra bolsa, jenaýatlaryň jemi boýunça temmi berilýär. Yöne, jezalar goşulanda gutarnykly jeza amala aşyrylan jenaýatlaryň iň agyry üçin göz öňünde tutulýan iň ýokary jezadan ýokary bolup bilmez.

Eger amala aşyrylan jenaýatlaryň jemine agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat goşulýan bolsa, onda jezalary bölekleýin ýa-da dolulygyna goşmak arkaly gutarnykly jeza bellenilýär. Şeýle edilende azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki gutarnykly jeza amala aşyrylan jenaýatlaryň iň agyry üçin bellenilýän jezanyň iň ýokary möhletinden ýokary bolup biler, ýöne ýigrimi ýyldan emma şu Kodeksde göz öňünde tutulan aýratyn halatlarda bolsa ýigrimi bäş ýyldan ýokary bolmaly däldir.

**Soraglar:**

1. Jenaýatyň köplügi barada düşünje we onuň alamatlary.
2. Jenaýatyň köplügüniň hukuk ähmiýeti.
3. Jenaýatyň köplüginiň jenaýat-hukuk netijeleri.
4. Jenaýatyň köplüginiň görnüşleri.
5. Jenaýatlaryň gaýtalanmagy.
6. Jenaýatlaryň umumy jemi.
7. Jenaýatlaryň residiwi we onuň görnüşleri.
8. Ýeke täk we çylşyrymly jenaýatlar barada düşünje we olaryň görnüşleri.

9. Ýeke täk jenaýat barada düşünje we onuň görnüşleri.
10. Alternatiw hereketli jenaýatlar.
11. Düzümli jenaýatlar.
12. Goşmaça agyr kast edişli jenaýatlar.
13. Dowamly jenaýatlar.
14. Uzaga çekýän jenaýatlar.
15. Gaýtalamak hereketi bilen amala aşyrylýan jenaýatlar.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007
2. Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A.,, 1997
3. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2000
4. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
5. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
6. Уголовное право РФ: Особенная часть: Конспект лекций в сх. Ред.-сост./ Е.В. Платонова, М.,2001
7. Уголовное право РФ: Общая и Особенная части: Учеб. для вузов. Отв.ред. проф. Кашепов В.П, М., 2001
8. Уголовное право. Тестовые задания: Учеб.-практич. пособие. М., 2001
9. Караев Т.Е. Повторность преступлений М., 1983
10. Красиков Ю. А. Множественность преступлений
11. Яковлев А. М. Борьба с рецедивной преступностью. М.,1964

# Bap VI. Jenaýat jogapkärçilgi diýen düşünje we onuň görnüşleri

## § 1. Jenaýat jogapkärçiligi barada düşünje

Her bir amala aşyrylan jenaýat öz netijesinde jenaýat jogapkärçiligini göz önünde tutýar. Jenaýat jogapkärçiligine çekilen adamy iş kesilen şahsyýet diýlip ykrar etmeklik, jenaýat hukuk netijelerine getirýär. Jenaýat jogapkärçiligi, ol sahsyýet tarapyndan amala aşyrylan hukuk bozulmalara garşy döwletiň reaksiýasy, ýagny jogap berýän hereketidir.

Jenaýat jogapkärçiligi döwlet tarapyndan mejbur ediş çäreleriň ulanylmagy bilen baglanşyklydyr. Döwlet mejbur ediş çäreleri jenaýat jogapkärçiliginiň mazmuny hökmünde ýüze çykýarl we döwletiň ýörite gulluklary tarapyndan amala aşyrylýar.

Jenaýat jogapkärçilgi we jenýat üçin bellenilýan jeza biri-biri bilen özara gatnaşykly düşünjelerdir. Jenaýat jogapkärçiligi ilki bilen ýüze çykýan ýagdaýdyr we jeza bellemegi üçin esasdyr. Jenaýat jogapkärçiligi jeza garaşly däldir. Şol bir wagtyň özünde jezany jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykarýar.

Jenaýat eden şahsyýet islendik mejbur ediş çärelerine däl-de, diňe Jenaýat kodeksiniň maddasynyň ýa-da maddanyň böleginiň sanksiýasynda anyk göz öňünde tutulan döwlet tarapyndan takyk kesgitlenen mejbur ediş çärelerini sezewar edilip bilner.

Jenaýat jogapkärçiligi diýen düşünje şu aşakdakylary girizmegi ýerlikli hasap edýär:

1. Eden jenaýaty üçin günäkäriň halkyň öňünde döwlet tarapyndan ýazgarylmagy.

2. Jezalandyrmak, ýagny jenaýat kanunyň sanksiýalary tarapyndan göz öňünde tutulan şahsyýeti, emläk we ahlak häsiýetli mahrumlyklara sezewar etmek.
3. Jenaýat jogapkärçilgine çekmeklik şahsyýetiň iş kesiledigi bilen baglanşykly, ýöne diňe jeza çäresini amala aşyrmagyň çäklerinde jenaýaty eden adamyň hukuklaryny çäklendirmek mümkindir.

## § 2. Jenaýat jogapkärçiliginiň esasy

Jenaýat jogapkärçiliginiň esasy diýip, jenaýat eden adamyň jenaýat tertibinde jogap berýän zady, ýagny adamy jenaýat jogapkärçiliugine çekmek üçin jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan, ýeterlik we zerur bolan obýektiw we subýektiw alamatlary hasaplanýar.

Jenaýat jogapkärçiligi diýilende, adamyň jenaýat etmegine döwletiň täsiri hökmünde jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan, mejbury häsiýetli çäreler hasaplanýar. Gutarnykly manyda jenaýat jogapkärçiligi bu jenaýat-hukuk kadalarynyň sanksiýalarynyň amala aşyrylmagydyr. Jenaýat jogapkärçiligi şu aşakdaky düzümleri (doly möçberde) öz içine alýar:

a) jenaýaty eden adam döwlet tarapyndan aýyplaýjy hökümiň çykarylmagy bilen ýazgarylýar;

b) jenaýat eden adama jeza bellenýär;

ç) jezany çekilýär;

d) jenaýaty eden we azatlykdan mahrum edilen adam üçin, iş kesilenlik aýby bilen baglanşykly bell bir çäklendirmeler ýüze çykýar.

## Çyzgy № 18. Jenaýat jogapkärçiliginiň esaslary




Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 4-nji maddasyna[1] laýyklykda, jenaýat jogapkärçiligine diňe Türkmenistanyň JK-de göz öňünde tutulan jenaýatlaryň düzüminiň ähli alamatlary bolan etmişi eden adamlar çekilip bilnerler. Jenaýat hukugynyň teoriýasynda we jenaýat iş ýöredişiniň tejribesinde jenaýatyň düzümi diýlip, anyk jemgyýetçilik howply etmişi jeaýat hökmünde häsiýetlendirýän, jenaýat kanuny tarapyndan bellenen obýektiw we subýektiw alamatlaryň toplumyna düşünilýär (mysal üçin, talaňçylyk ýa-da huligançylyk).

Jenaýatyň düzüminiň düzýän obýektiw alamatlarya obýekt, ýagny jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitler (Türkmenistanyň JK-niň 2-nji maddasynyň 1-nji bölegi)[2] we jenaýatyň obýektiw tarapy, ýagny jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýatçylykly etmişi (jemgyýetçilik howply hereket ýa-da hereketsizlik), jenaýatçylykly netijäni, olaryň arasyndaky sebäpli baglanyşygy (hereket ýa-da hereketsizlik

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.5
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.4

bilen netije), ýerini, wagtyny, ýagdaýyny, usulyny, jenaýaty etmegiň guralyny we serişdelerini häsiýetlendirýän daşky alamatlary degişlidir.

Subýektiw alamatlarya jenaýatyň subýektini häsiýetlendirýän alamatlary degişlidir – bu akyly düzüwlik we ýaş (TJK-niň 20-24-njy m m)[1], niýet we seresapsyzlyk görnüşindäki günä (TJK-niň 26-31-nji m m[2]), jenaýatyň sebäbi we maksady.

Hereket diýip, adamyň jemgyýetçilik howply, erkli we aktiw (işjeň) özüni alyp barmagyna aýdylýar. Hereketsizlik adamyň öz üstünde ýatan etmeli we edip biljek borçlaryny etmezligi bilen baglanşykly jemgyýetçilik howply, erkli we passiw özüňi alyp barmakylygyny aňladýar. Jenaýatçylykly netije diýlende, jemgyýetçilik howply etmişiň (hereket ýa-da hereketsizlik) edilmegi netijesinde, jenaýat-hukuk goragynyň obýektine, jenaýat kanunynda görkezilen, belli bir zyýanyň ýetirilmegi göz öňünde tutulýar. Sebäpli baglanşyk bu jemgyýetçilik howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik) bilen ýuze çykan jenaýatçylykly netijäniň arasynda bolan obýektiw baglanşyk. Jenaýatyň edilen ýeri, onuň amala aşyrylan bell bir çägi bolupdurýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 321-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "w" bendine[3] laýyklykda "**Bikanun aw"** üçin jenaýat jogapkärçiligi, eger-de ol goraghananyň ýa-da zakaznigiň çäginde amala aşyrylan bolsa ýüze çykýar. Jenaýatyň düzüminiň alamaty hökmünde, jenaýatyň amala aşyrylan wagty diýlip, jenaýatyň amala aşyrylyp bilinjek bell bir wagtyň dowamyna düşünilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 149-njy maddasyna[4]

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.11-12
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.13-15
[3] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah. 145
[4] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.68-69

laýyklykda, “**Saýlaw hukugynyň amala aşyrylmagyna we referenduma gatnaşmak hukugyna päsgel bermeklik**”, bu jenaýatyň bell bir wagtda – döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna saýlawlar we referendum wagty edilmegini aňladýar.

Jenaýat jogapkärçiligi, edilen jenýatyň hukuk netijesi hökmünde kesgitli wagtyň dowamynda öz ýuridiki güýjüni saklaýar. Ýagny onuň başlangyç we gutaryş wagty bardyr (müddeti), jenaýat hukuk gatnaşyklary bize mälim bolşy ýaly, jenaýat başlanan pursatynda ýüze çykýarlar we jezanyň gutarnykly dolmagy bilen tamamlanýar. Jenaýat jogapkärçiliginiň başlangyç müddeti günäkäre günä yglan edilmegi bilen başlaýar we günäni mälim edýän hökümüň hukuk güýjüne girmegi bilen hem-de iş kesilene döwlet tarapyndan jeza berilmegi bilen kesgitlenilýär. Jenaýat jogapkärçiligi iş kesileniň kazyýetiň höküminiň esasynda döwlet tarapyndan bellenilen jeza möhletiniň doldyrylmagy bilen tamamlanýar.

Jenaýat jogapkärçiligini amala aşyrmakda ýörite mehanizimiň elementleriniň ähmiýeti nazara alynýar:

1) Jenaýat hukuk namalary.
2) Jenaýat hukuk gatnaşyklary.
3) Jenaýat hukuk namalaryň ulanylyş tertibi.

Jenaýat hukuk namalary jemgyýetçilik gatnaşyklarynda gatnaşyjylaryň özüni alyp baryşlaryny, olaryň hukuklaryny hem borçlaryny, kadaly düzgüni saklamagynyň kanuny esaslary, şeýle hem şahsyýetleriň özlerini kanuna laýyk alyp barmagyny üpjün edýän hukuk serişdeleri hökmünde çykyş edýär.

Jenaýat hukuk namalary iki topara bölünýär:

1) Düzgünleşdiriş (pozitiw) namalary.
2) Goraýyş namalary

Namalaryň düzgünleşdiriş (pozitiw) wezipesi jenaýat namalarynda raýatlar üçin jenaýat kanunçylygy tarapyndan gadagan etmişlerden saklanmak we kanunyň talaplaryny berjaý etmekligini şahsyýetiň borjy hökmünde edinmek, namalaryň kömegi bilen olaryň durmuş ýaşaýyşyň dürli ugurlarynda özüni alyp barşyny düzgünleşdirmek, şahsyýetleriň jemgyýetiň, döwletiň we beýleki adamlaryň bähbitlerine laýyklykda alyp barmagynda ýüze çykýar.

**Çyzgy № 19. Jenaýat hukuk namalary**




Namalaryň düzgünleşdiriş (pozitiw) wezipesi jenaýat namalarynda raýatlar üçin jenaýat kanunçylygy tarapyndan gadagan etmişlerden saklanmak we kanunyň talaplaryny berjaý etmekligini şahsyýetiň borjy hökmünde edinmek, namalaryň kömegi bilen olaryň durmuş ýaşaýyşyň dürli ugurlarynda özüni alyp barşyny düzgünleşdirmek, şahsyýetleriň jemgyýetiň, döwletiň we beýleki adamlaryň bähbitlerine laýyklykda alyp barmagynda ýüze çykýar.

Goraýyş namalaryň negatiw wezipesi bolsa, jenaýat jogapkärçiliginiň hem-de jezalandyryş serişdeleriň kömegi

bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny goramakylygynda ýüze çykýar.

Hukuk namalary raýatlaryň özüni alyp barşyna Jenaýat kodeksiniň maddalarynyň dispozisiýalary täsir edýärler. Şoň bilen birlikde, raýatlaryň özüni alyp barşynyň esaslandyrmasynda Jenaýat kodeksiniň maddalarynyň sanksiýalaryň wajyplygy hem öz ähmiýetini aňladýrlar.

Jenaýat hukuk namalary hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri bolup durýän raýatlardan kanuna laýyklykda özüňi alyp barmakylygy talap edýärler. Raýatlaryň köpisi üçin kanun tarapyndan gadagan edilen etmişlerden saklanmak we jenaýat hukuk namalaryny berjaý etmek içki psihiki zerurlyk bolup durýar.

Jenaýat hukuk gatnaşyklary jenaýat kanunyny bozan adamlaryň hem-de döwletiň adyndan çykyş edýän hukuk goraýyjy edaralarynyň arasynda döreýär. Mysal üçin, jenaýat eden adam Jenaýat kodeksiniň maddasynyň dispoziýäsynda göz öňünde tutýan döwlet mejbur ediş çäresine sezewar bolmaly we öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň üsti bilen bozan jenaýat hukuk kadalarynda göz öňünde tutulan belli bir jezany çekmeli. Jenaýat hukuk gatnaşyklarynyň beýleki subýektinda bolsa (döwletiň adyndan çykyş edýän hukuk goraýyjy edaralary) jenaýat kanuny bozan adamy jenaýat jogapkärçiligine çekmäge hem jezalandyrmaga hukugy bardyr.

Hukuk gatnaşyklary hemişe yuridiki faktlaryň (ýagdaýlaryň) baglanyşygy bilen ýüze çykýarlar. Degişli fakt (hukuk ýagdaýy) bolup diňe jenaýatçylykly etmiş seredilýar. Jenaýatçylykly etmişiniň başlangyç pursatyndan jenaýat nukuk gatnaşyklarynyň subýektleriň arasynda belli bir hukuklar we borçlar döreýär.

Jenaýat jogapkärçiliginiň esasy diýip, jenaýat eden adamyň jenaýat tertibinde jogap berşi, ýagny adamy jenaýat

jogapkärçiliugine çekmek üçin jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan, ýeterlik we zerur bolan obýektiw we subýektiw alamatlary hasaplanýar.

Jenaýat jogapkärçiligi diýilende, adamyň jenaýat etmegine döwletiň täsiri hökmünde jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan, mejbury häsiýetli çäreler hasaplanýar. Gutarnykly manyda jenaýat jogapkärçiligi bu jenaýat-hukuk kadalarynyň sanksiýalarynyň amala aşyrylmagydyr. Jenaýat jogapkärçiligi şu aşakdaky ýagdaýlary (doly möçberde) öz içine alýar:

a) jenaýaty eden adamyň döwletiň adyndan, ol babatynda aýyplaýjy hökümiň çykarylmagy bilen ýazgarylmagy;

b) jenaýaty eden adama jezanyň bellenilmegi;

ç) jenaýaty eden adamyň jezany çekmegi;

d) jenaýaty eden we azatlykdan mahrum edilen adam üçin, Iş kesilenlikaýby bilen baglanşykly bell bir çäklendirmeleriň bolmagy.

Şahsyýet diňe jemgyýete howply hereketleriň (hereketsizlikleriň) hem-de şolaryň jemgyýete howply netijesindäki günäsi subut edilen ýagdaýynda jenaýat jogapkärçiligine degişlidir.

Jenaýat jogapkärçiliginiň esaslandyrmasyny kesgitlemek diýmek, onuň näme üçin ýüze çykýandygyny hem nähili amala aşyrylýandygyny kesgitlemek diýmekdir. Jenaýat jogapkärçiliginiň esaslandyrmasynyň kanun çykaryjy esasy kesgitlemesinden birnäçe düýpli düşünjeler gelip çykýar.

Jenaýat jogapkärçiliginiň ýeke-täk hem ýeterlik esasy bolup, edilen hereketde ýa-da hereketsizlikde jenaýaty düzýän alamatlarynyň jemi bolmagydyr.

Jenaýaty düzýän hereketleri ýa-da hereketsizlikleri kanun çykaryjy jenaýatyň anyk görnüşiniň özboluşly aýratynlygyny,

onuň jemgyýetçilik howplulygyny kesgitleýän iň bir w, ajyp alamatlary hökmünde seredýar. Jenaýaty düzýän hereket ýa-da hereketsizlik jenaýat jogapkärçiliginiň ýeke-täk esasy diýip, kabul edilýar. Eger-de jemgyýet üçin howply etmişde jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýaty düzýän alamatlaryň hiç biri ýok bolsa, onda jenaýat jogapkärçiliginiň esasy ýok diýip hasap edilýar.

## § 3. Jenaýat jogapkärçiliginiň görnüşleri

Jenaýat jogapkärçiligi günäkäriň düzetmäge mejbur bolan belli bir mahrum etmeleri bilen häsiýetlendirilýär. Bu jogapkärçiligin obýektiw häsiýeti – jenaýatçy tarapyndan ýetirilen zyýana döwletiň reaksiýasydyr (jogap hereketidir). Jenaýat jogapkärçiligi dowlet tarapyndan amala aşyrylýar we onuň üç görnüşi bardyr:

1) Şahsyýeti (mysal üçin: azatlykdan mahrum etmek, tussag etmek we ş.m).
2) Emläk (jerime, emlägi muzdsuz almak we ş.m).
3) Ahlak häsiýetli ( günäni boýun almak, ýazgarmak we ş.m).

Jenaýat jogapkärçiligi diňe gutarylan ýa-da gutarylmadyk jenaýat üçin ýüze çykýar. Göräýmäge öz daşky alamaty boýunça jenýata meňzeş bolup, öz jemgyýetçilik ähmiýeti boýunça jenaýat diýlip hasaplanmaýan hereket ýa-da hereketsizlik, jenaýat jogapkärçiligine çekmäge esas bolup bilmeýar. Jenaýat kanuny jemgyýet üçin howply, jenaýat kanunyna garşy, günäni, jezaly goralýan bähbitlere zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmek howpuny salýan jenaýatçylykly etmişi (hereket ýa-da hereketsizlik) jenaýat diýip hasap edýär we diňe şonuň amala aşyrylmagy üçin jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykýar.

**Çyzgy № 20. Jenaýat jogapkärçiliginiň görnüşleri**

**Jenaýat jogapkärçiliginiň görnüşleri**

Şahsy (azatlykdan mahrum etmek, tussag etmek we ş.m)

Emläk (jerime, emlägi muzdsuz almak we ş.m)

Ahlak häsiýetli (günäni boýun almak, ýazgarmak we ş.m)

Jenaýat hukuk mejbur ediş çäreleriniň çäginde esasy orny jenaýatyň amala aşyrylmagy üçin jezalandyrmak eýeleýär. Jenaýat jogapkärçiligi hem-de jeza şol bir zat däldir. Kanun olary kesgitli çäklendirýär.

Jenaýat kanuny jenaýat jogapkärçiliginiň esasy hökmünde şahsyýet, jemgyýet ýa-da döwlet üçin howply hereketleriň ýa-da hereketsizlikleriň amala aşyrylmagyny kesgitleýär. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan jenaýatçylykly etmişleriň amala aşyrylmagynyň esasynda jenaýat hukuk häsiýetli çäreleri bellenilýär.

## § 4. Jenaýat jogapkärçiliginiň amala aşyrylyşy

Subýektleriň hukuklarynyň we borçlarynyň amala aşyrylmagy olaryň arasyndaky jenaýat hukuk gatnaşyklaryny kesgitleýär. Jenaýat jogapkärçiligini tamamlaýan kazyýetde jenaýat işiniň seredilmegi we jeza çäresiniň bellenmegi ýaly

ýuridiki faktlaryň (hukuk ýagdaýlaryň) ýüze çykmagy jenaýat hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň borçlarynyň we hukuklarynyň doly amala aşyrylmagyna şaýatlyk edýär.

Jenaýat jogapkärçiligini amala aşyrmakylygynyň jemleýji bölegi bu jenaýat hukuk namalarynyň ulanylyşydyr. Jenaýat jögapkärçiligine çekilmegini jenaýat kanunyny ulanýan edaralaryň aýratyn kabul edýän çözgütleri kesgitleýar. Oňa degişli namalar - şahsyýeti kanuny bozmakda günäkär diýip ykrar etmek we ol babatda äýyplow netijesini çykarmak, sahsyýete kazyýetiň aýyplaýyjy hökümi bilen jeza çäresini bellemek, jenaýat hukuk kadalaryna gabat gelýän sanksiýalary ulanmak ýa-da jenaýat jogapkärçiliginden we jeza çäresini çekmekden boşatmak.

Jenaýat hukuk namalary şu aşakdaky görnüşlere bölünýär:

1) Jeza çäresini ulanýan namalar.
2) Jenaýat jogapkärçiliginden hem jeza çäresini çekmekden boşadýan namalar.

Birinji görnüşe diňe aýyplaýjy hökümler degişli bolup durýärlar, çünki jenaýaty amala aşyrmak üçin jeza çäresini bellemek diňe kazyýetiň hökümi bilen ulanylyp bilner. İkinji görnüşe bolsa jenaýat hukuk namalaryna esaslanyp şahsyýeti jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jeza çekmekden boşadýan dürli aktlar girýär.

Jenaýat jogapkärçiliginiň meýletin görnüşde amala aşyrylmagy şahsyýetiň düşünjelilik hem meýletinlilik bilen jenaýat-hukuk gadagan etmelerini berjaý etmesinden, ýagny jenaýat etmezliginden ybaratdyr.

Jenaýat jogapkärçiliginiň amala aşyrylmagynyň iki görnüşini tapawutlandyrmalydyr:

1) jenaýat-hukuk namalaryny düşünjelilik bilen berjaý etmek;

2) jenaýat-hukuk namasynyň talaplaryny mejbury ýagdaýda (sanksiýalaryň ulanylmak howpy astynda ) berjaý etmek.

Jenaýat jogapkärçiligini döwlet mejbur ediş görnüşinde amala aşyrmagyň üç görnüşi bardyr:

a) Günäkäre jeza çäresini bellemezden çäre görmek.
b) Günäkäre jeza çäresini belläp, şol çäräni hakykat ýüzünde berjaý etmezlik.
c) Günäkäre jeza çäresini belläp, şol çäräni hakykat ýüzünde berjaý etmek.

Bularyň iň regressiw hem ýiti görnüşi jeza çäresini hakykat ýüzünde berjaý etmek çäresidir.

## § 5. Jenaýat jogapkärçiliginiň beýleki hukuk jogapkärçiliklerinden tapawudy

Jenaýat jogapkärçiligi dolandyryş, raýat, zähmet (düzgün-nyzaž)jogapkärçilikleri bilen bir hatarda hukuk jogapkärçiligin iň giň ýaýran görnüşiniň biridir. Şoňa görä-de jenaýatçylykly etmişi eden adamy jogapkärçiligin haýsy görnüşine çekilmelidigini kesgitlemek  üçin onuň haýsy kada-kanuny bozanlygyny  ýüze çykarmalydyr. Günäkäriň jogapkärçiligin haýsy görnüşine çekilmelidigi döwlet üçin perwaýsyz däldir,  adamlaryň  ykbaly bilen bagly bolup jenaýatyň ýüzüni görkezýän hadysadyr.

Jenaýatyň howplulygynyň  derejesi hukuk bozulma göra jemgyýet üçin has ýokary bolup durýar. Hukuk bozulmanyň diňe bir zyýanly netijesi nazara alynman, hem-de  jemgyýet uçin howplulygy nazara alynýar. Türkmenistanda diňe jenaýatlary ýok etmeklik wezipesini öňünde goýylman, beýleki hukuk bozulmalaryny aradan aýyrmak baradaky  wezipeleri amala aşyrýlýarler.

Döwletimiziň jenaýat kanunçylygy Jenaýat kodeksi esasynda hereket edýär we onuň talabyny berjaý etmeklik her bir adamyň mukaddes borjudyr bolup durýar. Jenaýat kodeksiň jemgyýrtçilik tertibini goramakda we jemgyýetçilik tertibini berjaý etmekde uly ähmiýeti bardyr. Jenaýat kodeksinde bellenen etmişlerden saklanylmadyk ýagdaýynda we şol hukuk bozulmalar jemgyýet üçin howply bolan halatynda kanunbvozulmalar jenaýat diýip hasaplanýar we kazyýet tarapyndan çykarylan hökümi esasynda olaryň edileni üçin jeza bellenilýär.

Jenaýatlar beýleki hukuk bozulmalaryndan tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýän, jemgyýetçilik howplulyk derejesi, birnäçe obýektiw we subýektiw ýagdaýlara baglydyr. Köp halatlarda jenaýat bilen beýleki hukuk bozulmalarynyň arasyndaky tapawudy hyýanatçylygyň obýekti boýunça kesgitlenilýar. Umumy kada boýunça jenaýatçylykly hyýanatçylyklaryň obýektleri beýleki hukuk bozulmalarynyň obýektlerine garaňda, has wajyp we has gymmatly. Muňa garamazdan, Jenaýat kodeksiniň jenaýatlary beýleki hukuk bozulmalaryndan tapawutlandyrýan has ýaýran obýektiw ýagdaýy, ol uly, düýpli we ep-esli zyýanyň ýüze çykmagy bilen bagly bolup durýar.

Jogapkärçiligin her-bir görnüşiniň aýratynlyklary, hukuk bozulmanyň maddy sypatlary we alamatlary bilen kesgitlenýär, oňa baglylykda jeza çäresini ullanmakylygyň häsiýeti we tertibi ýüze çykýar. Jenaýat jezasy diňe kazyýetiň hökümi esasynda ullanylyp bilner.

Jenaýat beýleki hukuk bozulmalaryndan jenaýat kanuna garşylygy bilen tapawutlanýar. Jenaýat elmydama jenaýat kanuna garşy gelýär we jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere howp ýetirýar. Beýleki hukuk bozulmalary barada aýdylanda bolsa, onda olar üçin jogapkärçilik diňe

degişli bir kanunda göz öňünde tutulan bolmaly. Jenaýat beýleki hukuk bozulmalaryndan özüniň hukuk netijeleri bilen tapawutlanýar. Diňe jenaýat kanuna garşy etmişiniň amala aşyrylmagy üçin höküm boýunça Iş kesilenlikaýby ýüze çykýar we onuň esasynda gelip çykýan dürli çäklendirmeler döreýär.

Düzgün-nyzam (zähmet) jogapkärçiligi bolsa, jenaýat tertibinde yzarlanmaýan, gulluk, iş boýunça borçlaryň we hukuklaryň bozulmagy bilen ulanylýar.

Raýat-hukuk jogapkärçiligi raýat-hukuk geleşiklerinden (ýagny deň hukukly taraplaryň arasynda gatnaşyklaryň ýüze çykýan geleşikleri) gelip çykýan borçlaryň we hukuklaryň bozulmagy bilen ýüze çykýar.

Dolandyryş jogapkärçiligine dolandyryş etmişlerini eden günäkär adamlar çekilýär. Oňa ygtyýarly edaralar (wezipeli adamlar) dolandyryş etmişlerine garşy dolandyryş temmilerini, käbir ýagdaýlarda bolsa, dolandyryş-dikeldiş çärelerini ullanýarlar.

Jenaýat jogapkärçiliginiň ýene bir aýratynlygy, ol meseläni kadalaşdyrýan hukuk namasynyň ýeke-täkligidir. Mysal üçin, eger jenaýat jogapkärçiligini diňe Jenaýat kodeksi arkaly kadalaşdyrylýan bolsa, dolandyryş jogapkärçiligi dürli-dürli kadalar bilen kadalaşdyrylýar, meselem, Kanunlar, Permanlar, Kararlar.

Jenaýat jogapkärçiliginiň dolandyryş jogapkärçiliginden ýene-de bir tapawutly tarapy, ýagny dolandyryş etmişiniň ilkinji gezek edilmegi dolandyryş jogapkärçiliginiň ýuze çykmagyna getirýär, ýöne ol etmişleriň gaýtadan edilmegi, ikisiniň ýa-da ondan köpüsiniň edilmegi jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykmagyna sebäp bolup bilýar. Ýöne munda, esasy aýratynlyk ýüze çykýar, ýagny edlen etmişi üçin günäkär resmi taýdan dolandyryş jogapkärçiligine çekilen

bolmaly, bu barada degişli resminamanyň bolmagy hökmanydyr. Eger-de sahsyýet, dolandyryş etmişi iki ýa-da ondan hem köp gezek eden bolsa we onuň üçin ol ozal dolandyryş jogapkärçiligi çekilmedik bolsa, onda jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykmaýar.

Meselem, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 138-nji (**Jelepçilik bilen meşgullanmak**), $207^1$-nji (**Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek görnüşdäki jezany çekmekden zandyýamanlyk bilen boýun gaçyrmak**), 222-nji (**Administratiwž gözegçiliginiň kadalarynyň bilkastlaýyn bozulmagy**), 223-nji (**Ýygnaklary, mitingleri, köçe ýörişlerini we demonstrasiýalary guramagyň we geçirmegiň tertibiniň bozulmagy**), $306^1$-njy (**Nasyň satmak maksady bilen taýýarlanylmagy, edinilmegi, saklanylmagy, daşalmagy, iberilmegi**) maddalary dolandyryş jogapkärçilikleri bilen aýrylmaz baglanşyklydyrlar.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 138-nji maddasyna laýyklykda, ozal jelepçilik bilen meşgullanandygy üçin dolandyryş temmisi berlen adam tarapyndan, temmi berlenden soňra bir ýylyň içinde gaýtadan jelepçilik bilen meşgullanandygy üçin, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimiden kyrkysyna çenli möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 207-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet tarapyndan belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek görnüşdäki jeza bellenen adamyň, agzalan jeza çäresini çekmekden zandyýamanlyk bilen boýun gaçyrandygy üçin bir ýylyň dowamynda dolandyryş temmi çäreleri iki gezek ulanylan bolsa, onuň bu etmişi gaýtadan etmegi jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykmagyna getirýär we zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimi bäşisinden ellisine

çenli möçberde jerime salmak ýa-da üç ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek jezasyny göz öňünde tutýar.

## Soraglar:

1. Jenaýat jogapkärçiligi barada düşünje.
2. Jenaýat jogapkärçiliginiň esaslary.
3. Jenaýat jogapkärçiliginiň görnüşleri.
4. Jenaýat jogapkärçiliginiň amala aşyrylylmagynyň tertibi.
5. Jenaýat jogapkärçiligin beýleki jogapkärçiliklerden tapawudy.

## Ulanylmaly edebiýatlar:


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010

12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Бажанов М.И. Назначение наказания. Киев. 1980
23. Горелик А.С. Наказание по совокупности. Красноярск. 1991

# Bap VII. Jenaýatyň düzümi barada düşünje

## § 1.Jenaýatyň düzümi barada düşünje we onuň hukuk ähmiýeti

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 4-nji maddasyna laýyklykda[1], jenaýat jogapkärçiligine diňe Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan jenaýatlaryň düzüminiň ähli alamatlary bolan etmişi eden adamlar çekilip bilner. Jenaýat hukugynyň we jenaýat iş ýöredişiniň tejribesinde jenaýatyň düzümi diýlip, anyk jemgyýetçilik howply etmişi jenaýat hökmünde häsiýetlendirýän, jenaýat kanuny tarapyndan bellenen obýektiw we subýektiw alamatlaryň toplumyna düşünilýär (mysal üçin, talaňçylyk ýa-da huligançylyk).

Jenaýat hukugy ylmynda seredilýän iň möhüm düşünjeleriň biri hem obýektiw we subýektiw alamatlaryň özara baglanşykdyr. Jenaýatyň düzümi – kanun tarapyndan kesgitlenen jemgyýetçilik howply etmişi jenaýat häsiýetlendirilýän hökmany obýektiw we subýektiw alamatlarynyň jemidir. Jenaýatyň düzüminiň elementleri – obýekt, obýektiw tarapy, subyektiw tarapy we jenaýatyň subýekti, jenaýatçylykly waka babatda umumy häsiýetnama bermäge we ony maddalaşdyrmaga ýardam edýär. Jenaýatyň düzümi we jenaýatyň maddalaşdyrylmagy jenaýat hukugynda esasy meseleleriň biri bolup durýändir.

Jenaýatyň anyk düzüminiň alamatlarynyň esasynda jenaýat hukugynyň nazaryýeti jenaýatyň düzümi hakynda umumy düşünjäni döredýar we Jenaýat kodeksiniň aýratyn böleginde göz öňünde tutulan jenaýatyň ähli düzümleriniň häsýetnamalaryny özünde saklaýar.

---

[1] Tüpкменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah 5-6

Jenaýatyň düzümi – bu jehnaýat kanuny tarapyndan kesgitlenen, jemgyýetçilik howply etmişi jenaýat hökmünde häsýetlendirilýän hökmany obýektiw we subýektiw alamatlaryň jemidir.

Jenaýatyň anyk düzümi hökmünde alamatlaryň toplumy bolup, onuň kömegi bilen kanun çykaryjy Jenaýat kodeksiniň aýratyn böleginiň anyk kadalarynda diňe bir jenaýatçylykly etmişi kesgytlemän, eýsem onuň jezalandyrmasyny, ýagny bu jenaýat üçin kazyýetiň bellemeli jezanyň görnüşini we onuň çäklerini kesgitlenýär. Şoňa laýyklykda, diňe kazyýet hökümiň esasynda, şahsyýetiň jenaýat etmeklikde günäkärligini kesgitläp, ony jezalandyryp bolar.

Türkmenstanyň Ýokary Kazyýetiň „Jenaýat işlerine kazyýetde garalanda kazyýetler tarapyndan iş ýörediş kanunçylygyň berjaý edilişi hakyndaky“[1] Kararynda etmişiň dogry maddalaşdyrmagynyň (kwalifikasiýasynyň) wajyplygyny belläp geçilýär. Jenaýatçylyga we hukuk bozulmalara garşy göreşi mundan beýläk hem güýçlendirmek boýunça hukuk goraýyş edaralarynyň ýakyndan özara ylalaşykly hereketlerini, kazyýet seljerişiniň jenaýat eden her bir adamyň adalatly jezalandyrylmagyny we ýekeje-de bigünä adamyň jenaýat jogapkärçiligine çekilmezligini üpjün edýän ýokary derejesini talap edýär. Jenaýatyň maddalaşdyrylmagy, bu özbaşdak amala aşyrylýan jemgyýetçilik howply etmişiň alamatlarynyň Jenaýat kodeksiniň anyk maddalarynda beýan edilen alamatlaryny deneşdirmek, ýagny jenaýatyň düzüminiň alamatlarynyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddalaryna gabat gelmegidir. Bu alamatlary diňe jenaýat

1 Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň çeňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat.2007, sah.111-116

kanuny tarapyndan kesgitlenilýär, olaryň jemi jenaýatçylykly wakany maddalaşdyrmak (kwalifikasiýa bermek) üçin hökmanydyr, jenaýatyň düzümi sülçiniň ýa-da kazynyň seretmegi bilen ozbaşdak doldurylyp ýa-da aradan aýrylyp bilinmez. Eger-de, jenaýatçylykly etmişiň we jenaýatyň düzüminiň alamatlary gabat gelýän bolsa, onda olar maddalaşdyrmak üçin hökmanydyr, olaryň deňligi kesgitlenýär. Bu bolsa jenaýatyň maddalaşdyrylmagynyň dogrulygyny göz öňünde tutýar.

Mysal üçin, **107-nji-nji madda "Saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirmek**[1]

(1) Syna bilkastdan agyr şikes ýetirilmegi adamyň janyna howp salsa ýa-da şonuň netijesinde adam görmekden, geplemekden, eşitmekden galsa, ýa-da haýsydyr bir edarasyny ýitirse, ýa-da haýsy-da bolsa bir edarasy, işlemekden kesilse, ýa-da ýüzi düzedip bolmajak bedroýlyga sezewar edilse, şeýle hem saglygyna, jany üçin howply bolan başga bir zyýan ýetip, umumy işe ýarawlylygynyň azyndan üçden bir bölegini uzak wagtlaýyn ýitirse, ýa-da professional işe ýarawlylygyny doly ýitirse, ýa-da göwresinden çagasy aýrylsa, ýa-da psihiki kesele ýoluksa,

üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş, eger:

a) göwreliligi günäkäre görnetin bolup duran aýal babatynda;

b) adamyň öz gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirmegi bilen baglanşykly şol adam ýa-da onuň ýakyn adamlary babatynda;

---

[1]Тüркменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah 50

ç)deslapdan dilleşmezden iki ýa-da şondan-da köp adam tarapyndan ýa-da deslapky dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

d) azap bermek ýa-da jebir bermek häsiýetindäki usul bilen;

e) umumy howply usul bilen;

ä)huligançylyk niýetleri bilen;

f)durmuş, milli, jyns ýa-da dini ýigrenç ýa-da duşmançylyk bilen;

g)guramaçylykly topar tarapyndan;

i) iki ýa-da köp adam babatynda;

i)gaýtadan edilse,

bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan etmişler jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan edilse ýa-da seresapsyzlyk boýunça jebir çekeniň ölmegine eltse,

alty ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Şunlukda jenaýatyň düzüminiň ähmiýeti şundan ybarat bolup durýar:

a) Jenaýatyň düzümi jenaýat jogapkärçiliginiň hukuk esasy bolup durýar.
b) Jenaýatyň düzümi jenaýatçylykly wakanyň dogry maddalaşdyrylmagynyň şertdir.

c) Jenaýatyň düzümi kazyýet tarapyndan bellenilýän jezanyň görnüşi we möçberi[1] ýa-da jenaýat hukuk häsiýetli beýleki çäreleriň kesgitlenmegi üçin esas bolup durýar.

---

1 Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň çeňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. Aşgabat.2007, sah.134

Jenaýatyň düzüminiň anyk kesgitlenmegi adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmekliginiň, kanunçylygy gözegçilik etmeginiň we berkitmeginiň güwäleriniň bir görnüşi hökmünde çykyş edýär.

Dürli jenaýatlaryň düzümlerini beýan etmeklikde kanun çykaryjjy onuň alamatlaryny mümkin boldugyça anyklaşdyrmaga ymtylýar. Şunda Jenaýat kodeksiniň diňe Aýratyn böleginiň maddalaryny ulanman, eýsem Jenaýat kodeksiniň Umumy böleginiň düzgünleri ulanylýar. Şunlukda jenaýatyň düzüminiň umumy düşünjesi Jenaýat kodeksiň haýsydyr bir kadasynda berilmän, eýsem ol jenaýat hukugynyň nazaryýetinde jemlenilip, etmişiň jenaýatyň hukuk häsýetnamasyny özünde saklaýar.

Jenaýatyň düzüminiň umumy düşünjesi uly ylmy aň ýetiriş ähmiýetine eýedir. Jenaýatyň anyk düzümlerine aň ýetiriş, okuw prosesinde diňe jenaýat hukugynyň möhüm basgançagy hökmünde ulanman, eýsem deslapky seljerme edaralarynyň we kazyýetiň işinde zerur bolup durýar.

## § 2. Jenaýatyň düzüminiň elementleri we olaryň häsiýetleri

Jenaýat hukugy ylmy jenaýatyň düzüminiň alamatlaryny jemläp jenaýatyň düzümi babatda umumy pikiri döretdi we ol hökmany we fakultatiw alamatlaryň sanowuny saklaýar.

Hökmany alamatlary diýlip, jenaýatyň ähli anyk düzümlerine degişli alamatlary atlandyrylýar. Jenaýatyň hökmany alamatlary şulardan ybarat:

a) Jenaýatyň obýektine häsiýetnama bermek üçin jenaýata ugrukdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklary;

b) obýektiw tarapyň häsýetnamasy bermek üçin jemgyýetçilik howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik), zyýanly netije we olaryň arasyndaky sebäpli baglanşyk;

c) subýektiw tarapa häsýetnama bermek üçin günä (bilkastlaýyn ýa-
da seresapsyzlyk);

d) subýekte häsýetnama bermek üçin fiziki tarap (adam), akyly
düzüw we jenaýat jogapkarçiligine degişli ýaşa ýeten.

Fakultatiw alamatlary ähli düzümlerde bolmaýarlar, olar jenaýatlaryň käbirine degişli alamatlary. Fakultatiw alamatlar jenaýatyň düzüminiň ähli elementlerini goşmaça häsýetlendirip bilýär.

a) Obýekt üçin goşmaça alamatlary ol jenaýatyň predmeti;

b) Obýektiw tarapy üçin - jenaýatyň usuly, jenaýaty amala aşyrmagyň wagty, ýagdaýy, ýaragy, serişdesi we ş.m.;

ç) Subýektiw tarap üçin - Jenaýatyň maksady we delili.

Jenaýat düzümiň fakultatiw alamatlary jenaýat hukugynda jenaýatçylykly wakalary maddalaşdyrmak üçin hökmanydyr, sebäbi kanun çykaryjy esasy düzümiň alamatlary bilen bilelikde Jenaýat kodeksiniň aýratyn böleginiň maddasynyň dispzisiýasynda goşmaça alamatlary hem görkezýär.

**Çyzgy № 21. Jenaýatyň düzüminiň Obýektiw we Subýektiw alamatlary**




Soňky iki alamat jenaýat kanunynda düzümleriň beýan edilşiniň usullary we ýollary bilen baglanşyklydyr.

Jemgyýetçilik howplylyk derejesi boýunça düzümiň dört görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) Esasy düzüm;

2) Ýeňilleşdirilýän ýagdaýly düzümler;
3) Agyrlaşdyrýan ýagdaýly düzümler;
4) Has agyrlaşdyrýan ýagdaýly düzümler.

Jenaýatlaryň anyk jemgyýetçilik howpuny göz öňünde tutup, jenaýat kanuny olaryň düzümlerini dürli maddalarda ýa-da maddanyň bir böleginde häsýetlendirýär. Meselem, mukdary (jenaýaty birden köp gezek amala aşyran), hili (düýpli zyýan, agyr netijeler we beýleki alamatlary) we şunä meňzeş häsýetnamalar saýlanýar. Dürli düzümleriň gurluşynda kanun çykaryjy mukdar we hil alamatlaryny onuň agyrlyk derejesini häsiýetlendirmek üçin ulanylýar. Kadalarda saglyga agyr şikes ýetirmeklik üçin (TJK-niň 107-nji-nji-nji, 109-njy-njy-njy, 110-njy, 115-nji maddalar) we orta agyrlykda şikes ýetirmeklik (TJK-niň 111-nji madda) üçin jogapkärçilik kesgitlenendir.

Mysal üçin, **109-njy-njy madda. "Gazaplanma ýagdaýynda saglyga bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirmek**[1]

Jebir çekeniň zorluk etmegi, masgaralamagy ýa-da gaty kemsitmegi netijesinde ýa-da gaýry kanuna ters gelýän ýa-da ahlaksyz hereketleri (hereketsizligi), şonuň ýaly-da jebir çekeniň yzygiderli hukuga ters gelýän ýa-da özüni ahlaksyz alyp barmagy bilen döran uzak wagtlap akyla zeper ýetirýän ýagdaý netijesinde birden dörän güýçli psihiki tolgunmasy (gazaplanmasy) ýagdaýynda saglyga bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirene,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Ýa-da **110-njy madda. "Zerur goranyş çäklerinden çykmak bilen ýa-da jenaýat eden adam tutulanda saglyga bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirilmegi**[1]

[1] Türkменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.54

(1) Zerur goranyş çäklerinden çykmak bilen saglyga bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirene,

bir ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da bir ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Jenaýat eden adamy tutmak üçin zerur bolan çäklerden çykmak bilen onuň, saglygyna bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirene,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Ýa-da **115-nji madda. "Saglyga seresapsyzlyk bilen agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirmek**[2]

(1) Saglyga seresapsyzlyk bilen agyr şikes ýetirene,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimisinden ellisine çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Saglyga seresapsyzlyk bilen ortaça agyr şikes ýetirene,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň onusyndan otuzysyna çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da bir ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär".

Käbir beýleki maddalarda ýa-da maddanyň böleklerinde ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan, has agyrlaşdyrýan ýagdaýlar tapawutlandyrylýar. Mysal üçin, 107-nji-nji-njy maddanyň[3] 1-njy böleginde saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirmekligiň esasy düzümiň alamatlary berlendir, **"Saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirmek**

(1) Syna bilkastdan agyr şikes ýetirilmegi adamyň janyna howp salsa ýa-da şonuň netijesinde adam görmekden,

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah. 54
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 56
[3] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.52

geplemekden, eşitmekden galsa, ýa-da haýsydyr bir edarasyny ýitirse, ýa-da haýsy-da bolsa bir edarasy, işlemekden kesilse, ýa-da ýüzi düzedip bolmajak bedroýlyga sezewar edilse, şeýle hem saglygyna, jany üçin howply bolan başga bir zyýan ýetip, umumy işe ýarawlylygynyň azyndan üçden bir bölegini uzak wagtlaýyn ýitirse, ýa-da professional işe ýarawlylygyny doly ýitirse, ýa-da göwresinden çagasy aýrylsa, ýa-da psihiki kesele ýoluksa,

üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

108-njy-njy maddanyň[1] 1-njy böleginde **Saglyga ortaça agyrlykdaky şikesi bilkastdan ýetirmekligiň** düzümi,

(1) Syna bilkastdan şikes ýetirlmegi ýa-da saglyga gaýry zyýan ýetirlmegi adamyň jany üçin howply bolmasa we şu Kodeksiň 107-nji-nji -maddasynda göz öňünde tutulan netijelere getirmese, ýöne welin saglyga uzak wagtlaýyn zyýan ýetiren ýa-da umumy işe ýarawlylygyň üçden bir böleginden azynyň ep-esli wagtlap ýitirilmegine getiren bolsa, munuň üçin,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

TJK-niň 111-nji maddadasynda[2] **Saglyga bilkastdan ýeňil şikes ýetirmekligiň** düzümi beýan edilendir we beýlekiler:

Syna bilkastdan ýeňil şikesiň ýa-da saglyga başga zyýanyň ýetirilmegi saglyga gysga wagtlaýyn zyýan ýetirilmegine ýa-da umumy işe ýarawlylyk wagtynyň birneme ýitirilmegine getiren bolsa,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň onusyndan ýigrimisine çenli bolan möçberde jerime salynýar

[1] Türkменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.53
[2] Türkменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.54

ýa-da bir ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da alty aý azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Edilen jenaýatyň agyrlygy jezanyň görnüşine we ölçegine täsir edýändir.

Gurluşy boýunça, beýan ediş usuly boýunça, jenaýat hukugy ylmynda düzümleriň üç görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) Ýönekeý;
2) Çylşyrymly;
3) Saýlama.

Ýönekeý düzumiň mysaly bolup, 101-nji maddanyň 1-nji böleginde görkezilen ýagdaýda.[1]

Çylşyrymly düzümlerde alamatlaryň köp ölçegli beýan edilýär, meselem, iki obýekt ýa-da birnäçe hereketleriň alamatlary, ýa-da birnäçe netijeleriň üýze çykmagy.

Mysal üçin, **231-nji madda “Garakçylyk**[2]

(1) Başga biriniň emlägini almak maksady bilen, adamyň jany üçin ýa-da saglygy üçin howply bolan zorlugy ulanmak ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny salmak bilen birlikde çozuş (garakçylyi)edene,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Amala aşyrylan garakçylyk:

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

b) ýaşaýyş jaýyna, başga jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girmek bilen;

ç)ýarag ulanmak ýa-da ýarag hökmünde başga predmetleri ulanmak arkaly;

d) gaýtadan;

---

[1] Tüpкменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.50
[2] Tüpкменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.101

e) raýata ep-esli möçberde zyýan ýetirmek bilen edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp, ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu aşakdaky ýagdaýlarda garakçylyk amala aşyrylanda:

a) uly möçberli zyýan ýetirmek bilen;

b) guramaçylykly topar tarapyndan garakçylyk edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp, ýa-da muzdsuz alman alty ýyldan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şular ýaly ýagdaýlarda garakçylyk edilende:

a) aýratyn uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) jenaýatçy toparlanyşyk tarapyndan;

ç)jebir çekeniň saglygyna düýpli zyýan ýetirmek bilen garakçylyk edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Ýa-da, zorlamagyň düzümi (134-nji madda) iki hereketi görkezýär, ejir çekene güýç ulanmak ýa-da güýç ulanmak howpuny döretmek we onuň erkine garşy gidip jyns gatnaşyklaryna girmekligi. “ **Zorlamak**[1]

(1) Aýal-gyzlary zorlana, ýagny fiziki zorlugy ulanyp, gorkuzyp, şeýle hem jebir çekeniň biçäreliginden peýdalanyp, zyna edene,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, üc ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

---

[1] Türkmenistanyñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.63-64

(2) Aýal-gyzlary zorlamak:

a) gaýtadan edilse;

b) deslap dilleşmezden iký ýa-da şondan-da köp adam ýa-da deslapky dilleşek boýunça adamlar topary tarapyndan edilse;

ç)jebir çekeni horlamak bilen edilse;

d) jebir çekene weneriki kesel ýokaşdyrsa;

e) kämillik ýaşyna ýetmedikdigi görnetin bolsa,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, bäş ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Aýal- gyzlary zorlamak:

a) seresapsyzlyk boýunça jebir çekeniň ölmegine getirse ýa-da onuň saglygyna agyr şikes ýetirse ýa-da ona SPID keselini ýokaşdyrsa;

b) jebir çekeniň on dört ýaşyna ýetmedikdigi görnetin bolsa,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, on ýyldan ýigrimi bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Saýlawly düzüm - çylşyrymly düzümiň iň köp gabat gelýan görnüşi hasaplanýar. Kanunberiji Jenaýat kodeksiniň aýratyň bölüminiň maddasynyň dispozisiýasynda sanalan hereketleriniň haýsy-da bir biriniň amala aşyrmagyny jenaýat diýip kesgitleýar. Bellenilen hereketleň islendik biriniň amala aşyrylmagy şol jenaýatyň obýektiw tarapyny häsýetlendirýär.

Obýektiw tarapyň gurluşy boýunça ýagny, beýan edişiň ugry boýunça düzümiň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

**1. Maddy düzümli jenaýatlar.**

**2. Formal düzümli jenaýatlar.**

**Maddy düzümli jenaýat** - bu jenaýat kanuny arkaly, jenaýatyň obýektiw tarapyny diňe bir hereketiň ýa-da hereketsizligiň üsti bilen häsiýetlendirilmegi däl-de, eýsem şonuň ýaly etmişiň jemgyýetçilik howply netijeleriniň häsýetnamasyna degişli alamatlaryň üsti bilen beýan edilýän jenaýatdyr. Başgaça aýdylanda, jenaýatyň jemgyýetçilik howply netijeleri hökmany alamat hökmünde Jenaýat kodeksiniň aýratyn böleginiň namalarynyň dispozisýalarynda görközilýär. Maddy düzümli jenaýatlary tapawatlandyrýan aýratynlyk, ol zyýanly netije. Jenaýat gutarylan diýlip hasap edilýär, haçan-da amala aşyrylan jenaýatçylykly etmişiň esasynda jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilse. Muňa mysal hökmünde ogurlyk bilen bagly jenaýata seredilip bilner. Sebäbi diňe jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna (eýeçilik bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklary) zyýan ýetirilse, ogurlyk bilen bagly jenaýat gutarylan diýlip hasap edilýär. Eger-de Jenaýat kodeksiniň 227-nji[1] maddasy tarpyndan goralýan kesekiniň emlägine hiç-hili zyýan ýetirilmese, ol jenaýat gutarylmadyk diýlip hasap edilýär. Diýmek, ýa jenaýata taýýarlyk görmek döwri ýa-da jenaýata kast etmek döwri ýüze çykýar.

**Formal düzümli jenaýat** - bu jemgyýetçilik howply netijeleriň obýektiw tarapynyň hökmany alamatlary hökmünde beýan edilmedik halatynda ýüze çykýar. Ol halat jenaýat hukuk namasynyň dispozisýasynda görkezilmedikdir. Jenaýat kodekisiniň Aýratyn böleginiň maddasynyň dispozisiýasynda diňe bir esasy alamatynyň görnüşi görkezilendir, kanunda görkezilen hereketleriniň amala aşyrylmagy eýýam jenaýatyň gutarandygyny subut edýär. Mysal üçin; Banditçiligiň düzümi jenaýatyň obýektiw tarapyny

---

[1] Түркменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.97-98

diňe haýsy-da bir hereket bilen häsýetlendirilip bilner, ýagny harby topary döretmek (bandalar), banda gatnaşmak, banda ýolbaşçylyk etmek ýa-da banda çozuşlary amala aşyrylanda gatnaşmak, mysal üçin TJK-niň 205-nji maddasy **"Gulluk syrynyň aýan edilmegi**[1]

(1) Düzüminde gulluk syry ýa-da başga maglumatlar bolan, gullugy boýunça özlerine ynanylan ýa-da jenaýatyň ýüze çykmagy, jenaýatyň öňüniň alynmagy ýa-da edilen jenaýatyň derňelýän mahaly özlerine mälim bolan gulluk syryny ýa-da başga maglumatlary prokuratura, içeri işler, milli howpsuzlyk edaralarynyň işgäri ýa-da anyklaýyş geçirýän adam tarapyndan aýan edilendigi üçin,

bäş ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek jezasy berilýär ýa-da zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimisinden kyrkysyna çenli bolan möçberde jerime salynýar.

(2) Şonuň ýaly hereket, eger ol betnebislik ýa-da başga bir şahsyýeti bähbitlerden ugur alnyp edilen bolsa,

bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketler agyr netijelere getiren bolsa,

iki ýyldan ýedi ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Jenaýat hukugynyň ylmy jenaýatyň düzüminde nazarýet nusgasyny döredip, alamat we element düşünjelerni tapawutlandyrýar. Jenaýatyň düzüminiň alamatlary - jenaýatyň has düýpli häsýetleriniň kanun çykaryjylyk anyk häsýetnamasydyr.

Jenaýatyň düzüminiň elementleri, bu kanun tarapyndan jenaýat diýip yglan edilen jemgyýetçilik howply etmişiň dürli

---

[1] Тüркменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.89

talaplaryna laýyk gelýän alamatlarynyň toplumyny saklaýan düzüminiň gurluşynyň düzüm bölegidir. Her jenaýat etmişi adamyň özüni alyp barşynyň obýektiw we subýektiw häsýetleriň umumy bitewiligini göz öňünde tutýar. Jenaýatyň düzüminiň alamatlary we elementleri bitewilikde jenaýat diýip yglan edilýän anyk jemgyýetçilik howply etmişi görkezýär. Jenaýatyň düzüminiň elementleri jenaýatyň dürli taraplaryna laýyk gelýär. Jenaýatyň obýekti, obýektiw tarapy, subýektiw tarapy we subýekti boýunça jenaýatyň tapawutlandyryjy alamatlary häsýetlendirýär we ol ýagdaýlar her bir düzümi beýlekiden tapawutlandyrmaga ýardam berýär. Düzümiň alamatlary dört topara bölünýär we häsýetlendirilýän dört elemente laýyk gelýär.

Jenavatyň obýektiw tarapy şulardan ybaratdyr:

1. **Jenaýatyň obýekti.**
2. **Obýektiw tarapy.**
3. **Subýektiw tarapy.**
4. **Jenaýatyň subýekti.**

Obýekti we obýektiw tarapy häsýetlendirýän alamatlary obýektiw hakykat hadysalaryny aňladýar we obýektiw alamatlary diýlip atlandyrylýar.

Subýektiw tarapy we subýektiň häsýetnamasyna degişli alamatlary jenaýat eden adamynyň subýektiw alamatlaryny görkezýär, şonuň üçin hem subýektiw alamatlary diýip atlandyrylýar. Jenaýatyň düzümleri elmydama onuň elementleri bilen gabat gelýär, ýöne olaryň alamatlary elmydama özbaşdakdyr. Mysal üçin, ogurlugyň düzümi: (TJK-niň 227-nji maddasysy)[1] “ **Ogurlyk**

(1) Ogurlyk edene, ýagny başga biriniň emlägini gizlinlik bilen ogurlana,

---

[1] Türkменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.97-98

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň onusyndan elisine çenli möçberde jerime salynçar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şu aşakdaky ýagdaýlarda ogurlyk edene:

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topar tarapyndan edilen bolsa;

b) gaýtadan;

ç)ýaşaýyş jaýyna, başga jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girilip ogurlyk edilen bolsa;

d) edilen ogurlyk raýata ep-esli möçberde zyýan ýetiren bolsa, emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman,

üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şeýle ýagdaýlarda ogurlyk edene:

a) uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) guramaçylykly topar tarapyndan ogurlyk edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, alty ýyldan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şular ýaly ýagdaýda ogurlyk edene:

a) aýratyn uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan ogurlyk edene,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

BELLIKLER.

1. Şu Kodeksiň maddalarynda ogurlyk diýlip, kesekiniň emläginiň kada-düzgüne ters ýol bilen mugt alynmagyna we (ýa-da) günäkäriň ýa-da başga adamlaryň peýdasyna geçirilmegine, betnebislik maksatlary bilen amala aşyrylyp,

hususyýetçä ýa-da şol emlägiň başga eýesine zyýan ýetirilmegine düşünilýär.

2. Şu babyň maddalarynda görkezilen emlägiň uly möçberi diýlip, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýüzüsinden artykmaç gelýän emlägiň bahasy; aýratyn uly möçberi diýlip bolsa, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň iki ýüzüsinden artykmaç gelýän emlägiň bahasy hasap edilýär.

Ýetirilen zyýanyň möçberi hasaplanylan mahalynda zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberi diýlip, jenaýat edilen pursatyna çenli Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen iş hakynyň ortaça derejesine düşünilýär, uzaga çeken we dowam edýän jenaýatlar boýunça bolsa, degişlilikde jenaýatçylykly hereketiň gutaran pursatyna çenli ýa-da iň soňky jenaýat edilen pursata çenli kanun tarapyndan bellenilen iş hakynyň ortaça derejesine düşünilýär.

3. Şu Kodeksiň 227-233-nji maddalarynda gaýtadan edilen jenaýat diýlip, şu maddalarda göz öňünde tutulan jenaýatlardan birini ýa-da birnäçesini ozal eden adam tarapyndan edilen jenaýat hasap edilýär, şeýle hem şu Kodeksiň garakçylyk üçin, radioaktiw materiallaryny ogurlamak ýa-da gorkuzyp almak, ýaragy, ok-därileri, partlaýjy maddalary ýa-da partladyş enjamlaryny ogurlamak ýa-da gorkuzyp almak, neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny ogurlamak ýa-da gorkuzyp almak üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalardaky jenaýatlardan birini ozal eden adam tarapyndan edilen jenaýat hasap edilýär”.

Köp alamatlary boünça talaňçylygyň (TJK 230-njy maddasy)[1] düzümi bilen gabat gelýär, ýöne şu jenaýatlaryň

---

[1] Тüркменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.100

alamatlary jenaýaty häsýetlendirýän usullarynyň alamatlary boýunça tapawutlanýarlar, **“Talaňçylyk**

(1) Talaňçylyk edene, ýagny kesekiniň emlägini aç-açan ogurlana,

bir ýyldan iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şu aşakdaky ýagdaýlarda talaňçylyk edene:

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilen bolsa;

b) gaýtadan;

ç)ýaşaýyş jaýyna, başga jaýa ýa-da zat saklakylýan jaýa girmek bilen;

d) jebir çeken adamyň ömri ýa-da saglygy üçin howply bolmadyk zorlugy ulanmak bilen ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny salmak bilen;

d) raýata ep-esli möçberde zyýan ýetirmek bilen edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Talaňçylyk şular ýaly ýagdaýlarda amala aşyrylanda:

a) uly möçberde;

b) guramaçylykly topar tarapyndan edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, alty ýyldan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şu aşakdaky ýagdaýlarda talaňçylyk amala aşyrylanda:

a) aýratyn uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Jenaýatyň düzümini çykarmak, bu jenaýat kodeksinde görkezilen, jenaýatyň ähli alamatlaryny özünde jemleýän etmişiniň amala aşyrmagy üçin jenaýat eden adamy, jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň hukuk esasydyr. Jenaýatyň düzümi – bu jenaýat kanunynda jenaýat hökmünde seredilen jemgyýetçilik howpy etmişi döredýän alamatlaryň we elementleriň jemidir.

## §3. Jenaýatyň obýekti

Jenaýatyň düzüminiň (sostawynyň) birinji elementi obýektdir. Jenaýatyň obýekti diýip, Jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna aýdylýar. Jenaýatyň obýekti görnuşi boýunça: **1) umumy, 2) bir kysymly (ýörite toparlara birikdirilen), 3) gönüden-göni obýektlere** bölünýär.

1. **Jenaýatyň umumy obýekti** – bu jenaýatyň kanunda tutuş goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň umumy jemi. Jenaýatyň umumy obýekti ol ähli jenaýatlar üçin umumy bolan obýektdir. Her bir jenaýat ahyrky netijede jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik bahbidine umumy möçberde hyýanat edýändir. Şunlukda umumy obýekt - bu jenaýat kanuny tarapyndan goralýan ähli jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr.

Jenaýatyň umumy obýektleriniň sanawy TJK-nyň 2-nji maddasynda görkezilendir[1]. Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy şahsyýet, raýatlaryň hukuklary we azatlyklary, jemgyýetiň we döwletiň bähbitleri, eýeçilik, jemgyýetçilik

[1] Тüркменистаныñ Jенаят kodeksi.A., 1997, sah.4

tertibi, Türkmenistanyň Garaşsyzlygy, konstitusion gurluşy we Bitaraplyk statusy, parahatçylyk we adamzadyň howpsuzlygy bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny jenaýatyň umumy obýektleri hökmünde göz önünde tutýar.

Bu wezipeleri amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň Jenaýat kanunçylygy jenaýat jogapkärçiliginiň esaslaryny we ýörelgelerini berkidýär, jemgyýetçilik howply bolan haýsy etmişleriň jenaýat bolup durýandygyny kesgitleýär we şolaryň edilendigi üçin jezalary we gaýry jenaýat-hukuk täsir çärelerini belleýär.

2. **Jenaýatyň bir kysymly obýekti** (ýörite toparlara TJK-de birikdirilek)– oňa birmeňzeş, bir görnüşli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň aýratyn toparçalary degişlidir. Jenaýatyň ýörite obýektinyň sanawy, Jenaýat kodeksiniň Aýratyň bölüminiň baplarynyň atlarynda görkezilendir. Jenaýatyň bir kysymly obýekti (ýörite toparlara TJK-de birikdirilek)- ähli jenaýatlar üçin meňzeş bolmadyk, eýsem jenaýatyň aýry toparlaryna degişli obýektdir. Jenaýatyň bir kysymly obýekti (ýörite toparlara TJK-de birikdirilek) - birmeňzeş jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň giň topary boýunça toplumyndan ybaratdyr. Bu obýektler Jenaýat kodeksiň Aýratyn böleginiň ulgamyny gurmak üçin esas bolup hyzmat edýär we ähli jenaýatlary toparlara bölüp, böleklere birleşdirýär. Mysal üçin, Jenaýat kodeksiň 7-njy baby, şahsyýete garşy jenaýatlary birleşdirýär. Olar bir kysymly obýekti boýunça bir topara berkidilip, ýagny bu jenaýatlarda, şahsyýet bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ýörite obýekti bolup durýarlar. Bu tertip Jenaýat kodeksiniň ähli böleklerinde gurluş ulgamynyň bitewi ýörelgesi bolup durýar.

3. **Jenaýatyň gönüden-göni obýektine** anyk jenaýat tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklary degişli bolup durýar. Jenaýatyň gönüden-göni obýektleryň sanawyny

dikeltmek üçin Jenaýat kodeksiniň anyk maddalaryny öwrenmek zerurdyr. Gönüden – göni obýekte jenaýatyň esasynda zyýan ýetirýän özbaşdak, hususy jemgyýetçilik gatnaşyklary degişli bolup durýar.

Gönüden-göni obýekti ýörite obýektiň bölegi bolup, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň has anyk görnüşini görkezýär we obýektler boýunça jenaýatlary Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň anyk maddasy boýunça maddalaşdyrmaga esas bolup hyzmat edýär. Gönüden-göni obýekt, bu jemgyýetçilik howply hyýanatçylygyň bolup geçýän gönüden-göni obýektidir. Gönüden-göni obýekt jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň jemidir, ýöne ýörite obýekti bilen deňeşdirilende, ýörite - has çuň göwrümdedir, gönüden-göni bolsa, etmişi anyk jenaýatlardan ýa-da birnäçe jenaýatlardan çäklendirýändir. Bir gönüden-göni obýekte hyýanat edilýän jenaýatlar toparyna mysal bolup, saglyga beden zyýanyny ýetirmek hyzmat edýändir we onuň üçin jogapkärçilik Jenaýat kodeksiniň 107-115-nji maddalarynda göz öňünde tutulandyr. Saglyga zeper ýetirmekligiň ähli görnüşlerinde (uly bolmadyk agyr, agyr, aýratyn agyr) beýleki alamatlaryň köpliginde gönüden-göni obýekti bolup, tebigy gymmatlygyň saklanmagyny üpjün edýän gatnaşyklaryň jemi, adamlaryň saglygy bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklary çykyş edýär.

Obýektleriň umumy, bir kysymly we gönüden-göni görnüşlerini maddalaşdyrmakda bitewi, bitewiniň bölegi, bölegiň bölegi ýaly dialektiki gatnaşykdan ugur almak zerurdyr. Bu düşünjeleriň anyk häsýetnamasy jemgyýetçilik gatnaşyklaryň mazmunyna, düzümine esaslanyp, umumy, aýratyn we bir bitewi düşünjelerine laýyk gelýär. Mysal üçin, **Ogurlukda** (TJK-niň 227-nji maddasy) umumy obýekt bolup, bu jenaýat kanuny tarapyndan goralýan ähli jemgyýetçilik gatnaşyklaryň jemidir. Bir kysymly obýekt (bitewi bölegi we

aýratyk)- eýeçilik gatnaşyklary bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklary. Gönüden-göni obýekt (bölegiň bölegi we bir bitewi) eýeçilikiň anyk görnüşi, meselem, hususy, döwlet we eýeçilikiň beýleki görnüşleri bolup durýar.

Diýmek, jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklary diýemizde, bu alamatlaryň arasynda, guramalaryň, döwletiň we raýatlaryň arasyndaky haýsydyr bir bähbitleri we durmuş gymmatlyklary babatda dörän gatnaşyklary göz öňünde tutýarys. Şunlukda islendik jenaýatyň obýekti bolup, jenaýat kanuny tarapyndan hyýanatçylykdan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklary çykyş edýär.

Obýektden jenaýatyň predmetini tapawutlandyrmak zerurdyr. Jenaýatyň pretmeti - bu jenaýat tarapyndan gönüden-göni täsir edilýan daşky dünýäniň anyk zadydyr. Jenaýatyň predmeti we obýekti ozara berk baglanşyklydyr. Jenaýatyň predmety elmydama jenaýatyň obýekti hökmünde çykyş edýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryň elementi hasaplanylýar. Mysal üçin, bankdan puluň ogurlanmagynda, jenaýatyň obýekti bolup eýeçilik bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklary çykyş edýärler, jenaýatyň pretmeti bolsa, pul serişdeleri çykyş edýärler.

## § 4.Jenaýatyň obýektiw tarapy

Ýökarda görkezilişi ýaly, jenaýatyň düzümini düzýän obýektiw alamatlara obýekt, ýagny jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitler (Türkmenistanyň JK-niň 2-nji maddasynyň 1-nji bölegi) we jenaýatyň obýektiw tarapy degişli bolup durýar. **Jenaýatyň obýektiw tarapy** - jenaýat eden adamyň daşky jenaýatly hereketini özünde jemleýär. Jenaýatyň obýektiw tarapy hukuk kadaň dispozisiýasynda belenýär .

Jenaýatyň obýektiw tarapy - bu jenaýatyň obýektiw hakykatda daşky ýüze çykmagydyr we duýgylar organlary bilen kabul edijilikdir. Şunuň esasynda, jenaýatyň obýektiw tarapy eşitmek, görmek, aňmak we tagam arkaly kabul edip boljak mümkinçiligiň ýüze çykarylmagydyr.

Islendik jenaýatyň obýektiw tarapynyň häsiýetleri jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan edýän ýa-da zyýan ýetirmägi mümkin edýan jemgyýet üçin howply hereketleri ýa-da hereketsizlikleri amala aşyrmagydyr. Jenaýatyň obýektiw tarapynyň häsiýetlerini etmişiň, wagtyň, we beýleki ýagdaýlaryň usulyndaky aýratynlyklaryň esasynda ýüze çykarylyp bilner. Şunuň bilen baglylykda islendik jenaýatyň obýektiw tarapy umumylaşdyrylan görnüşde häsýetlendirilýär ýagny, jenaýatyň düzüminiň umumy düşünjesinde jemgyýetçilik howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik), onuň usuly, wagty, orny, ýagdaýy, jenaýaty amala aşyrmagyň enjamlary we serişdeleri, jemgyýetçilik howply netijeleri we etmiş bilen jenaýatçylykly netijeleriň arasyndaky sebäpleýin arabaglanşyklar ýaly alamatlary görnüşinde görkezilýär.

Jenaýatyň obýektiw tarapyna, jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýatçylykly etmişi (jemgyýetçilik howply hereket ýa-da hereketsizlik), jenaýatçylykly netijäni, olaryň arasyndaky sebäpli baglanyşygy (etmişiň we netijäniň arasyndaky sebäpli baglanşyk), jenaýatyň ýerini, wagtyny, ýagdaýyny, usulyny, jenaýatyň etmeginiň guralyny we serişdelerini häsiýetlendirýän daşky alamatlary degişli bolup durýar.

Hereket diýip adamyň jemgyýet üçin howply, erkli we aktiw (işjeň) özüni alyp barmagyna aýdylýar. Hereketsizlik diýip, adamyň öz üstünde ýatan etmeli we edip biljek borçlaryny etmezligi bilen baglanşykly jemgyýetçilik howply, erkli we passiw (gowşak) özüňi alyp barmakylygyna garalýar.

Jenaýatçylykly netije diýlende, jemgyýetçilik howply etmişiň (hereket ýa-da hereketsizlik) edilmegi netijesinde, jenaýat-hukuk goragynyň obýektine, jenaýat kanunynda görkezilen, bell bir zyýanyň ýetirilmegi göz öňünde tutulýar. Sebäpli baglanşyk bolsa, jemagyýetçilik howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik) bilen ýuze çykan jenaýatçylykly netijäniň arasynda bolan obýektiw baglanşykdyr. Jenaýatyň edilen ýeri diýlip, onuň amala aşyrylan bell bir çägi bolupdurýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 321-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "w" bendine laýyklykda bikanun aw üçin jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykýar, eger-de aw goraghananyň ýa-da zakaznigiň çäginde amala aşyrylan bolsa. **"Bikanun aw**

(1) Aw awlamagyň bellenilen düzgünlerini bozmak bilen haýwanlary we guşlary awlamagy amala aşyrandygy üçin,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäşisinden onusyna çenli bolan möçberde jerime salmak ýa-da bir ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly hereketler, eger:

a) uly zyýan ýetiren bolsa;

b) mehaniki ulag serişdelerini, partlaýjy maddalary, gazlary we beýleki usullary ulanmak arkaly wagşy haýwanlary we guşlary köpçülikleýin gyran bolsa;

ç)goraghananyň ýa-da zakaznigiň çäginde amala aşyrylan bolsa;

d) awlanylmagy bütinleý gadagan edilen wagşy haýwanlar we guşlar babatda;

e) gulluk wezipesinden peýdalanmak bilen;

ä)deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan amala aşyrylan bolsa,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimi bäşisinden ýetmiş bäşisine çenli bolan möçberde jerime salmak

ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Jenaýatyň amala aşyrylan wagty diýlip, jenaýatyň amala aşyrylyp bilinjek bell bir wagtyň dowamyna düşünilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 149-njy maddasyna laýyklykda, **"Saýlaw hukugynyň amala aşyrylmagyna we referenduma gatnaşmak hukugyna päsgel bermek**

(1) Saýlaw hukugynyň amala aşyrylmagyna ýa-da referenduma gatnaşmak hukugyna päsgel berene,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäşden onusyna çenli möçberde jerime salynýar ýa-da bir ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş bermit bermek, aldamak, fiziki zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbaty bilen birleşdirilip edilse,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Saýlaw hukugynyň amala aşyrylmagyna we referenduma gatnaşmak hukugyna päsgel bermeklik, bu jenaýatyň bell bir wagtda – döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna saýlawlar we referendum wagty edilmegini aňladýar.

Jenaýat ýetiren zyýanynyň bähbidiniň esasynda emele gelýän bir topar özbaşdak aýratynlyklara eýedir. Edilen etmişleri dogry bahalandyrmakda esasy zat, hereketiň ýa-da hereketsizlikleriň häsiýeti, olaryň esasynda ýüze çykýan netijeler, jenaýat eden adamyň özi (jenaýatyň subýekti) we onuň ýerine ýetiren etmişine psihiki garaýyşydyr. Jenaýatyň obýektiw tarapyny anyklamak üçin, etmişiň özi (hereket we hereketsizlik), ýüze çykýan netijeler we olaryň arasyndaky arabaglanyşygy anyklamak zerurdyr. Şol ýagdaýda jenaýatyň

alamatlaryny hukuk taýdan dernemeli we olara häsiýetnama bermeli.

**Çyzgy № 22. Jenaýatyň obýektiw tarapy**




Şu ýerde sanalan ahli obýektiw tarapyň alamatlarynyň kanun çykaryjy tarapyndan her bir anyk jenaýat düzümine ählisiniň goşulmalydygyny bellemeli. Her bir düzüm beýleki düzümlerden alamatlaryň dürli sanawy bilen tapawutlanýar. Alamatlaryň hiç biri hemişelik däldir. Diňe jemgyýetçilik howply etmiş ( hereket ýa-da hereketsizlik), jenaýat hukugy boýunça jenaýat diýip yglan edilýär. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň aýtatyn bölüminiň maddalarynda hereketleriň ýa-da hereketsizligiň anyk häsýeti bellenilýar, onda şol görnüşdäki jenaýaty amala aşyrmakda esaslar we beýleki häsýetnamalar berilýär.

Anyk jenaýat hukuk kadalarynda obýektiw tarapyň alamatlarynyň beýan edilşiniň bir näçe usullary bardyr. Meselem, bir kadada kanun çykarjy etmişi we beýleki obýektiw tarapyny häsýetlendirýän alamatlary beýan edýär. Beýleki ýagdaýlarda bolsa, kanun çykaryjy anyk häsýetlendiriji

ýagdaýlardan peýdalanman, umumylaşdyrylan alamatlary görkezýar. Mysal üçin, TJK-niň 255-njy maddasy **“Gymmat baha metallaryň, tebigy gymmat baha daşlaryň ýa-da dür daşynyň bikanun dolanyşygy**

(1) Türkmenistanyň kanunlary tarapyndan kesgitlenilen düzgünleriň bozulmagy bilen gymmat baha metallar, tebigy gymmat baha daşlar ýa-da dür daşy bilen baglanşykly geleşikleriň baglaşylmagy, şonuň ýaly-da olaryň bikanun daşalmagy ýa-da islendik görnüşde, ýagdaýda iberilmegi üçin (ýuwelir we durmuş önümleri we şeýle önümleriň döwük-ýenjik bölekleri muňa girmeýär),

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ellisinden ýüzüsine çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Amala aşyrylan şeýle hereketler:

a) gaýtadan;

b) uly möçberde;

ç)deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan ýa-da guramaçylykly topar tarapyndan edilen bolsa,

**emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýetmiş bäşisinden ýüz ellisine çenli möçberde jerime salyn ýa-da emlägini muzdsuz alyp, ýa-da muzdsuz alman,** iki ýyldan bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

BELLIK.

Eger bikanun dolanyşyk edilen gymmat baha metallaryň, tebigy gymmat baha daşlaryň ýa-da dür daşynyň gymmaty zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýüzüsinden agdyk gelýän bolsa, şu maddada göz öňünde tutulan hereketler uly möçberde amala aşyrylan diýlip hasap edilýär”.

Gymmat bahaly daşlaryň ýa-da metallarnyň bikanun dolanşygy üçin jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde tutulan. Bu maddada jenaýatyň pretmetiniň alamatlary berilýär, ýöne ony anyk öwrenmek üçin "walýuta gaznasy" hakyndaky kanuna ýüzlenmek we ony öwrenmek zerurdyr.

## § 5. Jenaýatyň subýektiw tarapy

Jenaýatyň subýektiw tarapy öwrenilende, onda günä, delil we maksat ýaly jenaýatyň düzümininiň böleklerine häsiýetnama bermeli. Jenaýatyň düzümininiň alamatlaty bolan bu bölekler hem jenaýatyň alamatlary bolup durýarlar. Olar hökmany (esasy) we hökmany däl (fakultatiç)alamatlara bölünýär.

Subýektiw alamatlarya jenaýatyň subýektini häsiýetlendirýän alamatlary degişlidir – muňa akyly düzüwlik we ýaş alamatlary (TJK-niň 20-25-nji m. m.)[1] degişlidir, **"20 madda. Jenaýat jogapkarçiliginiň umumy şertleri**

Jenaýat jogapkärçiligine şu Kodeks arkaly bellenilen ýaşa ýeten, akyly düzüw fiziki tarap degişlidir".

Jenaýaty eden adamyň eden etmişine içki psihiki garaýşy dine akyly düzüw sahsyýetde bolup bilýär. Şonuň üçiň TJK-niň namalary erdilýär.

Hem-de mysal üçin, **"22 madda. Akyly düzüwlik**

Jenaýat eden mahalynda öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine düşünen we olardan ugur alan adam akyly düzüw diýlip hasap edilýär.

Ýa-da **23 madda "Akyly ýerinde dällik**

(1) Jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi eden mahalynda öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we

[1] Тüркменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.11-12

ähmiýetine, olaryň jemgyýetçilik howpludygyna akyl ýetirip bilmedik ýa-da psihiki taýdan kesellemegi, psihiki bozulmagyň wagtlaýyn keselliligi ýa-da akyly kemligi netijesinde şolara erk edip bilmedik adam jenaýat jogapkärçiligine çekilmeýär.

(2) Jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi akyly ýerinde dällik ýagdaýynda eden adama kazyýet tarapyndan şu Kodeksde göz öňünde tutulan lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler bellenilip bilner”.

**Ýa-da “24 madda. Psihiki ösüşde yza galan akyly düzüw adamlaryň jenaýat jogapkärçiligi**

Jenaýat eden mahalynda akyly düzüw bolan, ýöne öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine düşünmekde kynçylyk çeken ýa-da psihiki ösüşde yza galmagy ýa-da psihiki keselliik ýagdaýy sebäpli şolara erk etmeginde kynçylyk çeken adam jenaýat jogapkärçiligine degişlidir. Görkezilen ýagdaýlar jezanyň görnüşi we möçberi bellenilende nazara alynýar”.

**Hem-de “25 madda. Serhoşlyk ýagdaýynda jenaýat eden adamlaryň jenaýat jogapkärçiligi**

(1) Alkogoly, neşe ýa-da seri dumanladyjy beýleki maddalary ulanmak netijesinde dörän serhoşlyk mahalynda jenaýat eden adam jenaýat jogapkärçiligine degişlidir.

(2) Serhoşlygyň sebäpleri, serhoşlygyň derejesi we jenaýat edilmegine onuň täsiri jeza bellenilende nazara alynýar”.

Şahsyýetiň edýän işine akyl ýetirip, meýletinlikde netijä gelmäge bolan ukyby onuň jenaýat jogapkärçilginiň esaslandyrmasy bolup durýar. Adamynyň özüni alyp barşynda azat hereket etmek mümkinçiliginiň bolmazlygy onuň jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýar. Meselem, öz hereketiniň (hereketsizliginiň) hakykat ýüzündäki häsiýetine jemgyýetçilik howplulygyna düşünmän ýa-da şol hereketleri edip etmezligi

mümkinçilgi bolmadyk adam, jenaýat jogapkärçiligine degişli däldir.

Niýet we seresapsyzlyk görnüşindäki günä, jenaýatyň delili we maksady TJK-niň 26-31-nji maddalarynda görkezilýär”,

**“26 madda. Günä we onuň görnüşleri**[1]

(1) Günä munuň özi niýetlilik ýa-da seresapsyzlyk görnüşinde aňladylan, edýän Jenaýatyňa adamyň düşünjeli - erkli psihiki gatnaşygydyr.

(2) Diňe jemgyýetçilik howply etmişi bilkastdan ýa-da seresapsyzlyk boýunça eden adam jenaýatda günäkär diýlip hasap edilip bilner.

(3) Seresapsyzlyk boýunça edilen etmiş munuň özi diňe jenaýat kanuny tarapyndan göni nazarda tutulan halatlarda jenaýat diýlip hasap edilýär”.

**Jenaýatyň subýektiw tarapy** – jenaýatkäriň eden Jenaýatyňa içki psihiki gatnaşygy bolup durýar. Jenaýatyň subýektiw tarapy günäni aňladýar. Günä iki görnüşli bolýar:

1) Bilkastlaýyn (niýet).
2) Serasapsyzlykdan.

**“27 madda. Bilkastdan edilen jenaýat**[2]

(1) Göni ýa-da gytaklaýyn niýet bilen edilen jemgyýetçilik howply etmiş bilkastdan edilen jenaýat diýlip hasaplanylýar.

(2) Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine akyl ýetirse, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görse, şolaryň bolmagyny islege ýa-da netijeleriň bolmagynyň gutulgysyzdygyny öňünden görse, jenaýat göni niýet bilen

---

[1] Türkменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.13
[2] Türkменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.13

edilen diýlip hasap edilýär.

(3) Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine akyl ýetirse, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görse, islemese, ýöne şeýle netijeleriň bolmagyna düşünjeli ýol berse ýa-da olara parhsyz garasa, jenaýat gytaklaýyn niýet bilen edilen diýlip hasap edilýär".

Bilkastlaýyn günäniň görnuşi bilen edilen jenaýat iki görnişe bolünýär, göni ýa-da gyýtaklaýyn niýet bilen edilen çüňä. Subýektiw tarapy jenaýatkäriň içki, psihiki tarapyny häsýetlendirýär we jenaýaty eden adamyň içki dünýäsini görkezýär. Ol adamyň aňynda we erkinde bolup geçýän psihiki prosesler bilen aňladylýar. Şonuň üçin hem subýektiw tarapy adamyň jenaýaty amala aşyran pursatynda ýa-da jenaýat bilen gönüden-göni bagly wagtynda psihikanyň Hereketi bilen kesitlenip bilner. Ol bitewi intelektual we erkin tertibini häsýetlendirip, özara berk baglanşyklydyr we adamyň fiziki aktynyň üsti bilen özüni alyp barşynyň beýanydyr.

Sersapsyzlyk bilen jenaýat edilen halatynda, jenaýaty eden adam özüne ynam edijilik ýa-da harsallyk bilen jenaýaty amala aşyrýar. TJK-niň 28-nji maddasynda görkezilen, **"Seresapsyzlyk boýunça edilen jenaýat**

(1) Jemgyýetçilik üçin howply netijeleriň bolmagyna getiren, özüne ynam edijilik ýa-da harsallyk boýunça edilen jemgyýetçilik howply etmiş seresapsyzlyk boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär.

(2) Eger jenaýaty eden adam, öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirse, jemgyýetçilik howply netijeleriň, bolmak mümkinçiligini öňünden görse, ýöne olaryň öňüni alaryn diýip ýeňilkellelik bilen hasap etse, özüňe ynam edijilik boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär.

(3) Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirmese, jemgyýetçilik howply netijeleriň bolmak mümkinçiligi öňünden görüp bilmese, hatda zerur ünslülik we hüşgärlik bolanda şolary öňünden görmeli we görmegi mümkin bolan ýagdaýdaky jenaýat harsallyk boýunça edilen diýlip hasaplanylýar”.

Seresapsyzlyk bilen edilen günäniň mazmuny az aň berlendir. Seresapsyzlyk bilen edilen etmiş jenaýat diýip, diňe jenaýat kodeksiň aýratyn böleginde görkezilen degişli maddalarda göz öňünde tutulanda hasap edilýär.

**“29 madda. Niýet we seresapsyzlyk utgaşanda edilen jenaýat üçin jogapkärçilik (günäniň ikileýin görnüşi)[1]**

(1) Günäniň ikileýin görnüşi bilkastdan edilen jenaýat bilen we şeýle jenaýat netijesinde bolan netijeler babatynda seresapsyzlyk bilen häsiýetlendirilýär. Tutuşlygyna şeýle jenaýat bilkastdan edilen diýlip hasap edilýär.

(2) Eger bilkastdan jenaýat etmegiň netijesinde onuň bolýan netijelerini kanun has berk jeza bilen baglanyşdyrsa, eger adam şeýle netijeleriň bolmak mümkikçiligi öňünden görüp bilmese, ýöne görmeli ýa-da öňünden görmegi mümkin bolsa ýa-da eger adam olaryň bolmak mümkinçiligini öňünden görse, ýöne olaryň öňüni alaryn diýip, ýenilkellelik bilen hasap etse, diňe şeýle halatda şeýle netijeler üçin jenaýat jogapkärçiligi bolup biler”.

Günäniň ikileýin görnüşi edilen jenaýat bilkastdan edilen diýlip hasap edilýär. Ýöne şeýle jenaýatyň esasynda iki sany zyýanly netije ýüze çykýar. Birinji netije seresapsyzlyk, beýlekisi bolsa günäniň bilkastlaýyn görnişi bilen häsiýetlendirilýär.

---

[1] Türкменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.14

**“30 madda. Günäsiz zyýan ýetirmek (tötänlik)[1]**

(1) Eger adam etmişiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirmese ýa-da öz hereketiniň (hereketsizliginiň) jemgyýetçilik howply netijeleriniň bolmagynyň mümkinçiligini öňünden görmese we işiň ýagdaýlary boýunça olary öňünden görüp bolmasa ýa-da görüp bilmese, etmiş günäsiz edilen diýlip hasaplanylýar.

(2) Eger jenaýat eden adam jemgyýetçilik howply netijeleriniň bolmak mümkinçiligini öňünden gören hem bolsa, ýöne onuň psihofiziologik sypatlarynyň ekstremal şertlere ýa-da nerw-psihologik taýdan salynýan agrama laýyk gelmezligi netijesinde olaryň öňüni alyp bilmese, şeýle etmiş günäsiz edilen diýlip hasaplanylýar”.

**Ýa-da “31 madda “Ýuridik we hakyky ýalňyşlyk[2]**

(1) Adam eger jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi edip, onuň hukuga garşydygyna düşünmese we işiň ýagdaýlary boýunça düşünip bilmese, ol jenaýat jogalkärçiligine degişli däldir.

(2) Adam eger jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi edip, şol jenaýatyň düzümine degişli hakyky ýagdaýlar babatynda sap ýüreklilik bilen ýalňyşan bolsa, onda şol etmişiň bilkastdan edilendigi üçin jogäpkärçilik çekip bilmez.

(3) Eger kanun has berk jezany belli bir hakyky ýagdaýlaryň bolmagy bilen baglanyşdyrsa, ýöne jenaýaty eden adam şol ýagdaýlar babatynda sap ýüreklilik bilen ýalnyşan bolsa, onda ol has berk jogapkärçiligi degişli bolup bilmez”.

Adamyň jenaýaty amala aşyrmakda psihiki işjeňligi häsýetlendirýän intelektual we erkin prosessi günä düşünjesini

---

[1] Türkменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.14
[2] Türkменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.14-15

emele gelýar. Günä subýektiw tarapyň esasy alamaty bolup, adamyň amala aşyran Jenaýatyňa psihiki gatnaşygy hökmünde çykyş edýär. Şonyn esasynda bolsa, jenaýatda günäkär diýlip, etmişi bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk bilen eden adam hasaplanylýar.

Bilkastlaýyn we seresapsyzlykdan edilen günäniň görnüşleri jenaýatkäriň içki psihiki gatnaşygynyň intelektual we erkiň elementlerniň utgaşmanyň netijesinde emele gelýar.

Intelektual elementi, adamyň aňynyň gurluşyny häsýetlendirýär we şulardan ybarat bolýar:

- Adamyň özüni hakyky alyp barmagyna düşünmek we onuň jemgyýetçilik howplulygyny aňlatmagy;
- Jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagynyň mümkinçiliginiň we gutulgysyzlygynyň göz ýetirilmegi;
- Ozüne ýnam edijilik ýa-da harsallyk bilen öňüniň alynmazlygy we özüni alyp barşynyň jemgyýetçilik howply netijeleň mümkin bolan ýüze çykmasyna parhsyz garamak .

Erkin elementi bolsa, adamyň erkin isleginiň gurşawy bilen we şular bilen häsýetlendirilýär:

a) Jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmak islegi;
b) Islegiň bolmagyna ýa-da oňa parhsyz garamakda jemgyýetçilik howply netijeleriň kabul edilmegi;
c) Jemgyýetçilik howply netijeleri aradan aýyrmagyny esaslandyrylmadyk wagtynda.

Jenaýaty amala aşyrmak günäniň bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk görnüşi bilen doldurulýar. Bilkastlaýyn günäniň görnüşi bilen adam öldürmeklik, zorlamak, neşe serişdelerini ogurlamak we beýleki jenaýatlar edilip bilner.

Seresapsyzlyk bilen edilen günäniň mazmuny örän çylşyrymlydyr. Seresapsyzlyk bilen edilen etmiş jenaýat diýlip hasaplanylýar, haçan, onuň alamatlary jenaýat kodeksiň aýratyn bölegininiň degişli maddasynda göz öňünde görkezilen bolsa.

Jenaýatyň subýektiw tarapynyň häsýetleri şunuň ýaly subýektiw tarapyň alamatlary bilen kesgitlenýär:

a) **Günä (seresapsyzlyk ýa-da bilkastlaýyn);**
b) **Itergiler;**
c) **Maksady;**
d) **Duýgysy (emosiýa);**
e) **Dellil.**

Subýektiw tarapyň sanalan alamatlaryndan diňe günä hemişelik we hökmany bolup durýar. Jenaýatyň delili we maksady dine bilkastlaýyn niýet bilen amala aşyrylan jenaýatlarda bolup bilýar. Özem, şariklik, jenaýata taýýarlyk görmek, jenaýatyň kastyna düşmek ýaly ýagdaýlar dine bilkastlaýyn niýet bilen amala aşyrylan jenaýatlarda bolup biler. Seresapsyzlykdan amala aşyrylan jenaýatlarda jenaýatkäriň delili we maksady bolup bilmeýär. Şonuň üçin, etmişleri dogry maddalaşdyrmak üçin we olara dogry ýüridiki häsiýetnama bermek üçin günäniň görnüşini bilmek örän zerur şertdir.

**Subýektiw tarapy** jenaýatyň içki tarapyny häsýetlendirýär we jenaýaty eden adamyň içki dünýäsini görkezýär. Ol adamyň aňynda we erkinde bolup geçýän psihiki prosesleri bilen aňladylýar. Şonuň üçün hem subýektiw tarapy adamyň jenaýaty amala aşyran pursatynda ýa-da jenaýat bilen gönüden-göni bagly psihiki işi hökmünde kesitlenip bilner.

Jenaýatyň alamatlaryny beýan edip kanun çykaryjy subýektiw tarapyň beýleki alamatlaryny, özbaşdak aýratynlyklaryny belläp ulanýandyr. Mysal üçün, çagany

çalşyrmak, eger ol betnebislik ýa-da beýleki hyýanatçylykly itergiler amala aşyran bolsa jenaýat diýip yglan edilýär.

**Çyzgy № 23. Jenaýatyň subýektiw tarapynyň häsýetleri**




## § 6. Jenaýatyň subýekti

Jenaýatyň subýekti diýlip, jenaýaty amala aşyran, jenaýat jogapkärçiliginiň ýaşyna ýeten, akyly düzüw fiziki tarapa (adaž)degişlidir.[1] Jenaýat jogapkärçiligine jenaýat eden wagtyna çenli on alty ýaşy dolan adamlar düşýär. Jenaýatyň subýekti - bu jenaýaty amala aşyran, eden işi üçin döwletiň öňünde jogap bermek borjy ýüklenen adamdyr. Türkmenistanyň jenaýat hukugy boýunça, jenaýatyň subýekti bolup, Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar,

akyly düzüw we kanunda bellenen ýaşa ýeten taraplar çykyş edýärler. Şunlukda jenaýatyň subýektini häsýetlendirýän alamatlary şulardyr:

a) subýektiň (fiziki tarapyň) fiziki tebygaty;
b) akyly düzüwlilik;
c) anyk ýaş häsýetnamasy.

Fiziki tarap bolup, subýekt diýen düşunjeler diňe adama degişliligi aňladýar. Akyly düzüwlilik bolsa, adamyň özüni alyp barşynyň jemgyýetçilik howplulygyna we hakyky häsýetini aň ýetiriş ukyplylygyny ýa-da özini alyp barşyna ýolbaşçylyk edip bilmegini, ýagny, onuň psihiki ýagdaýynyň häsýetnamasyny aňladýar. Ýaş alamatlary kanun tarapyndan Jenaýat kodeksiniň 21 maddasynda[1] berlendir. Kada jemgyýetçilik howply etmişi eden adamyň jenaýat jogapkärçiligine jenaýaty eden wagty 16 ýaşa ýeten bolsa çekilip bilinýändigini kesgitleýär. Ondan aşakdaky 14 ýaşdan hem käbir jenaýatlar üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilner (21-nji maddanyň 2-nji bölegi)[2].“On dört ýaşdan on alty ýaşa çenli bolan adamlar jenaýat edende, bilkastlaýyn adam öldürendigi üçin (101-nji madda), saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirendigi üçin (107-nji madda), saglyga bilkastdan orta agyrlykdaky şikes ýetirendigi üçin (108-njy madda), zorlandyş üçin (134-nji madda), ogurlyk edendigi üçin (TJK-niň 227-nji maddasy), talaňçylyk edendigi üçin (230-njy madda), garakçylyk edendigi üçin (231-nji madda), gorkuzyp alandygy üçin (232-nji madda), kesekiniň ulag serişdesini bikanun eýeländigi üçin (234-nji madda), emlägi bilkastlaýyn ýok edendigl ýa-da zaýalandygy üçin (235-nji maddanyň ikinji bölegi), ýaragy, ok-därileri, partlaýjy maddalary we partladyjy

---

[1] Türkменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.11
[2] Türkменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.11-12

enjamlary ogurlandygy ýa-da gorkuzyp alandygy üçin (291-nji madda), neşe serişdeleri ýa-da psihotrop jisimleri satmak maksady bilen bikanun taýýarlandygy, gaýtadan işländigi, edinendigi, saklandygy, daşandygy, iberendigi üçin (292-nji madda), neşe serişdeleri ýa-da psihotrop jisimleri ogurlandygy ýa-da gorkuzyp alandygy üçin (294-nji madda) jenaýat jogapkärçiligine degişlidir".

Jenaýatyň subýekti iki görnüşe bölünýär: umumy we ýörite. Umumy subýekt, ol jenaýat jogapkärçiliginiň ýaşyna ýeten, akyly düzüw adam bolup durýär.

Akyly düzüw diýemizde, jenaýaty amala aşyran adamyň akyly kem ýa-da ýök bolmaly däl. Akyly kemligiň iki ölçegi (kesgitli alamaty) bardyr:

1) Ýuridiki (hukuk) ölçegi.

2) Lukmançylyk ölçegi.

Ýuridiki (hukuk) ölçegi (hukuk taýdan bahalandyrmak) diýemizde, onda jenaýaty amala aşyran adamyň öz hereketleriniň ýa-da hereketsizliginiň häsiýetine, eden etmişiniň jemgyýetçilik howpyna akyl ýetirmek ukyby degişli bolup durýar. Lukmançylyk ölçegi diýilende, jenaýaty amala aşyran adamyň öz hereketlerine ýa-da hereketsizligine ýolbaşçylyk edip bilmek ukybyna garalýar.

Ýörite subýekt bolsa, bu umumy subýektinyň alamatlarydan daşary goşmaça alamatlary bar hakatynda, degişli jenaýaty amala aşyran adamdyr. Jenaýat kodeksiň aýratyn böleginiň kadalarynda subýektiň ýörite alamatlary bolup biler. Olar adamyň gulluk ýa-da maşgala ýagdaýlaryna, onuň hünärine we beýlekilere degişlidir.

Meselem, TJK 104-njy-nyi maddasy[1], **"Enäniň ýaňy dogran çagasyny bilkastdan öldürmegi**

---

[1] Tüpкменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.51

Çaga dogurýan wagtynda ýa-da gös-göni çaga dogranyndan soň, ýaňy dogran çagasyny bilkastdan öldüren enä,

bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Şu madda boýunça jenaýatyň subýekti, ýa-da gös-göni jenaýaty amala aşyran adam bolup, ýaňy çagany dogyran ene bolup durýar”.

## § 7. Jenaýat düzüminiň jenaýatlary maddalaşdyrylmagyndaky orny

Jenaýtyň düzüminiň görnüşlere bölünmegi we onuň esaslandyrylmagy seljeriş işinde uly ähmiýeti bardyr. Kazyýete anyk jenaýatyň alamatlaryny takyk kesgitlemek we jemgyýetçilik howply etmişe kanuny tertipde dogry kwalifikasiýa (maddalaşdyrma) bermek ähmiýetlidir. Düzümleriň maddy, formal görnüşlere bölünmegi jenaýatyň gutarmakylygynyň pursaty takyk kesgitlemäge mümkinçilik döredýär. Bu ahyrky zyýanly netije islendik jenaýatyň düzüminiň kanun tarapyndan kesgitlenen hökmany alamatlaryň jemidir. Jenaýat kodeksinde, mysal üçin, 29-njy madda[1] göz öňünde tutulan ähli alamatlaryň hemmesi saklasa aýdylýar.

**“Niýet we seresapsyzlyk utgaşanda edilen jenaýat üçin jogapkärçilik (günäniň ikileýin görnüşi)**

(1) Günäniň ikileýin görnüşi bilkastdan edilen jenaýat bilen we şeýle jenaýat netijesinde bolan netijeler babatynda seresapsyzlyk bilen häsiýetlendirilýär. Tutuşlygyna şeýle jenaýat bilkastdan edilen diýlip hasap edilýär.

[1] Тüркменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.14

(2) Eger bilkastdan jenaýat etmegiň netijesinde onuň bolýan netijelerini kanun has berk jeza bilen baglanyşdyrsa, eger adam şeýle netijeleriň bolmak mümkikçiligi öňünden görüp bilmese, ýöne görmeli ýa-da öňünden görmegi mümkin bolsa ýa-da eger adam olaryň bolmak mümkinçiligini öňünden görse, ýöne olaryň öňüni alaryn diýip, ýenilkellelik bilen hasap etse, diňe şeýle halatda şeýle netijeler üçin jenaýat jogapkärçiligi bolup biler”.

Şol halatda, formal düzümli jenaýat edilen pursatynda, onuň esasynda hiç-hili zyýanly netije ýüze zykmasada, ol jenaýat gutarylan diýlip hasap edilýar. Meselem, TJK-niň 228-nji maddasy **“Kezzapçylyk**

(1) Başga biriniň emlägini ogurlana ýa-da aldamak ýa-da ynamy hyýanatly peýdalanmak ýoly bilen şol emläge bolan hukugy alana, ýagny kezzapçylyk edene,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň otuzysyndan altmyşysyna çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şu ýagdanlarda kezzapçylyk edene,

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilen bolsa;

b)gaýtadan;

ç)raýata ep-esli möçberde zyýan ýetirmek bilen edilen bolsa, munuň üçin,

bir ýyldan iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär ýa-da emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Aşakdaky ýagdaýlarda kezzapçylyk edene:

a) uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) guramaçylykly topar tarapyndan edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Kezzapçylyk netijesinde aýratyn uly möçberde zyýan ýetirilen bolsa, munuň üçin,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Maddy düzümli jenaýat edilen halatynda, jenaýat kanuny tarapyndan goralyan bähbitlere zyýan ýetirilen, diýmek zyýanly netijäniň ýüze çykan halatynda, jenaýat gutarylan diýlip hasap edilýar. Jenaýatyň maddalaşdyrylmagy - bu amala aşyrylan jemgyýetçilik howply etmişiň alamatlaryny we Jenaýat kodeksiniň aýratyn böleginiň maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýat düzüminiň alamatlarynyň arasyndaky takyk gabat gelsini kesgitlemek we hukuk tarapyndan berkitmekdir.

Jenaýatyň dogry maddalaşdyrylmagy wajyp durmuş-syýasy meseledir, ol hukuk ähmiýete eýedir. Jenaýat işi boýunça höküm çykarlanda kazylar edilen jemgyýetçilik howply etmişi jenaýatyň düzümini saklaýandygyny we onuň kanunda göz öňünde tutulandygyny kesgitlemelidir. Jenaýat kanunyny nädogry ulanmak hökümi üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin esas döredilýär.

Jenaýaty maddalaşdyrmak – bu kesgitli logiki prosesdir. Özüniň netijeleri bilen anyk durmuş hadysasy bolan jemgyýetçilik üçin howplulygy döredýän adamyň özüni alyp baryş namasyny bilen hukuk bahasyny berýar. Kanun taýdan ygtyýarly wezipeli adamlar we edaralar (sülçi, deslapky derňewçiler, prokuror, kazylar we kazyýet) işiň ähli tapgyrlarynda etmişleri maddalaşdyrmaklygy amala aşyrýar. Bu işiň hakyky ýagdaýyny öwrenmek we işlenilip taýýarlanylan

jenaýat-hukuk kadalaryň mazmuny we düzümini anyklamak örän wajyp bolup durýar.

Maddalaşdyryş tertibi (prosesi) özünde birnäçe tapgyrlary jemleýär.

1. Jemgyýetçilik howply etmişiň amala aşyrylan wagtynda hereket edýan jenaýat kanuny ulanmak ( TJK-niň 9-njy maddasy).

2. Kanun çykaryjy tarapyndan degişli anyk amala aşyrylan jemgyýetçilik howply etmişleriň alamatlary emele gelende, birnäçe jenaýatlary amala aşyrmakda (17-nji madda) şol maddanyň ýa-da maddanyň böleginde ulanylmagy.

3. Jenaýata taýýarlyk görmekde we jenaýata kast etmekde (TJK-niň 12-14-njy maddalar) ýa-da oňa bile gatnaşmakda (TJK-niň 32-33-nji maddalary) umumy böleginiň maddalarynyň aýratyn böleginiň maddalary bilen burlikde ulanylmagy.

4. Anyk amala aşyrylan jemgyýetçilik howply etmiş bilen TJK-niň maddasynyň alamatlarynyň gabat gelmegi .

Jenaýatçylykly wakany maddalaşdyrmak esasan dördüňji tapgyra uly ähmiýet berilýär, ýagny kanun çykaryjynyň nusgasy bilen anyk durmuş ýagdaýy gabat getirilýär. Başgaça aýdylanda jenaýatyň düzüminiň alamatlary anyk durmuş ýagdaýyna ugrukdyrylýar. Jenaýaty maddalaşdyrmakda jemgyýetçilik howply etmişiň ähli hökmany we goşmaça jenaýat düzüminiň alamatlary kesgitlenilýär, ol alamatlarya şular girýändir:

1. Obýektiň, käbir ýagdaýlarda jenaýatyň predmetiniň alamatlary.

2.Odýektiw tarapyň alamatlary.

3. Subýektiw tarapyň alamatlary.

4. Jenaýatyň subýektiniň alamatlary .

Şunlukda maddalaşdyrylmagyň hukuk esasy bolup, jenaýatyň anyk düzümi çykyş edýär. Haçanda anyk durmuş

ýagdaýlaryny häsiýetlendirýän goşmaça alamatlary bar bolsa we olar jenaýat hukuk kadalarynda görkezilen bolsa, kazyýet olary jeza bermekde hasaba alýar.

Jenaýaty maddalaşdyrmak prosesinde döwlet tarapyndan çykyş edýan hukuk goraýjy edaralary adamyň anyk jemgyýetçilik howply özüni alyp barşyna jenaýat-hukuk baha berýarler we jenaýat-prosessual resminama bolan hökümde günäkär üçin jenaýat jezasy ýa-da beýleki jenaýat hukuk häsiýetli çäreleri ýüze çykarýar.

**Soraglar:**

1. Jenaýatyň düzümi barada düşünje we onuň hukuk ähmiýeti.
2. Jenaýatyň düzüminiň elementleri we olaryň häsiýetleri.
3. Jenaýatyň obýekti nämä aýdylýar?
4. Jenaýatyň obýektiw tarapy nämä aýdylýar?
5. Jenaýatyň subýektiw tarapy nämä aýdylýar?
6. Jenaýatyň subýekti nämä aýdylýar?
7. Jenaýat düzüminiň jenaýatlary maddalaşdyrykdaky orny.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009

9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008

## Bap VIII. Jenaýatyň obýekti

### § 1. Jenaýatyň obýekti barada düşünje. Jenaýatyň obýektiniň mazmuny. Jenaýatyň obýektiniň gurluşy

Mälim bolşy ýaly jenaýatyň obýekti jenaýatyň düzüminiň hökmanmy elementi bolup durýar. Obýektsiz jenaýat bolup bilmeýär. Şonuň üçin obýekt – ol jemgyýetçilik gatnaşygy şoňa jenaýat zyýan ýetirýär ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döredýär. Obýekt – ol jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşygy. Diňe jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna jenaýat zyýan ýetirip bilmeýär.

Jemgyýetçilik gatnaşyklary aşakdaky hökmany elementlerden ybarat bolup durýalar.

1. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryň anyk predmeti. Bu predmet kesgitlenen maddy ýa-da maddy däl zat (mysal üçin eýeçilik gatnaşygy, durmuş, saglyk, ykdysadyýet we ş.m.).
2. Jemgyýetçilik gatnaşygyna gatnaşyjylar ýagny öz aralarynda kesgitlenen gatnaşygy baglanyşdyrýan subýektler.
3. Jenaýata gatnaşyjylaryň arasynda sosial gatnaşyklar döreýär.

Jemgyyetcilik gatnaşyklary bu alamatlaryň arasynda, guramalaryň, dowletiň we rayatlaryň arasyndaky haysydyr bir bahbit we durmuş gymmatlyklary babatdaüýze çykýan gatnaşyklardyr. Jemgyyetcilik gatnaşyklary amala aşyryş prosesinde maddy bahbitler we beyleki gymmatlyklar doredilyar ya-da adamlaryň isleglerini kanagatlandyrylyar gorkezilen gatnaşyklaryň hasyetiniň we jenayatyň obyektiniň

anyk hasyetnamasy beyan edilyar, hut  hyyanatcylyk edilyan jemgyyetcilik howply hasieti kesgitleyar. Jemgyyetde jenayatyň obyekti nahili wajyp, gymmat bolsa, şonca-da edilyan jenayatyň agyrlygy kesgitlenyar.

Şunlukda islendik jenayatyň obyekti bolup,  jenayatyň hyyanatçylygy bolup geçyän, jenayat kanuny  tarapyndan goralyan jemgyyetçilik gatnaşyklary cykyş edyändir. Bu obyektiň  esasy hökmany alamatydyr. Obyektden jenayatyň predmetini tapawutlandyrmaly.   Jenayatyň   pretmeti bolsa, bu jenayatyň gönüden-göni täsir edyän daşky dünyäniň anyk zadydyr.

Jenayatyň predmeti we obyekti ozara berk baglanşyklydyr. Predmet elmydama jenayatyň obyekti hökmünde çykyş edyan jemgyyetçilik gatnaşyklaryň elementi hasaplanyar. Mysal üçin: bankdan puluň ogurlanmagynda jenayatyň obyekti bolup eyeçilik gatnaşyklary çykyş edyär, pretmeti bolup pul çykyş edyändir.

Jenaýatcylykly etmiş - jenaýat kanuny bozmaýar, ony (kanuny) jemgyýetçilik gatnaşyklary bozýar. Şeýle bidüzgünçiligi goýberen subýekt jenaýat hukuk gatnaşygyna jemgyýetçilik gatnaşygynyň gatnaşyjylary bilen däl-de, döwlet bilen ýagny onuň hukuk goraýjy edaralary bilen girişýär.

Jenaýatyň obýekti – umumy, bir kysymly  (ýörite toparlara birikdirilen) we göniden-göni obýektlere bölünýär.

### § 2. Jenaýatyň obýektiniň  etmişleri maddalaşdyrmakda  orny

Obýektiň  üç görnüşi bardyr :

1) **Umumy (общий).**
2) **Bir kysymly (bir syhly - родовой).**

**3) Gönüden-göni (непосредственный).**

**Çyzgy № 24. Jenaýatyň obýektiniň görnüşleri**




Umumy bolanda ol jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň umumy sistemasydyr. Jenaýatyň ähli umumy obýekti birdir ýagny ähli jemgyýetçilik gatnaşyklar. Ol ähli jenaýatlar üçin deňdir.

Bir kysymly (ýörite toparlara birikdirilek)- bir görnüşli, bir syhly, bir meňzeş jemgyýetçilik gatnaşyklaryny döredýän umumy obýektiň diňe kesgitlenen bölegidir. Ýörite obýekti biljek bolsak, Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň baplaryna seretmeli. Ýörite obýektiň bir alamaty bar, ýagny, Jenaýat kodeksine seretsek, bir meňzeş jenaýatlar bir ýerde (baplarda) ýerleşendir. Ol bolsa jenaýaty maddalaşdyrmagy ýeňilleşdirýär. (TJK-niň 227-nji, 228-njy, 231-nji m.m.).

**“TJK-niň 227-nji-nji maddasy. Ogurlyk**

(1) Ogurlyk edene, ýagny başga biriniň emlägini gizlinlik bilen ogurlana,
zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň onusyndan ellisine çenli möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli

düzediş işlerinde işletmek, ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şu aşakdaky ýagdaýlarda ogurlyk edene:

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topar tarapyndan edilen bolsa;

b) gaýtadan;

ç)ýaşaýyş jaýyna, başga jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girilip ogurlyk edilen bolsa;

d) edilen ogurlyk raýata ep-esli möçberde zyýan ýetiren bolsa, emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman,

üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şeýle ýagdaýlarda ogurlyk edene:

a) uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) guramaçylykly topar tarapyndan ogurlyk edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, alty ýyldan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şular ýaly ýagdaýda ogurlyk edene:

a) aýratyn uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan ogurlyk edene,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

BELLIKLER.

1. Şu Kodeksiň maddalarynda ogurlyk diýlip, kesekiniň emläginiň kada-düzgüne ters ýol bilen mugt alynmagyna we (ýa-da) günäkäriň ýa-da başga adamlaryň peýdasyna geçirilmegine, betnebislik maksatlary bilen amala aşyrylyp, hususyýetçä ýa-da şol emlägiň başga eýesine zyýan ýetirilmegine düşünilýär.

2. Şu babyň maddalarynda görkezilen emlägiň uly möçberi diýlip, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýüzüsinden artykmaç gelýän emlägiň bahasy; aýratyn uly möçberi diýlip bolsa, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň iki ýüzüsinden artykmaç gelýän emlägiň bahasy hasap edilýär.

Ýetirilen zyýanyň möçberi hasaplanylan mahalynda zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberi diýlip, jenaýat edilen pursatyna çenli Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen iş hakynyň ortaça derejesine düşünilýär, uzaga çeken we dowam edýän jenaýatlar boýunça bolsa, degişlilikde jenaýatçylykly hereketiň gutaran pursatyna çenli ýa-da iň soňky jenaýat edilen pursata çenli kanun tarapyndan bellenilen iş hakynyň ortaça derejesine düşünilýär.

3. Şu Kodeksiň 227-nji-233 maddalarynda gaýtadan edilen jenaýat diýlip, şu maddalarda göz öňünde tutulan jenaýatlardan birini ýa-da birnäçesini ozal eden adam tarapyndan edilen jenaýat hasap edilýär, şeýle hem şu Kodeksiň garakçylyk üçin, radioaktiw materiallaryny ogurlamak ýa-da gorkuzyp almak, ýaragy, ok-därileri, partlaýjy maddalary ýa-da partladyş enjamlaryny ogurlamak ýa-da gorkuzyp almak, neşe serişdeleri ýa-da psihotropiýa maddalaryny ogurlamak ýa-da gorkuzyp almak üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalardaky jenaýatlardan birini ozal eden adam tarapyndan edilen jenaýat hasap edilýär”.

Ýa-da **“228 madda. Kezzapçylyk**

(1) Başga biriniň emlägini ogurlana ýa-da aldamak ýa-da ynamy hyýanatly peýdalanmak ýoly bilen şol emläge bolan hukugy alana, ýagny kezzapçylyk edene,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň otuzysyndan altmyşysyna çenli bolan möçberde jerime salynýar

ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şu ýagdanlarda kezzapçylyk edene,

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilen bolsa;

b)gaýtadan;

ç)raýata ep-esli möçberde zyýan ýetirmek bilen edilen bolsa, munuň üçin,

bir ýyldan iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär ýa-da emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyla çenli möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Aşakdaky ýagdaýlarda kezzapçylyk edene:

a) uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) guramaçylykly topar tarapyndan edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Kezzapçylyk netijesinde aýratyn uly möçberde zyýan ýetirilen bolsa, munuň üçin,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Şol bir obýekt **TJK-niň 231-nji** maddasy boýunça kesgitlenen**, "Garakçylyk**

(1) Başga biriniň emlägini almak maksady bilen, adamyň jany üçin ýa-da saglygy üçin howply bolan zorlugy ulanmak ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny salmak bilen birlikde çozuş (garakçylyi)edene,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Amala aşyrylan garakçylyk:

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

b) ýaşaýyş jaýyna, başga jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girmek bilen;

ç)ýarag ulanmak ýa-da ýarag hökmünde başga predmetleri ulanmak arkaly;

d) gaýtadan;

e) raýata ep-esli möçberde zyýan ýetirmek bilen edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp, ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu aşakdaky ýagdaýlarda garakçylyk amala aşyrylanda:

a) uly möçberli zyýan ýetirmek bilen;

b) guramaçylykly topar tarapyndan garakçylyk edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp, ýa-da muzdsuz alman alty ýyldan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şular ýaly ýagdaýlarda garakçylyk edilende:

a) aýratyn uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) jenaýatçy toparlanyşyk tarapyndan;

ç) jebir çekeniň saglygyna düýpli zyýan ýetirmek bilen garakçylyk edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Bu maddalaryň hersi her dürli jenaýat ýöne olary birikdirýän obýekt-eýeçilik. Şeýle bölünşik jenaýat hukugynyň kadalaryny maddalaşdyrmak (klasifikasiýalaşdyrmak) üçin zerurdyr. Jenaýat kanunçylygyna salgylanyp kanun çykaryjy

Jenaýatyňyň ähli sostawyny kesgitlenen yzygiderlikde ýerleşdiripdirler.

Gönüden-göni – bu jenaýaty ýetirýän zyýanynyň anyk jemgyýetçilik gatnaşygydyr. Anyk jenaýat anyk gatnaşyga zyýan ýetirýär. Ol hem gönüden-göni obýekt bolýar. Mysal üçin: **Zorlamakda** (TJK-niň 134-nji-nji maddasy) gönüden-göni obýekti anyk şahsyýetiň jynsy el degirmezlikligi. Käbir maddalarda birnäçe obýekt bolup bilýär (TJK-niň 231-nji-nji maddasy).

Jenaýaty maddalaşdyrmak – bu kesgitli logiki prosesdir. Özüniň netijeleri bilen anyk durmuş hadysasy bolan jemgyýetçilik üçin howplylyk döredýän adamyň özüni alyp baryş namasy bilen hukuk bahasy berilýar. Kanun taýdan ygtyýarly wezipeli adamlaryň we edaralaryň (sülçi ,deslapky derňewçiler, prokuror, kazylar we kazyýet ) işiň ähli tapgyrlarynda etmişleri maddalaşdyrmaklygy amala aşyrýar. Bu işiň hakyky ýagdaýyny öwrenmek we işlenilip taýýarlanylan jenaýat-hukuk kadalaryň mazmuny we düzümini anyklamak örän wajyp bolup durýar.

Jenaýatyň dogry maddalaşdyrylmagy wajyp durmuş-syýasy we hukuk ähmiýete eýedir. Jenaýat işi boýunça höküm çykaranda, kazylar edilen jemgyýetçilik howply etmişi jenaýatyň düzümini saklaýandygyny we onuň kanunda göz öňünde tutulandygyny kesgitlemelidir. Jenaýat kanunyny nädogry ulanmak hökümi üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin esas döredilýär.

Maddalaşdyryş tertibi (prosesi) özünde birnäçe tapgyrlary jemleýär.

1. Jemgyýetçilik howply etmişiň amala aşyrylan wagtynda hereket edýan jenaýat kanuny ulanmak (TJK-niň 9-njy m).

2. Kanun çykaryjy tarapyndan degişli anyk amala aşyrylan jemgyýetçilik howply etmişleriň alamatlary emele gelende,

birnäçe jenaýatlary amala aşyrmakda (TJK-niň 17-nji m) şol maddanyň ýa-da maddanyň böleginde ulanylmagy.

3. Jenaýata taýýarlyk görmekde we jenaýata kast etmekde (TJK-niň 12-14-njy m) ýa-da oňa bile gatnaşmakda (TJK-niň 32-33-nji m) umumy böleginiň maddalarynyň aýratyn böleginiň maddalary bilen burlikde ulanylmagy.

4. Anyk amala aşyrylan jemgyýetçilik howply etmiş bilen TJK-niň maddasynyň alamatlarynyň gabat gelmegi .

## § 3. Jenaýatyň obýektiniň görnüşleri. Umumy obýekt. Yörite (bir kysymly) obýekt. Gönüden-göni obýekt

**Jenaýatyň umumy obýekti** – bu jenaýatyň kanunda tutuş goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň umumy jemi. Jenaýatyň umumy obýekti ol ähli jenaýatlar üçin umumy bolan obýektdir. Her bir jenaýat ahyrky netijede jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik bahbidine umumy möçberde hyýanat edýändir. Şunlukda umumy obýekt - bu jenaýat kanuny tarapyndan goralýan ähli jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr.

Jenaýatyň umumy obýektleriniň sanawy TJK-nyň 2-nji maddasynda[1] görkezilendir. Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy şahsyýet, raýatlaryň hukuklary we azatlyklary, jemgyýetiň we döwletiň bähbitleri, eýeçilik, jemgyýetçilik tertibi, Türkmenistanyň garaşsyzlygy, konstitusion gurluşy we bitaraplyk statusy, parahatçylyk we adamzadyň howpsuzlygy bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny jenaýatyň umumy obýektleri hökmünde göz önünde tutýar.

**Jenaýatyň bir kysymly (ýörite) obýekti** – oňa birmeňzeş, bir görnüşli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň aýratyn toparlary degişlidir. Jenaýatyň bir kysymly obýektinyň sanawy, Jenaýat

[1] Тüркменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.4

kodeksiniň Aýratyň bölüminiň baplarynyň atlarynda görkezilendir. Bir kysymly obýekti - ähli jenaýatlar üçin meňzeş bolmadyk, eýsem jenaýatyň aýry toparlaryna degişli obýektdir. Ýörite obýekti birmeňzeş jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň giň topary boýunça toplumyndan ybaratdyr. Bu obýektler Jenaýat kodeksiň Aýratyn böleginiň ulgamyny gurmak üçin esas bolup hyzmat edýär we ähli jenaýatlary toparlara bölüp, böleklere birleşdirýärler. Mysal üçin, Jenaýat kodeksiň 7-njy baby, şahsyýete garşy jenaýatlary birleşdirýär. Kanunçykaryjy bir kysymly obýekti boýunça belli bir jenaýatlary aýratyn topara berkidilip, şahsyýet bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny şahsyýete garşy jenaýatlaryň ýörite obýekti edip belleýar. Şol tertip Jenaýat kodeksiniň ähli böleklerinde gurluş ulgamynyň bitewi ýörelgesi bolup durýar.

Her bir jenaýat esasynda kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetirilýär we belli bir derejede jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli ulgamynyň berkidilmegine we mundan beýläk hem ösmegine päsgelçilik döredýär. Şonuň üçin TJK-niň Aýratyn böleginde ähli jenaýatlaryň görnüşleri üçin esasy ölçegi bolup, hyýanatçylygyň bir kysymlyy obýektleri hyzmat edýär. Bir kysymly obýektler diýip, jenaýatlaryň birenteginiň hyýanat edýän, jemgyýetiň has giň ýa-da giň däl bir kysymly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toparyna düşünilýär. Bir kysymly obýektleri, Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň özbaşdak bölümleriniň we baplarynyň atlaryny anladýan, ähli jenaýatlary uly toparlara bölmeklige mükinçilik bermek bilen, Aýratyn böleginiň ulgamyny gurmakylyga esas bolup durýär.

Şeýlelikde, Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň IX-njy bölüminiň 22-nji baby her biri gurluşyň esaslaryny düzýän, aýratyn jemgyýetçilik gatnaşyklaryna garşy gönükdirilen, meselem, **Döwlete dönüklik etmek, Içalylyk, Ýykgynçylyk**

(diwersiýa), **Häkimiýeti basyp almak maksady bilen dildüwşük etmek, Konstitusion gurluşy zorlukly üýtgetmäge bolan çagyryşlar, Türkmenistanyň Prezidentine kast etmek, Sosial, milli we dini duşmançylygy döretmek, Döwlet nyşanlarynyň hormatyny gaçyrmak, Döwlet syrynyň aýan edilmegi, Döwlet syry bolan resminamalaryň ýitirilmegi** ýaly jenaýatlar üçin jogapkärçilik baradaky kadalary özünde jemleýär. Şeýlelik bilen gurluşyň esaslary ähli aýratyn howply döwlet jenaýatlaryny bir kysymly obýektlerinden ybarat bolup durýar.

Hereket edýän jenaýat kanunçylygynda bir kysymly obýektler diýlip, şeýle-de şahsyýetlerin janyna, saglygyna, azatlygyna, mertebesine we beýleki gymmatlyklaryna, raýatlaryň syýasy we zähmet hukuklaryna, adyl kazyýetligine, jemgyýetçilik we dolandyryş tertibine, jemgyýetçilik howpsuzlygyna kast edýän jemgyýetçilik gatnaşyklary göz öňunde tutylýär. Degişlilikde muňa Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginde Döwlete garşy jenaýatlar (TJK-niň 22-nji baby), Eýeçilike garşy jenaýatlar (TJK-niň 29-njy baby), Jana we saglyga garşy jenaýatlar (TJK-niň 16-njy baby), Şahsyýetiň azatlygyna, namysyna we mertebesine garşy jenaýatlar (TJK-niň 17-nji baby[1]), Adamyň we raýatyň konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy jenaýatlar (TJK-niň 19-njy baby) we beýlekiler üçin jenaýat jogapkärçiligini belleýän maddalary özünde saklaýan, baplar bölünip berilýär.

Umumy kada boýunça baplaryň adynyň özünde, babyň maddalary boýunça jenaýat jogakärçiligine eltýän, ähli jenaýatlaryň bir kysymly obýektler görkezilýär.

**Jenaýatyň gönüden-göni obýekti** – oňa anyk jenaýat tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklary degişli bolup

[1] Tüpкменистаньıñ Jенаят kodeksi. A., 1997

duryar. Jenaýatyň gönüden-göni obýektleryň sanawyny dikeltmek üçin Jenaýat kodeksiniň anyk maddalaryny öwrenmek zerurdyr. Gönüden – göni obýekte jenaýatyň esasynda zyýan ýetirýän özbaşdak, hususy jemgyýetçilik gatnaşyklary degişli bolup durýar.

Gönüden-göni obýekti - bu ýörite obýektiň bölegi bolup, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň has anyk görnüşini görkezýar we obýektler boýunça jenaýatlary Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň anyk maddasy boýunça maddalaşdyrmaga esas bolup hyzmat edýär. Gönüden-göni obýekt, bu jemgyýetçilik howply hyýanatçylygyň bolup geçýän gönüden-göni obýektidir. Gönüden-göni obýekt - bu jemgyýetçilik gatnaşyklaryň jemidir, ýöne ýörite obýekti bilen deňeşdirilende, ýörite - has çuň göwrümde, gönüden-göni bolsa, etmişi anyk jenaýatlardan ýa-da birnäçe jenaýatlardan çäklendirýandyr. Bir gönüden-göni obýekte hyýanat edilýän jenaýatlar toparyna mysal bolup, saglyga beden zyýanyny ýetirmek hyzmat edýändir we onuň üçin jogapkärçilik Jenaýat kodeksiniň 107-115-nji maddalarynda göz öňünde tutulandyr. Saglygy zeper ýetirmekligiň ähli görnüşlerinde (uly bolmadyk agyr, agyr, aýratyn agyr) beýleki alamatlaryň köpliginde gönüden-göni obýekti bolup, tebigy gymmatlygyň saklanmagyny üpjün edýän gatnaşyklaryň jemi, adamlaryň saglygy bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklary çykyş edýär.

Gönüden-göni obýekt diýip, bir ýa-da birnäçe jenaýatlaryň gönüden-göni hyýanat edýän anyk jemgyýetçilik gatnaşyklaryna düşünilýär. Şol bir gönüden-göni obýekte hyýanat edýän jenaýatlaryň köp bolmadyk toparynyň mysaly bolup, agyr ten şikeslerini, uly bolmadyk agyr ten şikeslerini we ýeňil ten şikesleri görkezilip bilinýärler. Bu jenaýatlaryň bir kysymly obýekti şahsyýet bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklary bolup, olar gönüden-göni şahsyýetiň saglygyna

zyýan ýetirýärler. Şeýlelik bilen, saglyk bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklary belli bir jenaýatlaryň gönüden-göni obýektleri bolup durýar.

**Çyzgy № 25. Jenaýatyň obýektiniň görnüşleri**




Obýektleriň dürli görnüşlerine (umumy, bir kysymly we gönüden-göni) bölinmeginiň maksady, ähli jenaýatlaryň (umumy obýekti), jenaýatlaryň uly toparynyň (bir kysymly obýekti) we ýeke-täk jenaýatyň (gönüden-göni obýekti) haýsy anyk jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gönüden-göni hyyanat edýändigi anyklaşdyrmak üçin zerurdyr.

Bu bölünşik jenaýat hukugynyň Aýratyn böleginiň ulgamyny gurmakylygyň esasydyr, emma ol den derejede jenaýatlaryň ähli toparlary üçin ulanylyp bilinmez. Kanun çykaryjy kä-mähäl aýratyn özbaşdak baplara bir näçe jenaýatlary bölýär, onda bu jenaýatlaryň ählisi üçin şol bir wagtyň özünde şol bir anyk jemgyýetçilik gatnaşykly hem bir kysymly, hem gönüden-göni obýekt bolup durýär. Mysal üçin, eýeçilike garşy jenaýatlaryň ählisi diýen ýaly şol bir gönüden-göni obýekte (eýeçilike) hyýanat edýärler. Agzalan jenaýatlaryň

hemmesi biri birinden gönüden-göni obýekti bilen tapawutlanman, esasanam hyýanatçylygyň usuly bilen tapawutlanýar lar (ogurlyk, talaňçylyk, kezzapçylyk we beýlekiler).

Köplenç halatda şol bir kysymly obýekte hyýanat edýän jenaýatlar hem özbaşdak gönüden-göni obýekte hyýanat edýärler. Mysal üçin**, Bilkatdan adam öldürmek** (TJK-niň 101-nji m) we **Töhmet atmak** (TJK-niň 132-nji m) şol bir kysymly obýekte – şahsyýet bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşygyna kast edýärler, emma Bilkastdan adam öldürmegiň sönüden-göni obýekti adamyň jany bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşygy, Töhmet etmeginiň bolsa gönüden-göni obýekti, şahsyýetiň mertebesi bolup durýar.

Belli bir jemgyýetçilik howply etmişleri gönüden-göni iki ýa-da ondan hem köp dürli bir kysymly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna garşy gönükdirilendir. Kanun çykaryjy bu ýagdaýlarda, birnäce dürli bir kysymly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna hyýanatçylygy gaplap alýan, birnäçe gönüden-göni obýektli jenaýatlaryň düzümlerini düzýär. Şonuň ýaly, **Garakçylyk** (TJK-niň 231-nji maddasy), başga biriniň emlägini almak maksady bilen adamyň jany üçin ýa-da saglygy üçin howply bolan zorlugy ulanmak ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny salmak bilen birlikde çozuş etmek, şol bir wagtyň özünde şahsyýet we eýeçilik bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklaryna kast edýär. Kanunda göz öňünde tutulan, her-bir jenaýatyň gönüden-göni obýektiniň mazmunynyň takyk kesgitlemesi, jenaýatyň dogry maddalaşdyrylmagyna zerur şert bolup durýar.

Obýektleriň umumy, bir kysymly (ýörite) we gönüden-göni görnüşlerini maddalaşdyrmakda bitewi, bitewiniň bölegi, bölegiň bölegi ýaly dialektiki gatnaşykdan ugur almak zerurdyr. Bu düşünjeleriň anyk häsýetnamasy jemgyýetçilik

gatnaşyklaryň mazmunyna düzümine esaslanyp, umumy, aýratyn we bir bitewi düşünjelerine laýyk gelýär. Mysal üçin, **Ogurlukda** (TJK-niň 227-nji maddasy) umumy obýekt bolup, bu jenaýat kanuny tarapyndan goralýan ähli jemgyýetçilik gatnaşyklaryň jemidir. Bir kysymly (ýörite) obýekt (bitewi bölegi we aýratyk)- eýeçilik gatnaşyklary bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklary. Gönüden-göni obýekt (bölegiň bölegi we bir bitewi) eýeçilikiň anyk görnüşi, meselem, hususy, döwlet we eýeçilikiň beýleki görnüşleri bolup durýar.

Diýmek, jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklary diýemizde, bu alamatlaryň arasynda, guramalaryň, döwletiň we raýatlaryň arasyndaky haýsydyr bir bähbitleri we durmuş gymmatlyklary babatda dörän gatnaşyklary göz öňünde görýarys. Şunlukda islendik jenaýatyň obýekti bolup, jenaýat kanuny tarapyndan hyýanatçylygyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklary çykyş edýär.

## § 4. Jenaýatyň predmeti we onuň hukuk ähmiýeti

Jenaýatyň predmeti – ol jenaýat howpy abanýan maddy häsiýetli zat. Jenaýatyň predmeti jemgyýetçilik gatnaşygynyň böleginiň maddy beýany bolup çykyş edýär. Oňa jenaýat zyýan ýetirýär. Bu jenaýatyň goşmaça alamaty bolup, ähli jenaýatlarda bolmaýar, ol diňe predmeti bolmaly jenaýatlarda ýüze çykýar. Jenaýatyň predmeti diýlip, diňe zat we gymmatlyk bolup bilýär. Belli bir halatlarda jenaýatyň predmetine jenaýatyň üsti bilen hiç hili zyýan ýetirilmeýär. Emma jenaýatyň obýekrtine mydama zyýan ýetirilýändir. Jenaýatyň predmeti bilen bagly meseleler, jenaýatyň maksadyny aňladýär, şonuň esasynda jenaýatkäriň jenaýaty amala aşyrylýar. Jenaýat hukugynda jenaýatyň serişdesi diýip hem

düşünje bardyr, ol jenaýatyň obýektiw tarapynyň goşmaça alamatlaryna degişli bolup durýar. Jenaýatyň ýaragy jenaýatyň predmetinden tapawutlydyr. Belli bir ýagdaýlarda jenaýatyň predmeti jenaýatyň serişdesine öwürlüp bilner. Mysal üçin, awtoulag usuly ogurlanýär, soň bolsa ol ulag bilen adam kakyp öldürýär.

Jenaýatyň özbaşdak predmeti hökmünde ulag serişdeleri, gymmatly zatlar, tehniki serişdeleri hem bolup bilýär. Jenaýatýň predmeti öwrenilende esasy ýeri jebir çeken eýeleýär. Jebir çekeniň garşylygyna kast edişiň amala aşyrylmagy esasynda maddy, fiziki ýa-da ahlak zyýan taýdan ýetirilip bilner. Jebir çekeniň özüni alyp barşyny anyk öwrenýän ýörite hukuk pudagy bardyr, ol Wiktimologiýa diýlip atlandyrylýär. Jebir çeken jenaýatda özüni alyp barmagy bilen günäkäriň jenaýat jogapkärçiligini güýçlendirip ýa-da ýeňilleşdirip biler. Jenaýatkär jenaýat etmek bilen, bu ýagdaýda jebir çeken diýlip atlandyrylýan edaralara, kärhanalara, guramalara, raýatlara bell bir zyýan ýetirip bilýär. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 86-njy maddasy[1] jebir çekeni, jenaýat netijesinde at-abraýyna, mertebesine esassyz we bikanun zyýan ýetirilen, şeýle hem beden ýa-da emläk taýdan zyýan ýetirilen adam hökmünde kesgitleýär.

Eger-de jenaýat zatlara täsir etmek ýoly bilen edilse, onda olar hyýanatçylygyň predmeti diýlip atlandyrylýärler. Hyýanatçylygyň predmetine täsir etmek bilen, jenaýatkär ol ýa-da beýleki işi bozup, aýratyn zatlara zyýan ýetirip ýa-da zatlaryň ýagdaýyny üýtgedip, şonuň esasynda bell bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny bozup biler. Jenaýatyň dogry maddalaşdyrylmagy üçin ýeke bir fiziki üýtgeşmeleri anyklamak ýeterlikli däldir. Elmydama etmişiň gönükdirilişini

nazara alyp, jenaýatkäriň bu ýagdaýda günäli zyýan ýetiren Jenaýatyňyň obýektini anyklamak zerurdyr.

**Soraglar:**

1. Jenaýatyň obýekti barada düşünje.
2. Jenaýatyň obýektiniň mazmuny.
3. Jenaýatyň obýektiniň gurluşy.
4. Jenaýatyň obýektiniň etmişleri maddalaşdyrmakdaky orny.
5. Jenaýatyň obýektiniň görnüşleri.
6. Jenaýatyň predmeti we onuň hukuk ähmiýeti.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. "Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky" kanuny. A., 2009
8. "Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky" kanuny. A., 2009
9. "Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky" kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. "Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky" Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010

12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008

## Bap IX. Jenaýatyň obýektiw tarapy

### § 1. Jenaýatyň obýektiw tarapy barada düşünje we onuň ähmiýeti

Jenaýatyň obýektiw tarapyny jenaýatyň düzüminiň (sostawynyň) esasy alamatlarynyň biri bolup durýär. Etmiş we onuň netijesi, olaryň arsyndaky sebäpli baglanşyk, jenaýatyň usuly, ýaragy, serişdesi, ýeri, wagty we ýagdaý jenaýat kast edilişiniň daşky obýektiw tarapynyň alamatlaryna degişlidir.

Jenaýatyň obýektiw tarapy - bu real dowam edýän ýagdaýlaryň jemidir. Ol özüniň çäklendirýän birliginde we arabaglanyşygynda kanun tarapyndan goralýan bähbitlere jemgyýetçilik howply we kada-kanuna ters gelýän etmiş bilen häsiýetlendirilýär. Jenaýatyň düzüminiň obýektiw tarapy - bu jenaýat kanuny tarapyndan goralýan, obýekte zyýan ýetirilýän, jenaýatyň daşgy şekiliny häsiýetlendirýän ýeterlik we zerur alamatlaryň jemidir.

Köp ýagdaýlarda bir jenaýat beýleki jenaýatdan esasan hereketiniň (hereketsizliginiň) häsiýeti we ýűze çykýan netijesi, beýleki obýektiw alamatlary bilen onuň amala aşyrylyş ukyby boýunça tapawutlanýar.

Jenaýatyň sostawynyň obýektiw tarapynyň soraglary jenaýat hukugynda merkezi problemanyň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar. Ỳagny jenaýat jogapkärçiligini esaslandyrmagyň meselesidir.

Jenaýatyň obýektiw tarapynyň ähmiýeti şulardan ybarat bolup durýär:

1. Jenaýatyň obýektiw tarapy Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň degişli maddalarynyň dispozisiýalarynda görkezilendir. Jenaýatyň düzüminiň

hökmany we goşmaça alamatlarynyň jemi görnüşinde seretmek zerurdyr.

2. Jenaýatyň obýektiw tarapy jenaýatyň düzüminiň beýleki alamatlary bilen üznüksizdir.

3. Jenaýatyň düzüminiň obýektiw tarapy degişli jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykmagynyň zerur sertidir.

4. Jenaýatyň düzüminiň ýagdaýy hökmünde obýektiw tarapy jezalandyrylýan jenaýatçylykly etmişi dogry maddalaşdyrmak üçin hukuk esasydyr.

5. Obýektiw tarapynyň alamatlary çäklendiriji ölçeg hökmünde çykyş edýärler.

6. Obýektiw tarapy jenaýatçylykly etmişi hukuk bozulmadan tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.

7. Obýektiw tarapynyň alamatlary jenaýatyň jemgyýetçilik howplylyk derejesini we häsiýetini anyk ýüze çykarýarlar.

Jenaýatyň obýektiw tarapy - bu jenaýatyň obýektiw hakykatda daşky ýüze çykmagydyr we duýgylar organlary bilen kabul edijilikdir. Şunuň esasynda, jenaýatyň obýektiw tarapy eşitmek, görmek, aňmak we tagam arkaly kabul edip boljak mümkinçiligiň ýüze çykarylmagydyr. Jenaýatyň obýektiw tarapyna, jenaýat

**Çyzgy № 26. Jenaýatyň obýektiw tarapy**



kanunynda göz öňünde tutulan jenaýatçylykly etmişi (jemgyýetçilik howply hereket ýa-da hereketsizlik), jenaýatçylykly netijäni, olaryň arasyndaky sebäpli baglanyşygy (etmişiň we netijäniň arasyndaky sebäpli baglanşyk), jenaýatyň ýerini, wagtyny, ýagdaýyny, usulyny, jenaýatyň etmeginiň guralyny we serişdelerini häsiýetlendirýän daşky alamatlary degişli bolup durýar.

Islendik jenaýatyň obýektiw tarapynyň häsiýetleri - jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan edýän ýa-da zyýan ýetirmägi mümkin edýan jemgyýet üçin howply hereketleri ýa-da hereketsizlikleri amala aşyrmagydyr. Jenaýatyň obýektiw tarapynyň häsiýetlerini etmişiň wagty, ýeri, ýaragy we beýleki ýagdaýlaryň usulyndaky aýratynlyklaryň esasynda ýüze çykarmak bolýar. Şunuň bilen baglylykda islendik jenaýatyň obýektiw tarapy umumylaşdyrylan görnüşde häsýetlendirilýär, ýagny, jenaýatyň düzüminiň umumy düşünjesinde jemgyýetçilik howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik), onuň usuly, wagty, orny, ýagdaýy, jenaýaty amala aşyrmagyň enjamlary we serişdeleri, jemgyýetçilik howply netijeleri we etmiş bilen jenaýatçylykly netijeleriň arasyndaky sebäpleýin arabaglanşyklar ýaly alamatlary görnüşinde görkezilýär.

Hereket diýip adamyň jemgyýet üçin howply, erkli we aktiw özüni alyp barmagyna aýdylýar. Hereketsizlik diýip, adamyň öz üstünde ýatan etmeli we edip biljek borçlaryny etmezligi bilen baglanşykly jemgyýetçilik howply, erkli we passiw özüňi alyp barmakylygyna garalýar. Jenaýatçylykly netije diýlende, jemgyýetçilik howply etmişiň (hereket ýa-da hereketsizlii)edilmegi netijesinde, jenaýat-hukuk goragynyň obýektine, jenaýat kanunynda görkezilen, bell bir zyýanyň ýetirilmegi göz öňünde tutulýar. Sebäpli baglanşyk bolsa, jemagyýetçilik howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlii)bilen

ýuze çykan jenaýatçylykly netijäniň arasynda bolan obýektiw baglanşykdyr. Jenaýatyň edilen ýeri diýlip, onuň amala aşyrylan bell bir çägi bolupdurýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 131-nji maddasynda **Görnetin sagdyn adamy mejbury bejermek**

(1) Psihiatriýa lukmançylyk edarasyyna ýa-da ýapyk görnüşli gaýry kesel bejeriş jaýyna şeýle bejerişe görnetin mätäçlik çekmeýän adamy ýerleşdirene,

üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş seresapsyzlyk boýunça jebir çekeniň ölmegine getirse ýa-da onuň saglygyna agyr şikes ýetirse ýa-da gaýry agyr netijelere getirse,

üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän üç ýyldan ýedi ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Jenaýatyň amala aşyrylan wagty diýlip, jenaýatyň amala aşyrylyp bilinjek bell bir wagtyň dowamyna düşünilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 149-njy maddasyna laýyklykda, **Saýlaw hukugynyň amala aşyrylmagyna we referenduma gatnaşmak hukugyna päsgel bermek**

(1) Saýlaw hukugynyň amala aşyrylmagyna ýa-da referenduma gatnaşmak hukugyna päsgel berene,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäşden onusyna çenli möçberde jerime salynýar ýa-da bir ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş bermit bermek, aldamak, fiziki zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbaty bilen birleşdirilip edilse,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Saýlaw hukugynyň amala aşyrylmagyna we referenduma gatnaşmak hukugyna päsgel bermeklik, bu jenaýatyň bell bir wagtda – döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna saýlawlar we referendum wagty edilmegini aňladýar.

## Çyzgy № 27. Obýektiw tarapynyň hökmany alamatlary




Jenaýat ýetiren zyýanynyň bähbidiniň esasynda emele gelýän bir topar özbaşdak aýratynlyklara eýedir. Edilen etmişleri dogry bahalandyrmakda esasy zat, hereketiň ýa-da hereketsizlikleriň häsiýeti, olaryň esasynda ýüze çykýan netijeler, jenaýat eden adamyň özi (jenaýatyň subýekti) we onuň ýerine ýetiren etmişine psihiki garaýyşydyr. Jenaýatyň obýektiw tarapyny anyklamak üçin, etmişiň özi (hereket we hereketsizlik), ýüze çykýän netijeler we olaryň arasyndaky arabaglanyşygy anyklamak zerurdyr. Şol ýagdaýda jenaýatyň alamatlaryny hukuk taýdan dernemeli we olara häsiýetnama bermeli.

Şu ýerde sanalan ahli obýektiw tarapyň alamatlarynyň kanun çykaryjy tarapyndan her anyk jenaýat düzümine ählisiniň goşulmagyny bellemeli. Her bir düzüm beýleki düzümlerden alamatlaryň dürli sanawy bilen tapawutlanýar. Alamatlaryň hiç biri hemişelik däldir. Diňe jemgyýetçilik howply etmiş ( hereket ýa-da hereketsizlik), jenaýat hukugy boýunça jenaýat diýip yglan edilýär. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň aýtatyn bölüminiň maddalarynda hereketleriň ýa-da hereketsizligiň anyk häsýeti bellenilýar, onda şol görnüşdäki jenaýaty amala aşyrmakda esaslar we beýleki häsýetnamalar berilýär.

## § 2. Jenaýatyň obýektiw tarapynyň hökmany we goşmaça alamatlary

Jenaýatyň obýektiw tarapynyň alamtlary iki topara böunýärler:

1. **Obýektiw tarapyň hökmany alamatlary.**
2. **Goşmaça (fakultatiw) alamatlary.**

Jenaýatyň düzüminiň obýektiw tarapy hökmany we gozmaça alamatlarydan ybarat bolup durýär. Jenaýatyň düzüminiň obýektiw tarapynyň hökmany alamatlary her jenaýatda hokmany bolmaldyr. Emma jenaýatyň düzüminiň obýektiw tarapynyň gozmaça alamatlary edilen jenaýatlarda bolup we bolman bilýärler. Jenaýatyň obýektiw tarapynyň hökmany alamatlary dürli jenaýatyň düzümine mahsusdyr. Jenaýatyň düzüminiň hökmany alamatlaryň görnuşleri maddy möçberine baglylykda dürli bolup bilýär, mysal üçin, maddy düzümi jenaýatlarda hökmany alamatlaryň sany aşakdakylardan ybarat bolup durýar:

1. **Jemgyýetçilik howply hereket ýa-da hereketsizlik.**
2. **Jemgyýetçilik howply netije.**

**3. Hereket (hereketsizlik)bilen ýüze çykýan netijänyň arasyndaky sebäpli baglanşyk.**

**Çyzgy № 28. Jenaýatyň obýektiw tarapy**




Formal düzümi jenaýatlarda bolsa, mysal üçin, töhmet atmak (TJK-niň 132-nji madda) hökmany alamatlary hökmünde diňe jemgyýetçilik howply hereket ýa-da hereketsizlik bolup biler. “1**32 madda. Töhmet**

(1) Töhmet atana, ýagny başga bir adamyň namysyny we mertebesini kemsidýän görnetin ýalan maglumatlary ýaýradana,

ýetirilen zyýany düzetmek borçlary üstüne ýüklenilýär ýa-da zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäşden onusyna çenli möçberde jerime salynýar ýa-da bir ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

(2) Köpçülikleýin çykyşda, köpçülige niýetlenen eserde ýa-da köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde atylýan töhmet üçin,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ondan ýigrimisine çenli möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da bir ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Agyr netijelere getiren ýa-da aýratyn agyr jenaýat etmekde aýyplamak bilen birlikde atylan töhmet üçin,

üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Jenaýat düzümiň fakultatiw alamatlary jenaýat hukugynda jenaýatçylykly wakalary maddalaşdyrmak üçin hökmanydyr, sebäbi kanun çykaryjy esasy düzümiň alamatlary bilen bilelikde, Jenaýat kodeksiniň aýratyn bölegininiň maddasynyň dispzisiýasynda goşmaça alamatlary hem görkezýar.Belli bir jenaýatlaryň düzümünde obýektiw tarapynynyň fakultatiw alamatlary hem bolup bilýar. Mysal üçin,

1. **Jenaýatyň usuly.**
2. **Jenaýatyň ýaragy, serişdesi.**
3. **Jenaýatyň ýeri.**
4. **Jenaýatyň wagty.**
5. **Etmişi amala aşyrmagyň ýägdaýy.**

**Çyzgy № 29. Obýektiw tarapynyň goşmaça alamatlary**



Jenaýat hukugy anyk jenaýatyň obýektiw tarapynyň alamatlaryna laýýklykda düzümleriniň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýar. Düzümiň toparlarynyň maddalaşdyrylmagy (kwalifikasiýasy) obýektiw tarapynyň hökmany we goşmaça alamatlary boýunça esaslanýär:

1. **Jenaýatyň jemgyýetçilik howply (alamaty) derejesi;**
2. **Düzümiň gurluşy;**
3. **Düzümiň konstitusiýasi, daşky beýany.**

Soňky iki alamat jenaýat kanunynda düzümleriň beýan edilşiniň usullary we ýollary bilen baglanşyklydyr.

Jenaýatyň jemgyýetçilik howplylyk derejesi obýekriw tarapynyň hökmany alamatlarynyň biri bolup durýär. Jenaýatyň jemgyýetçilik howplylyk derejesi boýunça düzümiň dört görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. **Esasy düzüm;**
2. **Ýeňilleşdirilýän ýagdaýly düzümler;**
3. **Agyrlaşdyrýan ýagdaýly düzümler;**
4. **Has agyrlaşdyrýan ýagdaýly düzümler.**

Jenaýatlaryň anyk jemgyýetçilik howpuny göz öňünde tutup, jenaýat kanuny olaryň düzümlerini dürli maddalarda ýa-da maddanyň bir böleginde häsýetlendirýar. Meselem, mukdary (jenaýaty birden köp gezek amala aşyran), hili (düýpli zyýan, agyr netijeler we beýleki alamatlary) we şunä meňzeş häsýetnamalary saýlanýar. Dürli düzümleriň gurluşynda kanun çykaryjy mukdar we hil alamatlaryny onuň agyrlyk derejesini häsiýetlendirmek üçin ulanylýar. Kadalarda saglyga agyr şikes ýetirmeklik üçin (TJK-niň 107-nji, 109-njy, 110-njy, 115-nji maddalar) we orta agyrlykda şikes ýetirmeklik (TJK-niň 111-nji madda) üçin jogapkärçilik kesgitlenendir.

Mysal üçin, **109-njy-njy madda. “Gazaplanma ýagdaýynda saglyga bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirmek**

Jebir çekeniň zorluk etmegi, masgaralamagy ýa-da gaty kemsitmegi netijesinde ýa-da gaýry kanuna ters gelýän ýa-da ahlaksyz hereketleri (hereketsizligi), şonuň ýaly-da jebir çekeniň yzygiderli hukuga ters gelýän ýa-da özüni ahlaksyz alyp barmagy bilen döran uzak wagtlap akyla zeper ýetirýän ýagdaý netijesinde birden dörän güýçli psihiki tolgunmasy (gazaplanmasy) ýagdaýynda saglyga bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirene,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Edilen jenaýatyň agyrlygy jezanyň görnüşine we ölçegine täsir edýändir.

Gurluşy boýunça, beýan ediş usuly boýunça, jenaýat hukugy ylmynda düzümleriň üç görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. **Ýönekeý;**
2. **Çylşyrymly;**
3. **Saýlama.**

TJK-niň 101-nji maddanyň 1-nji böleginde görkezilen ýagdaý ýönekeý düzumiň mysaly bolup, **Bilkastdan adam öldürmek**

(1) Bilkastdan adam öldürmek,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Çylşyrymly düzümlerde alamatlaryň köp ölçegli beýan edilýär, meselem, iki obýekt ýa-da birnäçe hereketleriň alamatlary, ýa-da birnäçe netijeleriň üýze çykmagy. Mysal üçin, TJK-niň **231-nji maddasy “Garakçylyk**

(1) Başga biriniň emlägini almak maksady bilen, adamyň jany üçin ýa-da saglygy üçin howply bolan zorlugy ulanmak ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny salmak bilen birlikde çozuş (garakçylyi)edene,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Amala aşyrylan garakçylyk:

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

b) ýaşaýyş jaýyna, başga jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girmek bilen;

ç)ýarag ulanmak ýa-da ýarag hökmünde başga predmetleri ulanmak arkaly;

d) gaýtadan;

e) raýata ep-esli möçberde zyýan ýetirmek bilen edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp, ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu aşakdaky ýagdaýlarda garakçylyk amala aşyrylanda:

a) uly möçberli zyýan ýetirmek bilen;

b) guramaçylykly topar tarapyndan garakçylyk edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp, ýa-da muzdsuz alman alty ýyldan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şular ýaly ýagdaýlarda garakçylyk edilende:

a) aýratyn uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) jenaýatçy toparlanyşyk tarapyndan;

ç)jebir çekeniň saglygyna düýpli zyýan ýetirmek bilen garakçylyk edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Ýa-da, zorlamagyň düzümi (TJK-niň 134-nji madda) iki hereketi görkezýär, ejir çekene güýç ulanmak ýa-da güýç ulanmak howpuny döretmek we onuň erkine garşy gidip jyns gatnaşyklaryna girmekligi**. “ Zorlamak**

(1) Aýal-gyzlary zorlana, ýagny fiziki zorlugy ulanyp, gorkuzyp, şeýle hem jebir çekeniň biçäreliginden peýdalanyp, zyna edene,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, üc ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Aýal-gyzlary zorlamak:

a) gaýtadan edilse;

b) deslap dilleşmezden iký ýa-da şondan-da köp adam ýa-da deslapky dilleşek boýunça adamlar topary tarapyndan edilse;

ç)jebirçekeni horlamak bilen edilse;

d) jebir çekene weneriki kesel ýokaşdyrsa;

d) kämillik ýaşyna ýetmedikdigi görnetin bolsa,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, bäş ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Aýal- gyzlary zorlamak:

a) seresapsyzlyk boýunça jebir çekeniň ölmegine getirse ýa-da onuň saglygyna agyr şikes ýetirse ýa-da ona SPID keselini ýokaşdyrsa;

b) jebir çekeniň on dört ýaşyna ýetmedikdigi görnetin bolsa,

iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek bilen ýa-da ýüklemän, on ýyldan

ýigrimi bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Saýlawly düzüm - çylşyrymly düzümiň iň köp gabat gelýan görnüşi hasaplanýar. Kanunberiji Jenaýat kodeksiniň aýratyň bölüminiň maddasynyň dispozisiýasynda sanalan hereketleriniň haýsy-da bir biriniň amala aşyrmagyny jenaýat diýip kesgitleýar. Bellenilen hereketleň islendik biriniň amala aşyrylmagy şol jenaýatyň obýektiw tarapyny häsýetlendirýär.

## § 3. Jenaýatyň obýektiw tarapynyň hökmany alamatlary. Jemgyýet üçin howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik)

Türkmenistanda hereket edýän jenaýat kanunçylygyň namalary anyk hereketleri amala aşyrmagy üçin jeza çekdirmek howpy bilen gadagan edýärler ýa-da raýatlara bellenen tertipde aktiw hereketleri etmeklige ýöl berýärler. Şoňa görä-de namada görkezilen özüni alyp barşynyň düzgüni hereketsizlikde beýan edilen aktiw (işjeň) we passiw (gowşak, saklanyp) özüňi alyp barşy bilen günäkär tarapyndan bozulyp bilner.

**Hereket** – bu adamyň aktiw özüňi alyp barşy, adamyň aktiw işjeňligidir. Oňa diňe adamyň bir ýa-da birnäçe beden hereketi degişli bolman, eýsem jenaýatçylykly kasty amala aşyrmakda kömegi beren serişdeler we ýaraglar hem degişlidir.

Anyk jenaýatçylykly hereketleriň ýüze çykyşynyň daşky görnüşleri dürli-dürlidir. Köplenç halatlarda olaryň özi Jenaýat kodeksiniň maddasynyň dispozisiýasynda görkezilýär. Onuň bilen jenaýatyň sostawynyň alamatlary kesgitlenýär. Jenaýatyň aýratynlyklkaryna baglylykda jenaýat kanuny jenaýat-hukuk hereketlerniň häsiýetlerini dűrli derejede kesgitleýär.

Kanun jenaýatçylykly hereketiň häsiýetiniň we mazmunynyň ýazylyşyny umumylaşdyryp berýän bolsa, onda jenaýat-hukuk kadasynda görkezilen obýektiw tarapyň alamatlaryna laýyk gelýän adamyň hereketini jenaýat diýip hasaplamak bolýär.

Jenaýat **hereketsizlik** bilen hem amala aşyrylyp bilner. Bu amala aşyrylmaly hereketi ýerine ýetirip bilmedik adamyň passiw özüni alyp barşy, ol jenaýatyň düzüminiň obýektiw tarapynyň alamaty hökmünde hereketsizligi jemgyýetçilik howply etmiş ýaly anyklaýar. Hereketsizlik berk kesgitlenen borçlary ýerine ýetirmezlik bilen düşündirilýär. Bellenen tertipde hereket etmekligiň hukuk borjy dürli esaslardan gelip çykýar:

a) Jenaýat kanunynyň göni görkezilmedik.

b) Gulluk ýa-da professional borjundan.

c) Garyndaşlykdan we maşgala gatnaşyklaryndan.

Her bir aýratynlyklar **uzaga çekýän, dowam edýän we çylşyrymly jenaýatlary** amala aşyrmakda jemgyýetçilik howply etmişi esasynda edilýär. **Uzaga çekýän** jenaýatlar kesgitlenen jenaýatçylykly etmişiň düzümi kesgitsiz wagtyň dowamynda üznüksiz amala aşyrylmagy bilen häsiýetlenýär. Bu derejede **Ot açýan ýaraglaryň bikanun saklanmagy, Dezertirçilik** (gaçgakylyi)ýaly jenaýatlary mysal getirmek münkin. Uzaga çekýän jenaýt jenaýatçylykly hereketiniň (hereketsizliginiň) amala aşan pursatyndan başlaýar we dürli ýagdaýlaryň ýüze çykyşy bilen güýjünde ýatyrylýar, ýagny, jenaýatçynyň tutulmagy, onuň ölümi, günäni boýun alyp gelmekligi.

Ol ýa-da beýleki jenaýatyň uzaga çekýän derejä degişliligi baradaky meseläniň diňe bir teoretiki däl, eýsem amaly ähmiýeti hem bardyr. Onuň dogry çözgüdi amnistiýany

ulanmak mümkünçiligi, jenaýat jogapkärçiligine çekmekligiň wagt möhleti bilen baglydyr.

**Dowam edýän jenaýat** diýlip, jenaýat kanunynyň bir maddasynda ýa-da maddasynyň böleginde göz öňünde tutulan, ýeke-täk niýeti gurşap alýan we umumy maksady bolan birmeňzeş etmişleriň ikisinden ya-da köpüsinden ybarat etmiş hasap edilýär. Mysal üçin, müňa satyjy tarapyndan alyjylara harytlary kem ölçäp bermek we kem çekip bermek ýaly jenaýatlar degişlidir.

**Çylşyrymly jenaýat diýlip**, iki ýa-da birnäçe hereketden durýan her haýsy özbaşdak jenaýat bolup, ýöne özüniň jemligi bilen bir jenaýaty döredýän jenaýata aýdylýar. Jenaýat jogapkärçilik ýaşyna ýeten, akyly düzüw adamyň erki dürli ýagdaýlaryň täsiri astynda bölekleýin ýa-da tutuş saklanypm bilner. Ol jenaýat jogapkärçiliginiň soraglaryny çözmäge dürli täsir edýär. Şeýle ýagdaýlara degişli:

1. Öňüni alyp bolmaýan güýç hereketi.
2. Fiziki mejbur etmek.
3. Psihiki mejbur etmek.

Öňüni alyp bolmaýan güýç bolanda, ýagny, adama belli bir hereketi erkin amala aşyrmaga mümkinçilik bermeýän ýagdaýlara degişli ýagdaý, oňa tebigat, mehanizmler, tehniki ulgamlar, adamlar, haýwanlar, adam bedeninde (organizminde) keselli prosesler ýaly ýagdaýlaryň täsirine dűşűnilýär. Öňüni alyp bolmaýan güýjüň ýagdaýlarynyň bolmagy bilen, adamyň eden etmişi jenaýat hukuk ähmiýetini ýitirýär. Eger adam özi akyl ýetirip, hereketi ýa-da hereketsizligi bilen zyýanly we howpyly ýagdaýy ýüze çykarsa, onda oňyň öňüni alyp bolmaýan güýji ulanmandygyna salgylanyp bolmaz.

Fizki mejbur etmek, ýagny, başga bir adamlar tarapyndan adamyň öz erkine görä hereket edip bilmezligine düşünilýär. Beýle mejbur etmede ol beýleki adamlaryň elindäki ýarag

bolup biler. Şoňa görä-de, ol jenaýat jogapkärçiligine mahsus däldir.

Psihiki mejbur etmek bolanda, adam jemgyýetçilik howply etmişi amala aşyrmakda kanun tarapyndan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilýär. Şahsyýete ýa-da onuň ýakynlaryna fiziki zorlugy ýa-da ölüm howpuny döretmek, emläginden mahrum etmek, ýa-da jebir çekeniň durmuşy zerur bolan bähbitlerden çäklendirmegi bozmagy degişlidir.

## § 4. Jemgyýetçilik howply netijeler. Maddy düzümli we formal düzümli jenaýatlar. Hereket bilen howply netijäniň arasyndaky baglanşyk

Dürli jenaýatyň obýektiw netijesi goralýan bähbitlere zyýanyň ýetirilmegidir. Etmişiň ukuby obýekte hakyky zyýan ýetirýär we belli bir hereketiň (hereketsizligiň) jenaýatçylyk derejesinyň degişliligini kesgitleýär. Haçanda netije maddy-fiziki häsiýetde bolup, ol hem hasaba alynsa, kanun çykaryjy ony jenaýat hukuk kadasynyň dispozisiyasynda belleýär.

Hakyky ýüze çykan zyýanly netijeleriň häsiýetiniň agyrlyk derejesiniň we möçberiniň dogry bellenmeginiň ähmiýeti uludyr. Saglyga ýetirilýän zyýanyň agyrlyk derejesi boýunça: agyr, ortaça agyr we ýeňil zyýan tapawutlandyrylýar. Başga biriniň emlägini ogurlamakdan ýetirilen maddy zyýanyň ölçegine baglylykda ogurlanan emlägiň bahasyna laýyklykda seredip bolýar.

Jenaýat hukugynyň nazaryýetinde we tejribesinde kadalaryň ulanylşynda jenaýatyň esasy we goşmaça jemgyýetçilik howply netijesi tapylýar. Köplenç ýagdaýlarda jenaýat bir wagtyň özünde birnäçe dürli görnüşli jemgyýetçilik gatnaşyklaryna zyýan ýetirýär. Mysal üçin, banditizm çylşyrymly jenaýat hökmünde diňe bir jenaýat hukugy arkaly

goralýan jemgyýetçilik howpsuzlygynyň ýagdaýyny bozman, goşmaça obýektleri hem bozýar.

Jenaýat hukuk ylmynda, köplenç halatlarda, jemgyýetçilik howply netijeleri iki görnüşe bölýärler.

**1) Maddy.**

**2) Maddy däl.**

Öz gezeginde maddy netije emläkli we fiziki görnüşe bölünýär. Maddy däl netije bolsa ahlak, syýasy, gulluk, guramaçylyk we şuňa meňzeşler görnüşlere bölünýär. Jemgyýetçilik howply netijeler ähli maddy düzümli jenaýatyň obýektiw tarapynyň hökmany alamatlary hökmünde çykyş edýärler. Mysal üçin, TJK-niň 107-nji maddasy **Saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirmek**

(1) Syna bilkastdan agyr şikes ýetirilmegi adamyň janyna howp salsa ýa-da şonuň netijesinde adam görmekden, geplemekden, eşitmekden galsa, ýa-da haýsydyr bir edarasyny ýitirse, ýa-da haýsy-da bolsa bir edarasy, işlemekden kesilse, ýa-da ýüzi düzedip bolmajak bedroýlyga sezewar edilse, şeýle hem saglygyna, jany üçin howply bolan başga bir zyýan ýetip, umumy işe ýarawlylygynyň azyndan üçden bir bölegini uzak wagtlaýyn ýitirse, ýa-da professional işe ýarawlylygyny doly ýitirse, ýa-da göwresinden çagasy aýrylsa, ýa-da psihiki kesele ýoluksa,

üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş, eger:

a) göwreliligi günäkäre görnetin bolup duran aýal babatynda;

b) adamyň öz gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirmegi bilen baglanşykly şol adam ýa-da onuň ýakyn adamlary babatynda;

ç)deslapdan dilleşmezden iki ýa-da şondan-da köp adam tarapyndan ýa-da deslapky dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

d) azap bermek ýa-da jebir bermek häsiýetindäki usul bilen;

e) umumy howply usul bilen;

ä)huligançylyk niýetleri bilen;

f)durmuş, milli, jyns ýa-da dini ýigrenç ýa-da duşmançylyk bilen;

g)guramaçylykly topar tarapyndan;

i) iki ýa-da köp adam babatynda;

i)gaýtadan edilse,

bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan etmişler jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan edilse ýa-da seresapsyzlyk boýunça jebir çekeniň ölmegine eltse,

alty ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Obýektiw tarapyň gurluşy boýunça ýagny, beýan edişiň ugry we ýeriren netijesi boýuça jenaýatyň düzümiň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

**1. Maddy düzümli jenaýatlar.**

**2. Formal düzümli jenaýatlar.**

**Maddy düzümli jenaýat** - bu jenaýat kanuny arkaly, jenaýatyň obýektiw tarapyny diňe bir hereketlilik ýa-da hereketsizlik üsti bilen häsiýetlendirilmegi däl-de, eýsem şonuň ýaly etmişiň jemgyýetçilik howply netijeleriniň häsýetnamasyna degişli alamatlaryň üsti bilen beýan edilýän jenaýatdyr. Başgaça aýdylanda, jenaýatyň jemgyýetçilik howply netijeleri

hökmany alamat hökmünde Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölegini namalarynyň dispozisýalarynda görkezilendir.

Maddy düzümli jenaýatlary tapawatlandyrýan aýratynlyk, ol zyýanly netijedir. Jenaýat gutarylan diýlip hasap edilýär, haçan-da amala aşyrylan jenaýatçylykly etmişiň esasynda jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilse. Şuňa mysal hökmünde ogurlyk bilen bagly jenaýat seredilip bilner. Sebäbi diňe jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna (eýeçilik bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklary) zyýan ýetirilse, ogurlyk bilen bagly jenaýat gutarylan diýlip hasap edilýär.

**Çyzgy № 30. Jemgyýet üçin howply etmiş**



**Formal düzümli jenaýat** - bu haçan-da jemgyýetçilik howply netijeleri obýektiw tarapynyň hökmany alamatlary hökmünde beýan edilmedik halatynda ýüze çykýar. Şol halatda jenaýat hukuk namasynyň dispozisýasynda görkezilmedik. Jenaýat kodekisiniň Aýratyn böleginiň maddasynyň dispozisiýasynda diňe bir esasy alamatynyň görnüşi görkezilendir, kanunda görkezilen hereketleriniň amala aşyrylmagy eýýam jenaýatyň gutarandygyny subut edýär. Mysal üçin, Banditçiligiň düzümi jenaýatyň obýektiw tarapyny diňe haýsy-da bir hereket bilen häsýetlendirilip bilner, ýagny harby topary döretmek (bandalar), banda gatnaşmak, banda ýolbaşçylyk etmek ýa-da banda çozuşlary amala aşyrylanda gatnaşmak, TJK-niň 205 maddasy **“Gulluk syrynyň aýan edilmegi**

(1) Düzüminde gulluk syry ýa-da başga maglumatlar bolan, gullugy boýunça özlerine ynanylan ýa-da jenaýatyň ýüze çykmagy, jenaýatyň öňüniň alynmagy ýa-da edilen jenaýatyň derňelýän mahaly özlerine mälim bolan gulluk syryny ýa-da başga maglumatlary prokuratura, içeri işler, milli howpsuzlyk edaralarynyň işgäri ýa-da anyklaýyş geçirýän adam tarapyndan aýan edilendigi üçin,

bäş ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek jezasy berilýär ýa-da zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimisinden kyrkysyna çenli bolan möçberde jerime salynýar.

(2) Şonuň ýaly hereket, eger ol betnebislik ýa-da başga bir şahsyýeti bähbitlerden ugur alnyp edilen bolsa,

bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketler agyr netijelere getiren bolsa,

iki ýyldan ýedi ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Jenaýat hukugynda ýűze çykýän jemgyýetçilik howply netije űçin kanunda görkezilen jenaýat jogapkärçiligi diňe özűniň hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň esasynda çykýär. Sebäpli baglanşyk sebäpleriň arasyndaky gatnaşyk bolup, onda bir sebäp içki zerurlygy bilen zyýanly netijäni ýüze çykarýar.

Her bir anyk jenaýat işinde sebäpli baglanyşygy bellemek bilen adalatlygyň wezipesi ýüze çykýär. Adamyň hereketi (hereketsizligi) ýüze çykan netijäniň sebäbi hökmünde hasaplanmagy üçin, ol bellenen talaplara laýyk gelmelidir.

1. Eger hereketiň (hereketsizligiň) häsiýeti jenaýat hukuk kadasynyň dispozisiýasynda görkezilen bolsa. Sebäp hökmünde adamyň kanunda görkezilen jenaýatyň düzüminiň obýektiw tarapynyň alamatlaryna laýyk gelýän aktiw ýa-da passiw özüni alyp barşy çykyş edýär.

2. Etmişiň we sebäbiň wagty netijäň öňünde hemişe durýar. Ýagny, etmiş edilmän, sebäp ýüze çykmasa, onda zyýanly netije ondan öň ýüze çykyp bilmez.

3.Adamyň etmişi jenaýatçylykly netijäniň sebäbi bolmaly. Beýle şertler bolmasa berlen netije ýüze çykyp bilmez.

### § 5. Jenaýatyň obýektiw tarapynyň goşmaça alamatlary. Jenaýatyň ýeri, wagty, usuly, serişdesi, ýaragy we beýlekiler

Eýýäm jenaýaty amala aşyrmak wagty özűniň häsiýeti bilen, kesgitlenen jemgyýetçilik howply netijäni ýűze çykarmakda real műmkinçligini özűnde jemlemegi bilen adamyň hereketi zerur şert boup durýar.

Jenaýat hukugy we kazyçet-derňew tejribesi jenaýat esasynda ýetirilen zyýanyň netijesi űçin ýüze çykýan jenaýat jogapkärçiliginiň hökmany obýektiw şerti bolup, diňe ýetirilen zyýanly netije bilen jemgyýetçilik howply hereketiň (hereketsizligiň) arasyndaky zerur sebäpli baglanyşygyň bolmagynda bolup biler.

Zerur sebäp baglanyşygyň dikeldilmegi barlagyň jemleýji döwri bolýar. Şeýle halatda adamyň özűni alyp barşynyň netijäniň sebäbi diýlip, aşakdaky talaplara jogap berilse hasap edilýär:

a) kanunda görkezilen hereketiň (hereketsizligiň ) häsiýetine deň gelmegi;

b) wagty boýunça netijäniň öň ýanynda ýüze çykýar;

ç)zerur şerti bolup we onuň ýűze çykyşynda real műmkinçiligi özűnde jemleýär;

d) kanunalaýyk, içki zerurlyk bilen, wakanyň ösűşinde başga adamyň päsgel bermezligi esasynda, gűýjüň esasynda jenaýatyň netijesini ýűze çykarýar.

Jengyýetçilikli howply hereket (hereketsizlik) bilen ýuze çykýän zyýanly netijäniň arasyndaky zerur sebäpli baglanşyk iň bolman umumy häsiýete, subýektiň bilkastlaýyn jenaýatçylykly hereketi (hereketsizligi) amala aşyranda akyl ýetirişi we öňűnden görűjiligi bilen gurşalan bolmaly.

Jenaýatyň amala aşyrylmagy adamyň özűni alyp barşynyň anyk görnüşidir. Jenaýatyň ýűze çykyşyny jenaýatçylykly wakanyň wagtyndan, giňişliginden, kesgitlenen daşky görnüşindenem daşary göz öňűne getirmek műmkin däl. Jenýatyň usuly, ýeri, wagty, ýagdaýy ýaly obýektiw ýagdaýlar dűrli jenaýaty amala aşyrmaga ýardam edýärler. Şonuň bilen bir hatarda obýektiw tarapynyň goşmaça alamatlary haçanda jemgyýetçilik howply jenaýatyň häsiýetine we derejesine täsir eden halatynda, olar jenaýat kanunynda görkezilen bolýär.

Ähli jenaýatlaryň düzümünde däl-de, ýesem käbir jenaýatlaryň düzümünde obýektiw tarapyny häsiýetlendirýän alamatlary, hökmany alamatlardan tapawutlylykda fakultatiw ýa-da goşmaça alamatlary diýlip atlandyrylýär. Olaryň hasabyna şular degişlidir: jenaýaty amala aşyrmagyň usuly, ýeri, wagty, ýagdaýy, ýaragy, serişdesi we s.m.

Jenaýaty amala aşyrmagyň usuly bolanda jenaýatyň kast edilişligiň obýektiw tarapyny ýerine ýetiriş tertibinde ulanan usulyna, şertine, daşky görnüşine dűşűnilýär. Jenaýaty taýarlamaga gönűkdirilen usuly, ýöly, jenaýat eden adamy tarapyndan onuň űstűniň gizlemegi, jenaýaty amala aşyrylmagynyň usuly bolmaýar. Diňe bedeni hereketleriň ýoly bilen amala aşyrylan jenaýatlarda Jenaýatyň usuly hakynda aýdyp bolar.

Jenaýat kanuny jenaýaty kesgitleýän görnűşiniň amala aşyrylmagyň usulyny has umumylaşdyrylan häsiýetini özűnde jemleýär. Ýagny, **Ogurlyk** (TJK-niň 227-nji maddasy) kesekiniň emlägini gizlin eýelemek, **Talaňçylyk** (TJK-niň 230-njy maddasy) kesekiniň emlägi aç-açan ogurlanşy, **Kezzapçylyk** (TJK-niň 228-nji maddasy) başga biriniň emlägini aldamak ýa-da ynamy hyýanatly peýdalanmak ýoly bilen ogurlyk diýip kesgitlenýär.

Jenaýaty amala aşyrmagyň serişdesi - bu jenaýatçylykly hereketi tertibinde gös-göni subýekt tarapyndan ulanylýan dűrli görnűşli predmetler (ýaraglar, galp resminamaer, himiki maddalar, tiz ýaýran zäherler we ş.m. täsir edýän obýektiň hereketini gűýçlendirýän, jenaýaty amala aşyrmak műmkinçiligini ýeňilleşdirýär, ahyr netijede kast edişligiň jemgyýetçilik howplulygyny ýokarlandyrýar. Jenaýaty amala aşyryşyň ýeri düzümüniň hökmany alamatlarynyň biri bolup, gös-göni maddalaryň dispozisiýasynda görkezliýär. Jenaýaty

amala aşyryşyň wagty – hem jenaýatyň (düzümüniň) sostawynyň obýektiw tarapynyň hökmany alamaty bolup bilýär.

**Soraglar:**

1. Jenaýatyň obýektiw tarapy barada düşünje we onuň ähmiýeti.
2. Jenaýatyň obýektiw tarapynyň hökmany we goşmaça alamatlary.
3. Jemgyýet üçin howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik).
4. Jemgyýetçilik howply netijeler.
5. Maddy düzümli we formal düzümli jenaýatlar.
6. Hereket bilen howply netijäniň arasyndaky baglanşyk.
7. Jenaýatyň ýeri, wagty, usuly, serişdesi, ýaragy we beýlekiler.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009

11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008

## Bap X. Jenaýatyň subýektiw tarapy

### § 1. Jenaýatyň subýektiw tarapy barada düşünje we onuň ähmiýeti

Jenaýatyň esasy alamaty jenaýatkäriň günäkärdigi bolup durýar. Günäkärlik jenaýatyň günäli edilmegini aňladýar. Jenaýatyň subýektiw tarapy jenaýat düzüminuň hökmany alamaty bolup, jenaýatkäriň eden etmişine içki psihiki (psihikh)gatnaşygyny aňladýar. Jenaýatyň subýektiw tarapynyň mazmuny günäkär adamyň etmişe we onuň netijesine psihiki gatnaşygy bolup durýar. Ol jemgyýetçilik howply etmişi amala aşyrmakda jenaýatçynyň akyl ýetirişi bilen erkiniň baglanyşgyny beýan edýär. Günä, günäkär adamyň jenaýatçylykly etmişe we onuň esasynda ýüze çykýan zyýanly netijesine içki psihiki gatnaşygy bolup durýar. Ol jemgyýetçilik howply etmişi amala aşyrmakda jenaýatçynyň akyl ýetirişini we erkiniň baglanyşgyny beýan edýär. TJK-niň 22-nji maddasynda görkezilen: **Akyly düzüwlik**[1]

Jenaýat eden mahalynda öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine düşünen we olardan ugur alan adam akyly düzüw diýlip hasap edilýär.

Her bir jenaýatkäriň akyly düzüw we doly bolmalydyr, sebäbi diňe öz hereketlerine (hereketsizligine) ýölbaşçylyk edýän adam jenaýatyň subýekti bolup bilýär. Şonuň üçiň jenaýatyň subýektiw tarapy jenaýatkäri häsiýetlendirýän alamatlary bilen bagly bolup durýar.

Akyly ýök adam bolsa öz hereketlerine (hereketsizligine) ýölbaşçylyk edip bilmeýär we şol sebäpli TJK-niň 23-njy maddasynyň düzgünleri öňe sürulýar.

---

[1] Түркменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.12

**“Akyly ýerinde dällik**[1]

(1) Jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi eden mahalynda öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine, olaryň jemgyýetçilik howpludygyna akyl ýetirip bilmedik ýa-da psihiki taýdan kesellemegi, psihiki bozulmagyň wagtlaýyn keselliligi ýa-da akyly kemligi netijesinde şolara erk edip bilmedik adam jenaýat jogapkärçiligine çekilmeýär.

(2) Jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi akyly ýerinde dällik ýagdaýynda eden adama kazyýet tarapyndan şu Kodeksde göz öňünde tutulan lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler bellenilip bilner”.

Jenaýatyň subýektiw tarapy öwrenilende, onda günä, delil we maksat ýaly jenaýatyň düzüminiň böleklerine häsiýetnama bermeli. Jenaýatyň düzüminiň alamatlaty bolan bu bölekler hem jenaýatyň alamatlary bolup durýarlar. Olar hökmany (esasy) we hökmany däl (fakultatiw) alamatlaryna bölünýärler.

Subýektiw alamatlarya jenaýatyň subýektini häsiýetlendirýän alamatlary degişlidir – bu akyly düzüwlik we ýaş alamatlary (TJK-niň 20-24-nji m m), niýet we seresapsyzlyk görnüşindäki günä (TJK-niň 26-31-nji m m), jenaýatyň delili we maksady.

---

[1] Tüpкменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.12

## Çyzgy № 31. Jenaýatyň subýektiw tarapy




Şahsyýetiň edýän işine akyl ýetirip, meýletinlikde netijä gelmäge bolan ukyby onuň jenaýat jogapkärçilginiň esaslandyrmasy bolup durýar. Adamynyň özüni alyp barşynda azat hereket etmek mümkinçiliginiň bolmazlygy onuň jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýar. Meselem, öz hereketiniň (hereketsizliginiň) hakykat ýüzündäki häsiýetine jemgyýetçilik howplulygyna düşünmän ýa-da şol hereketleri edip etmezligi mümkinçilgi bolmadyk adam, jenaýat jogapkärçiligine degişli däldir.

Subýektiw tarapy jenaýatkäriň içki, psihiki tarapyny häsýetlendirýär we jenaýaty eden adamyň içki dünýäsini görkezýär. Ol adamyň aňynda we erkinde bolup geçýän psihiki prosesleri bilen aňladylýar. Şonuň üçin hem subýektiw tarapy adamyň jenaýaty amala aşyran pursatynda ýa-da jenaýat bilen gönüden-göni bagly wagtynda psihikanyň Hereketi bilen kesitlenip bilner.[1] Ol bitewi intelektual we erkin tertibini häsýetlendirip, özara berk baglanşyklydyr we adamyň fiziki aktynyň üsti bilen özüni alyp barşynyň beýanydyr. Adamyň jenaýaty amala aşyrmakda psihiki işjeňligi häsýetlendirýän intelektual we erkin prosessi günä düşünjesini emele gelýar. Günä subýektiw tarapyň esasy alamaty bolup, adamyň amala aşyran Jenaýatyňa psihiki gatnaşygy hökmünde çykyş edýär. Şonyn esasynda bolsa, jenaýatda günäkär diýlip, etmişi bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk bilen eden adam hasaplanylýar. Diýmek, jenaýat kanunynda günäniň iki görnüşi tapawutlandyrylýar.

1. **Bilkastlaýyn.**
2. **Seresapsyzlyk.**

Günäniň görnüşleri jenaýatkäriň psihiki işiň intelektual we erkiň elementlerniň utgaşmanyň netijesinde emele gelýar. Intelektual elementi, adamyň aňynyň gurluşyny häsýetlendirýär we şulardan ybarat bolýar:

- Adamyň özüni hakyky alyp barmagyna düşünmek we onuň jemgyýetçilik howplulygyna aňlatmasy;
- Jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagynyň mümkinçiliginiň we gutulgysyzlygynyň göz ýetirilmegi;
- Ozüne ýnam edijilik ýa-da harsallyk bilen öňi alynmazlygy we

[1] Курс Уголовного права. Общая часть. т.1 Москва,2009, стр.132

özüni alyp barşynyň jemgyýetçilik howply netijeleň mümkin bolan
ýüze çykmagyna parhsyz garamak.

Erkin elementi bolsa, adamyň erkin isleginiň gurşawy bilen we şular bilen häsýetlendirilýär:

- Jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmak islegi;
- Islegiň bolmagyna ýa-da oňa parhsyz garamakda jemgyýetçilik howply netijeleriň kabul edilmegi;
- Jemgyýetçilik howply netijeleri aradan aýyrmagyny esaslandyrylmadyk hasabynda.

Jenaýaty amala aşyrmak günäniň bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk görnüşi bilen doldurulýar. Bilkastlaýyn günäniň görnüşi bilen adam öldürmeklik, zorlamak, neşe serişdelerini ogurlamak we beýleki jenaýatlar edilip bilner.

Seresapsyzlyk bilen edilen günäniň mazmuny örän çylşyrymlydyr. Seresapsyzlyk bilen edilen etmiş jenaýat diýlip hasaplanylýar, haçan, onuň alamatlary jenaýat kodeksiň aýratyn böleginiň degişli maddasynda göz öňünde görkezilen bolsa.

Jenaýatyň subýektiw tarapynyň häsýetleri şunuň ýaly subýektiw tarapyň alamatlary bilen kesgitlenýär:

1) **Günä (seresapsyzlyk ýa-da bilkastlaýyn);**
2) **Itergiler;**
3) **Maksady;**
4) **Duýgysy (emosiýa);**
5) **Dellil.**

## §2. Jenaýatyň subýektiw tarapynyň hökmany alamatlary. Günä Barada düşünje we onuň görnüşleri

Jenaýatyň subýektiw tarapy özünde hökmany we goşmaça alamatlary jemleýär. Hölmany alamatlary diýlip, jenaýatda bilaýmaly alamatlary göz öňünde tutulýar. Goşmaça alamatlary bolsa jenaýatda hem bolup, hem-de bolman bilýärler. Subýektiw alamatynyň esasy (hökmany) alamaty günä bolup durýar. Goşmaça alamatlaryn sanawyna jenaýatyň delili we maksady degişli bolup durýarlar.

Subýektiw tarapyň sanalan alamatlaryndan diňe günä hemişelik we hökmany bolup durýar. Jenaýatyň delili we maksady dine bilkastlaýyn niýet bilen amala aşyrylan jenaýatlarda bolup bilýar. Şariklik, jenaýata taýýarlyk görmek we jenaýatyň kastyna düşmek ýaly döwürler dine bilkastlaýyn niýet bilen amala aşyrylan jenaýatlarda bolup bilnerler. Seresapsyzlykdan amala aşyrylan jenaýatlarda jenaýatkäriň delili we maksady bolup bilmer. Şonuň üçin, etmişleri dogry maddalaşdyrmak üçin we olara dogry hukuk häsiýetnama bermek üçin günäniň görnüşini bilmek örän zerur bolup durýar.

Günä anyk hereketi (hereketsizligi) amala aşmagy we ondan saklanylmagyny saýlap almakylygy aňladýar. Günäniň iki görnüşi bardyr, jenaýat diňe bilkastdan ýa-da seresapsyzlyk bilen edilip bilner. Jemgyýetçilik howply etmişi bilkastdan ýa-da serasapsyzlyk bilen eden adam jenaýatda günäkär diýlip hasap edilýär. Niýet we seresapsyzlyk görnüşindäki günä TJK-niň 26-31-nji maddalarynda görkezilen.

**26 madda. Günä we onuň görnüşleri**

1) Günä munuň özi niýetlilik ýa-da seresapsyzlyk görnüşinde aňladylan, edýän Jenaýatyňa adamyň düşünjeli - erkli

psihiki gatnaşygydyr.

2) Diňe jemgyýetçilik howply etmişi bilkastdan ýa-da seresapsyzlyk boýunça eden adam jenaýatda günäkär diýlip hasap edilip bilner.
3) Seresapsyzlyk boýunça edilen etmiş munuň özi diňe jenaýat kanuny tarapyndan göni nazarda tutulan halatlarda jenaýat diýlip hasap edilýär[1].

Jenaýat kodeksiniň 27-nji maddasynyň esasynda, göni ýa-da gytaklaýyn niýet bilen edilen jemgyýetçilik etmiş bilkastdan edilen jenaýat diýlip hasaplanylýar. Eger jenaýaty eden adam, öz hereketiniň ýa-da hereketsizligiň jemgyýetçilik howly häsiýetine akyl ýetirse, onuň jemgyýetçilik howly netijelerini öňünden görse, şolaryň bolmagyny islese ýa-da şol netijeleriň bolmagynyň gutulgysyzdygyny öňünden görse, jenaýat göni niýet bilen edilen diýlip hasap edilýär. Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine akyl ýetirse, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görse, islemese, ýöne şeýle netijeleriň bolmagyna düşünjeli ýol berse ýa-da olara parhsyz garasa, jenaýat gytaklaýyn niýet bilen edilen diýlip hasap edilýär.

**“27 madda. Bilkastdan edilen jenaýat**

1) Göni ýa-da gytaklaýyn niýet bilen edilen jemgyýetçilik howply etmiş bilkastdan edilen jenaýat diýlip hasaplanylýar.

2) Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine akyl ýetirse, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görse, şolaryň bolmagyny islege ýa-da netijeleriň bolmagynyň gutulgysyzdygyny öňünden görse, jenaýat göni niýet bilen

---

[1] Tüpкменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.13

edilen diýlip hasap edilýär.

3) Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine akyl ýetirse, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görse, islemese, ýöne şeýle netijeleriň bolmagyna düşünjeli ýol berse ýa-da olara parhsyz garasa, jenaýat gytaklaýyn niýet bilen edilen diýlip hasap edilýär”[1].

Jenaýat kodeksiniň 28-nji maddasynyň esasynda, jemgyýetçilik üçin howply netijeleriň bolmagyna getiren, özüňe ynam edijilik ýa-da harsallyk boýunça edilen jemgyýetçilik howply etmiş seresapsyzlyk boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär. Eger jenaýaty eden adam, öz hereketiniň ýa-da hereketsizligiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirse, jemgyýetçilik howply netijeleriň bolmak mümükinçiligini öňünden görse, ýöne olaryň öňüni alaryn diýip ýeňilkellelik bilen hasap etse, özüňe ynam edijilik boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär. Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howlydygyna akyl ýetirmese, jemgyýetçilik howply netijeleriň bolmak mümükinçiligini öňünden görüp bilmese, hatda zerur ünslilik we hüşgärlik bolanda şolary öňünden görmeli we görmegi mümkin bolan ýagdaýdaky jenaýat harsallyk boýunça edilen diýlip hasaplanylýar.

**“28 madda. Seresapsyzlyk boýunça edilen jenaýat**

1) Jemgyýetçilik üçin howply netijeleriň bolmagyna getiren, özüne ynam edijilik ýa-da harsallyk boýunça edilen jemgyýetçilik howply etmiş seresapsyzlyk boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär.
2) Eger jenaýaty eden adam, öz hereketiniň ýa-da

[1] Türkменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.13

hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirse, jemgyýetçilik howply netijeleriň, bolmak mümkinçiligini öňünden görse, ýöne olaryň öňüni alaryn diýip ýeňilkellelik bilen hasap etse, özüňe ynam edijilik boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär.

3) Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirmese, jemgyýetçilik howply netijeleriň bolmak mümkinçiligi öňünden görüp bilmese, hatda zerur ünslülik we hüşgärlik bolanda şolary öňünden görmeli we görmegi

mümkin bolan ýagdaýdaky jenaýat harsallyk boýunça edilen diýlip hasaplanylýar[1]".

**Çyzgy № 32. Jenaýatyň subýektiw tarapy**




[1] Түркменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.13

Günäni häsiýetlendirýän elementler bolup onuň mazmuny, görnüşi, derejesi bolup durýarlar. Olaryň içinde esasy ýeri günäniň mazmuny eýeleýär. Ol intelekti we erki döredýär. Intelektual pursaty adamyň jenaýat kanuny tarapyndan goralýan obýekte garşy jemgyýetçilik howply häsiýetli etmişi amala aşyrmagynda akyl ýetirişini aňladýar. Erkli elementi bolsa adamlaryň özüni alyp barşynyň esasy regulýatory hökmünde anyk hereketi amala aşmagy ýa-da ondan saklanylmagyny saýlap almakylygy düzgünleşdirýär. Diňe jemgyýetçilik howply etmişi bilkastdan ýa-da serasapsyzlyk bilen eden adam jenaýatda günäkär diýlip hasap edilýär.

Günäniň ähmiýeti şulardan ybarat bolup durýar.

1. **Jenaýatkäriň jenaýatda özüni alyp barmagy günäniň görnüşini aňladýar.**
2. **Bilkastdan edilen jenaýat üçin has uly jeza çäresi bellenýär.**
3. **Günäniň görnüşi jenaýatyň maddalaşdyrylmagyny kesgitleýär.**
4. **Jenaýata taýýarlyk görmek, jenaýatyň kastyna düşmek, jenaýata bile gatnaşmak, jenaýatyň resediwi diňe günäniň bilkastlaýyn görnüşi esasynda ýüze çykýarlar.**
5. **Jenaýatyň delili we maksady serasapsyzlyk bilen edilen jenaýatlarda bolmaýar.**
6. **Bilkastlan ýa-da seresapsyzlyk jogapkärçiligin esasy alamaty bolup durýar.**

## § 3. Bilkastlaýyn edilen jenaýat. Niýet we onuň görnüşleri (göni we gytaklaýyn niýet)

Niýet - ol giňden ýaýran günäniň görnüşidir, bilkastlaýyn jenaýatlatyn hemmesi göni ýa-da gyýtaklaýyn niýet bilen amala aşyrylýarlar. Eger-de jenaýaty eden adam öz howply häsiýetine akyl ýetirse, jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görse, şolaryň bolmagyny islese ýa-da şol niýetleriň bolmagynyň gutulgysyzdygyny öňünden görse, göni niýet bilen jenaýat edilen diýlip hasap edilýar. Gyýtaklaýyn niýet bilen jenaýat edilen diýlip hasap edilýär, eger-de jenaýat eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýet howply niýetlerini öňünden görse, islemese, ýöne şeýle niýetleriň bolmagyna düşünjeli ýol berse ýa-da olara parhsyz garasa.

Erkli element – adamyň zerur ünslülik we hüşgärlik bolanda hökman öňünden görmegi zerur ýagdaýynda onuň öňüni almagy bilen häsiýetlendirilýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 27-nji maddasyna laýyklykda eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine akyl ýetirse, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görse, şolaryň bolmagyny islege ýa-da netijeleriň bolmagyna düşünjeli ýol berse, jenaýat bilkatdan edilen diýlip hasap edilýär.

Bilkastlaýyn günäniň has ýokary howplulygy, bilkastlaýyn jenaýatlaryn has agyr netijeleriň sebäbi bolýandygyna we bilkastlaýyn günäniň görnüşi bilen edilen jenaýatlar bilgeşleýin edilýärler, jenaýatkär olara öňünden taýýarlyk görýär, olary öňünden isleýär we planlaşdyrýar. Bilkastlaýyn jenaýaty eden şahsyýetiň ýokary howplulygy bar, çüňki niýetde has ýokary derejede subýektiň jemgyýetiň esasy gymmatlyklaryna ýaramaz gatnaşygy ýüze çykýar. Şonuň üçin,

bilkastlaýyn jenaýatlara we olary amala aşyran şahsyýetlere, has ýaramaz ahlak-syýasy we hukuk bahasy berilmäge degişli.

Belli bir jemgyýetçilik howply etmişleriň edilmegi üçin jenaýat jogapkärçiligi diňe olaryň bilkastlaýyn ýagdaýynda amala aşyrylmagy esasynda ýüze çykýar, mysal üçin, **111 madda. Saglyga bilkastdan ýeňil şikes ýetirilmegi**

Syna bilkastdan ýeňil şikesiň ýa-da saglyga başga zyýanyň ýetirilmegi saglyga gysga wagtlaýyn zyýan ýetirilmegine ýa-da umumy işe ýarawlylyk wagtynyň birneme ýitirilmegine getiren bolsa,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň onusyndan ýigrimisine çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da bir ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da alty aý azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Soň bolsa diňe bilkastlaýyn günäniň görnüşi bilen jenaýat edilen halatynda, jenaýat jogapkärçiligi 14 ýaşdan mälim bolup durýar, olaryň sanawy TJK-niň 21-nji maddasyna görkezilen.

Bilkastlaýyn günäniň görnüşi bilen jenaýatyň amala aşyrylmagy agyr hukuk netijelerine getirýär. Meselem, şahsyýeti aýratyn howply residiwist diýip billemek; bilkastlaýyn edilen jenaýat üçin iş kesilen şahsyýetlere jezadan şertli-möhletinden öň boşatmagyň has berk tertibi bellenen; bilkastlaýyn jenaýat üçin iş kesilen şahsyýetlere günäni geçmek çäreleri çäklendirilen möçberde ulanylýar. Diňe bilkastlaýyn jenaýatlarda jenaýata taýýarlyk görmek, jenaýatyň kastyna düşmek we jenaýata bile gatnaşmak ýaly jenaýatçylykly hereketleriň görnüşleriniň bolmagy mümkin.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 27-nji maddasy diňe bir günäniň bilkastlaýyn görnüşine umumy düşünje berilmän, niýetiň iki görnüşine-de, göni we gytaklaýyn niýete kesgitleme berilýär. Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-

da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine akyl ýetirse, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görse, şolaryň bolmagyny islese ýa-da netijeleriň bolmagynyň gutulgysyzdygyny öňünden görse, jenaýat göni niýet bilen edilen diýlip hasap edilýär.

Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik howply häsiýetine akyl ýetirse, onuň jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görse, islemese, ýöne şeýle netijeleriň bolmagyna düşünjeli ýol berse ýa-da olara parhsyz garasa, jenaýat gytaklaýyn niýet bilen edilen diýlip hasap edilýär.

Günäniň bilkastlaýyn görnüşiniň kesgitlemesinde (TJK-niň 27-nji m.) niýetiň şu häsiýetli alamatlary görkezilendir:

1) şahsyýetiň öz hereketiniň jemgyýetçilik howply häsiýetine düşunmegi we onuň jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görmegi (intellektual alamatlary);
2) göni niýetde netijeleriň bolmagyny islemegi;
3) gytaklaýyn niýetde netijelere düşünjeli-parhsyz ýol bermegi (erk alamatlary).

Anyk bir jenaýat edilende intellektual we erkli alamatlary elmydama bell bir predmet (zat) mazmuny bilen doldurylandir. Niýetiň mazmunynyň anyklanmakylygy tejribelikde örän wajypdyr. Niýetiň intellektual we erkli alamatlarynyň mazmuny şahsyýetiyetiň amala aşyrýan jenaýatçylykly etmişiniň obýektine we obýektiw tarapyna psihiki gatnaşygyny düzýär.

Niýet degişli jenaýatlaryň düzümleriniň hökmany alamatlary bolup durýan ýörite subýektiň häsiýetlerine düşünmekligi öz içine alýar. Niýetiň zerur alamatlarynyň biri bolan, edilýän etmişiň jemgyýetçilik howply häsiýetine

düşünmek, diňe bir onuň hakyky häsiýetine düşünmekligi aňlatman, eýsem onuň durmuş we hukuk ähmiýetine, ýagny jenaýat kanuny tarapyndan goralýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny üçin bu etmişiň zyýanlydygyna düşünmekligi aňladýar.

Niýet bilen edilen jenaýatda günäkär eden etmişiniň jemgyýetçilik howplulyga düşünýär. Mysal üçin, ogurlygyň, zorlamagyň ýa-da huligançylygyň jemgyýetçilik howplulyk häsiýeti dürli, şonuň üçin niýetiň mazmunyny anyklamakda jemgyýetçilik howplulygyň bell bir häsiýetine düşünmekligi, jemgyýetiň anyk gymmatlyklarynyň bozulýandygyna düşünmekligi anyklamak zerur.

Niýetiň intellektual pursatyny häsiýetlendirýän alamaty, ol öz hereketiniň (hereketsizliginiň) jemgyýetçilik howply netijelerini öňünden görmekligi bolup durýar. Şular ýaly netijeleriň bolmagyny öňunden görmeklik bilen, günäkäriň özüniň amala aşyrýan etmişiniň jemgyýetçilik howply häsiýetine düşünmekligi bilen esaslandyrylandyr. Jemgyýetçilik howply netijeleri öňünden görmeklik diýlende, günäkäriň onuň etmişi bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryna ýetiriljek zyýany hyýalynda göz öňünde getirmegine aýdylýar.

Bilkastlaýyn jenaýat amala aşyrylanda günäkär, netijeleri göz öňünde getirmän, eýsem bell bir häsiýeti we agyrlygy bolan netijeleri (mysal üçin, Ogurlykda uly möçberde emläk zyýanynyň ýetirilmegi, Adam öldürmekde adamy janyndan mahrum etmek) göz öňünde getirýär. Şonuň üçin, niýetiň mazmuny baradaky meseläni çözmekde günäkäriň anyk haýsy netijeleri göz öňünde tutandygyny anyklamak zerur.

Niýet bilen jenaýat edilende jemgyýetçilik howply netijeleri öňünden görmek dürli häsiýetde bolup biler: şular ýaly netijeleriň bolmagynyň gutulgysyzdygyny öňünden görmek we

amala aşyrylýan etmişiň netijesinde olaryň bolmagynyň mümkinçiligini öňünden görmek.

Göni niýet bilen jenaýat amala aşyrylan diýmek üçin jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagyny jenaýatkär öňünden görmeli. Gytaklaýyn niýete elmydama diňe jemgyýetçilik howply netijeleriň ýuze çykjakdygynyň hakyky mümkinçiligini, kesgitli ähtimallygyny öňünden görmek mahsusdyr.

Şeýlelik bilen, intellektual alamatlary boýunça göni we gytaklaýyn niýetleriň arasyndaky tapawutlar, netijeleri öňünden görmekligiň birmeňzeş däl häsiýetini jemlenýär: adatça, göni niýet, jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagynyň gutulgysyzdygyny öňünden görmeklik bilen häsiýetlendirilýän bolsa, onda gytaklaýyn niýete diňe şeýle netijeleriň ýüze çykmagynyň hakyky mümkinçiligini öňünden görmek mahsus.

Göni niýetiň erkli alamaty jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagyny islemek hökmünde kesgitlenýär. Göni niýetde günäkäriň isleginiň predmeti, hereketiniň maksady, jenaýatyň agzalan düzüminiň elementi bolan, jemgyýetçilik howply netije bolup durýar. Mysal üçin, Adam öldürmekde (TJK-niň 101-nji) jebir çekeniň ölmegi, Ogurlykda (TJK-niň 227-nji) emläge zyýany ýetirmek we başgalar.

Göni niýetde jemgyýetçilik howply netijäniň ýüze çykmagynyň islegini ýüze çykarmak üçin günäkäriň ahyrky maksadyny bilmeli. Gytaklaýyn niýetiň erkli pursaty, kanuna laýyklykda, jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagyna düşünjeli ýol berilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Göni niýetden tapawutlylykda gytaklaýyn niýetde şahsyýet jenaýatçylykly netijeleriň bolmagyny islemeýär, ol diňe onuň bolmagyna biperwaý garap, düşünjeli ýol berýär. Jenaýatçylykly netije günäkäriň hereketiniň ahyrky maksady we zyýanly netijä ýetmekliginiň serişdesi bolup durýar. Gytaklaýyn niýetde

günäkär jemgyýetçilik howply netijäni ýetirmeklige ýykgyn etmeýär, onyn islegi tötänden ýüze çykýar. Gytaklaýyn niýetde jenaýatçylykly netije günäkäriň etmişiniň agzalan jenaýatyň düzüminden daşarda bolan, başga, jenaýatçylykly däl maksada ýetmeklige gönükdirilen ikinji derejeli netije bolup durýar. Şonuň üçin gytaklaýyn niýetli jenaýatlar başga deň şertlerde, göni niýetli jenaýatlara garaňda has az howply hasaplanylýar.

Gytaklaýyn niýet bilen hereket edýän şahsyýet netijäniň ýüze çykmagyna gyzyklanmaýar, şeýle-de bolsa içinden olar bilen razylaşýar, başga jenaýatçylykly ýa-da jenaýatçylykly däl maksatlara ýetmek üçin olary kabul etmäge taýyar bolýar. Gytaklaýyn niýet bilen edilen jenaýat göni niýet bilen amala aşyrylýan başga bir jenaýatyň edilmegi bilen bir wagtda bolup bilýär. Niýetiň göni we gytaklaýyna bölünmeginiň ähmiýeti tejribelikde wajyp bolýar. Etmişde göni we gytaklaýyn niýetiň alamatlaryny anyklamazdan, bilkastlaýyn günäniň bardygy barada netijä gelmek mümkin däl. Bell bir jenaýatlar diňe göni niýet bilen amala aşyrylyp bilner, mysal üçin, **Ogurlyk** (TJK-niň 227-nji m.), ýagny jenaýatyň düzüminiň alamaty jenaýatyň maksady bolup durýan jenaýatçylykly etmişlerdir we diýmek, onuň alamatlary bolmadyk ýagdaýynda şeýle Jenaýatyň düzümi hem ýokdur. Jenaýat hukugy nazarýetine we kazyýet-derňew tejribesine göni we gytaklaýyn niýetiň görnuşleri belli, niýet öňünden oýlanylan (niýetden öňki) we duýdansyz ýuze çykan hem-de takyklanan we takyklanmadyk niýet degişlidir. Niýetiň sanalyp geçilen görnüşleri günäniň özbaşdak görnüşlerini düzmeýärler, göni we gytaklaýyn niýetiň düşünjelerini çalşyrmaýarlar, diňe günäniň derejesine eýe bolmak bilen olaryň çäginde bolýarlar.

Önünden oýlanylan niýet adatça subýektiň jenaýat etmek pikiriniň berkligi barada güwä geçýär. Emma önünden oýlanylan niýeti elmydama, birden dörän niýet bilen

deňeşdirilende, has howply hasaplanylýar. Aýratyn ýagdaýlarda birden dörän niýet jenaýatçylykly etmişiň jemgyýetçilik howplulyk derejesini peseltmeýär, tersine ony ýokarlandyrýar, sebäbi subýektiň jenaýat etmek kararyna ýokary derejeli ýeňillik bilen gelmegi barada şaýatlyk edýär. Takyklanan niýet günäkärde zyýanyň bell bir häsiýeti we möçberi, ýetirilýän zyyan barada öňünden görmäniň barlygy bilen häsiýetlendirilýär. Niýetiň bu görnüşi ýönekeý, haçan-da subýekt diňe bir kesgitli jenaýatçylykly netijäni ýerine ýetirmeklige hyýallananda, ýa-da alternatiw, haçan-da günäkär özüniň etmişi netijesinde, onuň öňünden gören birnäçe indiwidual-kesgitli jenaýatçylykly netijeleriniň biriniň ýetirilmeginiň mümkinçiligine ýol berende, ýüze çykýar.

Takyklanmadyk niýet ýüze çykan jenaýatçylykly netijeleriň günäkär tarapyndan öňünden görlen hem bolsa, onuň göz öňünde getirmesinde ýetirilen zyýanyň hakyky ululygy kesgitlenmändigi bilen we subýektiň islendik zyýana gitmäge taýyardygy bilen häsiýetlendirilýär. Mysal getirip bolýar, **108 madda, Saglyga bilkastdan orta agyrlykdaky şikes ýetirmek**

(1) Syna bilkastdan şikes ýetirlmegi ýa-da saglyga gaýry zyýan ýetirlmegi adamyň jany üçin howply bolmasa we şu Kodeksiň 107 -maddasynda göz öňünde tutulan netijelere getirmese, ýöne welin saglyga uzak wagtlaýyn zyýan ýetiren ýa-da umumy işe ýarawlylygyň üçden bir böleginden azynyň ep-esli wagtlap ýitirilmegine getiren bolsa, munuň üçin,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş, eger:

a) göwreliligi günäkäre görnetin bolup duran aýal babatda edilse;

b) iki ýa-da şondan-da köp adam babatda;

ç)adamyň öz gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirmegi bilen baglanşykly şol adam ýa-da onuň ýakyn adamlary babatda;

d) iki ýa-da şondan-da köl adam tarapyndan deslapdan dilleşmezden ýa-da deslapky dilleşmek boýunça adamlar topary tarapyndan;

e) azap bermek ýa-da jebir bermek häsiýetindäki usul bilen;

ä)huligançylyk niýeti bilen;

f)durmuş, milli, jyns ýa-da dini ýigrenç ýa-da duşmançylyk bilen;

g)gaýtadan edilse,

bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Jenaýatyň subýektiw tarapynyň goşmaça alamatlary jenaýatyň delilinden we jenaýatyň maksadyndan ybarat bolup durýar. Goşmaça alamatlary bolup, jenaýatyň delili we jenaýatyň maksady islendik jenaýatlarda bolup bilmeýär. Belli bir jenaýatlarda Jenaýatyň delili we maksady bize mälim bolýar, ýöne seresapsyzlyk bilen edilen jenaýatlarda jenaýatyň delili we maksady bolup bilmeýär. Şonuň üçin, esasy bellemeli zat, jenaýatyň delili we jenaýatyň maksady diňe bilkastlaýyn günäniň görnüşi bilen amala aşyrylan jenaýatlarda bolup bilerler. Seresapsyzlyk bilen edilen jenaýatlarda jenaýatyň delili we maksady bolup bilmeýär.

Jenaýatyň delili barada aýdylanda, jenaýaty etmek bilen adamyň näme ýolbaşçylyk edenligine düşunmek zerurdyr. Jenaýatyň maksady bolsa günäkäriň netijeleri göz öňünde getirýän hereketleriniň ugruny kesgitleýär. Jenaýatyň delili jenaýat eden adamyň kesgitlenen bähbidi we islegi bilen bagly bolup durýar, akyl ýetirişiniň mazmunyny aňladýar we jenaýatkäriň içki hyjuwy bolup, ol adamyň hereket etmek çözgüdini öňüne çykarýar. Jenaýatyň maksady bolsa isleg

bildirilýän netijäniň, adamyň psihiki garaýşy bolup oňa ýetmek üçin anyk jenaýaty amala aşyrmany göz öňünde tutýar. Jenaýatyň delili hemişe jenaýatyň maksadynyň öňündedir. Jenaýatyň deliliniň dürli hili görnüşleri bar, mysal üçin, ar almak, betnebislik, gabanmak, bahyllyk, ýigrenmek, huligançylyk we şuňa meňzeşler. Jenaýatyň maksady bolsa adama fiziki zeper ýetirmek, milli ýa-da jynsy duşmançylygy öjükdirmek we beýlekiler.

## § 4. Seresapsyzlyk bilen edilýän jenaýatlar barada düşünje. Özüne ynam edijilik we harsallyk

Jenaýatlar hökmany günäli amala aşyrylmaly, günäniň ikinji görnüşi seresapsyzlykdyr. Seresapsyzlyk bilen edilen jenaýat diýlip özüne ynam edijilik ýa-da harsallyk bilen edilen jenaýatlar hasap edilýär. Jenaýat hukugynyň Nazaryýeti seresapsyzlykdan edilen jenaýatlaryň howuplylyk derejesi bilkastlaýyn edilen jenaýatlardan pes diýlip görkezýär.

**TJK-niň 28-nji maddada Seresapsyzlyk boýunça edilen jenaýat**[1] görkezilen:

1) Jemgyýetçilik üçin howply netijeleriň bolmagyna getiren, özüne ynam edijilik ýa-da harsallyk boýunça edilen jemgyýetçilik howply etmiş seresapsyzlyk boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär.
2) Eger jenaýaty eden adam, öz hereketiniň ýa-da hereketsizligininiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirse, jemgyýetçilik howply netijeleriň, bolmak mümkinçiligini öňünden görse, ýöne olaryň öňüni alaryn diýip ýeňilkellelik bilen hasap etse,

[1] Түркменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.13-14

özüňe ynam edijilik boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär.

3) Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirmese, jemgyýetçilik howply netijeleriň bolmak mümkinçiligi öňünden görüp bilmese, hatda zerur ünslülik we hüşgärlik bolanda şolary öňünden görmeli we görmegi mümkin bolan ýagdaýdaky jenaýat harsallyk boýunça edilen diýlip hasaplanylýar.

Seresapsyzlyk günäniň ikinji bir görnüşidir. Şonda niýetden aýratynlykda jenaýatyň howply netijelerini inkäriň edýän garaýyşy bilen tapawutlanýar, ýagny günäkär etmişleriniň howply netijeleriniň bolmagyny islemeýär we öňüni almak üçin ýeterlik çäre görendirin diýip hasap edýär.

Eger-de seresapsyzlykda edilen hereketler howply netijelere getirmedik bolsa, onda jenaýatyň alamaty ýökdur. Günäniň şeýle seresapsyzlyk görnüşinde jenaýata taýýarlyk görmek, jenaýatyň kastyna düşmek we şäriklik bilen amala aşyrylýan jenaýat bolmaýar.

Özüne ynam edijilik bilen jenaýat etmek seresapsyzlyk bilen edilen jenaýatlaryň ikinji görnüşi bolup durýar. Eger jenaýaty eden adam, öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirse, jemgyýetçilik üçin howply netijeleriň bolmak mümkinçiligini öňünden görse, ýöne olaryň öňüni alaryn diýip ýeňilkellelik bilen hasap etse, özüňe ynam edijilik boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär.

Jenaýatçylykly özüne ynam edijilik akyl hem-de erkli pursatlary bilen häsiýetlendirilýär (alamatlandyrylýar).

Özüne ynam edijilik akyl pursaty, jenaýaty amala aşyran adam öz herktleri (hereketsizligi) bilen jemgyýetçilik howply

netijeleri öňünden görmeginden duryar. Özüne ynam edijilik erkli pursaty, jenaýaty amala aşyran adam öz hereketleri (herketsizligh)bilen jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagyny islemeýär, ýöne esassyz öz-özüne ynam edijilik bilen öňüni alaryn diýip pikir edýär. Jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagyny öňünden görmek hyýaly häsiýete eýedir, günäkär olaryň ýüze çykmagyň hyýaly mümkinçiligini görýär.

Başgaça aýdanyňda jenaýaty eden adam onuň herketleri ýa-da herektsizligi jemgyýet üçin inkar ediji netijelere getirip biljekdigine düşünýär ýöne şol berlen ýagdaýda beýle netijeler ýüze çykmaz diýip pikir edýär. Jemgyýet üçin inkär ediji netijeleriň öňüni alaryn diýip ýeňilkellelik bilen hasap etmek iki alamatyň utgaşmagyndan durýar.

Birinji, jenaýaty amala aşyran adam jemgyýet üçin inkär ediji netijeleri goýbermerin diýip, öňünden pikir edýär.

Ikinjiden, jenaýaty amala aşyran adam öz hereketleriniň ýa-da herketsizliginiň hakyky ýagdaýlaryna nädogry baha berýär, ýagdaýa, daşky faktorlaryň täsirine, öz tejribesine, taýýarlyk, ussatlyk ýagdaýyna, şeýle hem we şol sanda başgalaryň hereketlerine hem ynanýar.

Jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagyny goýbermezlige gönükdirilen şahsyýetiň psihiki işleýşi, diňe şol şahsyýetiň islegine laýyklykda ýüze çykýar. Jenaýatçylykly ýeňilkelleligiň ýönekeý mysaly, sürüjiniň öz awtoulagyny pyýa-dalar üçin niýetlenen geçelgeden düzgüni bozup geçen wagtynda pyýa-danyň üstünden sürmegi bolup biler. Sürüji uly tizlik bilen we pyýa-dalar üçin niýetlenen geçelgeden pyýa-da artykmaçlyk hukugyndan peýdalandyrman, ony kakdyryp, onuň saglygyna agyr şikes ýetirýär. Sürüji öz çalasynlygyna hem-de pyýa-da onuň

maşynyny görüp ýoldan geçmän saklanar diýip hasap edýär. Bu ýagdaýlar sürüjä jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagyny aradan aýyrmaga mümkinçilik berýän hakyky faktorlar bolup görünýär. Emma beýle hasap nädogry we esassyz bolup çykýar. Özüne ynam edijiligininňm akyl elementi diňe jemgyýetçilik howply netijeleriň bolmagyny öňünden görmegi göz öňünde tutmakdyr.

Ol iki ýagdaý bilen düşündürülýär:

Birinjiden, jemgyýetçilik howply netijelere getirmedik hereketleriniň düzgün boýunça jenaýat-hukuk manysy ýokdur.

Ikinjiden, ýeňil kellelikde günäkär öz hereketleriniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýet üçin potensial howplulygyna düşünýär, bilgeşleýin zyýanyň ýa-da onuň döremek howpunyň öňüni alamana hyzmat edýän düzgünleri bozýar.

Şunlukda, **özüne ynam edijilikde** şahsyýet özüniň durmuşy howply netijeleriň mümkinligine düşünýär, olaryň bolmagyny, ýüze çykmagyny islemeýär ýöne esassyz olaryň öňüni alaryn diýip hasap edýär. Jenaýatçylykly ýeňilkelleligiň häsiýetnamasyna ilki seredeniňde gyýtaklaýyn niýet bilen birnäçe meňzeşlikleriň bardygyny görkezýär. Ýeňilkellelik bilen gyýtaklaýyn niýetiň meňzeşligini intelektual pursaty boýunça geçirip bolýar. Ilki bilen, günäkär jemgyýetçilik howply netijeleri öňünden görýär. Emma jenaýat kanunynda bar bolan şol öňünden görmek düşünjesi jenaýatyň subýektiniň günäli gatnaşygynyň bu görnüşleriniň suratlandyrylyşy olaryň aýratynlygyny görkezýär.

**Özüne ynam edijilik bilen jenaýat etmek** bolanda, günäkär jemgyýetçilik howply etmişlerine akyl ýetirýär, howply netijeleriň bolmak mümkinçiligini öňünden görýär, emma öňüni alaryn diýip ýeňilkellelik edýär. Şeýle etmişler

edilende, günäkär howply netijeleriň bolmazlygy üçin mümkin bolan çäreleri görýär, emma ýeňilkelleligi zerarly onuň öňüni alyp bilmeýär.

Ynam edijilikde etmişleriň howply netijeleriniň bolmak mümkinçiliklerini öňünden duýup, oňa garşy çäre görse, gyýtaklýyn harsallyk niýet bilen jenaýat edilende, günäkär şeýle netijeleriň bolmagyny öňünden görse-de, oňa biperwaý garaýar.

Seresapsyzlyk bilen edilen jenaýat üçin jenaýat jogapkärçiligi diňe gönüden-göni jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan halatlarda ýüze çykýar.

Özüne ynam edijilik bilen jenaýat eden adam öz hereketleriniň jemgiýetçilik üçin howuplydygyny öňünden bilse-de, onuň öňüni alaryn diýen umyt bilen ýeňilkellelik etse, günäkär, köplenç halatlarda, özüni hem, beýleki adamlary hem, maddy gymmatlyklary hem howp astyna düşürýär.

Jenaýatçylykly seresapsyzlyk jenaýatyň jemgyýetçilik üçin howply netijelerine akyl ýetirmese we ony öňünden bilmese-de, mümkin bolan şeýle hereketlere seresapsyz çemeleşmekden ybaratdyr, emma welin öz etmişlerine ünsli we seresap çemeleşen bolsa şol ýagdaýy öňünden duýup bilerdi.

Seresapsyzlyk bilen edilen jenaýat üçin jenaýat jogapkärçiligi diňe kanun arkaly göz öňünde tutulan jemgyýetçilik howply netijeler ýüze çykan mahaly döreýär. Meselem seresapsyzlykdan saglyga enil şikes ýetirmek jenaýaty Jenaýat kodeksinde görkezilmeýär, **111-nji madda Saglyga bilkastdan ýeňil şikes ýetirilmegi**

Syna bilkastdan ýeňil şikesiň ýa-da saglyga başga zyýanyň ýetirilmegi saglyga gysga wagtlaýyn zyýan

ýetirilmegine ýa-da umumy işe ýarawlylyk wagtynyň birneme ýitirilmegine getiren bolsa,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň onusyndan ýigrimisine çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da bir ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da alty aý azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Seresapsyzlyk bilen jenaýat etmeginiň beýleki görnüşi **harsallyk bilen** jenaýat etmekdir. Eger jenaýat eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirmese, jemgyýetçilik howply netijeleriň bolmak mümkinçiligi öňünden görüp bilmese, hat-da zerur ünüslilik we hüşgärlik bolanda şolary öňünden görmeli we görmegi mümkin bolan ýagdaýdaky jenaýat harsallyk boýunça edilen diýlip hasap edilýär.

**Harsallyk** iki alamat bilen häsiýetlendirilýär : kanagatlandyryjy we inkär ediji. Harsallygyň inkär ediji alamaty, şahsyýetiň jemgyýetçilik howply netijeleri ýa-da eden etmişine akylynyň ýetmezligi we jenaýatçylykly netijeleri görüp bilmezligidir. Harsallygyň kanagatlandyryjy alamaty, umuman, günäkär jemgyýetçilik howply netijeleriň boljakdy görmeli. Harsallygyň kanagatlandyryjy alamaty iki ölçegiň kömegi bilen anyklanylýar, olar obýektiw hem-de subýektiw olçeglerdir.

Harsallygyň kanagatlandyryjy alamatynyň obýektiw ölçegi şahsyýetiň öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) netijesinde jemgyýetçilik howply netijeleriň emele gelmegini öňünden görmäge borçludygyny aňladýar. Obýektiw ölçegi kadalaýyn, jemgiýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagyny ünsli bolan ýagdaýynda görmeli bolan borçlaryndan ýüze çykýar. Bu borçlar kanunyň ýagdaýlaryndan ýa-da başga kadalaşdyryjy namalardan, hünäriň häsiýetinden we wezipe ýagdaýyndan kesgitlenen şahsyýete mahsus işlerden ýa-da

onuň ýerine ýetirmeli bolan başga düzgünlerinden gelip çykýar.[1]

Mysal üçin, **“326 madda. Ýol hereketiniň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy**

(1) Awtomobili, motosikli ýa-da beýleki mehaniki ulag serişdelerini dolandyrýan adam tarapyndan ýol hereketiniň ýa-da transpor serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulandygy üçin, serepsapsyzlyk zerarly uly möçberde zyýan ýetiren bolsa,

üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimi bäşisinden ellisine çenli bolan çäklerde jerime salmak ýa-da üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen ýa-da mahrum etmän iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

BELLIKLER.

1. Ýetirilen zyýan zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýetmiş bäşisinden artyk summada bolsa, ol şu maddada zyýanyň uly möçberi diýlip ykrar edilýär.

2. Ýetirilen zyýanyň doly möçberde öwezini meýletin dolan adam şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

(2) Seresapsyzlyk zerarly adamyň saglygyna agyr ýa-da ortaça agyrlykda zyýan ýetiren şonuň ýaly hereket üçin,

üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum

---

1 Комментарии к Уголовному кодексу РФ под общей редакцией В .М.Лебедева, Ю.И. Скуратова. М., 2002.стр 45-46.

etmän, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň kyrkysyndan ýüzüsine çenli möçberde jerime salynýar ýa-da üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän, bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan, seresapsyzlyk sebäpli adamyň ölmegine getiren hereket üçin,

üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän ýedi ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan, seresapsyzlyk zerarly iki ýa-da şondan köp adamyň ölmegine getiren hereket üçin,

üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

BELLIK.

Şu maddanyň ikinji, üçünji ýa-da dördünji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketi amala aşyran adam, eger jebir çekene kömek etmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri gören bolsa, jeza şu maddanyň degişli böleginiň sanksiýasynda göz öňünde tutulan anrybaş möçberiniň ýarysyndan ýokary bolup bilmez”[1].

Jenaýat jogapkärçiligi diňe şahsyýet berlen mümkinçilikden peýdalanmadyk we jemgyýetçilik howply netijeleriň öňüni almadyk ýagdaýynda ýüze çykýar.

---

[1] Tüpкменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.148-149

Subýektiw ölçegi, jemgyýetçilik howply netijäni öňünden şahsyýetiň mümkinçiligini berlen anyk ýagdaýda özüniň şahsyýeti häsiýetine laýyklykda görilýär, onuň kesgitleýji ýagdaýlary şulardan ybarat bolup durýar: günäkäriň aýrybaşgalaşdyrylan şahsyýeti we psihikasy eden etmişindäki ýagdaýynyň hakykat ýüzündäki mazmunyny dogry we bolşy ýaly kabul etmäne saglygynyň ýagdaýy mümkinçilik bermeli.

Şeýlelik-de harsallygyň diňe iki ölçeginiň ýagny obýektiw we subýektiw ölçegiň bolmagy günäkäriň hakykat ýüzünde jemgyýetçilik howply netijeleri öňünden görmek mümkinçiliginiň bolmagyna şaýatlyk edýär. Bu şertlerde günäkärde şeýle netijeleri öňünden görmäge gönükdirilen erkli güýjüniň bolmazlygy hem-de hakykat ýüzünde şeýle ýagdaýyň ýüze çykmagy şol şahsyýet üçin jenaýat jogapkärçiligini döredýär.

## § 5. Günäniň ikileýin görnüşi. Tötänlik (duýdansyzlyi) hem onuň günäden bolan tapawudy. Ýalňyşlyk we onuň jenaýat hukuk ähmiýeti

Günäniň ikileýin görnüşi bilkastdan edilen jenaýatyň görnüşi bolup durýar. Ýöne bu jenaýatlaryň edilmeginde günäniň iki görnüşi ýüze çykýar. Birinji bikastlaýyn günäniň görnüşi we seresapsyzlykdn jenaýat etmek. Tutuşlygyna şeýle jenaýat bilkastdan edilen diýip hasaplanylýar.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 29-nji maddasynda günäniň ikileýin görnüşi bilen edilen jenaýatlara düşünje berilýär: **Niýet we seresapsyzlyk utgaşanda edilen jenaýat üçin jogapkärçilik (günäniň ikileýin görnüşi)**

1) Günäniň ikileýin görnüşi bilkastdan edilen jenaýat bilen we şeýle jenaýat netijesinde bolan netijeler

babatynda seresapsyzlyk bilen häsiýetlendirilýär. Tutuşlygyna şeýle jenaýat bilkastdan edilen diýlip hasap edilýär.

2) Eger bilkastdan jenaýat etmegiň netijesinde onuň bolýan netijelerini kanun has berk jeza bilen baglanyşdyrsa, eger adam şeýle netijeleriň bolmak mümkikçiligi öňünden görüp bilmese, ýöne görmeli ýa-da öňünden görmegi mümkin bolsa ýa-da eger adam olaryň bolmak mümkinçiligini öňünden görse, ýöne olaryň öňüni alaryn diýip, ýenilkellelik bilen hasap etse, diňe şeýle halatda şeýle netijeler üçin jenaýat jogapkärçiligi bolup biler.

Günäniň ikileýiň görnüşi bilen edilen Jenaýatyň mysaly hökmünde TJK-niň 235-nji maddany öwrenmek zerurdyr, **“235 madda. Emlägi bilkastdan ýok etmek ýa-da zaýalamak**

(1) Kesekiniň emlägini bilkastdan ýok edip ýa-da zaýalap, uly zyýan ýetirene,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäşisinden ýigrimi bäşisine çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly hereketler:

a) otlamak, partlatmak arkaly ýa-da umumy howply başga hili usul bilen amala aşyrylanda;

b) seresapsyzlyk sebäpli adamyň heläk bolmagyna ýa-da başga agyr netijelere getiren bolsa,

üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”[1].

Bu Jenaýatyň esasynda kesekiniň emlägine bilkastlaýyn zyýan etirilýär, ýöne bundan başga-da seresapsyzlyk bilen ýene-

---

[1] Түркменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.154

de bir netije ýüze çykýar, seresapsyzlyk sebäpli adamyň heläk bolmagy, sesapsyzlykdan adamyň ölmegi ýa-da başga agyr netije. Emlägi bilkastdan ýok etmek ýa-da zaýalamak bilen bagly jenaýatda iki netije ýüze çykýar, bir netije Günäniň bilkastlaýyn görnüşi we beýleki netije bolsa Günäniň seresapsyzlyk görnüşi bilen. Sol sebäpli **Emlägi bilkastdan ýok etmek ýa-da zaýalamak** bilen bagly jenaýat Günäniň ikileýin görnüşi bilen amala aşyrylan jenaýat diýlip hasap edilýär.

Harsallyk bilen günäsiz zyýan ýetirmegi (tötänlik) tapawutlandyrmak gerek. Eger adam etmişiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirmese ýa-da öz hereketiniň (hereketsizliginiň) jemgyýetçilik howply netijeleriniň bolmagynyň mümkinçiligini öňünden görmese we işiň ýagdaýlary boýunça olary öňünden görüp bilmese, etmiş günäsiz edilen diýlip hasaplanylýar.

**“30 madda. Günäsiz zyýan ýetirmek (tötänlik)[1]**

(1) Eger adam etmişiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirmese ýa-da öz hereketiniň (hereketsizliginiň) jemgyýetçilik howply netijeleriniň bolmagynyň mümkinçiligini öňünden görmese we işiň ýagdaýlary boýunça olary öňünden görüp bolmasa ýa-da görüp bilmese, etmiş günäsiz edilen diýlip hasaplanylýar.

(2) Eger jenaýat eden adam jemgyýetçilik howply netijeleriniň bolmak mümkinçiligini öňünden gören hem bolsa, ýöne onuň psihofiziologik sypatlarynyň ekstremal şertlere ýa-da nerw-psihologik taýdan salynýan agrama laýyk gelmezligi netijesinde olaryň öňüni alyp bilmese, şeýle etmiş günäsiz edilen diýlip hasaplanylýar”.

Eger jenaýat eden adam jemgyýetçilik howply netijeleriniň bolmak mümkinçiligini öňünden gören hem

[1] Түркменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.14

bolsa, ýöne onuň psihofiziologik sypatlarynyň ekstremal şertlere ýa-da nerw psihologik taýdan salynýan agrama laýyk gelmezligi netijesinde olaryň öňüni alyp bilmese, şeýle etmiş günäsiz diýlip hasaplanylýar.

Şonuň üçin jenaýtçylykly harsallykdan, günäsiz zyýan ýetirmek:

Birinjiden, öz eden hereketleriniň (herketsizliginiň) netijesinde ýüze çykan netijelerine şol şahsyýetiň psihiki gatnaşygynyň dürli görnüşliligi bolup durmaýar.

Ikinjiden, harsallygyň haýsy-da bolsa bir ölçegini ýa-da onuň iki ölçeginiň hem bolmagyny aradan aýyrýa, ol hem şahsyýetiň günäsini aradan aýyrýar.[1]

**"31 madda. Ýuridik we hakyky ýalňyşlyk[2]**

1) Adam eger jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi edip, onuň hukuga garşydygyna düşünmese we işiň ýagdaýlary boýunça düşünip bilmese, ol jenaýat jogalkärçiligine degişli däldir.

2) Adam eger jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi edip, şol jenaýatyň düzümine degişli hakyky ýagdaýlar babatynda sap ýüreklilik bilen ýalňyşan bolsa, onda şol etmişiň bilkastdan edilendigi üçin jogäpkärçilik çekip bilmez.

3) Eger kanun has berk jezany belli bir hakyky ýagdaýlaryň bolmagy bilen baglanyşdyrsa, ýöne jenaýaty eden adam şol ýagdaýlar babatynda sap ýüreklilik bilen ýalnyşan bolsa, onda ol has berk jogapkärçiligi degişli bolup bilmez".

Jenaýatçylykly harsallykda günäkär diýip bilmek üçin kazyýet, aýyplanýan öz herketiniň ýa-da herktsizliginiň netijesinde jemgyýetçilik üçin howply netijleriň ýüze

---

[1] Уголовное прово. Общая часть. Учебник . под ред В.И.Радченко. 2004. Стр. 203-206.

[2] Tüркменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.14

çykmagyny görmäge borçly ýa-da öňünden görmek mümkinçiligiň bolandygyny hökman anyklamaga borçlydyr.

## Soraglar:

1. Jenaýatyň subýektiw tarapy barada düşünje we onuň ähmiýeti.
2. Jenaýatyň subýektiw tarapynyň hökmany alamatlary.
3. Günä baradadüşünje we onuň görnüşleri.
4. Bilkastlaýyn edilen jenaýat.
5. Niýet we onuň görnüşleri.
6. Seresapsyzlyk bilen edilen jenaýat.
7. Özüne ynam edijilik we harsallyk.
8. Günäniň ikileýin görnüşi.
9. Jenaýatyň subýektiw tarapynyň goşmaça alamatlary.

## Ulanylmaly edebiýatlar:


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. ,,Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine

garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Волков.Б.С. Мотивы преступления. Казань. 1982
23. Ворошилин. Е. В.Субъективная сторона преступления. М., 1982
24. Злобин. Г.А.Умысел и его формы. М., 1982

## Bap XI . Jenaýatyň subýekti

### § 1. Jenaýatyň subýekti barada düşünje we onuň alamatlary

Jenaýatyň subýekti – munuň özi, jenaýatyň esasy düzüminiň bir bölegi bolup, jenaýatçylykly etmişi amala aşyran şahsyýeti göz öňünde tutýar. “Jenaýatyň subýekti” – jenaýat hukugy ylmynyň kategoriýasy (düşünjesi), onda jenaýat kanuny boýunça gadagan edilen jemgyýetçilik howply etmişi amala aşyran adamyň hereketi we onuň üçin çekip biljek jenaýat jogapkärçiligine düşünilýär. Kanunçylykda jenaýatyň subýekti – “jenaýat jogapkärçiligine düşýän adam” ýa-da “jenaýaty amala aşyran adam” bolup durýar. Diýmek jenaýatçylykly etmişi diňe adam tarapyndan amala aşyrylyp bilner.

Jenaýat jogapkärçiligi hemişe şahsyýet häsiýetliligi göz öňünde tutýar, jogapkärçiligi diňe anyk jenaýaty amala aşyran adamyň özi ýa-da gatnaşyjylyk eden adam çekilýär.

Jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jemgyýete howply etmişi öz bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk hereketi ýa-da hereketsizligi bilen amala aşyran, jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinýän şahsyýet, jenaýatyň subýekti bolup bilýar.

Türkmenistanyň jenaýat kodeksine laýyklykda, diňe jenaýat kanunda bellenen ýa-şa ýeten, akyly düzüw, fiziki şahsyýet jenaýatyň subýekti bolup biler. Kanunda bellenilen ýaşa ýeten we akyly düzüw, fiziki şahsyýet – olar jenaýatyň subýekti diýip hasap etmek üçin esasy alamatlardyr.

## Çyzgy № 33. Jenaýatyň subýektiniň alamatlary




Emma jenaýat hukuk kadanyň jenaýatyň subýekti baradaky aýratyn talaplaryna dogry gelýän subýektlere bolsa “ýörite subýektler” diýilýär. Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň belli bir kadalarynda jenaýat jogapkärçiligi diňe goşmaça häsiýetlere eýe bolan şahsyýetler üçin ulanylýar. Mysal üçin, **Para alandygy** (TJK-niň 184-nji maddasy) üçin diňe wezipeli adam jogap berip bilýär.

**„Para almak**

(1) Para berýäniň ýa-da oňa wekilçilik edýänleriň peýdasyna iş bitirendigi (bitirmändigi) sebäpli wezipeli adamyň hut özüniň ýa-da arada durýan adamyň üsti bilen pul, gymmatly kagyzlar, başga emläk görnüşinde para alandygy ýa-da emläk häsiýetli peýda görendigi üçin, eger şeýle işi bitirmek (bitirmezlik) wezipeli adamyň gulluk ygtyýarlyklaryna girýän bolsa ýa-da gulluk ýagdaýynyň mümkinçiligi şol iş bitirmäge (bitirmezlige) täsirini ýetirip bilýän derejede bolsa,

üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan

sekiz ýyla çenli möhlete belle bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek ýa-da üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen emlägini muzdsuz edip ýa-da muzdsuz etmän, sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş, eger:

a) gaýtadan edilse;

b) deslapky ylalaşmak boýunça adamlaryň topary ýa-da guramaçylykly topar tarapyndan edilse;

ç)jogapkärli ýagdaýy eýeleýän wezipeli adam tarapyndan edilse;

d) gorkuzmak bilen para alynsa;

e) uly möçberde bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan on bäş ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek ýa-da emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Şu degişli alamatlary jenaýatyň takyk düzümini häsiýetlendiriji hökmany alamatlaryň sanawyna girýär.

Dine fiziki şahsyýet, ýagny adam jenaýatyň subýekti bolup biler. Hiç bir janly jandar adamyň ýerini eýeläp bilmez. Çünki dine adamyň pikir etmäge, edýän hereketini bahalandyrmaga ukyby bardyr. Şu jähtden ugur alyp, Türkmenistanyň jenaýat kanuny haýwanlary, guramalary, edaralary ýa-da zatlary jogapkärçiligi çekilip bolmaýanlygyny kepillendirýär.

Şol sanda, ýuridiki (hukuk) şahsyýetler jenaýatyň subýekti bolup bilmeýarler. Mysal üçin adam öldürmek, ogurlyk, zorlamak ýaly jenaýatlardine adam tarapyndan amala aşyrylyp bilner. Ýuridiki (hukuk)şahsyýetler tarapyndan amala aşyrylan gatnaşyklarda jenaýatyň alamatlary ýüze çykanda,

onda şol edara, kärhana, gurama degişli ýolbaşçylary ýa-da agzalary eden etmişi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilnerler. Mysal üçin**, Görnetin adyl kazyýetligi bolmadyk hökümi, çözgüdi, kesgitnamany ýa-da karary çykarmak** (TJK-niň 198-nji m) bilen bagly jenaýatlar boýunça kazyýet edarasy däl-de, diňe kazylar jogapkärçiligi çekilýär.

Ýyridiki (hukuk) şahsyýetleriň hereketi üçin anyk adamlaryň jogapkärçiligi barada jenaýat hukuk kadasynda görkezilen. Mysal üçin, **Batyp galnan mahalyndaky bikanun hereketler** (TJK-niň 257-nji maddasy) bilen bagly jenaýatlar üçin guramanyň ýolbaşçysy jogapkärçiligi çekilýär. **"Batyp galnan mahalyndaky bikanun hereketler**[1]

(1) Emlägi ýa-da emläk borçnamalaryny, emläk hakyndaky, onuň möçberi hakyndaky maglumatlaryň, emlägiň ýerleşýän ýeri ýa-da emläk hakyndaky başga maglumatlaryň, emlägi başga biriniň eýelik etmegine bermek, emlägiň başga eýeçilik haýryna geçirilmeginiň ýa-da ýok edilmeginiň ýaşyrylmagy, şonuň ýaly-da, ykdysady işi görkezýän buhgalterlik we beýleki hasaba alnyş resminamalaryň ýaşyrylmagy, ýok edilmegi, galplaşdyrylmagy, eger şu hereketler guramanyň – bergidaryň ýolbaşçysy ýa-da eýesi tarapyndan ýa-da hususy telekeçi tarapyndan batyp galnan mahalynda ýa-da batyp galynjakdygyny öňünden aňyp, uly möçberde zyýan ýetirse,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ellisinden ýüzüsine çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

(2) Bergidaryň - guramanyň, ýolbaşçysynyň ýa-da eýesiniň ýa-da hususy telekeçiniň hakykatda öz gurmunuň çatmaýandygy (batyp galandygy) hakynda bilýän bolsa-da,

[1] Tüpкменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.114-115

käbir kreditorlaryň, emläk talaplaryny göz-görtele beýleki kreditorlaryň zyýanyna bikanun kanagatlandyrmagy, şonuň ýaly-da, gurby çatmaýan bergidar tarapyndan beýleki kreditorlaryň, zyýanyna özüne berlen artykmaçlyklar hakynda bilse-de, kreditor şeýle kanagatlandyrmagy kabul eden bolsa, eger şol hereketler uly möçberde zyýan ýetiren bolsa,
zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimi bäşisinden ýetmiş bäşisine çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär”.

Häzirki zaman dünýä tejtibesine seretseň daşary ýurtlaryň käbirinde (ABŞ, Kanada, Fransiýa) kanun çykaryjy ýuridiki şahsyýetleriň jenaýat jogapkärçiligi göz öňünde hem tutulandyr.

Ýuridiki (hukuk) şahsyýetleriň jenaýat jogapkärçiligi çekilmezligi jenaýat hukugynyň esasy ýörelgesine laýyk gelýär, ýagny, her bir adam diňe öz eden etmişi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilýär. Ýöne şu ýagdaýlar, ýuridiki (hukuk) şahsyýetiň üstünden jogapkärçiligin aýrylýandygyny aňlatmaýar. Olar dolandyryş (administratiw) häsiýetde jogapkärçiligi çekilip bilner. Olara jerime töledilip, olaryň işini çäklendirip ýa-da düýbünden ýuridiki şahsyýet ýok edilip bilner.

Jenaýatçy hökmünde şahsyýeti kesgitlemegiň esasy ölçegi jemgyýete howply amala aşyran etmişidir we şol etmişi amala aşyrmakda onuň günäkärdiginiň ykrar edilmegidir. Hakykatda adam jenaýaty amala aşyran ýa-da oňa taýyarlyk gören, kastyna düşen pursatlarynda onuň etmişleri jemgyýet üçin howpa öwrülýär.

Umuman jenaýat öwrenilende subýekt – onuň sostawynyň (düzüminiň) hökmany bir elementi bolup, jenaýat kanunynda

görkezilen alamatlaryň haýsy-da biri bolmasa, jenaýat jogapkärçiligi aradan aýrylýar.

Jenaýatyň subýektini häsiýetlendirýän kanuny şertler şu aşakdakylardan ybarat bolup durýarlar:

**1) fiziki tarap;**

**2) akyly düzüwlik;**

**3) kanun tarapyndan bellenen yaşa ýetilmegi.**

Eger görkezilen alamatlaryň haýsy-da biriniň biri görkezilmedik bolsa, onda ony amala aşyran adamy jenaýatyň subýekti hökmünde hasap edip bolmaz. Mysal üçin, özüniň hereketlerine (hereketsizliklerine), jemgyýetçilik howply we hakyky häsiýetine akyl ýetirip bilmedik ýa-da olara ýolbaşçylyk edip bilmedik kiçi ýaşly adamlar. Şeýlelikde, jenaýatyň subýekti – kanun tarapyndan bellenen ýaşa ýeten, jenaýat kanuna garşy jemgyýetçilik howply etmişi amala aşyran akylly düzüw fiziki tarapdyr.

Kanunçykaryjy ýaş alamatlary boýunça iki ýaş çägi bellenýär. Mysal üçin, 16 ýaşa ýetmegi bilen umumy düzgün boýunça jenýat jogapkärçiligi ýüze çykýar. Käbir jenaýatlar üçin jenaýat jogapkärçiligi 14 ýaşda bellenilýar. 14 ýaşdan jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykan jenýatlaryň alamatlary, ilki bilen:

a) jemgyýetçilik howply etmişi, onuň jenaýatçylykly günäsi;

b) jenaýatlaryň uly (ýokarlandyrylan) jemgyýetçilik howpylylygy;

ç) jenaýatlaryň köpüsiniň edil ýetginjekleriň arasynda ýaýramagy.

Ilkinji derňewi geçirýän edaralar we kazyýetler jenaýat jogapkärçiligine çekilýän kämillik ýaşyna ýetmedigiň anyk doglan gününi, aýyny, ýylyny anyklamaga borçludyrlar. Kazyýet işine çekilýänyň doglan gününden 18 ýaşyna çenli, 24 sagat öňinçä amala aşyran bolsa, jogapkärçiligi kämillik ýaşyna ýetmedik ýaly çekilýär.

14 ýaşyna ýetmedikler jemgyýetçilik howply etmişi amala aşyrandygy üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinmez, olar baradaky materiallar terbiýeçilik häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak üçin degişli edaralara berilýär.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işlerine seredilende ilkibaşky derňew edaralary we kazyýetler aýyplanýan şahsyýeti baradaky maglumatlary: onuň ýaşaýyş, durmuş we terbiýe şertlerini; jenaýatyň delilini we maksadyny; ony amala aşyrmaga ýardam edýän sebäpleri we şertleri anyklamaga borçludyrlar. Günäkäre degişli bolan ýagdaýlar jenaýat-hukuk çärelerini bellemekde göz öňünde tutmalydyr.

Jenaýat eden mahalynda öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine düşünýan, olardan ugur alýan adam akyly düzüw diýip hasap edilýär. Öz hereketlerine (hereketsizligine) ýolbaşçylyk edip bilmek ukyby, öz öňünde kesgitlenen maksady goýup oňa ýetmek üçin çalyşýandygyna şaýatlyk edýär.

## §2. Jenaýatyň subýektiniň ýaş alamatlary. Jenaýat jogapkärçiliginiň ýaşyny 16 ýaşdan 14 ýaşa peseltmeginiň hukuk esaslary. Ýaş alamaty hem-de onuň jenaýat jogapkärçiligine bolan täsiri

Jenaýatyň subýekti bolmak üçin şertleriň biri Şahsyýetiň jenaýat eden wagtyna çenli jenaýat kanuny tarapyndan bellenen ýaşa ýetmegi bolup durýar. Kiçi ýaşly çagalar jenaýatyň subýektleri bolup bilmezler. Kanun tarapyndan jenaýat jogapkärçiliginiň degişli iň kiçi ýaşyň bellenilmeginiň sebäbi şulardan ybaratdyr, diňe öz eden etmişiniň jemgyýetçilik howpuna düşünýän adam jogapkärçiligi çekilmäge degişlidir. Kiçi ýaşlylaryň öz ýaşlary zerarly aňy doly ösmedik bolýar we olar öz edýän hereketlerine doly göz ýetirip bilmeýärler.

Jenaýat jogapkärçiliginiň düşýän ýaşy kanun tarapyndan bellenilende öňi bilen psihologiýanyň, pedagogikanyň, lukmançylygynyň netijeleri göz öňünde tutulýar. Kanun tarapyndan jenaýatyň subýekti bolmak üçin ýaşyň bellenmeginiň sebäbi kesgitli ýaşa ýetende ýetginjekde daş töwerekdäki bolup geçýän zatlaryň manysyna düşünmek we öz edýän hereketleriniň (hereketsizlikleriň) nämä getirip biljekdigine düşünmäge bolan ukyby döreýär. Öz hereketleriniň (hereketsizlikleriň) howpludygyna düşünmek ukyby ýuwaş-ýuwaşdan ýetginjegiň öz durmuşy yzarlamalaryndan, terbiýeden ýüze çykýar. Käbir hereketleriň howplulygy ýetginjege çagalykdan ene-atasynyň öwredişiniň, terbiýeçiniň öwredişiniň derejesi netijesinde aýan bolýar. Ýetginjege ýaşlykdan howply hereketleri etmegiň erbetdigini aňyna guýmak peýdaly bolýar.

Kanun arkaly jenaýat jogapkärçiliginiň düşýän ýaşyň bellenilmeginiň ýene bir möhüm tarapy adamyň özüne berilýän jezanyň berilmeginiň maksadyny öz aňynda doly aňlamagydyr, sebäbi diňe şol ýagdaýda jeza berilmeginiň terbiýeçilik ähmiýetli esasy maksady ýerine düşýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 21-nji maddasyna laýyklykda jenaýat jogapkärçiligine jenaýat eden wagtyna çenli on alty ýaşy dolan adamlar degişli bolup durýar[1]. **“21 madda. Jenaýat jogapkärçiliginiň düşýän ýaşy**

(1) Jenaýat jogapkärçiligine jenaýat eden wagtyna çenli on alty ýaşy dolan adamlar düşýär.

(2) On dört ýaşdan on alty ýaşa çenli bolan adamlar jenaýat edende, bilkastlaýyn adam öldürendigi üçin (101-nji madda), saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirendigi üçin (107-nji madda), saglyga bilkastdan orta agyrlykdaky şikes ýetirendigi üçin (108-njy madda), zorlandygy üçin (134-nji madda),

[1] Тüркменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.11-12

ogurlyk edendigi üçin (TJK-niň 227-nji maddasy), talaňçylyk edendigi üçin (230-njy madda), garakçylyk edendigi üçin (231-nji madda), gorkuzyp alandygy üçin (232-nji madda), kesekiniň ulag serişdesini bikanun eýeländigi üçin (234-nji madda), emlägi bilkastda ýok edendigl ýa-da zaýalandygy üçin (235-nji maddanyň ikinji bölegi), ýaragy, ok-därileri, partlaýjy maddalary we partladyjy enjamlary ogurlandygy ýa-da gorkuzyp alandygy üçin (291-nji madda), neşe serişdeleri ýa-da psihotrop jisimleri satmak maksady bilen bikanun taýýarlandygy, gaýtadan işländigi, edinendigi, saklandygy, daşandygy, iberendigi üçin (TJK-niň 292-nji maddasy), neşe serişdeleri ýa-da psihotrop jisimleri ogurlandygy ýa-da gorkuzyp alandygy üçin (TJK-niň 294-nji madda) jenaýat jogapkärçiligine çekilýär".

Öz eden etmişi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilýän şahsyýetler TJK-de bellenen jenaýatlary amala aşyranlarynda, ýokarda görkezilşi ýaly, on dört ýaşyndan hem jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilnerler. Munuň sebäbi belli bir jenaýatlaryň ýetginjekleriň arasynda has köp amala aşyrylmagy we ýaýranlygy bilen bagly bolup durýar, meselem TJK-niň 227-nji maddasynda görkezilen **Ogurlyk** ýa-da TJK-niň 234-nji maddasynda görkezilen **Başga biriniň ulag serişdesini bikanun eýelemek** üçin jogapkärçilik on dört ýaşda ýüze çykýar. On dört ýaşa ýetýänçä şeýle jenaýatlaryň jemgyýet üçin nähili howply bolup durýanlygyny we öz hereketleri (hereketsizlikleri) üçin belli derejede jogapkärçiligi çekilip bilinjekdigi, ýaşlar üçin çylşyrymly bolup durýar. Ýokarda sanalyp, görkezilen jenaýatlaryň arasynda dürli kategoriýalara degişli jenaýatlar hem bar. Jemgyýetde terbiýäniň ähmiýetiniň ösmegi bilen jemgyýetiň aňynyň saplanmagy, arassalanmagy bilen jenaýat edýän adamlaryň arasynda şu ýaşdaky ýetginjekler azalar. Ýetginjekleriň jemgyýetçilik howply etmişleriniň öňüni

diňe bir jeza howpy bilen däl-de, terbiýeçilik, düşündiriş işleri bilen hem alyp boljakdygyny göz öňünde tutmalydyrys.

Jenaýat jogapkärçiligin ýaşyny kesgitlemek diňe bir psihologiýa, lukmançylyk, durmuş ýa-da pedagogik meseleleri bilen bagly bolman, ol jemgyýetde amala aşyrylýan jenaýatçylygyna hem baglydyr. Jemgyýetde düşündiriş-terbiýeçilik işlerine uly üns berilmeginiň jenaýat jogapkärçiliginiň düşýän ýaşynyň ulalmagyny hem kesgitleýar.

Kanun arkaly jenaýat jogapkärçiligin anyk ýaşynyň bellenilmegi - jenaýat hukugynyň kanunçylyk ýörelgesine gabat gelýär. Egerde muny anyklamak kazyýetiň garamagyna bagly edilse, onda raýatlaryň kanun öňünde deňlik ýörelgesiniň hem bozulmagyna eltip biler. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň belli maddalarynyň dispozisiýasynda görkezilen jenaýatçylykly etmişler özüniň subýektiniň ýa-da obýektiw tarapynyň aýratyn alamatlary boýunça diňe kämillik ýaşyna ýetenler tarapyndan amala aşyrylyp bilner.

Mysal üçin: TJK-niň 155-nji maddasynda görkezilen etmiş üçin, ýagny Kämmillik ýaşyna ýetmedigi jenaýat etmäge çekmek, bu ýerde görşümiz ýaly, jenaýatyň subyekti bolup jenaýat jogapkärçiligi diňe 18 ýaşyny dolduran adam çekilip bilner. **“Kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýat etmäge çekmek**

(1) On sekiz ýaşyna ýeten adam jenaýat etmäge kämillik ýaşyna ýetmedigi çekse,

üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Ata-ene, pedagog ýa-da kanun arkaly kämillik ýaşyna ýetmedik hakda alada etmek borçlary üstüne ýüklenen başga adam tarapyndan şonuň ýaly etmiş edilse,

üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan etmişler fiziki zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmak bilen amala aşyrylsa,

dört ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Kämillik ýaşyna ýetmedigi guramaçylykly jenaýatçylykly topara ýa-da jenaýatçylykly bileleşige çekmek bilen ýa-da aýratyn agyr jenaýaty etmäge çekmek bilen baglanşykly şu maddanyň birinji, ikinji ýa-da üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan etmişler üçin,

bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”[1].

TJK-niň 160-njy maddasy boýunça bolsa ýagny Çagalary ýa-da işe ýarawsyz ata-eneleri ekläp-saklamak üçin serişdeleri tölemekden bilgeşleýin boýun gaçyrmak jenaýatyň subýekti bolup, kämmillik ýaşyna ýeten öz gazanjy bolan maşgala hukugynyň agzasy, şol maddanyň subýekti hökmünde göz öňünde tutulýar. **“160 madda. Çagalary ýa-da işe ýarawsyz ata-eneleri ekläp- saklamak üçin serişdeleri tölemekden bilgeşleýin boýun gaçyrmak**

(1) Ata-eneleriň kemala gelmedik çagalary, şonuň ýaly-da on sekiz ýaşyna ýeten zähmete ukypsyz çagalary ekläp-saklamak üçin kazyýetuň çözgüdi boýunça serişde tölemeklikden bilgeşleýin boýun gaçyrandygy üçin,

zähmete hak tölemegine ortaça aýlyk möçberiniň on bäşden otuzysyna çenli moçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

(2) Kämillik ýaşyna ýeten zähmete ukyply çagalaryň kazyýetuň çözgüdi boýunça zähmete ukypsyz ata-enelerini

---

[1] Türkменистаныñ Јенаят kodeksi. A., 1997, sah.70-71

ekläp-saklamak üçin serişde tölemekden bilgeşleýin boýun gaçyrandygy üçin,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň on bäşden otuzysyna çenli möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär”.

18 ýaşyny doldurmadyk fiziki şahsyýetler wezipe gullugy bilen ýa-da harby gullugy bilen bagly jenaýatlaryň subýektleri bolup bilmeýarlar. Türkmenistanyň kanunçylygyna görä Türkmenistanda harby borçlulyk 18 ýasdan ýüze çykýar. Şeýle hem partlama howply önümçilik bilen bagly jenaýatlaryň subýekti bolup 18 ýaşa ýetmedik adam bolup bilmez, sebäbi Zähmet kodeksine laýyklykda 18 ýaşy dolmadyk raýatlary jany we saglygy üçin howply bolan işlerde işletmek gadagan edilýär[1].

Kada boýunça raýatyň ýaşy bellenilen resminamalar (pasport, dogluş hakyndaky şahadatnama we ş.m.) boýunça kesgitlenilýär. Egerde ol resminamalar ýitirilen ýa-da ýok edilen bolsa, ol halatda başga hili subutnamalar ulanylýar. Belli bir kazyýet-lukmançylyk seljerişini geçirmeklik zerur bolup durýar. Şolar ýaly ýagdaýlarda jogapkärçiligi çekilýanyň doglan güni diýip, görkezen ýylynyň soňky aýynyň soňky güni hasaplanylýar.

Jenaýat hukugynda 16 ýaşa ýeten raýatlar, aýratyn ýagdaýlarda 14 ýaşa ýeten raýatlar jenaýatyň subýekti diýlip kabul edilen halatynda, olar tarapyndan jenaýatçylykly etmişleri edindigi üçin doly jogapkärçilik bermeli diýilýän bolsa-da, olar diňe 18 ýaşa ýetenlerinde kämmillik ukubyna eýe bolup bilýärler.

---

[1] Tüpкменистаныñ Jенаят kodeksi. A., 1997, sah.72

## §3. Akyly düzüwlik we akyly ýerinde dällik. Akyly ýerinde dälligiň hukuk ähmiýeti. Akyly ýerinde dälligiň lukmançylyk we hukuk kriteriýalary (ölçegleri)

Akyly düzüwlik - bu adamyň kanunyň öňünde öz hereketleri üçin jogapkärçilik çekip bilmäge ukyplylygyny aňladýar. Akyly ýerinde dällik – bu hukuk düşünjesi bolup, psihiki näsaglygy ýagdaýynda amala aşyran jenaýat kanuna garşy hereketleri (hereketşizligi) üçin günäkärlenýäne jogapkärçilik bildirip bolmaýan ýagdaýydyr. Akyly ýerinde dällik – bu akyly düzüw dälligiň görnüşi bolup, ýörite şertleriň jemini anyklaýar, psihiki näsagyň eden etmişi üçin jogapkärçiligi aradan aýrylýar. Jenaýatyň subýekti diňe akyly düzüw şahsyýetler bolup biler. Akyly düzüwlik we bellenilen ýaşa akyly ýetmeklik jenaýat jogapkärçiligin esasy şertleri bolup, jenaýatyň subýektiniň umumy alamatlary hasaplanylýar.

Belli bolan pelsepe we hukukçy alymlaryň pikirine laýyklykda diňe adamlar öz hereketlerine düşünip we obýektiw kanuna laýykdyklaryny bilip, azat hereket (hereketsizlik) etmäge ukyplydyrlar. Akyly ýerinde däl şahsyýet jemgyýetçilik howply hereketi (hereketşizligi) üçin, özüniň aňynyň we erkiniň gatnaşmanlygy üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinmez. Akyl taýdan ýarawsyzlaryň jemgyýetçilik howply etmişleriniň sebäbi olaryň ýarawsyz ýagdaýy bolup durýar. Olaryň jemgyýete nähili agyr zyýan ýetirenlerine garamazdan, şol zyýany ýetirmekde psihiki ýarawsyz adamy günäli hasaplamaga esas ýokdur. [1]

Akyly ýerinde dällik ýagdaýynda jemgyýetçilik howply etmişi eden şahsyýetlere, şol şahsyýetler öz eden etmişlerine

---

[1] Психологический комментарий к Уголовному кодексу РФ. Москва, 1999, стр 78

görä we öz psihiki ýagdaýlaryna görä jemgyýetçilik üçin howply bolsalar, kazyýet tarapyndan mejbury lukmançylyk häsiýetli çäreler bellenip bilner. Şeýle ýörite çäreler jeza bolup durman, eýsem jemgyýeti akyly ýerinde däl adamlaryn jemgyýetçilik howply hereketlerinden (hereketşizlikden) goramak we şol bir wagtyň özünde psihiki ýarawsyz adamlary bejermek üçin we olaryň özlerini goramak we bejermek üçin bellenilýän çäreleri bolup durýarlar.

Akylynyň doly we düzüw wagty jenaýaty amala aşyran adam öz hereketlerine (hereketşizliklerine) baha berip we ony maksadyna görä ugrukdyryp bilýandyr. Öz hereketleriniň (hereketşizlikleriniň) jemgyýet üçin howpludygyna göz ýetirip, kanunyň çäklerinden çykyp erkin etmişi amala aşyrýandygyna esaslanyp, jenaýat hukugy şahsyýeti günäli hasap edýar. Akyly ýerinde däller üçin, jemgyýete howply hereketlerine (hereketsizliklerine) dury (doly) aňynyň gatnaşmaýanlygy sebäpli, jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykmaýar. Psihiki taýdan näsagyň jemgyýete howply hereketlerini (hereketşizliklerini) etmegi onuň psihiki keselli bolmagyň esasy şertdir.[1]

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi tarapyndan bellenilen ýaşa ýetmeklik – şahsyýetiň jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinmeginiň bir şertdir. Kanunda jenaýat jogapkärçiligine düşýän iň pes ýaşyň bellenilmegi şahsyýetiň öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) manysyna düşünmegi we olara erk etmegi bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. Ýokarda belleýşimiz ýaly, jenaýatyň subýekti bolup diňe akyly düzüw we akyly doly şahsyýetler çykyş edip bilýarler. Döwlet tarapyndan, kanuny taýdan köp gadagan edilen zatlary kiçi çaganyň hem aňyna ýetirip bolýar: kesekiniň zadyny almazlyk, özgä şikes ýetirmezlik we ş.m. Ýöne adamy jenaýat jogapkärçiligi çekmek üçin onuň belli kanuny düşünjesi, öz hereketleriniň hakyky

tarapyna baha bermäge ukyply bolmagy ýeterlik bolman, eýsem onda durmuş hukuk düşünjesiniň bolmagy gerek[1].

Türkmenistanyň jenaýat kanunyna laýyklykda jenaýat eden mahalynda öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine düşünen we olardan ugur alan adam akyly düzüw we akyly doly diýip hasap edilýär.

Akyly düzüwlik bu jenaýat eden mahalynda adamyň öz hereketlerine düşünip ýolbaşçylyk edip bilmäge ukyply bolan psihiki ýagdaýy bolup durýar. Şeýle diýmek bilen adamyň öz eden hereketiniň (hereketsizlikleriň) diňe hakyky tarapyny düşünmek däl-de, eýsem, durmuşy ornuny düşünip bilmek diňe akyly düzüw we psihiki sagdyn adama mahsusdygyny aňladýar. Akyly düzuw we erkin adamyň özüni alyp barşyny kesgitleýän psihiki funksiýa (ýgtyýarlyk) bolup durýar. Olar elmydama adamyň ýerleşýän jemgyýetçilik gurşawyny, jemgyýetiň maddy durmuşynyň şertini şertlendirýän obýektiw hakykaty bolup durýar. Adam pikir edip bilýän jandar hökmünde öz hereketleriniň (hereketsizlikleriň) hakyky ýagdaýyna baha berip, öz hereketleriniň (hereketsizlikleriň) esasynda ýüze çykjak netijesini görüp we düşünip, şol hereketleri (hereketsizlikleri) haýsy hem bolsa bir maksadyna ýetmek üçin ulanyp bilýär.

Akyly düzüwlilik – bu fiziki şahsyýetiş öz eden kanuna garşy etmişi üçin jogapkärçilik çekip biljekliginiň alamatydyr. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 23-nji maddasynyň 1-nji böleginde şeýle diýilýär: “Jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi eden mahalynda öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine, olaryň jemgyýetçilik howpludygyna akyl ýetirip bilmedik ýa-da psihiki taýdan kesellemegi, psihiki bozulmagyň wagtlaýyn keselliligi

[1] Курс уголовного права. М., 20099 , стр. 271

ýa-da akyly kemligi netijesinde şolara erk edip bilmedik adam jenaýat jogapkärçiligine çekilmeýär”. [1]

Öz hereketlerine (hereketsizliklerine) düşünip, erk edip bilmegi akyly düzüw adam akyly ýerinde däl-den tapawutlandyrýar. Jenaýatlar köpilenç daşky gurşawyň kompleksleýin täsiri astynda bolsa-da, bu ol täsirleriň adamyň aňynyň üstünden geçmeýänligini aňlatmaýar. Adam özüniň pikirlenip, ýüze çykan ýagdaýy doly aňynda aýlap ölçerläp özüniň maksadyna ýetmek üçin birnäçe ýoly saýlap, bilýändigi bilen beýleki jandarlardan tapawutlanýar. Şahsyýetiň bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlyk zerarly amala aşyran jenaýaty üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmeginiň esasy bolup günäkäriň öz edýän hereketine (hereketsizliklerine) aňly düşünjeli erk etmäge bolan ukyby hyzmat edýär.

Adamyň öz hereketleriniň hakyky taraplaryny we durmuş manysyny düşünmäge bolan ukyby, düşünjesi, öz hereketlerine ýolbaşçylyk edip bilmegi, akyly düzüw adamy akyly ýerinde däl-den tapawutlandyrýar. Jenaýat, jenaýatyň sebäpleriniň we şertleriniň ornuny oýnaýan daşky ýagdaylaryň bütin kompleksiniň täsiri astynda amala-aşyrylýar, ýöne olaryň hiç biri hem adama öz täsirini adamyň aňyna degmän ýetirip bilmeýär.

Akyly düzüw dällik bu adamyň öz edýän hereketlerine düşünmezligine we olaryň getirip biljek netijesini görüp bilmezligine getirýän psihikasynyň ýarawsyz ýagdaýy bolup durýar. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan etmişleri öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) häsiýetine we ähmiýetine, olaryň jemgyýetçilik howpludygyna akyl ýetirip

---

[1] Психологический комментарий к Уголовному кодексу РФ. М., 2007, стр 23

bilmedik ýa-da psihiki taýdan kesellemegi, psihiki bozulmagyň wagtlaýyn keselliligi ýa-da akyly kemligi netijesinde şolara erk edip bilmedik adam jenaýat jogapkärçiligine çekilmeýär.[1]

Eden jemgyýetçilik howply etmişini öz aňy we erki bilen etmän, eden etmişi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmeýär. Şahsyýetiň jemgyýetçilik howply etmişiniň etmegi onuň akyly ýerinde däldigi bilen şertlendirilýär. Etmişiň esasynda jemgyýete nähili agyr zyýan ýetirilse-de olary amala aşyranlara günä ýüklemek, jeza çäresini bellemek bolmaýar. Sebäbi jezany bellemekligiň esasy maksady olar üçin düşnüksizdir. Şahsyýetiň akyly ýerinde däl halatynda jemgyýetçilik howply etmişini eden şahsyýetleriň etmişleriniň agyrlygyna we psihiki ýagdaýlaryna jemgyýet üçin howplulygyna seredip, kazyýet olara lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini belläp biler.

Bu mejbur ediş çäreleri olar üçin jeza çäreleri hökmünde däl-de, olaryň özi üçin kömek, ýagny olary bejerjek jemgyýet üçin howpsyzlyk bolup hyzmat edýär.

Akyly düzüw dälligiň düşünjesini anyklamak üçin jenaýat hukugy iki ölçegi ulanýar:

1. **Lukmançylyk-biologik ölçeg.**
2. **Ýuridiki-psihologik (hukuk) ölçeg.**

Adamy akyly ýerinde däl diýip bilmeklik üçin şu iki ölçegi anyklamak we gabatgetirmek zerurdyr. Öz agyrlyk derejesi boýunça psihiki näsaglyk her dürli bolup biler. Öz eden hereketleriniň (hereketsizlikleriň) ähmiýetini we şol hereketlerine erk edip bilmeýän derejeli şahsyýet akyly ýerinde däl diýip kabul edip bilner.

Kazyýetde ýa-da derňew edaralarynda işine seredilýäniň akylynyň düzüw däldigi barada şübhe döremäge

---

[1] Психологический комментарий к Уголовному кодексу РФ. М., 2007, стр 20-29

esas bolan halatynda kazyýet-psihatriýa seljerişini belläp bilerler. Emma, şahsyýeti gutarnykly akyly düzüw däl diýen çözgüdi seljerişiň netijisi boýunça kazyýet kabul edip biler. Bu ýagdaýlarda kazyýet-psihatriýa seljerişini bellemekligiň we geçirmekligiň tertibi Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi esasynda kadalaşdyrylýar.

**Ýuridiki (hukuk) ölçegi** - şahsyýete jemgyýetçilik howply etmişi eden wagtynda öz hereketleriniň (hereketsizlikleriň) häsiýetine düşünip bilmeýän şahsyýete diýip kazyýet kesgitleýär.

**Lukmançylyk ölçegi** – akyly düzüw dälligiň sebäplerini, diýmek jemgyýetçilik howply etmişi eden adamyň psihikasynyň yza galandygyny ýa-da adamyň psihikasynyň ýarawsyzlygyny açýar.[1]

Akyly ýerinde dälliginiň iki ölçeginiň takyk alamatlary şulardan ybarat bolup durýarlar.

1. Şahsyýetiň psihikasynyň ýarawsyzlygy bolup durýar. Bu ölçegi lukmançylyk ýa-da biologik ölçeg diýip atlandyrmak bolýar.

2. Şahsyýetde öz hereketleriniň (hereketşizlikleriň) manysyna düşünmäge ýa-da olara ýolbaşçylyk etmäge mümkinçiliginiň bolmazlygy. Bu ölçegi hukuk ýa-da akyl ölçegi diýlip atlandyrylýar.

Ähli akyly näsazlykdan jebir çekýän adamlara akyly yerinde däl diýip bolmaýar. Akylyň işjeň hereketiniň bozulmagy öz agyrlygy boýunça dürli-dürli bolup durýar. Adama öz hereketleriniň manysyna düşünip ýa-da olara ýolbaşçylyk etmek ukybyndan galmak derejesine ýeten wagtynda oňa akyly ýerinde däl diýip bolar. Kazyýetde ýa-da

---

[1]Психологический комментарий к Уголовному кодексу Р. Ф. М., 2008, стр. 20

derňew geçirilende akyly ýerinde dällik barada mesele ýüze çykanda, hökmany suratda kazyýet lukmançylyk psihiatriýa seljermesi geçirilýär we seljerme toparynyň gelen netijesine esasynda adamyň akyly düzüwligi ýa-da akyly ýerinde dälligi barada çözgüt çykarylýar. Kazyýet lukmançylyk psihiatriýasynda wajyp soraglaryň biri hem akyly ýerinde däller baradaky meseläni çözmeklik bolup durýar. Şahsyýet barada çykarylýan dogry çözgüdiň esasy şerti - adamyň psihiki taýdan öz hereketine (hereketsizligine) dogry we anyk düşünmek, akyly ýerinde dällere olaryň hereketlerine (hereketsizligine) laýyk baha bermek, kanunda ylmyň we tejribeligiň üsti bilen subut etmegidir. Akyly ýerinde dälligiň lukmançylyk ölçegleriniň häsiýetlerini anyklamakylyk ýörite bilimsiz mümkin däldir, şonuň üçin bilermen hökmünde diňe ýörite rugsatly lukmanlar çykyş edip bilerler, ýöne hukuk ölçeglerde hem ýörite bilermenler gatnaşmalydyr, sebäbi her bir hadysada onuň barlygyny ýa-da ýoklugyny akyl taýdan näsaglaryň keselhanasynyň maglumatlarynyň üsti bilen anyklanylmalydyr. Şunuň bilen birlikde akyly ýerinde dälligiň dar gatnaşyklary ýüze çykýar.

Akyl taýdan Şahsyýetiň ölçegini geçirmekde akyly ýerinde dälliginiň iki alamatyny göz öňünde tutýarys. Şolaryň biri: ukyplylyk (öz hereketlerini (hereketsizligini) anyklamakylyk mümkinçiliginiň ýöklygy), beýlekisi bolsa, erkli (öz hereketlerine (hereketsizligine) ýolbaşçylyk etmäge ukybynyň ýöklygy). Bu alamatlary duýgunyň erkli we ukypły görnüşleriniň akyl taýdan hereketlerini (hereketsizligini) synagdan geçirilmäge uly mümkinçilik döredýär.

Akyly düzüwlik we akyly ýerinde dällik meselelerine toplumlaýyn serdilýändir. Akyly ýerinde dällige düşünje öz gözbaşyny akyly düzüwligiň derejesinden alyp gaýdýar. Akyly ýerinde dälligi, hukuk ölçegi psihiki taýdan näsaglygyň agyr

görnüşi diýip häsiyetlendirýär. Lukmançylyk ölçeginiň mazmunyna göra ýarawsyzlyk bolup durmaýan psihiki näsazlyk, akyly düzüwlik ýagdaýynda hem bolup biler. Muňa mysal edip; adamda gorkynyň, gaharyň, emosiýalaryň güýçli ösmegi jenaýatyň döremeginiň içki güýji bolup durýar. Şeýle ýagdaýlarda adamyň aňy daralýar we öz hereketlerine (hereketsizligine) ýolbaşçylyk etmek mümkinçiligi çäklenýär, ýöne adamyň tebigatyna mahsus güýçli gazaplanma akylyň ýarawsyz näsazlygy bolup durmaýar we şonuň üçin hem akyly düzüw dälligiň ölçegi bolup hyzmat etmeýär.

Dünýä ýüzündäki psihiki ýarawsyzlygyň köp bölegi kesgitli aňa eýelik etmek ätiýaçlygyndan belli ugur alýandyr. Akyly ýerinde däl diýmeklik üçin psihiki näsagda jemgyýete howply hereketleri (hereketsizlikleri) amala aşyrmaga ukybynyň barlygyny anyklamalydyr. Şunlukda psihiki näsagyň jemgyýete howply hereketleriniň esasy taraplaryny däl-de, eýsem, durmuş manylylygyny aňlamakylygy hem hökmanydyr.

Subýektiň akyly düzüw däl diýip bilmek üçin onuň psihiki näsaglygyny ýokarda agzalan toparlaryň haýsam bolsa birine degişli etmekligiň aýratyn ähmiýeti ýökarydyr. Psihiki ýagdaýy näsagyň öz hereketleriniň (hereketsizlikleriň) jemgyýetçilik howpuna we häsiýetine akyl ýetirmeýän derejä ýeteninde şeýle netijä gelmeklik zerurdyr. Şu netijä gelmekligiň ýuridiki ähmiýeti uludyr. Şol sebäpli hem bu ölçege ýuridiki ölçeg diýilýär.

Şahsyýetiň, akyly ýerinde däl diýip bilmek üçin onuň şol jemgyýetçilik howply etmişi eden mahalynda öz hereketlerine (hereketsizligine) akyl ýetirişini anyklamaly. Onda bu etmişiniň diňe bir hakyky tarapyna däl-de, onuň durmuş ähmiýetine we jemgyýetçilik howpuna-da akyl ýetirişini bilmeli. Şahsyýetiň akyly düzüwligi (akyly ýerinde dälligi) hakyndaky mesele

elmydama belli bir edilen etmişe degişlilikde çözülýär. Hiç bir adam etmişsiz akyly ýerinde däl diýip ykrar edilip bilinmez:

Sebäbi, birinjiden, hroniki psihiki näsaglygyň dowamlylygynda näsagyň yagdaýynyň gowulaşmagy hem mümkin (remissiýa).

Ikinjiden, käbir psihiki näsaglykda (mysal üçin: oligofreniýa) näsaglar käbir hereketleriniň (hereketsizlikleriň) jengyýetçilik howpuna we hakyky ýagdaýyna akyl ýetirip bilýärler (saglyga şikes ýetirmek, ogurlyk). Başga hereketlerine bolsa, ýagny, has çylşyrymly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny gurşap alýan (durmuş, milli ýa-da dini duşmançylygy döretmei) hereketleriniň kanuna garşydygyna düşünip bilmeýärler.

Ýuridiki ölçeg – öz içine intellektual pursatyny we erkli pursatyny öz içine alýan, şahsyýetde öz hereketleriniň (hereketsizlikleriň) hakyky tarapyny we jemgyýetçilik howpuny düşünmäge ukypsyzlygyny jemlenýär. Intellektual pursatyň mazmuny şahsyýetiň öz edýän hereketleriniň jemgyýetçilik howplulygyna düşünmeýänligine şaýatlyk edýär. Kada bolşy ýaly, intellektiň bozulmagy erkiň bozulmagyna – şahsyýetiň öz hereketlerine (hereketsizliklerine) ýolbaşçylyk edip bilmezligine getirýär. Ýöne belli bir halatlarda şahsyýet öz edýän hereketleriniň (hereketsizlikleriň) häsiýetine düşünip, ýöne öz ýarawsyzlygy zerarly öz herekeltrine ýolbaşçylyk etmäge ukypsyz bolup bilýär. Şeýle ýagdaýlar neşe serişdelerini ýa-da spirtli içgileri ulanýan adamlarda bolup bilýär[1].

Şahsyýeti akyly düzüw däl diýip hasap etmek üçin hökmany suratda lukmançylyk ölçeginiň (iň bolmanda bir alamatyny) we ýuridik ölçeginiň (iki alamatyny hem ýa-da erkiň alamatyny) alamatlaryny kesgitlemelidir.[2] Kanunda belenen

---

[1] Курс уголовного права. М., 2009 , стр. 272

düzgüne laýýklykda, akyly düzüw däl diýip kesgitlenen adamlar öz hereketlerine (hereketsizliklerine) jogap berip bilmeýändigi sebäpli, jenaýatyň jenaýatyň subýekti bolup bilmezler we eden etmişleri üçin jenaýat jezasyna çekilip bilinmezler. Şeýle adamlara kazyýet tarapyndan mejbury lukmançylyk häsiýetli çareleri görlüp bilner.

Jemgyýetçilik howply etmişi şahsyýet eden mahalynda, onuň psihiki näsag bolan ýagdaýynda, şahsyýetiň akyly ýerinde dälligini bilseň bolýar. Şol sebäpli hem jenaýaty amala aşyranyndan soň, psihiki näsaglan şahsyýete akyly ýerinde däl diýen düşünjäni ulanmakylyk nädogrudyr. Jenaýaty amala aşyranyndan soň jezany bellemäge we ýerine ýetirmägi mümkinçilik bermeýän psihiki bozulma bilen keselläne, aýratyn düzgünli lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmakylyk mümkindir (TJK-niň 94-nji maddasy).

**“Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmagyň esaslary**[1]

(1) Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler kazyýet tarapyndan şu adamlara bellenilip bilner:

a) jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi akyly düzüw däl ýagdaýda amala aşyrana;

b) jenaýaty amala aşyranyndan soň jezany bellemäge ýa-da ýerine ýetirmägi mümkinçilik bermeýän psihiki taýdan bozulma bilen keselläne.

(2) Lukmançylyk häsiýetli çäreler arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýa-dan ejir çekýän, jenaýaty amala aşyran adamlar babatda olary bejermek we jezanyň maksadyna etmegi üçin ýardam edýän şertleri döretmek maksady bilen kazyýet tarapyndan jeza bilen bir hatarda bellenilip bilner.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi A., 1997, sah.46

(3) Lukmançylyk häsiýeti mejbury çäreleri ýerine ýetirmegiň tertibi Türkmenistanyň jenaýat -ýerine ýetiriş kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýär.

(4) Uly bolmadyk agyr jenaýaty amala aşyran, şu maddanyň birinji böleginde sanalyp geçilen adamlar, seýle hem özüniň psihiki ýagdaýy boýunça howp döretmeýän adamlar babatda kazyýet olary bejermek ýa-da psihiatriki edaralara ibermek baradaky meseleleri çözmek üçin psihiatriki kömek we ol berlende raýatlaryň hukuk kepillikleri hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde zerur bolan materiallary saglygy goraýyş edaralarynda berip biler”.

## § 4.Akyly ýerinde dälligiň görnüşleri. Hroniki psihiki (psihiki)üýtgemeklik.Wagtlaýyn psihiki (psihiki) üýtgemeklik. Kemakyllyk. Psihikanyň (ruhunyň) beýleki keselli ýagdaýy

Adamyň hemme psihiki ýarawsyzlyk ýagdaýlaryny adamy akyly düzüw däl diýip kabul etmäge ýol berenok. Diňe adamyň öz etmişine dogry baha bermäge päsgel berýän psihiki ýarawsyzlygy akyly düzüw dällik diýip hasap edilýar. Şeýlelikde, lukmançylyk ölçeg hökmany ýuridiki ölçegi bilen gabat bolmaly.

Lukmançylyk ölçegi psihiatriýa biliminiň düşünjesine esaslanýar. Lukmançylyk ölçegi ýarawsyz psihikanyň näsaglygyny kanuna laýyklykda dört alamatyny anyklaýar:

1. **Hroniki psihiki näsaglygy (hemişelik psihiki bozulmalar).**
2. **Wagtlaýyn psihikanyň näsaglygy (wagtlaýyn psihiki bozulmalar).**
3. **Kemakyllyk (huşsuzlyk).**

### 4. Psihikanyň ýarawsyzlygynyň başga hili ýagdaýlary (akyly näsaglygyň beýleki görnüşleri).

**Hroniki psihikanyň näsaglygy** – ösmäge ukyply bolan we yzygiderli häsiýeti bolan kyn bejerilýän ýa-da düýbünden bejerilmeýän psihiki näsaglygyň netijesi bolup durýar. Şeýle ýarawsyzlyga psihiatriýa şu aşakdakylary girizýär: şizefriniýa, paranoýa, beýniniň sifilisi netijesinde ösýän paraliç, ösýän garrylyk kemakyllygy we başgalar. Kazyýet-psihatriýa tejribesiniň görkezişi ýaly, hroniki psihiki üýtgeme- akyly düzüw dälligiň lukmançylyk ölçegi bolup durýar. Bulara ilkinji nobatda şizofreniýa degişlidir. Hemişelik psihiki bozulma – bu dowamly häsiýeti göterýän, bejermekligi kyn bolan, arakesmesiz dowam edýän ýa-da tutgaý görnüşde bolan, ösüşe ymtylýan toparlaýyn keselleri öz içine alýar. Bu görnüşe şizofreniýa, epilepsiýa (garaguş keseli), ösýän paraliç (ysmazlyk), durgunly was-was keseli, merkezi nerw ulgamlarynyň käbir organiki keselleri we başga psihiki näsaglyklar degişlidir. Bulardan iň giňden ýaýran gönüşi bolsa şizofreniýadyr.

**Wagtlaýyn psihiki näsaglyk** – gutulmak bilen gutarýan, basym geçýän uzak wagta çekmeýän adamyň psihiki näsaglygy bolup durýar. Muňa aşakdakylaryň ählisi girýär: Alkogol psihozy, belaýa goryaçka, potologik serhoşlyk, patologik özünden gitme we ş.m. Wagtlaýyn psihiki näsaglyk – kazyýet-psihatriýa tejribesinde hroniki psihikanyň üýtgemegine garanyňda seýrek duş gelýär. Wagtlaýyn psihiki bozulma – bu tiz kämilleşýän, uzak wagtlap dowam etmeýän we doly sagalmak bilen gutarýan psihiki keseller degişlidir. Bu ýiti dälilik, umumy ýokanç kesel, mysal üçin, garahassalyk, reaktiw ýagdaý (agyr psihiki tolgunmalaryň netijesinde wagtlayn tukatlanmany getirýär, patalogik serhoş, aňyň sussypeslik ýagdaýy, patalogik ukylyk ýagdaýy, patalogik gazaplanma we

başgalar). Kazyýet psihiatriýa tejribesinde wagtlaýyn psihiki bozulma hemişelik psihiki bozulma garanyňda seýrek gabat gelýär, kadadan çykma ýagdaýy has-da az duş gelýär.

**Kemakyllyk (huşsuzlyk)** – adamyň intellektyniň zaýalanmagy we şahsyýetiň gutulgysyz üýtgemegi bilen bagly öz içine psihikanyň dürli kemçiligini alýan psihiki ýagdaýdyr. Kemakyllyk akylyň ukybynyň dürli yzagalakylygyndan durýar. Ol dogabitdi ýa-da ömrüniň birinji ýylynda newrologik keselleri bilen kesellemegiň netijesinde gazanylyp, hemişeleik häsiýete eýe bolup bilýar.

Kemakyllygyň üç görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. **Dibillyk (ýeňil dereje);**
2. **Imbesillyk (ortaça dereje);**
3. **Idiotiýatizm (ýokary dereje).**[1]

**Huşsuzlyk** – bu psihiki kesellilik ýagdaýy doly däl akyl bilen häsiyetlendirilýär. Özbaşdak kazyýet psihiatriýasynda doga bitdi huşsuzlyk (oligafreniýa) düşünje bar. Akylyň pese gaýtmagynyň derejesi dogabitdi huşsyzlygyň (oligofreniýanyň) üç görnüsi bilen aýratynlandyrylýar: ýeňil debillik, ortaça umbesillik we agyr huşsuzlyk. Huşsuzlyk – pessaýlyk ýa-da kadaly işjeň pikiriň doly aşak gaçmagy bilen häsiýtlendirilýär we psihiki keselligiň aýratyn düzgüni boýunça bahalandyrylýar.

Psihikanyň başga ýarawsyz ýagdaýlary psihiki ýarawsyzlygy, kemakyllygy döretmeýän, ýöne wagtal-wagtal psihikanyň bozulmagy bilen häsiýetlendirýän psihiki näsaglyk bolup durýar. Mysal üçin, güýçli golüsinasiýalar bilen döreýän samramak ýagdaýy, infeksiýa bilen dörän beýniň öşmegi zerarly, neşekeşlik, serhoşlyk zerarly, ýüze çykýan psihiki

[1] Курс уголовного права. Авторский коллектив. М., 2009 г, стр. 273-275

näsazlyklar. Akyly näsaglygyň beýleki görnüşleri – bu psihiki bozulma ýokardaky üç görnüşiň alamatlary bilen gabatlaşmaýar. Bu görnüşe ýokardakylara görä has agyr görnüşleri, ýagny, lallygyň psihiki nädogrylylygy kelle beýni şikesi we başgalar. Psihiki bozulmanyň bu görnüşi özbaşdak many çykaryp bilmeýän akyly ýerinde däl şahsyýetleri öz içine gurşap alýar. Bu psihiki näsaglygyň şertlerine laýyklykda özüniň jemgyýete edýän howply hereketlerine ýa-da hereketsizligine aň ýetirmägi, ýolbaşçylyk etmäge hakykatdanam mümkinçiligi bolmaly däldir, şonuň üçinem munuň ýuridiki alamatlary bardyr.[1]

**Şizofreniýa** – bu iň köp ýaýran psihiki näsaglyk keselidir. Psihiatrik keselhanalarda hasaplanyp görülende şizofreniýa-dan ejir çekýän kesel adamlaryň ýaryna golaýy düşýär. Köpçülige, ýagny jemgyýete howp salýan işleri amala-aşyrýan akyly ýerinde dälleriň aglabasy (50 göterimdenem köpüsi) şizofreniýa-dan ejir çekýänlerdir. Keseliň bu görnüşi barada entägem köp zatlar anyklanylmalydyr. Şizofreniya – bu güýçlenýän (ösýäk)psihiki kesel bolup, ol ýeňil görnüşinden agyr görnüşe çenli ösýän psihopatalogik alamatlaryda ýüze çykýar. Şol bir wagtyň özünde kesel adamyň ýady, akyly, başarjaňlygy we alan bilimi köp wagtlap üýtgemän galyp bilýär, muňa garamazdan, ol adamyň işjeňligi peselip başlaýar. Şizofreniýa – bu duýgurlygyň bozulmagy häsiýetlidir. Ol duýgylaryň gowşamagy, ýakyn adamlar bilen gatnaşygynyň peselmegi, öz işlerine bolan höwesiniň gaçmagy ýaly häsiýetlerde ýüze çykyp başlaýar. Şizofreniýanyň esasy alamatlary göze görünme (gallusinasiýa) we samramadyr. Şizofreniýa – bu aslynda kämilleşýän agyr kesel bolup, onuň başlangyjy, geçişi we ahyrky basgançagy bar. Käbir

[1] Курс уголовного права. Авторский коллектив. М., 2009 г, стр. 390

ýagdaýlarda bu keseli başlangyç basgançagynda bejerip, ýagny näsagy sagaldyp bolýar. Çagalykda we ýetginjeklikde döreýän şizofreniýa, onuň paranoýal görnüşinyň ýokdugy bilen häsiýetlendirilýär. Şizofreniýa hem şu aşakdaky görnüşleri öz içine alýar :

1. **Şizofreniýanyň paranoid görnüşi** – bu Fransuz psihiatry Manýak tarapyndan suratlandyrylandyr, kazyýet psihiatrik ekspert tejribesinde has köp gabat gelýär. Gallusinasiýa bar bolan ýagdaýlarda oňa gallusinasiýa paranoid ýa-da gallusinasiýa göze görünmesi hem diýilýär.

2. **Şizofreniýanyň katatonik görnüşi** – bu ilkinji bolup Nemes psihiatry Kalbaýym tarapyndan suratlandyrylan, düzgüne laýyklykda güýçli hereket gozgawy, aňyň bulaşmagy bilen bilelikde birden döreýär we katatonik tutgaý görnüşine geçýär. Bu görnüş hereketsizlik, bir ýagdaýda uzak wagtlap doňup galmakylyk, ýüzüň maska görnüşi, gürleşmekden ýüz döndermesi we iýmitlenmekden ýüz döndermeklik alamatlary bilen ýüze çykýar. Gozgawyň ýok wagtynda hem katatonik tutgaýyndan kesel başlap biler, keseliň bu görnüşi bilen näsaglanlar hemişe üstleri bilen kellelerini ýyly ýörganlar bilen dolanyp, bükülip ýatýarlar ýa-da şol bir ýagdaýda gürlemän, hereket etmän dik durýarlar, ýa-da oturýarlar. Alymlaryň bellemeklerine görä, näsagyň katatonik tutgaýly ýagdaýynda näçe wagtlap bolandygyna garamazdan, ol näsag wagtynda özünde we daş töwereginde bolup geçýän hereketleri aňşyrmaga ukyplydyr.

3. **Şizofreniýanyň gebefreniki görnüşi** – bu görnüş ilkinji bolup Nemes psihiatry Gakkel tarapyndan suratlandyrylan, esasanam şizofreniýanyň bu görnüşi ösüp barýan ýaşlarda ýüze çykýar,şonuň üçin hem bu çörnüşe ýetginjeklik diýlip at berilýär, bu kesel ýaramaz dowamatlylyk bilen kem-kemden ösýär, bu kesellän näsaglanlar hemişe

hereketde bolýarlar we birden duýdansyz bolgusyz hokgalary amala-aşyrýarlar, bular hemişe aladasyz, mylaýym görünýärler we özlerini gaty ynjyk alyp barýarlar.

4. **Şizofreniýanyň geboid görnüşi** – bu kesel köpýyllyk keselleriň biri bolup durýar we ol adamyň aňyny gaty köp ýyllap üýtgedip ony erbet ýollara iterýär, adamy zorluk bilen jyns gatnaşygyna sezewar edýär ýa-da ýeke galmagyna getirýär, şol sanda bular ýaly kesel bilen näsaglan adam psihiki taýdan ozine erk edip bilmeýär, ol öýden özbaşyna çykyp gidýär, köçelerde gedaý gezmekligi, ogurlyk etmekligi küýsedýän, adamyň janyna kast etmek ýaly häsiýetleri öz içine alýar.

5. **Şizofreniýanyň ýönekeý görnüşi** - bu Fransuz psihiatry Morel tarapyndan suratlandyrylan, edil beýleki görnüşler ýaly ýuwaş-ýuwaşdan haýal kämilleşip, adamyň öz işine bolan höwesiniň kem-kemden kütelşmegine, artizmiň ösmegine, gowşakylyga, psihiki boşluga we biparhlyga getirýär, köphalatlarda emosional kütekligi ýüze çykýar. Köplenç olarda şizofreniýanyň gebefrenik we katatonik görnüsleri duş gelýär, ýene-de bir zady bellemek gerek, ol hem şizofreniýanyň bu görnüşinden kesellän näsaglarda gorkudan döreýänligidir.

6. **Şizofreniýanyň üznüksiz görnüşi** – bu görnüş agyrlygy we geçişi boýunça üç topara bölünýär, olar; has erbet, ortaça we haýal geçýän görnüşlerdir. Şizofreniýanyň bu görnüşinden kesellän näsaglaryň esasy aýratynlygy hem olaryň keseliniň ösüşe psihapatop gornüşinden kem-kemden psihotik görnüşine geçmegidir.

7. **Şizofreniýanyň paranoýal görnüşi** – bu üznüksiz şizofreniýanyň birden döreýän görnüşi, oňa gipomonnikallyk we keýpiň supdepressiw çalşygy, adamyň özüni alyp barşynyň ýuwaş-ýuwaşdan üýtgemegi, onuň samsyklyga geçmegi we soňundan psihiki bozulmalar häsiýetlidir.

8. **Şizofreniýanyň wagtal-wagtal bolýan görnüşi (rekurrent) -** bu wagtal-wagtal ýiti bolýan görnüşde geçýär. Bu kesel bilen kesellän näsaglaryň aglabasy zenanlardyr. Olarda şizofreniýa tutgulary aýlap-ýyllap dowam edip bilýär. Ol affektiw bozulmalar: göze görünme, samrama görnüşli we oneyroit katatoniýa görnüşli ýiti döwürlere bölünýär. Eger-de tutgy affektiw bozulma bilen çäklenen bolsa, onda oňa sirkulýator şizofreniýasy hem diýilýär, onuň depressiw bozulmalara, depressiw samrama we ýiti samrama geçýän görnüsine – depressiw paranoid diýlip aýdylýar, oneyroit bilen beýni işleýşiniň togtamagynyň kämilleşmegine oneýroit katatoniýa görnüşi diýilýär.

Şizofreniýa-dan ejir çekýänleriň käbiri öz janlaryna hem kast edýärler. Bular ýaly ýagdaýlar köplenç keseliň başlangyç tapgyrynda köp gabat gelýär. Keseliň soňky tapgyrynda, ejir çekýän adamlar öz ykbalyna biparh garap başlaýarlar, şol sebäpden hem olarda janyna kast etmeklik seýrek duýar. Şu sebäplerden hem şizofreniýa-dan ejir çekýänler jenaýatçylykly hereketleri amala aşyranda olara “akyly ýerinde däller” diýilýär. Soňky ýyllarda psihiki taýdan sagdyn adamlar hem derňew ýa-da kazyýet seljeriş mahalynda şizofreniýa-dan ejir çekýänsiräp jenaýat jogapkärçiliginden boýun gaçyrjak bolýanlara hem duşmak mümkin.

**Uly sandyrawyk tutgaýy** – bu tutgaýyň boljagyny öňünden, ýarawsyzlyk duýgusyndan, keýpsizlikden, ýüregiň kadasyz urmagyndan, kelle agyrylardan bilip bolýar. Garaguş keselli adamlar özlerinde tutgaýyň haçan başlajakdygyny, ýokarda sanalyp geçilenlerden aňýarlar.Tutgy adamyň nirdedigine garamazdan, hiç-hili bahanasyz hem başlanyp bilýär. Bu tutgy görnüşleri käbir adamlarda omründe bir gezek bolýar,käbirlerinde bolsa günüň dowamynda birnäçe gezek hem

bolup bilýär. Epileptiki tutgaýyň kadasyz görnüşleri, ýagny kiçi tutgaýlar, absans, psihiki deň derejelik we epileptiki dawaçylyk ýaly görnüşleri hem bardyr.

**Kiçi sandyrawyk tutgaýy** – bu epileptiki taýdan döreýän tutgaý, onuň aýratynlygy ; ol tutgaý mahalynda adam özüniň akylyny sähel pursatlyk ýitirýär, ýöne şonuň bilen birlikde ol öňki ýagdaýynda galyp, deňagramlygyny saklaýar. Käwagtlar bolsa bu tutgaý adamyň az salymlyk näbelli tarapa çykyp gitmegi we gürlemekden kesilmegi, bir ýagdaýda doňup bir nokada seredip galmagy ýaly hadysalar bilen häsiýetlendirilýär.

**Epilepsiýa (garaguş keseli) -** bu kesel gadym döwürlerden bäri ylymda dürli-dürli atlar bilen bellidir (gaçýan kesel ýa-da gara kesel). Köp halatlarda bu kesel bilen 15 ýaşa çenli çagalar keselleýärler. Onuň esasy alamatlary wagtal-wagtal döreýän epileptiki tutgylardyr. Bu keseliň tutgylary az wagtlyk bolup, ol şertleýin tutgudan öňki ýagdaýa, sandyrawyk tutgy ýagdaýa we tutgudan soňky ýagdaýa (uky) bölünýärler. Garaguş keseliň agyr geçýän görnüşinde ol adamyň üýtgemegine we kemakyllygyna getirýär. Bu keseliň döremegine dogabitdi şikes, kesellä ýetirilen şikes, infeksion kesel hem-de dürli intoksikasiýalar sebäp bolup durýar. Esasy orunda bolsa nesil boýunça geçýän sebäbi goýmak bolar. Garaguş keseli – bu hemişelik (хронический) keseldir, ýöne onuň agyrlygy we çuňlugy her adamda dürli-dürludir, şonuň üçinem jenatçylykly hereketleri amala-aşyran garaguş keselli şahsyýetleriň hemmesiniň akyly ýerinde däl diýlip hasaplanmaýar. Ýönekeý ýagdaýdaky heniz akyly üýtgemedik adam jenaýatçylykly işleri eden bolsa onda onuň akyly ýerinde diýlip hasaplanylýar, sebäbi ol adam öz edýän hereketlerine, köpçülige ýetirýän zyýanyna doly hem dürs düşünýär.Tutgaý mahalynda jemgyýete howply hereketleri ýagny jenaýatlary amala-aşyran adamy akyly ýerinde däl diýlip hasaplanylýar,

olar ýokarda bellenen hereketleri amala aşyrýan wagtlarynda töweregindäkilere köp mukdarda zyýan ýetirip bilýärler. Olar ýaly garaguş keselli adamlar köplenç jenaýatçylykly hereketleri amala-aşyran ýerlerinde uklap galyp,soňundah hem özleriniň name iş edendiklerine akyl ýetirip ýadyna salyp bilmeýärler. Şeýlelik, bilen biz garaguş keseliniň kazyýet psihiýatriýa tejribesinde has köp gabat gelýän görnüşleriniň üstünde durup geçdik. Bu psihiki bozulma köplenç ýaşlarda bolup, ol uzak wagtlaýyn dowam edip, tutgaý görnüşinde bolýandygy bilen tapawutlanýar. Onuň diagnostikasy ekspert bahasy garaguş keseliniň başky basganjaklarynda, ýagny heniz adamyň akyly üýtgäp, garaguş ysgynsyzlygy döremänkä has kyn bolýar.[1]

## § 4. Jenaýatyň ýörite subýekti barada düşünje. Jenaýatyň ýörite subýektiniň alamatlary.Umumy we ýörite subýektiň tapawudy

Hemmämize mälim bolşy ýaly, jenaýatyň subýekti umumy we ýörite bolup biler. Jenaýatyň umumy subýekti bu ýokarda belleýşimiz ýaly, kanunda bellenen ýaşa ýeten, akyly düzüw fiziki şahsyýetdyr.

Jenaýatyň ýörite subýekti – bu umumy alamatlarydan daşary TJK-niň aýratyn bölüminiň maddasynyň dispozisiýasynda görkezilen ýörite alamatlarya eýe bolan tarap bolup, onda jenaýatçynyň amala aşyran etmişiniň maddalaşdyrylmagyny kesgitleýär we jenaýatçynyň aýratyn gurluşyny beýan edýär.

Ýörite subýektiň alamatlary – bu goşmaça alamatlary bolup, maddalaryň dispozisiýalarynda ýörite subýektiň alamatlarynyň görkezilmegi ähli fiziki, akyly düzüw, kanunda bellenen ýaş

1. Судебная психиатрия. М., 2003, стр. 200-211

görkezilen tarapyň jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilermeginiň alamatlary. Olar diňe öz häsiýetleri ýa-da eýeleýän wezipesiniň häsiyeti boýunça jenaýaty ýerine ýetiren tarapyň jenaýat jogapkärçiligine çekilýändigini aňladýarlar. Beýle kadalar ýörite subýektli düzümleri düzýarler, jenaýat jogapkärçiligini çekip biljek adamlaryň sany subýektiň kesgitli aýratyn alamatlaryny görkezmek ýoly bilen şertlendirilýär.

**Çyzgy № 34. Jenaýatyň subýektiniň görnüşleri**




Ýörite subýektiň alamatlary öz mazmuny boýunça dürli-dürlüdirler. Ýörite subýektiň alamatlary jenaýatçynyň şahsyýetiniň dürli häsiýetlerine degişli bolup bilýär. Mysal üçin gulluk ýa-da iş boýunça eýeleýän wezipelerine, hünärine jenaýaty amala aşyrmak bilen bagly bolan zyýanly häsiýetine, harby borçlulygyna, maşgala ýagdaýyna we s.m degişli bolup bilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 179-njy maddasynda **“Döwlet syrynyň aýan edilmegi”** bilen bagly jenaýat barada aýdylýar. Bu jenaýatyň subýekti umumy subýektiň alamatlaryndan başga goşmaça alamatlary bilen tapawutlanýar. Ýagny ol döwlet syryna ygtyýary bolan adam bolmaly.

“**179 madda. Döwlet syrynyň aýan edilmegi**

(1) Döwlet syryna ygtyýary bolan adam tarapyndan döwlet syryny düzýän maglumatlar aýan edilse, eger bu etmişde döwlete dönüklik etmegiň alamatlary bolman, döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirilse,

üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş, eger agyr netijelere getirse,

üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”[1].

Jenaýat kodeksiniň Umumy bölümi ýörite subýekte kesgitli düşünjeleri bermeýär. Ýörite subýekti häsiýetlendirmeler Jenaýat kodeksiniň aýratyn bölüminiň kadalarynyň dispozisiýalarynda görkezilýär. Belli bir halatlarda, ýörite subýektler bilen bagly aýratyn bölekleriň madsdalarynyň dispozisiýalary kadalaryň bütin düzümini döretmek bilen tapawutlandyrylýar. Mysal üçin, **Döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň hereket etmeginiň tertibine garşy jenaýatlar** bölüminiň düzümindäki jenaýatlar döwlet gullugynyň bähbitlerine garşy bolup durýarlar.

Käbir halatlarda ýörite subýektiň alamatlary jenaýat kanunynyň aýratyn bölüminiň kesgitli kadalarynda görkezilmeýär, ýöne olary gramatiki, logiki, ulgamlaýyn düşündirişleriň usuly bilen jenaýatlaryň amala aşyrylyş ususlyny, jenaýatyň amala aşyrylan ýerini bilip we jenaýatyň amala aşyrylyşynyň obýektiw tarapyny anyklap bu jenaýaty kim tarapyndan amala aşyrylmalydygyny takyklap bolýar. Mysal

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.76

üçin, **“Kesselli adama kömek bermezlik”** (TJK-niň 121-njy maddasy) zerarly jogapkärçiligi kesgitleýän kada.

**“ Keselli adama kömek bermezlik**

(1) Keselli adama kanuna ýa-da ýörite kada laýyklykda kömek bermäge borçly adam tarapyndan oňa esassyz sebäp bilen kömek berilmezligi onuň saglygyna orta agyrlykda şikes ýetirse,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimisinden ellisine çenli möçberde jerime salynýar ýa-da üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän, iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş, eger seresapsyzlyk boýunça kesselliniň ölmegine ýa-da onuň saglygyna agyr şikes ýetirse,

üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän, iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”[1].

Bu maddanyň dispozisiýasynda subýektiň ady göni aýdylmaýar, ýöne onuň hakyky alamatlary bolup jenaýat eden şahsyýetiň kanun boýunça ýarawsyz adama kömek etmäge borjunyň bardygy alamatlandyrylýar.

Belli bir kadalarda kanun çykaryjy jenaýatyň subýektini kesgitlände diňe kesgitli döwlet ulgamynyň işçileriniň häsiýetnamasyny ulanýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 34-nji babynda görkezilen harby jenaýatlar, bu kadalarda diňe harby borçly adamlar barada gürrüň edilýär.

Ýörite subýekte degişli bolan alamatlary aşakdaky ýaly maddalaşdyrylyp bilner:

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.58

1. Döwlet hukuk ýagdaýy boýunça, mysal üçin, **“Döwlete dönüklik etmegiň**” (TJK-niň 171-nji maddasy) subýekti diňe Türkmenistanyň raýaty bolup biler; **“Içialylygyň”** subýekti (TJK-niň 172-nji maddasy) - daşary ýurtly raçatlary ýa-da raýatlygy ýök adamlary bolup biler.
2. Demografik alamatlary boýunça, mysal üçin jynsy boýunça “**Zorlamak”** bilen bagly jenaýat etmekde gös-göni ýerine ýetiriji (TJK-niň 134-nji maddasy) diňe erkek adam bolup biler. Ýa-da, ýaşy boýunça, “**Jenaýaty amala aşyrmakda 18 ýaşa ýetmedigi jenaýat etmäge çekmegiň"** subýekti (TJK-niň 155-maddasy) diňe kämillik ýaşyna ýeten adam bolup biler.
3. Maşgala – garyndaşlyk gatnaşygy boýunça, mysal üçin **Ata-eneler we olaryň ýerini tutýan adamlar ýa-da çagalar** (TJK-niň 159-160-njy maddalary).
4. Wezipe ýagdaýlary boýunça, wezipedäki adamlar, mysal üçin (TJK-niň 219-nji maddasy).
5. Ýörite döwlet ulgamynda işleýän wezipedäki adamlaryň ýagdaýy boýunça, mysal üçin, doznawatel, sülçi, prokuror, kazy, polisiýa işgäri (TJK-niň 219-nji maddasy).
6. Gulluk borjuna gatnaşygy boýunça, mysal üçin, **“Harby gullugy geçmekden boýun towlaýan”** jenaýatyň subýekti diňe kanuny tertipde harby gulluga çagyrylýan adam bolup biler (TJK-niň 219-nji maddasy).
7. Professional borjy boýunça, mysal **üçin Lukman, beýleki lukmançylyk ýa-da farmasewtik işgärler** (TJK-niň 307-308-nji maddalary).
8. Eýeleýän wezipesi boýunça, mysal üçin, howa gämileriniň kapitany we ş.m.
9. Ýerine ýetirýän işiniň häsiýeti boýunça, mysal üçin, döwlet syrynyň maglumatyny düzmekde gullukda ýa-da

işde ynanylan tarap, saýlaw toparsynyň agzasy, ilata hyzmat edýän ýa-da harytlary ýerleşdirýän söwda we beýleki guramalaryň işgärleri.

10. Döwlete gatnaşygynda raýatlaryň borjunyň häsiýeti boýunça, mysal üçin, şaýat, jebir çeken, ekspert, terjimeçi.
11. Jenaýat amala aşyrmak bilen baglanşykly adamyň aýratyn ýagdaýy boýunça, mysal üçin, azatlykdan mahrum ediliş möhletini geçirip gelen adam, öň kazyýet edilen adam, agyr jenaýatlar üçin kazyýet işine çekilen, gorag astynda saklanýanlar.
12. Jebir çekene gatnaşýan tarapyň aýratyn ýagdaýy boýunça, mysal üçin, **“Enesi tarapyndan täze doglan çaganyň öldürilmegi” (**TJK-niň 104-nji maddasy).
13. Beýleki ýagdaýlar boýunça, mysal üçin, sürüji ýa-da ulag serişdesini dolandyrýan tarap.

Hereket edýän Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygyna laýyklykda ýörite subýektini kesgitleýän alamatlary boýunça olary aýratyň uly üç bölüme bölmek zerurdyr:

1. **Subýektiň hukuk ýagdaýy we durmuşdaky orny boýunça.**
2. **Subýektiň fiziki aýratynlygy boýunça.**
3. **Subýektiň jebir çeken bilen gatnaşygy boýunça.**

Bu bölümleriň içinde iň ulysy birinji bölümdir, munuň düzümine şu aşakdaky bölümçeler girýär:

- Subýektleryň raýatlygy boýunça (Türkmenistanyň raýaty, daşary döwletiň raýaty ýa-da raýatlygy ýok adamlar).
- Şahsyýetiň wezipe ýagdaýy boýunça (kärhananyň ýa-da guramanyň ýolbaşçylary, häkimiýetiň wekili, hukuk goraýjy edaralaryň işgäri, kazy, prokuror we ş. m.).

- Şahsyýetiň käri we ýerine ýetirýän işiniň häsiýeti boýunça (lukman, mugallym, ulag serişdesini dolandyryjy, özbaşdak auditor, gäminiň kapitany we ş.m.).
- Şahsyýetiň harby gullugana degişliligi (harby gullukçylar we gulluga çagyrylanlar).
- Şahsyýetiň kazyýet prosesiniň gatnaşyjysy hökmünde (şaýat, ekspert, jebir çeken, terjimeçi).
- Şahsyýete iş kesiledigi sebäpli (öň edil şonuň ýaly jenaýat edendigi üçin jogapkärçiligi çekilen, ogurlyk üçin ozal birnäçe gezek iş kesilen we ş.m.).

Ikinji bölüme şu aşakdakylar degişlidir:

- Subýektiň ýaşy boýunça (kämmillik ukybyna eýemi ýa-da ýök).
- Şahsyýetiň jynsy boýunça (erkek ýa-da aýal).
- Şahsyýetiň saglyk ýagdaýy boýunça (jynsy keselliler we ş.m.).
- Şahsyýetiň zähmete ukyplylygy boýunça (Zähmete ukyply şahsyýetmy ýa-da ýök).

Üçinji bölüme bolsa şular girýär:

- Subýektiň jebir çeken we başgalar bilen gatnaşygy boýunça (çagalar, ene-atalar we beýleki garyndaşlyk gatnaşyklary).
- Şahsyýetiň gulluk gatnaşyklary boýunça (ýolbaşçy ýa-da işgärler).
- Beýleki gatnaşyklara degişli adamlar.

Jenaýat hukugynyň nazaryýetinde ýörite subýektiň alamatlary jenaýatyň düzüminiň umumy düşünjesinde goşmaça alamatlar diýlip atandyrýar. Sebäbi olar jenaýatyň ähli takyk düzümi üçin hökmany bolup durmaýar. Jenaýatyň ýörite subýektiniň alamatlary köp

sanly düzümlerde görkezilse-de olar maddalaryň hemmesinde görkezilmedikdir. Şu alamatlaryň manysy dürli ýagdaýlarda ýüze çykýar:

1. Ýörite subýektiň alamatlary kanun tarapyndan jenaýatyň esasy düzümine goşulanda ýörite subýektiň alamatlary hökmany bolup durýar. Jenaýat kodeksiniň görkezilen takyk jenaýatyň ýörite subýektiň alamatlaryny özünde jemlemeýän şahsyýetleriň hemmesi jenaýat jogapkärçiligine Jenaýat kodeksiniň şol maddasyna laýyklykda çekilmelidir.
2. Subýektiň goşmaça alamatlary jenaýatyň esasy düzümine goşulman, Günäni agyrlaşdyrýan ýagdaýlary hökmünde jenaýatyň düzümine goşulyp bilnerler. Şeýle ýagdaýlarda olar jenaýaty maddalaşdyrmak üçin hökmany şert bolup durýarlar.
3. Goşmaça alamatlaryň möhümdigi ýörite subýektiň alamatlary kanunda düýbünden görkezilmedik ýagdaýynda, olar jenaýatçynyň şahsyýetiniň häsiýetine degişli bolup durýarlar we kazyýet tarapyndan jeza bellenende Günäni agyrlaşdyrýan ýagdaýlar hökmünde göz öňunde tutulyp bilnerler.

Şeýlelikde jenaýatyň subýektiniň goşmaça alamatynyň üç aňladyjy ýagdaýy bardyr:

1. Olar jenaýaty maddalaşdyrmak üçin hökmany bolup durýar we esasy düzümiň gurluşyna girýärler.
2. Olar düzümiň gurluşyna Günäni agyrlaşdyrýan ýagdaýlar bolup girýärler we agyrlaşdyryjy ýagdaýda amala aşyrylan jenaýaty maddalaşdyrmak üçin hökmany bolup durýarlar.
3. Olar jenaýatyň subýektiniň goşmaça alamaty hökmünde jenaýatyň düzümi üçin hökmany bolup durmaýarlar. Ol goşmaça bolup kazyýet tarapyndan jeza bellenende göz öňünde tutulyp bilnerler.

Jenaýatyň subýektiniň aýratyn alamatlary barada jenaýat kanunynda aýdylandygyna ýa-da aýdylmandygyna garamazdan, şol alamatlaryň barlygy jenaýatyň düzüminiň şu bölegi üçin hökmandyr.

Şonuň üçin ýörite subýektiniň alamatlarynyň aýratynlyklaryny şu görnüşde kesgitläp bolar:

1. Olar jenaýatyň düzüminiň aýratyn alamatlary bolup çykyş edip bilýärler, olarsyz jenaýatyň düzümi doly däldir.
2. Günäni agyrlaşdyrýan ýagdaýlarda jenaýatyň düzümini döredýän maddalaşdyryjy alamatlary bolup çykyş edip bilýärler.
3. Etmişiň maddalaşdyrylmagyna täsir etmezden, olar jezanyň agyrlaşdyrýan ya-da ýeňilleşdirýän ýagdaýlary hökmünde çykyş edip jezanyň indiwiduallaşdyrylmagyna ähmiýetli bolup durýarlar.

## § 5.Jenaýatyň subýekti we jenaýatçynyň şahsyýeti

“Jenaýatyň subýekti” we jenaýatçynyň şahsyýeti” diýen düşünje biri-biri bilen baglanyşykly.

Jenaýat-hukuk düşünje bolan jenaýatyň subýekti – fiziki, akyly düzüw kanunda görkezilen ýaşa ýeten tarap, umumy ylmy düşünjeler “adam” “raýat” we “şahsyýet” bilen berk baglanyşykly, olaryň üsti bilen kriminologik düşünje “jenaýatçynyň şahsyýeti” bilen baglanyşyklydyr.

Jenaýatçynyň şahsyýeti barada diňe oňa degişli, kanuny güýje giren aýyplawjy hökümi çykarylandan soň gürrüň edip bolar. Ýagny konstitusion we jenaýat-hukuk düşünjede ol jezany çekip çykýança, ýa-da iş kesilenlik aýyby we onuň bilen bagly ähli hukuk netijeleri aýrylýança jenaýatyň subýekti bolup durýar. Jenaýatyň şahsyýeti baradaky hukuk düşünjesi iş resilen jenaýatçyny göz öňünde tutýar. Jenaýat eden adamyň kazyýetiň

hökümüniň esasynda güňasi mälim bolan halatynda, ol jenaýatyň şahsyýeti hökmünde hasap edilýär.

Jenaýatçynyň şahsyýetine mahsus bolan howply özüni alyp barşyny döreden kriminogen demografiýa ýagdaýy, gyzyklanmasy, delilleri, hukuk psihologiýasy bilen tapawutlanýar.

### § 6. Serhoşlyk ýagdaýy we onuň jenaýat jogapkärçiligine bolan täsiri

Häzirki döwrüň şertlerinde pýançylyk oňşup bolmajak ýagdaýa eýe bolýar. Pýançylyk adamyň saglygyna zyýan ýetirýär, maşgalanyň dargamagyna getirýär, çaganyň terbiýelenişine erbet täsir edýär. Spirtli içgileriň täsiri astynda adamlar özleriniň jemgyýet we döwlet öňündäki jogapkärçilik duýgularyny ýitirýärler, jenaýatçylykly hereketlere we beýleki kanunçylygy bozmalara ýol berýärler. Pýançylyk zähmet düzgün-nyzam bozulmalaryna getirýär we döwlete zyýan berýär.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi kazyýet iş ýörelgeleriniň umumulaşdyrmasynyň netijesini ara alyp maslahatlaşyp, kazyýetleriň arakhorluga garşy kanunçylygy ýerine ýetirmekde anyk işleri alyp barýandyklaryny belläp geçýär.[1] Şonuň bilen birlikde spirtli içgileriň çendenaşa köp ulanylmagynyň netijesinde dörän işlere seredilende, düýpli kemçiliklere we kanun bozulmalaryna ýol berilýär. Öýde taýýarlanylýan güýçli spirtli içgileriň taýýarlanylmagy we saklanmagy hem-de olary öndürýän gurallaryň saklanmagy baradaky işlere seredilende, hemme

[1] Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndasy.A., 2007, sah.29

ýagdaýlarda olary öndürmegiň we saklamagyň maksatlary anyklanmaýar. Kanunyň talaplary bozulyp, hereketler yzygiderli bolman, bir gezek bolsa-da adamlaryň kämillik ýaşyna ýetmedikleri pýançylyga çekenligi üçin jogapkärçiligi çekilmegine ýol berilýär. Ulag serişdeleriniň içgili ýagdaýda ulanylmagy bilen baglanyşykly işler boýunça günäkärleriň hereketleriniň nädogry maddalaşdyrylmagyna ýol berýär, günäkäriň ulag serişdesini ulanmak hukugyndan mahrum edilendigi ýa-da onuň şeýle hukugunyň asla bolmandygy anyklanmaýar. Spirtli, neşe ýa-da seri dumanladyjy beýleki maddalary ulanmak netijesinde dörän serhoşlyk mahalynda jenaýat eden adam jenaýat jogapkärçiligine degişlidir. Serhoşlygyň sebäpleri, serhoşlygyň derejesi we jenaýat edilmegine onuň täsiri jeza bellenilende nazara alynýar.

Özüne jogap berip bilişini kesgitlemek bu güýçli serhoşluk ýagdaýynda özüne erk etmeklik ukyby bilen bagly. Kazyýet psihiatriýasynyň görkezmeleri serhoş (içgili) adamlarda gallyusinasiýa, delilsiz psihomotorgozgowlarynyň (немотивированного психомоторного возбуждения) bolmaýandygyny şaýatlyk edýär. Fiziki serhoşlylyk (içgililik) ýagdaýy nerw işjeňlik prosesiniň funksiýasyny we özüne erk edijiligi gowşadýar. Ýöne içgili adam daşky gurşawy bilen aragatnaşyk saklaýar we onuň hereketiniň delillik häsiýeti bar. Adaty yagdaýda fiziologik serhoşlylyk (içgililii)ýuwaş – ýuwaşdan täsir edýär, şahsyýet alkogol içginiň beýnisine täsir edýändigine kelle göçgünli ýagdaýa (odurmaniwaýet) getirýändigine akyl ýetirýär.

Şahsyýet spirtli içgilerini öz islegine görä ullanmakylygyny dowam etdirmegi, özüni güýçli serhoş (içgili) ýagdaýa getirýär. Ol bolsa onuň psihiki prosesine täsir etse-de, şahsyýetiň islegine garşy ýüze çykýan ýarawsyzlyk ýagdaýy bolup durmaýar. Diňe **p o t o l o g i k** serhoşlylyl

(içgililii)kadadan çykýar. Ýagny, ol hatda spirtli içgileri az möçberde ulanylmagynda-da birden ýüze çykýar. **P o t o l o g i k** serhoşlylyk (içgililii)ýarawsyzlyk ýagdaýy bolup çykyş edýär. Ol gysga wagtlaýyn psihiki bozulmalaryna degişli edilýär. Potologik içgililik adaty serhoşlylykdan düýpli derejesi boýunça tapawutlanýar. Potologik içgililik esasan iki formada ýüze çykýar: epileptoid we poronoid. Epileptoid görnüşinde potologik içgililik ýüze çykanda, şahsyýetde daşky ýagdaýy, şertleri ýoýup, üýtgedip ýagdaýy kabul ediýär we şonuň esasynda kanuna ters gelýän hereketleri etmeklige getirýär. Poronoid formada gallyusinasiýa, bolgusyz pikirleriň gelmegine getirýär. Potologik serhoşlylygyň poronoid görnüşindeky şahsyýet maksada okgunly we maksadalaýyk hereket edýär. Ýöne welin, onuň aňy bozulan, daşky barlygy ters kabul edýär, gorky duýgusy döreýär. Bu bolsa, onuň daşyny gurşaýanlary, ýagny, daş töweregindäki adamlary duşmany hasaplap, olardan goranjak we halas boljak bolup olaryň üstüne hüjüm etmek duýgusyny döredýär. Bu ýagdaýlarda serhoşlylygyň alamatlaryň bolmaýanlygy potologik serhoşlylygyň häsiýet alamaty bolup durýar. Potologik serhoşlylygyň ýagdaýy gysga wagtlaýyn häsiýetli bolup, ähli bolup geçen zatlary unudýan çuň uky bilen tamamlanýar. Psihiatriýa ylmyna görä, potologik serhoşlylygyň gaýtalanmak meýili ýok we ol şahsyýetiň durmşynda ýeke-täk waka bolup galýar. Belli bolşy ýaly, adam öldürmekligiň köp bölegi, şahsyýetlere garşy agyr zorlukly jenayatlaryň köpüsi, huligançylyklaryň köp böleginiň 90% serhoş ýagdaýynda amala aşyrylýar. Şonuň üçin serhoş ýagdaý jenaýat jogapkärçiligini aýyrmaýar we hatda ýeňilleşdirýän ýagdaý görnüşinde hem seredilmeýär.

**Pýançylygy adaty we patologiki** diýip tapawutlandyrýarlar:

**Patologiki pýançylyk** - bu seýrek duşýan gysga wagtly keselçilik, psihiki işjeňligiň üýtgemegi. Ol birnäçe faktorlaryň alkogol içgileri içýän adamlarda köp içgi netijesinde fiziki we psihiki agramçylygyň netijesinde psihiki gowşaklygyň baglanyşygydyr.

Patologiki pýançylykda akyl ýetiriş keselli üýtgeýär, işjeňlige akyl ýetirip bilmän özüniň hereketlerine ýolbaşçylyk edip bilmek ukybyny ýitirýär. Munda adam akyly ýerinde dällik ýagdaýynda hereket edýän hasaplanýar.

Adaty ýa-da ýönekeý pýançylykda psihikanyň käbir bozulmalary ýüze çyksa-da, olar gallýusinasiýa, samrama häsiýetlerine eýe bolmaýar, özleriniň amala aşyran hereketlerine ýolbaşçylyk etmek ukybyny ýitirmeýär**. "25 madda. Serhoşlyk ýagdaýynda jenaýat eden adamlaryň jenaýat jogapkärçiligi**[1]

(1) Alkogoly, neşe ýa-da seri dumanladyjy beýleki maddalary ulanmak netijesinde dörän serhoşlyk mahalynda jenaýat eden adam jenaýat jogapkärçiligine degişlidir.

(2) Serhoşlygyň sebäpleri, serhoşlygyň derejesi we jenaýat edilmegine onuň täsiri jeza bellenilende nazara alynýar".

TJK-niň 25-nji maddasynda kanun çykaryjyda bellenilişi ýaly, adaty, fiziologiki alkogolçylykda, neşe we ş.m. pýançylykda patologiki pýançylykdan tapawutlylykda daşky dünýä bilen kadalnyý psihiki baglanyşygyny ýitirmeýär. Beýle ýagdaýda lukmançylyk kriteriýasy ýagny adamda onuň akyl ýetiriş we erk ukybyny çäklendirýän psihiki keseliň bolmagy ýetmezçilik edýär. Beýle pýançylykda agressiw hereket hemişe akyl ýetirşiň erk bilen baglanyşygynda bolýar. Adam alkogol, narkotik we ş.m. öz islegi boýunça ulanmak bilen öňünden

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.12

olaryň organizme nähili täsir etjegini we özüni gelşiksiz düşünýär.

Köp derejede içmeklik özüni alyp barşynda hatda kada-kanuna garşy netijeleriň bolmak mümkinçiligini döredýär. Ýörite kanunda pýançylyk ýagdaýyndan jenaýatçylygy üçin jogapkärçiligin ýaýbaňlandyrylmagy zerur duýduryjy orny oýnaýar.

**Soraglar:**

1. Jenaýatyň subýekti barada düşünje we onuň alamatlary.
2. Jenaýatyň subýektiniň ýaş alamatlary.
3. Jenaýat jogapkärçiliginiň ýaşyny 16 ýaşdan çenli 14 ýaşa peseldilmeginiň hukuk esaslary.
4. Ýaş alamaty hem-de onuň jenaýat jogapkärçiligine bolan täsiri.
5. Akyly düzüwlik we akyly ýerinde dällik.
6. Akyly ýerinde dälligiň hukuk ähmiýeti.
7. Akyly ýerinde dälligiň lukmançylyk we hukuk kriteriýalary (ölçegleri).
8. Akyly ýerinde dälligiň görnüşleri
9. Jenaýatyň ýörite subýekti barada düşünje.
10. Jenaýatyň ýörite subýektiniň alamatlary.
11. Umumy we ýörite subýektiň tapawudy.
12. Jenaýatyň subýekti we jenaýatçynyň şahsyýeti.
13. Serhoşlyk ýagdaýy we onuň jenaýat jogapkärçiligine bolan täsiri.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008

3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. ,,Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008

# Bap XII. Jenaýatyň döwürleri

## § 1. Jenaýatyň döwürleri barada düşünje we onuň görnüşleri

Jenaýaty amala aşyrmak üçin jenaýatkär ilki bilen dürli şertleri taýarlaýar, gös-göni goralýan obýekte howp salýän hereketleri edýär we soňra jenaýatçylykly niýetini doly amala aşyrýar. Anyk amala aşyrylan hereketi üçin jenaýat jogapkärçiligi dogry bellemek üçin, olary özbaşdak döwürlere bölmek hökmanydyr. Nazaryýetde we kazyýet tejribesinde bilkastlaýyn jenaýatlary amala aşyrylmagynda üç döwür tapawutlandyrylýar: gutarylan jenaýat, gutarylmadyk jenaýat we jenaýatdan meýletin boýün gaçyrmak. Bilkastlaýyn jenaýatlaryň amala aşyrylmakda jenaýatçylykly niýeti amala aşyrmak üçin ugrukdyrylan dürli bilkastlaýyn hereketler üýze çykýar. Olar amala aşyrylan hereketiň häsiýeti (mazmuny), jenaýatçylykly niýetiň amala aşyrylyş derejesi we gutaryş pursaty bilen tapawutlandyrylýar.

Jenaýat kanuny jenaýatyň döwürleri boýunça ähli bilkastlaýyn edilen jenaýatlary gutarylan jenaýatlara (TJK-niň 12-nji maddasynyň 1-bölegi)[1] we gutarylmadyk jenaýatlara (TJK-niň 13-14-nji maddalary)[2] bölýärler. Gutarylmadyk jenaýaty öz gezeginde jenaýata taýýarlyk görmäge we jenaýatyň kastyna düşmäge diýen görnüşlere bölünýär. Eger adam tarapyndan edilen etmişde jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýat düzüminiň alamatlarynyň hemmesi bar bolsa, jenaýat gutaran diýlip hasap edilýär. Jenaýaty amala aşyrmak üçin şertleri döredýän ähli bilkastlaýyn hereketler jenaýata

[1]Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.9
[2] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.9

taýýarlyk hasaplanýar. Gös-göni jenaýat etmäge gönükdirilen bilkastlaýyn hereket ýa-da hereketsizlik, eger şunda jenaýat adama bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça ahyryna çenli ýetirilmese, jenaýat kastyna düşmek diýip hasap edilýär.

**Çyzgy № 35. Jenaýatyň döwürleri**




Jenaýatyň obýektiw tarapyň alamatlaryna baglylykda jenaýatçylykly hereketiniň döwürleri jenaýatlaryň hemmesinde ýök, ýagny, jenaýatyň obýektiw tarapyň esasy alamaty hereketsizlik bolýan düzüminde, deslapky jenaýatçylykly hereket mümkin däldir. Mysal üçin, Gorkuzyp almakda jenaýatyň kastyna düşmeklik bolmaýar, ýagny hereketiň özi gutarylan jenaýatyň düzümini döredýär. **TJK-niň 232-nji maddasy, Gorkuzyp almak**

(1) Jebir çekene ýa-da onuň ýakyn adamlaryna kesekiniň emlägini ýa-da emläge bolan ýa-da emläge degişli başga hili hereketleri etmek hukugynyň özüne berilmegini zorluk ulanmak ýa-da kesekiniň emlägini ýok etmek ýa-da zaýalamak howpy astynda, şonuň ýaly-da jebirçekeni ýa-da onuň ýakyn adamlaryny masgaralaýan maglumatlary ýaýratmak howpy astynda talap edene (gorkuzyp alana),

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, dört ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Amala aşyrylan şeýle hereket:

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

b) gaýtadan;

ç)zorluk ulanmak arkaly edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şeýle ýagdaýlarda gorkuzyp almagy amala aşyrana:

a) guramaçylykly topar tarapyndan ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan;

b) ejir çekeniň saglygyna agyr zyýan ýetirmek bilen edilen bolsa;

ç)uly möçberdäki emlägi almak maksady bilen edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Jenaýatyň döwürleri diýip Türkmenistanyň jenaýat kanunyna laýyklykda jenaýatçylykly maksadyny, pikirini we niýetini amala aşyrmakylyk döwrine aýdylýar. Jenaýatyň döwürleri diňe bilkastdan günä, göni niýet bilen amala aşyrylan jenaýatlarda bolup bilýär. Jenaýatyň niýetiň görnüşleri (kesgitlenen, kesgitlenmedik, anyklaşdyrylan ýa-da alternatiç)Jenaýatyň kastyna düşmek we jenaýata taýýarlyk görmek üçin jenaýat jogapkärçiliginiň bellenmegine, şeýle-de jenaýatyň maddalaşdyrylmagyna täsir edýär. Jenaýata taýýarlyk görmek we kast etmek bilkastlaýyn jenaýatyň amala aşyrylyş döwridir, jenaýaty amala aşyran adam özüniň hereketleriniň häsiýetine akyl ýetirýär, jemgyýetçilik howply

netijeleriň ýüze çykmak mümkinçiliklerini öňünden görýär we ol hereketiň amala aşyrylmagyny isleýär. Seresapsyzlykdan edilen jenaýatlarda gutarylmadyk jenaýatyň döwürleriniň ýüze çykmagy (taýýarlyk görmek we jenaýatyň kastyna düşmek) mümkin däl, ýagny erk pursatlary jenaýat netijesini gazanmaga ugrukdurulmadyk.

Jenaýata taýýarlyk görmek TJK-nyň 13-nji maddasyna laýýklykda jenaýatyň serişdelerini, gurallaryny gözläp tapmak, olary jenaýaty etmek üçin taýýarlamak ýa-da olaryň üstünden täzeden işlemek, jenaýat ediljek ýerlerini öwrenmek, jenaýat edäýjek adamlary tapmak we olar bilen dilleşmek hem-de beýleki ýagdaýlaryny amala aşyrmak bolup durýar.

Jenaýatyň kastyna düşmek bolanda TJK-nyň 14-nji maddasyna laýýklykda jenaýata gös-göni girişmek ýa-da ony başlamakdyr. Jenaýatyň kastyna düşmek bolanda, jenaýatçy maksat edinen netijesini ýüze çykaryp bilmeýar, sebäbi özüne bagly bolmadyk sebäplere görä, ol jenaýaty soňuna çenli amala aşyryp bilmeýär. Mysal üçin, atylan ok, adama degmän gapdaldan geçýär.

TJK-nyň 12-nji maddasyna laýyklykda, jenaýaty eden adam öz jenaýatçylykly maksadyna doly ýetse we jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýat düzüminiň alamatlary ýüze çyksa, onda ol jenaýat gutarylan diýip hasap edilýär.
Jenaýatyň döwürleri öz gezeginde bir-birinden görkezilen ýagdaýlara görä tapawutlanýarlar:

1. Jenaýatyň häsiýeti we howplulyk derejesi boýunça.
2. Jenaýatçylykly pikiriniň amala aşyrylmagy boýunça.
3. Jemgyýet üçin howplulygy boýunça.

Jenaýaty ýüze çykarmakylygynyň esasy tapgyrynda, jenaýata taýýarlyk görmek tapgyryny ýüze çykarmak örän wajyp bolup duýar. Şonuň üçin taýýarlyk görmeliginyň

usullaryny öwrenmek jenaýaty maddalaşdyrmakda uly orun ýeleýär.

**Çyzgy № 36. Jenaýatçylykly etmişleriň döwürleri**



**Çyzgy № 37. Jenaýatyň dowürleri**

Jenaýatyň döwürleri

| Taýýarlyk görmek: | Kastyna düşmek: | Gutarylan jenaýat: |
|---|---|---|
| Serişdeleri, gurallary gözläp tapmak, ulanmaga taýýarlamak, jenaýat etmek üçin dilleşmek, başga gaýry şertleri bilkastlaýyn döretmek, eger şunda jenaýat adama bagly bolmadyk ýagadaýlar boýunça ahyryna çenli ýetirilmese, jenaýata taýýarlykly diýlip hasap edilýär. Jenaýat jogapkärçiligi diňe ortaça agyr, agyr we aýratyn agyr jenaýata taýýarlyk üçin düşýär. (13-nji m 2b) | Gös-göni jenaýat etmäge gönükdirilen bilkastlaýyn hereket ýa-da hereketsizlik, eger şunda jenaýat adama bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça ahyryna çenli ýetirilmese, jenaýat kastyna düşmek hasap edilýär | Gutarylan jenaýat diýip eger jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýatyň düzüminiň alamatlary bar bolsa, jenaýat gutaran diýip hasaplanýar |

**§ 2. Gutarylan jenaýat barada düşünje. Zyýanly netije we onuň jenaýatyň gutarylmagyna hukuk ähmiýeti**

Gutarylan jenaýat Türkmenistan Jenýat kodeksiniň 12-nji maddasyna[1] laýyklykda, eger adam tarapyndan edilen etmişde jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýat düzüminiň alamatlarynyň hemmesi bar bolsa, jenaýat gutaran diýlip hasap edilýär. Hemmämize mälim bolşy ýaly, hemme jenaýatlar ýüze çykan netijeler esasynda iki topara bölünýärler, ýagny:

a) Netijäniň ýüze çykmagyny talap edýän jenaýatlar (maddy düzümli jenaýatlar);
b) Netijäniň ýüze çykmagyny talap etmeýän jenaýatlar (formal düzümli jenaýatlar).

Maddy düzümli jenaýat gutarylan diýip hasap edilýär, haçan-da hakykat ýüzünde jenaýatyň zyýanly netijesi ýüze çykan halatynda. Mysal üçin, adam öldürmek bilen bagly jenaýatlarda jebir çeken hökman ölmeli ýa-da ogurlykda jenaýat kanuny tarapyndan goralýan emläk ogurlanmaly, diýmek zatlar jenaýatçynyň hasabyna geçmeli. Eger-de jenaýatçylykly hereketleriň netijesinde, jenaýatça bagly bolmadyk ýagdaýlarda jenaýatyň netijesi ýüze çykmadyk bolsa, onda ol hakykat ýüzünde jenaýat etmekligiň kastyna düşmeklik hökmünde seredilmäge degişlidir. Formal düzümli jenaýatlarda jenaýat gutarylan diýip hasap etmek üçin jenaýatyň netijesiniň ýüze çykmagy hökman däl. Sebäbi bu formal düzümli jenaýat netijäni talap etmeýän jenaýatdyr, ýagny, bu jenaýatlar boýunça maddanyň ýa-da maddanyň bölüminiň dispozisiýasyna laýyklykda jenaýatçylykly hereketiniň başlanan wagtynyň özi

[1]Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.9

jenaýatyň tamamlanan wagty bilen deň gelýär hem-de jenaýatyň netijesiniň ýüze çykan wagty diýip hasap edilýär. Mysal üçin, TJK-yň 231-nji nji maddasy: **"Garakçylyk"** bu jenaýat başga biriniň emlägini almak maksady bilen, adamyň jany ýa-da saglygy üçin howply bolan zorlugy ulanmak ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny salmak bilen birlikde çozuş edilen halatynda jenaýat gutarylan diýlip hasap edilýär, ýagny jenaýatyň netijesi ýüze çykdy diýip hasap edilmäge degişlidir. Adam tarapyndan edilen etmişde jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýatyň düzüminiň alamatlarynyň hemmesi bar bolsa, onda jenaýat gutarylan diýip hasap edilýär.

Gutarylan jenaýatlaryň görnüşi hökmünde dowam edýän jenaýatlar seredilip bilner. Türkmenstanyň Jenaýat kodeksiniň 16-njy maddasyna laýyklykda **“Dowam edýän jenaýat**[1]

(1) Dowam edýän jenaýat diýlip, alamatlary jenaýat kanunynyň bir maddasynda ýa-da maddasynyň böleginde göz öňünde tutulan we ýeke-täk niýeti gurşap alýan we umumy maksady bolan birmeňzeş etmişleriň ikisinden ýa-da şondan hem köpüsinden ybarat etmiş hasap edilýär.

(2) Dowam edýän jenaýat soňky jenaýatçylykly etmişiň tamamlanan pursatyndan başlap, gutaran diýlip hasap edilýär”.

Dowam edýän jenaýatlar diýip bir niýet bilen gurşap alnan birnäçe jenaýatçylykly etmişleriň edilmegi esasynda uly bir jenaýatyň netijesine getirmegine aýdylýar. Mysal üçin, TJK-nyň 227-njji maddasynda göz öňünde tutulan **"Ogurlyk",** mysal üçin, magazinde satyjy bolup işleýýän adam her gün şol magazinden bir kile süýjini alyp çykarsa, onda ol birnäçe günüň dowamynda magazine ep-esli möçberde zyýan ýetirýär.

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.9-10

Görkezilen ýagdaýlar günäniň bilkastdan görnüşiniň göni niýeti bilen edilmegini göz öňünde tutýär. Tejribelikde we nazaryýetde işlenip düzülen niýetleriň görnüşleriniň ähmiýeti örän uludyr.

1. Őňünden jenaýaty taýýarlamaga gönükdirilen niýet - ol jenaýat etmezden öň jenaýatçynyň aňynda bolmalydyr. Mysal üçin, Jenaýatyňy amala aşyrmak üçin jenaýata gatnaşyjylary öňünden tapmak, guralllary gözläp tapmak we.ş.m ýagdaýlaryň taýarlanmagy üçin öňünden ýüze çykýan niýet (TJK-nyň 27-nji maddasy).
2. Őňünden kesgitlenen niýet Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 27-nji maddasynda göz öňünde tutulan bilkastdan jenaýat etmek bilen utgaşyp ýüze çykýar. Mysal üçin, awtoulagy satyp, awtoulagy bermän oň puluny almak maksady bilen öňünden meýilleşdirilen jenaýat.
3. Őňünden kesgitlenmedik niýet Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 28-nji maddasyna laýyklykda harsallykda ýüze çykýar. Meselem, ene öz çagasynyň içi agyranda başga güýçli dermany bermegi. Bu ýerde şol enäniň harsallyk etmegi netijesinde hiç zat bolmaz pikir bilen jenaýatyň netijesine ýol bermekligi.
4. Birden dörän niýet bolanda, adamyny jenaýat etmeklige iterýän ýagdaýlara aýdylýar. Meselem, eger bir toýa barlanda şol ýeriň bir otagynda duran gyzyl şaýlaryň alynmagy jenaýatyň düzümini emele getirýär we jenaýat jogapkärçiligin ýüze çykmagyna esas bolýar.
5. Gazaplanma (affect) ýagdaýynda dörän niýet bilen jenaýat edilen halatynda, jenaýatkäriň gazaplanma ýagdaýyna jebir çekeniň ýa-da ölen adamanyň özi günäkär bolup durýar. Meselem, TJK-niň 102-nji, 109-njy maddalary.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 15-nji maddasyna **laýyklykda “Uzaga çekýän jenaýat**[1]

(1) Uzaga çekýän jenaýat diýlip, etmişiň alamatlary jenaýat kanunynyň bir maddasynda ýa-da maddasynyň böleginde göz öňünde tutulan şol etmişi amala aşyrmakylyk kesgitsiz wagtyň dowamynda duryan etmiş hasap edilýär.

(2) Uzaga çekýän jenaýat amala aşyrylan etmişiň bes edilen pursatyndan ýa-da onuň dowam etmegine päsgel beryän wakanyň başlanan pursatyndan gutaran diýlip hasap edilýär”.

Uzaga çekýän jenaýatlar diýip, ýokarda belleýşimiz ýaly, etmişiň alamatlary jenaýat kanunynyň bir maddasynda ýa-da maddasynyň böleginde göz öňünde tutulan şol etmişi jenaýatkär tarapyndan kesgitsiz wagtyň dowamynda (näbelli wagtyň dowamynda) amala aşyrylsa ýüze çykýar. Uzaga çekýän jenaýatlarda jenaýatçy tarapyndan amala aşyrylan jenaýat bir niýeti bilen gurşap alnan bolmalydyr. Mysal üçin, TJK-nyň 343-nji maddasynda göz öňünde tutulan **“Gaçgakylyk”,** aýdaly harby esger öz gulluk edýän ýerini sebäpsiz taşlap gidýär, bäş aýdan soň ol harby esger öz öýünde saklanylýar. Ýüze çykan ýagdaýlaryň sebäbinde uzaga çekýän jenaýat amala aşyryldy, sebäbi jenaýat bir maksada gönükdirlen, şol bir hereketiň dowamynda uzaga çekildi.

Eger jenaýatda jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýat düzüminiň alamatlarynyň hemmesi bar bolsa we jenaýaty amala aşyran adam öz maksadyna doly ýetse, şol jenaýat gutaran diýlip hasap edilýär (TJK-niň 12-maddanyň 1-bölegi). Gutarylan jenaýat düşünjesi ähli jenaýatlar üçin, ýagny günäniň bilkastlaýyn we seresapsyzlyk görnüşleri üçin mahsusdyr. Jenaýatyň obýektiw we subýektiw taraplary

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.9

jenaýatyň gutaran pursatyny kesgitleýärler. Ýöne jenaýatyň gutaran pursatyny jenaýatyň düzüminiň gutaryş pursatyndan tapawutlandyrmak zerur, sebäbi bu düşünjeler gabat gelmeýär. Jemgyýetçilik howply etmişiň amala aşyrylan pursatyndan ýa-da obýektiw tarapyň alamatynyň, ýagny zyýanly netijeleriň ýüze çykmagy bilen jenaýat gutarylan diýlip hasap edilýär.

Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddalyrynyň dispozisiýasynda göz öňünde tutulan jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykan pursatyndan maddy düzümli jenaýatlar gutarylan diýlip hasap edilýär. Mysal üçin, Wezipe ygtyýarlaryny hyýanatly peýdalanmak (TJK-niň 181-nji maddasy), bu jenaýat raýatlaryň ýa-da guramalaryň hukuklary we kanuny bähbitleri düýpli bozulsa gutarylan diýlip hasap edilýär.

**“ Wezipe ygtyýarlaryny hyýanatly peýdalanmak**

(1) Wezipe ygtyýarlaryny hyýanatly peýdalanana, ýagny wezipeli adam tarapyndan gulluk bähbitleriniň garşysyna öz gulluk ygtyýarlaryny hyýanatly peýdalanana, eger bu etmiş betnebislikli ýa-da gaýry şahsy bähbitden edilse we raýatlaryň, guramalaryň ýa-da döwletiň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň düýpli bozulmagyna getirse,

bäş ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek jezasy berilýär ýa-da zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimisinden kyrkysyna çenli möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş agyr netijelere getirse,

"üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ellisinden iki ýüzüsine çenli möçberde jerime salynýar ýa-da üç

ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän, bäş ýyldan sekiz ýyla çenli möhlete belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek ýa-da üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän, sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

BELLIK.

Şu babyň maddalarynda wezipeli adamlar diýlip hemişelik, wagtlaýyn ýa-da ýörite ygtyýarlylyk boýunça häkimiýet wekilleriniň wezipelerini amala aşyrýan, şonuň ýaly-da döwlet edaralarynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, döwlet kärhanalarynda, edaralarynda ýa-da guramalarynda, şeýle hem Ýaragly Güýçlerde, beýleki goşunlarda we harby birikmelerde guramaçylyk-serenjam berijilik, administratiw-hojalyk ýa-da kontrol-derňew funksiýalaryny ýerine ýetirýän adamlar hasap edilýär”.

Seresapsyzlykdan edilen jenaýatlar, mysal üçin, Ýol hereketiniň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy (TJK-niň 326-njy maddasy) **“Ýol hereketiniň we ulag serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulmagy**

(1) Awtomobili, motosikli ýa-da beýleki mehaniki ulag serişdelerini dolandyrýan adam tarapyndan ýol hereketiniň ýa-da transpor serişdelerini ulanmagyň düzgünleriniň bozulandygy üçin, seresapsyzlyk zerarly uly möçberde zyýan ýetiren bolsa,

üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimi bäşisinden ellisine çenli bolan çäklerde jerime

salmak ýa-da üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen ýa-da mahrum etmän iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär.

BELLIKLER.

1. Ýetirilen zyýan zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýetmiş bäşisinden artyk summada bolsa, ol şu maddada zyýanyň uly möçberi diýlip ykrar edilýär.

2. Ýetirilen zyýanyň doly möçberde öwezini meýletin dolan adam şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

(2) Seresapsyzlyk zerarly adamyň saglygyna agyr ýa-da ortaça agyrlykda zyýan ýetiren şonuň ýaly hereket üçin,

üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň kyrkysyndan ýüzüsine çenli möçberde jerime salynýar ýa-da üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän, bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan, seresapsyzlyk sebäpli adamyň ölmegine getiren hereket üçin,

üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän ýedi ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan, seresapsyzlyk zerarly iki ýa-da şondan köp adamyň ölmegine getiren hereket üçin,

üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

BELLIK.

Şu maddanyň ikinji, üçünji ýa-da dördünji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketi amala aşyran adam, eger jebir çekene kömek etmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri gören bolsa, jeza şu maddanyň degişli böleginiň sanksiýasynda göz öňünde tutulan anrybaş möçberiniň ýarysyndan ýokary bolup bilmez”.

Ýa-da meselem, **Işler geçirilende ekologik howpsuzlygyň düzgünleriniň bozulmagy** (TJK-niň 311-njy maddasy) bilen howply netijeleriň ýüze çykan pursatyndan jenaýat gutarylan diýlip hasaplanylýar.

**“Işler geçirilende ekologik howpsuzlygyň düzgünleriniň bozulmagy**

Senagat, oba hojalyk, ylmy we beýleki desgalaryň taslamalary, ýerleşdirilende, gurlanda, ulanmaga berlende töwerekdäki gurşawy goramagyň düzgünleri olary berjan etmäge jogapkär adamlar tarapyndan bozulandygy üçin, eger şol hereket adamlaryň saglygyna zyýan ýetiren, haýwanlaryň köpçülikleýin ölmegine ýa-da beýleki agyr netijelere getiren radioaktiw ýagdaýyň düýpli üýtgemegine sebäp bolan bolsa,

üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Formal düzümli bilkastlaýyn jenaýat TJK-niň Aýratyn bölüminiň maddalarynda seredilen hereketi günäkäriň amala aşyrylan pursatyndan gutarylan hasaplanýar, mysal üçin,

**Gorkuzyp almak** ( TJK-niň 232-nji maddasy) gutarylan jenaýat. **“Gorkuzyp almak**

(1) Jebir çekene ýa-da onuň ýakyn adamlaryna kesekiniň emlägini ýa-da emläge bolan ýa-da emläge degişli başga hili hereketleri etmek hukugynyň özüne berilmegini zorluk ulanmak ýa-da kesekiniň emlägini ýok etmek ýa-da zaýalamak howpy astynda, şonuň ýaly-da jebirçekeni ýa-da onuň ýakyn adamlaryny masgaralaýan maglumatlary ýaýratmak howpy astynda talap edene (gorkuzyp alana),

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, dört ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Amala aşyrylan şeýle hereket:

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

b) gaýtadan;

ç)zorluk ulanmak arkaly edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şeýle ýagdaýlarda gorkuzyp almagy amala aşyrana:

a) guramaçylykly topar tarapyndan ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan;

b) ejir çekeniň saglygyna agyr zyýan ýetirmek bilen edilen bolsa;

ç)uly möçberdäki emlägi almak maksady bilen edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyap ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Jenaýat hukugynyň nazaryýetinde gysgaldylan düzümli jenaýat diýip, kanunçykaryjy jenaýatyň gutaran pursatyny

jenaýatçylykly hereketiniň has irki döwürüne geçirmegine, real zyýan ýetirilmezligine düşünilýär. Oňa TJK-niň **274-nji maddasy Banditçilik** degişlidir

“(1) Raýatlaryň ýa-da guramalaryň üstüne çozmak maksady bilen pugta guramaçylykly ýaragly toparyň (bandanyň) döredilmegi şeýle topara (banda) ýolbaşçylyk edilmegi, şonuň ýaly-da banda taparyndan edilýän çozuşlara gatnaşylmagy,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman on ýyldan ýigrimi bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Ýaragly topara (banda) gatnaşylmagy,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman bäş ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Ýa-da (231-madda) degişlidir. **“Garakçylyk**

(1) Başga biriniň emlägini almak maksady bilen, adamyň jany üçin ýa-da saglygy üçin howply bolan zorlugy ulanmak ýa-da şeýle zorlugy ulanmak howpuny salmak bilen birlikde çozuş (garakçylyi)edene,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Amala aşyrylan garakçylyk:

a) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

b) ýaşaýyş jaýyna, başga jaýa ýa-da zat saklanylýan jaýa girmek bilen;

ç)ýarag ulanmak ýa-da ýarag hökmünde başga predmetleri ulanmak arkaly;

d) gaýtadan;

d) raýata ep-esli möçberde zyýan ýetirmek bilen edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp, ýa-da muzdsuz alman, bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu aşakdaky ýagdaýlarda garakçylyk amala aşyrylanda:

a) uly möçberli zyýan ýetirmek bilen;

b) guramaçylykly topar tarapyndan garakçylyk edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp, ýa-da muzdsuz alman alty ýyldan on iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Şular ýaly ýagdaýlarda garakçylyk edilende:

a) aýratyn uly möçberde zyýan ýetirmek bilen;

b) jenaýatçy toparlanyşyk tarapyndan;

ç)jebir çekeniň saglygyna düýpli zyýan ýetirmek bilen garakçylyk edilen bolsa,

emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman, sekiz ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Ýagny **Banditçilik** (bandanyň guralmagy) planlaşdyrlan jenaýatyň amala aşyrylmagyna seretmezden, berk ýaragly toparyň döredilen pursatyndan jenaýat gutarylan diýlip hasaplanýar. Banditçilik jenaýat gutarylan diýlip hasap etmek üçin hereketin amala aşyrylmagy ýeterlikli bolup durýar. **Garakçylyk** bilen bagly jenaýatda saglygyna zyýan ýetirmese-de ýa-da başga biriniň emlägini eýeläp ýetişmese-de çozuş edilen pursatyndan jenaýat gutarylan diýlip hasaplanýar.

Uzaga çekýän jenaýat amala aşyrylan etmişiň bes edilen pursatyndan ýa-da onuň dowam etmegine päsgel berýän wakanyň başlanan pursatyndan gutaran diýlip hasap edilýär. Oňa TJK-niň 287-maddasy degişlidir. "**Ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-d partladyjy enjamlaryň bikanun**

**edinilmegi, satylmagy, saklanylmagy, äkidilmegi, iberilmegi ýa-da ýanynda göterilmegi**

(1) Ok atýan ýaragyň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun edinilendigi, satylandygy, saklanylandygy, äkidilendigi, iberilendigi ýa-da ýanynda göterendigi üçin,

bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly hereketleriň deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan ýa-da gaýtadan amala aşyrylandygy üçin,

iki ýyldan ýedi ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan hereketleriň guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan amala aşyrylandygy üçin,

bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Gamalaryň, fin pyçaklarynyň ýa-da beýleki sowuk ýaragyň şol sanda zyňylýan ýaragyň bikanun satylandygy ýa-da ony ýanynda göterendigi, şonuň ýaly-da gaz sapançalary, ballonjyklarynyň ýa-da beýleki gaz ýaragynyň bikanun satylandygy üçin,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýigrimi bäşisinden ellisine çenli bolan çäklerde jerime salmak ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

BELLIK.

Şu maddada görkezilen predmetleri meýletin tabşyran adam, eger onuň hereketlerinde jenaýatyň başga alamaty ýok bolsa, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar".

Berlen jenaýatlaryň düzümi jemgyýetçilik howply hereketiň (hereketsizligiň) amala aşyrylan pursatyndan gutarylan

hasaplanýar, ýöne jenaýat dowam edýär. Ol günäkäriň tutulan pursaty, ýa-da günäsini boýun alyp gelen pursaty bilen gutarýar.

## § 3. Gutarylmadyk jenaýat barada düşünje we onuň görnüşleri. Jenaýata taýýarlyk görmek barada düşünje. Jenaýata taýýarlyk görmek üçin jezanyň bellenilmegi

Eger-de jenaýatkär özüne bagly bolmadyk sebäplere görä, jenaýaty soňuna çenli amala aşyryp bilmese, onda jenaýat gutarylmadyk diýlip hasap edilýär. Özüne bagly bolmadyk ýagsaýlar diýlip daşyndan jenaýatyň amala asyrylmagyna päsgel berýän ýagdaýlara düşünilýär. Mysal üçin, ogry jaýyň gulpyny açyp durka öýüň eýesiniň öýe gaýdyp gelmesi. Gutarylmadyk jenaýat öz gezeginde jenaýata taýýarlyk görmek we jenaýatyň kastyna düşmek diýen döwürlere bölünýär. Serişdeleri we gurallary gözläp tapmak, taýýarlamak ýa-da ulanmaga taýýarlamak, jenaýat etmek üçin dilleşmek ýa-da jenaýat etmek üçin gaýry şertleri bilkastlaýyn döretmek, eger şunda jenaýaty edýän adama bagly bolmadyk ýagdaýlaryň ýüze çykanlygy sebäpli jenaýat soňuna çenli ýetirilmese, jenaýata taýýarlyk görmek diýlip hasap edilýär (TJK-niň 15-nji maddanyň 1 bölegi). Jenaýatçylykly etmişi amala aşyrmak üçin şertleri döretmäge ugrukdyrylan ähli bilkastlaýyn hereketleriniň edilmegi jenaýata taýýarlygy döredýär. Jenaýata taýýarlyk görmek jenaýatyň düzüminiň obýektiw tarapynyň alamatlaryna girmeýär. Ýöne olar belli bir jenaýatlaryň özbaşdak düzümini döredip bilerler.

1. Serişdeleri we gurallary gözläp tapmak olary edinmegiň dürli usullaryny aňladýar (satyn almak, ogurlamak we ş.m.).

2. Taýýarlamak bolanda, serişdeleriň ýa-da gurallaryň dürli usullar bilen döredilmegine düşünilýär (elde ýasamak ýa-da tehniki serişdeleri peýdalanmak bilen ýasalmagy).
3. Serişdeleri ýa-da ýaraglary kriminal maksatlar üçin ulanmaga taýýarlamak, onuň dürli predmetleriň ulanmaga mümkinçilik berýän derejesine çenli bejerilmegidir.
4. Gatnaşyjylary gözläp tapmak – guraýjynyň jenaýaty amala aşyrmak üçin beýleki adamlary gözläp tapmak we olary jenaýata yrmakdyr.
5. Jenaýat etmek üçin dilleşmek – gatnaşyjylaryň arasynda ylalaşygyň gazanylmagy.
6. Jenaýaty amala aşyrmak üçin şertleriň bilkastlaýyn döredilmeginiň beýleki görnüşleri köp sanlydyr. Oňa jenaýat ediljek ýeriň, signalizasiýa serişdeleriniň we goragyň öwrenilmegi we ş.m. degişlidir.

Şeýlelikde, jenaýatçylyk etmişini amala aşyrmak üçin şertleriň döredilmegine ugrukdyrylan dürli görnüşli hereketleriň ýa-da hereketsizlikleriň edilmegi jenaýata taýýarlyk bolup biler. Olar göz öňünde tutulany ýerine ýetirmek maksady bilen gös-göni niýet bilen amala aşyrylýar. Jenaýata taýýarlanmak bilen, adam özüniň hereketleriniň howpuna düşünýär we olary amala aşyrmagy isleýär, jenaýata taýýarlygyň obýekte zyýan ýetirmeýändigine akyl ýetirýär.

Käbir jenaýatlaryň uly jemgyýetçilik howpunyň güýjünde taýyarlykly hereket jenaýatyň gutarandygyny aňladýar, mysal üçin bandanyň döredilmegi (TJK-niň 274-nji maddasy). Eger jenaýat jenaýatkäriň özüne bagly bolmadyk ýagdaýlara görä ahyryna çenli ýerine ýetirilmese, onda jenaýata taýýarlyk görmek ýüze çykýar.

Jenaýata taýýarlygy jezalandyrmakda kazyýet jeza bellenişi diňe umumy başlangyjyndan çykman, eýsem gutarylmadyk jenaýatyň jezalandyryş düzgünleri hem göz

öňünde tutýar. Onuň esasynda sanksiýanyň möçberi TJK-niň Aýratyn bölüminde dogry gelýän maddada seredilen has berk jezanyň görnüşiniň ýarysyndan ýokary bolmaly däldir. Mysal üçin, TJK-niň 60-njy **maddasy "Gutarylmadyk jenaýat üçin jezanyň bellenilmegi**[1]

(1) Gutarylmadyk jenaýat üçin jeza bellenilende, haýsy sebäplere görä jenaýatyň soňuna çenli alnyp barylmandygynyň ýagdaýlary göz öňünde tutulýar.

(2) Jenaýata taýýarlyk üçin jeza jenaýat kanunynyň degişli maddasynda gutarylan jenaýat üçin göz öňünde tutulýan jezanyň has berk görnüşiniň möçberiniň ýarysyndan köp bolup bilmez".

Jenaýat etmäge taýýarlyk görmegi barasynda jenaýat jogapkärçiligi diňe bilkastdan edilen, emma uly bolmadyk agyr jenaýatlardan başgasy üçin şu aşakdaky iki sany esasy şertleriň ýerine ýetirilmeginde bolup biler:

Birinjiden, jenaýat etmek üçin gurallaryň we serişdeleriň gözlenmegi, taýýarlanmagy we jenaýat etmäge ýaramly ýagdaýa getirilmegi, jenaýat etmek barada dilleşmegi anyk ýagdaýda jenaýat etmek üçin şertleri döretmäge gönükdirilen bolmalydyr. Mysal üçin, jenaýat edilmegini ýeňilleşdirmäge ýa-da jenaýat edilmegini üpjin etmäge gönükdirilen anyk hereketler bolmadyk mahalynda adamlaryň toparynyň jenaýaty amala aşyrmak baradaky meýline jenaýaty amala aşyrmaga taýýarlyk görmek hökmünde baha bermek bolmaz.

Ikinjiden, şeýle jenaýatçylykly meýilleşdirme şol adama bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça ahyryna çenli ýerine ýetirilmän bilner. Aýdaly , iki adam gapyny döwüp, ogurlyk etmek barada dilleşýär. Gapyny döwmek üçin gural

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.28-29

edinmek zerur. Olar soňra bu hereketlerden meýletin boýun gaçyrýarlar. Bu ýerde dilleşik bolan hem bolsa, jenaýaty amala aşyrmaga taýýarlyk görmek baradaky soňraky hereketler meýletin ýagdaýda bes edilipdir we olaryň ikisi-de öz hereketleri üçin jogapkärçilik çekip bilmez.

Jenaýata taýýarlyk görmek – jenaýaty amala aşyrmak üçin şertleri döredýän takyk hereketleri etmekdir. Adamyň jenaýat etmäge bolan pikiri üçin ony jenaýat jogapkärçiligine çekip bolmaýar, sebäbi şonda ol öz pikirini amala aşyrmak üçin takyk hereketleri etmeýär. Jenaýata taýýarlyk görmek dürli-dürli bolup biler. Jenaýat etmegiň guralynyň gözlenmegi günäkäriň şeýle hereketlerini alamatlandyryp biler, ýagny kanuny ýa-da bikanun ýol bilen ýaragyň, sowuk ýaragyň we beýleki guralyň edinilmegi, saklanmagy, ogurlyk bilen ýa-da başga usullar bilen olary ele salmak üçin hereket edinilmegi jenaýata taýýarlyk görmekdir.

Jenaýat etmek üçin serişdäniň edinilmegine, mysal üçin uky dermanyň jenaýatyň edilmegine päsgelçiligi aýyrmak niýeti bilen ulanylmagy, tebigy päsgelçiliklerden geçmek üçin merduwanyň peýdalanylmagy ýaly hereketler girýär. Jenaýatçylykly maksady amala aşyrmak niýeti bilen her hili ýollar arkaly ýaragyň, pyçagyň we adamyň janyna kast edip boljak gaýry şoňa meňzeş gurallaryň edinilmegi hem jenaýata taýýarlyk görmegi aňladýar. Birnäçe ýagdaýlarda jenaýatçylykly hereketleri ýeňilleşdirmek üçin gurallaryň belli bir derejede üýtgeşik görnüşe getirilmegi bilen hem jenaýata taýýarlyk görülýär. Mysal üçin, günäkär ýaragynyň bardygyny gizlemek üçin aw tüpeňiniň gundagyny kesip, goltuga salar ýaly görnüşe getirýär. Jenaýata taýýarlyk diňe bir jenaýaty amala aşyrmakda degişli şertleri döredýän gurallaryň we serişdeleriň gözlenmegi, edinilmegi we taýýarlanylmagy däldir, eýsem, jenaýata bile gatnaşmak üçin gatnaşyjylary

gözläp tapylmagy we yrylmagy şoňa girýändir. Jenaýat etmek üçin gaýry şertleri döretmek diýlip, ýokarda görkezilen taýýarlygyň görnüşlerinden başga jenaýaty etmäge anyk şertleri döredýän ýagdaýlar degişlidir. Oňa ogurlyk edilmeginden öň jaýyň signalizasiýasynyň işlemezligi üçin elektrik simlerini kesmegi, garawulyň ünsüni sowmak üçin ýörite şowhun döredilmegini, ýalan habar iberip, jebir çekeniň belli ýere gelmeginiň gazanmagyny we başgalary mysal getirmek bolar. Bu jenaýatçylykly hereketler subýektiw tarapyndan bilkastlaýyn, göni niýet bilen edilýär, çünki günäkär jenaýatçylykly hereketlerini amala aşyrmak üçin oňa doly düşinip hereket edýär.

## § 4. Jenaýatyň kastyna düşmek barada düşünje. Jenaýatyň kastyna düşmek üçin jezanyň bellenilmegi

Gös-göni jenaýat etmäge gönükdirilen bilkastlaýyn hereket ýa-da hereketsizlik, eger şunda jenaýat adama bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça ahyryna çenli ýetirilmese, jenaýat kastyna düşmek diýlip hasap edilýär (TJK-niň 14-nji maddasy).[1] Seresapsyzlykdan edilen jenaýatlarda adam jemgyýetçilik howply netijäniň ýüze çykjagyny öňünden görýär, ýöne onuň öňüni almaga üns bermeýär. **”Seresapsyzlyk boýunça edilen jenaýat**

1) Jemgyýetçilik üçin howply netijeleriň bolmagyna getiren, özüne ynam edijilik ýa-da harsallyk boýunça edilen jemgyýetçilik howply etmiş seresapsyzlyk boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär.
2) Eger jenaýaty eden adam, öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.9

akyl ýetirse, jemgyýetçilik howply netijeleriň, bolmak mümkinçiligini öňünden görse, ýöne olaryň öňüni alaryn diýip ýeňilkellelik bilen hasap etse, özüňe ynam edijilik boýunça edilen jenaýat diýlip hasap edilýär.

3) Eger jenaýaty eden adam öz hereketiniň ýa-da hereketsizliginiň jemgyýetçilik üçin howpludygyna akyl ýetirmese, jemgyýetçilik howply netijeleriň bolmak mümkinçiligi öňünden görüp bilmese, hatda zerur ünslülik we hüşgärlik bolanda şolary öňünden görmeli we görmegi mümkin bolan ýagdaýdaky jenaýat harsallyk boýunça edilen diýlip hasaplanylýar".

Şonuň üçin seresapsyzlykdan edilen jenaýatlarda kast ediş döwri bolup bilmez, sebäbi günäkäriň zyýan ýetirmek niýeti ýokdur. Jenaýatyň kastyna düşmek döwri gytaklaýyn niýet bilen edilen jenaýatlarda hem bolup bilmez. Jenaýatyň kastyna düşmek diňe göni niýet bilen bilkastlaýyn edilen jenaýatlarda mümkindir. Jenaýatyň kastyna düşmek jenaýata taýýarlyk görmek hereketinden tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýän obýektiw we subýektiw taraplarynyň alamatlary bilen häsiýetlendirilýär. Eger taýýarlyk öňünden pikirlenen hereketi amala aşyrmak üçin diňe şert döredýän bolsa, onda kast ediş howpy abanýan obýekte ýetiriljek zyýanyň hakyky howpuny döredýär. Jenaýatyň kastyna düşmek döwri ähli maddy düzümli bilkastlaýyn jenaýatlarda bolup biler.

Formal düzümli jenaýatlarda jenaýatyň kastyna düşmek döwri jenaýatyň obýektiw tarapy çylşyrymly häsiýetde bolan jenaýatlar üçin, şeýle-de etmiş jemgyýetçilik gatnaşygyna zyýan ýetirilen wagtyndan wagt boýunça arasy açylan jenaýatlar üçin mahsusdyr. Jenaýatyň kastyna düşmek döwri gös-göni jenaýaty

amala aşyrmaga gönükdirilen hereketlerden ybarat bolup durýar.

Jenaýatyň kastyna düşmek bolanda günäkäre bagly bolmadyk ýagdaýlara görä jenaýatkär öz maksadyna ýetip bilmeýär, ol daşky gurşawyň päsgel berýän ýagdaýlarynyň ýüze çykmagy bilen jenaýaty soňuna çenli ýerine ýetirip bilmeýär.

Jenaýat hukugynda jenaýata kast düşmek döwri iki görnüşli bolup bilýär, gutarylan we gutarylmadyk. Gutarylan jenaýatyň kastyna düşmek ýüze çykýar haçan-da subýekt öz öňünde goýan maksadyna doly ýetende.

Ýuridiki edebiýatlarda şeýle-de sandan çykan obýekte kast ediş we jenaýata ýaramaýan serişdeler bilen kast edişi bölýärler. Ilkibada günäkär belli bir obýekte howp salýar, ýöne onuň hereketlerinde goýberilýän ýalňyşlyklaryň netijesi hakyky zyýan ýetirmeýär. Jenaýata ýaramaýan serişdeler bilen kast edişde günäkär özüniň maksadyna ýetmek üçin, jenaýaty ahyryna çenli ýetirip bolmaýan ýa-da jenaýatyň netijesini ýüze çykaryp bilmeýän serişdeleri ulanýar.

Şeýlelikde, jenaýatyň ahyryna çenli ýerine ýetirilmändigininiň sebäbine görä, kast edişiň görnüşlerini uç topara birleşdirip bolar:

1. Hakyky ýagdaýlarda ýalňyşlyk bilen baglanyşykly kast etme (obýektde, serişdede, hereketiň usulynda ýalňyşlyk).
2. Günäkär tarapyndan kanunda bellenen hereketleriň ýerine ýetirilmezligi.
3. Kanunda görkezilen jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmazlygy.

Türmenistanyň Jenaýat kanunynyň 14-nji maddasyna laýyklykda jenaýatyň kastyna düşmeklik gös-göni jenaýat etmäge gönükdirilen bilkastlaýyn hereket ýa-da hereketsizlik bolup, eger şunda jenaýat adama bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça ahyryna çenli ýetirilmese, jenaýatyň kastyna düşmek

diýlip hasap edilýär. Jenaýatyň kastyna düşmek diýip, haçanda hereketli, hereketsiz ýagdaýda amala aşyrylan jenaýat, günäkäriň özüne bagly bolmadyk sebäplere görä ahyryna çenli ýerine ýetirip bilinmedik halatynda aýdylýar. Jenaýatyň kastyna düşmeklik öz gezeginde alamatlaryň esasynda üç görnüşe bölünýär:

1. Gutarylmadyk, ýagny, munda günäkäriň jenaýatçylykly hereketleriniň netijesi ýüze çykmaýar, obýektiw tarapynyň alamalatlarynyň birnäçesini ýerine ýetirmändigini aňladýar. Mysal üçin, günäkär pyçagy bilen çenenýär ýöne jebir çeken pyçagy tutup ýetişýär.
2. Jenaýatçylykly netijä günäkäriň ýetip bilmezligi ýa-da başga bir netijäniň ýüze çykmagy, şol halatda islenilýän netijesi ýüze çykmaýar. Mysal üçin, günäkär adam öldürmek üçin pyçaklaýar, emma jebir çeken ölmeýär we onuň tenine agyr şikes ýetirilýär.
3. Őzüne bagly bolmadyk sebäplere görä jenaýatkäriň jenaýaty doly ýerine ýetirip bilmezligi. Mysal üçin, tebigy bebagtçylyklar, başga adamlaryň päsgel bermegi, haýsyda bir güýçleriň jenaýaty amala aşyrmaga päsgelçilik bermegi we ş.m. Jenaýatyň kastyna çykmakylygyň subýektiw tarapy bilkastlaýyn günäniň göni niýeti bilen amala aşyrylýar.

Jenaýatyň kastyna düşmeklik iki görnüşden durýar:

1) Jenaýatyň kastyna çykmakylygyň gutarylan görnüşi.

2) Jenaýatyň kastyna çykmakylygyň gutarylmadyk görnüşi.

Jenaýatyň kastyna düşmekligiň gutarylan görnüşi bolana günäkär adam tarapyndan özüne bagly bolan obýektiw tarapynyň hemme alamatalary ýerine ýetirilýär. Ýöne özüne bagly bolmadyk sebäplere görä netije ýüze çykanok.

Gutarylmadyk jenaýatyň kastyna çykmakylyk bolanda günäkäriň özüne bagly bolmadyk sebäplere görä, öz göz öňünde tutan hereketlerini amala aşyryp bilmezligi bolup durýar.

Jenaýata taýýarlyk görmek we jenaýatyň kastyna düşmek jenaýaty etmeklikde deslapky döwürler diýlip atlandyrylýarlar. Bu ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen zyýanly netije bolmaýar, ýöne kanun tarapyndan olaryň amala aşyrylmagy jenaýat jogapkärçiligin sebäbi bolup durýar. TJK-niň 60-nji maddasy

**“Gutarylmadyk jenaýat üçin jezanyň bellenilmegi**[1]

(1) Gutarylmadyk jenaýat üçin jeza bellenilende, haýsy sebäplere görä jenaýatyň soňuna çenli alnyp barylmandygynyň ýagdaýlary göz öňünde tutulýar.

(2) Jenaýata taýýarlyk üçin jeza jenaýat kanunynyň degişli maddasynda gutarylan jenaýat üçin göz öňünde tutulýan jezanyň has berk görnüşiniň möçberiniň ýarysyndan köp bolup bilmez.

(3) Jenaýat kastyna düşülendigi üçin jeza jenaýat kanunyny degişli maddasynda gutarylan jenaýat üçin göz öňünde tutulýan jezanyň has berk görnüşiniň möçberiniň dörtden üç böleginden köp bolup bilmez”.

### § 5. Jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmak

Jenaýat kodeksiniň 10-njy babynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagynyn esaslary görkezilen, şolaryň biri Jenaýat kodeksiniň 70-njy maddasynda görkezilen**, “Jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmagy bilen baglanyşyklylykda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy**[2]

---

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.28-29
[2] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.35

(1) Eger adam gutarylmadyk Jenaýatyňy ahyryna ýetirmekden meýletin we gutarnykly ýüz öwürse, gutarmadyk jenaýaty üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

(2) Gutarylmadyk jenaýaty ahyryna ýetirmekden meýletin ýüz öwren adam, eger onuň hakyky amal eden hereketi başga jenaýaty düzýän hereketlerden ybarat bolanda, diňe şeýle halatda, jenaýat jogapkärçiligine degişlidir.

(3) Jenaýaty guraýjynyň we meçew berijiniň meýletin ýüz öwürmegi, eger bu adamlar häkimiýet edaralarynda öz wagtynda habar bermek ýa-da öz wagtynda gören başga hili çäreleri arkaly jenaýaty ýerine ýetiriji tarapyndan ahyryna ýetirmegiň öňüni alan bolsalar, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy üçiň esas bolýar. Ýaran, eger onuň özüni soňraky alyp barşy jenaýatyň amala aşyrylmagynyň öňüniň alynmagy üçin özüne bagly bolan ähli çäreleri görendigine şaýatlyk etse, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

(4) Eger guraýjynyň ýa-da meçew berijiniň şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen hereketleri jenaýatyň amala aşyrylmagynyň öňüniň alynmagyna getirip bilmedik bolsa, onda olar jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmaýarlar, ýöne olaryň gören çäreleri jeza bellenilende ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde ykrar edilip bilner”.

Jenaýatdan meýletin boýun gaçykmak bolanda, jenaýaty amala aşyran adam jenaýaty soňuna çenli amala aşyrmak üçin hemme şertler we mumkinçilikler onda bolsa-da, ol jenaýata taýýarlyk görmegini ýa-da jenaýatyň kastyna düşmegini dowam etmän, jenaýaty amala aşyrmaga gönikdirilen hereketleri bes etdýär.

Jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagyň iki alamatyny bölmek bolar:1)gutarnyklylyk; 2) meýletinlilik. Birinji alamatyň manysy, ýagny adam başlanan etmişi gyşarnyksyz gutarnykly wagt geçirmän oňa gaýdyp gelmän bes edýär. Meýletin jenaýaty amala aşyrmakdan boýun gaçyrmak hiç-hili

mejburylyk bolmadyk halatynda jenaýatkäriň akyl ýetin, özüniň islegi bilen meýletin jenaýatdan ýüz döndermegini aňladýar. Meýletinlilik alamatynda subýekt daşky ýagdaýlar bilen erki basylmanka deslapky jenaýatçylykly hereketini bes edýär. Meýletin ýüz döndürilişi kesgitlenende subýektiw we obýektiw tarapynyň alamatlaryny göz öňünde tutmak zerurdyr. Subýektiw tarapynyň alamaty bolanda, adamyň jenaýaty gutaryp biljek mümkinçiligine akyl ýetirýär ýöne ony ahyryna çenli ýetirmän öz erki bilen jenaýatdan ýüz dönderýär. Meýletin boýun gaçyrmakda jenaýatçylykly hereketi ýatyrmaga ugrukdyrylan akyl ýetirişli etmişden beýan edilýär, ýagny bu ýerde jenaýaty amala aşyrmak niýetiň aradan aýrylmagy, şeýle-de, jenaýatyň esasy maddy alamaty bolup durýan jemgyýetçilik howpunyň aradan aýrylýandygy bilen hässiýetlendirilýär. Jenaýatdan meýletin boýun gaçykmak meselesi şäriklik bilen edilen jenaýatlarda hem bolup biler. Gatnaşyjylaryň meýletin ýüz döndürişiniň aýratynlygy gatnaşyjylyk görnüşi bilen şertlendirilendir. Jenaýaty amala aşyryş tertibinde guramaçy, meçew beriji, ýaran özleriniň hereketleri bilen jemgyýetçilik howply netijäniň hakyky ýüze çykmak mümkinçiligini döredýärler. Jenaýaty ýerine ýetiriji bolsa öz hereketleri bilen bu mümkinçiligi amala aşyrýar. Guramaçynyň meýletin ýüz döndürmegi diňe aktiw görüşde bolup biler, guraýjy jemgyýetçilik howply netije ýüze çykmaka jenaýaty ýatyrmaly. Meçew beriji guraýjy ýaly aktiw hereketi etmeli, ýerine ýetirijini jenaýatdan ýüz döndermäge mejbur etmeli. Eger meçew beriji munda üstünlik gazanmasa, bu ýerde meýletin ýüz döndürijilik bolmaýar.

Jenaýatdan meýletin ýüz döndürmeklik adamy jenaýat jogapkärçiliginden boşatmaga esas bolup durýar. Eger meýletin ýagdaýda jenaýaty ahyryna çenli ýerine ýetirmedik adamyň

hereketlerinde başga bir jenaýatyň düzümi bar bolsa, ol ýagdada ol öz eden etmişi üçin jogapkärçiligi çekilýär.

**Soraglar:**

1. Jenaýatyň döwürleri barada düşünje we onuň görnüşleri.
2. Gutarylan jenaýat barada düşünje.
3. Zyýanly netije we onuň jenaýatyň gutarylmagyna hukuk ähmiýeti.
4. Gutarylmadyk jenaýat barada düşünje we onuň görnüşleri.
5. Jenaýata taýýarlyk görmek barada düşünje.
6. Jenaýatyň kastyna düşmek barada düşünje.
7. Jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmak.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőŷmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010

12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У
23. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
24. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004
25. Дурманов Н.Д. Стадии совершение преступление. М.,1955
26. Караулов В.Ф. Стадия совершение преступление. М.,1972
27. Тер-Акопов А.А. Добровольный отказ от совершения преступления. М.,1982

# Bap XIII. Etmişiň jenaýatçylygyny aradan aýyrýan ýagdaýlaryň hukuk ähmiýeti

## § 1. Etmişiň jenaýatçylygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar barada düşünje. Etmişiň jenaýatçylygyny aradan aýyrýan ýagdaýlaryň hukuk ähmiýeti we olryň görnüşleri

Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy şahsyýetiýeti, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini eýeçiliki, jemgyýetçilik tertibini, Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny, konstitusion gurluşyny we bitaraplyk hukuk ýagdaýyny, parahatçylygy hyýanatçylykdan goramak, şeýle hem jenaýatlaryň öňüni almak wezipelerinden ybaratdyr. Jenaýaýat kanuny tarapyndan goralýan obýektlere (jemgyýetçilik gatnaşyklaryna) zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döredýän jemgyýetçilik howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlii)jenaýat diýlip hasap edilýär. Amala aşyrylýan jenaýatlar dürli-dürli jemgyýetçilik gatnaşyklaryna (adamyň janyna, saglygyna, jynsy eldegrilmesizligine, eýeçilike, jemgyýetçilik howpsuzlygyna we jemgyýetçilik tertibine we ş.m.) zyýan ýetirýärler. Ähli raýatlara bu jenaýatlardan goranmaga bolan hukuk Jenaýat Kanuny tarapyndan deň derejede berlendir. Şolardan goranmak üçin zyýan ýetirilmegi bolsa jenaýat däl diýlip hasap edilýär we jogapkärçiligi aradan aýyrýar (mysal üçin, TJK-niň 37-nji maddasy[1]).

Türkmenistanyň JK-niň daşky alamatlary boýunça jenaýata meňzeş, ýöne onuň kanuna laýyk etmişdigini aňladýan ýagdaýlar doly beýan edýär. Türkmenistanyň JK-niň Umumy

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.17

böleginiň 7-nji baby «Etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar» diýlip atlandyrylýar. Etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaýlyr 1997-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygynda ilkinji gezek aýratyn bapda özbaşdak yglan edilidi. Bu bap alty sany maddany öz içine alýar: 37-nji madda "Zerur goranyş", 38-nji madda "Jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirilmegi", 39-njy madda "Bialaç zerurlyk", 40-njy madda "Fiziki we psihiki taýdan mejbur etmek", 41-nji madda "Esaslandyrylan töwekgelçilik", 42-nji madda "Buýrugy ýerine ýetirmek", olarda etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar barada umumy düşünje birilýär. Agzalýan ýagdaýlaryň görnüşleri, olaryň biri-birlerinden tapawutlandyrylyşy, näme üçin olar daşyndan jenaýata meňzeş bolsalar hem, şolar bilen baglanyşykly etmişleriň jenaýat däldigi, şeýle hem şol edilen etmişler üçin jogapkärçiligiň-de aradan aýrylýandygy we olaryň ähmiýeti barada meseleri öwrenmek örän ähmiýetlidir. Türkmenistanyň JK-niň Umumy böleginiň 57-nji maddasy[1] esasy maddalaryň biri hasap edilýär. Onda jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar görkezilýär. Şol maddanyň 1-nji böleginiň «z» bendi «zerur goranyşyň kanunylygynyň şertleriniň bozulan ýagdaýynda, jenaýat eden adamyny saklanda, ýiti zerurlyk ýüze çykanda, esasly töwekgelçilik ýagdaýynda jenaýat edilmegi» diýlip atlandyrylýar. Zerur goranyşyň kanunylygynyň şertleriniň bozulan ýagdaýynda, jenaýat eden adamyny saklanda, bialaç zerurlyk ýüze çykanda, esaslandyrylan töwekgelçilik ýagdaýynda jenaýat edilmegi hem jenaýat bolsa-da, olar jogakärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar diýlip hasap edilýärler.

[1]Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.26-27

**Çyzgy № 38. Jenaýatçylygy aradan aýyryýan ýagdaýlar**



Kesgitli bir zyýanyň ýetirilýändigine garamazdan, bu ýagdaýlaryň ählisinde jogapkärçilik, kähalatlarda bolsa (buýruk ýa-da görkezme ýerine ýetirilende) günä aradan aýrylýar. Zerur goranyş we jenaýat eden adam saklanan ýagdaýlarynda edilen hereketleriň netijeleri gürrüňsiz jemgyýet üçin peýdaly diýlip hasap edilýär. Şeýle-de bolsa birnäçe hukukçylar bu alamatlary käbir ýagdaýlarda nädogry hasap edýärler. Şonuň bilen birlikde, düzgün bolşy ýaly, beýleki halatlarda hem howp salýan tarapyndan zyýan döredilmegine ýol bermezligi ýa-da az zyýanyň hasabyna uly zyýanyň öňüniň alynmagy (bialaç zerurlykda) aňladan şahsyýet, jemgyýet ýa-da döwlet üçin durmuş taýdan peýdaly netijeleri döredýär. Esaslandyrylan töwekgelçilikde zyýanyň ýetirilmegi diňe bir aklanan däl, eýsem, geljekde ol ylmyň ösmegine, ösen tehnologiýanyň ornaşdyrylmagyna hem ýardam edýär. Kanun çykaryjy şu babyň maddalarynyň konstruksiýasynda (gurluşynda) ýeke-täk manyly düşünjä eýermän, eýsem, birnäçe häsiýetnamalary ulanýar. Bu bolsa şeýle düşünjelere, ýagny zerur goranyşyň, bialaç zerurlygyň çäklerinden çykylmagy, jenaýat eden adam saklananda görnetin çendenaşa zyýanyň etirilmegi, töwekgelçiligiň esaslandyrylandygy, esaslandyrylan töwekgelçilikde zyýanyň öňüni almak üçin ýeterlik çäreleriň görülmegi degişlidir. Agzalan ýagdaýlarda zyýanyň ýetirilmegi bilen baglanyşykly jenaýat işleri kazyýetde seredilende aýratyn kynçylyklary döredýärler.

Etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaýlaryň sanawy Türkmenistanyň hukuk düzgünleriniň ýörelgelerine – kanunçylyk, kanunyň öňünde raýatlaryň deňligi, adalatlylyk we ynsanperwerlik, adyl kazyýetlik we ş.m. ýörelgeleriniň amala aşyrylmagyna, jenaýat kanuny ulanylanda jenaýat eden adam saklananda ony zerur goranyşa, esaslandyrylan töwekgeçiligi bolsa – bialaç zerurlyga degişli

edilen ýagdaýlarda hakyky orun tutýan meňzeşligiň aradan aýrylmagyna laýyk gelýär[1]. Jenaýatçylygy aradan aýyrýan ýagdaýlar kanunalaýyk, jemgyýetçilik bähbitli hasaplanýar, olary amala aşyrmakda adamyň özüni alyp barmagy hereket ýa-da hereketsizlik esasynda bolup durýar. Daşky görnüşi boýunça ol jenaýat kanunynda gadagan edilen jemgyýetçilik howply etmişiň alamatlary bilen meňzeş, ýöne kanuna laýyk hasaplanýar, ýagny goralýan bähbitleri goramaga we jemgyýetçilik peýdaly maksatlary gazanmaga ugrukdyrylan ýa-da zeper ýetirmägi mejbur ediji azat erkiň adamda ýoklugydyr.

**Çyzgy № 39. Etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaýlaryň alamatlary**

Etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaýlaryň alamatlary

Howp ýa-da zyýan döwlete, jemgyýete, şahsyýete ýetirilýär

Edilen etmiş daşky alamatlary boýunça Jenaýat kodeksiniň aýratyn bölüminiň maddalaryna laýyk gelýärler, ýöne jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitleri goraýanlygy üçin olar jenaýatçylykly etmiş däl

[1] Уголовное право. Учебник. Общая часть. Под ред. В.И.Радченко. М.,2004, стр. 266-267

Jenaýat kanuny zerur goranyşyň ýagdaýyny, etmişiň jenaýatçylygyny aradan aýyrýan zerur ýagdaý hem belleýär. Ol jemgyýetçilik bähbitli hasaplanýar we her bir adamyň aýrylmaz hukugy hökmünde seredilýär. Jenaýat hukugy ylmynda we kazyýet tejribesinde abanýan howpa we ondan goranmaga degişli zerur goranyşyň kanunylygynyň şertleri işlenip düzülendir.

Abanýan howpa degişli şertler: abanýan howp jemgyýetçilik howply bolmaly, ýagny ol goralýan bähbitlere zyýan ýetirýär ýa-da şeýle zyýan obýektiw we real howpy döredýär. Kanunalaýyk hereketlere garşy goranyş eger goranýanyň çägi ýa-da hukukdan mahrum bolmagy kanunyň talaby bilen, ýa-da hökmany buýruk bilen ýerine ýetirilen bolsa, ýa-da disiplinar häkimlik bilen ýerine ýetirilen bolsa, zerur goranyş hasaplanmaýar.

### § 2. Zerur goranyş barada düşünje. Zerur goranyşyň hukuk ähmiýeti. Zerur goranyş esaslary, şertleri we çäkleri. Zerur goranyşyň çäklerinden çykmak bilen jenaýat etmek

Türkmenistanyň JK-niň Umumy böleginiň 7-nji baby «Etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar» diýlip atlandyrylýar, onuň birinjisi ýagdaýy 37-nji madda, ýagny **“Zerur goranyşdyr”.** Şoňa laýyklykda:

(1) Eger çozuş goranýanyň ýa-da başga adamyň jany üçin howply zorluk ulanmak ýa-da gös-göni şeýle zorlugy ulanmak haýbatyny atmak bilen edilse, hyýanat edýäne islendik zyýan ýetirmek arkaly şahsyýetiň, goranýanyň, başga adamyň, jemgyýetiň we döwletiň hukuklarynyň we kanunyň

bähbitleriniň goralmagy jenaýat bolmaýar we kanunylyga laýyk hasap edilýär.

(2) Goralýanyň ýa-da başga adamyň jany üçin howply bolan zorluk bilen ýa-da şeýle zorluk ulanmak haýbaty bilen baglanyşykly bolmadyk çozuşdan goranmak, eger şunda zerur goranyşyň çäklerinden aňry çykmaga ýol berilmedik bolsa, ýagny hyýanatçylygyň häsiýetine we howpuna açyk laýyk gelmeýän bilkastlaýyn hereketlere ýol berilmedik bolsa, ol kanunylyga laýyk hasaplanylýar.

(3) Hyýanatçylykdan gutulmaga ýa-da başga adamlara ýa-da häkimiýet edaralaryna kömek üçin ýüz tutmaga mümkiçilige garamazdan, adama zerur goranyşa bolan hukuk degişlidir”[1].

Zerur goranyş diýlende – hyýanat edýäne zyýan ýetirmek arkaly jemgyýetçilik howply çozuşdan goranylmagyna düşünilýär. Her bir adam jemgyýetçilik howply çozuşdan öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini, başga Şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga hakylydyr. Zerur goranyşa bolan hukuk adamyň doglup, dörän ýaşaýşa bolan tebigy hukuklaryndan gelip çykýar.

[1] Түркменистаныñ Јенаят kodeksi,. A., 1997. Sah.17

**Çyzgy № 40. Zerur goraýyşynyň alamatlary**

| |
|---|
| Zerur goraýyşynyň alamatlary |
| Adam tarapyndan amala aşyrylan hereket ýa-da hereketsizlik. |
| Mejbury halatynda edilen |
| Daşky alamatlary boýunça jenaýata meňzeş, emma günäli däl |

**Zerur goranyş diýlende** – hyýanat edýäne zyýan ýetirmek arkaly jemgyýetçilik howply çozuşdan goranylmagyna düşünilýär. Her bir adam jemgyýetçilik howply çozuşdan öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini, başga Şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga hakylydyr. Zerur goranyşa bolan hukuk adamyň doglup, dörän ýaşaýşa bolan tebigy hukuklaryndan gelip çykýar. Zerur goranyş – bu jumgyýet üçin howplulygy we hukugagarşylygy aradan aýyrýan, has takygy etmişiň jenaýatçylyklydygyndan we jezalydygyndan goraýan ýagdaýdyr. Bu hereketler hakykat ýüzünde daşky görnüşinden jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýat alamatlary bilen gabat gelýän hem bolsa, eýsem olar tersine, jenaýatlaryň öňüniň alynmagy we jemgyýetiň bähbitlerine gulluk edýändigi üçin

peýdalydyrlar. Zerur goranyşyň amala aşyrylmagy – raýatlaryň subýektiw hukugydyr. Raýatlaryň üstüne goranmak aktyny amala aşyrmak hukuk-borjy ýüklenmedikdir. Käbir kesgitlenen ýagdaýlarda jenaýatçylykly çozuşdan goranmak ählak, raýatyň jemgyýetçilik borjy diýlip, hasap edilip bilner. Ýöne käbir keksgitli ýagdaýlarda derejeli şahsyýetler üçin diňe bir ählak däl, eýsem, bolup geçýän çozuşlardan goranmak borjy hem bolup biler. Bu şahsyýetleriň sanawyna polisiýa işgärleri, harby gullukçylar, beýleki Milli howpsuzlyk gullugynyň, Döwlet Goragynyň, beýleki gorag gulluklarynyň işgärleri, inkassatorlar we beýlekiler degişlidirler. Bu şahsyýetler tarapyndan zerur goranyş aktynyň amala aşyrylmagy olaryň gulluk borçlary hasap edilýär.

Zerur goranyşyň hukuga laýyk şertlerini çozuşa we goranyşa degişliligi boýunça bölmek gerekdir. Çozuşyň a) jemgyýet üçin howplulygy, b) ýüze çykanlygy, ç) hakykylygy (reaj) hökmanydyr.

Diňe hukuk taýdan goralýan bähbitlere jemgyýet üçin howply çozuş amala aşyrylanda adamyň goramak hukugy döredýär. Şonuň üçin psihiki keselleriň, kiçi ýaşlylaryň ýa-da hakyky ýalňyşlyk boýunça ony günäkär hasap edip, şonuň täsirinde hereket edýän Şahsyýetiň çozuşyndan goranmaga ýol berilýär[1]). Gulluk ýagdaýyndan hyýanatly peýdalanmak ýoly bilen raýatlaryň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine çozuş edýän wezipeli şahsyýetleriň bikanun hereketlerine garşy hem zerur goranyşa ýol berilýär. Bu ýerde gürrüň görnetin, düşnikli eden-etdilik hakynda gidýär. Eger-de wezipeli şahsyýetiň hereketleri daşky görnüşi boýunça kanuny talaplara laýyk gelse, onda düzgün boýunça zorlukly garşylyk aklanylyp bilinmez.

[1] БВС СССР. 1984. № 5. С. 10.

**Çyzgy № 41. Zerur goranyşyň kanuny esaslary (TJK-nyň 37-nji maddasy)**

Zerur goranyşyň kanuny esaslary (TJK-nyň 37-nji maddasy)

Çozuşa degişli

Goranyşa degişli

Çozuş jemgyýet üçin howply döwletiň, jemgyýetiň, şahsyýetiň jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlere zyýan ýetirýar ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döredýär

Goraýyş zerur goranyşyň çäginden çykmaly däl

Çozuş hakyky bolmalydyr.

Döwletiň, jemgyýetiň, şahsyýetiň başga adamlaryň bähbitlerini çozuşdan goramaly

Çozuş başlanmaly ýöne gutarylmaly däl

Çozuş zorluk ulanmak howpuny döredýär

Goraýyş wagty zyýan diňe çozuş edýan adama ýetirilmelidir

Çozuş hökman ýüze çykan bolmalydyr, ýagny başlanan (ýa-da başlanmaga ýakyn) hem-de entäk gutarmadyk

bolmalydyr. Ol öňi alnyp bilinmeýän ukypdan peýdalanylýan bolmalydyr, tizden-tiz jemgyýet üçin howply zyýan ýetirilmelidir. Eýýam amala aşyrylyp başlanan ýa-da çozuşiň şu wagt, tizden-tiz amala aşyrylyp bilinjekdigi düşnükli, ol şol derejede görnüp duran, amala aşyrylmaga yzygiderli haýbat atýan çozuş bar diýlip hasap edilýär. Bu ýerde anyk sözler bilen ýaraglaryň görkezilmegi we beýleki usullar haýbata şaýatlyk edip bilerler. Haçanda çozuş gutaran hem-de eýýam howp salmaýan bolsa, onda ol bar diýlip hasap edilmeýär. Jemgyýet üçin howply bolan çozuşyň anyk gutaran mahaly zerur goranyşyň gutaran wagty hasap edilýär.

Hukuk edebiýatynda şeýle görkezilýär: «Eger-de zyýan çozuş tamamlanandan soň ýa-da gutarandan hem-de goranmak serişdelerini ulanmagyň zerurlygy ýatandan soň ýetirilen bolsa, onda goranýanyň çozuş edýäne zyýan ýetiren hereketleri zerur goranyş ýagdaýynda amala aşyrylan diýlip hasap edilip bilinmez. Bu ýagdaýlarda jogapkärçilik umumy esaslar boýunça ýüze çykýar. Işi kazyýetde seredilýäniň beýle hereketlerine dogry ýuridiki baha bermek maksady bilen kazyýetler wakanyň ähli ýagdaýlaryny nazara alyp, ol tarapyndan edilen hereketler jemgyýet üçin howply çozuşy oýaryp biljek duýdansyz dörän güýçli psihiki tolgunma ýagdaýynda amala aşyrylandygyny ýa-da däldigini anyklamalydyrlar. Çozuş edýän tarapyndan goranýana çozuş edýän wagtynda ulanan ýaragy ýa-da başga predmeti çalyşmaga geçilen wagty öz-özünden çozuşyň gutarandygy barada şaýatlyk edip bilmez[1]».

Çozuş hökman hakyky, real bolmalydyr, içki pikir görnüşinde bolmaly däldir, obýektiw hakykatda bar bolmalydyr, goranýanyň içki garaýşynda bolmaly däldir. Hakyky çozuşyň

---

[1] Комментарии к Уголовному Кодексу Российской Федерации. Под. ред. В.М.Лебедева. М.,-2002.
стр. 76-77

alamaty zerur goranyş bilen hyýaly goranyşyň arasyndaky çäklerde geçirilmäge ýol berýär. Hyýaly goranyş – bu hyýaly pikirdäki, ýöne hakykat ýüzünde ýok bolan çozuşdan goranmakdyr.Hyýaly goranyşyň ýuridiki netijesi umumy düzgünler boýunça hakyky ýalňyşlyk hasap edilýär. Eger-de hakyky ýalňyşlyk niýeti we seresapsyzlygy aradan aýyrýan bolsa, onda hyýaly goranyş ýagdaýynda amala aşyrylan hereket üçin jenaýat jogapkärçiligi aradan aýrylýar. Beýle ýagdaýlarda adam jemgyýet üçin howply çozuşyň ýokdugyna diňe bir düşünip bilmän, eýsem işiň ýagdaýlaryna görä düşünmegi mümkin hem däldir. Ýagdaýyň daşyndan – ol günäsiz zyýan ýetirmekdir.

Hukuk edebiýatynda şeýle görkezilýär, ýagny “haçanda wakadaky ýagdaý hakyky çozuşyň amala aşyrylandygy barada pikir etmäge esas döredýän bolsa, hem-de goranmagyň serişdelerini ulanýan şahsyýet özüniň pikiriniň ýalňyşlykdygyna düşünmän galsa we düşünmek mümkin bolmadyk bolsa, onda şeýle ýagdaýlarda hyýaly goranyş jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýar[2]”. Eger-de hyýaly çozuş edýäne zyýan ýetiren şahsyýetiýet dörän ýagdaýda hakykatdan hem ýalňyşlyk goýberip, hakyky çozuşyň ýokdugyna düşünmedik bolsa, ýöne işiň ýagdaýlaryna görä düşünmeli we düşünmegi mümkin bolan bolsa, onda zyýan üçin jogapkärçilik seresapsyzlyk bilen edilen jenaýatyňky ýaly bolýar. Hyýaly goranyşyň we zerur goranyşyň kesgitlenen hökmany şertleriniň bardygyny göz öňünde tutmak gerekdir: zerur goranyş – real çozuşyň barlygydyr, hyýaly goranyş – şeýle çozuş bar diýip hasap edilip amala aşyrylan hereketdir.

[2] БВС СССР. 1984. № 5. С. 10.

Haçanda şahsyýetiýet jebir çekeniň özüni alyp barşyndan ýa-da iş boýunça ähli ýagdaýlardan çozuşdan goranmak üçin hiç hili real esasyň ýoklugynda, çozuşy düýbünden esassyz bar diýip hasap etse, onda ol umumy esaslyra görä bilkastdan jenaýat edendigi üçin jogapkärçilige degişlidir. Beýle ýagdaýlardaky şahsyýetiň hereketleri hyýaly goranyş bilen baglanyşykly däldir, jebir çekene bolsa zyýan günäkär tarapyndan hiç hili aklanyp bilinmejek, güman edip amala aşyran hereketleriniň netijesinden ýetirilýär.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, jemgyýetçilik howply etmişlerden goranmaga degişli şertleri bardyr:

a) diňe bir goranýanyň öz bähbitlerini däl, eýsem başga şahsyýetleriň bähbitlerini, şeýle hem, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini goramaga-da ýol berilýär;

b) goranyş bialaç zerurlykdaky ýaly üçünji (degişli däj)şahsyýetlere däl-de, çozuş edýäne zyýan ýetirmek ýoly bilen amala aşyrylýar;

ç) goranyş öz wagtynda bolmalydyr;

d) goranyş zerur goranyşyň çäklerinden aňry çykmaly däldir.

Zerur goranyşdaky goragyň aýratynlygy onuň aktiw häsiýeti hasap edilýär. Zerur goranyşda gorag garşylyklaýyn hüjüm, garşylyklaýyn çozuş hasap edilýär. Diňe şeýle gorag abanýan howpdan ynamly kepillendiriş berip biler. Hyýanatçylykdan gutulmaga ýa-da başga adamlara ýa-da häkimiýet edaralaryna kömek üçin ýüz tutmaga bolan mümkinçiligine garamazdan, adama zerur goranyşa bolan hukugyň degişlidigi (TJK-niň 37-nji m 3b) baradaky kanunyň görkezişi wajyp ähmiýete eýedir[1].

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.17

Käbir ýagdaýlarda zerur goranyşyň düzgünleri ulanylanda adamyň öldürilmegi ýa-da ten şikesleriniň ýetirilmegi hem mümkindir. Şeýle ýagdaýlarda çozuş eden tarapyň kimdigini jikme-jiklikde anyklamak zerurdyr. Emma welin urşy kimiň başlandygyna garamazdan, oňa gatnaşyjylaryň şeýle ýagdaýlarda zerur goranyşa bolan hukugy döräp biler, haçanda:

1) uruşýanlaryň biri birden urmakylygyň çäklerinden çykýar we has-da agyr zeper ýetirmeklige çalyşýar;

2) gatnaşyjylaryň biri urşuň dowam edilmeginden ýüz dönderýär ýa-da urşy hakykatdan hem bes edýär (ýykylýar, gaçmaga çalyşýar we ş.m.), beýlekisi bolsa urşmagy dowam etdirýär.

Goranyş öz wagtynda bolmalydyr. Ol jemgyýet üçin howply hyýanatyň wagtyna laýyk, gabat gelmelidir. «Wagtyndan öň» ýa-da «gijä galan goranyş» zerur goranyş diýen düşüjäniň özi bilen baglanyşykly däldir. Haçanda goranýan çozuşyň gutarandygyna düşünmän, hyýanat edýäne haýsydyr bir zyýany ýetiren ýagdaýlarynda bolsa «gutaran çozuşyň yzyndan gönüden-göni dowam eden goranyşy zerur goranyşyň ýagdaýynda bolan diýip hasap edip hem bolar, ýöne işiň ýagdaýlaryna görä onuň gutaran pursaty goranýan üçin düşünikli bolmandygy» baradaky görkezişinden ugur almak gerekdir.

Goranyş zerurlygyň çäklerinden aňry geçmeli däldir. Zerur goranyşyň çäklerinden çykylmagy (eksses) - jemgyýet üçin howply çozuşyň häsiýetine we derejesine görnetin gabat gelmeýän bilkastlaýyn edilen hereketdir. Bu diýildigi görnetin gerek bolmadyk ýagdaýda agyr şikesiň ýetirilmegi diýmekligi aňladýar[1]. Kanunyň manysyna görä zerur goranyşyň

çäklerinden çykmak diýlip, haçanda Türkmenistanyň JK-niň 103-nji maddasynyň 1-nji ýa-da 110-njy maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen zerursyzlykdan hyýanat edýäne bilkastlaýyn zyýan ýetirmeklige aýdylýar (adam ölddürmek ýa-da saglyga agyr ýa-da ortaça agyrlykdaky şikesi ýetirmek). Hyýanat edýäne jemgyýetçilik howply çozuşyň barlygynda seresapsyzlykdan zyýanyň ýetirilmegi jenaýat jogapkärçiligine çekip bilmez. Jenaýat kanunçylygynda zerur goranyşyň çäklerinden çykylmagy netijesinde amala aşyrylan jenaýatlaryň subýektiw tarapy baradaky mesele edil şoňa laýyklykda çözülýär. Goranyş ýagdaýynda saglyga ýeňil şikesiň ýetirilmegi, şeýle hem, urmak ähli ýagdaýlarda hukuga laýyk goranyşyň çäklerine degişli hasap edilýärler. Bu ýagdaýlar raýatlaryň jenaýatçylykly çozuşlardan goranmaga bolan hukugyny giňeldýär. Diňe hyýanat edýäniň öldürilmegi ýa-da onuň saglygyna agyr ýa-da ortaça agyrlykdaky şikesiň ýetirilmegi bilen baglanyşykly ýagdaýlarda, elbetde, haçanda ol zyýan çozuşyň häsiýetine we howpuna açyk laýyk gelmedik bolsa, goranyşyň ekssessi baradaky mesele ýüze çykyp biler. Zerur goranyşyň çäklerinden çykylmagynda ilki bilen hyýanat edýäniň ýetiren zyýany bilen goranyşda ýetirilen zyýanyň, goranyşyň usullarynyň we serişdeleriniň, bir tarapdan hem usullarynyň hem serişdeleriniň – beýleki bir tarapdan bolsa goragyň täsirliliginiň we çozuşyň täsirliliginiň açyk (tapawutly) gabat gelmezligi bilen baglanyşykly ýagdaýlary nazara alynýar.

Kesgitli ýagdaýlarda ýaragsyz çozuşyň adamyň jany üçin gutulgysyz howply bolup bilmegi hem mümkindir, onuň ýarag serişdesi bilen öňüniň alynmagy bolsa doly aklanylýandyr. Adamlar güýji, oňaýy, ýarag ulanyp ýa-da ýaragsyz goranyp bilişi boýunça tapawutlanýarlar. Goranyş wagtynda hyýanat edýäniňki ýaly ýaragy ulanmak baradaky talap jenaýatça garanyňda goranýany agyr ýagdaýda goýýar. Elmydama gabat

geljek serişdeler bilen goranmak mümkin däldiginden ugur alyp, goranýanyň ulanýan goranyş usullary we serişdeleri bilen çozuşyň usullarynyň we serişdeleriniň gabat gelýändigi ýa-da gabat gelmeýändigi barada pikirlenmäge wagtynyň ýokdugy göz öňünde tutulmalydyr. Çozuş zerarly dörän psihiki tolgunma ýagdaýynda goranýan şahsyýet elmydama howpuň häsiýetini kesgitläp hem-de goranyşa laýyk serişdeleri anyk saýlap bilmeýär[1].

Diňe hyýanat edýäniň we goranýanyň şahsyýetiýetini, işiň anyk ýagdaýlaryny jikme-jik anyklandan soň zerur goranyşyň çäklerinden çykylandygy baradaky netijä gelmek bolar. Diňe çozuş we goranyş serişdeleriniň laýyk gelendigini ýa-da laýyk gelmändigini däl-de, eýsem goranýana abanýan howpuň häsiýetini, onuň hyýanat edýäne garanyňdaky güýjini we mümkinçilgini, şeýle hem hyýanat edýäniň we goranýanyň güýçlerine real täsir edip biljek beýleki ýagdaýlary (hyýanat edýänleriň we goranýanlaryň sanyny, olaryň ýaşlaryny, fiziki ösüşlerini, ýaraglaryň barlygyny, çozuşyň ýerini, wagtyny we ş.ž)göz öňünde tutmak hömandyr[1]. Topar tarapyndan çozuş edilende goranýan toparyň ählisiniň hereketleriniň howpuny we häsiýetini kesgitleýän goranyş çäresini hyýanat edýänleriň islendik birine ulanmaga hakylydyr. Elbetde, beýle ýagdaýlarda ilki bilen zerur goranyş ýagdaýynyň dörändigini we abanýan howpdan goranmak maksady bilen amala aşyrylan hereketleri anyklamak zerurdyr, şondan soňra bolsa goranyş çozuşyň howpuna we häsiýetine açyk gabat gelmändigniň bolandygy bahalandyrylmalydyr[2]. Hünärmen ýa-da beýleki ýörite

[1] Комментарий к уголовному кодексу Российской Федерации. Под ред. В.М.Лебедева и Ю.И.Скуратова. М.,-2002. Стр. 80.
[2]БВС СССР.1984.№ 5. С. 12.

taýýarlyk ýa-da gulluk ýagdaýyna bagly bolmazdan, islendik şahsyýetiýet zerur goranyşa bolan hukuga eýedir[1].

Zerur goranyşyň kanunçylyk şertlerniň goranyşa degişlileri:

a) Goranyş çozuş edýäne zyýan ýetirilmäge ugrukdyrylan aktiw hereketdir. Munuň bilen goranygyň esasy maksady goralýan bähbitleri goramakdyr Goranyş üçinji bir adama garşy ugrukdyrylan bolmaly däldir. Eger şeýle bolsa, onda bialaç zerurlyk düzgüni ulanylýar. Kast edişiň subýekti diňe fiziki sahsyýetyýet bolup biler. Çozuş edýän adama ýetirilen zyýan öldürmek, saglyga agyr ýa-da beýleki derejede zeper ýetirmek, urmak we ş.m. beýan edilýär.

b) Diňe bir goranýanyň şahsyýetiýeti we hukugy kanuny bolman, eýsem, beýleki adamlaryň, şeýle-de, jemgyýetçilik we döwlet bähbitlerniň goralmagy hem kanundyr. Kazyýetler şeýle ýagdaýlary bahalandyrmakda ýalňyşlyk goýberlýärler, ýagny kast edişde goranmak hukugyny diňe özüne howpdan goranýana berýärler.

c) Goranyş zerur goranyşyň çäklerinden çykmaly däldir. Ylymda we kazyýet tejribesinde şeýle çäkler çozuşyň intensiwligini we goralýan bähbidiň gymmatlygyny häsiýetlendirýän alamatlaryň jemligi bilen kesgitlenýär. Çozuşyň intensiwliginiň hil tarapy bolanda, onuň jemgyýetçilik howplulyk derejesini häsiýetlendirýän jenaýatyň wagty, ýeri, kast ediş usuly, ýaragy we serişdesi, onuň fiziki ýagdaýy we ýaşy ýaly obýektiw we subýektiw alamatlaryň jemligine düşünilýär.

Zerur goranyşyň çäklerinden çykylmagy diýlip, jemgyýetçilik howply kast edişiň häsiýetine we derejesine laýyk gelmeýän bilkastlaýyn hereketler hasaplanýar. Kast edişiň häsiýeti we howpy boýunça goranyşa açyk-aýdyň laýyk

[1] Курс советского уголовного права. Ленинград, 1968. Т.1. С. 492.

gelmeýär. Çozuş edýäne seresapsyzlykdan zyýan ýetirilen halatynda jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykyp bilmez.

Zerur goganyş çäklerinden çykmak bilen ýa-da jenaýat eden adam tutulanda saglyga bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyrlykdaky şikes ýetirilmegi aýratyn öwrenmelidir. Türkmenistanyň JK-niň 110-njy maddasynda iki sany özbaşdak jenaýatlar üçin jogapkärçilik kesgitlenilendir:

a) zerur goranyşyň çäklerinden çykmak bilen saglyga bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyrlykdaky şikesiň ýetirilmegi (1 b.),

b) jenaýat eden adamy tutmak üçin zerur çäklerden çykmak bilen saglyga bilkastdan agyr ýa-da ortaça agyrlykdaky şikesiň ýetirilmegi (2 b.). Bu bolsa jenaýat eden adam tutulanda oňa şikesiň ýetirilendigi üçin bilkastdan edilen jenaýatyňky ýaly jogapkärçiligiň bardygyny aňladyp, jenaýatkäri saklaýan şahsyýetleriň hukuklaryny gysýar.

Türkmenistanyň JK-niň 110-njy maddasynyňy ulanmak şertleri ýokarda JK-niň 103-nji maddasynyňy ulanmak şertleriniň bellenilip geçilişi ýalydyr. JK-niň 110-njy maddasynyň 1-nji bölegĭnde göz öňünde tutulan etmişiň obýektiw tarapy goranýan tarapyndan jemgyýet üçin howply çozuş edýäniň saglygyna agyr şikesiň ýetirilmeginden durýar, ýöne zerur goranyşyň çäklerinden çykylmagy bilen, ýagny goranyşyň jemgyýet üçin howply bolan çozuşyň häsiýetine we derejesine açyk laýyk gelmezligi hökmandyr.

Zerur goranyşyň çäklerinden çykmak bilen iki ýa-da şondan-da köp çozuş edýänleriň, şeýle hem iki ýa-da şondan-da köp jenaýat eden adamlary saklamak üçin zerur bolan çäklerden çykylmagy bilen olaryň saglygyna agyr ýa-da ortaça agyrlykdaky şikesiň ýetirilmegi bilen baglanyşykly ýagdaýlar – TJK-niň 110-njy maddasynyň 1-nji we 2-nji bölekleri boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidirler. Bilkastdan saglyga agyr

şikesiň ýetirilmegi netijesinde seresapsyzlyk boýunça çozuş edýäniň (zerur goranyşyň çäklerinden çykmak bilek)ýa-da saklanýanyň (saklamak üçin zerur çäklerden çykmak bilek)öldürilmegine getiren etmiş hem edil şu madda bilen maddalaşdyrylýar. Zerur goranyş hem-de jenaýatkäri saklamak ýagdaýynda çozuş edýäniň ýa-da tutulyp saklanýanyň saglygyna bilkastdan ýeňil şikesiň ýetirilmegi elmydama özüňi alyp barmagyň kanunylygyna laýyk çäklere degişli hasap edilýär we jenaýat jogapkärçiligine eltmeýär[1].

Zerur goranyş çäklerinden çykmak ýa-da jenaýat eden adamy tutmak üçin zerur çäklerden çykmak bilen adam öldürmek ýagdaýyny öwrenmekde belli bir düzgünleri öwrenmeli. TJK-niň 103-nji maddanyň 1-nji bölegi[1] boýunça, eger jemgyýet üçin howply bolan çozuşdan goranmakda, ýöne zerur goranyşyň çäklerinden çykmak, ýagny jemgyýet üçin howply bolan çozuşyň häsiýetine we derejesine açyk laýyk gelmezligi bar bolan ýagdaýlarynda jogapkärçilik ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýlarda öňi bilen zerur goranyş ýagdaýynyň dörändigini we jemgyýet üçin howply bolan çozuşdan goranmak maksady bilen amala aşyrylan hereketleri takyklamak hökmandyr, şondan soň bolsa çozuşyň häsiýeti we howpy bilen goranyşyň açyk laýyk gelmändigi, Şahsyýetiň hukuga laýyk zerur goranyş çäklerinden çykandygy anyklanylmalydyr[1].

---

[1] Комментарий к Уголовному кодексу Российской Федерации. Под ред. В.М.Лебедева и Ю.И.Скуратова.
М.,-2002. /ст. 114, стр. 295-297/.

[2]Уголовное право. Особенная часть. Учебник. Под ред. И.Я.Козаченко,

З.А.Незнамова. Г.П.Новоселов.

М.,- 2001. /стр. 72-73/.

[3] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.17

Zerur goranyş ýagdaýýnyň hukuga laýyk şertleriniň berjaý edilmegi bilen hyýanat edýäniň öldürilmegi jenaýat hasap edilmeýär we şonuň üçin hem jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýar. Bu etmiş jemgyýet üçin howpludyr we kanunylyga laýyk däldir. Şahsyýetiň hukuk taýdan goralýan bähbitlere garşy jemgyýet üçin howply bolan çozuşyň barlygynda adam öldürendigi baradaky hakykat jogapkärçiligi ýeňilleşdirýär. TJK-niň 103-nji maddasynyň 1-nji böleginde[1] göz öňünde tutulýan jenaýatyny adam öldürmegiň ýeňillikden peýdalanýan görnüşine degişli edýär.

Zerur goranyşyň çäklerinden çykylmagy (goranyşyň eksesi) jemgyýet üçin howply bolan çozuşyň häsiýetine we derejesine açyk laýyk gelmeýän bilkastlaýyn hereketleri özünde saklaýar (TJK-niň 37-nji m 3 b[2]). Zerur goranyşyň çäklerinden çykylmagy bilen adam öldürmek hyýanat edýäniň zyýan ýetirmek howpunyň we goranyş hereketleriniň netijesinde ony janyndan mahrum etmegiň arasyndaky, bir tarapdan goranyşyň usullarynyň we serişdeleriniň, beýleki bir tarapdan çozuşyň hem usullarynyň, hem serişdeleriniň arasyndaky, goranyşyň intensiwliligi (güýçlüliginiň ýokary derejesi) bilen çozuşyň intensiwliliginiň arasyndaky açyk (ýiti, tapawutly, ikirjeňlenmäge degişli däj)laýyk gelmezliginiň netijesi hasap edilýär (meselem, uly möçberde bolmadyk ogurlygy ýa-da talaňçylygy amala aşyran Şahsyýetiň öldürilmegi, ýaragsyz huliganyň ok atýan ýarag bilen öldürilmegi, has gowşak Şahsyýetiň jany ýa-da saglygy üçin örän howply ýaralanylmagy). Bu takyk ýagdaýlarda goranýan goragyň görnüp duran pesiräk howply usullaryny, has ýumşagrak serişdelerini amala aşyrmak mümkinçiligini ulanmaýar[3].

---
[4] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.17

Goranýanyň hereketlerinde zerur goranyşyň çäklerinden çykylýandygyna seredip, hukuk ulanýan edaralar «çozuşyň häsiýetine we howpuna goranyşyň açyk laýyk gelmezligi» baradaky umumy kesgitlemäniň iş ýörediş resminamalary bilen çäklenmän, zerur goranyşyň çäklerinden çykylmagynyň edil nämede aňladylandygyny we haýsy subutnamalar bilen şol netijäniň esaslandyrylandygyny takyk görkezmelidirler[1].

Haçanda goranýan hyýanat edýän üçin has-da ýumşagrak serişdeler bien çozuşy yzyna gaýtarmak mümkinçiliginiň bardygyny görüp, emma muňa garamazdan onuň üçin görnetin artykmaç, aklanyp bilinmejek, aýratyn agyr serişdeleri ulanan bolsa, diňe şol ýagdaýda edilen etmiş zerur goranyşyň çäklerinden çykylan diýlip hasap edilýär[2]. Jemgyýet üçin howply çozuşyň yzyna serpikdirilmeginde seresapsyzlyk bilen hyýanat edýäniň öldürilmegi jenaýat jogapkärçiligine eltip bilmez. Şeýle ýagdaýlarda jenaýatyň düzümi ýokdur. Munuň manysy, eger goranýan çozuşy yzyna gaýtaranda, meselem, pistolet ýa-da tüpeň bilen hyýanat edýäniň eline ýa-da aýagyna gönükdirip atýar, emma ok kelleden ýa-da adamyň jany üçin wajyp bolan başga organyndan degýär, netijede bolsa adam ölýär, bu jolgapkärçilige degişli däldir.

Kanunylyga laýyk goranyşdaky ýaly zerur goranyşyň çäklerinden çykylmagynda jemgyýet üçin howply çozuşdan goranmagyň delili onuň esasy hasap edilýär. Jenaýatyň subýekti – on alty ýaşyna ýeten şahsyýet bolup biler. Haçanda zerur goranyş ýagdaýynda hukuk goraýjy we gözegçilik ediji edaralaryň wezipeli şahsyýetleri tarapyndan onuň çäklerinden çykylyp, hyýanat edýän öldürilse, jogapkärçilik wezipe ygtyýarynyň çäklerinden çykylandygy üçin (TJK-niň 182-

---

[1] БВС СССР. 1984. №5. С. 12.

nji) däl-de, TJK-niň 103-nji maddasynyň 1-nji bölegi boýunça ýüze çykýar. Eger-de zerur goranyşyň çäklerinden çykmak bilen Türkmenistanyň JK-niň 101-nji maddasynda görkezilen (meselem, iki ýa-da şondan-da köm)agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň barlygynda adam öldürilse, onda edilen etmiş JK-niň 103-nji maddasynyň 1-nji bölegi boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

Zerur goranyşyň çäklerinden çykmak bilen adam öldürilmegi (TJK-niň 103-nji m 1 b), edil şonuň ýaly jemgyýet üçin howply bolan çozuşyň täsirinden döreýän, gazaplanma ýagdaýynda adam öldürmekden (TJK-niň 102-nji[1] m.) tapawutlandyrmak zerurdyr. Eger-de birinji hemişe şonuň ýaly çozuşdan goranmak maksady bilen amala aşyrylan bolsa, onda ikinji üçin başga hili deliller häsiýetlidirler (ar almak, gabanmak we başgalar). Şonuň ýaly-da, zerur goranyşyň çäklerinden çykmak bilen adam öldürilmegi arkaýynlyk, sowukganlylyk bilen baglanyşykly psihiki ýagdaýy göz öňünde getirmek kyn bolsa-da, onuň üçin güýçli tolgunma alamaty hökman däl diýlip hasap edilýär.

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah

**§ 3. Jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirmek barada düşünje we onuň ähmiýeti. Jenaýaty eden adamy häkimiýet edaralaryna eltmek we täze jenaýatlaryň öňüni almak üçin saklananda zyýan ýetirilmeginiň hukuk esaslary, şertleri we çäreleri. Jenaýat eden adamy tutmak üçin zerur çäklerinden çykmak bilen jenaýat etmek**

Türkmenistanyň JK-niň 38-nji maddasyna laýyklykda[1]

"(1) Jenaýat eden adam häkimiýet edaralaryna eltmek we täze jenaýatlary etmek mümkinçiliginiň öňüni almak üçin saklananda, eger ol garşylyk bildirse we şunlukda zerur çärelerden aňry geçmäge ýol berilmedik bolsa, oňa zyýan ýetirilmegi jenaýat däldir.

(3) Jenaýat eden adamy saklamak üçin zerur bolan çärelerden aňry geçilmegi diýlip, saklanylan adam tarapyndan edilen etmişiň häsiýetine we howpuna we saklamagyň ýagdaýlaryna olaryň açyk laýyk gelmezligi, haçanda şol adama zerurlyk bolmazdan, ýagdaýyň talap etmeýän hetdenaşa açyk zyýanyň ýetirilmegi hasap edilýär. Şeýle çäklerden çykmakylyk diňe bilkastlaýyn zyýan ýetirilen halatlarynda jogapkärçilige eltýär".

[1] Тӱркменистаныñ Јенаят кодекси. Ашгабат, 1997.17-18

**Çyzgy № 42. Jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirmeginiň hukuk esaslary (TJIÝK-nyň 140-njy maddasy, TJk-nyň 38-nji maddasy)**

| |
|---|
| Jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirmeginiň hukuk esaslary (TJk-nyň 38-nji maddasy) |
| Zyýan döwlet edaralaryna ýa-da kazyýete eltmek maksady bilen ýetirilip bilner. |
| Zyýan diňe jenaýatçylykly etmişi eden adama ýetirimelidir. |
| Ýetirilen mejbury çäre bolmalydyr, haçanda başga usullar bilen jenaýat eden adamy saklap bolmasa |
| Jenaýat eden adam saklananda oňa ulanylýan usul we ýetirilen zyýan jenaýat eden adamyň şahsyýetine we eden Jenaýatyňa laýyk bolmalydyr |
| Jenaýat kodeksiniň 38-nji maddasyna laýyklykda jenaýat eden adam saklananda bilkastdan zyýan ýetirse, onda jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykýar. |

Jenaýat eden adam saklananda oňa mejbury zyýanyň ýeterilmegi baradaky düzgüni özüniň kanuny berkitmesinde hereket edýän Jenaýat Kodeksinde kabul etdi. Bu meseläniň kanun tarapyndan çözülmeginiň örän uly ähmiýeti bardyr. Bir tarapdan ol şeýle zyýanyň ýetirilendigi üçin esassyz jogapkärçilge çekilmezlik barada kesgitli kepillendiriş döredýär, beýleki bir tarapdan bolsa, jenaýatkäri özbaşdak jezalandyrmaga we onuň bilen özbaşdak hasaplaşmaga bolan mümkinciligi kepillendirmek diýlip hasap edilýär. Jenaýat eden adamyň saklanmagy diýen nama özüniň hukuk tebigaty

boýunça raýatlaryň hukuga garşy hereketleri amala aşyrýan häkimiýet edaralaryna eltmäge bolan şahsyýeti hukuklarynyň amala aşyrylmagy, käbir ýagdaýlarda bolsa – raýatlaryň ählak borçlarynyň ýerine ýetirilmegi diýlip hasap edilýär. Käbir şahsyýetler üçin, hususan-da polisiýa we beýleki içeri işler gullugynyň işgärleri, milli howpsuzlyk gullugynyň işgärleri üçin jenaýatkäriň saklanylmagy hukuk-gulluk borçdyr. Kriminal hyýanaty amala aşyrýan adama mejbury zyýanyň ýetirilmegi etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaý diýlip hasap edilýär. Şonuň üçin hem ony zerur goranyş namasy bilen deňeşdirmegiň hiç-hili zerurlygy ýokdur. Jenaýaty amala aşyran ýerinde şahsyýetiň saklanylmagy bilen başga hili ýagdaýlaryň şol şahsyýet tarapyndan hyýanat edilmeginiň gabat gelşi seýrek däl, şonuň üçin hem zerur goranyşyň çäklerinden çykylmagy baradaky mesele ýüze çykmaýar. Eger-de saklanýan, meselem, häkimiýet wekilleriniň kanuny hereketlerine ýa-da raýatlara garşylyk görkezse hem-de ol jemgyýet üçin howply çozuşa öwrülse, onda derrew zerur goranyşa bolan hukuk döreýär. Beýle ýagdaýda hyýanat edýäne ýetirilen zyýan zerur goranyş ýagdaýy bilen aklanýar[1].

Bu meseläniň özbaşdak çözülmegi diňe zerur goranyş ýagdaýynyň ýoklugynda talap edilýär. Şeýle ýagdaýlarda saklanýan eýýäm aktiw çozuş edýän tarap diýlip hasap edilmeýär, saklanmakdan boýun gaçyrmaga çalyşýar. Şol bir hatarda jenaýaty amala aşyran şahsyýete kesgitli zyýan ýetirmek arkaly saklamak bilen baglanyşykly çäreler jenaýat hukuk ähmiýete eýedirler. Bu hereketler daşky alamatlary boýunça  Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň kadalarynda göz öňünde tutulan etmişleriň alamatlaryny özünde jemleýär,

[1] БВС СССР. 1984. №5. С.10.

emma jenaýatçylykly diýlip hasap edilmeýär, olar jemgyýet üçin peýdalydyrlar we jenaýatkäriň saklanylmagy üçin zerurdyr. Jenaýat eden adamyň şeýle ýagdaýlarda saklanylmagynyň jemgyýetçilik bähbitliligi, durmuş gymmatlylygy şundan ybarat, ýagny bu iş birinjiden, jenaýat edilendigi üçin gutulgysyz jogapkärçilik ýörelgesiniň amala aşyrylmagyna ýardam edýär, ikinjiden, geljekde jenaýatçylykly işleriň edilmek mümkinçiliginiň öňüni alýar.

Bir tarapdan, dolandyryş we jenaýat iş ýörediş saklamagy, beýleki bir tarapdan bolsa, jenaýaty amala aşyran şahsyýetiň jenaýat-hukuk saklanylmagyny tapawutlandyrmak gerekdir. Jenaýaty amala aşyran şahsyýetiýty ony saklamak maksady bilen zyýan ýetirilmegi diňe bir saklamaga bolan hukugyň barlygynda we şol namanyň hukuga laýyklylyk şertleriniň berjaý edilmeginde etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaý diýlip bilmek bolar. Bu şertiň birinjisi görkezilen ýagdaýda başga bir hukuk bozulmany (dolandyryş ýa-da düzgün-nyzam etmişi, raýat hukuk delikti, ownuk ähmiýetli etmişi) däl-de, edil jenaýaty amala aşyran şahsyýetleriň saklanýandygy bilen jemlenýär.

Indiki şert bolsa diňe jenaýaty edil şol şahsyýetiň amala aşyrandygyna ynamyň barlygynda zorlugyň ulanylýandygyndan ybarat bolup durýar. Meselem, haçanda şahsyýetiýet jenaýaty amala aşyryp duran wagty tutulsa, gören adamlar ony jenaýaty amala aşyran diýlip göni görkezseler, onda ýa-da onuň egin eşiginde, ýaşaýan ýerinde jenaýatyň yzlary gös-göni tapylsa we ş.m. Şeýle-de, belli bir jenaýaty üçin saklananyň iş kesilendigi baradaky aýyplaýyş höküminiň barlygy ýa-da jenaýaty amala

aşyran şahsyýetiýete gözleg yglan etmek baradaky kararyň barlygy hem saklamagyň esaslary diýlip hasaplanýar[1].

**Çyzgy № 43. Güman edilýäni tutup saklamak**

| |
|---|
| Güman edilýäni tutup saklamak (TJIÝK-nyň 140-njy maddasy) |
| Jenaýatda güman edilýän adam jenaýat edip durka ýa-da jenaýat eden dessine üstünden barlan halatynda |
| Jenaýatçylykly wakany gözi bilen gören adamlar şol sanda jebir çekenler, şol adamy jenaýat eden hökmünde gös-göni görkezen halatynda |
| Güman edilýäniň endamynda, geýiminde ulanýan zatlarynda, ýanynda ýa-da ýaşan ýerinde, ulag serişdesi jenaýatyň mälimy yzlary tapylan halatynda |
| Adamy jenaýat etmekde güman etmäge esas berýän beýleki maglumatlar bar bolsa |
| Güman edilýän goşmaça synanşan halatynda ýa-da onuň belli bir ýaşaýan ýeri ýok bolsa ýa-da onuň şahsyýeti anyklanmadyk halatynda |

Tejribede ýalňyşlyk bilen jenaýatçy hasap edilip saklanan şahsyýetlere, hyýaly jenaýatkärlere zyýanyň ýetirilen ýagdaýlary hem bolup bilýär. Hyýaly jenaýatkäri saklamakda zyýan ýetirilendigi üçin jogapkärçilik baradaky mesele hakyky ýalňyşlyk baradaky umumy düşünjeler boýunça çözülýär.

[1] Комментарий к уголовному кодексу Российской Федерации. Под ред. В.М.Лебедева и Ю.И.Скуратова. М., 2002. Стр. 82-83

Haçanda saklamgy amala aşyran şahsyýet jebir çekeniň şahsyýetiýetine we saklamagyň esaslaryna özüniň ýalňyşlygy bilen otnositel garaýandygyna diňe bir düşünmän, eýsem işiň anyk ýagdaýlaryndan ugur alyp, düşünip hem bilmese we düşünmrk mümkin hem bolmasa, beýle ýagdaýlarda günäniň ýoklugy zerarly jenaýat jogapkärçiligi aradan aýrylýar. Bu ýagdaý (kazus) – daşyndan, günäsiz zyýan ýetirmekdir. Eger-de işiň ýagdaýlaryna görä dörän ýagdaýa has ünslüräk garalanda ýalňyşlygyň goýberilmezligi bolan we mümkin bolan bolsa, ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik Türkmenistanyň JK-nyň 105-nji ýa-da 115-nji maddasy boýuunça seresapsyzlykdan edilen jenaýat üçin ýüze çykýar. Saklanýana diňe onuň jenaýat jogapkärçiliginden hakykatdan-da boýun gaçyrmagy bilen baglanyşykly howpuň barlygynda hem zyýan ýetirilip bilner. Saklamakdan we degişli häkimiýet edaralaryna eltilmeginden boýun gaçyrmaga çalyşmakylyga şeýle hereketler (hereketsizlik), meselem, polisiýa äkidilmek talabyny ýerine ýetirmezlik, gizlenmäge çalyşmakylyk, garşylyk görkezmeklik we ş.m. şaýatlyk edip bilerler.

Jenaýaty amala aşyran şahsyýete zyýan diňe saklamak hem-de degişli häkimiýet edarasyna eltmek maksady bilen hem ýetirilip bilner. Bu ýerde ýeke-täk maksat saklanýany jenaýat jogapkärçiliginden boýun gaçyrmak mümkinçiliginden mahrum etmekdir, zyýan ýetirilmegi – şol maksada ýetmegiň serişdesidir. Eger-de görkezilen hereketler başga bir maksatlaryň amala aşyrylmagy üçin ýerine ýetirilen bolsa (meselem, özbaşdak jezalandyrmak), onda olar öz hukuga laýyk häsiýetini ýerine ýetirýärler hem-de olary ýerine ýetiren şahsyýetiýetler umumy esaslar boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler. Jenaýaty amala aşyran adamy saklamak üçin görülýän çäreler hökmany, ýagny, işiň ýagdaýlary bilen aklanan bolmalydyrlar. Jenaýatkäri saklamak üçin ol ýa-da beýleki

zyýanyň ýetirilmegi hökmany hasap edilýändigi ýa-da däldigi baradaky mesele ol anyk wakanyň meselesidir. Ol işiň anyk ýagdaýlaryndan gelip çykýan her bir kesgitli waka boýunça çözülmelidir. Zorluk (onda-da has agyryny) ulanmak hökmany mejbury, haçanda saklamagy başga serişdeler bilen amala aşyrmak mümkin bolmadyk, iň soňky, bialaç çäre bolmalydyr. Şeýle şahsyýetiýeti saklamak üçin uylanylýan çäreler hökman onuň amala aşyran Jenaýatyňyň häsiýetine we derejesnine, şeýle hem onuň howpuna laýyk bolmalydyr. Meselem: gizlenmäge çalyşan saklanýany janyndan mahrum etmek onuň diňe bilkastdan adam öldürmek, banditçilik, adamy girewine almak, terrorçylyk, garakçylyk, zorlamak ýaly we beýleki zorluk ulanmak bilen ugurdaş bolan agyr jenaýatlary amala aşyrmagy bilen baglanyşykly ýagdaýlarda hukuga laýyk diýlip hasap edilip bilner[1].

Bir zady bellemek gerek, ýagny jenaýatçyny saklaýan şahsyýetiýet elmydama amala aşyrýan Jenaýatyňyň häsiýeti bilen howpunyň ölçegine saklamagyň absolýut gabat geljek serişdelerini saýlamaga mümkinçiliginiň bolmazlygy hem bolup biler. Saklanýana ýetirilýän zyýan onuň özüniň ýetiren zyýany bilen deňeşdirilende has tapawutly bolmalydyr.

Jenaýatçyny saklamak boýunça çäreleriň häsiýeti ony saklamagyň ýagdaýyna gabat gelmelidir. Saklamagyň ýagdaýy dürli alamatlary, şol sanda jenaýatçynyň görkezýän garşylygynyň usuly we işjeňlik derejesi, saklanýanlaryň we saklaýanlaryň sany, ýaragyň bolmagy, saklamagyň ýeri we wagty (gündiz ýa-da gije), saklamagyň beýleki, has ýeňiliräk we howpsuzurak usullaryny ulanmak mümkinçiligi bilen häsiýetlendirilýär. Eger-de saklanýany yzarlaýan şahsyýet başga işgärleriň ýa-da raýatlaryň kömege gelýändigini görse we oňa

---

[1] Курс советского уголовного права. Ленинград, 1968. Т.1. С. 495.

garamazdan, ony öldürse, beýle hereketler hukuga laýyk diýlip hasap edilip bilinmez.

**Çyzgy № 44. Jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirilmegininiň esaslary (TJK-nyn 38-nji maddasy)**

| |
|---|
| Jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirilmeginiň esaslary(TJK-nyn 38-nji maddasy) |
| Jenaýatda guman edilýän adamyň eşiginde, endamynda ýa-da onuň öýünde jenaýatyň yzy tapylýar |
| Jebir çekenler ýa-da şaýatlar gös-göni- belli bir adamy görkezýärler |
| Belli bir adam jenaýat eden wagtynda ýa-da jenaýat edilen soň saklanan pursaty |
| Guman edilýäniň sahsyýeti belli däl bolsa ýa-da ol jogapkärçilikden boýun gaçyrýan ýagdaýy |
| Sahsyýet tussag edilýän ýerlerinden gaçmagy |

Ýetiriljek zyýan zerur çäklerden aňry geçmeli däldir. Saklamak üçin zerur bolan çäklerden aňry çykylmagy şeýle ýagdaýlarda, ýagny, haçanda saklamakda ulanylan usullar we serişdeler saklanan şahsyýet tarapyndan amala aşyrylan jenaýatyň häsiýetine we jemgyýet üçin howplulyk derejesine, onuň şahsyýetiýetine, hakykat ýüzünde saklamagyň ýagdaýlaryna görnetin gabat gelmese hem-de saklanýana zerurlyk bolmazdan göz-görtele ýagdaýyň talap etmeýän,

Türkmenistanyň JK-nyň 103-nji maddasynyň 2-nji böleginde we 110-njy maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen (öldürmek, saglyga agyr ýa-da ortaça agyrlykdaky şikesi ýetirmei)çendenaşa zyýan ýetirilse, öz beýanyny tapýar. Şeýle çäkden çykylmagy diňe bilkastlaýyn zyýan ýetirilen ýagdaýlarda jogapkärçiligi ýüze çykarýar. Eger-de saklanýana ýetirilen agyr fiziki zyýan seresapsyzlykdan ýetirilen bolsa jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykmaýar.

Ýene-de bir zady bellemek gerek, ýagny jenaýatkäri saklamak üçin zerur bolan çäklerden çykylmagy, bu ýerde gürrüň diňe saklamaga bolan hukugyň barlygynda bolup biler (jenaýatyň alamatlaryny özünde saklaýan jemgyýetçilik howply etmişiň edilmegi; jenaýatkäriň jenaýat jogapkärçiliginden boýun gaçyrmagynyň hakykylygy; ony saklamak maksady we ş.m.). Mysal üçin, jenaýatçyny saklamak maksady bolmazdan oňa zyýan ýetirilende, oňa ýokarda görkezilen çäklerden çykylmagy ýaly däl-de, eýsem, adaty şahsyýetiýete garşy jenaýat hökmünde garalmalydyr[1]. Jenaýatçyny tussag etmek instituty TJK-ne ilkinji gezek hödürlenendir. Kanun tussag etmäge hukukly subýektleriň tegelegini çäklendirmeýär; birnäçe wezipedäki adamlar üçin (hökümet wekilleriniň) ol gulluk borjy, hereketler jemgyýetçilik peýdaly hasaplanýar.

[1] Комментарий к уголовному кодексу Российской Федерации. Под ред. В.М.Лебедева и Ю.И.Скуратова.
М.,-2002.Стр. 84-85

**Çyzgy № 45. Jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirilmeginiň esaslary(TJK-nyn 38-nji maddasy)**

| |
|---|
| Jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirilmeginiň esaslary (TJK-nyn 38-nji maddasy) |
| Zyýan diňe jenaýatkäri döwlet edaralaryna eltmek üçin we geljeki jenaýatlaryň öňüni alamk üçin ýetirilip bilner |
| Zyýan diňe jenaýatkäri döwlet edaralaryna eltmek üçin we geljeki jenaýtlaryň öňüni almak üçin ýetirilip bilner |
| Zyýan diňe jenaýat eden adama ýetirilip bilner |
| Zyýan diňe mejbury halatynda ýetirilmelidir, haçanda başga ýol bilen guman edilýäni saklap ýa-da döwlet edaralaryna eltmek mümkin däl |
| Saklanylýan adama ýetiriljek zyýan onuň eden Jenaýatyňyň derejesine we howpyna laýyk gelmelidir |
| Jenaýat eden adamy tutmak üçin zerur çärelerden bilkastlaýyn çykmak halatynda jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykýar |

Tussag etmäniň esasylygyny we kanunylygyny kesgitleýän we tussag etmäni amala aşyrýan adamyň hereketlerini häsiýetlendirýän şertler:

a) Jenaýat-hukugynda tussag etmek hemişe üçinji bir adamy däl-de, diňe tussag edilýän zyýan ýetirmek bilen şertlendirilendir. Tussag edilýäne ýetirilýän zyýan fiziki (dürli derejedäki agramlykda saglygyna zeper ýetirilmegi)

ýa-da emläkleýin (emläge zyýan ýetirme ýa-da ýok etme) bolup biler.

b) Tussag edilende beýleki zerur şert bilen göz öňünde tutulmalydyr ýagny başgaça hereket etmek mümkinçiliginiň bolmanlygyny.

ç) Kesgitleýji şerti tussag etmek üçin zerur çäreleri ýokarlandyrmaly däl.

Türkmenistanyň JK-niň 103-nji maddasynyň 2-nji bölegi jenaýat eden adamy tutmak üçin zerur çäklerden çykmak bilen adam ödürilendigi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň JK-niň 38-nji maddasy jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirilmegini etmişiň jenatçylyklydygyny aradan aýyrýan özbaşdak ýagdaý hökmünde ýörite göz öňünde tutdy. Türkmenistanyň JK-niň 103-nji maddasynyň 2-nji bölegi boýunça jogapkärçilik, haçanda saklanýanyň öldürilmegi ony saklamak üçin zerur diýlip hasaplanylmadyk, ýagny saklanýan şahsyýet tarapyndan amala aşyrylan jenaýatyň jemgyýet üçin howply häsiýeti we derejesi bilen saklamagyň ýagdaýyna açyk laýyk gelmedik halatlary ýüze çykýar[1].

Jenaýat eden adamy saklamak üçin zerur bolan çärelerden aňry çykylmagy barada gürrüň diňe berlen şahsyýetde saklamaga bolan hukugyň (jenaýatyň alamatlaryny özünde saklaýan jemgyýet üçin howply bolan çozuşyň amala aşyrylmagy; jenaýatkäriň jenaýat jogapkärçiliginden boýun gaçyrmagynyň real howplulygy; ony saklamagyň maksatlary we ş.m.) hem-de gönüden-göni saklamak boýunça ýagdaýyň barlygynda gidip biljekdigini göz öňünde tutmak gerekdir. Diňe şondan soň jenaýat eden adamy saklamak üçin zerur bolan çäklerden aňry geçilendigi anyklanylyp bilner.

---

[1] Курс советского уголовного права. Ленинград, 1968. Т.1. С. 499.

Saklamak ýagdaýynyň hukuga laýyk şertleriniň berjaý edilmegi bilen saklanan adamyň öldürilmegi jenaýat hasap edilmeýar hem-de jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýar. Gizlenmäge çalyşýan ýa-da başga usul bilen saklanmakdan ýüz dönderýän jenaýatkäriň janyndan mahrum edilmegi diňe onuň bilkastdan adam öldürmegi, banditçiligi, adam ogurlanmagy, adamyň girewine alynmagy, terrorçylygy, zorlamagy we zorlamaga gönükdirilen beýleki agyr jenaýaty amala aşyran ýagdaýlarynda kanuna laýyk hasap edilip bilinjekdigini göz öňünde tutmak gerekdir. Diňe şeýle ýagdaýlarda saklamak üçin görlen çäreleriň saklanan tarapyndan amala aşyrylan jenaýatyň häsiýetine we howpuna laýyk gelendiklerini takyklamak mümkindir. Jenýatkäriň öldürilmegine getirip, saklaýan başga çykalganyň ýokdugyna düşünýär. Elbetde, şonuň bilen birlikde jenaýat eden adam saklananda oňa zyýan ýetirilmegi baradaky ýagdaýýň beýleki kanuna laýyk şertleriniň hem berjaý edilmegi hökmanydyr. Haçanda saklanýan şahsyýet tarapyndan amala aşyrylan jenaýatyň jemgyýet üçin howplulyk häsiýetiniň we derejesiniň, onuň şahsyýetiýetiniň, saklamagyň real ýagdaýynyň saklamak üçin ulanylan serişdlerine we usullaryna açyk laýyk gelmedik ýagdaýlarynda hem-de saklaýana ýagdaýýň talap etmeýän hetdenaşa zyýanyň ýetirilen – onuň öldürilen halatlarynda saklamak üçin zerur çärelerden aňry geçilmegi barasyndaky kada ulanylyp bilner.

Jenaýatyň subýektiw tarapy günäniň göni ýa-da gytaklaýyn niýetli görnüşi bilen häsiýetlendirilýär (TJK-niň 38-njy m 2b[1]). Günäkär jenaýatkäri saklap, özüniň kanuna garşy hereketi amala aşyrýandygyna düşünýär, saklanýany öldürmek mümkinçiligini ýa-da onuň ölmeginiň gutulgysyzdygyny öňünden görýär hem-de şony isleýär ýa-da bilgeşleýin şonuň

döremegine ýol berýär ýa-da bolmasa muňa biparh garaýar[1]. Jenaýat eden adam saklananda seresapsyzlyk boýunça onuň öldürilmegi jenaýat jogapkärçiligine çekmeýär. Şeýle ýagdaýlarda jenaýatyň düzümi ýok. Jenaýat eden adamyň öldürilmegi diňe saklanýany jenaýat jogapkärçiliginden ýüz döndermek mümkinçiliginden mahrum etmek hem-de onuň täze jenaýatlary amala aşyrmagynyň öňüni almak maksatlary bilen edilýär.

Jenaýatyň subýekti – on alty ýaşyna ýeten, akyly düzüw şahsyýet bolup biler. Haçanda jenaýatkär hukuk goraýjy edaralaryň wezipeli şahsyýetleri tarapyndan saklanyp, saklamak üçin zerur bolan çärelerden aňry geçilse we saklanýan öldürilse, jogapkärçilik wezipe ygtyýarlygyň çäginden çykylandygy üçin (TJK-niň 182 m.) däl-de, Türkmenistanyň JK-niň 103-nji maddasynyň 2-nji bölegi boýunça ýüze çykýar.

Eger-de jenaýat eden adam saklananda zerur bolan çärelerden aňry geçilmegi bilen TJK-niň 101-nji maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň (hususan-da, iki ýa-da şondan-da köp adamyň) arlygynda adam ölürilse, onda edilen etmiş TJK-niň 103-nji maddasynyň 2-nji bölegi[1] boýunça maddalaşdyrylmaga degişlidir.

---

[1] Российское Уголовное право. Общая часть. Учебник. Наумов А.И. М., 2006. /стр. 347-349/.

### § 4. Bialaç zerurlyk barada düşünje. Bialaç zerurlygyň hukuk ähmiýeti. Bialaç zerurlygyň esaslary, şertleri we çäkleri. Bialaç zerurlygyň çäklerinden çykmak

Türkmenistanyň JK-niň 39-njy maddasynda bialaç zerurlygyň düzgünleri görkezilendir[1]. Şoňa laýyklykda:

(1) Bialaç zerurlyk ýagdaýynda hukuk goralýan bähbitlere zyýan ýetirilmegi, ýagny şol adamyň ýa-da başga adamlaryň janyna, saglygyna, hukuklaryna we kanuny bähbitlerine gös-göni howp salýan howpy aradan aýyrmak üçin, eger bu howp şol ýagdaýlarda gaýry serişdeler bilen aradan aýyrylyp bilinmese we şunda bialaç zerurlygyň çäginden çykylmagyna ýol berilmedik bolsa, şonuň ýaly hereket jenaýat bolmaýar.

(2) Bialaç zerurlygyň çäklerinden çykylmagy diýlip, salynýan howpuň we howpun aradan aýrylan ýagdaýyna, onuň häsiýetine we derejesine açyk laýyk gelmeýän zyýan ýetirilmegi, haçanda öňi alynýana garanda hukuk goralýan bähbitlere has köp zyýan ýetirilende hasap edilýär. Şeýle çäkden çykylmagy diňe bilkastlaýyn zyýan ýetirilen halatlarynda jogapkärçilige eltýär[1].

**Çyzgy № 46. Bialaç zerurlygyň alamatlary**

| Bialaç zerurlygyň alamatlary |
|---|
| Bialaç zerurlykda jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlere zyýan ýetirmek howpy aradan aýyrýar |
| Zyýan döwlete, jemgyýete, şahsyýete ýa-da başga adamlara ýetirilýär |
| Zyýan üçinji tarapa ýetirilýär |
| Zyýan başga ýol bilen aradan aýyrylyp bilinmeýär |
| Bialaç zerurlygyň esasynda ýetirilen zyýan ýetiriljek zyýandan pes bolmaly |

Bialaç zerurlyk bolanda, şahsyýetiýet özüniň ýa-da beýleki şahsyýetleriň kanuny bähbitlerine, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine kast edýän howpuň öňüni almak üçin berlen ýagdaýlarda abanýan howpy gaýry serişdeler bilen aradan aýyryp bolmaýan bolup, üçünji (keseki) şahsyýetlere zyýan ýetirýär we şunda ýetirilen zyýan öňi alynýan bilen deňeşdirilende az ähmiýetli bolmalydyr. Bialaç zerurlyk ýagdaýy kanun tarapyndan goralýan bähbidiň çaknyşýan we olaryň biriniň (wajyplygy pes) berbat bolmagy bilen beýlekisiniň (has wajym)saklanyp galnan ýerinde döreýär. Bialaç zerurlyk ýagdaýyna düşen şahsyýet iki sany obýektiň kiçirägini saýlaýar we bilgeşleýin bir bähbidi zaýalamak ýoly bilen, özüniň ähmiýeti boýunça has wajybyny halas edýär. Edil şonuň üçin hem bialaç zerurlyk ýagdaýyndaky amala aşyrylan

hereketler jemgyýet üçin peýdalydyrlar, olar kanunalaýyk we ahlak taýdan aklanandyrlar. Meselem, walýuta çalşylýan bölümiň işgäri ony, hakykatdan-da, janyndan mahrum etmek haýbatynyň barlygynda ýaragly jenaýatçylara uly möçberdäki pul summasyny berýär; ýangyn söndürijiler oduň ýaşaýyş massiwine ýaýrap gitmeginiň önüni almak üçin ýangyna ýakyn bolan binany ýykyp ýumurýarlar; hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri girew hökmünde saklanýan şahsyýetleri halas etmeklik üçin jenaýatçylaryň pul, ýarag, narkotiki serişdeleri bermek we ulag serişdelerini getirip bermek baradaky talaplaryny ýerine ýetirýärler.

Keseki şahsyýetlere, şeýle hem jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirmek ýoly bilen bialaç zerurlyk aktyny amala aşyrmak – raýatlaryň subýektiw hukugydyr. Bir tarapdan, bialaç zerurlyk ýagdaýynda degişli hereketleri amala aşyrmak boýunça hukuk-borjy, käbir derejeli şahsyýetleriň (polisiýa işgärleri; beýleki hukuk goraýjy edaralaryň bölümleriniň işgärleri; ýangyn howpunyň öňüni alyş edaralarynyň işgärleri; harby gullukçylar we başg.) üstlerine ýüklenendir. Olaryň işleri köplenç halatlarda şolar ýaly ýagdaýlar bilen baglanyşyklydyrlar. Bialaç zerurlyk aktynyň kanunalaýyk bolmagy üçin abanýan howpa we ondan goranmaga degişliligi boýunça tapawutlandyrylýar. Dürli çeşmelerden döreýän howp:

a) şahsyýetiň ýa-da başga şahsyýetleriň azatlyklaryna we hukuklaryna, jemgyýetiň we döwletiň kanuny bähbitlerine howp döretmeli;

b) ýüze çykan bolmaly;

ç) hakyky (reaj)bolmaly;

d) baglanyşygy bolmadyk üçünji şahsyýetleriň bähbitlerine zyýan ýetirilip, şol ýagdaýlarda başga serişdeler bilen howpuň öňi alnyp bilinmeýän bolmaly.

Bialaç zerurlykda abanýan howpuň çeşmeleri örän dürli-dürli bolup bilerler. Olaryň sanyna şulary degişli etmek bolar: adamlaryň (günäkär ýa-da bigünä) jemgyýet üçin howply özüni alyp barşy, adamlaryň organizminde bolup geçýän fiziki we potologiki prosessler (kesellik, açlyk we ş.m.), tebigy betbagtçylykly güýçler (ýangyn, sil, uragan, ýer titremesi, wulkanlaryň atylmagy we ş.m.), howply çeşmeleriň güýçlendirilen hereketleri, dürli mehanizmleriň bozulmagy, haýwanlaryň çozuşlary we başgalar[1]. Howp indiwidual we jemgyýetçilik bähbitlerine yzygiderlilikde hakyky zyýan ýetirmek howpuny döredýän bolmaly. Howpuň barlygy diýlende, onuň dörändigini, hakykylygyny we entäk aýrylmandygyny aňladýar. Sowlan hem-de geljekde ýene-de döremegi mümkin bolan howp bialaç zerurlyk ýagdaýyny döredip bilmeýär.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly ol ýa-da beýleki howp bilen göreşmek boýunça kesgitli derejeli şahsyýetleriň üstüne ýörite borçlar ýükleninendir. Köplenç halatlarda olaryň janyna, saglygyna we beýleki şahsyýeti bähbitlerine salynýan howpuň bolmagy, özleriniň gulluk borjuny ýerine ýetirmägi gönükdirilen bialaç zerurlyk ýagdaýy bilen aklamak üçin esas bolup biler diýlip hasap edilmeýär. Bu polisiýa işgärleriniň howply jenaýatçylary saklamak, harby gullukçylaryň buýrugy ýerine ýetirmek we ş.m. ýagdaýlaryna degişlidirler. Howp adamyň pikirinde hereket edýän hyýaly howp bolmaly däl-de, hakyky, real hereket edýän bolmalydyr. Tejribede abanýan howpuň hakykylygyna degişlilikde ýalňyşlygyň netijesinde hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilýän ýagdaýlar hem gabat gelýär. Hyýaly bialaç zerurlykda ýetirilen zyýan üçin

---

[1] Курс советского уголовного права. Ленинград, 1968. Т.1. С. 496.

## Çyzgy № 47. Bialaç zerurlygynyň kanuny şertleri ( TJK-nyň 39-njy maddasy)

Bialaç zerurlygynyň kanuny şertleri (TJK-nyň 39-njy maddasy)

Ýetip gelýän howpa degişli

Howpunyň çeşmeleri dürli-dürli

Howp görnetin bolmaly, ol başlamaly, ýöne gutarmaly däl

Ýetip gelýän howp aradan aýyrmak üçin edilýän hereketler

Jenaýat kanuny tarapyndan goralýan zyýan diňe abanýan tarapyndan howpy başga şertler bilen aýryp bilmedik halatynda

Zyýan jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlere ýetirilip bilner

Jenaýat kanuny döwletiň, jemgyýetiň şahsyýet bähbitlerini goraýar

Zyýan çozuş etmeýän üçinji tarapa ýetirilýär

Ýetirilen zyýan bialaç zerurlygyň çäginden çykmaly däl, ol Howpuň esasynda ýetiriljek zyýanyndan pes bolmaly.

jogapkärçilik baradaky mesele hakyky ýalňyşlyk baradaky umumy düzgünler boýunça çözülýär. Haçanda hyýaly howpy aradan aýyrýan şahsyýet dörän ýagdaýa görä howpuň hakykylygyny özüniň göz öňünde getirişiniň ýalňyşlykdygyna düşünmedik hem-de düşünmegi mümkin bolmadyk halatlarynda günäniň ýokdugy sebäpli jenaýat jogapkärçiligi aradan aýrylýar. Bu ýagdaý (kazus) – daşyndan günäsiz zyýan ýetirmekdir. Eger-de işiň ýagdaýlary boýunça howpuň hakykylygy bahalandyrylanda oňa has-da ünsliräk garalyp, ýalňyşlygyň goýberilmezligi mümkin bolan bolsa, onda ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik seresapsyzlykdan edilen jenaýatyňky ýaly ýüze çykýar (TJK-niň 26-njy m. 3b. düzgünininiň hasaba alynmagy bilen). Berlen ýagdaýlarda howpy başga, ýagny hukuk taýdan goralýan beýleki bähbitlere zyýan ýetirmek bilen bagly bolmadyk serişdeler arkaly aradan aýyryp bolmaýar. Bu – bialaç zerurlyk ýagdaýynyň kanunalaýyk bolmagy üçin wajyp şertleriň biridir. Hukuk taýdan goralýan bähbidi beýlekisiniň hasabyna saklap galmak usuly hökman bialaç (çykalgasyz) bolmalydyr. Eger-de abanýan howpy aradan aýyrmak üçin şahsyýetde kimdir-birine zyýan ýetirmek bilen bagly bolmadyk usul bar bolan bolsa, onda ol edil şol ýoly saýlap almalydyr. Ýögsa-da, bialaç zerurlyk aktyna salgylanmak aradan aýrylýar (şundan bolsa bialaç zerurlygyň zerur goranyşdan hakyky tapawutlandyrmanyň biri gelip çykýar).

**Çyzgy.№ 48. Zerur goranyş we bialaç zerurlyk ýagdaýlarynyň tapawutlandyrylyşy[1]**

| Zerur goranyşda | Bialaç zerurlykda |
|---|---|
| howpuň çesmesi – diňe adamyň özüni alyp barşy | howpuň çesmesi - adamyň özüni alyp barşy, tebigy hadysa, mehanizm, haýwanlar we ş.m. |
| zyýanyň öňüni almagyň başga mümkinçilikleri hem bar (gaçmak, kömege çagyrmak) | bialaç zerurlyk akty ýeke-täk mümkinçilikdir |
| ýetirilen zyýan öňi alnan zyýandan köp bolup biler | ýetirilen zyýan öňi alnan zyýandan köp bolup bilmez |
| zyýan diňe çozuş edýäne ýetirilýär | düzgün bolşy ýaly zyýan üçünji şahsyýete ýetirlýär |

Bu talaplara bialaç zerurlyk ýagdaýynda amala aşyrylan hereketler hyýanaty aradan aýyrmak ýekä-täk mümkin bolan serişde bilen kesgitlenilär diýen nädogry düşünje bilen garamakdan ägä bolmalydyr. Abanýan howpdan dürli-dürli hukuk taýdan goralýan bähbitleriň hasabyna gutulmak mümkin bolan ýagdaýlar hem bolýandyr, olaryň biriniň berbat bolmagyny saýlamak bolsa bialaç zerurlyk ýagdaýynda hereket edýän şahsyýete baglydyr.

Abanýan howpdan goranmaga degişli bolan bialaç zerurlygyň kanunalaýyklylygynyň şertleri-de bardyr:

---

[1] Уголовное право. Общая часть. Учебник. Под ред. В.И.Радченко. М.,-2006. /стр. 287/.

a) goranyş şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine bolan goraga gönükdirilmeli;

b) bialaç zerurlykda zyýan howpy döreden şahsyýetlere däl-de, üçünji (keseki) şahsyýetlere ýetirilýär;

ç) goranyş öz wagtynda bolmalydyr;

d) goranyş bialaçlygyň çäklerinden çykmaly däldir. Bialaç zerurlykda ýetirilen zyýan dörejek zyýana garanyňda pes bolmalydyr.

Bialaç zerurlyk akty hukuk taýdan goralýan islendik bähbidi (öz, şeýle-de kesekiniň, şonuň ýaly-da jemgyýetiň we döwletiň maksatlary bilen amala aşyrylýar. Haçanda bialaç zerurlygyň öjükdirijilik bolanda, ýagny bilkastlaýyn jenaýat etmek üçin delil hökmünde bilgeşleýin howpuň döredilmegine jogapkärçilik umumy düzgünler boýunça ýüze çykýar (eger şol hereketler anyk jenaýatyň düzümini döredýän bolsalar, şol howpuň bilkastlaýyn döredilendigi üçin bolşy ýaly, onuň aradan aýrylmagy üçin hukuk taýdan goralýan bähbitlere bilkastlaýyn zyýanyň ýetirilendigi üçin hem jogapkärçilik ýüze çykýar)[1]. Bialaç zerurlykda zyýan howpy döreden şahsyýetlere däl-de, üçünji (howpuň çeşmelerine gatnaşygy boýunça) şahsyýetlere ýetirilýär. Bu ýerde üçünji şahsyýetler diýlende fiziki we ýuridiki şahsyýetlere, şeýle hem işi bialaç zerurlyk ýagdaýyny döredýän howpuň peýda bolmagyna düýbünden bagly bolmadyk, ýuridiki şahsyýet hasap edilmeýän döwlet we jemgyýetçilik guramalaryna düşünilýär. Bir zady göz öňünde tutmak gerek, ýagny eger ol adamyň jemgyýetçilik howply özüni alyp barşyndan döremedik bolsa, üçünji şahsyýetlere

---

[1] Российское Уголовное право. Общая часть. Учебник. Наумов А.И. М., 2006 /стр. 343-345/.

zyýan ýetirilmegi goranýanyň howpuň çeşmesiniň özüni ýok edýän ýa-da zaýalaýan halatlary hem bolup biler (soňky wakada etmiş zerur goranyşyň düzgünleri boýunça bahalandyrylýar). Goranyş öz wagtynda bolmalydyr. Ol abanýan howpuň wagty bilen gabat gelmelidir. Goranyş bialaçlygyň çäginden çykmaly däldir. Bialaç zerurlyk ýagdaýyndaky ýetirilen zyýan öňi alynýan zyýana garanyňda pes derejeli bolmalydyr. Dörejek zyýan bilen deň ýa-da köp bolan zyýanyň ýetirilmegi bialaç zerurlyk bilen aklanyp bilinmez. Has takygy, bir bähbidi şonuň bilen deň derejedäki bähbide zyýan ýetirmegiň hasabyna halas etmek gadagandyr (meselem, başga bir adamyň janyna kast etmek arkaly öz janyňy halas etmek).

Haýsy zyýanyň has wajyplygy, haýsynyň bolsa wajyplygynyň pesligi baradaky mesele bolsa işiň takyk ýagdaýlaryna laýyklykda her bir anyk waka bilen çözülýär. Ýetirilen zyýan bilen öňi alnan zyýanyň bahalandyrylyşynyň esasyna obýektiw, şonuň ýaly-da subýektiw kriteriý goýulmalydyr, şonuň bilen bir hatarda obýektiw kriteriý kesgitleýji hasap edilýär.Kanunda ýetirilen zyýan ähli mümkinçiliklerden iň azy bolmalydyr diýen görkezme ýok, ol zyýan diňe öňi alynýan zyýan bilen deňeşdirilende pes derejeli bolmalydyr. Jenaýat Kodeksi ilkinji gezek kanunçylyk derejesinde bialaç zerurlygyň çäklerinden çykylmagy diýen düşünjäni takyk kesgitleýar (TJK-niň 39-njy m. 2b.). Şoňa laýyklykda, bialaçlygyň çäklerinden çykylmagy diýlende, salynýan howpa we howpuň aradan aýrylan ýagdaýyna, onuň häsiýetine we derejesine açyk laýyk gelmeýän, haçan-da öňi alynýana garanda hukuk taýdan goralýan bähbitlere has köp zyýanyň ýetirilmegine düşünilýär. Türkmenistanyň JK-niň Aýratyn böleginde bialaç zerurlygyň çäklerinden çykylmagy bilen baglanyşykly takyk etmişler üçin ýörite kadalar göz öňünde tutulmandygy sebäpli, günäkäriň hereketleri şeýle

ýagdaýlarda TJK-niň 39-njy maddasynyň 3-nji bölegine goldanmak arkaly maddalaşdyrylýar[1]. Bu ýagdaý beýlekilerden tapawutlylykda jenaýat jogapkärçiligini ýeňilleşdirýänlere (TJK-niň 57-nji m. 1 b. «ž» b.) degişlidir.

Ene-de bir zady bellemek gerekdir, ýagny kanuna laýyklykda (TJK-niň 39-njy m. 2 b.) bialaç zerurlygyň çäklerinden çykylmagy diňe hukuk taýdan goralýan bähbitlere diňe bilkastdan zyýan ýetiren ýagdaýlarynda jenaýat jogapkärçiligine eltýär. Şeýle ýagdaýlarda seresapsyzlykdan ýetirilen zyýan jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýar. Bu Şahsyýetiň özüni günäli alyp barmagy esasynda dörän howpy aradan aýyrmak üçin zyýan ýetirýän ýagdaýyna degişli däldir. Bu ýagdaýlary bialaç zerurlyk baradaky düzgünleri düýbünden ulanyp bolmaýar, olar diňe daşyndan şoňa meňzeşdirler. Meselem, bilkastdan ýa-da seresapsyzlyk bilen awariýa döreden sürüji howpy aradan aýyrmak maksady bilen ýolagçylaryň saglygyna zyýan ýetirýär, ol bialaç zerurlyk ýagdaýyna goldanyp edilip bilinmez. Beýle gollanma diňe, haçanda howp Şahsyýetiň hereketleri bilen dörän hem bolsa-da, haçanda şol howpy diňe bir görmän däl, eýsem görüp bilmese we görmegi mümkin hem bolmasa, ýagny haçanda howp onuň günäsizliginden dörän bolsa, şeýle ýagdaýlarda bolup biler. Galan beýleki ýagdaýlarda jogapkärçilik umumy düzgünler boýunça bilkastlaýyn ýa-da seresapsyzlykdan edilen jenaýatlara laýyklykda ýüze çykýar (elbetde, bialaç zerurlyga ýa-da onuň çäklerinden çykylmagyna goldanmazdan).

Bialaç zerurlykdan döreýän howpa gatnaşygy bolmadyk şahsyýete zyýan ýetirýänligi sebäpli, oňa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak baradaky mesele indiki şert boýunça çözülýär. Umumy düzgün boýunça ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak,

ony ýetiren, ýagny bialaç zerurlyk ýagdaýynda hereket eden şahsyýete degişlidir. Eger-de howp başga bir Şahsyýetiň özüni günäli alyp barmagy netijesinde dörän bolsa, onuň öwezini dolmak borjy şol Şahsyýetiň üstüne ýüklenýär. Kazyýet işiň ýagdaýlaryny hasaba almak bilen şol borjy bialaç zerurlyk ýagdaýynda hereket eden zyýan ýetirijiniň däl-de, bähbidi bolan Şahsyýetiň üstüne ýükläp biler[1]. Bialaç zerurlygyň çäklerinden çykylmagy diýlip, salynýan howpuň we howpuň aradan aýrylýan ýagdaýyna, onuň häsiýetine we derejesine açyk laýyk gelmeýän zyýan ýetirilmesi, haçanda öňi alynýana garanda hukuk goralýan bähbitlere has köp zyýan ýetirilende hasap edilýär. Şeýle çäkden çykylmagy diňe bilkastlaýyn zyýan ýetirilen halatlarynda jogapkärçiligi eltýär.

Bialaç zerurlyk ýagdaýynda hukuk goralýan bähbitlere zyýan ýetirilmegi, ýagny şol adamyň ýa-da başga adamlaryň janyna, saglygyna, hukuklaryna we kanuny bähbitlerine, jemgyýetçilik hem-de döwletiň bähbitlerine gös-göni howp salýan howpy aradan aýyrmak üçin, eger bu howp şol ýagdaýlarda gaýry serişdeler bilen aradan aýrylyp bilinmese we şunda bialaç zerurlygyň çäklerinden çykylmagyna ýol berilmedik bolsa, şonuň ýaly hereket jenaýat bolmaýar.

---

[1] Курс советского уголовного права. Ленинград, 1968. Т.1. С. 497.

### § 5. Fiziki we psihiki taýdan mejbur etmek barada düşünje we onuň görnüşleri. Fiziki taýdan mejbur etmek. Psihiki taýdan mejbur etmek. Fiziki we psihiki taýdan mejbur etmek esasynda jenaýaty amala aşyrmak

Türkmenistan JK-niň 40-njy maddasyna laýyklykda[1]:

(1) Fiziki ýa-da psihiki taýdan mejbur netijesinde hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetiren adamyň hereketi (hereketsizligi), eger şeýle mejbur etmegiň netijesinde ol öz hereketlerine erk edip bilmese, şeýle hereket jenaýat bolmaýar.

(2) Başga halatlarda fiziki ýa-da psihiki taýdan mejbur etmek netijesinde hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilendigi üçin jogapkärçilik hakyndaky mesele şu Kodeksiň 39 maddasynyň düzgünlerini nazara almak bilen çözülýär.

Etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaý hökmünde fiziki ýa-da psihiki taýdan mejbur etmek Türkmenistanda özüniň kanunçylyk reglamentini ilkinji gezek JK-da kabul etdi. Şahsyýeti hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirmägi mejbur etmek diýlende, onuň garşysyna bikanun fiziki ýa-da psihiki usullaryň täsirini ulanmakylyga düşünilýär. Şeýle mejbur etmek fiziki zorluk bilen (urmak, ezýet bermek ten şikeslerini ýetirmek, bikanun azatlykdan mahrum etmek we başgalar), şeýle hem psihiki täsir etmek (obýekti janyň, saglygyň, abraýyň, mertebäniň howpsuzlygy bolup biljek dürli haýbatlar) aňladylyp bilner. Şonuň ýaly-da şahsyýeti jemgyýet üçin howply hereketleri (hereketsizligi) etmäge mejbur etmek maksady bilen onuň psihikasyna göni täsir etmek (dürli psihotrop maddalary, ýokary çastotly ses generatorlaryny, gipnoz ulanmak ýoly bilen we ş.m.) hem degişlidir. Bu düşündirilýän kada öňüni alyp bolmaýan güýç

---

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.18

hökmünde jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýan düzgünler boýunça, ýa-da bialaç zerurlygyň düzgünleri boýunça garalýan ýagdaýlary öz içine alýar. Eger-de fiziki zorlugyň netijesinde şahsyýet öz hereketlerini dolandyryp bilmeýan, ýagny özüniň garamagynda hereket edip bilmedik bolsa, hem-de şonuň netijesinde özüni kadaly alyp barmagy we günäni aradan aýyrýan ýagdaý hökmünde öňüni alyp bolmaýan güýjüň täsirinde hereket (hereketsizlik)eden bolsa, onda jogapkärçilik aradan aýrylýar. Diýmek, daňylan garagul özüne ynanylan uçastogy gorap bilmeýär.

Eger fiziki zorlugyň netijesinde şahsyýet öz hereketlerini dolandyryp bilmäge mümkinçilik saklap galan bolsa, hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirenligi üçin şol Şahsyýetiň jenaýat jogapkärçiligi baradaky mesele bialaç zerurlyk (39 m.) baradaky düzgünler boýunça çözülýär. Bu ýagdaýda şahsyýet zyýan döretjek haýbaty bilen şol haýbaty aradan aýyrmak üçin zerur bolan zyýany saýlap hereket (hereketsizlik)edýär. Şol düzgün, haçan-da psihiki zorlugyň (haýbatyň) netijesinde hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilende hem hereket edýär. Muňa meňzeş mysal bolup, ýarag ulanyp haýbat edýän talaňçylara gündizki girdejileri berýän kassiriň hereketleri, ýa-da gynap hyýanat edýänlere gymmatlyklaryň saklanýan ýeriniň açaryny berýän bankyň müdiriniň hereketleri görkezilip bilner. Eger-de şuňa meňzeş ýagdaýlarda bialaç zerurlygyň ýagdaýy görünmeýän ýa-da onuň çäklerinden çykmak bar bolsa, şahsyýete zorluk ulanylmagy jenaýatçylygy ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde (TJK-niň 57-nji m. 1 b. «ýe» b.) garalyp bilner.

Fiziki we psihiki taýdan mejbur etmek netijesinde hukuk goralýan bähbitlere zyýan ýetiren adamyň hereketi (hereketsizligi) eger şeýle mejbur etmegiň netijesinde ol öz hereketlerine erk edip bilmese, şeýle hereket jenaýat bolmaýar.

**Çyzgy № 49. Fiziki we psihiki taýdan mejbur etmegiň kanuny esaslary we şertleri ( TJK-nyň 40-njy maddasy)**

Fiziki we psihiki taýdan mejbur etmegiň kanuny esaslary we şertleri ( TJK-nyň 40-njy maddasy)

Fiziki mejbur etmek

Fiziki taýdan mejbur etmek netijesinde jenaýat hukugy tarapyndan goralýan bähbitlere zyýan ýetiren adamyň hereketi ýa-da hereketsizligi, eger-de şeýle mejbur etmeginiň netijesinde ol öz hereketlerine (hereketsizligine) erk edip bilmese, şeýle etmiş jenaýat däl

Başga halatlarda fiziki ýa-da psihiki taýdan mejbur etmek netijesinde hukuk goralýan bähbitlere zyýan ýetirilendigi üçin jogapkärçilik hakyndaky mesele Jenaýat kodeksiň 39-njy maddasynyň düzgünlerini nazara almak bilen çözülýär

Psihiki mejbur etmek

Psihiki taýdan mejbur etmek netijesinde jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlere zyýan ýetirmek ýa-da zyýan ýetirmek howpuny döretmek, eger-de hereket ýa-da hereketsizlik mejbur edilmeginiň netijesinde ýüze çykan bolsa we adam öz hereketine (hereketsizligine) erk edip bilmese, şeýle etmiş jenaýat däl

## § 6. Esaslandyrylan töwekgelçilik (obosnowannyý risi)barada düşünje. Esaslandyrylan töwekgelçiligiň (obosnowannyý riskiň) hukuk esaslary

Türkmenistanyň JK-niň 41-nji maddasyna laýyklykda[1]:

(1) Sosial taýdan peýdaly maksada ýetmek üçin obýektiw esaslandyrylan töwekgelçilik mahalynda hukuk goralýan bähbitlere zyýan ýetirilmegi jenaýat bolmaýar.

(2) Eger goýlan maksada töwekgelçilik bilen baglanyşykly hereketler bilen ýetilip bolmasa we töwekgelçilige ýol beren adam hukuk goralýan bähbitlere zyýanyň öňüni almak üçin zerur çäreleri gören bolsa, töwekgelçilik esaslandyrylan diýlip hasap edilýär.

JK-niň 41-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda «jemgyýet üçin peýdaly maksada ýetmek üçin esaslandyrylan töwekgelçilikde hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilmegi» kanuna laýyk diýlip hasap edilýär. Jemgyýet üçin peýdaly netije gazanmak maksady bilen hukuk taýdan goralýan bähbitlere howp döretmek mümkinçiligiň kanuna laýyklylygyndan durýan, adaty, töwekgelçiliksiz serişdeler bilen alnyp bolunmajak, esaslandyrylan töwekgelçilik etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan ýagdaý hasap edilýär. Şunuň ýaly töwekgelçilik işiň islendik sferasynda (çygrynda) – önümçilikde, ylmy-tehniki, lukmançylyk, hukuk goraýjy (meselem, içeri işler edaralarynyň dessin-agtaryş işlerinde) we ş.m. işlerde, şeýle hem hyzmat ediş hem-de dynç alyş geçirilýän ýerlerde ekstrremal (adatdan daşary) ýagdaýlarda bolup biler.

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.18-19

**Çyzgy № 50. Esaslandyrylan töwekgelçiligiň kanuny esaslary we şertleri (TJK-nyň 41-nji maddasy)**

| Esaslandyrylan töwekgelçiligiň kanuny esaslary we şertleri (TJK-nyň 41-nji maddasy) | |
|---|---|
| Töwekgelçilik diňe durmuş taýdan peýdaly maksada ýetmek üçin amala aşyrylmaly | Goýlan maksada töwekgelçilik bilen baglanyşyksyz etmiş (hereket ýa-da herketsizlik) bilen ýetip bolmaýar |
| Töwekgelçilige ýol beren adam jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlere zyýanyň öňüni almak üçin zerur çäreleri ulanmaly | Töwekgelçilik, adamyň saglygyna ýa-da janyna howp salmak, ekologik heläkçiligi ýa-da jemgyýetçilik betbagtçylygy bilen görnetin baglanyşykly bolmaly däl. |

Töwekgelçilik – bu tapawutly derejede şahsyýetiň döredijilik gözlegidir, ymtylyşydyr (meselem, önümçilik prosessinde täze tehnoliogiýany özleşdirende; lukmançylykda bejerişiň täze usuly işlenende; jenaýatçylykly topara garşy dessin-agtaryş işleri geçirilende işiň çäginden çykylmagy, hususan-da girewine alnanlary boşatmak boýunça we ş.m.)[1].

[1] Российское Уголовное право. Общая часть. Учебник. Наумов А.И. М., 2006. /стр. 345-347/.

Töwekgelçilige bolan hukugy haýsy adatdan daşary şertlerde töwekgelçilik edýändigine garamazdan islendik raýat (professional (hünärmek)işi amala aşyranda ýa-da hyzmat ediş ýa-da dynç alyş sferalarynda ýüze çykan kynçylyklaryň öňi alnanda) eýedir. Kanun çykaryjynyň «Kanuna laýyk hünärmen we hojalyk töwekgelçiligi» däl-de, «eýsem esaslandyrylan töwekgelçilik» diýlen adalgany ulanmagy ýöne ýerden däldir. Esaslandyrylan töwekgelçilik wagtynda hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirmek howpunyň döremeginiň çeşmesi jemgyýete peýdaly maksada ýetmek üçin öňde duran howpsuzlygyň talaplaryny ýerine ýtirmekden wagtlaýyn ýüz döndürýän Şahsyýetiň özüniň hereketleri hasap edilýär.

Şeýle töwekgelçiligiň kanunalaýyklylygynyň şertlerine indikiler degişlidirler:

a) jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlere zyýan töwekgelçilik edýäniň durmuş taýdan peýdaly maksada ýetmeklige gönükdirilen hereketlerinden (hereketsizliklerindek) ýetirilýär;

b) bu maksady töwekgelçilik bilen baglanyşykly bolmadyk adaty serişdeler bilen gazanylyp bolmaýar;

ç) töwekgelçilikden dörejek zyýanly netijeler töwekgelçilik edýän tarapyndan diňe onuň hereketleriniň (hereketsizliginiň) ýakyn hem-de mümkin bolan warianty hökmünde düşünilýär;

d) amala aşyrylan hereketler (hereketsizlikler) berlen takyk ýagdaýda dörejek zyýanly netijeleriň öňüni almakylyga laýyk gelýän bilimler we başarjaňlyklar, obýektiw ukyplar bilen üpjün edilýärler;

e) şahsyýetiýet hukuk taýdan goralýan bähbitlere ýetiriljek zyýanlaryň öňüni almakylyk üçin elinden geldiginden ýeterlikli (onuň öz pikiriçe) çäreleri görýär.

Töwekgelçilik edýäniň hereketleri (hereketsizligi) jemgyýetçilik peýdaly maksada ýetmek üçin gönükdirilen bolmalydyrlar. Bu hereketler hökmany ýagdaýda töwekgelçilik şertlerinde hereket edýäniň edil özüne däl-de, eýsem başga adamlara, şeýle hem dolulygyna jemgyýete ýa-da döwlete peýda getirip biljek netijä ýetmek üçin amala aşyrylýarlar. Kesgitli jemgyýet üçin peýdaly netijä ýetmeklik - edil şu maksat esaslandyrylan töwekgelçilikde ol ýa-da beýleki hereketleriň durmuş taýdan peýdalylygyny kesgitleýändir[1].

Kanunylyga laýyk töwekgelçilikde öňde goýlan maksada adaty töwekgelçiliksiz serişdeleri bilen, töwekgelçilik bilen baglanyşykly bolmadyk hereketler bilen ýetip bolmaýar. Şol maksady adaty, töwekgelçiliksiz usullar bilen durmuşa geçirmek mümkinçiligi kanunylyga laýyk töwekgelçiligi aradan aýyrýar, ony jemgyýet üçin howply herekete (hereketsizlige) öwürýär. Eger-de şeýle mümkinçilik bolan bolsa we şahsyýet ondan peýdalanman, töwekgelçilik etmekligi makul bilen bolsa hem-de netijede hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirse, onda ol umumy düzgünler boýunça jogapkärçilige degişlidir[2].

Töwekgelçilik görnetin zyýan ýetirmeklige geçmeli däldir. Töwekgelçilikde zyýanly netijä getirmek mümkinçiligi diňe ähtimal hasap edilýär. Görnetin zyýan ýetirmek barada gürrüň edilýän ýerde kanuna laýyk töwekgelçilik ýokdur. Hususan-da, töwekgelçilik adamlaryň saglygyna we janyna howp salmak, ekologik heläkçiligi ýa-da jemgyýetçilik betbagtçylygy bilen görnetin baglanyşykly bolan bolsa, onda töwekgelçilik esaslandyrylan diýlip hasap edilip

[1] Курс советского уголовного права. Ленинград, 1968. Т.1. С. 498.

[2] Комментарий к Уголовному кодексу Российской Федерации. Под ред. В.М.Лебедева и Ю.И.Скуратова.
М., 2002./стр. 90-92/.

bilinmez (TJK-niň 41-nji m. 3 b.). Diýmek, töwekgelçilikde zyýanly netijeler töwekgelçilik edýän tarapyndan onuň hereketleriniň (hereketsizliginiň) şoňa ýakyn we diňe mümkin bolan warianty (ýöne gutulgysyz däj)bolup görünmelidir. Töwekgelçilikde amala aşyrylan hereketler (hereketsizlikler) berlen takyk ýagdaýda zyýanly netijeleriň döremeginiň öňüni almakylyga laýyk gelýän bilimler we başarjaňlyklar, obýektiw ukyplar bilen üpjün edilmelidirler.

Şeýlelikde, mysal üçin, hünärmenler tarapyndan esaslandyrylan töwekgelçiligiň şertlerinde amala aşyrylan hereketler häzirki zaman ylmy-tehniki bilimlerine we usullaryna, häzirki zaman ylmynyň, tehnikanyň, önümçiligiň talaplaryna ol ýa-da beýleki hünärmen işlerine laýyk gelmelidirler. Bu şert, hususan-da köne kadanyň we hukuk kadalarynyň bozulmagyna mümkinçilik bolup görünýär hem-de şol amala aşyrylan hereketleri kanunylyga laýyk däl diýlip aýtmakylyga ýol berýär. Şeýle-de, töwekgelçilik ýagdaýynda amala aşyrylan hereket (hereketsizlik)arkaly gazanylan netije geljekde şol teklip ediji kadalaryň gaýtadan seredilmegi, täze düzgünleriň işlenilip düzülmegi üçin esas bolup hyzmat edip biler.

Bu ýagdaýda gürrüň täze tehniki, lukmançylyk serişdeleriniň synagdan geçirilmegi, täze dolandyryş ulgamlarynyň girizilmegindäki geçirilýän eksperimentler we ş.m. barada gidýär. Ýöne esaslandyrylan töwekgelçilik ýagdaýynda dörän obýektiw anyk şertlerden we töwekgelçilik edýäniň ygtyýarynda bar bolan, özüniň elinden gelýän bilimi we başarjaňlygy boýunça ukybyna daýanmak mümkinçiliginden ugur almaly bolýan wagtynyň duş gelmegi seýrek däldir. Şeýle aýdanymyzda, gürrüň ortaça adamyň mümkinçilikleri barada gidýär. Şeýle şahsyýeti dürli ekstremal ýagdaýlarda töwekgelçilige bolan hukugyndan mahrum etmek nädogry

bolardy. Esasy zat şol töwekgelçilik pozitiw (peýdaly) netijäniň gazanylmagyna mümkinçilik bermelidir[1].

Töwekgelçilige ýol berýän şahsyýet özüniň pikiri boýunça hukuk taýdan goralýan bähbitlere ýetirilip bilinjek zyýanyň öňüni almak üçin ýeterlik çäreleri gören bolmalydyr. Ol döräp biljek zyýanly netijeleriň ölçegini görmelidir hem-de bar bolan mümkinçilikleri hasaba alyp, olary aradan aýyryp bolmasa, onda hiç bolmanda olaryň ölçegini maksimal derejede peselder ýaly çäreleri dogry saýlap almalydyr. Gürrüň döräp biljek zyýanly netijeleriň öňüni almak ukyby bar diýlip hasap edýän, töwekgelçilik ýagdaýynda hereket edýän Şahsyýetiň göni subýektiw hasaplary we çäreleri barada gidýär. Töwekgelçilikde hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilmek howpunyň elmydama saklanyp galynjakdygy göz öňünde tutulmalydyr, şol sebäpden hem şol zyýanyň aradan aýrylmagy üçin gerek bolan ähli çäreleriň görülmegi düýbünden mümkin däldir.

Haçanda şahsyýet ýalňyşyp, onuň saýlap alan çärelerine garamazdan we onuň çak eden hasaplaryna garyňda abanýan howp has-da uly bolan bolsa hem-de onuň töwekgelçilik bilen bagly bolmadyk çäreleri saýlap bilmegi mümkin bolan bolsa, şeýle ýagdaýlarda onuň hereketleri töwekgelçiligiň çäklerinden çykýar we jemgyýet üçin howply bolan hereketlere öwrülýär.

Şeýle halatlarda aklanan töwekgelçiligiň çäklerinden çykylmagynyň ähmiýeti bardyr hem-de jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykyp biler. Şeýle-de, ýene bir zady bellemek gerekdir, ýagny kähalatlarda bialaç zerurlyk bilen deňeşdirilende

---

[1] Уголовное право. Особенная часть. Учебник. Под ред. И.Я.Козаченко, З.А.Незнамова. Г.П.Новоселов.
М.,- 2001. /стр. 70-71/.

esaslandyrylan töwekgelçilikde ýetirilen zyýan öňi alynýandan köp hem bolup biler. Esaslandyrylan töwekgelçiligiň çäklerinden çykylmagyna jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar hökmünde garalýar (JK-niň 57-nji m. 1b. «ž» b.[1]). Gynasak-da, kanun çykaryjy esaslandyrylmadyk töwekgelçilik ýagdaýynda zyýan ýetirilendigi üçin jenaýat jogapkärçiligi barada has takyk reglamentasiýa bermeýär.

Töwekgelçiligiň kanunylygynyň şertlerini bozan Şahsyýetiň jenaýat jogapkärçiligi baradaky mesele onda jenaýatçylykly ýeňilkellelik görnüşindäki seresapsyzlygyň ýa-da haçanda ol özüniň töwekgelçilikli hereketlerinden uly zyýanly netijeleriň döremek mümkinçiligini öňünden görüp, ýöne oňa biparh garap, olaryň döremegine düşünjeli ýol berip, gytaklaýyn niýetleriniň barlygynda ýüze çykmagy mümkin ýaly bolup görünýär. Emma munda «düşünjeli töwekgelçiligiň» ýokdugy sebäpli göni niýet aradan aýrylýar. Zyýanly netijeleriň döremek mümkinçiligini töwekgelçilik edýäniň düşünjesine girýändigi sebäpli, töwekgelçilikde jenaýatçylykly harsallyk hem aradan aýrylýar[1]. Durmuş taýdan peýdaly maksada ýetmek üçin obýektiw esaslandyrylan töwekgelçilik mahalynda hukuk goralýan bähbitlere zyýan ýetirilmegi jenaýat bolmaýar.

Eger goýlan maksada töwekgelçilik bilen baglanyşyksyz hereketler bilen ýerine ýetirip bolmasa we töwekgelçilige ýol beren adam hukuk goralýan bähbitlere zyýanyň öňüni almak üçin zerur çäreleri gören bolsa, töwekgelçilik esaslandyrylan diýlip hasap edilýär. Eger töwekgelçilik adamlaryň saglygyna ýa-da janyna howp salmak, ekologik heläkçiligi ýa-da jemgyýetçilik betbagtçylygy bilen görnetin baglanyşykly bolan bolsa, töwekgelçilik esaslandyrylan diýlip hasap edilmeýär.

---

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.18-19

[1] Комментарий к Уголовному кодексу Российской Федерации. Под ред. В.М.Лебедева и Ю.И.Скуратова. М., 2002. /стр. 93/.

Eger töwekgelçilik adamlaryň saglygyna ýa-da janyna howp salmak, ekologik heläkçiligi ýa-da jemgyýetçilik betbagtçylygy bilen görnetin baglanyşykly bolan bolsa, onda töwekgelçilik esaslandyrylan diýlip hasap edilmeýär. Amala aşyrylan hereketler günäkäre TJK-niň 41-nji maddasynyň 3-nji böleginde görkezilen netijeleriň biriniň döremegi görnetin mälim bolan diýlip hasap edilmeginiň özi günäkäriň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän däl-de, eýsem agyrlaşdyrýan ýagdaýlara has-da köp şaýatlyk edýän ýaly bolup görünmegi mümkin, ýöne islendik töwekgelçilik we onuň otrisatel (ters) netijeleri ahyrky netijede aklanan diýlip hasap edilýär. Töwekgelçiligi esaslandyrylan diýlip hasap edilmejek hereketleri amala aşyran şahsyýet, düzgün bolşy ýaly ýagşylyk isleýär we diňe kesgitli ýagdaýlaryň toplumynda aljyraňlylygyň, oňaýsyzlygyň hasabyna aklanyp bilinmejek töwekgelçiligi amala aşyrýar. Şeýle ýagdaýlarda kazyýet esaslandyrylan töwekgelçiligiň hukuga laýyklylygynyň şertleriniň bozulmagynda hem şol ýagdaý jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän diýlip bilmek baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşmalydyr.

**§ 7. Buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek barada düşünje. Buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek esasynda zyýan ýetirmek. Görnetin jenaýatçylykly buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek üçin jenaýat jogapkärçiligin ýüze çykmagy**

Türkmenistanyň JK-niň 42-nji maddasyna laýyklykda[1]:

(1) Bellenilen tertipde we degişli formany berjaý etmek bilen onuň üçin hökmany buýrugy ýa-da başga görkezmäni ýerine ýetirmek üçin hereket edýän adam tarapyndan hukuk goralýan bähbitlere zyýan ýetirilmegi jenaýat däldir.

---

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.19

(2) Bikanun buýrugy ýa-da başga görkezmäni ýerine ýetirmegiň netijesinde hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilmegi, eger adam onuň bikanun häsiýetine akyl ýetirmese, jogapkärçilik aradan aýrylýar. Şu ýagdaýda bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek üçin edilen etmiş üçin jogapkärçiligi ýa-da görkezmäni beren adam çekýär.

(3) Gornetin jenaýatçylykly buýrugy ýa-da başga görkezmäni ýerine ýetirmeklik jenaýat jogapkärçiligine eltýär, ýöne jenaýat jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaý diýlip ykrar edilip bilner.

(4) Gornetin bikanun buýrugy ýa-da jenaýatçylykly buýrugy ýa-da başga görkezmäni ýerine ýetirmezlik jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýar.

**Çyzgy № 51. Buýrugy ýa-da başga görkezmäni ýerine ýetirmegiň jenaýat hukuk esaslary we şertleri (TJK-nyň 42-nji maddasy)**

Buýrugy ýa-da başga görkezmäni ýerine ýetirmegiň jenaýat hukuk esaslary we şertleri (TJK-nyň 42-nji maddasy).

Jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlere zyýan ýetirmek jenaýat däl

Ýerine ýetiren adam hökmany buýrugy ýa-da başga görkezmäni ýerine ýetiren bolsa

Bu ýagdaý Türkmenistanyň JK-da ilkinji gezek özüniň kanunçylykly reglamentasiýasyny kabul etdi. Şol bir wagtyň

özünde başlygyň buýrugynyň ýa-da görkezmesiniň oňa tabynlykdaky şahsyýet tarapyndan ýerine ýetirilmeginde jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlerine zyýan ýetirilmeginiň kanunalaýyklylygy bilen baglanyşykly meseleler tejribede ýeterlik derejede duş gelýär. Ol ilki bilen harby gullukçylara, içeri işler edaralarynyň işgärlerine, Milli howpsuzlyk gullugyna, gümrük gullugyna we käbir beýleki derejeli döwlet gullukçylaryna degişlidir.

Emma Türkmenistanyň JK-niň 42-nji maddasynyň[1] düzgüniniň täsiri diňe bir döwlet gullugynyň sferasyna (çygryna) degişli bolmak bilen çäklenmeýär. Guramaçylyk formasynyň we eýeçilikiň formasynyň görnüşlerine garamazdan, islendik kärhananyň ýa-da guramanyň işçisne ýa-da gulukçysyna gönükdirilen administrasiýanyň buýrugy ýa-da görkezmesi hökmany diýlip hasap edilmelidir. Şeýle-de, islendik raýat üçin onuň kompetensiýasynyň çäklerinden aýratynlykdaky häkimiýet wekiliniň buýrugy ýa-da görkezmesi hökmanydyr. Türkmenistanyň JK-niň 42-nji maddasynda görkezilen umumy düzgün hökmany buýrugyň ýa-da görkezmäniň ýerine ýetirilmeginde hukuk taýdan goralýan bähbitlere zyýan ýetirilip edilen hereketler (hereketsizlikler) jenaýat hasap edilmeýänligi bilen jemlenýär. Şeýle zyýanyň ýetirilendigi üçin jenaýat jogapkärçiligine şol bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni beren şahsyýet çekilýär.

Buýruk ýa-da görkezme diýlende, başlyk tarapyndan berlen onuň tabynlygyndaky Şahsyýetiň ýerine ýetirmegi hökmany bolan talaba düşünilýär. Bu talap dilden hem-de ýazuw üsti bilen berlip bilner, ol tabyn şahsyýete göni başlyk tarapyndan, şeýle hem, başga şahsyýetleriň üsti bilen hem berlip bilner. Buýruk ýa-da görkezme – bu başlygyň erkiniň mälim

---

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.19

edilmegidir. Buýrugyň ýa-da görkezmäniň hökmanylygy sebäpli, tabyn Şahsyýetiň olaryň kanunylygyna ynanmagy bilen, olar ýerine ýetiriji tarapyndan ol ýa-da beýleki hereketleri (hereketsizlikleri) amala aşyrmak üçin esas hökmünde, hat-da ýerine ýetirijiniň hereketlerini üýtgedýän nama hökmünde seredilýär. Olaryň ýuridiki güýji ýerine ýetiriş hereketiniň özünden hem uly hasap edilýär. Şonuň üçin hem bikanun buýrugyň ýa-da görkezmäniň netijesi üçin jogapkärçilik olary beren başlygyň üstüne ýüklenýär.

Buýruk – bu hökümli görkezme bolup, haýsydyr bir hereketi ýerine ýetirmekdir (ýerine ýetirmezlikdir), ol wezipedäki adamlaryň kompetensiýasynyň çäginde bolýar. Ýolbaşçyň, başlygyň buýrugy ähli tabyndakylar üçin hökmanydyr. Ol özi tarapyndan ýa-da beýleki adamlar tarapyndan (kömekçileri, orunbasarlary) berlip bilner. Düzgün bolşy ýaly, buýruk kanuny güýçde instruksiýa-da, položeniýede, ustawda, borçnamada hökmanydyr.

Buýrugyň kanunylygynyň şertleri:

1. Özüniň kompetentiniň çäginde wezipedäki adam tarapyndan berlen buýruk ýa-da görkezme.
2. Buýruk mahsus bolan görnüşde (ýazuw üsti bilen, dilden, tehniki serişdeleriň üsti bilek)çykarylan bolmaly.
3. Buýruk görnetin bikanun, has hem jenaýatçylykly bolmaýar.

Bikanun buýrugy ýerine ýetirýärkä, zyýanyň ýetirilmegi üçin ýerine ýetiriji jogapkärçiligi çekmeýär. Görnetin bikanun ýa-da jenaýatçylykly buýrugy ýerine ýetirýärkä jogapkärçilik ýerine ýetiriji üçin we başlyk üçin umumy esaslarda ýüze çykýar.

Buýrugy ýerine ýetirmägi degişli şertler:

1. Jogapkärçilik meselesi haçanda ýerine ýetiriji goralýan bähbitlere zeper ýetirse seredilýär. Hereketi bahalandyrmak üçin ýetirilen zyýanyň möçberiniň ähmiýeti ýok.

2. Ýerine ýetiriji berlen buýrugyň çäginden çykmaly däldir.
3. Ýerine ýetiriji diňe bilkastlaýyn ýerine ýetirilen zyýan üçin jogap bermelidir.
4. Görnetin bikanun (kähalatda görnetin jenaýatçylykly) buýrugy ýerine ýetirmekden boýun gaçyrandygy üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmeýär.

Buýrugyň ýa-da görkezmäniň ýerine ýetirilmegi tabynlyk çygrynda duş gelinýär. Bu ýagdaý köplenç tabynlykdakynyň häsiýetine, onuň ýolbaşçysy ýa-da başlyk bilen özara gatnaşyklaryna, psihiologiki aýratynlyklaryna ýa-da beýleki ýagdaýlara baglydyr. Şonuň üçin, görnetin bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmekde bilkastlaýyn jenaýatyň amala aşyrylandygy üçin günäkär şahsyýet umumy esaslar boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilýändigine garamazdan, bu ýagdaýda hem kazyýet amala aşyrylan jenaýatyň ýagdaýlaryny barlap, günäkäriň jezasyny ýeňilleşdirýän mümkinçilikleri ara alyp maslahatlaşmalydyr[1].

Buýrugyň ýa-da görkezmäniň bikanunlygy şeýle buýrugy (görkezmäni) bermäge wezipeli Şahsyýetiň ygtyýarynyň ýoklugy bilen, hususan-da, haçanda ol berlen edaranyň, guramanyň, wedomstwanyň (pudagyň) maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelmeýän bolsa, şeýle hem buýrugyň ýa-da görkezmäniň görkezilen formasynyň (görnüşiniň) berjaý edilmezligi bilen aňladylyp bilner (meselem, hat üsti bilen).

Belli bir halatlarda buýrugyň ýa-da görkezmäniň bikanunlygy onuň hereket edýän kanunlaryň we beýleki hukuk namalaryň talabyna garşy gelýän mazmuny bilen kesgitlenilýär. Buýrugyň ýa-da görkezmäniň jenaýatçylyklydygy olaryň jenaýat kanunynyň talaplaryna laýyk gelmeýändigini aňladýar.

---

[1] Комменнтарий к Уголовному Кодексу Российской Федерации. Под ред. В.М.Лебедева и Ю.И.Скуратова.
М.,-2002. /стр. 133-134/.

Bikanun buýrugyň (görkezmäniň) ýerine ýetirilmegi bilen amala aşyrylan hereketleriň (hereketsizlikleriň) köpüsi Türkmenistanyň Konstitusiýasy tarapydan adamyň ýa-da raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň bozulmagy bilen baglanyşykly ýagdaýdyr[1].

Şeýlelikde, buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirýän Şahsyýetiň hereketleriniň (hereketsizlikleriniň) kanunalaýyklylygynyň birinji şerti, olaryň kanunyň talaplaryna laýyk gelmegi hasap edilýär. Bikanun buýruk ýerine ýetirilmägi degişli däldir. Eger jenaýat kanuny tarapyndan goralýan bähbitlere zyýan ýetiren bolsa, onda jenaýat jogapkärçiligi ýüze çykýar. Şonuň bilen birlikde bikanun buýrugy (görkezmäni) beren şahsyýet, eger başlygyň şeýle görkezmesiniň bikanunlygy görnetin bolsa, onuň ýerine ýetirijisi hem jogapkärçilige degişlidir.

Bikanun buýrugy (görkezmäni) berip, başlyk gullugyň bähbitleriniň garşysyna, betnebislik niýeti ýa-da başga bir şahsyýeti bähbidi üçin bilkastdan hereket edip biler. Şeýle ýagdaýlarda ol diňe bir bikanun buýrugyň (görkezmäniň) ýerine ýetirilmeginiň netijesi üçin däl-de, eýsem görkezilen kanuna garşy maksatlaryna ýetmek üçin tabynlygyndaky şahsyýeti ulanmagy bilen baglanyşykly wezipe ygtyýarlygyndan hyýanatly peýdalanandygy üçin (Türkmenistanyň JK-niň 188-nji maddasy) hem jogap bermäge borçludyr.

Bikanun buýrugy (görkezmäni) ýerine ýetiren Şahsyýetiň hereketiniň (hereketsizliginiň) kanunalaýyklylygynyň ikinji şerti, - bu onuň bikanundygyna şol Şahsyýetiň akyl ýetirmezligidir. Eger-de buýrugy (görukezmäni) ýerine ýetiriji onuň jenaýatçylykly häsiýetini öňünden bilen bolsa, onda ol

---

[1] Курс советского уголовного права. Ленинград, 1968. Т.1. С. 498.

umumy esaslar boýunça jenaýat jogapkärçiligine degişlidir. Bu ýerde orunlara bölünmegi bilen jenaýata bile gatnaşmanyň ähmiýeti bardyr. Başlyk bilkastlaýyn edilýän jenaýatyň guraýjysy (TJK-niň 33-nji m 3 b), işgär onuň ýerine ýetirijisi (TJK-niň 33-nji m 2 b) hökmünde çykyş edýär. Tabynlykdakynyň başlyga garaşly şahsyýet hasap edilýänligi we onuň ol ýa-da beýleki özüni alyp baryş derejesi başlygyň buýrugynyň täsiri astynda bolandygy baradaky ýagdaý jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaý diýlip hasap edilip bilner (TJK-niň 57-nki m 2 b«ýe» b). Şonda eger tabynlykdaky fiziki ýa-da psihiki täsiriň astynda hereket eden bolsa, onda Türkmenistanyň JK-niň 40-njy maddasynyň düzgüni ulanmaga degişlidir[1].

Görnetin bikanun buýruk ýa-da görkezme ýerine ýetirilende tabynlykdaky tarapyndan diňe bir bilkastlaýyn däl-de, eýsem seresapsyzlykdan hem jenaýat amala aşyrylyp bilner. Meselem, ol başlygyň buýrugy esasynda fiziki zorlugy ulananda, seresapsyzlykdan adam hem öldürip biler. Şeýle ýagdaýda jenaýat jogapkärçiligi özbaşdak seresapsyzlykdan edilen jenaýat üçin ýüze çykýar. Görnetin bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmezlik jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýar[1].

**Soraglar:**

1. Etmişiň jenaýatçylygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar barada düşünje.
2. Etmişiň jenaýatçylygyny aradan aýyrýan ýagdaýlaryň hukuk ähmiýeti we olaryň görnüşleri.

---

[1] Российское Уголовное право. Общая часть. Учебник. Наумов А.И. М., 2006. /стр. 345-347/.

[2]Комменнтарий к Уголовному Кодексу Российской Федерации. Под ред. В.М.Лебедева и Ю.И.Скуратова.
М.,-2002./стр. 94-95/.

3. Zerur goranyş barada düşünje we onuň ähmiýeti.
4. Zerur goranyş esaslary, şertleri we çäkleri.
5. Zerur goranyşyň çäklerinden çykmak bilen jenaýat etmek.
6. Jenaýat eden adamy saklananda zyýan ýetirmek barada düşünje we onuň ähmiýeti.
7. Jenaýaty eden adam häkimiýet edaralaryna eltmek we täze jenaýatlaryň öňüni almak üçin saklananda zyýan ýetirilmeginiň hukuk esaslary, şertleri we çäreleri.
8. Jenaýat eden adamy tutmak üçin zerur çäklerinden çykmak bilen jenaýat etmek.
9. Bialaç zerurlyk barada düşünje.
10. Bialaç zerurlygyň hukuk ähmiýeti.
11. Bialaç zerurlygyň esaslary, şertleri we çäkleri. Bialaç zerurlygyň çäklerinden çykmak.
12. Fiziki we psihiki taýdan mejbur etmek barada düşünje we onuň görnüşleri.
13. Fiziki taýdan mejbur etmek.
14. Psihiki taýdan mejbur etmek.
15. Fiziki we psihiki taýdan mejbur etmek esasynda jenaýaty amala aşyrmak.
16. Esaslandyrylan töwekgelçilik (obosnowannyý risi)barada düşünje.
17. Esaslandyrylan töwekgelçiliginiň (obosnowannyý riskiň) hukuk esaslary.
18. Buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek barada düşünje.
19. Buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek esasynda zyýan ýetirmek.
20. Görnetin jenaýatçylykly buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek üçin jenaýat jogapkärçiligin ýüze çykmagy.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**

1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008

3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőŷmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008

21. Уголовное право России.  Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
23. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У
24. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
25. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004
26. Баумен Ю.В. Обстоятельства исключающие преступность деяния. Харьков. 1991
27. Владимиров В.А , Ляпунов Ю.И. Обстоятельства исключающие

общественную опасность и противоправность деяния. М. 1970

## Tema: 14 Jenaýata bile gatnaşmak (şäriklik)

### §1. Jenaýata bile gatnaşma barada düşünje. Jenaýata bile gatnaşmakylygyň hukuk ähmiýeti

Jenaýat hukugynda şäriklik çylşyrymly institutlaryň biri diýlip hasaplanýar. Köp ýyllaryň dowamynda bu düşünjä jenaýat hukugynda aýratyn üns berildi, emma häzirki döwre çenli şäriklige degişli mälim bolan soraglary gutarnykly diýlip aýdyp bolmaz. 1902-nji ýylda görnükli rus alymy, professor N.S.Tagansew[1] şäriklik hakyndaky ylmyň has çylşyrymlydygyny belläp geçipdir. Şondan soň beýleki alymlar şäriklik düşünjesi baradaky edebiýatlaryň köplügine garamazdan, jedelli bolmagynda galýandygy barada ýazypdyr. Şäriklik meselesine degişli ýazýan her bir awtor öz kesgitlemesini teklip edipdir.

Emma häzirki döwriň jenaýatçylygy jenaýatlaryň köpüsiniň şäriklik bilen amala aşyrylmagy bilen häsiýetlendirilýär. Şärikligiň jemgyýet üçin aýratyn howplusy guramaçylykly jenaýatçylyk diýlip hasaplanýar, sebäbi ol jemgyýetçilik gurluşynda diňe bir jenaýat-hukuk ähmiýeti bilen däl-de, eýsem, döwletiň durmuş-ykdysady syýasatyny sylamaýan guramaçylykly, jebis we belli bir maksada gönükdirilen kriminal birleşmedir.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň köp kadalary bir adam tarapyndan edilen jenaýat üçin jenaýat jogapkärçiligini göz öňünde tutýar.Ýöne tejribede jenaýatyň bir adam tarapyndan däl-de, eýsem iki we şondan-da köp adam

[1] Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001

tarapyndan edilýän ýagdaýlary köp gabat gelýär. Şeýle ýagdaýlara kanun beriji we onuň esasynda kazyýet tejribeligi jenaýata bile gatnaşmak hökmünde baha berýär. Köplenç halatlarda, öňünden biri-birleri bilen ylalaşylan birnäçe adamyň bilelikdäki hereketleriň netijesinde umumy jenaýatçylykly netije ýüze çykýar. Zyýan ýetirýän ýeke-täk jenaýatyň edilmegi şärikligiň esasynda amala aşyrylýar. Başga adamlar bilen birleşip, maslahat bermek, ýaragy, ulag serişdelerini tapyp bermek we beýleki usullar arkaly bilelikdäki jenaýata gatnaşmak şärikligiň alamatlaryny özünde jemleýär. Hünärmenleriň belleýişleri ýaly, köp derejede kämillik ýaşyna ýetmedikler jenaýatlary amala aşyranlarynda deliliň esasynda öz şahsyýeti zerurlygy ýa-da islegi goýman, toparyň, şeýle hem ululary pikirleri boünça hereket edýarler. Kämillik ýaşyna ýetmedikler köplenç halatlarda uly ýaşly jenaýatçylaryň ýolbaşçylygynda bilelikde Ogurlyk, Talaňçylyk, Garakçylyk etmek üçin birleşýärler. Mundan başga-da, diňe birňäçe adamyň birleşmegi bilen ýerine ýetirip bolýan jenaýatlar hem mälim, Banditizm, Jenaýatçylykly bileleşigi gurnamak we oňa gatnaşmak, Häkimiýeti zorlukly basyp almak we beýlekiler. Birnäçe adam tarapyndan jenaýatyň edilmegi umumy kada boýunça jenaýatçylykly netijä ýetilmegini çaltlandyrýar, jenaýatyň yzlaryny gizlemekligi ýeňilleşdirýär. Esasy kynçylyk dürli jenaýatçylykly bileleşikler, guramaçylykly toparlar, bileleşikler tarapyndan edilen jenaýatlar derňelende ýüze çykýar. Beýle birleşikleriň jenaýatçylykly hereketleri perdelenýär, seýrek bolmadyk halatlarda jenaýatçylykly hünärmenler tarapyndan amala aşyrylýar. Jenaýatçylykly topar tarapyndan ýerine ýetirilen jenaýatyň netijesinde ýüze çykan zyýan has uly bolýar. Jenaýaty amala aşyrmagyň usuly has giňişleýin häsiýetde geçirilýär, jebir çekene uly psihiki ýa-da fiziki täsir edilýär,

muňa guramaçylykly topar tarapyndan Adamyň girewe alynmagy mysal bolup biler. Şol sebäpli-de jenaýata birnäçe adamyň gatnaşmagy jenaýatyň özüniň, şeýle hem, jenaýatçy şahsyýetiniň jemgyýetçilik howplulygyny güýçlendirýär.

Amala aşyrylmadyk jenaýata bile gatnaşmak jenaýata bile gatnaşmakylygyň netijesiz ýagdaýyna degişlidir:

1. Meçew beriji ýerine ýetirijini jenaýat etmäge, yrmaga çalyşdy ýa-da guraýjy jenaýaty guramaga çalyşdy, emma ýerine ýetiriji (ýerine ýetirijiler) ony ýerine ýetirmekden boýun gaçyrdy.
2. Ýerine ýetiriji jenaýata razylyk berdi, emma soň jenaýaty ýerine ýetirmekden boýun gaçyrdy.
3. Ýerine ýetiriji jenaýaty amala aşyrmagy isledi, emma ony ahyryna çenli ýerine ýetirmedi.
4. Ýaran ýerine ýetirijini jenaýatyň ýaragy bilen üpjün etdi ýa-da jenaýaty nähili amala aşyrmalydygy barada maslahat berdi, emma ýerine ýetiriji olaryň hiç haýsysyndan peýdalanmady.
5. Ýerine ýetiriji şärikdeşleriň ugrukdyrmalaryndan peýdalanan-da bolsa, özüne bagly bolmadyk ýagdaýlara görä jenaýaty ahyryna çenli ýerine ýetirmedi.

Türkmenistanyň JK 32-nji maddasynda[1] şäriklik iki we ondan köp şahsyýetleriň jenaýaty amala aşyrmak üçin bilkastlaýyn birleşmesidir. Şärikligiň obýektiw we subýektiw alamatlaryny bellemek zerurdyr. Şärikligiň obýektiw tarapy şu aşakdaky alamatlar bilen häsiýetlendirilýär:

a) Jenaýat iki ýa-da ondan köp adam tarapyndan, ýagny, subýektleriň köplügi bilen amala aşyrylýar.
b) Olaryň bilelikdäki hereketleri we hereketsizligi.

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.15

Jenaýata bile gatnaşma işjeňlik maksada ýetmek üçin birleşdirilen güýjüň toplumyny döredýär. Netijede diňe indiwidual önümçilik artman, eýsem, täze önümçilik güýji hem döreýär. Jenaýata bile gatnaşmak etmişiň tizligini, şeýle-de, effektiwligini ýokarlandyrýar. Has howply taýýarlygy ýokarlandyrýar. Bellemeli zat, toparlaýyn çozuş wagtynda jebir çekene psihologik agramçylyk has güýçli täsir edýär, ýagny onuň garşylyk görkezmek mümkinçiligi has çäkli bolýar ýa-da düýbünden bolmaýar.

Şeýlelikde, bilelikdäki hereketiň howplulygy üç ýagdaýdan ybaratdyr:

a) wagtlaýyn ajaýyplylyk;

b) gatnaşyjylaryň "önümçilik" güýçlerini artdyrmak;

c) jebir çekene uly psihiki agram salmak.

Bilkastdan jenaýaty etmäge iki ýa-da şondan-da köp adamynyň bilkastdan bilelikde gatnaşmagy jenaýata bile gatnaşyjylyk diýlip hasap edilýär (TJK-niň 32-nji maddasy). Jenaýata bile gatnaşmanyň obýektiw alamaty jenaýatçylykly etmişiň bilelikde edilendigidir. Bilelikdäki alamaty, iki ýa-da ondan köp adamlaryň belli bir ýagdaýy ýerine ýetirmekde bilelikdäki gatnaşmak hereketidir. Bilelikde jenaýatyň edilendigini häsiýetlendirmek üçin bilelikde hereket edýän adamlaryň arasyndaky belli bir baglanyşygy çykarmak zerurdyr.

Jenaýata bile gatnaşmagyň subýektiw alamatyny iki ýagdaýy döredýär. Jenaýata bile gatnaşmagyň bilkastlaýyn edilendigini jenaýaty bile amala aşyrýan adamlaryň hemmesiniň göni ýa-da gytaklaýyn niýet bilen eden Hereketi aňladýar. Subýektiw alamatyň beýleki ýagdaýy, jenaýata diňe bilkastlaýýn gatnaşmakdyr.

Jenaýatyň düzümi maddy, formal ýa-da gysgaldylan düzümde bolup bilner. Obýektiw tarapyndan seretseň, jenaýat

hereket ýa-da hereketsizlik ýoly bilen amala aşyrylyp bilner. Maddy düzümli jenaýatlarda şäriklik jenaýatçylykly netijeleriň ýüze çykyş pursatyna çenli mümkindir. Hereketsizlik ýoly bilen amala aşyrylýan formal düzümli jenaýatlarda şäriklik şeýle-de diňe meçew beriji bilen hem çäklenip bilner, ýagny beýle ýagdaýlarda bilelikdäki jenaýatçylykly işiniň başga görnüşi mümkin däl. Gysgaldylan düzümli jenaýatlarda şäriklik hökmany element bolup durýar. Mysal üçin, Banditizm, Jenaýatçylykly topary gurnamak. Formal we gysgaldylan düzümli jenaýatlar jenaýatçylykly netijäniň ýüze çykmagyny talap etmeýärler we gutarylan diýlip hereketiň gutaran pursaty bilen (mysal üçin, **Töhmet** TJK-niň 132-nji maddasy) olary maddalaşdyrmak bolýär.

TJK-niň 33-nji maddasynda[1] şärikleriň dört görnüşi bellenilýär. Olar: ýerine ýetiriji, guraýjy, meçew beriji we ýarandyr. Dürli şärikleriň orunlary ýerine ýetiriji bilen birmeňzeş bolup bilmez. Bu ýagdaýlaryň öwrenilmegi jenaýatyň maddalaşdyrylmagynda we jezany bellemeginde zerur bolup durýar.

## §2 Jenaýata bile gatnaşmakylygyň alamatlary

Şärikligiň subýektiw tarapy bilkastlaýyn jenaýaty amala aşyrmaga gatnaşýan şahsyýetleriň (subýektleriň) bilelikdäki işiniň bilkastlaýyn häsiýetini jemleýär. Diňe olaryň umumy hereketleriniň birligi bilen däl-de, eýsem, ähli gatnaşyjylaryň niýetleriniň hem birligi bilen häsiýetlendirilýär. Olaryň her biri beýleki gatnaşyjylar bilen jemgyýetçilik howply hereketi edýändigine düşünýän we onuň bolmagyny isleýän (ýa-da düşünjeli ýol berýär)

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.15

bolmalydyr. Jenaýata bile gatnaşmak diýen düşünje Türkmenistanyň JK-niň 6-njy babynda (32-36-njy maddalar) öz beýanyny tapýar.

**Çyzgy № 52. Jenaýata bile gatnaşmagyň alamatlary**




Bilkastlaýyn jenaýat etmeklige seresapsyzlyk sebäpli gatnaşmak, beýleki şahsyýetleriň seresapsyzlyk bilen eden hereketlerine bilkastlaýyn gatnaşmak, şeýle hem bilelikde seresapsyzlyk bilen jenaýata gatnaşmak - jenaýata bile gatnaşmak diýlip hasap edilmeýär.

Jenaýata bile gatnaşmagyň zerur şertleri - jenaýata gatnaşyjylaryň bilelikde hereket etmekligi we olaryň

ylalaşygy. Jenaýata bile gatnaşmak şu aşakdaky düşünjeleri gurşap alýar:

a) jenaýata gatnaşyjylaryň özara biri-birleriniň jenaýatçylykly hereketi barada habarly bolmaklary;

b) jenaýaty etmäge umumy niýetiniň bolmagy (şol bir wagtyň özünde jenaýata gatnaşyjylaryň maksatlary we delilleri dürli-dürli bolup biler);

ç) jenaýata bile gatnaşyjylaryň birleşdirilen umumy güýjüni ulanmagy.

Jenaýata bile gatnaşyjylar öz hereketleriniň jemjyýetçilik howpuna, şol bir wagyýň özünde beýleki jenaýata bile gatnaşyjylarynyň hereketleriniň manysyna we jemgyýetçilik howpuna düşünýärlar. Jenaýata gatnaşyjynyň niýeti bilelikde edilen jenaýatyň netijeleriniň mümünçiligini ýa-da ondan sypmak mümkin däldigini gurşap alýar. Jenaýata gatnaşyjynyň niýetiniň erk pursaty jenaýatçylykly netijäniň ýüze çykmagynyň islemegi ýa-da onuň ýüze çykmagyna düşünjeli yol bermegi bilen häsiýetlendirilýär.

Jenaýata bile gatnaşmagyň obýektiw alamatlary:

a ) hil alamaty;

b) san alamaty;

ç)ähli gatnaşyjylar üçin talap edilýan ýeke-täk jenaýatyň netijesi;

d) ähli gatnaşyjylaryň hereketleri bilen ýeke-täk jenaýatyň netijesiniň arasynda sebäpli baglanşyk bilen häsiýetlendirilýär.

Soňky iki alamat maddy düzümli jenaýatlar üçin zerurdyr. Hil alamaty jenaýata iki ýa-da ondan hem köp adamyň gatnaşygy bilen alamatlandyrylýar. Köp ýagdaýlarda şäriklik üçin birnäçe adamyň jemlenmegi ýeterlik, emma şärikligiň belli bir görnüşleri üçin aýratyn

köp mukdardaky garnaşyjylar talap edilýär, meselem, **Bikanun ýaragly düzümleri döretmek ýa-da oňa gatnaşmak** (Türkmenistanyň JK-niň 273-nji maddasy), **Köpçülikleýin bidüzgünçilikler** (Türkmenistanyň JK-niň 276-njy maddasy).

Jenaýaty birnäçe adamyň bilelikde amala aşyrýandygyny, ýagny her bir gatnaşyjy azda-kände beýleki gatnaşyjylary ugrukdyrmak bilen jenaýaty amala aşyrmak üçin zerur bolan hereketleri (hereketsizligi) edýändigini alamatlandyrýan hereketleriň birleşigidir. Şunda olaryň orunlary dürli-dürli bolup biler:

a) olaryň her biri jenaýatyň obýektiw alamatlaryny doly düzýän hereketleri ýerine ýetirýär, ýagny olar jenaýatyň ýerine ýetirijileri bolup durýarlar;

b) jenaýatyň obýektiw tarapynyň alamatlaryny bölekleýin häsiýetlendirýän hereketleri amala aşyrýar, bir gatnaşyjynyň hereketi beýleki gatnaşyjynyň hereketiniň üstüni doldurýar, beýle şäriklik bilelikde Yerine ýetirijilik bolup durýar;

ç) her gatnaşyjynyň hereketi beýleki gatnaşyjynyň hereketi üçin şert döredýär.

Soňky alamaty beýleki orunlar ýerine ýetirende (ýerine ýetirijiden we bilelikdäki ýerine ýetirijiden başga) mazmuny boýunça tapawut edýär. Ÿeke-täk jenaýatçylykly netije (maddy düzümli jenaýatlar üçik)şärikligiň üçünji obýektiw alamaty bolup çykyş edýär.Ol ähli gatnaşyjylaryň, olaryň orunlaryna garaşsyz, bilelikdäki güýçleri bilen ýetilýär— umumy hereket (hereketsizlik ) hemmeler üçin umumy bolan jemgyýetçilik howply netijelere getirýär.

**Sebäpli baglanşyk—**bu ähli şärikdeşleriň bilelikdäki hereketleri bilen umumy jenaýatçylykly netijäniň arasyndaky obýektiw baglanyşygydyr. Bir adam tarapyndan

amala aşyrylan jenaýatdan tapawutlylykda, kazyýet tarapyndan diňe bir ýerine ýetirijiniň hereketleri bilen jemgyýetçilik howly netijäniň arasyndaky obýektiw baglanşyk anyklanylman, eýsem jenaýatyň düzüminiň alamatlarynyň çäginden çykýan hereket edýän (jenaýatyň obýektiw tarapyny ýerine ýetirmeýär) meçew berijiniň, guraýjynyň, ýaranyň hereketleriniň. Beýleki bir tarapdan ýerine ýetirijiniň hereketleriniň arasyndaky obýektiw baglanşyk hem anyklanylýar. Her gatnaşyjynyň hereketiniň aýratynlykda alanyňda, olar jenaýatçylykly netijäniň ýüze çykmagyna getirip bilmeýärler, oňa diňe jenaýaty ýerine ýetirmekde gatnaşýan ähli gatnaşyjylaryň başarnygynyň birleşdirilmeginde ýetmek mümkindir. Jenaýatçylykly netije jemgyýetçilik howply netije hökmünde ähli şärikdeşleriň umumy we kanunalaýyk yzygiderlikdäki hereketleri bilen häsiýetlenilýär. Jenaýatçylykly netijä bilelikde ýetilmegi hemmesiniň deň derejede güýjüniň sarp edenligini aňlatmaýar. Şärikler jenaýatyň maksadyna ýetmek üçin jenaýaty amala aşyrmakda hakyky gatnaşygynyň häsiýeti bilen ýerine ýetiren hereketleriniň jemgyýet üçin howplulyk derejesi, hereketleriň orny boýunça dürli-dürli bolup bilerler.

Şärikdeşligiň subýektiw alamatlary bilkastlaýyn günä bilen häsiýetlendirilýär. Jenaýatyň (deslapdan dilleşmek arkaly adamlaryň topary tarapyndan jenaýatyň edilmegi we başgalar) ýokary jemgyýetçilik howpuny häsiýetlendirýän maddalaşdyryjy alamatlary jenaýata gatnaşyjylaryň hereketine hukuk taýdan baha berlende göz öňünde tutulmalydyr. Jenaýata bile gatnaşyjylaryň hereketi maddalaşdyrylanda, beýleki jenaýata gatnaşyjylaryň şahsyýetini häsiýetlendirýän alamatlary hasaba alynmaly däldir.

## §3. Jenaýat hukugy boýunça şärikligiň görnüşleri. Guraýjy. Ýerine ýetiriji. Meçew beriji. Ýaran. Ýerine ýetirijiniň kadadan çykmagy. Şärikligiň görnüşlere bölünişiniň ähmiýeti

Şäriklik diýlip öz aralarynda bilkastdan jenaýaty amala aşyrmak üçin birleşen adamlaryň toparyna düşünilýär. Jenaýaty amala aşyrmakda şärikleriň orunlary birmeňzeş we dürli-dürli bolup biler. Türkmenistanyň JK-niň 33-nji maddasynda [1]şärikligiň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

- **ýerine ýetiriji (TJK-niň 32-nji m 2b)**
- **guraýjy (TJK-niň 32-nji m 3b)**
- **meçew beriji (TJK-niň 32-nji m 4b)**
- **ýaran (TJK-niň 32-nji m 5b)**

Amala aşyrylýan jenaýatda şärikleriň her biriniň ýerine ýetirýän obýektiw orunlary esasynda şeýle görnüşlere bölünýär. Jenaýaty ýerine ýetiriji bilen bir hatarda jenaýaty guraýjy, meçew beriji we ýaran jenaýatyň şärikleri diýlip hasap edilýär.

**Guraýjy.** Guraýjy diýlip jenaýatyň amala aşyrylmagyny guraýan ýa-da onuň amala aşyrylmagyna ýolbaşçylyk edýän şahsyýete düşünilýär. (TJK-niň 32-nji maddasynyň 3b). Jenaýat hukugy we kazyýet tejribesi guraýjylyk işiniň alamatlaryny bellýär:

- jenaýatçylykly topary guramak we oňa ýolbaşçylyk etmek;
- belli bir jenaýatyň amala aşyrmakylygyny guramak we oňa ýolbaşçylyk etmek.

Guramaçylykly jenaýatçylyga beren kesgitlemesinde guramaçyny takyk jenaýata gatnaşman, onuň amala aşyrylmagy üçin guramaçylyk, ýolbaşçylyk, ideologiki wezipeleri ýerine

---

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.15

ýetirýän lider hökmünde häsiýetlendirýärler. Jenaýatçylykly toparyň guraýjysynyň guramaçylyk we ýolbaşçylyk işini hem-de şeýle toparyň amala aşyran belli bir jenaýaty amala aşyrmak üçin guralan toparyň guraýjysynyň guramaçylyk we ýolbaşçylyk işini takyk tapawutlandyrmalydyr.

Guraýjy edil kanunda beýan edilşi ýaly, jenaýaty guran, ýagny onuň meýilnamalaryny işläp düzen, gatnaşyjylaryň arasynda orunlary paýlaýan ýa-da belli bir ýerine ýetirijiniň etmeli işlerini anyklaýan şahsyýet bolmalydyr. Başga söz bilen aýdylanda, ol diňe bir ýerine ýetirijä jenaýaty amala aşyrmagyny öwretmän, eýsem onuň üçin edilmeli herketleriň taýýar meýilnamasyny oýlap tapyp, taýýarlap berýär. Şunda guraýjynyň özi ýerine ýetirijilik wezipeleriniň amala aşyrylmagyna gatnaşman hem biler.

Guraýjynyň niýeti göni we gytaklaýyn bolup biler, ýagny, guraýjy jenaýatyň bolmagyny isleýär, edil şol bir wagtyň özünde hem öz döreden ýa-da ýolbaşçylyk edýän toparynyň ol ýa-da beýleki jenaýatçylykly hereketlerine düşünjeli ýol berýär. Emma şu ýerde bellemeli zat, gytaklaýyn niýet diňe edilen jenaýata degişlilikde jemgyýet üçin howply etmişiň amala aşyrylmagy we jemgyýet üçin howply netijeleriň emele gelmegi bilen döreýär. Öz hereketleri ýa-da hereketsizligine degişlilikde niýet hökman göni bolmalydyr.

Guramaçylyk işiniň ikinji görnüşi (belli bir jenaýatyň amala aşyrylmagyna guramaçylyk we ýolbaşçylyi)umumy düzgün boýunça diňe göni niýet bilen amala aşyrylyp bilner, onda guraýjy jemgyýet üçin howply netijeleriň bolmagyny isleýär.

Jenaýat kodeksinde düzümleriň birnäçesi şeýle görnüşde beýan edilen, ýagny, gös-göni, esasy we goşmaça obýektleriň birnäçesine bir wagtyň özünde kast edilýär. Mundan başga-da, tejribede "ideal şäriklikdäki" jenaýatlar ýeterlik derejede ýygy-

ýygydan duşýar, ýagny, jemgyýet üçin howply etmişiň birini edip, subýekt jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan birnäçe jenaýatlary amala aşyrýar, iki we ondan köp obýektlere zyýan ýetirýär. Şeýle gytaklaýyn niýetli jenaýatlar şärikligiň islendik görnüşinde, şol sanda belli bir jenaýaty amala aşyrmak üçin guralan toparyň hereketlerinde hem bolup biler.

Meselem, şäriklikde sargyt boýunça adam öldürilýär. Sargytçynyň (jenaýaty amala aşyrmaga meçew berýäniň) talaplaryna laýyklykda jebir çekeniň awtoulagynda partlaýjy gurluş oturdylýar. Jebir çekeni öldürmek isleýän ähli gatnaşyjylar, şol sanda guraýjy we meçew beriji awtoulagyň içinde we onuň golaýyndaky adamlaryň hem partlama netijesinde öljekdigine akyl ýetirýärler, şärikler öz edýän hereketleriniň ikinji derejeli netijesine biperwaý garaýarlar, onuň bolmagyny islemese-de, oňa akyl ýetirip ýol berýärler, ýagny, gytaklaýyn niýet bilen hereket edýärler.

Gytaklaýyn niýet bilen amala aşyrylan jenaýatlaryň diňe şu aşakdaky şertleri berjaý edilmegi bilen mümkin bolýandygyny bellemek gerek: birinjiden, jenaýaty guraýjynyň, meçew berijiniň we ýaranyň hereketlerine degişlilikde diňe göni niýet bilen mümkindir; ikinjiden, esasy jemgyýetçilik üçin howply netijä degişlilikde ähli gatnaşyjylar hökman göni niýet bilen hereket etmelidirler. Käbir ýagdaýlarda toparyň guramaçylygyny we ýolbaşçylygyny, şonuň ýaly-da belli bir jenaýaty amala aşyrýan şeýle toparyň guramaçylygyny we ýolbaşçylygyny utgaşdyrýan guraýjynyň işi aýratyn bir orny eýeläp biler. Guramaçylykly topar näçe uly boldugyça, onuň jenaýatçylykly işi hem şonça göwrümlidir, guramaçylyk derejesi näçe ýokary boldugyça, ähli orunlaryň (guramaçylyk işiniň görnüşleriniň) şol bir şahsyýet tarapyndan ýerine ýetirilmeginiň şonça ähtimallygy pesdir.

Jenaýatyň amala aşyrylmagyny guraýan we onuň ýerine ýetirilmegine ýolbaşçylyk edýän, şeýle-de guramaçylykly jenaýatçylykly topary döredip, oňa ýolbaşçylyk edýän şahsyýete guraýjy diýilýär.

Subýektiw tarapdan ýerine ýetirijiniň hereketi göni ýa-da gytaklaýyn niýet bilen hem häsiýetlendirilýär. Şonuň bilen birlikde ýerine ýetiriji j beýlekiler bilen bilelikde ýerine ýetirilmegine we jenaýat netijesiniň olaryň bilelikdäki işiniň netijesiniň ýüze çykandygyna akyl ýetirýär, umumy jenaýatçylykly netijäni öňünden görýär, onuň ýüze çykmagyny isleýär.

Jenaýat etmegi guran ýa-da onuň ýerine ýetirilmegine ýolbaşçylyk eden, şeýle hem jenaýat etmek üçin topary ýa-da jenaýatçylykly bileleşigi döreden, ýa-da olara ýolbaşçylyk eden adam, jenaýaty guraýjy diýlip hasap edilýär (TJK-niň 33-nji 3 b).

Guraýjynyň hereketi dört gşrnüşe bölünip bilner:

a) jenaýaty amala aşyrmak boýunça guramaçylyk hereketi;

b) guramaçylykly topary ýa-da jenaýatçylykly birleşigi döretmäge ugrukdyrylan hereketi;

ç) jenaýatyň ýerine ýetirilmegine ýolbaşçylyk etmek;

d) jenaýat etmek üçin topara ýa-da jenaýatçylykly bileleşige ýolbaşçylyk etmek.

Jenaýaty amala aşyrmak boýunça guramaçylyk hereketi guraýjynyň ähli mümkin bolan aktlarynyň alamatydyr. Bu topara düzüm bölegi hökmünde jenaýat etmek üçin topary ýa-da jenaýatçylykly bileleşigi döretmäge ugrukdyrylan hereketi we jenaýata ýolbaşçylyk hereketi girýärler.

Jenaýaty guramaçynyň hereketi jenaýatyň planlaryny, olary amala aşyrmagyň usullaryny işläp düzmekden, jenaýatyň amala aşyrylmagynda ýaraglar we serişdeler bilen üpjün etmek we ş.m. ybaratdyr. Guramaçylykly topary ýa-da jenaýatçylykly

bileleşigi döretmäge ugrukdyrylan hereketiň köpdürliligi mysal üçin, gatnaşyjylaryň işçi toplumlarynyň jebisleşmesinden, olary jenaýatçylykly herekete endik etdirmekden ybaratdyr. Jenaýatyň ýerine ýetirilmegine ýolbaşçylyk etmek jenaýatçylykly hereketiň netijesini gazanmak üçin ugrukdyrylan dürli görnüşli çäreleri aňladýar: şärikleri öňünde bellenen ýerde goýup çykmagy, olaryň her biriniň ýerine ýetirmeli borçlarynyň anyk paýlanmagy we ş.m. Jenaýat etmek üçin topara ýa-da jenaýatçylykly bileleşige ýolbaşçylyk: şärikleriň arasyndaky baglanyşygyň görnüşlerini işläp düzmekden, usullaryň detallaşdyrylmagyndan, beýleki şärikleri geljekki jenaýatçylykly hereketiň maksatlary bilen tanyşdyrmakdan, orunlaryň we ýerine ýetirilmeli işleriň anyk bölünmeginden ybaratdyr.

Şeýlelikde, guraýjyny şeýle häsiýetlendirýärler: ýolbaşçylyk etmek bilen ol beýleki şärikleriň güýçlerini birleşdirýär we olaryň bilelikdäki aktiwligini, effektiwli jenaýatçylykly netijäni gazanmak üçin ugrukdyrylýar. Jenaýaty guraýjy hökmünde maddalaşdyrmak üçin şularyň biri hem ýeterlikdir. Subýektiw tarapdan guraýjynyň hereketi göni ňiýet bilen häsiýetlendirilýär. Guraýjynyň niýeti şärikler tarapyndan amala aşyrylan anyk jenaýatlar barada ýa-da bilelikdäki jenaýatçylykly hereketiň umumy häsiýeti barada bilmekden, bilelikde jenaýaty amala aşyran şärikleriň ählisini ýa-da käbirlerini bilmekden ybaratdyr. Jenaýat etmegi guran ýa-da onuň ýerine ýenirilmegine ýolbaşçylyk eden, şeýle hem, jenaýat etmek üçin topary ýa-da jenaýatçylykly bileleşigi döreden, ýa-da olara ýolbaşçylyk eden adam jenaýaty guraýjy diýlip hasap edilýär.

Jenaýat etmegi guramak - bu jenaýat etmekligiň meýilnamasyny işläp düzmek, jenaýata gatnaşyjylary saýlap-seçip almak we olaryň arasynda orunlary, jenaýatçylykly girdejileri paýlamakdyr. Jenaýatyň ýerine ýetirilmegine

ýolbaşçylyk etmek - bu jenaýata gatnaşyjylaryň gös-göni jenaýatyň islendik ýerine ýetiriliş döwründe (jenaýata taýýarlyk görmek, jenaýatyň kastyna düşmek, gutarylan jenaýat) işini ugrukdyrmakdyr. Jenaýaty guraýjy hemişe göni niýet bilen hereket edýär.

**Ýerine ýetiriji.** Jenaýat kanunynda (TJK-niň 33-nji maddasy)[1] ýerine ýetiriji diýlip, gös-göni jenaýaty ýerine ýetirýän, ýagny, jenaýatyň obýektiw tarapyna degişli hereketi (hereketsizligi) amala aşyrýan adama düşünilýär. Şonuň üçin ýerine ýetiriji diýlip hasap etmek üçin şärikligiň jenaýatyň obýektiw tarapyna degişli hereketleri doly ýa-da bölekleýin ýerine ýetirilmelidir. Jenaýatyň düzümlerini alyp görenimizde kanun olaryň diňe takyk jenaýatçylykly netijä ýetmekligini görkezýär. TJK-niň 107-nji maddasynda saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirilmegi üçin jogapkärçilik göz öňünde tutulandyr. Emma kanun çykaryjy saglyga şeýle şikesi ýetirmegiň usullaryny görkezmändir. Şu jenaýatda diňe bir şol agyr şikesi salan adam däl-de, subýektiw alamaty bolan, jebir çekene islendik güýç ulanan (meselem, daňan, uran we ş.m.) adam hasaplanýar.

**“Saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirmek**

(1) Syna bilkastdan agyr şikes ýetirilmegi adamyň janyna howp salsa ýa-da şonuň netijesinde adam görmekden, geplemekden, eşitmekden galsa, ýa-da haýsydyr bir edarasyny ýitirse, ýa-da haýsy-da bolsa bir edarasy, işlemekden kesilse, ýa-da ýüzi düzedip bolmajak bedroýlyga sezewar edilse, şeýle hem saglygyna, jany üçin howply bolan başga bir zyýan ýetip, umumy işe ýarawlylygynyň azyndan üçden bir bölegini uzak wagtlaýyn ýitirse, ýa-da professional işe, ýarawlylygyny doly ýitirse, ýa-da göwresinden çagasy aýrylsa, ýa-da psihiki kesele ýoluksa,

---

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.15

## Çyzgy №53. Şärikligiň görnüşleri

Şärikligiň görnüşleri

Şärikligiň obýektiw alamatlary

Şärikligiň subýektiw alamatlary

Bir jenaýaty amala aşyrmakda iki ýa-da ondan köp adamyň gatnaşmagy

Her bir jenaýata gatnaşyjynyň hereketiniň we ýüze çykan zyýanly netijäniň arasynda sebäpli arabaglanyşygyň bolmagy

Şäriklik bilen diňe bilkastlaýyn jenaýatlar amala aşyrylýar

Jenaýata bile gatnaşyjylaryň niýet bir bolmaly we bir umumy maksada gönükdirilen bolmaly

Bilelikdäki amala aşyrylan hereketler

Jenaýata bile gatnaşyjylaryň her biri bir-birine jenaýaty amala aşyrmakda ýardam berýär

Jenaýata bile gatnaşyjylaryň hemmesiniň bilkastlaýyn niýeti bolmaly we olaryň her birisi beýleki gatnaşyjylaryň hereketlerine göz ýetirýär

Ýüze çykan zyýanly netijeleri gatnaşyjylaryň bilelikdäki hereketleriň esasynda ýüze çykýarlar

üç ýyldan sekiz

ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş, eger:

a) göwreliligi günäkäre görnetin bolup duran aýal babatynda;

b) adamyň öz gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly şol adam ýa-da onuň ýakyn adamlary babatynda;

ç) deslapdan dilleşmezden iki ýa-da şondan-da köp adam tarapyndan ýa-da deslapky dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

d) azap bermek ýa-da jebir bermek häsiýetindäki usul bilen;

e) umumy howply usul bilen;

ä)huligançylyk niýetleri bilen;

f)durmuş, milli, jyns ýa-da dini ýigrenç ýa-da duşmançylyk bilen;

g)guramaçylykly topar tarapyndan;

i) iki ýa-da köp adam babatynda;

l)gaýtadan edilse,

bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan etmişler jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan edilse ýa-da seresapsyzlyk boýunça jebir çekeniň ölmegine eltse,

alty ýyldan on bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Beýleki halatlarda kanun çykaryjy jenaýatyň obýektiw tarapyny beýan edende jenaýatçylykly hereketi ýa-da şonuň ýaly, jenaýatçylykly netijäni takyk görkezýär. Mundan başga-da jenaýat hukugynda käbir jenaýatlaryň düzümleri bir däl-de, birnäçe hereket bilen amala aşyrylýar. Meselem, Talaňçylykda

ýerine ýetirijileriň biri güýç ulanyp, beýlekisi bolsa emlägi eýelemäge gönükdirilen hereketleri edip biler. Aýal-gyzlar zorlananda bolsa, ýerine ýetirijileriň biri güýç ulanýar, beýlekisi bolsa, jyns gatnaşygyny edip biler. Görşümiz ýaly, şu adamlaryň hereketleri düýbünden birmeňzeş däl, öz häsiýeti boýunça hem dürlüdir. Şeýle halatlarda ýerine ýetiriji diýlip hasap etmek üçin olaryň haýsydyr bir hereketi bölekleýin ýerine ýetirmegi hem ýeterlikdir.

Belläp geçişimiz ýaly, jenaýaty gös-göni ýerine ýetiren şahsyýet ýerine ýetiriji diýlip hasaplanýar. Ýerine ýetiriji diýen düşünjäni anyklamakda onuň ýerine ýetiren jenaýatçylykly hereketiniň ýeriniň we wagtynyň birligi bilen ýarandan tapawutlanýandygyny bellemek zerurdyr. Şu ýerde jenaýaty ýerine ýetirmek bilen baglylykda şeýle bir sorag ýüze çykýar, ýagny jenaýat amala aşyrylanda ýerine ýetirijileriň biri has aktiw hereket edýär, beýlekisi bolsa hiç hili hereket etmeýär, ýöne muňa garamazdan, bularyň ikisiniň hem hereketleri jenaýatyň obýektiw tarapynda aktiw hereket hökmünde beýan edilýär. Şeýlelikde, jenaýatyň obýektiw tarapyna girýän hereketler doly ýa-da bölekleýin ýerine ýetirilende, ýa-da jenaýat jogapkärçiligine degişli bolmadyk adamlaryň üsti bilen amala aşyrylanda, ýerine ýetirijiniň işiniň obýektiw tarapy ýüze çykýar.

Ýerine ýetirijiniň işiniň subýektiw tarapy göni we gytaklaýyn niýet bilen amala aşyrylýar. Ýerine ýetiriji diýlip jenaýaty gös-göni, ýagny jenaýatyň obýektiw tarapyna girýän hereketleri doly ýa-da gytaklaýyn ýerine ýetirýän şahsyýete, şeýle-de ýaşynyň ýetmeýändigi, akyly kemligi ýa-da Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlar sebäpli jenaýat jogapkärçiligine degişli bolmadyk adamlaryň üsti bilen jenaýaty amala aşyrýan şahsyýete düşünilýär.

Jenaýaty gös-göni eden adam ýa-da beýleki adamlar (bilelikde ýerine ýetirijiler) bilen bilelikde etmäge gös-göni gatnaşman, şeýle hem jenaýat jogapkärçiligine degişli bolmadyk beýleki adamlary peýdalanmak arkaly jenaýat eden adam, jenaýaty ýerine ýetiriji diýlip hasap edilýär (TJK-niň 33-nji maddasyň 2 b). Kanuna laýyklykda onuň hereketi etmişiň obýektiw tarapynyň bölekleýin ýerine ýetirilişi bilen hem ýüze çykyp biler. Özüniň jenaýatçylykly bähbidi üçin başga biriniň ýalňyşlygyny ulanan adam jenaýatyň ýerine ýetirijisi hökmünde seredilýär. Jenaýatyň gös-göni ýerine ýetirijisi ýaly özüniň jenaýatçylykly maksatlary üçin haýwanat dünýäsiniň wekillerini ulanýan adama jenaýat jogapkärçiligini çekýändir.

Jenaýaty gös-göni eden adam ýa-da beýleki adamlar (bilelikde ýerine ýetirijiler) bilen bilelikde etmäge gös-göni gatnaşan, şeýle hem kanunyň güýjüne görä jenaýat jogapkärçiligine degişli bolmadyk beýleki adamlary peýdalanmak arkaly jenaýat eden adam, jenaýaty ýerine ýetiriji diýlip hasap edilýär.

Jenaýat kanuny jenaýaty ýerine ýetirijiligiň üç görnüşini tapawutlandyrýar: gös-göni ýerine ýetirijilik, bilelikdäki ýerine ýetirijilik we arada durujy ýerine ýetirijilik. Jenaýaty gös-göni ýerine ýetiren adam jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny doly ýerine ýetirýär. Jenaýat düzüminiň obýektiw tarapy birnäçe adamlar tarapyndan bilelikde hem ýerine ýetirilip bilner. Muňa bilelikdäki ýerine ýetirijilik diýilýär. Jenaýaty ýerine ýetirijiler diýlip, jenaýaty ýerine ýetirmek üçin jenaýat jogapkärçiligine degişli bolmadyklary ulanan adamlar hem degişlidir.

Bu arada durujy ýerine ýetirijilikdir. Bu ýagdaýda ýerine ýetiriji jenaýat jogapkärçiligine degişli bolmadyk ýaşdakylary, akyly düzüw bolmadyklary, bigünä hereket edenleri, iň agyr zerurlyk ýagdaýynda hereket edenleri we ol ýa-da beýleki

jenaýatyň görnüşi üçin hökmany bolan goşmaça alamatlary bolmadyklary ulanyp biler.

**Yerine ýetirijiniň kadadan çykmagy.** Beýleki şärikleriň niýetini gurşap, almaýan, ýerine ýetiriji tarapyndan jenaýatyň edilmegi ýerine ýetirijiniň kadadan çykmak diýlip hasap edilýär.Ýerine ýetirijiniň kadadan çykmagyna beýleki şärikler jenaýat jogapkärçiligine degişli däldirler. [1] **“Ýerine ýetirijiniň kadadan çykmagy**

Beýleki şärikleriň niýetini gurşap almaýan, ýerine ýetiriji tarapyndan jenaýatyň edilmegi ýerine ýetirijiniň kadadan çykmagy diýlip hasap edilýär. Ýerine ýetirijiniň kadadan çykmagyna beýleki şärikler jenaýat jogapkärçiligine degişli däldirler”.

Kadadan çykmada ýerine ýetiriji guraýjynyň, meçew berijiniň, ýaranyň niýetini gurşap almaýan obýekte kast edýär, ol şärikdeşleriň kömek berilmedik hereketini edýär. Ähli kadadan çykmakylyga şuňa baglylykda möçber we hil taýdan tapawutlandyrýarlar. Möçber taýdan kadadan çykmakylyk - bu ýerine ýetiriji şol bir wagtyň özünde şärikdeşleriň niýetinin gurşap alan agyr jenaýaty ýerine ýetirýär. Bu ýagdaýda şärikdeşler bilelikde ýerine ýetirmegi islän Jenaýatyňa gatnaşandyklary üçin jogapkärçilik çekýärler. Hil taýdan kadadan çykmakylykda ýerine ýetiriji şärikdeşleriň niýetini gurşap almadyk düýbünden başga obýekte kast edýär. Bu ýagdaýda ýerine ýetiriji ylalaşygy bozýan bilelikde hereket etmekde we öz hereketleri bilen indiwidual jenaýat düzümini ýerine ýetirmekden hakykat ýüzünde boýun gaçyrýar.

**Meçew beriji.** Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 33-nji maddasynyň 4-nji böleginde şeýle dilýär: “Razy etmek, bermit bermek, haýbat atmak ýa-da başga usul arkaly jenaýat

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi.sah.15

etmäge yran adam jenaýat etmäge meçew beriji diýlip hasap edilýär.”[1]

Meçew bermeklik başga şahsyýeti jenaýat etmäge şeýle yrmagy göz öňünde tutýar, meçew berilýän şahsyýetde jenaýat etmäge meýliniň döräp, onuň meýli doly ýa-da bölekleýin amala aşyrylmaly. Kazyýet tejribesinde meçew bermekligiň arassa görnüşi gaty az duş gelýär. Köplenç ol jenaýaty gurnamak bilen utgaşýar. Kada bolşy ýaly, ýaranlyga garanyňda meçew bermekligiň özi, meçew berijiniň şahsyýeti uly howp bolup durýar, esasanam kämillik ýaşyna ýetmedikleri jenaýatçylykly işe baş goşmaga yrmak barada gürrüň edilse. Şeýlelikde, jenaýat kanunyna laýyklykda meçew bermek - jenaýat etmäge *yrmak,* başga şahsyýete takyk jenaýatyň gerekligi, hökmanylygy, talap edilýänligi baradaky pikiri ündemek, şeýle-de ýerine ýetirijiniň erkine we aňyna täsir etmek prosesi bolup durýar. Meçew bermek şärikligiň görnüşi hökmünde öňi bilen şol prosesiň netijesini göz öňünde tutýar. Meçew bermekligiň obýektiw manysy jenaýat etmäge yrmak maksat bilen ýerine ýetirijiniň aňyna we erkine täsir etmek bolup durýar. Şol täsir meçew berijiniň erkine şikes ýetirmeýär. Ol erkin hereket edýän subýekt bolup galýar. Bir ýa-da birnäçe, ýöne takyk şahsyýetlere meçew berip bolýar we meçew berilýän jenaýat kesgitli bolmaly. Umumy jenaýatçylykly hünäri öwretmekligi meçew bermeklik hökmünde görmek bolmaýar. Mazmuny boýunça kesgitli jenaýatlary etmäge çagyrmagy öz içine almaýan agetasiýalaryň dürli görnüşlerini meçew bermek diýlip hasap etmek bolmaýar. Kesgitli şahsyýete gönükdirilmedik, kesgitli jenaýaty amala aşyrmak islegi baradaky pikirini bildirmeklige meçew bermeklik diýlip

[1] Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi. Aşgabat, 1997. Sah17

bolmaýar. Meçew bermek jenaýatyň özünde gatnaşmagy göz öňünde tutmaýar. Eger-de meçew beriji jenaýatyň amala aşmagynda orun tapan bolsa, onda kada bolşy ýaly, şeýle hereketler jenaýatyň gurnaýjysy hökmünde maddalaşdyrylýar. Eger-de meçew beriji ýaranyň hem hereketini ýerine ýetirse, onda bu hakykat jogapkärçilik çäresi bellenende göz öňünde tutulýar.

Intellektual ýarandan intellektual meçew beriji jenaýat etmäge meýil döredýänligi bilen tapawutlanýar, intellektual ýaran bolsa şol meýli has berkidýär. Meçew bermeklik mydama jenaýata gönükdirýän hereketi göz öňünde tutýar. Meçew bermekligi hereketsizligiň üsti bilen mümkin diýlip göz öňünde getirip bolmaýar, ýöne hereketlilik öz-özünden dürli bolup olary kesgitli shema salmak kyn. Şonuň üçin hem, kada bolşy ýaly, dürli gurallaryň we usullaryň sanawy berilse-de, olar köplenç mysal hökmünde berilýär. Jenaýata sözüň, hereketiň şekillendirişiň üsti bilen meçew berip bolýar. Islendik ýoly we islendik usuly meçew bermek diýlip bilmeli, eger şol hereket bilkastlaýyn başga şahsyýeti kesgitli jenaýat etmäge maýyl etmek maksat bilen edilen bolsa we meçew berijä başardan bolsa. Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygy meçew berijiniň häsiýetine kesgitleýji ähmiýet bermän, diňe ugur görkeziji bolup bilýän meçew bermekligiň has ýaýran usullaryny sanap geçýär. Onuň içinde dilleşmegi, satyn almagy, haýbat atmagy ýatlap geçýär. ***Dilleşmek*** (ynandyrmak) meçew bermekligiň has ýaýran usuly hökmünde, onda ýerine ýetirijä jenaýat gönüden-göni ýa-da gyýtaklaýyn maddy, ahlak, ýa-da başga gyzyklanmasynyň bardygy baradaky pikir ündelýär. Şonuň bilen bilelikde meçew berilýäniň hakykatdanam bähbidiniň bardygynyň ýa-da meçew berýän aldadýanlygynyň tapawudy ýok. Dilleşmegi, ýerine ýetirijiniň aňyna, jenaýaty amala aşyrmak meýlini salmagy oňa garşylyklaýyn delilleri ýeňip

geçmegi ündemek maksady bilen psihiki täsir etmeklige meňzedip bolar.

***Satyn almak.*** Maddy bähbidi söz bermek ýoly pul ýa-da eýeçiliki bermek, eýeçilik borçlardan boşatmak, bähbitli ylalaşygy baglaşmaga söz bermek bilen jenaýata islendik ugrukdyrmany şu termin bilen aňlatmak mümkin. Jenaýatyň amala aşyrylmagynyň özi (mysal üçin, Maşgalanyň kämillik ukypsyz agzasyndan dynmai)bähbit bolup durýar. Satyn almak ýoly bilen meçew bermeklik buýruk esasynda adam öldürmeklikde-de öz ornuny tapyp bilýär. Şu ýagdaýda köpleňç meçew beriji, gurnaýjy hökmünde çykyş edýär. Şunuň bilen bilelikde, şu ýagdaýda tabşyryk bilen adam öldürmekligi amala aşyrylandygy üçin, bu jenaýatyň özi gurnaýjy üçin başga delil bilen adam öldürmek hökmünde maddalaşdyrylyp bilinjekdigi bellemek möhümdir.

***Haýbat atmak.*** Meçew bermekligiň şu usuly hem jeňaýaty gurnamakylyga gaty ýakyndyr, sebäbi tabşyryk boýunça adam öldürmek muny hem aňladyp bilýär. Eger-de haýbat atmak diňe adaty meçew bermekligiň usulyny aňladýan bolsa, onda ol hakyky we ýeterlik derejede çynlakaý bolmaly, mysal üçin, fiziki zorluk ulanmaga haýbat atmak (şeýle-de ýakynlary üçin), emläkden mahrum etmek, emläge bolan hukugyndan mahrum etmek. Haýbat atmagyň derejesi meçew bermegiň jenaýaty gurnaýjylykdan tapawutlylygynyň esasy bolup durýar diýlip düşünilýär.

Meçew bermekligiň beýleki usullarynyň sanyna *haýyş etmek* degişli edilip bilner. Jenaýata meçew bermekligiň bu görnüşi meçew beriji bilen azda-kände ýakyn gatnaşykda bolýan şahsyýete ulanylyp bilinýär.

***Tabşyryk.*** Meçew beriji tarapyndan ýerine ýetirijä dilden, ýazuw üsti bilen ýa-da başga ýol bilen, jenaýaty amala aşyrmak baradaky tabşyrygy bermegi bolup durýar. Adatça

şeýle ýagdaý tabşyryk berýäniň we ýerine ýetirýäniň arasynda, bir şahsyýetiň beýleki şahsyýetiň özüni alyp barşyna kesgitli derejede täsir etmek mümkinçiligini berýän gulluk, maşgala ýa-da başga tertipdäki kesgitli aragatnaşyk bar bolanda mümkin. Şunuň bilen birlikde tabşyryk – bu buýruk däl-de, has takygy ynama we ýerine ýetirijiniň erkine çynlakaý täsir etmegi ulanmazlyga esaslanýan haýyş bolup durýar. Ähli ýagdaýlarda tabşyryk bermek “arassa” bolmaly we gurnaýjylyk häsiýete eýe bolmaly däl, ýogsa-da meçew beriji jenaýatyň gurnaýjysyna öwrülip bilýär. Meçew bermekligiň beýleki usullaryn buýruk, aldaw, fiziki zorluk diýlip atlandyrylyp bilinýär. Şu usullar başga şahsyýeti ulanmak bilen ýerine ýetirmek arkaly ýakyndan galtaşýarlar, bu hökman elmydama aýratyn üns bilen nazara alynmalydyr.

***Buýruk.*** Hökmany buýruk ýoly bilen meçew bermeklige elmydama başga şahsyýeti ulanmak bilen jenaýaty amala aşyrmak hökmünde garalmalydyr. Şonuň üçin hem buýruk bermekligi sözsüz meçew bermeklige degişli etmek bolmaýar. Buýruk, gulluk ýagdaýyny hyýanatçylykly peýdalanmakda, gullukçyny jenaýata gönükdirmek maksady bilen abraýyny ulanmakda jemlense we buýruk hökmany häsiýete eýe bolman, onuň ýerine ýetirilmegi gullukçynyň öz erkine bagly bolsa onda ol meçew bermeklik bolup bilýär. Garşylykly ýagdaýda başga şahsyýeti ulanmak bilen jenaýaty amala aşyrmak görnetin bolýar. Maşgalanyň uly agzalaryna degişli maşgaladaky buýruk bolsa, başga gürrüň. Buýruk bermeklik häkimiýeti maşgalanyň baştutanynyň abraýynda saklanýar we onuň hyýanatçylykly ulanylmagy maşgalanyň uly we kämillik ukyply agzasynyň erkine şikes ýetirip bilmeýär.

***Fiziki zorluk*** meçew bermekligiň usuly hökmünde gaty seýrek çykyş edýär. Bu usul mysal üçin, bialaç zerurlyk ýagdaýynda hereket edýän ýerine ýetirijini şu ýagdaýda öňüni

alýan zyýanyndan has möhüm jenaýaty amala aşyrmaga meçew berlende mümkin.

***Aldaw*** hem meçew bermekligiň seýrek alamaty bolup durýar. Ol diňe jenaýatyň deliline, maksadyň netijesine, etmişden gelýän bähbide degişli bolup bilýär. Başga söz bilen aýdanyňda gürrüň aldawyň jenaýaty ýerine ýetirijiniň psihikasyna gowy täsir edýän gural hökmünde ulanylmagy barada gidýär, ýöne aldaw ony jenaýatyň düzümini emele getirýän elementlere bolan gatnaşykda düşnüksizlige getirmeýär.

Meçew bermekligiň subýektiw tarapy şulardan ybarat bolup durýar, meçew beriji, başga şahsyýetde jenaýat etmek meýlini döretmek bilen mydama jenaýaty emele getirýän ähli hakykat ýüzündäki ýagdaýlary, öz hereketleriniň we jenaýatyň amala aşmagynyň arasyndaky sebäpli arabaglanyşygyň ösüşini öňünden görmelidir.

Türkmenistanyň kanunçylygy seresapsyzlyk bilen meçew bermekligiň bolmagynyň mümkinligini inkär edýär, diýmek, diňe niýeti, onda-da göni niýeti göz öňünde tutýar, sebäbi meçew berijiniň erkin edijilik tarapy jenaýatyň amala aşyrylandygyny görmek isleginde jemlenýär. Meçew berijiniň ýerine ýetiriji tarapyndan öz aýdyşy, gönükdirişi ýaly hereketleri edilmeginiň şeýle hem jenaýaty ýerine ýetirilendigini ýa-da başlanandygyny görmek islegi meçew bermekligiň hökmany bölegi bolup durýar.

Biziň pikirimizçe gyýtaklaýyn niýet bilen meçew bermeklik mümkin däl, sebäbi adaty adama, başga şahsyýete jenaýat etmek pikirini islemän, ýöne jenaýatyň bolup biljegine ýol berip gönükdirmek kellesine gelmeýär. Eger-de meçew beriji jenaýatyň ýerine ýetiriji tarapyndan amala aşyryljagyna şübhelense we şonuň bolup biljegini diňe çaklasa, onda bu jenaýatyň amala aşyrylmagyna bolan islegini aradan aýyrmaýar,

sebäbi hut onuň özi jenaýatyň sebäpkäri bolup durýar. Gytaklaýyn niýet bilen meçew bermekligiň logiki manysyzlygy onuň subutnamasynyň mümkinçiligini aýyrýar.

Meçew berijiniň maksady onuň jenaýatyň amala aşyrmak isleginden-de has giň bolup biler. Ol maksatlar jenaýaty ýerine ýetirijä nygtalýan maksat bilen deň gelmän hem biler. Meçew berijiniň hereketleri maddalaşdyrylanda esasy orny jenaýaty ýerine ýetirijiniň eýerýän maksatlary we delilleri eýeleýär. Meçew berijiniň şahsyýeti maksatlary we delilleri bolsa diňe onuň şahsyýetine baha bermekde möhüm bolup biler.

Eger-de jenaýat gutaran bolsa, onda meçew beriji gutaran jenaýat üçin jogapkärçilik çekmelidir. Kastyna düşmeklikde we taýýarlykda göz öňünde tutulýan ähli ýagdaýlar meçew berijä bolan gatnaşykda hem göz öňünde tutulmalydyrlar. Razy etmek, bermit bermek, haýbat atmak ýa-da başga usul arkaly jenaýat etmäge yran adam jenaýat etmäge meçew beriji diýlip hasap edilýar (TJK-niň 33-nji m 4 b). Meçew berijiniň aýratynlygy obýektiw tarapy onuň başga adamda jenaýat etmek islegini ýüze çykarmakdyr. Onuň ulanýan mümkinçilikleri: ynandyryjy we mejbur ediji sullaryna bölünýär. Ynandyryjy usulyna haýyş, teklip, satyn almak, sowgatlaryň üsti bilen yrmak ýaly usullar degişli. Mejbur ediji usulyna buýruk, adamyň özüne ýa ýakynlaryna bolan gatnaşykda gorkuzmak, fiziki zorluk, gulluk ýagdaýyndan hyýanatly peýdalanmak ýaly usullar degişli.

Jenaýat kanunynda meçew berijini beýan edýän söz “yrmakdyr”. Meçew beriji başga adamy kanuna garşy akty amala aşyrmaga yrýan adamdyr, bu bolsa meçew beriji üçin anyk ähmiýetli zat habar ýetmezden asla mümkin däl. Subýektiw tarapy boýunça meçew beriji jenaýaty diňe bilkastlaýyn edip biler.

Meçew berijiniň işiniň obýektiw tarapy ýerine ýetirijide ýa-da beýleki gatnaşyjyda jenaýaty amala aşyrmak kararyna

gelmek duýgusyny oýaryjy aktiw hereket bilen häsiýetlendirilýär. Görnüşi ýaly, meçew berijilik häsiýetiniň özi hem jenaýatyň hereketsiz amala aşyrylýandygyny gutarnykly subut edýär.

Kanunçykaryjy meçew bermegiň anyk usullaryny görkezmeýär. Jenaýat hukugy bolsa onuň hataryna mejbur etmekligi we howp salmagy, buýruk bermegi, ynandyrmagy, sylaglamagy wada etmegi ýa-da oňa amala aşyrylan jenaýatdan düşen peýdany wada bermegi, haýyş etmegi we beýlekileri goşýar. Mejbur etmegiň ol ýa-da beýleki usulynyň hakykylygyny abstrakt meýilde kesgitlemegiň kyndygyny bellemek gerek. Meçew bermegiň usullarynyň köpdürliligine garamazdan, şeýle işiň görnüşleri çäklidir. Olar gürleşmek we maglumaty bir adamdan beýlekä geçirmek bilen kesgitlenýär. Şeýlelikde, meçew bermegiň obýektiw tarapy başga bir adamy jenaýat etmäge yrmaga gönükdirlen aktiw hereketi öz içine alýar.

Subýektiw tarapdan meçew bermek köplenç halatlarda göni niýet bilen amala aşyrylyp, günäkär jemgyýet üçin howply netijeleriň bolmagyny isleýär.

Meçew beriji diýlip ynandyrmak, satyn almak, buýruk bermek, howp salmak, mejbur etmek ýa-da haýsydyr bir usul arkaly başga bir adamy jenaýaty amala aşyrmakylyga yrýan adama düşünilýär.

Razy etmek, bermit bermek, haýbat atmak ýa-da başga usul arkaly jenaýat etmäge yran adam jenaýat etmäge meçew beriji diýlip hasap edilýär. Jenaýat hukugynda meçew berijinin jenaýat etmäge yrmakylygynyň dürli usullaryna düşündiriş berilýär.

Yrmakylyk (ynandyrmakylyi)- meçew berijiligiň usuly hökmünde has giňden ýaýran, ýerine ýetirijide jenaýata nähilidir bir göni ýa-da gytaklaýyn maddy, ahlak ýa-da başga

bähbidiň barlygy hakynda pikir oýarýar. Şunda meçew berilýän hakykat ýüzünde şol bähbide eýe bolmagy ýa-da meçew berijiniň ony aldanlygy hiç hili rol oýnamaýar. Tejribede yrmak - jenaýat etmegi has berk haýyş etmek, ýöne kada bolşy ýaly birnäçe gezek gaýtalanýan bolmaly.

Satyn almakylyk (bermit bermek). Bu maddy bähbidi söz bermek, pul serişdelerini ýa-da emläk bermek, emläk borçlaryndan boşatmak, bähbitli geleşigi söz bermek we beýlekileri wada bermek bilen islendik jenaýata yrmakylygy aňladyp biler. Peýda jenaýatyň ýerine ýetirilmeginde hem jemlenip biler (meselem, maşgalanyň işe ýarawsyz agzasyndan dynylmagy). Bermit bermek usuly bilen meçew bermeklik adam öldürmäge buýruk bermekde-de ýeri bolup biler. Bu ýagdaýda meçew beriji köplenç guraýjy hökmünde çykyş edýär. Şu ýerde adam öldürmäge buýruk bermekde bermit bermek jenaýatyň özi guraýjy bolup

***Gorkuzmak.*** Eger gorkuzmak diňe ýönekeý meçew berijiligiň usuly bolup çykyş etse, onda ol hakyky we ýeterlik derejede çynlakaý bolmalydyr, meselem fiziki zorluk ulanmaga (şol sanda ýakyn adamlaryňa hem), emläge bolan hukugy ýitirmek haýbatyny atmak. Haýbat atmagyň hakykat we çynlakaý derejesi jenaýata meçew berijiligiň guraýjylykdan araçäginiň esasy bolmaly diýlip pikir edilýär.

Meçew berijiligiň beýleki sanawyna ***haýyş etmeklik*** hem goşulyp bilner. Jenaýata meçew berijiligiň bu görnüşi meçew berijiniň azda-kände golaý durýan adamy babatda mumkindir.

***Tabşyryk.*** Meçew beriji tarapyndan ýerine ýetirijä dilden, ýazmaça ýa-da başga usul bilen jenaýat etmekligi tabşyrmakylygy aňladýar. Köplenç beýle ýagdaý haçan-da tabşyryk beriji bilen tabşyrygy ýerine ýetirijiniň arasynda birine beýlekiniň özüni alyp barşyna kesgitli derejede täsir etmek mümkinçiligini berýän kesgitli gulluk, maşgala ýa-da başga

tertipde arabaglanyşyk bar bolsa mümkindir. Şunuň bilen birlikde tabşyryk bermek - bu buýruk bermek däl-de, eýsem, ýerine ýetirijiniň erkine çynlakaý täsir etmezden we ynama esaslanan haýyş etmeklikdir. Ähli ýagdaýda ol ,,arassa" we guraýjylyk häsiýetinde bolmak däldir, ýogsa meçew beriji jenaýatyň guraýjysy bolup biler. Meçew berijiligiň beýleki usullarynyň sanawynda buýrugy, aldawy, fiziki zorlugy hem agzap bolar. Bu serişdeler hemişe aýratyn üns bilen hasaba alynýan gönüden-göni meçew berijilik bilen düýbünden degişýär.

***Buýruk bermek.*** Hökmany buýruk usuly bilen meçew berijilige *elmydama* gytaklaýyn ýetirmeklik hökmünde seredilmelidir. Şol sebäpli buýruk bermegi jedelsiz meçew berijilige degişli edip bolmaz. Ol haçan-da gulluk ýagdaýyndan, abraýyyndan betnebislik bilen garamagyndaky adamy jenaýat etmäge yrmak maksady bilen çykyş etse, ýöne buýruk hökmany häsiýetde bolmadyk we onuň ýerine ýetirilmegi garamagyndaky adamyň öz erkine bagly bolsa meçew berijilik bolup biler. Ýogsa bada-bat gytaklaýyn ýetirijilik bolup biler. Haçan-da betnebislik uly ýaşly we akyly düzüw maşgala agzasynyň erkini güýçsüzlendirip bilmese,onda häkimlik maşgalabaşynyň abraýynda saklanýar. Fiziki zorluk meçew berijiniň serişdesi hökmünde örän seýrek çykyş edýär. Ol, meselem, haçan-da bialaç zerurlyk ýagdaýynda hereket edýän ýerine ýetirijini ýetiriljek zyýandan has agyr jenaýata meçew berlende mümkindir.

Şeýle hem, aldawa meçew berijiniň serişdesi hökmünde çykyş edýär. Ol diňe jenaýatyň deliline, onuň ahyrky maksadyna, hereketden alynýan peýda degişli bolup biler. Başga sözler bilen aýdanyňda, haçan-da aldaw ýerine ýetirijiniň aňyna ýiti täsir etmek üçin çykyş edende,ýöne ony jenaýatyň düzümini emele getirýän elementlere

degişlilikde aldawa salmaýan ýagdaýda gürrüň gidýär. Gizlin meçew berijilik hakynda aýratyn aýtmak gerek, haçan-da meçew berijiniň daşky hereketi jenaýata yrmak bolman, eýsem hakykatda düşünjelilik bilen şoňa ugrukdyrylan bolsa. Ähli ýagdaýda meçew berijiniň hut öz hereketleri bilen ýerine ýetirijide jenaýat etmäge yranlygyny anyklamak gerek. Onuň ulanan serişdeleri bu ýerde diňe ikinji derejede täsir edýär.

Meçew beriji bir jenaýaty etmeklige bilkastlaýyn itekleýän adamlardyr. Şol bir wagtyň özünde ol dürli-dürli serişdeleri we usullary ulanyp bilýär. Olaryň zyýanly sanawyny kanunda getirmek mümkin däl. Bular, mysal üçin, yrmak (öz täsiriňi peýdalanmak ýa-da başgalaryň abraýyndan peýdalanmak), satyn almak (pul, maddy peýda), fiziki taýdan gorkuzmak we ş.m. Meçew beriji şeýle hem meçew berilýän aýratyn (görübilmezçilik, göriplik), psihiki (ýokary derejedäki) gožgalaňyndan peýdalanyp biler. Adamlary biri-birine garşy goýmak bilen beýleki adamy jenaýat etmeklige iteklemek meçew beriji hökmünde seredilmelidir. Meçew berijilik bilelikdäki jenaýatçylygyň görnüşine garamazdan jenaýat etmäge çekmekligiň ähli görnüşini gurşap alýar. Meçew berijilik jenaýaty guramakylyga, gös-göni jenaýaty etmäge meçew bermeklige, ýaran bolmakylyga gönükdirilip bilner. Meçew berijiligiň subýektiw tarapy göni niýet bilen häsiýetlendirilýär. Günäkäriň nähili içki maksalynyň bolanlygynyň ähmiýeti ýok. Olar şärikdeşleriň şahsyýeti maksatlary, delilleri, ugrukdyrylmalary bilen gabat gelip hem, gabat gelmän hem bilerler.

Meçew berijilik belli bir adamyň jenaýat kanuny tarapyndan goralýan belli bir obýekte garşy gönükdirilen kesgitli bir jemgyýetçilik howpy etmişe yrmaly. Belli bir

obýekte garşy gönükdirilmedik jenaýat etmeklige çagyryş meçew berijilik hökmünde seredilip bilinmez. Meçew berijilik aktiw hereketiň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Meçew berijilik hereketiň, mimikanyň, alamatlandyryjy bellikleriň üsti bilen ýerine ýetirilip bilinmez. Meçew berijilik üçin başga bir adamy jenaýat etmeklige yrmakylyga gönükdirilen hereketiň edilmegi ýeterlik däldir, şeýle hem, meçew berijiniň teklibini ýerine ýetirmeklige razyçylyk hökmandyr. Meçew berijiligiň obýektiw alamaty meçew berilýäniň erkine ony jenaýatçylyga yrmaga täsir etmegidir. Şol bir wagtyň özünde meçew berilýän jenaýatyň subýekti bolup durmaly we öz nobatynda düşünjeli, bilkastlaýyn, öz erkine hereket etmeli. Meçew berijiniň psihiki täsir etmesi meçew berilýäni erksizlendirmeli däl,ol azat hereket edýän subýekt bolup galmaly. Meçew berijiniň guraýjy bilen umumy alamatlary, olaryň ikisiniň hem jenaýatçylyga meýil döredýänliginden ybaratdyr. Ýöne guraýjy mundan başga-da jenaýaty guraýar, olara ýolbaşçylyk edýär we özi hem ýerine ýetirip bilýär. Meçew berijiligiň döredijilikli ýarandan tapawudy,ol jenaýat etmäge meýil döredýär, emma döredijilikli ýaran öz maslahatlary bilen jenaýat etmekligi ýeňilleşdirýär, kömek berýär, ruhlandyrýar.

**Ýaran.** Maslahatlary,görkezmeleri bilen, habarlary, jenaýat etmegiň gurallaryny ýa-da serişdelerini bermek ýa-da päsgelçilikleri ýok etmek bilen jenaýat edilmegine ýardam beren adam, şeýle hem jenaýatçyny, ýaragy ýa-da jenaýatçylykly ýol bilen edinilen predmeti gizlemegi öňünden wada beren adam, şeýle hem predmetleri edinmegi ýa-da satmagy öňünden wada beren adam ýaran diýlip hasap edilýär. Jenaýatda ýarançylyk etmek iň köp ýaýran şärikligiň görnüşleriniň biridir. Ýarançylyk etmegiň obýektiw alamatlarynyň sanawy jenaýat kanunçylygy

tarapyndan ret edilýär. Kanunda agzalan ýarançylygyň usullary, kada bolşy ýaly, jenaýat etmäge başlamaga ýagdaý döredýär. Ýöne ýaran jenaýat ediýän döwründe-de, şeýle hem onuň gutarmagy bilen hem öňden beren degişli sözi bilen täsir edip bilýär.

Ýaranyň hereketi yerine ýetirijiniň hereketinden tapawutlylykda onuň jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny ýerine ýetirmezlik bilen howpy azrakdyr. Eger ýaran jenaýat edilýän wagtynda jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny ýerine ýetirmegine täsir etse, onda onuň hereketi jenaýaty bilelikde ýerine ýetirijilige çenli ösýär. Ýaranyň usullary we serişdeleri döredijilikli we fiziki bolup bilýär. Şu nukdaýnazardan döredijilikli ýaranlyk we fiziki ýaranlyk tapawutlanýar. Döredijilikli ýaran maslahatlar, görkezmeler bermek, habarlary ýetirmek, jenaýatçyny, jenaýatyň serişdesini we ýaragyny, jenaýatyň yzyny ýa-da jenaýatçylykly ýol bilen edinilen jenaýatyň predmetini, şeýle hem öňünden şonuň ýaly predmetleri edinmäge edinmäge söz bermekde ýüze çykýar.

Dörejilikli ýarançylygyň bir görnüşi maslahat bermek bolup durýar. Maslahat diýlende, nädip jenaýat gowy ýa-da howupsyz taýarlamalydygy, nähili usul bilen ony ýerine ýetirmek maksada laýykdygy, haýsy wagtda niýetlenen pikiri ýerine ýetirmäge başlamalydygy, bilelikdäki ýerine ýetirjilige kimi çekmelidigi baradaky düşündirişlere düşünmeli. Garaz, islendik jenaýatyň düzüminiň esasy ýa-da goşmaça elementlerini ýerine ýetirmeklige degişli bolan islendik maglumatlar, ugrukdyrmalar degişli.

Görkezme bermek diýlende, şeýle ýagdaýda nähili hereket etmelidigini berk haýyş etmeklige ýa-da düşündirmeklige düşünilýär. Galan ýagdaýlarda maslahat bilen görkezmäniň arasynda tapawut goýmak ýeterlik

derejede kyn. Maslahatlar we görkezmeler dilden berlip bilnişi ýaly, hat üsti bilen hem berlip bilner,şol sebäpli ýerine ýetiriji bilen ýaranyň biri-biri bilen gönüden-göni aragatnaşyk saklamagy elmydama talap edilmeýär. Maslahatlar we görkezmeler aýan ýa-da perdelenip berlip bilner. Maslahatlary bermek - bu öz häsiýeti boýunça maslahat bermeklige we görkezme bermeklige golaý bolup, döredijilikli meçew berijiligiň täze görnüşidir, ýöne maslahatdan birneme bitarapdyr. Maslahat bermek gönüden-göni kesgitli bir jenaýatyň edilmeginde bähbidi ýüze çykarýar.

Maglumatlary bermek - bu jebir çeken, jenaň obýekti, ony goramagyň serişdeleri, maglumat berijiniň ýeterlik derejede habarly bolan, jenaýat fakty hakynda nähilidir bir şahsyýeti gyzyklanmasy görnüp durmadyk ýagdaýynda, jenaýatçylykly pikiri amala aşyrmak ugrunda döräp biläýjek garşylyklar barada ýönekeý maglumatlary bermekdir. Jenaýatçyny, jenaýatyň serişdelerini ýa-da ýaraglaryny,jenaýatyň yzyny ýa-da jenaýatçylykly ýol bilen edinilen predmetleri gizlemegi öňünden wada bermek, şeýle hem edinmekligi ýa-da satmakylygy söz bermek döredijilikli ýarançylyk bolup durýar. Gizlemegiň öňünden wada edilendigi sebäpli şu jenaýata dahyllygyň görnüşine ýaran edýär. Bu ýerde wada etmeklik jenaýatkärde aýgytlylygy berkidýär, yrgalygy aradan aýyrýar we jogapkärçiliksiz galjakdygyna bolan ynamy artdyrýar .Wada etmegiň esasynda gizlemekligi öňünden wada etmeklik jenaýat bilen sebäpli baglanşyk bolup durýar. Wadany soňundan ýerine ýetirenligiň ýa-da ýerine ýetirmänligiň bu ýarançylyga ýuridiki baha berlende hiç-hili oryn oýnamaýar. Ÿogsa-da kanun öňünden habar bermezligi ýa-da jenaýata ýol bermekligi wada bermeklik hakynda hiç zat

aýdanok. Olar haçan-da şol wada etmeklik bilen amala aşyrylan jenaýatyň arasynda sebäp baglanyşygy bar bolsa, jenaýat etmäge aýgytlylygy berkitmek, döredijilikli ýarançylyk bolup çykyş edýär. Wada etmeklikde diňe bir dilden ynandyrmakylyga ýa-da razylygy aňlatmakylyga dälde, eýsem, şol pursatda edilen dürli hereketlere hem düşünmeli. Fiziki ýaranyň wezipesi päsgelçilikleri aradan aýyrmak üçin jenaýatyň serişdelerini ýa ýaraglaryny getirmekden ybaratdyr.

Serişdeleri tapyp bermek diýlende, jenaýaty amala aşyrmak ýa-da başlanan jenaýaty tamamlamak mukinçiligini ýeňilleşdirýän islendik herekete düşünilýär. Ÿaranyň işi jenaýatça jenaýatyň ýaragyny tapyp bermeklik bilen hem tamamlanyp biler. Ÿarançylygyň bu görnüşine ýerine ýetirijini jenaýatçylykly netijä ýetmek üçin dürli kömekçi serişdeleri, ulagy, galp resminamalary we ş.m. tapyp bermeklik hem degişlidir. Fiziki ýaranlyk diňe bir hereketiň üsti bilen mümkin bolman,eýsem hereketsizligiň üsti bilen hem mümkindir. Ýaran diýlip maslahat, görkezme, serişdeleri bermek ýa-da päsgelçilikleri düzetmek arkaly jenaýatyň amala aşyrylmagyna ýardam edýän, şeýle-de, öňünden wada berşi ýaly jenaýatçyny, jenaýatyň gurallaryny we serişdelerini, jenaýatyň yzlaryny ýa-da jenaýatçylykly ýol bilen alnan närselerini gizleýän adam hasaplanýar. (Türkmenistanyň JK-niň 33-nji maddasy 5b).

Ýaranyň obýektiw tarapy ýerine ýetirijä ýa-da jenaýatyň beýleki gatnaşyjylaryna ýardam etmeklige gönükdirilen hereketleri etmeklik bilen häsiýetlendirilýär. Jenaýat kanunda göz öňünde tutulan ýaranyň hereketlerine geçirlien derňewler ony intellektual we fiziki görnüşlere bölmeklige mümkinçilik berýär. Intellektual ýaranlyk jenaýatyň amala aşyrylmagyna

maslahat, görkezme, şeýle-de öňünden wada berilişi ýaly jenaýatçyny, jenaýatyň gurallaryny we serişdelerini, şeýle-de, jenaýatçylykly ýol bilen edinilen närseleri gizlemeklige ýardam etmekden durýar.

Maslahat we görkezme bermek görnüşindäki intellektual ýaranlyk, edil şunuň ýaly maslahat we görkezme bermek usulyndaky meçew bermekligi ýatladýar. Emma şärikligiň bu görnüşleri biri-birinden has tapawutlanýar. Meçew bermek bilen ýerine ýetirijide we beýleki şäriklerde jenaýaty amala aşyrmakylyga hyjuw döredilýär. Intellektual ýaran diňe jenaýaty amala aşyrmaga töwekgelligi berkidip, onuň hereketleri jenaýat amala aşyrylandan soňky ähmiýete eýedir. Intellektual ýaranlyga bilşimiz ýaly, öňünden berlen wada laýyklykda, jenaýatçyny, jenaýatyň gurallaryny we serişdelerini, jenaýatyň yzlaryny ýa-da jenaýatçylykly ýol bilen edinilen närseleri gizlemek ýaly hereketler degişlidir. Şeýle ýaranlyk fiziki hereketler bilen bagly bolsa-da, ol intellektual görnüşe degişli edilýär. Bu diňe şeýle hereketleri etmek arkaly öňünden berlen wada bilen jenaýatça ýardam etmegine jenaýat hukuk ähmiýetiniň berilmegi bilen düşündirilýär. Şeýle wada bermeklik ýerine ýetirijide we beýleki şäriklerde jenaýaty ahyryna çenli amala aşyrmaga ynamy artdyrýar. Şunda ýaranyň wada beren hereketleri edendigi ýa-da etmändigi jenaýaty maddalaşdyrmakylyga hiç-hili täsir etmeýär, şonuň üçin şeýle hereketler jenaýatyň amala aşyrylmagy bilen sebäpli baglanşykda durmaýar.

Ýaranyň ilkibaşda jenaýatçyny, jenaýaty amala aşyrmagyň gurallaryny we serişdelerini, jenaýatyň yzlaryny ýa-da jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan närseleriniň üstüni ýapmak barada beren wadasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmagy jenaýat jogapkärçiliginden boşatmakylyga esas bolup bilmez,

ýöne bu hereketler diňe jeza bellenende göz öňünde tutulyp bilner.

Fiziki ýaranlyk diýlip serişdeleri berip ýa-da päsgelçilikleri aradan aýryp jenaýatyň amala aşyrylmagyna ýardam etmeklige düşünilýär. Jenaýatyň amala aşyrylmagy üçin serişdeleri bermek diýlende ýerine ýetirijä ýa-da beýleki gatnaşyjylara jenaýatyň amala aşyrylmagyny ýeňilleşdirer ýaly islendik serişdeleri bermekden durýan aktiw herekete düşünilýär.

Päsgelçilikleri aradan aýyrmak diýlende bolsa, hem aktiw hereket arkaly (meselem, jebir çekeni öldürmek maksady bilen onuň jaýynyň girelge gapysyny döwüp bermek), şonuň ýaly-da hereketsizlik bilen edilip bilner. Bularyň hatarynda (şärikligiň beýleki görnüşleriniň içinden diňe) hut ýaranlygy hereketsizlik bilen amala aşyryp bolýar. Şu ýagdaýda sebäpli baglanşyk bilen jemgyýet üçin howply netije özüne tabşyrylan borçlary ýerine ýetirmezligi wada bermekde däl-de, şeýle hereletleri ýerine ýetirmedik halatynda ýüze çykýar.

Görkezilen ýagdaýda şäriklikdäki ýaranlyk öňünden hiç-hili ylalaşyk baglaşylman ýerine ýetirilýär. Emma passiw ýaranlykda şeýle ylalaşyk hem baglaşylyp bilner. Meselem, ýaranlykda dükanyň satyjysy öňünden ýerine ýetiriji bilen dilleşip, gapyny ýapman gidýär, bu ýaranlyk intellektual däl-de, fiziki ýaranlykdyr. Bu ýerde jenaýatyň amala aşyrylmagy üçin şert satyjynyň öňünden beren wadasy bilen däl-de, hut dükanyň gapysy açylyp gidilenden soň, jenaýatçynyň döwletiň emlägini ogurlamagy üçin mümkinçilik döredi. Dükanyň satyjysynyň hut jenaýatçylykly hereketsizligi jemgyýetçilik üçin howply netije bilen hökmany sebäpli baglanyşyk bolup durýar. Päsgelçilikleri aradan aýyrmak boýunça öňünden wada berlen hereketsizlik, ýaranlygyň şu görnüşiniň çäklerindäki aktiw hereketler bilen meňzeşdir. Mysal üçin, bir jaýdan ogurlyk ediljek bolnanda

onuň girelge gapysynyň açarynyň nusgasyny ýasamaga wada bermekde, diňe ony taýýarlamaga berlen wada bilen däl-de, şol açar taýýarlanylyp ony jenaýaty ýerine ýetirijä berlenden soň ýaranlyk ýüze çykýar.

Ýaranlyk görnüşindäki şäriklige guramaçylykly jenaýatçy toparlaryň işini goldaýan we howpsuzlygyny üpjün edýän şahsyýetleriň işleri hem goşulýar. Şeýle işlere edil serişdeleri bermek we päsgelçilikleri aradan aýyrmak işlerini ýerine ýetirýän ýaran ýaly garalýar. Emma bu işiň aýratynlygy olar her bir takyk jenaýatyň amala aşyrylmagyna däl-de, guramaçylykly toparyň tutuşlygyna işlemegine ýardam edýärler, bu bolsa guramaçylykly toparyň jenaýat etmeklerine mümkinçilik döredýär. Bu ýagdaý şeýle ýaranlary şu aşakda görkezilişi ýaly jenaýat jogapkärçiligine çekmekligiň aýratynlygy bilen şertlendirilýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 33-nji maddasynyň 5-nji böleginde ýaranlygy amala aşyrmagyň usullary beýan edilýär. Bu sanaw ýaranyň işiniň çygryny daraldýar.Ýaran diýlip, maslahatlary, görkezmeleri, serişdeleri bermek ýa-da päsgelçilikleri aradan aýyrmak bilen jenaýatyň amala aşyrylmagyna ýardam edýän, şeýle-de, jenaýatçyny, jenaýaty amala aşyrmagyň gurallaryny we serişdelerini, jenaýatyň yzlaryny ýa-da jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan närseleri gizlemeklige öňünden wada berýän şahsyýete düşünilýär.

Maslahatlary, görkezmeleri bilen, habarlary, jenaýat etmegiň gurallaryny ýa-da serişdelerini bermek ýa-da päsgelçilikleri ýok etmek bilen jenaýat edilmegine ýardam beren adam,şeýle hem, jenaýatçyny,ýaragy ýa-da jenaýatçylykly ýol bilen edinilen predmeti gizlemegi öňünden wada beren adam, şeýle hem predmetleri edinmegi ýa-da satmagy öňünden wada beren adam ýaran diýlip hasap edilýär. Jenaýatda ýaranlyk etmek iň köp ýaýran şärikligiň görnüşleriniň biridir. Ýaranlyk

etmegiň obýektiw alamatlarynyň sanawy jenaýat kanunçylygy tarapyndan ret edilýär. Kanunda agzalan ýarançylygyň usullary, kada bolşy ýaly, jenaýat etmäge başlamaga ýagdaý döredýär. Ýöne ýaran jenaýat edilýän döwründe-de, şeýle hem, onuň gutarmagy bilen hem öňden beren degişli sözi bilen täsir edip bilýär.

Ýaranyň hereketi yerine ýetirijiniň hereketinden tapawutlylykda onuň jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny ýerine ýetirmezlik bilen howpy azrakdyr. Eger ýaran jenaýat edilýän wagtynda jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny ýerine ýetirmegine täsir etse, onda onuň hereketi jenaýaty bilelikde ýerine ýetirijilige çenli ösýär. Ýaranyň usullary we serişdeleri döredijilikli we fiziki bolup bilýär. Şu nukdaýnazardan döredijilikli ýaranlyk we fiziki ýaranlyk tapawutlanýar.

Döredijilikli ýaran maslahatlar, görkezmeler bermekde, habarlary ýetirmekde, jenaýatçyny,jenaýatyň serişdesini we ýaragyny, jenaýatyň yzyny ýa-da jenaýatçylykly ýol bilen edinilen jenaýatyň predmetini, şeýle hem öňünden şonuň ýaly predmetleri edinmäge söz bermekde ýüze çykýar. Dörejilikli ýarançylygyň bir görnüşi maslahat bermek bolup durýar. Maslahat diýlende, nädip jenaýat gowy ýa-da howpsuz taýýarlamalydygy, nähili usul bilen ony ýerine ýetirmek maksadalaýykdygy, haýsy wagtda niýetlenen pikiri ýeirne ýetirmägi başlamalydygy, bilelikdäki ýerine ýetirjilige kimi çekmelidigi baradaky düşündirişlere düşünmeli. Garaz, islendik jenaýatyň düzüminiň esasy ýa-da goşmaça elementlerini ýerine ýetirmeklige degişli bolan islendik maglumatlar, ugrukdyrmalar degişli.

Görkezme bermek diýlende, şeýle ýagdaýda nähili hereket etmelidigini berk haýyş etmeklige ýa-da düşündirmeklige düşünilýär. Galan ýagdaýlarda maslahat bilen görkezmäniň arasynda tapawut goýmak ýeterlik derejede kyn.

Maslahatlar we görkezmeler dilden berlip bilişi ýaly, hat üsti bilen hem berlip bilner,şol sebäpli ýerine ýetiriji bilen ýaranyň biri-biri bilen gönüden-göni aragatnaşyk saklamagy elmydama talap edilenok. Maslahatlar we görkezmeler aýan ýa-da perdelenip berlip bilner. Maslahatlary bermek - bu öz häsiýeti boýunça maslahat bermeklige we görkezme bermeklige golaý bolup,döredijilikli meçew berijiligiň täze görnüşidir, ýöne maslahatdan birneme bitarapdyr. Maslahat bermek gönüden-göni kesgitli bir jenaýatyň edilmeginde bähbidi ýüze çykarýar. Maglumatlary bermek - bu jebir çeken, jenaň obýekti,ony goramagyň serişdeleri,maglumat berijiniň ýeterlik derejede habarly bolan, jenaýaň fakty hakynda nähilidir bir şahsyýeti gyzyklanmasy görnüp durmadyk ýagdaýynda jenaýatçylykly pikiri amala aşyrmak ugrunda döräp biläýjek garşylyklar barada ýönekeý maglumatlar bermekdir.

## §4. Deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary. Deslapdan dilleşmek boýunça guramaçylykly topar. Deslapdan dilleşmek boýunça jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan jenaýatyň edilmegi

Deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň toparyny, guramaçylykly topary ýa-da jenaýatçylykly bileleşigi bilmek zezurdyr. Eger jenaýaty bilelikde etmek hakynda oňa deslapdan dilleşmek boýunça iki we şondan-da köp adam gatnaşsa, deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilen jenaýat diýlip hasap edilýär. Şarikli jenaýatçylygyň bu görnüşi has köp ýaýrandyr. TJK-nin 34 **maddasy " Deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary,**

**guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan jenaýatyň edilmegi**[1]

(1) Eger jenaýaty bilelikde etmek hakynda oňa deslapdan dilleşmek boýunça iki we şondan-da köp adam gatnaşsa, deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan edilen jenaýat diýlip hasap edilýär.

(2) Eger bir ýa-da birnäçe jenaýatlary etmek üçin öňünden birleşen adamlaryň durnukly topary tarapyndan jenaýat edilse, jenaýat guramaçylykly topar tarapyndan edilen diýlip hasap edilýär.

(3) Agyr we aýratyn agyr jenaýatlary etmek üçin döredilen, deslapdan durnukly, jebis, dolandyrylýan gurama toplanylan adamlar tarapyndan edilse, jenaýat jenaýatçylykli bileleşik tarapyndan edilen diýlip hasap edilýär.

(4) Jenaýatçylykly bileleşigi guran ýa-da oňa ýolbaşçylyk eden adam jenaýatçylykly bileleşigi gurandygy we ýolbaşçylyk edendigi üçin, şeýle hem onuň niýeti bilen gurşalyp alynsa, bileleşik tarapyndan edilen ähli jenaýat üçin jogapkärçilik çekýär. Jenaýatçylykly bileleşigiň beýleki gatnaşyjylary oňa gatnaşandygy we olaryň gatnaşan jenaýaty edendigi ýa-da taýýarlandygy üçin jogapkärçilik çekýärler.

(5) Deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary, guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan jenaýatyň edilmegi şu Kodeks esasynda we ol tarapyndan bellenen çäklerde has berk jeza berilmegine eltýär".

Şärikleriň biriniň arasynda jenaýat düzüminiň obýektiw tarapynyň ýerine ýetirmeziniň öňünden deslapdan dilleşik bolsa, ol deslapdan dilleşilen hasaplanýar. Şol bir wagtyň özünde-de bilelikdäki jenaýaty ýerine ýetirijiler bilen bir hatarda şärikli jenaýatçylygyň beýleki agzalary adam öldürmäge

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.16

guraýjylyk,meçew  berijilik ýa-da ýaranlyk orunlaryna girip bilerler. Şeyle usulda deslapdan dilleşik bilelikdäki ýerine ýetirijileriň arasynda we orunlary bölünen adamlaryň toparynyň arasynda mümkindir. Her bir babatda bilelikde jenaýat etmek baradaky şärikdeşleriň deslapky dilleşigi hökmany suratda subut edilmäge degişlidir.       Eger bir ýa-da birnäçe jenaýatlary etmek üçin  öňünden birleşen adamlaryň durnukly topary tarapyndan jenaýat edilse, jenaýat guramaçylykly topar tarapyndan edilen diýlip hasap edilýär.

Jenaýatçylykly topar deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan tutanýerli we bileleşikli alamatlary boýunça tapawutlanýar. Guramaçylykly topar tutanýerli,has ýokary derejedäki guramaçylygy, orunlaryň bölünişigi, guraýjynyň we ýolbaşçynyň barlygy bilen häsiýetlendirilýär. Konstruktiw alamaty boýunça guramaçylykly topar,tutanýerlilik, agzalaryň arasynda dowamly we durnukly baglanşyk, jenaýaty ýerine ýetirmek üçin bu bileleşikde özleriniň degişliliklerine düşünýändiklerini aňladýar (hünärmen).

Bileleşik guraýjynyň we ýolbaşçynyň barlygy,onuň maksada gönükdirilen görkezmelerine tabynlyk, bir ýa-da birnäçe jenaýatlaryň ýerine ýetirilmegini meýilnamalaşdyrmagy bilen  häsiýetlendirilýär. Bu görkezilen alamatlary guramaçylykly toparda  bilelikdäki ýerine ýetirijiligi aradan aýyrýar. Jenaýatyň guramaçylykly topar tarapyndan ýerine ýetirilmegi,onuň düzümi bilen bir hatarda maddalaşdyryş alamaty hökmünde görkezilýär.  Eger we ayratyn agyr jenaýatlary etmek üçin döredilen, deslapdan durnukly, jebis, dolandyrylýan gurama toplanan adamlar tarapyndan  edilse, jenaýat jenaýatçylykly  bileleşik tarapyndan edilen diýlip hasap edilýär. Şärikli jenaýatçylygyň bu görnüşi iň howply şäriklikdir.

Jenaýatçylykly bileleşik guramaçylykly topardan tapawutlylykda agzybir we agyr we aýratyn jenaýatlary etmek üçin maksat döretmek alamatlary bilen häsiýetlendirilýär. Jenaýatçylykly bileleşikde agzybirlik, guramaçylykly işi amala aşyrmak,agzalaryň bir bütewi bölünmeýän birleşmeşi, bütewiligi we guramaçylygy alamatlandyrýar. Jenaýatçylykly bileleşik agyr we aýratyn agyr jenaýatlary etmek üçin döredilen guramaçylykly toparlaryň bileleşiginden ybarat bolup biler.

Jenaýatçylykly bileleşigi guran we ýolbaşçylyk eden adam jenaýatçylykly bileleşigi gurandygy we ýolbaşçylyk edendigi üçin, şeýle hem onuň niýeti bilen gurşap alynsa, bileleşik tarapyndan edilen ähli jenaýat üçin jogapkärçilik çekýär. Jenaýatçylykly bileleşigiň beýleki agzalary oňa gatnaşandygy we olaryň gatnaşan jenaýaty edendigi, ýa-da taýýarlandygy üçin jogapkärçilik çekýär.

Deslapky dilleşmek boýunça adamlaryň topary, guramaçylykly topary ýa-da jenaýatçylykly bileleşigi tarapyndan jenaýatyň edilmegi Türkmenistanyň JK-niň esasynda we ol tarapyndan bellenen çäklerde has berk jeza berilmegine eltýär. Guramaçylykly toparyň döredilendigi üçin, eger Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddalarynda göz öňünde tutulmadyk ýagdaýynda ýerine ýetirilen bolsa, onda düzülen jenaýaty taýýarlamak boýunça jenaýat jogapärçiligi ýüze çykýar. Şu ýerde jenaýat jogapkärçiligi diňe agyr we aýratyn agyr jenaýatlary taýýarlamak üçin düşýändigini göz öňünde tutmaly.

## Çyzgy №54. Deslapdan dilleşmek boýunça jenaýaty bilelikde etmegiň görnüşleri

Deslapdan dilleşmek boýunça jenaýaty bilelikde etmeginiň görnüşleri

Jenaýat etmek üçin deslapdan dileşmek boýunça adamlaryň tarapy (TJK-nyň 34-nji maddasynyň 1bölegi)

Bir ýa-da birnäçe jenýatlary etmek üçin öňünden birleşen adamlaryň durnukly topary (TJK-nyň 34-nji maddasynyň 2 bölegi)

Agyr we aýratyn agyr jenaýatlary etmek üçin döredilen deslapdan durnykly jebis dolandyrylýan gurama toplanylan adamlaryn jenaýatçylykly bileleşigi TJK-nyň 34-nji maddasynyň 3-nji bölegi)

Jenaýatçylykly bileleşigi guran ýa-da oňa ýolbasçylyk eden adam jenaýatçylykly bileleşigi gurandygy we ýolbaşçylyk edenligi üçin, şeýle hem onuň niýeti bilen gurşalyp alynsa bileleşik tarapyndan edilen ähli jenaýat üçin jogapkärçilik çekýär. (TJK-nyň 34-nji maddasynyň 4-nji bölegi)

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň göz öňünde tutmagy esasynda we çäklerinde jenaýatyň deslapky dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan,guramaçylykly topar tarapyndan ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan edilendigi üçin has agyr jenaýat düşýär. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 58-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda görkezilen ýagdaýlar jezany agyrlaşdyrýan bolsa, ýöne eger olar Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň degişli maddalarynda jenaýatyň alamaty hökmünde göz öňünde tutulan bolsa, onda olar öz-özünden jeza çäresi bellenende ikinji gezek hem göz öňünde tutulyp bilner.

Toparlaýyn jenaýatçylykly döreýşiň çäkleriniň has giň ýaýran alamaty subýektiw alamatdyr, ol jenaýatçylykly toparyň çäginde gatnaşyjylaryň baglanşyk häsiýetini göz öňünde tutýar: deslapky dilleşmezden döredilen topar:

1. **deslapky dilleşmek esasynda döredilen topar;**
2. **guramaçylykly topar;**
3. **jenaýatçylykly bileleşik ýa-da jenaýatçylykly gurama.**

Deslapky dilleşmezden döredilen topar ýerine ýetirijä ýardam berijilik bilen häsiýetlenýär. Onda hereket edýän adamlar jenaýatyň gös-göni obýektiw tarapyny ýerine ýetirýär. Bu görnüşiň esasy tapawutlanýan tarapy deslapky dilleşmäniň ýoklugyndan ybaratdyr. Beýleki gatnaşyjylar ýerine ýetirijä jenaýatçylykly etmiş başlansoň, ýagny kast ediş döwründe goşulyşýarlar.

Öňünden jenaýaty amala aşyrmak barada dilleşip gatnaşan adamlaryň toparyna deslapky dilleşmek esasynda döredilen topar diýilýär. Howpuň obýektiw tarapynyň amala aşyrlyşyna başlanmanka ylalaşyk gazanylýar, oňa kast ediş hyzmat edýär.

Guramaçylykly topar ýokardakylardan toparyň agzalaryna jenaýatyň esasy pursatlaryny öňünden ylalaşyp orunlara bölünip, wagty, ýeri, howpy amala aşyrmagyň usuly we öňüni,

yzyny ýok etmek ýaly esasy pursatlaryň berk kesgitlenmek derejesi bilen tapawutlanýar. Guramaçylygyň esasy häsiýetli tarapy hereketiň anyk planynyň işlenip düzülmeginden ybaratdyr.

Gatnaşyjylygyň has howply görnüşi - jenaýatçylykly bileleşik ýa-da jenaýatçylykly guramadyr. Onuň tapawutlandyryjy alamatlary anyk maksatlaryň berkligi we maksimal ýygjamlygyndan ybaratdyr. Jenaýatçylykly bileleşigiň çäginde berk guramaçylykly baglanyşyk durýar. Jenaýatçylykly bileleşik esasynda planlaşdyrylan jenaýat dürli derejelerine degişli bolup durýar: ömre we saglyga garşy, başga biriniň emlägine garşy we ş. m.

Jenaýat hukugynyň çäginde gatnaşyjylyk bilen bir hatarda özara baglanyşygy bilen tapawutlanmaýan, howpdan sebäpli garşylygy bolmadyk, ýerine ýetiriji tarapyndan amala aşyrylýan adamlaryň hereketi hem seredilýär. Şonuň bilen bir hatarda bu hereket mukdar alamaty we jenaýatçylykly etmişe bolan gatnaşygyna laýyklykda jenaýata gatnaşyjylygy ýatladýar. Ol jenaýata degişlilik diýlip atlandyrylýar.

**Jenaýata degişlilik** – bu öňünden beýlekilere wada bermezden, jenaýaty amala aşyrmaga gatnaşmadyk subýektiň hereketidir, jemgyýetçilik howpy jenaýaty amala aşyrmagy ýeňilleşdirýär. Şarikligiň jogapkärçiligi jenaýat etmekde olaryň her biriniň gatnaşygynyň derejesi we häsiýeti bilen kesgitlenýär. Bilelikde ýerine ýetirijiler özleriniň bilelikde eden jenaýaty üçin jenaýat kanunynyň bir maddasy boýunça jogap berýärler.

**§5. Şärikligiň esasynda jenaýat jogapkärçiliginiň bellenişi. Şärikligiň görnüşleri boýunça jeza bellemek. Jenaýata degişliligi**

Şärikleriň jogapkärçiligi jenaýat etmekde olaryň her biriniň gatnaşygynyň derejesi we häsiýeti bilen kesgitlenýär. Jenaýat jogapkärçiliginiň ýeke-täk esasy ähli şärikler ýerine ýetirijä ulanylýan maddanyň çäginde jogapkärçiligi çekilýändigini aňladýar. Şärikleriň jenaýat jogapkärçiliginiň ýeke-täk esasy diňe deň jenaýat jogapkärçiligini aňlatman, eýsem olary jezadan boşatmak şertleri, iş kesilenlik aýybynyň ýatyrylmagy hem deň derejede ulanylýar. TJK-niň 35-nji maddasy **"Şärikleriň jogapkärçiligi** [1]

(1) Şärikleriň jogapkärçiligi jenaýat etmekde olaryň her biriniň gatnaşygynyň derejesi we häsiýeti bilen kesgitlenýär.

(2) Bilelikde ýerine ýetirijiler özleriniň bilelikde eden jenaýaty üçin jenaýat kanunynyň bir maddasy boýunça jogap berýärler.

(3) Guramaçynyň, meçew berijiniň we ýaranyň jogapkärçiligi şu Kodeksiň 33 maddasyna salgylanmak bilen ýerine ýetiriji ýaly Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň şol maddasy boýunça degişli bolýar.

(4) Eger özüne bagly bolmadyk ýagdaýlara görä, ýerine ýetiriji tarapyndan jenaýat ahyryna çenli ýetirilmedik halatynda, jenaýatyň galan şärikleri jenaýat edilmegini taýýarlamaga we jenaýat etmegiň kastyna düşmäge bile gatnaşandygy üçin jogapkärçilik çekýärler".

Şärikleriň jogapkärçilginiň özbaşdakylygynda jenaýata gatnaşyjynyň häsiýetinden we derejesinden daşary etmişi hökmany we maddalaşdyryjy alamata ýa-da günäkäriň

---
[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.16

şahsyýetini häsiýetlendirýän obýektiw ýagdaýlar hem täsir edýär. Jenaýatyň esasy alamatlarynyň biri Döwlet we jemgyýetçilik işgäriniň ömrüne kast etmek.

Jenaýata gatnaşyjylygyň görnüşleri kriminal toparlaýyn döreýişleri özünde saklaýar. Gatnaşyjylyk ýerine ýetirijiniň obýektiw tarapynyň häsiýeti boýunça ýönekeýe we çylşyrymla bölünýär. Ýönekeý bolanda gatnaşyjylygyň orunlary bölünmezligine aýdylýar. Çylşyrymly diýlip, gatnaşyjylygyň orunlara bölünmegine aýdylýar., ýagny ýerine ýetiriji bilen bir hatarda guramaçy, meçew beriji, ýaran ýüze çykýar.

Guramaçynyň, meçew berijiniň we ýaranyň jogapkärçiligi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 33-nji maddasyna salgylanmak bilen ýerine ýetiriji ýaly Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň şol maddasy boýunça degişli bolýar. Eger özüne bagly bolmadyk ýagdaýlara görä,ýerine ýetiriji tarapyndan jenaýat ahyryna çenli ýetirilmedik halatynda ,jenaýatyň galan şärikleri jenaýat edilmegini taýýarlamaga we jenaýat etmegiň kastyna düşmäge bile gatnaşandygy üçin jogapkärçilik çekýärler.

Şärikli jenaýat üçin jogapkärçiligin esasy ýekelikde edilen jenaýat ýaly her bir şärikdeşleriň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan jenaýat düzüminiň ähli alamatlaryny jemleýän hereketi bolýar. Şonuň esasynda şärikdeşleriň hereketini ýerine ýetirijiniň hereketinden aýratynlykda seredip bolmaz,sebäbi olar jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny ýerine ýetirmeýärler. Şol bir wagtyň özünde hem ýerine ýetiriji jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny ýerine ýetirýär,sebäbi onuň hereketi şärikdeşleriň kömegi netijesinde bolýar. Jenaýatçylykly netije şärikdeşleriň hereketleriniň umumylygy netijesinde bolýar. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 35-nji maddasynyň 1-nji böleginde şärikdeşleriň jogapkärçiliginiň aýratynlygyny kesgitleýji düzgünnnama bar. Şärikdeşler jenaýaty bilelikde

amala aşyrýandyklary sebäpli olaryň jogapkärçiligi ýerine ýetirijiniň hereketiniň maddalaşdyrylyşy ýaly jenaýat kanunynyň şol bir maddasy bilen kesgitlenýär. Beýleki tarapdan her bir şärikdeş jenaýat etmekde hakyky gatnaşmagyň häsiýetine we derejesine baglylykda berk aýratyn jogapkärçilik çekýär. Gatnaşmagyň häsiýeti şärikdeşiň jenaýat etmekde orny wezipesi bilen kesgitlenýär, ýagny ol jenaýaty etmekde kim hökmünde gatnaşdy (ýerine ýetiriji, guraýjy, meçew beriji ýa-da ýaran). Derejedäki gatnaşyk onuň öz roluny ýerine ýetirende işjeňlek ölçegi bilen kesgitlenen her bir şärikdeşiň jenaýat etmeklige hakyky goşan goşandyna düşünilýär. Her bilelikdäki ýerine ýetirijiniň ož hereketleri bilen jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny bilelikde ýerine ýetirýändigi üçin olar jenaýat üçin Jenaýat kodeksiniň 33-nji maddasyna delillenmän, Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddasy boýunça jogap berýärler.

Şarikdeşleriň jogapkärçiligi Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölümi tarapyndan kadalaşdyrylýar, sebäbi şärikdeşler (guraýjy, meçew beriji, ýaran) öň belläp geçişimiz ýaly, öz hereketleri bilen jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny ýerine ýetirmeýärler. Seýle-de özleri jenaýatyň netijelerini ýüze çykarmaýarlar. Mundan başga-da Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddalarynyň her birinde şärikdeşleriň jogapkärçiligini anyklap bolmaýar, beýleki tarapdan munuň hiç hili zerurlygy ýok, sebäbi Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň ulanarlykly bolan islendik düzümini şärikdeşleriň jogapkärçiliginiň şertini kesgitlemek ýeterlikdir. Şonuň üçun guraýjynyň, meçew berijiniň we ýaranyň jenaýat jogapkärçiligi Jenaýat kodeksiniň 33-nji maddasyna esaslanyp, jenaýat edilendigi üçin jezany göz öňünde tutýan madda boýunça ýüze çykýar, ýöne haçan-da olar bir wagtyň özünde jenaýatyň bilelikde ýerine ýetirijileri bolsalar bu ýagdaý kadadan çykma

bolýar. Şärikdeşleriň jogapkärçiligi jenaýatçylykly hereketiň ýerine ýetiriji tarapyndan gutaran döwri bilen kesgitlenýär. Ýerine ýetirijiniň hereketiniň gutaran döwrüne baglylykda (jenaýata taýýarlyk görmek ýa-da jenaýatyň kastyna düşmei) beýleki şärikdeşler jenaýata taýýarlak görmek ýa-da jenaýatyň kastyna düşmeklik üçin jogapkärçilik çekýärler. TJK-niň 35-nji maddanyň 4-nji bölegi şärikdeşleriň jenaýaty ýerine ýetirmekden meýletin boýun gaçyrmak kadasyny düzgünleşdirmeýär. Ýerine ýetiriji jenaýaty ahyryna çenli özüne bagly bolmadyk ýagdaýlara görä ýerine ýetirmeýär. Şärikdeşleriň hereketi (şol sanda ýerine ýetirijiniňki hež)Jenaýat kodeksiniň 13,14,33-nji maddalaryna esaslanmak bilen bilelikdäki jenaýat etmekligi göz öňünde tutýandyr. Şärikdeşlere jenaýata taýýarlyk üçin jogapkärçilik diňe agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin ýüze çykýar. Şeýle hem özüne bagly bolmadyk ýagdaýlara görä beýlekileri jenaýat etmeklige başartmadyk meçew berijiniň jogapkärçiligi baradaky sorag anyklanylýar (agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat üçin). Başartmadyk meçew berijiniň hereketi jenaýat jemkanunynyň 13,14,33-nji maddalaryna degişli böleklerine) salgylanmak bilen beýlekileri yrmak jenaýatyňy etmeklik üçin Jenaýat kodeksiniň aýratyn bölüminiň maddasy boýunça jenaýata taýýarlyk görmek (agyr ýa-da aýratyn agyr) hökmünde maddalaşdyrylmaga degişlidir.

**Soraglar:**

1. Jenaýata bile gatnaşmak barada düşünje.
2. Jenaýata bile gatnaşmakylygyň hukuk ähmiýeti.
3. Jenaýata bile gatnaşmakylygyň alamatlary.
4. Jenaýat hukugy boýunça şärikligiň görnüşleri.
5. Ýerine ýetirijiniň kadadan çykmagy.
6. Şärikligiň görnüşlere bölünişiniň ähmiýeti.
7. Deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary.

8. Deslapdan dilleşmek boýunça guramaçylykly topar.
9. Deslapdan dilleşmek boýunça jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan jenaýatyň edilmegi.
10. Şärikligiň esasynda jenaýat jogapkärçiliginiň bellenilişi.
*11.* Şärikligiň görnüşleri boýunça jeza bellemek.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőŷmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002

15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
23. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У
24. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
25. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004

# Bap XV. Jeza barada düşünje

## § 1. Jeza barada düşünje. Jeza bellemekligiň umumy esaslary we onuň maksady. Jeza bellenilişiniň tertibi. Jezanyň görnüşleri. Esasy jeza çäreleri. Goşmaça jeza çäreleri

Jenaýat kanuny jenaýaty jemgyýetçilik üçin howply, jenaýat kanuna ters gelýän, günäli we temmi berilýän etmiş hökmünde häsiýetlendirýär. Jenaýatyň maddy esasy – onuň jemgyýetiň bähbitleri üçin howplulygyny, jenaýatyň resmi, hukuk esasy – jenaýat kanunyň kömegi bilen jenaýat edilmeginiň gadaganlygyny kesgitleýär.

Jeza edilen jenaýat üçin döwletiň adyndan kazyýetiň hökümi esasynda berilýän jeza temmisidir. Döwletiň mejbury çäresi hökmünde kazyýetiň hökümi bilen bellenýän jeza, jenaýat etmekde günäkär diýlip ykrar edilen adama ulanylýar. Jezanyň esasynda jenaýat eden adamlar belli bir hukuklaryndan we azatlyklaryndan mahrum edilýärler ýa-da çäklendirýärler. Adamy günäkär diýlip hasap etmek we oňa jezany bellemek uçin jenaýat düzüminiň esasy alamatlaryny subut etmeli. Jenaýat jogapkärçiligi kazyýetiň hökmünde bellenen jezany çekmek bilen durmuşa geçirilýär. Şonuň esasynda jezanyň alamatlary şulardan ybarat bolup durýar:

1. Jeza adamym kanunalaýyk özüni alyp barmagy üçin döwlet mejbury çäresidir. Jeza diňe kazyýetiň hökümi bilen we döwletiň adyndan ulanylýar.
2. Jeza özüniň mazmuny we netijesiniň derejesi bilen beýleki çärelerden tapawutlanýar.
3. Jeza berk şahsy häsiýetde bellenýär we diňe iş kesilene gönükdirilen, ony başga bir adama geçirip bolmaýar.

4. Jeza özüniň obýektiw mazmuny boýunça eden jenaýat etmişi üçin temmidir.

**Türkmenistanyň JK-nyň 43-njy maddasynda bellenen, "Jeza diýen düşünje we onuň maksatlary**[1]

(1) Jeza edilen jenaýat üçin berilýän jeza temmisidir. Döwletiň mejbury çäresi hökmünde, kazyýetiň hökümi bilen bellenýän jeza, jenaýat etmekde günäkär diýlip ykrar edilen adama ulanylýar we jenaýat kanunynda göz öňünde tutulyşy ýaly, ony hukuklaryndan we azatlyklardan mahrum etmekden ýa-da çäklendirmekden ybarat bolup durýar.

(2) Jeza durmuş adalatlylygy dikeltmek, şeýle hem iş kesilen adamy düzetmek, täze jenaýatlaryň edilmeginiň öňüni almak maksatlary bilen ulanylýar".

Maddanyň düzgünlerinden ugur alyp, jezanyň maksadyny ýüze çykarmak münkindir. Jeza ahlak adatlatlylygy dikeltmek, iş kesilen adamlary düzetmek we täze jenaýat edilmeginiň öňüni almak maksatlary bilen ulanylýar. Diýmek, jezanyň maksady şulardan ybaratdyr:

**a) Durmuş adalatlylygy dikeltmek.**

**b) Iş kesilen adamy düzetmek.**

**ç) Täze jenaýatlaryň öňüni almak.**

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.19

**Çyzgy № 55. Jeza diýen düşünje**

Jeza diýen düşünje

- Döwletiň mejbury çäresi hökmünde
- Kazyýetiň hökümi bilen bellenýän
- Jenaýat etmekde günäkär diýlip ykrar edilen adama ulanylýar
- Jenaýat kanunda göz öňünde tutulyşy ýaly
- Adamyň hukuklarynda we azatlyklartyndan mahrum etmekden
- Çäklendirmekden

Durmuşda adalatlylygy dikeltmek jenaýat kanunynyň esasy ýörelgeleri bilen bagly bolup durýar. Her bir jenaýat eden adam jynsyna, bilimine, hünärine, dinine garamazdan, eden jenaýaty üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmelidir. Jenaýat eden adamy düzetmek, ony zähmet söýer, jemgyýete peýdaly, kanunlary berjaý edýän we düzgünlere sylaşykly gatnaşýan. Täze jenaýatlaryň öňüni almak, ol öňüni alyş profilaktiki çäreleriň kömegi bilen adamlary jenaýat etmekden saklamardyr.

**Çyzgy № 56. Jezanyň maksady**




Jezanyň mazmuny bu günäkärleriň eden etmişine laýyklykda olaryň hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmekdir. Jeza çäresini çekýän Adamyn hukuklarynyň we azatlyklarynyň çäklendirilmegi (kemsidilmegi) kanun esasynda hukuk güýje eýedir. Türkmen jemgyýetinde jezanyň zerurlygy ol hem jenaýatçylyga garşy alnyp barylýan göreşiniň esasy serişdesi däl-de, kömekçi serişdesi hökmünde hyzmat edýär, esasy üns bolsa hukuk bozulmalarynyň öňüni almakylyga we düşündiriş işlerini geçirmeklige berilýär. Jenaýat jeza çäresi dolandyryş jeza çäresinden, düzgün-nyzam jeza çäresinden we beýleki hukuk mejbur ediş çärelerinden şu aşakdaky aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Ýagny, jeza çäresi döwletiň adyndan kazyýet tarapyndan bellenilýär, beýleki hukuk mejbur ediş çäreleri bolsa aýratyn döwlet – dolandyryş häkimiýet edaralarynyň adyndan we wezipeli adamlar tarapyndan bellenilmelidir. Jeza bu iş kesilenlikbaradaky aýyby emele getirýär, beýleki hukuk mejbur ediş çäreleri bolsa, şeýle netijeler getirmeýär. Jeza bu edilen jenaýat üçin bellenilen ýowuz çäre bolman, ol iş kesilenleri zähmete bolan ýokary

ruhda täzeden terbiýelemek, kanunyň doly we dogry ýerine ýetirilmegi, türkmen jemgyýetine hormat goýmaga we täze jenaýatlaryň bolmazlygynyň ähmiýeti örän ulu. Jenaýat eden adamy düzetmek we täzeden terbiýelemek jenaýat işiniň derňelýän döwründen başlanýar, ol kazyýet seljerişi döwründe hem dowam edýär, şeýle hem jeza çäresini çekýän möhletinde hem-de iş kesilenlikaýyby aýrylýança dowam edýär. Iş kesilenleri täzeden terbiýelemek we olary düzetmegiň tertibi jenaýat üçin bellenen jezanyň görnüşine, möçberine we çekilýän düzgünine laýyk gelmegidir. Ak ýürekden zähmet çekmegi islemeýän agyr jenaýatlary ýerine ýetiren iş kesilenler babatynda has ýowuz jeza çäresini bellemeklik maksada laýyk bolýar, ýagny olaryň eden etmişiniň agyrlyk derejesini we günäkäriň şahsyýeti baradaky maglumatlaryny nazara almak arkaly jeza çäresi bellenilýär. Hiç bir döwlet edarasynyň ýa-da wezipeli adamyn döwletiň kanun çykaryjy edarasy tarapyndan tassyklanan we kabul edilen kanunçylygynyň çäginden çykyp jeza çäresini bellemäge haky ýokdur. Kazyýet tarapyndan jeza çäresini bellemek arkaly, jemgiýetde durmuş adalatlylygy we jebir çekeniň bozulan hukuklaryny hem azatlyklaryny dikeltmek üçin ulanylýar. Jemgyýetde durmuş adalatlylygy belli bir çäklerde dikeldilýär, ýagny döwlwetiň bölekleýin ýa-da dolylygyna ýetirilen öweziň zyýanyny jerimäniň üsti bilen doldurylmagy (töledilmegi), emlägi döwletiň adyna geçirmekligi, düzediş işleri we beýleki jezalaryň görnüşlerini ulanmakylygy arkaly. Şonuň netijesinde raýatlar, döwletiň günäkäre jeza çäresini bellemegi üpjün edip bilýändigine ynanýar.

**Çyzgy № 57. Jezanyň görnüşleri**

Jezanyň görnüşleri

- Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek
- Jerime
- Belli bri wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek
- Döwlet sylaglaryndan, harby atlardan we beýleki etlardan mahrum etmek
- Düzediş işleri
- Emälgini muzdsuz almak
- Azatlykdan mahrum etmek
- Harby gulluk boýunça çäklendirmeler
- Harby-düzediş bölüminde saklamak

Jezanyň ulgamy – bu ilki bilen jenaýat kanunynda bellenen jezalaryň gutarnykly jemi. Jezanyň sanawyny Jenaýat kodeksi kesgitleýär. Kanunda ýok jezany kazyýet belläp bilmeýär. Jezanyň sanawy kazyýet üçin hökmanydyr

we onuň belli bir yzygiderliligi bolýar. **TJK-niň 44-njy maddasy "Jezanyň görnüşleri[1]**

**(1) Jezanyň görnüşleri şular hasaplanylýar:**

**a) ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek;**

**b) jerime;**

**ç) belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek;**

**d) döwlet sylaglaryndan, harby atlardan we beýleki atlardan mahrum etmek;**

**d) düzediş işleri;**

**ä)belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek;**

**j) emlägini muzdsuz almak;**

**g)azatlykdan mahrum etmek;**

**(2) Harby gullukçylara harby gulluk boýunça çäklendirmeler we harby-düzediş bölüminde saklamak görnüşindäki jeza çäresi ulanylyp bilner".**

Amala aşyrylan jenaýatlar üçin Türkmenisatanda hereket edýän jenaýat kanunçylyga laýyklykda dürli görnüşli jeza çäreleri göz öňünde tutulýar. Jenaýat kanunçylygy esasynda kanunyň çäginden çykyp jeza çäresini ulanmakylyk gadagan edilýär. Şeýlelikde, kazyýet her bir edilen jenaýat üçin Jenaýat kanunçylygynda görkezilen çäkden ýokary jeza çäresini bellemäge haky ýokdur. Jezanyň görnüşi öz mazmuny, iş kesilene täsir ediş usuly, şerti boýunça kanunda bellenen çäkde we tertipde amala aşyrmakylyga degişlidir. Jezanyň ulgamy esasy we goşmaça jeza çärelerinden ybaratdyr. Olaryň görnüşleri **TJK-niň 45-nji maddasynda görkezilendir. "Esasy we goşmaça jezalar[2]**

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.20

[2]Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.20

1) Düzediş işleri, harby gulluk boýunça çäklendirme, harby-düzediş bölüminde saklamak azatlykdan mahrum etmek, diňe esasy jezalar hökmünde ulanylýar.

**Çyzgy № 58 Esasy jeza**




(2) Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek, jerime salmak, belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek, belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek esasy, şeýle hem goşmaça jezalar hökmünde ulanylýar.

(3) Döwlet sylaglaryndan, harby atlardan we beýleki atlardan mahrum etmek, emlägi muzdsuz almak diňe goşmaça jeza hökmünde ulanylýar”.

**1. Esasy jeza çärelerine degişli düzediş işleri, harby gulluk boýunça çäklendirme, harby-düzediş bölüminde saklamak azatlykdan mahrum etmek diňe özbaşdak görnüşinde bellenilýär. Olary biri biri bilen bilelikde ulanmakylyga rugsat berilmeýär.**

**2. Goşmaça jeza çärelerine degişli ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek, jerime salmak, belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek, belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek aýratynlykda ulanyp bolmaýar. Hökmany suratda olar esasy jeza çäresi bilen bilelikde ulanmakylyga degişlidir.**
**3. Esasy we goşmaça jeza çärelerine degişli döwlet sylaglaryndan, harby atlardan we beýleki atlardan mahrum etmek, emlägi muzdsuz almak aýratynlykda we beýleki çäreler bilen bilelikde hem ulanylyp bilner.**

**Çyzgy № 59 Esasy we goşmaça jeza**



**Çyzgy № 60. Goşmaça jeza**




## § 2. Harby gulluk boýunça çäklendirme. Harby-düzediş bölüminde saklamak. Düzediş işleri. Azatlykdan mahrum etmek

Hemmämize mälim bolşy ýaly, esasy jeza çärelerine degişli düzediş işleri, harby gulluk boýunça çäklendirme, harby-düzediş bölüminde saklamak, azatlykdan mahrum etmek diňe özbaşdak görnüşinde bellenilýär we olary biri biri bilen bilelikde ulanmakylyga rugsat berilmeýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 51-nji maddasy[1] harby gullyk boýunça çäklendirmeler baradaky kadalary düzgünleşdirýär. **“Harby gulluk boýunça çäklendirme**

(1) Ofiserler düzüminden bolan harby gullukçylara, şeýle hem borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylara iş kesilende şu Kodeks bilen göz öňünde tutulan halatlarda iki aýdan iki ýyla çenli möhlet bilen harby gulluk boýunça çäklendirme ulanylýar, şonuň ýaly-da kazyýet işiň

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.23

ýagdaýyny we iş kesilen Adamyn şahsyýetini nazara alyp, iki ýyldan ýokary bolmadyk möhlete azatlykdan mahrum etmegiň deregine hut şol möhlete harby gulluk boýunça çäklendirme ulanmagy maksada laýyk diýlip hasaplan ýagdaýynda ulanylýar.

(2) Harby gulluk boýunça çäklendirmä iş kesilen Adamyn pul girdejisinden kazyýetiň hökümi bilen bellenilen möçberde, bäş göterimden ýigrimi prosente çenli çäklerde pul tutulyp, döwletiň girdejisine geçirilýär. Iş kesilen adam harby gulluk boýunça çäklendirme jezasyny çekýän döwründe onuň wezipesi, harby ady ýokarlandyrylyp bilinmez, emma jeza möhleti oňa nobatdaky harby ady dakmak üçin we köp wagt gulluk edeni üçin pensiýa bellemäge gulluk ediş möhleti hökmünde hasap edilmeýär”.

Ofiserler düzüminden bolan harby gullukçylara, şeýle hem borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylara iş kesilendeTürkmenistanyň Jenaýat kodeksi bilen göz öňünde tutulan halatlarda iki aýdan iki ýyla çenli möhlet bilen harby gulluk boýunça çäklendirme ulanylýar. Harby gulluk boýunça çäklendirmä iş kesilen Adamyn pul girdejisinden kazyyetiň hökümi bilen bellenilen möçberde, bäş göteriminden ýigrimi göterimine çenli çäklerde pul tutulyp, döwletiň girdejisine geçirilýär. Harby gullyk boýunça çäklendirme jeza çäresi dine harby gullykçylar babatynda harby jenaýatlary edenleri üçin bellenilýär. Türkmenistanyň Goranmak ministirligi bilen ýazmaça görnişde harby gullyk geçmek barada şertnama baglaşýan raýatlar şertnama boýunça harby gullugy geçýänler diýlip hasap edilýär. Harby gulluk boýunça çäklendirme jeza çäresi bellenen adama ahlak täsir edýär, ýagny jeza çäresini çekýän döwründe onuň wezipesi we harby ady ýokarlandyrylrp bilinmeýär hem-de onuň aýlyk gazanjyndan döwletiň haýryna pul tutulyp alynýar. Harby gulluk boýunça jeza çäresiniň ýerine

ýetirilişine is kesilen harby gullukçynyň harby bölüminiň serkerdesiniň üstüne ýüklenýär.

**TJK-niň 54-njy maddasy "Harby-düzediş bölüminde saklamak**

(1) Çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylar jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan harby jenaýaty eden halatlarynda, olary üç aýdan iki ýyla çenli möhlet bilen harby-düzediş bölüminde saklamak bellenilýär, şeýle hem jenaýatyň häsiýeti we günakäriň şahsyýeti baradaky maglumatlar iki ýyldan ýokary bolmadyk azatlykdan mahrum edilmegini harby-düzediş bölüminde kazyýete çekileni saklamak bilen çalşyrmagyň mümkindigine şaýatlyk edýän halatlarynda olary harby-düzediş bölüminde saklamak bellenilýär.

(2) Azatlykdan mahrum etmäge derek harby-düzediş bölüminde saklanylanda şu bölümde saklamagyň möhleti bir güne bir gün hasabyndan kesgitlenilýär".

Harby-düzediş bölüminde saklamak jeza çäresi diňe harby gullykçylara degişli bolup durýar. Harby gullykçylara üç aýdan iki ýyla çenli möhlet bilen harby-düzediş bölüminde saklamak jezasy bellenilýär. Jenaýatyň häsiýeti we günakäriň şahsyýeti baradaky maglumatlar iki ýyldan ýokary bolmadyk azatlykdan mahrum edilmegini harby-düzediş bölüminde kazyýete çekileni saklamak bilen çalşyrmagyň mümkindigine şaýatlyk edýän halatlarynda olary harby-düzediş bölüminde saklamak bellenilýär. Emma, azatlykdan mahrum etmäge derek harby-düzediş bölüminde saklanylanda, bölümde saklamagyň möhleti bir güne bir gün hasabyndan kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 50-nji maddasy[1] düzediş işleri düzgünleşdirýär. **"Düzediş işleri**

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.22-23

(1) Düzediş işleri iki aýdan iki ýyla çenli möhlet bilen bellenilýär we kazyýetiň hökümine laýyklykda, bu düzediş işleri iş kesilen adamynyň işleýän ýerinde ýa-da iş kesilen adamyn ýaşaýan çägindäki beýleki ýerlerde geçirilýär. Düzediş işlerine höküm edilen adamynyň gazanjyndan kazyýetin hökmünde bellenilen möçberde, gazanjyň bäş göteriminden ýigrimi göterimine çenli bolan çäklerde döwletin haýryna pul tutulyp alnyp galynýar.

(2) Düzediş işleri zähmet çekmäge ukypsyzlara, on alty ýaşyna ýetmedik adamlara, göwreli aýallara we çaga seretmek boýunça rugsatda bolýan aýallara, pensiýa ýaşyna ýeten adamlara, şeýle hem harby gullukçylara, okuwçylara we ýokary okuw jaýlarynyň talyplaryna ulanylmaýar.

(3) Düzediş işleriniň dolunýan wagty umumy zähmet stažyna goşulmaýar. Düzediş işlerinde bolýan döwründe ak ýürekli işlän bolsa we özüni göreldeli alyp baran bolsa, iş kesilen jeza möhletini dolduranyndan soňra, zähmetkeşler toparynyň haýyşy boýunça, şeýle hem iş kesileniň haýyşy boýunça düzediş işlerinde bolnan döwri kazyýet umumy zähmet stažyna goşup biler.

(4) Düzediş işlerinde bolmakdan zandyýamanlyk bilen boýun gaçyrýan mahalynda, kazyýet düzediş işleriniň gutarmadyk möhletini azatlykdan mahrum etmegiň bir gününi düzediş işleriniň üç gününe hasaplamak bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza bilen çalşyryp biler".

Düzediş işleri esasy jeza çäresi hökmünde, diňe Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddalarynda görkezilen halatynda ulanylýar. Düzediş işleri iki aýdan iki ýyla çenli möhlet bilen bellenilýär we kazyyetiň hökümine laýyklykda, düzediş işleri iş kesilen adamynyň işleýän ýerinde ýa-da iş kesilen adamyn ýaşaýan beýleki ýerlerde geçirilýär. Düzediş işlerine iş kesilen adamynyň

gazanjyndan kayýetiň hökmünde bellenilen möçberde, gazanjyň bäş göteriminden ýigrimi göterimine çenli bolan çäklerde döwletiň haýryna pul tutulyp alnyp galynýar. Düzediş işleri jerimäniň ýerine bellenip bilner, haçanda jerimäniň zandyýamanlyk bilen boýun gaçyrýan halatynda. Düzediş işleri iş kesilen adamlara ahlak täsir edýär, ýagny iş kesilen adam jeza çäresiniň dolunýan wagty iş ýerini üýtgetmäge haky ýokdur, onuň aýlyk haky azaldylýar.

Düzediş işleri, jeza çäresi bellenen adamyn iş ýeri eyeçiligiň görnüşine garamazdan dürli kärhanalar, guramalar we edaralar bolup biler. Düzediş işleriniň dolandyrylýan wagty iş kesilen adamlara öz islegi boýunça işden çykmaga ýol berilmeýär. Işden çykmak üçin diňe ýerine ýetiriş inspeksiýasynyň razylygy bolan wagtynda ýol berilýär. Işden boşan iş kesilen adam başga bir işe girmäge ýa-da zähmet biržasynda hasaba durmaga borçlydyr.

Düzediş işleri zähmet çekmäge ukypsyzlara, on alty ýaşyna ýetmedik adamlara, göwreli aýallara we çaga seretmek boýunça rugsatda bolan aýallara, pensiýa ýaşyna ýeten adamlara, şeýle hem harby güllukçylara, okuwçylara we ýokary okuw jaýlarynyň talyplaryna ulanylmaýar. Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin TJK-niň 86-njy maddasynda görkezilen düzgün degişlidir, “düzediş işleri diňe on alty ýaşyna ýeten, zähmet çekmäge ukyply kämillik ýaşyna ýetmediklere özleriniň iş ýerlerinde, eger kämillik ýaşyna ýetmedik işlemeýän we okamaýan bolsa, iş kesileniň ýaşaýan ýeriniň çägindäki başga ýerlerinde bir ýyla çenli möhlet bilen ulanylýar”. Düzediş işleriniň dolunýan wagty umumy zähmet stažyna goşulmaýar. Düzediş işlerinde bolýan döwründe ak ýürekli işlän bolsa we özüni göreldeli alyp baran bolsa, iş kesileniň jeza möhletini doldurandan soňra, zähmetkeşler toparynyňhaýyşy boýunça, şeýle hem iş kesileniň haýyşy boýunça düzediş işlerinde bolnan

döwri kazyýet umumy zähmet stažyna goşup biler. Düzediş işlerinde bolmakdan zandyýamanlyk bilen boýun gaçyrýan mahalynda, kazy düzediş işleriniň gutarmadyk möhletini azatlykdan mahrum etmegiň bir gününi düzediş işleriniň üç gününe hasaplamak bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza bilen çalşyryp bilner.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 53-nji maddasy[1] azatlykdan mahrum etmek baradaky kadalary düzgünleşdirýär.

**"Azatlykdan mahrum etmek**

(1) Azatlykdan mahrum etmek iş kesileni düzediş edarasynda ýa-da türme ýerleşdirmek arkaly ony üzňelikde saklamakdan ybaratdyr.

(2) Azatlykdan mahrum etmek alty aýdan on bäş ýyla çenli möhlet bilen bellenilýär. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan aýratyn halatlarda azatlykldan mahrum etmek ýigrimi bäş ýyla çenli möhlet bilen bellenilýär.

(3) Jenaýatlaryň jemi boýunça we hökümleriň jemi boýunça jeza bellenende azatlykdan mahrum etmegiň möhletleri bölekleýin ýa-da doly goşulan halatynda, azatlykdan mahrum etmegiň ýokary möhleti on bäş ýyldan, şu Kodeksde göz öňünde tutulan aýratyn halatlarda ýigrimi bäş ýyldan artyk bolup bilmez".

Azatlykdan mahrum etmek jezasy dine düzediş edaralarynda ýa-da türme düzgüni esasynda geçirilýär. Azatlykdan mahrum etmekliginiň möhleti alty aýdan ýigrimi ýyla çenli bellenilýär. Jenaýatlaryň jemi boýunça we hökümleriň jemi boýunça bellenende azatlykdan mahrum etmegiň möhletleri bölekleýin ýa-da doly goşulan halatynda, azatlykdan mahrum etmegiň ýokary möhleti ýigrimi bäş ýyldan artyk bolup bilmez. TJK-niň 87-nji maddasynda bellenişi ýaly,

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.24

**“Kämillik ýaşyna ýetmedikleri azatlykdan mahrum etmek** on ýyldan ýokary bolmadyk möhletde, aýratyn agyr jenaýat üçin bolsa on bäş ýyldan ýokary bolmadyk möhletde bellenilýär. Höküm çykarylan pursatynda on sekiz ýaşyna ýetmedik adama azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza möhletini doldurmak terbiýeleýiş edarasynda bellenilýär”.

Eger-de duzediş işleri azatlykdan mahrum etmekligi çäklendirmek baradaky jeza çäresi bilen çalşyrylan ýagdaýynda, TJK-niň 50-nji maddasynda[1] görkezişi ýaly “düzediş işlerinde bolmakdan zandyýamanlyk bilen boýun gaçyrýan mahalynda, kazyýet düzediş işleriniň gutarmadyk möhletini azatlykdan mahrum etmegiň bir gününi düzediş işleriniň üç gününe hasaplamak bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza bilen çalşyryp biler”. Azatlykdan mahrum etmek baradaky jeza çäresi esasy jeza çäresi bolup, ol diňe Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddalarynda göz öňünde tutulan sanksiýa arkaly bellenilýär. Azatlykdan mahrum etmegiň maksady iş kesilenleri jemgyýetden üzňe saklap, olaryň hukuklaryny kanun esasynda çäklendirip, olaryň düzelmeklerini we gaýtadan terbiýelenmeklerini gazanmakdan ybaratdyr. Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddalarynda görkezilen sanksiýa-dan ýokary çykyp azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolan jeza çäresini bellemäge haky ýokdur, ýöne aýratyn ýagdaýlarda Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddalarynda göz öňünde tutulan möhletden çykyp bellemäge edilen etmişler möhletleri goşmak arkaly bellemeklige mümkinçiligi bardyr.

Türkmen jemgyýetiniň durmuşynynda geçirilýän regörnüşleriň häzirki tapgyry, möçberleri we çuňlygy bilen tebigy ýagdaýda hukuk goraýjy edaralaryň ulgamy ýaly möhüm pudaga hem galtaşman bilner. Milletiň Lideri Gurbanguly

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.22

Berdimuhamedow ýurdumyzyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejilisinde söz açyp, Şol düzümleri mundan beýläk-de reformirlemek boýunça täze wezipeleri belledi. Şol düzümleriň işi bolsa islendik döwletiň we jemgyýetiň durmuşynda uly orny eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň Prezidenti adam hukuklary boýunça halkara talaplara laýyklykda hukuk goraýjy edaralaryň işini kesgitleýän kanunlaryň ulgamyny kämileşdirmegiň birnäçe meselelerini çözmäge wagt ýetendigi nygtady. Döwlet baştutany, hususanda, bu ulgamdaky regörnüşleriň täze tapgyrynda jenaýat iş ýörediş kanunçylygyny mundan beýläk-de liberallaşdyrmagyň, türmelerde we koloniýalarda iş kesilenleriň saklanşyna jemgyýetçiligiň has giňden gözegçilik etmeginiň, agyr jenaýatlar üçin iň ýokary jeza möhletini 25 ýyldan 15 ýyla çenli azaltmagyň temminiň görnüşi hökmünde pul jerimeleriniň girizilmeginiň kazyýetlerde işlere garalan mahaly adwakatura institutynyň ornuny we ähmiýetini ýokarlandyrmagyň, gözegçilik geňeşlerini döretmegiň, koloniýalarda dürli önümçilikleri guramak arkaly iş kesilenleri zähmet terbiýesine çekmegiň göz öňünde tutulýandygyny belledi.

### § 3. Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek. Jerime salmak. Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek. Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek

**Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 45-nji maddasynyň** ikinji bendi esasy, şeýle hem goşmeça jeza çäresini göz öňünde tutmak bilen, şu aşakdaky jeza çärelerini öz içine alýar:

1. **Ỳetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek.**
2. **Jerime.**

3. **Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanma hukugyndan mahrum etmek.**
4. **Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek.**

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 46-njy maddasy[1] ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek baradaky kadalary düzgünleşdirýär. **"Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek**

(1) Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek, munuň özi ýetirilen zyýany hakykatdan-da aradan aýyrmakdan, maddy we ahlak zyýanyň öwezini dolmakdan we ejir çekenden jemagat öňünde ötunç soramakdan ybaratdyr.

(2) Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek görnüşinde jeza, haçanda kazyýet ýetirilen zyýanyň möçberini, ony düzetmegiň hakyky mumkinçiliginiň bardygyny we günäkäriň şahsyýeti baradaky maglumatlary hasaba almak bilen iş kesilýäniň ýetirilen zyýany düzetmäge ukyplydygyny ykrar edýän halatynda, bellenilip bilner.

(3) Eger iş kesilen adam ýetirilen zyýany düzetmek borjuny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan bolsa, onda kazyýet şol jezany jerime salmak ýa-da şu Kodeksiň Aýratyn böleginiň haýsy maddasy bilen iş kesilen bolsa, şonda bellenen çäklerde düzediş işleri bilen çalşyryp biler. Eger jezanyň görkezilen görnüşleri maddanyň sanksiýasynda göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda olar şu Kodeksiň 47 we 50 maddalarynda kesgitlenen iň pes möçberde bellenilýär".

Ỳetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek, munuň özi ýetirilen zyýany hakykatdan-da aradan aýyrmakdan, maddy we ahlak zyýanyň öwezini dolmakdan ýa-da ejir çekenden jemgyýetiň öňünden ötünç soramakdan ybaratdyr. Ỳetirilen zyýany düzetmek we onuň öwezini doldurmak Günä geçmek

---

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 20-21

we Rehim etmek çareleriniň esasy talaby bolup durýar. Ỳetirilen zyýany düzetmek we onuň öwezini doldurmak jeza çäresi esasanam betnebislik niýet bilen eýeçilike garşy edilen jenaýatlaryň edilmegi üçin ýüze çykýar. Eger kazyýetiniň hökümininiň esasynda iş kesilen ýetirilen zyýany düzetmek borjuny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan bolsa, onda kazyýet şol jezany jerime salmak ýa-da Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň haýsy maddasy bilen iş kesilen bolsa, şonda bellenen çäklerde jezany düzediş işleri bilen çalşyryp biler. Eger jezanyň görkezilen görnüşleri maddanyň sanksiýasynda göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda olar Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 47-nji we 50-nji maddalarynda kesgitlenen iň pes möçberinde bellenilýär.

**Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 47-nji maddasy jerime baradaky kadalary düzgünleşdirýär "Jerime[1]**

(1) Jerime şu Kodeks bilen göz öňünde tutulan çäklerde salynýan, jeza bellenilýän pursatyna çenli Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň belli bir sanyna laýyk gelýän möçberinde pul töletmekdir.

(2) Jerime zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäşisinden iki ýüzüsine çenli möçberinde bellenilýär.

(3) Jerimäniň möçberi edilen jenaýatyň agyrlygyna baglylykda, iş kesileniň emläk ýagdaýy nazara alnyp, kazyýet tarapyndan bellenilýär.

(4) Jerime goşmaça jeza görnüşinde, eger ol degişli jenaýat üçin gös-göni jogapkärçiligi kesgitleýän kadada diňe

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 21

goşmaça jeza hökmünde göz öňünde tutulan bolsa, diňe şeýle halatlarda bellenilip bilner.

(5) Kazyýet tarapyndan esasy jeza çäresi hökmünde bellenen jerimäni töledip almaga mümkinçilik bolmadyk halatynda ýa-da jerimäni tölemekden bilgeşleýin boýun gaçyrylan halatynda, düzediş işlerinde işletmegiň bir aýyny zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberi üçin bir aýynyň hasabyna almak bilen jerime kazyýet tarapyndan düzediş işleri bilen, ýöne iki ýyldan köp bolmadyk möhlete çalşyrylýar.

6) Jerimäni azatlykdan mahrum etmek bilen ýa-da azatlykdan mahrum etmegi jerime bilen çalşyrmaga ýol berilmeýär, şu Kodeksiň 59 maddasynda göz öňünde tutulan halatlary muňa girmeýär.

(7) Jerime özbaşdak girdejisi bolmadyk adamlara, şeýle hem çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylara jeza hökmünde ulanylmaýar”.

Jerime esasy jeza çäresi we goşmaça jeza çäresi görnüşinde ulanylyp bilner. Eger ol degişli jenaýat üçin gös-göni jogapkärçiligi kesgitleýän kadada diňe goşmaça ýa-da esasy jeza hökmünde göz öňünde tutulan bolsa, diňe şeýle halatlarda bellenilip bilner. Jerime Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi bilen göz öňünde tutulan çäklerde salynýan, zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň belli bir sanyna laýyk gelýän möçberinde pul töletmekdir. Jerime zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäşisinden iki ýüzüsine çenli möçberinde bellenilýär. Jerimäniň möçberi edilen Jenaýatyň agyrlygyna baglylykda, iş kesileniň emläk ýagdaýy nazara alnyp, kazyýet tarapyndan bellenilýär. Jerime haryt ýa-da zat üsti bilen alnyp bilinmer. Jerime özbaşdak girdejisi bolmadyk adamlara, şeýle hem çagyryş boýunça harby gullygy geçýän harby gullukçylara jeza hökmünde ulanylmaýar.

Kazyýet tarapyndan esasy jeza çäresi hökmünde bellenen jerimäni töledip almaga mümkinçilik bolmadyk halatynda ýa-da jerimäni tölemekden bilgeşleýin boýun gaçyrylan halatynda, düzediş işlerinde işletmegi bir aýyny zähmete hak tolemegiň ortaça aýlyk möçberi üçin bir aýyň hasabyna almak bilen jerime kazyýet tarapyndan düzediş işleri bilen, ýöne iki ýyldan köp bolmadyk möhlete çalşyrylýar. Jerimäni azatlykdan mahrum etmek bilen ýa-da azatlykdan mahrum etmegi jerime bilen çalşyrmaga ýol berilmeýär, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 59-njy maddasynda göz öňünde tutulan halatlary muňa girmeýär.

Jerime jezanyň görnüşleriniň sanawynda birinji orynda ýerleşdirilendir.Bu hem onuň kanun çykaryjy tarapyndan jezanyň iň bir netijeli görnüşidigini we kazyýet tejribesinde günäkäriň şahsiýetini we işiň ýagdaýlaryny öwrenmek bilen ynanylýar. Jezanyň bu görnüşini bellenende kazyýet Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bolüminiň maddalarynda göz öňünde tutulan mümkinçilikleri nazara almalydyr. Jerime bu iş kesilene ahlak taýdan täsir etmek arkaly, onuň jenaýaty edendigini, döwlet tarapyndan ýazgarylýandygyny we maddy taýdan täsir etmek bilen gunäkäriň, jenaýatkäriň emlägine oňaýsyz täsir etmegiň görnişi hasaplanýar. Jenaýat kodeksiniň aýratyn bölüminiň maddalarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarynda bellenip bilner. Şeýle hem jerime Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddalarynda göz öňünde tutulan jezanyň görnüşleriniň iň bir ýeňil jeza çäresi hökmünde bellenip bilner. Eger-de jerime Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölüminiň maddalarynyň sanksiýalarynda goşmaça jeza çäresi hökmünde hökmany ulanmakylygy göz öňünde tutulan bolsa, onda kazyýet jerimäni goşmaça jeza çäresi hökmünde ulanmaga haky bardyr. Jerime uly bolmadyk ýa-da orta agyr jenaýatlar üçin bellenip bilner. Azatlykdan mahrum etmek jeza çäresini

çekýän iş kesileniň jezasy doly çekilmedik bolsa onuň galan bölegini jerime bilen çalşyrylyp bilner. Şeýle hem jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegi aýallar, göwreli aýallar hem-de sekiz ýaşyna ýetmedik çagalary bar aýallar üçin jeza çäresiniň çekilmedik bölegi jerime bilen çalşyrylyp bilner.

Jerime tölemekden görnetin boýun gaçyrylan halatynda jezahyň bu görnüşi hökmahy işe çekmeklik ýa-da düzediş işlerinde işletmek jeza çäresi bilen çalşyrylyp bilner, ýöne ol azatlykdan mahrum etmekllik jeza çäresi bilen çalşyrylmaga degişli däldir. Jerimani önünden almagyň tertibi kanun arkaly bellenmek bilen ol kazyýetiň hökümi kanuny güjine giren pursatyndan otuz günüň dowamynda iş kesilen tarapyndan tölenmäge degişlidir. Eger-de iş kesilen görkezilen möhletde jerimäni tölemese ýa-da iş kesileniň jerimäni tölemäge mümkinçiligi bolmadyk bolsa, onda kazyýet iş kesileniň haýyşnamasy ýa-da kazyýet ýerine ýetirijisiniň netijesi esasynda jerimäniň töletmekligini bir ýyla çenli möhlete gaýra goýmak barada kesgitnama kabul edip bilýär. Iş kesilenlere jerimäni töletdirmeklik kanunda görkezilmäge Türkmenistanyň Raýat iş ýorediş kanunçylygynda belenilen tertipde ýerine ýetirilmäge degişlidir. Jerimäni önünden töledip almakylygy kazyýetiň hökümi esasynda emlägiň muzdsuzsy bilen bagly bolup durýar.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 48-nji maddasy[1] belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugynda mahrum etmek baradaky kadalary düzgünleşdirýär.

**“Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek**

1) Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek, munuň özi döwlet gullugynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, eýeçilikiň

---

[1]Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.21-22

islendik görnüşlerindäki kärhanalarda ýa-da jemgyýetçilik birleşiklerinde belli bir wezipede işlemegi ýa-da belli bir professional ýa-da başga iş bilen meşgullanmagy gadagan etmekden ybaratdyr.

(2) Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgulanmak hukugyndan mahrum etmek esasy jeza hökmünde bir ýyldan bäş ýyla çenli möhlete, goşmaça jeza hökmünde bir ýyldan üç ýyla çenli möhlete bellenilýär.

(3) Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmeklik, eger günäkäriň eden Jenaýatyňyň häsiýeti boýunça we şahsyýeti hakyndaky maglumatlary hasaba almak bilen onuň belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir professional ýa-da başga bir iş bilen meşgullanmak hukugyny onda galdyrmagy kazyýet mümkin däl diýlip hasap eden ýagdaýynda, ol degişli jenaýat üçin jezanyň görnüşi hökmünde görkezilmedik halatlarynda-da goşmaça jeza hökmünde bellenilip bilner.

(4) Bu jeza jerimä we düzediş işlerine goşmaça jeza hökmünde bellenende şeýle hem şertleýin iş kesilende, onuň möhleti hökümiň kanuny güýje giren pursatyndan hasaplanylyp başlanýar. Bu jeza azatlykdan mahrum etmäge goşmaça hökmünde bellenende, onuň möhleti esasy jezanyň dolan pursatyndan başlap hasaplanylýar”.

Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek, munuň özi iş kesilen Adamyn belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyny çäklendirýär. Kazyýetiň bellän möhletiniň dowamynda iş kesilen adam şol hukugyndan mahrum edilen, onuň hukuklarynyň çäklendirilmegi döwlet gullugynda, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, eýeçilikiň islendik görnüşlerindäki kärhanalarda ýa-da jemgyýetçilik birleşiklerinde belli bir wezipede işlemegi ýa-da belli bir

professional ýa-da başga iş bilen meşgullanmagy gadagan etmekden ybaratdyr. Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek esasy jeza hökmünde bir ýyldan bäş ýyla çenli möhlete, goşmaça jeza hökmünde bir ýyldan üç ýyla çenli möhlete bellenilýär. Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan iş kesilen mahrum edilýär. Eger günäkäriň eden Jenaýatyňyň häsiýeti boýunça onuň belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir professional, ýa-da başga bir iş bilen meşgullanmak hukugy onda kazyýetiň hökümüniň esasynda onda galdyrylmadyk bolsa, onda ol adam belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyny kesgitlenen möhletde ýitirýär. Bu jeza jerimäniň we düzediş işleriniň ýanynda goşmaça jeza çäresi hökmünde bellenende, şeýle hem şertleýin iş kesilende, onuň möhleti hökümiň kanuny güýje giren pursatynda hasaplanylyp başlanýar. Bu jeza azatlykdan mahrum etmäniň ýa-da harby düzediş bölümine ibermäniň ýanynda goşmaça jeza çäresi hökmünde bellenilse, onuň möhleti esasy jezanyň dolan pursatyndan başlap hasaplanylýar.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 51-nji maddasy[1] belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek baradaky kadalary düzgünleşdirýär. 51 madda. **“Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek**

1) Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek iş kesilen belli bir ýerde hökmany ýerleşdirmek bilen, ony ýaşaýan ýerinden daşlaşdyrmakdan ybaratdyr.

(2) Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek esasy jezasy hökmünde bäş ýyldan on bäş ýyla çenli möhlete we goşmaça jeza hökmünde iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete bellenilýär.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.23

(3) Jenaýat edilýänçä on sekiz ýaşy dolmadyk adamlar barasynda, şeýle hem birinji we ikinji topardaky maýyplar, pensiýa ýaşyna ýeten adamlar, göwreli aýallar we sekiz ýaşyna çenli çagalary bolan aýallar barasynda belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek ulanylmaýar.

(4) Belli bir ýerde ýaşamak borjy ýüklenen jezany çekmekden zandyýamanlyk bilen boýun gaçyran we şu maksatlar bilen hokmany ýaşamaly ýerden onuň giden halatynda jezany ýerine ýetirýan edaranyň teklipnamasy boýunça kazyýet öz kesgitlemesi bilen şeýle adamy azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jezany çekmek üçin düzediş edarasynda ibermäge hakylydyr. Şunda hokmany ýaşamaly ýerlerde bolnan wagt belli bir ýerde hokmany ýaşalan bir güni azatlykdan mahrum etmegiň bir gününe deň diýlip hasaba alynýar. Jezany çekmekden boýun gaçyrmak maksady bilen, hokmany ýaşamaly ýerini taşlap giden wagt belli bir ýerde hökmany ýasamaly möhletiň hasabyna alynmaýar.

(5) Eger iş kesilip, belli bir ýerde ýaşamak borjy ýüklenilen adam jenaýat etse, kazyýet oňa şu Kodeksiň 64 maddasynyň kadalary boýunça jeza belleýär".

Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek jezasy 2000-nji ýylyň 23-nji martyndan bäri ulanylýar. Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek jezasy bellenen halatynda iş kesilen belli bir ýerde hökmany ýerleşdirilýär we öňki ýaşaýan ýerinden daşlaşdyrylýar. Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek esasy jezasy hökmünde bäş ýyldan on bäş ýyla çenli möhlete we goşmaça jeza hökmünde iki ýyldan bäş ýyla çenli möhlete bellenilýär. Jenaýat edilýänçä on sekiz ýaşy dolmadyk adamlar barasynda, şeýle hem birinji we ikinji topardaky maýyplar, pensiýa ýaşyna ýeten adamlar, göwreli aýallar we sekiz ýaşyna çenli çagalary bolan aýallar barasynda belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek jeza çäresi

ulanylmaýar. Eger-de belli bir ýerde ýaşamak borjy ýüklenen jezany çekmekden zandyýamanlyk bilen boýun gaçyryp, hokmany ýaşamaly ýerden giden halatynda, jezany ýerine ýetirýan edaranyň teklipnamasy boýunça kazyýet öz kesgitlemesi bilen şeýle adamy azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jezany çekmek üçin düzediş edarasynda ibermäge hakylydyr.

### § 4. Döwlet sylaglaryndan, harby atlardan we beýleki atlardan mahrum etmek, emlägi muzdsuz almak

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 45-nji maddasynyň 3-nji bendi goşmaça jeza çäresini göz öňünde tutmak bilen, şu aşakdaky jeza çärelerini öz içine alýar:

1.Döwlet sylaglaryndan, harby atlardan we beýleki atlardan mahrum etmek.

2.Emlägini muzdsuz almak.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 49-njy maddasy, döwlet sylaglaryndan, harby atlardan ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek baradaky kadalary düzgünleşdirýär**. "Döwlet sylaglaryndan, harby atlardan ýa-da beýlek atlardan mahrum etmek**[1]

(1) Agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat edenligi üçin iş kesilenmahalda, harby, ýörite ýa-da beýleki ady bar bolan adam kazyýetiň hökümi boýunça şol atdan mahrum edilip bilner.

(2) Türkmenistanyň ordeni, medaly bilen sylaglanan ýa-da Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan dakylan Hormatly ady ýa-da harby ady ýa-da başga bir ady bolan adama agyr ýa-da aýratyň agyr jenaýat üçin iş kesilenmahalynda, kazyýet

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 22

hököm çykaranda günäkäriň şahsyýeti hakyndaky maglumatlary hasaba almak bilen iş kesilen adamy ordenden, medaldan, Hormatly atdan, harby atdan ýa-da başga atdan mahrum etmek barada Türkmenistanyň Prezidentine teklip bermegiň maksada laýyklygy hakynda meseläni çözýär”.

Agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat edenligi üçin kazyýet edilen mahalda, harby ýörite ýa-da beýleki ady bar bolan adam kazyýetiň hökümi boýunça şol atdan mahrum edilip bilner. Türkmenistanyň ordeni, medaly bilen sylaglanan ýa-da Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan dakylan Hormatly ady ýa-da harby ady ýa-da başga bir ady bolan adama agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat üçin iş kesilen mahalynda, kazyýet hököm çykaranda günäkäriň şahsyýeti hakyndaky maglumatlary hasaba almak bilen iş kesilen adamy ordenden, medaldan, Hormatly atdan, harby atdan ýa-da başga atdan mahrum etmek barada Türkmenistanyň Prezidentine teklip bermegiň maksada laýyklygy hakynda meseläni çözýär. 2005-nji ýylyň dekabr aýynyň 7-de kabul edilen “Türkmenistanyň döwlet sylaglary hakyndaky“ Türkmenistanyň kanunynyň 28-nji maddasyna laýyklykda, sylaglanan adam Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan şu aşakdaky halatlarda Türkmenistanyň döwlet sylaglaryndan mahrum edilip bilner:

a) Agyr ýa-da aýratyn jenaýat üçin iş kesilende, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen esasda we tertipde Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň teklipnamasy boýunça.

b) Döwlet sylagy bilen sylaglanan diýen ada ysnat getirýän etmiş edende sylaglamak hakynda teklipnama hödürlemäge hukukly edaranyň, wezipeli Adamyn teklipnamasy boýunça.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 52-nji maddasy emlägini muzdsuz almak baradaky kadalary düzgünleşdirýär. **“Emlägi muzdsuz almak**[1]

(1) Emlägi muzdsuz almak iş kesilen adamyň şahsy eýeçilikinde durýan, kanun tarapyndan gadagan usul bilen edinilen emlägi döwlet eýeçilikine mejbury suratda mugt almakdan ybaratdyr.

(2) Emlägi muzdsuz almak betnebislik maksatlary bilen amala aşyrylan ortaça agyr jenaýatlar üçin, agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin kesgitlenilýär we ol diňe jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda bellenilip bilner.

(3) Iş kesilen adam üçin ýa-da onuň eklenjindäki adamlar üçin zerur bolan zatlar, şu Kodekse goşulýan Goşundyda berilýän sanawa laýyklykda muzdsuz aynmaga degişli däldir”.

Muzdsuz almak iş kesilen adamynyň şahsy eýeçilikinde duran, kanun tarapyndan gadagan usul bilen edinilen emlägi döwlet eýeçilikine mejbury suratda mugt almakdan ybaratdyr. Emlägi muzdsuz almak betnebislik maksatlary bilen amala aşyrylan ortaça agyr jenaýatlar üçin, agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin kesgitlenýär we ol diňe jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarynda bellenilip bilner. Iş kesilen adam üçin ýa-da onuň eklenjindäki adamlar üçin zerur bolan zatlar, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň goşulýan Goşundyda berilýän sanawa muzdsuz edilmäge degişli däldir.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah. 24

**Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine**
**GOŞUNDY**

**Kazyýetiň hökümi boýunça muzdsuz almaga degişli bolmadyk emlägiň**
**SANAWY**

Iş kesilen adama şahsy eýeçilik hukugy esasynda degişli bolup durýan ýa-da onuň umumy eýeçilikdäki paýy bolup durýan hem-de iş kesilen üçin we onuň ekläp-saklamagynda durýan adamlar üçin zerur bolan emlägiň we zatlaryň şu aşakdaky görnüşleri muzdsuz almaga degişli däldir:

1. Ýaşaýyş jaýy, kwartirasy ýa-da onuň aýry-aýry bölekleri, eger iş kesilen adam we onuň maşgalasy şolarda hemişelik ýaşaýan bolsa.

2. Esasy käri oba hojalygy bolup durýan adamlar üçin hojalyk maksatly gurluşyklar we maşgalasynyň isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan mukdardaky öý mallary, şeýle hem mallary üçin ot-iýmler.

3. Oba hojalyk ekinleriniň nobatdaky ekişi üçin zerur bolan tohumlar.

4. Öý goş-golamlary, gap-çanaklar, geýimler:

a) geýim, aýakgap, içki geýimler, ýorgan-düşekler, ulanyşykdaky aşhana we naharhana enjamlary. Gymmat bahaly materallardan ýasalan şeýle hem çeperçilik gymmaty bolan predmetler muzdsuz alnyp bilner.

b) iş kesilen adama we onuň maşgala agzalaryna juda zerur bolan mebel;

ç)keçeler, iki haly, iki palas;

d) çagalara degişli ähli zatlar.

5. Eger iş kesilen Adamyn esasy käri oba hojalygy bolup durýan bolsa, iş kesilen adam we onuň maşgalasy üçin täze hasyla çenli zerur bolan mukdardaky azyk önümleri, başga halatlarda - zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäşisine çenli bolan çäklerdäki azyk önümleri we pul.

6. Nahar taýýarlamak we ýaşaýyş jaýyny ýylatmak üçin niýetlenen ýangyç-odun.

7. Iş kesileniň ýa-da onuň maşgala agzalarynyň professional kärlerini dowam etdirmek üçin zerur bolan inwentar (şol sanda gollanmalar we kitaplar).

8. Maýyplaryň hereket etmegi üçin ýörite niýetlenen ulag serişdeleri.

**Soraglar:**

1. Jeza barada düşünje.
2. Jeza bellemekligiň umumy esaslary we onuň maksady.
3. Jeza bellenilişiniň tertibi.
4. Esasy jeza çäreleri.
5. Goşmaça jeza çäreleri.
6. Harby gulluk boýunça çäklendirme.
7. Düzediş işleri.
8. Azatlykdan mahrum etmek.
9. Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek.
10. Jerime salmak.
11. Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**

1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008

3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőŷmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. ,,Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008

22. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
23. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У
24. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
25. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004
26. Анденес И. Наказание и предупреждение преступлений. М. 1979

# Bap XVI. Jezanyň görnüşiniň we möçberiniň bellenmeginiň tertibi

## § 1. Jeza bellemegiň umumy esaslary. Jezanyň görnüşiniň we möçberiniň bellenmeginiň tertibi

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Hormatly Prezidentimiz konstitusion özgertmeleriň zerurlygyny esaslandyrmak bilen birlikde Watanymyzyň dünýä tejribesini hemmetaraplaýyn özünde jemleýän milli kanunçylygymyzy döretmegi döwlet syýasatynyň esasy ugry hökmünde häsiýetlendirdi. Ýurdumyzda kämil demokratik, hukuk we dünýewi ýörelgeleriň rowaç alýandygyna şaýatlyk edýän esasy kanunymyzda hem berkidilen. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 18-nji maddasynda[1] Türkmenistanda raýatlaryň hukuklary, azatlyklary hem-de borçlary barada berkidilen. Ýagny Adamyn hukuklary hem-de azatlyklary eldegrilmesizdir we olary Adamyn elinden alyp bolmaz. Konstitusiýa-da we kanunçylykda görkezilen ýagdaýlardan daşary hiç bir adamy hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmäge ýöl ýökdur. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasyna görä, Türkmenistanda jemgyýetiň döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr” diýlip bellenilýär. Ýurdumyzda her bir raýatyň jan saglygy ähli zatdan ileri tutulýar, onuň sagdyn ösmegi baradaky aladalar has-da galýar.

Kazyýet jezanyň maksadyndan ugur alyp, TJK-niň namalary bilen doly baglylykda amala aşyrylan jenaýat üçin TJK-niň Aýratyn bölüminiň maddasynda ýa-da maddanyň böleginde görkezilen sanksiýanyň çäginde görkezilen jezanyň

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy.A., 2008, sah.14

görnüşini belleýär. Kazyýetiň bellän jezasy adalatly we anyk çäre hökmünde bellenmelidir. Jeza TJK-niň Aýratyn bölüminiň maddalaryň sanksiýalarynyň çägine laýyklykda bellenmelidir. Edilen jenaýat üçin jeza bellenende kazyýet jenaýatyň jemgyýetçilik howplulygynyň häsiýetini we derejesini göz öňünde tutýar. Kanun her bir anyk etmişiň jemgyýetçilik howplulyk bahasyny ikitaraplaýyn belleýär: hil tarapyny (jemgyýetçilik howplulyk häsiýeti) we mukdar tarapy (onuň derejesi). Jenaýatyň jemgyýetçilik howplulyk häsiýeti ilki bilen kast edişiň obýektiniň gymmatlygy bilen baglydyr. Jemgyýetçilik howplulyk derejesi dürli ýagdaýlaryň jemi bilen kesgitlenýär: uly zyýanyň ýetirilmegi, günäniň görnüşi, delili, usuly, jenaýaty amala aşyrmagyň ýagdaýy we döwürleri, derejesi we her bir gatnaşyjynyň orny we ş.m.

**Turkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 56-nji maddasynda jeza bellemegiň umumy esaslary görkezilen,** [1]

(1) Jenaýat etmekde günäkär diýlip, kazyýet tarapyndan ykrar edilen adama şu Kodeksiň Umumy böleginiň düzgünlerini hasaba almak bilen, şu Kodeksiň Aýratyn böleginiň degişli maddasy tarapyndan bellenilen çäklerde kesgitlenilýän jeza bellenilýär.

(2) Edilen jenaýat üçin şu Kodeksiň Aýratyn böleginiň degişli maddasynda göz öňünde tutulandakydan jezanyň has berk görnüşi, şu Kodeksiň 63 we 64 maddalaryna laýyklykda, jenaýatlaryň jemi boýunça we hökümleriň jemi boýunça bellenilip bilner. Edilen jenaýat üçin jenaýat kanunynda göz öňünde tutulandakydan jezanyň has ýeňil görnüşini bellemek üçin esas şu Kodeksiň 59 maddasy tarapyndan kesgitlenilýär.

(3) Jezanyň görnüşi we möçberi bellenen wagtynda jenaýatyň häsiýeti we agyrlygy, şeýle jenaýat etmegiň

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 25-26

maksatlary we äheňleri, netijeleri, jogapkärçiligi ýenilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary, günäkäriň şahsyýeti, şeýle hem bellenilen jezanyň günäkäriň jezasyny çekeninden soňra durmuşyň adaty şertlerine gaýtadan uýgunlaşmagyna we onuň maşgalasynyň durmuş şertlerine ýetirjek täsiri göz öňünde tutulýar.

(4) Jenaýat eden adama adalatly jeza bellenilmelidir we onuň düzelmegi üçin zerur we ýeterlikli bolmalydyr.

Türkmenistanyň Ýókary kazyýetiniň Ginişleýin mejlisiniň **“Jenaýat jezasy bellenilende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň berjaý edilişi hakyndaky”**[1] kararynda beýän edilen ýagny, Jenaýat jezasy belenilende kazyýetler jezany bellemegiň Türkmenistanyň JK-nyň 56-njy maddasynda görkezilen umumy esaslaryny gyşarnyksyz berjaý etmelidirler, şeýle hem işi kazyýetde seredilýäniň edilmeginde günäli bilnen jenaýatyň görnüşini we agyrlygyny, residiwi we onuň görnüşi, jenaýatyň ýerine ýetirilen derejesini, adamlaryň topary, guramaçylykly topar ýa-da jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan jenaýat edilende işi kazyýetde seredilýäniň oňa gatnaşyjylyk derejesini, onuň hereketiniň jenaýatçylykly maksada ýetmekde we ýetirilen ýa-da ýetirilmegi mümkin bolan zyýanyň häsiýetine we mukdaryna täsir etmekde ähmiýetini, jenaýatlaryň jeminiň bar ýa-da ýokdugyny, jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlary, kanunda göz öňünde tutulandan has ýeňil bellemek ýa-da şertli iş kesmek üçin esaslary göz öňünde tutmaly. Şeýle hem jenaýat kanunynda kämillik ýaşyna ýetmedikler, aýallar, pensiýa ýaşyna ýetenler, maýyplar we ş.m. üçin jenaýat jezasyny bellemegiň aýratynlyklarynyň bardygyna görä, kazyýetler işi kazyýetde seredilýäniň jynsyna, ýaşyna we işe ýarawlylygyna üns bermelidir we şoňa görä-de jeza bermelidir.

Agyr we aýratyn agyr jenaýatlary edenlere, esasan hem olary guramaçylykly toparyň ýa-da jenaýatçylykly bileleşigiň düzüminde edenlere, şeýle hem öň kazyýet jogapkärçiligine çekilip, düzediş ýoluna düşmek işlemeýänlere kanunda göz öňünde tutulan berk jeza çäresini ulanmakylygyň hökmanylygyny ara alyp maslahatlaşmagyň zerurdygyna kazyýetleriň ünsüni çekmelidir.

Jezanyň görnüşini we mukdaryny kesgitlemek üçin düýpli ähmiýeti bardygy sebäpli, kazyýetler işi kazyýetde seredilýäniň şahsyýeti baradaky maglumatlary hemmetaraplaýyn, doly we tarapgöýsizlikli barlamalydyrlar. Hususan-da, işi kazyýetde seredilýäniň saglyk ýagdaýyny, işe ýarawlylygyny, zähmete we okuwa gatnaşygyny, günälilik aýby hakyndaky maglumatlary aýdyňlaşdyrmak zerur. Işi kazyýetde seredilýäniň maşgala ýagdaýyny aýdyňlaşdyryp, Türkmenistanyň JK-nyň 56-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda kazyýet jeza bellände bellenen jezanyň onuň maşgala durmuş şertlerine täsirini göz öňünde tutmalydyrlar.

Eger-de, öňki edilen jenaýat üçin jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň wagt möhleti dolan bolsa, günälilik aýby hereket edýän tertipde aýrylan ýa-da öz-özünden aýrylan bolsa ýa-da Adamyn öňki eden hereketi üçin jeza berilmelidigi kanun bilen aýrylan bolsa, şeýle hem, Türkmenistanyň Jenaýat kanunynyň Umumy böleginde görkezilen esaslar boýunça adam öňki edilen jenaýat üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan bolsa, onda täze jenaýat eden adam üçin, öňki edilen haýsydyr bir jenaýata jenaýat jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan ýagdaý hökmünde seredip bolmaz.

## § 2. Edilen jenaýat üçin göz öňünde tutulan jezadan has ýeňilrägini bellemek. Gutarylmadyk jenaýat üçin jezanyň bellenilmegi. Bilelikde edilen jenaýat üçin jezanyň bellenmegi

Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasyna laýyklykda edilen jenaýat maddalaşdyrylan, Türkmenistanyň JK-nyň degişli maddasynda (maddanyň böleginde) görkezilen aşak çäkdende pes çäkdäki jezany ýa-da maddanyň jezalandyryş böleginde göz öňünde tutulmadyk has ýeňil görnüşini bellemäge, ýa-da hökmany hökmünde göz öňünde tutulýan goşmaça jeza çäresini ulanmazlyga, diňe etmişiň maksatlary we delilleri, günäkäriň orny, jenaýat edilen mahaly ýa-da jenaýat edilip gutarylandan soňra onuň özüni alyp barşy we etmişiň jemgyýetçilik howpunyň derejesini ep-esli peseldýän beýleki ýagdaýlar, şeýle hem toparlaýyn jenaýatçylyga gatnaşyjynyň topar bolup edilen jenaýatyň üstüni açmaga işjeň ýardam bermegi bilen baglanyşykly aýratyn ýagdaýlar ýüze çykarylan mahalynda ýol berilýär. Käbir ýeňilleşdirýän ýagdaýlar, şeýle hem olaryň birnäçesiniň jemi aýratyn ýagdaýlar hökmünde ykrar edilip bilner. Kazyýet iş boýunça anyklanan haýsy ýagdaýlary aýratyn diýlip ykrar edýändigini we olary günäkäriň şahsyýeti baradaky haýsy maglumatlar bilen baglylykda Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasynyňy[1] ulanmak üçin esas edip alýandygyny hökümde görkezmäge borçlydyr.

**“Edilen jenaýat üçin göz öňünde tutulan jezadan has ýeňilrägini bellemek**

1) Etmişiň maksatlary we delilleri, günäkäriň roly, jenaýat edilen mahaly ýa-da jenaýat edilip gutarylandan soňra onuň özüni alyp barşy we etmişiň jemgyýetçilik

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 28

howpunyň derejesini ep-esli peseldýän beýleki ýagdaýlar, şeýle hem toparlaýyn jenaýatçylyk gatnaşyjynyň topar bolup edilen jenaýatyň üstüni açmaga işjeň ýardam bermegi bilen baglanyşykly aýratyn ýagdaýlar bolan mahalynda:

a) günäkäre jenaýat kanunynyň degişli maddasynda göz öňünde tutulan aşak çäkden-de pes bolan jeza bellenilip bilner ýa-da kazyýet şol maddada göz öňünde tutulandakydan jezanyň has ýeňil görnüşini belläp biler;

b) kazyýet hökmany hökmünde göz öňünde tutulan goşmaça jezany ulanman biler.

(2) Käbir ýeňilleşdirýän ýagdaýlar, şeýle hem şu Kodeksiň 57 maddasynda görkezilen ýagdaýlar tutuşlygyna aýratyn ýagdaýlar hökmünde ykrar edilip bilner".

Birnäçe jenaýatlary etmekde günäkär adama kanunda göz öňünde tutulandan has ýeňil jeza ulanylanda, ilki başda edilen jenaýatlaryň biri ýa-da hersi üçin Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasy ulanylyp, soň Türkmenistanyň JK-nyň 63-nji maddasynyň düzgünleri boýunça gutarnykly jeza kesgitlenilýär. Jenaýatlaryň residiwinde, howply residiwinde we aýratyn howply residiwinde Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasynyňy ulanmak bilen jeza bellenilende, Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasynyň 2-nji böleginiň düzgünleri ulanylmaýar. Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasynyňy ulanmak bilen kazyýet tarapyndan kesgitlenen jezanyň möçberi, hiç bir ýagdaýda hem, şol jezanyň görnüşi üçin kanunda göz öňünde tutulýan aşak çäkden az bolmaly däldir.

Haçan-da Adamyn günäli bilnen kanunynyň jezalandyryş bölegi azatlykdan mahrum etmek bilen bir hatarda jezanyň has ýeňil görnüşini göz öňünde tutýan bolsa, onda hököm çykarylanda azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jezany, hususan-da düzediş işlerini, jerimäni we ş.m bellemek baradaky meseläniň ara alyp maslahatlaşylmaga degişlidigine

kazyýetleriň ünsüni çekmeli. Şeýle ýagdaýlarda azatlykdan mahrum etmekligi, şonuň ýaly-da onuň gysga möhletini, egerde kazyýet işiň anyk ýagdaýlaryndan we günäkäriň şahsyýeti hakyndaky maglumatlardan ugur alyp, başga görnüşli jezany ulanmagyň mümkin däldigi barada netijä gelende bellemek bolar. Kazyýetler jenaýat haýsy hem bolsa bir residiwde edilende, gutarylmadyk jenaýatda, şeýle hem jenaýatlaryň jemi we hökümleriň jemi boýunça jeza bellenende jezalaryň möhletiniň Türkmenistanyň JK-nyň 60-njy, 62-64-nji maddalarynda görkezilen çäklerini berk saklamaklary gerek. Gutarylmadyk jenaýatda, haýsy hem bolsa bir residiw bolan halatynda-da jezanyň iň ýokary mukdary Türkmenistanyň JK-nyň 60-njy maddasynda görkezilen möhletden we mukdardan geçmeli däldir.

Esasy we goşmaça jeza çäresiniň dogry utgaşdyrylmagy, ony aýrybaşgalaşdyrmak ýörelgeleriniň yzygiderli amala aşyrylmagyna, jezanyň maksadyna has tiz ýetilmegine ýardam edýär, oňa görä-de kazyýetler her iş boýunça höküm çykaranlarynda goşmaça jezalary ulanmak meselesini, aýratyn hem agyr we aýratyn agyr jenaýatlary etmekde günäli bilnenlere ulanmak meselesini ara alyp maslahatlaşmaklary gerek. Jenaýat kanunynyň jezalandyryş bölegi goşmaça jeza çäresini ulanmak ýa-da ulanmazlyk mümkinçiligini göz öňünde tutýan bolsa kazyýetler onuň ulanylýandygyny ara alyp maslahatlaşmaga we hökümiň delillendiriş böleginde gelnen çözgüdiň delillerini görkezmäge borçludyr. Şeýle ýagdaýlarda goşmaça jeza çäresiniň ulanylmaýanlygy, bu barada hökümiň netije böleginde görkezilmegini talap etmeýär. Jenaýat kanunynyň goşmaça jeza çäresi hökman diýlip görkezilen maddasy boýunça günäkäre iş kesilende, kazyýet diňe Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasynda görkezilen şertler bar ýagdaýda, gelnen çözgüdiň delillerini hökmany suratda hökümde görkezip we hökümiň

netije böleginde Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasyna salgylanyp, ol goşmaça jeza çäresini ulanman biler.

Jenaýata taýýarlygy jezalandyrmakda kazyýet jeza bellenişi diňe umumy başlangyjyndan çykman, eýsem gutarylmadyk jenaýatyň jezalandyryş düzgünleri hem göz öňünde tutýar. Onuň esasynda sanksiýanyň möçberi TJK-niň Aýratyn bölüminde dogry gelýän maddada seredilen has berk jezanyň görnüşiniň ýarysyndan ýokary bolmaly däldir. Mysal üçin, TJK-niň 60-nji maddasy **“Gutarylmadyk jenaýat üçin jezanyň bellenilmegi**[1]

(1) Gutarylmadyk jenaýat üçin jeza bellenilende, haýsy sebäplere görä jenaýatyň soňuna çenli alnyp barylmandygynyň ýagdaýlary göz öňünde tutulýar.

(2) Jenaýata taýýarlyk üçin jeza jenaýat kanunynyň degişli maddasynda gutarylan jenaýat üçin göz öňünde tutulýan jezanyň has berk görnüşiniň möçberiniň ýarysyndan köp bolup bilmez”.

Jenaýat etmäge taýýarlyk görmegi barasynda jenaýat jogapkärçiligi diňe bilkastdan edilen, emma uly bolmadyk agyr jenaýatlardan başgasy üçin şu aşakdaky iki sany esasy şertleriň ýerine ýetirilmeginde bolup biler:

Birinjiden, jenaýat etmek üçin gurallaryň we serişdeleriň gözlenmegi, taýýarlanmagy we jenaýat etmäge ýaramly ýagdaýa getirilmegi, jenaýat etmek barada dilleşmegi anyk ýagdaýda jenaýat etmek üçin şertleri döretmäge gönükdirilen bolmalydyr. Mysal üçin, jenaýat edilmegini ýeňilleşdirmäge ýa-da jenaýat edilmegini üpjin etmäge gönükdirilen anyk hereketler bolmadyk mahalynda adamlaryň toparynyň jenaýaty amala aşyrmak barada meýline jenaýaty

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 28

amala aşyrmaga taýýarlyk görmek hökmünde baha bermek bolmaz.

Ikinjiden, şeýle jenaýatçylykly meýilleşdirme şol adama bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça ahyryna çenli ýerine ýetirilmän bilner. Aýdaly , iki adam gapyny döwüp, ogurlyk etmek barada dilleşýär. Gapyny döwmek üçin gural edinmek zerur. Olar soňra bu hereketlerden meýletin boýun gaçyrýarlar. Bu ýerde dilleşik bolan hem bolsa, jenaýaty amala aşyrmaga taýýarlyk görmek baradaky soňraky hereketler meýletin ýagdaýda bes edilipdir we olaryň ikisi-de öz hereketleri üçin jogapkärçilik çekip bilmez. Günäkäriň jenaýaty amala aşyrýan döwründe we soňra özüni alyp barşynda orny: günäni boýun alyp gelmegidir, jenaýatyň üstüni açmakda aktiw ýardam etmegi, jenaýatdan soň jebir çekene lukmançylyk ýa-da beýleki kömegi etmegi, jenaýat sebäpli ýetirilen maddy ýa-da ahlak zyýany meýletin öwezini dolmagy we ş.m. ybaratdyr.

Şärikleriň jogapkärçiligi jenaýat etmekde olaryň her biriniň gatnaşygynyň derejesi we häsiýeti bilen kesgitlenýär. Jenaýat jogapkärçiligin ýeke-täk esasy ähli şärikler ýerine ýetirijä ulanylýan maddanyň çäginde jogapkärçiligi çekilýändigini aňladýar. Şärikleriň jenaýat jogapkärçiliginiň ýeke-täk esasy diňe deň jenaýat jogapkärçiligini aňlatman, eýsem olary jezadan boşatmak şertleri, kazyýet aýybynyň ýatyrylmagy deň ulanylýar.

**“61 madda. Bilelikde edilen jenaýat üçin jezanyň bellenilmegi**[1]

(1) Bilelikde amala aşyrylan jenaýat üçin jeza bellenilende, Adamyn ony amala aşyrmaga gatnaşygynyň häsiýeti we hakykatda onuň näderejede gatnaşandygy,

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 29

jenaýatyň maksadyna ýetmek üçin şol gatnaşygynyň ähmiýeti, ýetirilen ýa-da ýetirilip bilinjek zyýanyň häsiýetine we möçberine onuň täsiri göz öňünde tutulýar.

(2) Şärikleriň biriniň etmişi we şahsyýeti bilen baglanyşykly ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan ýagdaýlar diňe şol gatnaşyja jeza bellenende göz öňünde tutulýar".

Şärikleriň jogapkärçilginiň özbaşdakylygynda jenaýata gatnaşyjynyň häsiýetinden we derejesinden daşary etmişi hökmany we maddalaşdyryjy alamata ýa-da günäkäriň şahsyýetini häsiýetlendirýän obýektiw ýagdaýlar hem täsir edýär.

Guramaçynyň, meçew berijiniň we ýaranyň jogapkärçiligi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 33-nji maddasyna[1] salgylanmak bilen ýerine ýetiriji ýaly Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginiň şol maddasy boýunça degişli bolýar. Eger özüne bagly bolmadyk ýagdaýlara görä ýerine ýetiriji tarapyndan jenaýat ahyryna çenli ýetirilmedik halatynda,jenaýatyň galan şärikleri jenaýat edilmegini taýýarlamaga we jenaýat etmegiň kastyna düşmäge bile gatnaşandygy üçin jogapkärçilik çekýärler.

Şärikli jenaýat üçin jogapkärçiligin esasy ýekelikde edilen jenaýat ýaly her bir şärikdeşleriň jenaýat jemkanunynda göz öňünde tutulan jenaýat düzüminiň ähli alamatlaryny jemleýän hereketi bolýar. Şonuň esasynda şärikdeşleriň hereketini ýerine ýetirijiniň hereketinden aýratynlykda seredip bolmaz,sebäbi olar jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny ýerine ýetirmeýärler. Şol bir wagtyň özünde hem ýerine ýetiriji jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny ýerine ýetirýär, sebäbi onuň hereketi şärikdeşleriň kömegi netijesinde bolýar. Jenaýatçylykly netije şärikdeşleriň hereketleriniň umumylygy netijesinde

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 15

bolýar.Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 35-nji maddasynyň[1] 1-nji böleginde şärikdeşleriň jogapkärçiliginiň aýratynlygyny kesgitleýji düzgünnnama bar. Şärikdeşler jenaýaty bilelikde amala aşyrýandyklary sebäpli olaryň jogapkärçiligi ýerine ýetirijiniň hereketiniň maddalaşdyrylyşy ýaly jenaýat kanunynyň şol bir maddasy bilen kesgitlenýär. Beýleki tarapdan her bir şärikdeş jenaýat etmekde hakyky gatnaşmagyň häsiýetine we derejesine baglylykda berk aýratyn jogapkärçilik çekýär.

Şarikdeşleriň jogapkärçiligi Jenaýat kodeksiniň Aýratyn bölümi tarapyndan kadalaşdyrylýar,sebäbi şärikdeşler (guraýjy, meçew beriji, ýaran) öň belläp geçişimiz ýaly, öz hereketleri bilen jenaýat düzüminiň obýektiw tarapyny ýerine ýetirmeýärler. Seýle-de özleri jenaýatyň netijelerini ýüze çykarmaýarlar.

Şärikdeşleriň jogapkärçiligi jenaýatçylykly hereketiň ýerine ýetiriji tarapyndan gutaran döwri bilen kesgitlenýär.Ýerine ýetirijiniň hereketiniň gutaran döwrüne baglylykda (jenaýata taýýarlyk görmek ýa-da jenaýatyň kastyna düşmei)beýleki şärikdeşler jenaýata taýýarlyk görmek ýa-da jenaýatyň kastyna düşmeklik üçin jogapkärçilik çekýärler. Şeýle hem şärikdeşlere jenaýata taýýarlyk üçin jogapkärçilik diňe agyr we aýratyn agyr jenaýatlar üçin ýüze çykýar. Şeýle hem, özüne bagly bolmadyk ýagdaýlara görä beýlekileri jenaýat etmeklige başartmadyk meçew berijiniň jogapkärçiligi baradaky sorag anyklanylýar (agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat üçin).

Kazyýet TJK-niň Aýratyn bölüminiň maddalarynda göz öňünde tutulan jezany aşak çäginden hem aşak belläp biler ýa-da has pes jeza görnüşi ýa-da hökmany edip görkezilen

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 16-17

goşmaça görnüşi ulanman bilýär. Bu ýagdaý şular bilen bagly bolmaly:

1. jenaýatyň maksady we delili,
2. günäkäriň orny , onuň jenaýaty amala aşyrýan döwründe we soňra özüni alyp barşy,
3. jenaýatyň jemgyýetçilik howplulygynyň derejesini peseldýän ýagdaýlaryň bolmagy,
4. toparlaýyn jenaýatda gatnaşyjynyň jenaýaty açmaga aktiw täsiri.

Günäkäriň maksady we delili aşakdaky häsiýetine çenli mahrum edilen bolmaly we olaryň eden jenaýaty betniýetlik bilen edilmän, sebäp zerarly edilendigine şaýatlyk etmeli, ony jenaýat kanuny jezany ýeňilleşdirmek mümkinçiligi bilen baglanyşdyrýar.

Bilelikde amala aşyrylan jenaýat üçin jeza bellenilende, Adamyn ony amala aşyrmaga gatnaşygynyň häsiýeti we hakykatda onuň näderejede gatnaşandygy, jenaýatyň maksadyna ýetmek üçin şol gatnaşygynyň ähmiýeti, ýetirilen ýa-da ýetirilip bilinjek zyýanyň häsiýetine we möçberine onuň täsiri göz öňünde tutulýar. Şärikleriň biriniň etmişi we şahsyýeti bilen baglanyşykly ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan ýagdaýlar diňe şol gatnaşyja jeza bellenende göz öňünde tutulýar.

## § 3. Residiw mahalynda jezanyň bellenmegi. Jenaýatlaryň jemi boýunça jezanyň bellenilmegi. Hökümleriň jemi boýunça jezanyň bellenilmegi. Jezalar goşulan mahalynda şolaryň möhletlerini kesgitlemegiň tertibi. Jeza möhleteriniň hasaplanmagy we jezalaryň hasaba alynmagy. Şertleýin kazyýet işine çekmek

Residiw halatynda, howply residiw we aýratyn howply residiw halatynda jeza bellenilende ozalky jezanyň düzediş täsiriniň ýeterlik bolmandygyna görä, amala aşyrylan jenaýatlaryň sany, häsiýeti, agyrlygy we netijeleri, ýagdaýlary, şeýle hem täze jenaýatlaryň häsiýeti, agyrlygy we netijeleri göz öňünde tutulýar. Residiwde jeza amala aşyrylan jenaýat üçin kanuny tarapyndan göz öňünde tutulan jezanyň degişli görnüşiniň iň ýokary möçberiniň ýarysyndan pes bolmaly däldir.

**"Residiw mahalynda jezanyň bellenilmegi**[1]

(1) Residiw halatynda, howply residiw we aýratyn howply residiw halatynda jeza bellenilende ozalky jezanyň, düzediş täsiriniň ýeterlik bolmandygyna görä, amala aşyrylan jenaýatlaryň sany, häsiýeti, agyrlygy we netijeleri, ýagdaýlar, şeýle hem täze jenaýatlaryň häsiýeti, agyrlygy we netijeleri göz öňünde tutulýar.

(2) Residiwde jeza amala aşyrylan jenaýat üçin jenaýat kanuny tarapyndan göz öňünde tutulan jezanyň degişli görnüşiniň iň ýokary möçberiniň ýarysyndan pes bolmaly däldir; howply residiwde jeza amala aşyrylan jenaýat üçin göz öňünde tutulýan has berk jezanyň ýokary möçberiniň üçden iki böleginden pes bolmaly däldir, aýratyn howply residiwde jeza amala aşyrylan jenaýat üçin göz öňünde tutulýan has berk

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah. 29

jezanyň ýokary möçberiniň dörtden üç böleginden pes bolmaly däldir.

(3) Şu Kodeksiň 59 maddasynda göz öňünde tutulan aýratyn ýagdaýlar bar bolan halatynda, residiw mahalynda, howply residiwde we aýratyn howply residiwde jeza şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan çäklendirmeleri hasaba almazdan bellenilýär”.

Türkmenistanyň JK-nyň 19-njy maddasyna[1] laýyklykda jenaýatlaryň residiwi diýlip bilmek üçin her bir aýrylmadyk ýa-da öz-özünden aýrylmadyk günälilik aýbynyň esas bolup bilmän, olardan diňe Adamyn on sekiz ýaşyna ýetenden soň bilgeşleýin jenaýatlar üçin iş kesilmegi bilen baglanyşyklylarynyň esas bolup bilýändigini kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar. Oňa görä-de, şeýle çözgüde gelmek üçin päsgelçilik döredýän ýagdaýlaryň bar-ýokdugyny kazyýetler barlamalydyrlar (öňki jenaýatlary näçe ýaşyndaka edipdir, olar üçin günälilik aýby aýrylypmy, ýokardaky kazyýet tarapyndan jezanyň görnüşi ýa-da etmişiniň maddalaşdyrylyşy üýtgedilmändirmi we ş.m). Eger adam birnäçe gezek jenaýat edip diňe onuň biri üçin iş kesilen bolsa we beýleki jenaýatlaryň üsti günäkäre birinji iş üçin höküm çykarylandan soň açylan bolsa, onda Türkmenistanyň JK-nyň 19-njy maddasyna görä görkezilen jenaýatlar üçin günälilikler jenaýatlaryň residiwi baradaky meseläni çözende, diňe bir günälilik diýlip göz öňünde tutulýandygyny kazyýetlere düşündirmeli.

Türkmenistanyň JK-nyň 19-njy maddasynyň 2-nji we 3-nji bölekleriniň “a” bendi ulanylanda, öň azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen adam diýlip, öň kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşli bellenen jeza: düzediş edaralarda ýa-da türmede çekmäge degişli, şol

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 10-11

sanda haçan-da adam Türkmenistanyň JK-nyň 79-njy maddasyna laýyklykda aýyplaw hökümiň wagt möhletiniň geçmegi sebäpli jezany çekmekden boşadylandan başga ýagdaýlarda jezany çekmedik bolsa (mysal üçin, ony çekmekden boýun gaçyrýan ýa-da Türkmenistanyň JK-nyň 80-nji maddasy esasynda günä geçmek ýa-da rehim etmek namasy boýunça ony çekmekden şertli boşadylan. Şu bilen baglylykda azatlykdan mahrum etmek jezasy şertli ýa-da onuň ýerine ýetirilmegi we çekilmegi yza süýşürilmek, ýa-da zähmete çekmek bilen şertli bellenilen adam, eger synag möhletiniň ýa-da zähmete çekilýän möhletiniň ýa-da hökümiň ýerine ýetirilmeginiň jeza çekilmeginiň yza süýşürilen döwrüniň dowamynda täze jenaýat eden bolsa, onda onuň aýrylmadyk günälilik aýby residiw diýlip bilmek üçin göz öňünde tutulmaga degişlidir.

Şunda kazyýetleriň hökümi bilen bellenen jeza (düzediş işleri, belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemei) Türkmenistanyň JK-nyň 50-nji maddasynyň 4-nji böleginde we $51^{1}$-nji maddasynyň 4-nji böleginde göz öňünde tutulan esaslar boýunça azatlykdan mahrum etmeklik bilen çalşyrylan adalar; Türkmenistanyň JK-nyň 54-nji maddasyna laýyklykda edilen jenaýat üçin kazyýet tarapyndan azatlykdan mahrum etmekligiň ýerine harby-düzediş bölüminde saklamakylyk ulanylan harby gullukçylar; bilkastdan we seresapsyzlykdan edilen jenaýatlaryň jeminde bilkastdan edilen jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza bellenilen adamlar— azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen hökmünde seredilip bilinmez.

Kazyýetleriň haýsy hem bolsa bir residiwde jenaýat eden adamlar üçin Türkmenistanyň JK-nyň 62-nji maddasynyň 2-nji böleginde görkezilen jezalaryň mukdarynyň çägini berk saklamaklary gerek. Doly amala aşyrylmadyk jenaýatda, hat-da

haýsy hem bolsa bir residiwiň bardygyna seretmezden, jezanyň ýokary çägi Türkmenistanyň JK-nyň 60-njy maddasynda görkezilen möçberden köp bolup bilmez. Bu ýagdaýlarda jeza Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasynyňy ulanmak bilen bellenilýär.

Yokary kazyýeti 03.08.2001-nde **"Jenaýatlaryň residiwi baradaky kanunçylygy ulanmagyň kazyýet iş ýörelgeleri" hakynda** ýörite Kararyny kabul etdi. Kanun jenaýatlaryň umumy jemi halatynda jezany bellemegiň belli yzygiderligini talap edýär. Ilkibaşda jeza her edilen jenaýat üçin aýratyn bellenilýär. Ondan soňra bolsa, jenaýatlaryň jemi boýunça temmi berilýär. Yöne jezalar goşulanda gutarnykly jeza amala aşyrylan jenaýatlaryň iň agyry üçin göz öňünde tutulýan iň ýokary jezadan ýokary bolup bilmez.

Eger amala aşyrylan jenaýatlaryň jemine agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat goşulýan bolsa, onda jezalary bölekleýin ýa-da dolulygyna goşmak arkaly gutarnykly jeza bellenilýär. Şeýle edilende azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki gutarnykly jeza amala aşyrylan jenaýatlaryň iň agyry üçin bellenilýän jezanyň iň ýokary möhletinden ýokary bolup biler, ýöne ýigrimi ýyldan emma TJK-nde göz öňünde tutulan aýratyn halatlarda bolsa, ýigrimi bäş ýyldan ýokary bolmaly däldir.

Aýallara-howply we aýratyn howply residiwden başga ähli halatlarda bilgeşleýin edilen jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilende jezany çekmegiň umumy düzgünli düzediş edarasynda, howply residiwde-berk düzgünli düzediş edaralarynda we aýratyn howply residiwde-aýratyn düzgünli düzediş edaralarynda bellenýändigini kazyýetler göz öňünde tutumalydyrlar. Jenaýatlaryň jeminde her bir jenaýat üçin aýratynlykda jeza bellenilýär. Eger jenaýatlaryň jemine uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýat goşulan bolsa, onda onçakyly berk bolmadyk jezany has berk jeza bilen gurşap

almagy ýa-da jezalaryň bölekleýin ýa-da dolulygyna goşulmagy arkaly gutarnykly jeza bellenilýär. Şeýle halatlarda jezalar goşulanda gutarnykly jeza amala aşyrylan jenaýatlaryň iň agyry üçin göz öňünde tutulýan iň ýokary jezadan ýokary bolup bilmez.

### Çyzgy № 61. Residiw mahalynda jezanyň bellenilşi



Jenaýatlaryň jemi ýa-da hökümleriň jemi boýunça azatlykdan mahrum etmek görnüşli jeza bellenende, düzediş edarasynyň görnüşi ýa bolmasa jezanyň bellei bir bölegini türmede çekdirmegi kazyýet her jenaýat üçin aýry bellemeli dälde, diňe gutarnykly jezany kesgitlände bellemeli.

**"Jenaýatlaryň jemi boýunça jezanyň bellenilmegi**[1]

(1) Jenaýatlaryň jeminde her bir jenaýat üçin aýratynlykda jeza bellenilýär.

(2) Eger jenaýatlaryň jemine uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýat goşulýan bolsa, onda onçakyly berk bolmadyk jezany has berk jeza bilen gurşap almagy ýa-da jezalaryň bölekleýin ýa-da dolulygyna goşulmagy arkaly gutarnykly jeza bellenilýär. Şeýle halatlarda jezalar goşulanda gutarnykly jeza amala aşyrylan jenaýatlaryň iň agyry üçin göz öňünde tutulýan iň ýokary jezadan ýokary bolup bilmez.

(3) Eger amala aşyrylan jenaýatlaryň jemine agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat goşulýan bolsa, onda jezalary bölekleýin ýa-da dolulygyna goşmak arkaly gutarnykly jeza bellenilýär. Şeýle edilende azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki gutarnykly jeza on bäş ýyldan, aýratyň agyr jenaýatlar boýunça bolsa amala aşyrylan jenaýat üçin göz öňünde tutulan iň ýokary jezadan ýokary bolup bilmez.

(4) Esasy jezanyň üstüne goşmaça jezalar goşulyp bilner. Gutarnykly goşmaça jeza bölekleýin ýa-da dolulygyna goşulan, mahalynda şu Kodeksiň Umumy bölegi tarapyndan jezanyň şol görnüşi üçin bellenilen iň ýokary möhletden ýa-da möçberden ýokary bolup bilmez.

(5) Eger iş boýunça höküm çykarylandan soň, iş kesilen Adamyn birinji iş boýunça höküm çykarylmazyndan öň başga jenaýat etmekde hem gunäkärdigi takyklansa, onda jeza bermek

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 30

edil şol düzgünler boýunça bellenilýär. Şu halatda birinji hököm boýunça çekilen jeza möhleti berlen jezanyň gutarnykly möhletine hasap edilýär”.

Hökümleriň jemi boýunça jeza bellenilende, soňky höküm boýunça bellenilen jezanyň üstüne öňki höküm boýunça jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegi doly ýa-da kem-käsleýin suratda goşulýar. Hökümleriň jemi boýunça azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki gutarnykly jeza, soňky höküm boýunça jenaýat üçin, jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jezanyň iň ýokary möhletinden artyk bolup biler, ýöne on bäş ýyldan köp bolmaly däldir. Jenaýat kodeksinde görkezilen aýratyn halatlarda ýigrimi bäş ýyldan köp bolmaly däl.

**“Hökümleriň jemi boýunça jezanyň bellenilmegi**[1]

(1) Hökümleriň jemi boýunça jeza bellenilende, soňky höküm boýunça bellenilen jezanyň üstüne öňki höküm boýunça jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegi doly ýa-da kem-käsleýin suratda goşulýar.

(2) Hökümleriň jemi boýunça gutarnykly jeza, eger ol azatlykdan mahrum etmekden pes bolmadyk halatynda, şu Kodeksiň Umumy bölegi tarapyndan jezanyň şu görnüşleri üçin bellenilen ýokary möhletinden ýa-da möçberinden ýokary bolmaly däldir.

(3) Hökümleriň jemi boýunça azatlykdan mahrum etmek görnüşikdäki gutarnykly jeza, soňky höküm boýunça jenaýat üçin jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jezanyň iň ýokary möhletinden artyk bolup biler, ýöne on bäş ýyldan, şu Kodeksde göz öňünde tutulan aýratyn halatlarda bolsa ýigrimi bäş ýyldan köp bolmaly däldir.

(4) Hökümleriň jemi boýunça gutarnykly jeza täze amala aşyrylan jenaýat üçin bellenilen jezadan, şeýle hem öňki höküm

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 30-31

boýunça jezanyň, çekilip gutarylmadyk böleginden köp bolmalydyr.

(5) Hökümleriň jemi boýunça jeza bellenilen mahalynda onuň üstüne goşmaça jezalary goşmak şu Kodeksiň 63 maddasynyň dördunji bölegi tarapyndan göz öňünde tutulan düzgünler boýunça geçirilýär”.

Eger kazyýet jezany azatlykdan mahrum etmek görnüşinde belläp, iş kesileni jeza möhletini doldurmazdan düzetmek mümkindigi hakyndaky netijä gelse, onda ol bellenen jezany şertleýin hasaplamak hakynda karar çykarýar.

TJK-niň 65-njy maddasy, **“Jezalar goşulan mahalynda şolaryň möhletlerini kesgitlemegiň tertibi**[1]

(1) Jenaýatlaryň jemi boýunça we hökümleriň jemi boýunça jezalar goşulan mahalynda azatlykdan mahrum etmegiň bir gününe şu aşakdakylar laýyk gelýär:

a) harby-düzediş bölüminde bir gün saklanylmagy;

b) belli bir ýerde ýaşamak borjy ýüklenilmegiň bir güni;

ç) düzediş işleriniň ýa-da harby gulluk boýunça çäklendirmeleriň üç güni.

(2) Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek, jerime salmak, emlägini muzdsuz almak, döwlet sylaglaryndan, harby atlardan ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek, şeýle hem belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek görnüşindäki jeza azatlykdan mahrum etmek, harby-düzediş bölüminde saklamak, harby gulluk boýunça çäklendirmeler ýa-da düzediş işleri bilen goşulanda olar özbaşdak ýerine ýetirilýär”.

Şol halatda, jenaýatlaryň jemi boýunça we hökümleriň jemi boýunça jezalar goşulan mahalynda azatlykdan mahrum etmegiň bir gününe şu aşakdakylar laýyk gelýär: harby-düzediş

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 31

bölüminde bir gün saklanylmagy, belli bir ýerde ýaşamak borjy ýüklenilmegiň bir güni, düzediş işleriniň ýa-da harby gulluk boýunça çäklendirmeleriň üç güni bilen. Emma, belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek görnüşindäki jeza azatlykdan mahrum etmek, harby-düzediş bölüminde saklamak, harby gulluk boýunça çäklendirmeler ýa-da düzediş işleri bilen goşulanda olar özbaşdak ýerine ýetirilýär. Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek, jerime salmak, emlägini muzdsuz almak, döwlet sylaglaryndan, harby atlardan ýa-da beýleki atlardan mahrum etmek, şeýle hem belli bir wezipede işlemek goşulanda olar özbaşdak ýerine ýetirilýär.

**"Jeza möhletleriniň hasaplanmagy we jezalaryň hasaba alynmagy**[1]**,** TJK-niň 66 maddasy

(1) Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek, düzediş işleri, harby gullugy boýunça çäklendirmeler, harby-düzediş bölüminde saklamak, belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek, azatykdan mahrum etmek möhletleri aýlarda we ýyllarda hasaplanylýar.

(2) Şu maddanyn birinji böleginde görkezilen jezalar çalşyrylanda ýa-da goşulanda, şeýle hem jeza hasaba alnanda möhletler gün hasaby bilen hasaplanyp bilner.

(3) Anyklaýyş, deslapky derňew we kazyýet işine garalýan döwürde tussaglykda saklanylmagyň, her güni azatlykdan mahrum edilmeginiň iki gününiň ýa-da tussaglykda saklanmagyň bir güni belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemegiň iki gününiň ýa-da tussaglykda saklamagyň bir güni harby-düzediş bölüminde saklamagyň iki gününiň hasabyna jeza möhleti hasap edilýär.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah31

(4) Daşary ýurtda amala aşyrylan jenaýat üçin kazyýetiň hökümi bilen bellenilen hökümiň kanuny güýje girmegine çenli tussaglykda saklanylmagy we azatlykdan mahrum edilmek görnüşinde jeza möhletini doldurýan wagty her güni bir güne hasap edilýär.

(5) Tussaglykda saklanylýan iş kesilene jerime, belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugynda mahrum etmek görnüşindäki jeza çärelerini bellän mahalynda, tussaglykda saklanylan möhleti nazara alyp,kazyýet bellenilen jezany ýeňilleşdirýär ýa-da ol jezany çekmekden boşadýar.

(6) Düzediş işlerine iş kesilen Adamyn tussaglykda saklanylýan wagty kazyýetiň hökümi bilen bellenilen jeza möhletine tussaglykda bolýan bir güni düzediş işleriniň üç gününe barabar hasaplanylýar”.

Ýökary kazyýetiniň 03.08.2001-de **“Azatlykdan mahrum edilenlere, düzediş edarasynyň görnüşini bellemegiň kazyýet iş ýörelgeleri” hakynda** kabul eden Karary esasynda[1] Türkmenistanyň JK-nyň 67-nji madasyna[2] laýyklykda azatlykdan mahrum etmek görnüşli jezany çekmek: bilkastdan edilen jenaýat üçin iş kesilen erkekler we aýallar üçin umumy, berk we aýratyn düzgünli düzediş edaralarynda; seresapsyzlykdan edilen jenaýatlar üçin iş kesilen erkekler we aýallar üçin mejbury göçürilip eltilen ýerlerde; kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin jynsyna we bilkastdan edilen ýa-da seresapsyzlykdan edilen jenaýat üçin iş kesilendigine seretmezden, terbiýeleýiş edaralarynda—bellenýändigini kazyýetler göz öňünde tutumalydyrlar. Türkmenistanyň JK-nyň 67-nji maddasynyň 1-nji böleginiň “b” bendi ulanylanda, öň

---

[1] Ýökary kazyýetiniň ginişleýin mejlisiniň ýygyndysy.A., 2007, sah. 279-288

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah

edilen bilkastlaýyn jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen we ony türmede ýa-da düzediş edarasynda çeken Adamyn, eger-de şol jenaýat üçin täze jenaýatyň edilen pursatyna çenli günälilik aýby aýrylmadyk we öz-özünden aýrylmadyk bolsa, onda şol Adamyn öň azatlykdan mahrum etmek görnüşli jezany çeken hasap edilmelidigini, kazyýetlere düşündirmeli.

**"Azatlykdan mahrum edilip iş kesilenlere düzediş edarasynyň görnüşiniň bellenilmegi**[1]

(1) Bilkastlaýyn jenaýat üçin iş kesilenlere jeza çekmek möhletini doldurmak azatlykdan mahrum etmek görnüşinde şu aşakdaky ýaly bellenilýär:

a) uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr bilkastlaýyn jenaýatlar üçin ilkinji gezek azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilenlere umumy düzgünli düzediş edaralarynda;

b) bilkastlaýyn edilen agyr, şeýle hem aýratyn agyr jenaýatlar üçin ilkinji gezek azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilenlere we jenaýatlar residiwinde, eger iş kesilen adam ozal bilkastlaýyn jenaýat edendigi üçin azatlykdan mahrum edilmek görnüşindäki jeza çekmek möhletini dolduran bolsa we aýallara howply residiw halatynda berk düzgünli düzediş edaralarynda;

ç)aýratyn howply residiwde, aýratyn düzgünli düzediş edaralarynda.

(2) On sekiz ýaşyna ýeten, aýratyn agyr jenaýat üçin sekiz ýyldan ýokary möhlete iş kesilen adamlara, şeýle hem aýratyn howply residiw halatynda bellenilen jeza möhletiniň belli bir bölegini, ýöne bäş ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen türmede tussaglykda saklamak bellenilip bilner.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 32

(3) Azatlykdan mahrum edilmäge iş kesilen kämillik ýaşyna ýetmedikler jeza möhletini terbiýeleýiş edaralarynda dolduryarlar.

(4) Seresapsyzlyk sebäpli jenaýat edip, iş kesilen adamlara azatlykdan mahrum edilmek görnüşindäki jeza möhletini doldurmak edaralaryna mejbury göçürilip eltilen ýerlere bellenilýär.

(5) Höküm bilen bellenilen düzediş edarasynyň görnüşini üýtgetmek Türkmenistanyň jenaýat-ýerine ýetiriji kanunçylygyna laýyklykda kazyýet tarapyndan geçirilýär".

Ondan başga-da, azatlykdan mahrum etmek görnüşli jezany öň çekenleriň hataryna:

a) bilgeşleýin edilen jenaýatlar üçin azatlykdan mahrum etmeklige şertli iş kesilip (şol sanda zähmete çekmek bilen hem), şeýle hem azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilip, hökümiň ýerine ýetirilmegi ýa-da jezanyň çekilmegi yza süýşürilip, soňy bilen azatlykdan mahrum etmekligi çekmek üçin düzediş edara iberilenler;

b) bilgeşleýin edilen jenaýatlar üçin günä geçmek ýa-da rehim etmek namasy boýunça, günälilik aýby aýrylman, türmeden ýa-da düzediş edaralaryndan boşadylanlar;

ç)bilgeşleýin edilen jenaýatlar üçin azatlykdan mahrum edilip, hökümiň kanuny güýjüne girmegi bilen ony çekmek üçin derňew gabawhanalarynda galdyrylanlar;

d) azatlykdan mahrum edilip, jezanyň bir bölegini çeken we azatlykdan mahrum ediş ýerlerden Türkmenistanyň JK-nyň 77-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bölekleri esasynda kesellidigi zerarly boşadylanlar;

e) başga döwletiň kazyýetiniň hökümi bilen azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilip, jezany çekmegi dowam etmek üçin Türkmenistana berilmegi bilen baglylykda, Türkmenistanyň düzediş edaralarynda hökümi ýerine ýetirmek üçin kabul

etmek baradaky çözgüde laýyklykda, azatlykdan mahrum etmekligi çekenler we SSSR ýatyrylýança GDA girýän başga döwletleriň kazyýetleriniň hökümleri boýunça günälilik aýby bar adamlar girýär.

Aşakdakylara azatlykdan mahrum etmek görnüşli jezany öň çekenler hökmünde seredilip bilinmez:

a) bilgeşleýin we seresapsyzlykdan edilen jenaýatlaryň jemi boýunça azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilenler, eger-de bilgeşleýin edilen jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza bellenen bolsa;

b) düzediş işlerine ýa-da belli bir ýerde ýaşamak borjy ýüklenmeklige iş kesilenlere, Türkmenistanyň JK-nyň 50-nji maddasynyň 4-nji böleginde ýa-da $51^1$-nji maddasynyň 4-nji böleginde görkezilen esaslar boýunça bu jeza çäreleri azatlykdan mahrum etmek bilen çalşylan bolsa;

ç)edilen jenaýat üçin Türkmenistanyň JK-nyň 54-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet tarapyndan azatlykdan mahrum etmekligiň ýerine harby-düzediş bölümlerde saklamakylyk ulanylan adamlar;

d) eger-de, kazyýetleriň hökümleri boýunça düzediş edaralarynda saklanýan adamlar barada nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde iş ýatyrylmak bilen höküm sökülen bolsa ýa-da höküm üýtgedilip azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk ýa-da şertli iş kesmekligi ulanmak bilen jeza bellenen bolsa;

e) azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen, ýöne özleri barada günä geçmek ýa-da rehim etmek namasynyň ulanylmagy sebäpli jezany hakykat ýüzünde düzediş edaralarynda çekmedik adamlar;

ä)azatlykdan mahrum etmekligi çekýän ýa-da çeken adamlara, şol höküm çykmazdan öňki edilen jenaýatlar üçin iş kesilende;

f)jenaýatçylyklydygy we jeza berilmelidigi hereket edýän kanun boýunça aýrylan etmişler üçin, şeýle hem eger-de hereket edýän kanunda olaryň edilendigi üçin azatlykdan mahrum etmek görnüşli jeza göz öňünde tutulmaýan etmişler üçin azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen we ony azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde çeken adamlar[1].

Şertleýin iş kesilen mahalynda kazyýet amala aşyrylan jenaýatyň häsiýetini, agyrlygyny we getiren netijelerini, ýagdaýlary ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan, günäkäriň şahsyýeti baradaky maglumatlary nazara alýar. Aýratyn agyr jenaýat eden adamlara şertleýin kazyýet etmek ulanylmaýar.

**“Şertleýin iş kesmek[2]**

(1) Eger kazyýet jezany azatlykdan mahrum etmek ýa-da harby-düzediş bölüminde saklamak görnüşinde belläp, iş kesileni jeza möhletini doldurmazdan düzetmegiň mümkindigi hakyndaky netijä gelse, onda ol bellenen jezany şertleýin hasaplamak hakynda karar çykarýar.

(2) Şertleýin iş kesilen halatynda kazyýet amala aşyrylan jenaýatyň häsiýetini, agyrlygyny we getiren netijelerini, ýagdaýlary ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan, günäkäriň şahsyýeti baradaky maglumatlary nazara alýar. Aýratyn agyr jenaýat eden adamlara şertleýin kazyýet etmek ulanylmaýar.

(3) Şertleýin iş kesilene kazyýet synag möhletini belleýär, şol möhletiň dowamynda iş kesilen adam özüni alyp barşy bilen özüniň düzelendigini subut etmelidir. Harby-düzediş bölüminde saklamaga ýa-da bir ýyl möhlete çenli azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen halatynda, synag möhleti alty aýdan az we üç ýyldan ýokary bolmaly däldir, bir ýyldan ýokary

---

[1]Ýökary kazyýetiniň ginişleýin mejlisiniň ýygyndysy.A., 2007, sah. 279-288

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 33-34

möhlete azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen halatynda bolsa, dokuz aýdan az we bäş ýyldan ýokary bolmaly däldir.

(4) Şertleýin iş kesilen mahalynda goşmaça jezalar bellenilip bilner.

(5) Kazyýet şertleýin iş kesmegi belläp, käbir borçlary ýerine ýetirmegi iş kesileniň üstüne ýükläp biler, ýagny ýetirilen zyýany düzetmek, işe ýa-da okuwa girmek, şertleýin iş kesileniň özüni alyp barşyna gözegçiligi amala aşyrýan edaralaryndan rugsatsyz hemişelik ýaşaýan ýerini üýtgetmezlik, käbir ýerlere barmazlyk, belli bir wagtdan soň öz ýaşaýan ýerinde bolmak, arakhorlykdan, neşekeşlikden, toksikomaniýa-dan ýa-da weneriki keselden bejermegi geçmek, maşgalany maddy taýdan goldamagy amala aşyrmak. Kazyýet şertleýin iş kesileniň üstüne onuň düzelmegine ýardam berip biljek başga borçlary ýerine ýetirmegi hem ýükläp biler.

(6) Şertleýin iş kesileniň özüni alyp barşyna gözegçilik içeri işler edarasy tarapyndan amala aşyrylýar, harby gullukçylar babatynda bolsa, harby bölümleriň we edaralaryň ýolbaşçylygy tarapyndan amala aşyrylýar.

(7) Synag möhletiniň dowamynda kazyýet şertleýin iş kesileniň özüni alyp barşyna gözegçiligi amala aşyrýan edaranyň ýazyp bermegi boýunça adam üçin ozal bellenilen borçnamalary doly ýa-da kem-käsleýin ýatyryp biler ýa-da şolaryň üstüne goşup biler”.

Şertleýin iş kesilende kazyýet synag möhletini belleýär, şol möhletiň dowamynda iş kesilen adam özüni alyp barşy bilen özüniň düzelendigini subut etmelidir. Şertleýin iş kesilen mahalynda goşmaça jezalar bellenilip bilner. **“Şertleýin iş kesilmegi ýatyrmak ýa-da synag möhletini uzaltmak[1],** TJK-niň 69-njy maddasy

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 33

(1) Eger şertleýin iş kesilen adam synag möhletiniň gutarmagyna çenli özüni alyp barşy bilen düzelendigini subut etse, kazyýet şertleýiň iş kesileniň özüni alyp barşyna gözegçiligi amala aşyrýan edarasyň ýazyp bermegi boýunça şertleýin kazyýet etmegi ýatyrmak hakynda we iş kesilen adamdan Iş kesilenlikaýbyny aýyrmak hakynda karar kabul edip biler.

(2) Eger-de şertleýin iş kesilen adam öz üstüne ýüklenen borçry ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan bolsa ýa-da jemgyýetçilik tertibini bozsa, şonuň üçin oňa administratiw temmi berlen bolsa, kazyýet şu maddanyň birinji böleginde görkezilen we jenaýat jezasynyň ýerine ýetirilşine gözekçilik edýän edarasyň bilelikdäki teklipnamasy boýunça synag möhletini uzaldyp biler, ýöne ol uzaldyş bir ýyldan ýokary bolmaly däldir.

(3) Synag möhletiniň dowamynda iş kesilen adam kazyýet tarapyndan öz üstüne ýüklenen borçlary yzygiderli ýa-da bilkastlaýyn ýerine ýetirmändigi üçin kazyýet şu maddanyň birinji böleginde görkezilen edarasyň ýazyp bermegi boýunça şertleýin kazyýet etmegi ýatyrmak we höküm boýunça bellenilen jezany ýerine ýetirmek barada karara gelýär.

(4) Synag möhletiniň dowamynda şertleýin iş kesilen adam tarapyndan täze, seresapsyzlyk sebäpli jenaýat edilen bolsa, şertleýin iş kesilmegini ýatyrmak ýa-da saklamak hakyndaky mesele kazyýet tarapyndan çözülýär.

(5) Synag möhletiniň dowamynda şertleýin iş kesilen adam tarapyndan bilkastlaýyn jenaýat edilen halatynda, kazyýet oňa şu Kodeksiň 64 maddasynda göz öňünde tutulan kadalar boýunça jeza belleýär. Eger-de kazyýet şertleýin iş kesmegi ýatyrýan bolsa, seresapsyzlyk sebäpli täze jenaýat eden halatynda, şol düzgünler boýunça hem jeza bellenilýär".

Türkmenistanyň JK-nyň 67-nji maddasynyň 2-nji böleginiň manysyna görä, jeza möhletiniň bir bölegini türmede çekmek, jenaýaty haýsy ýaşynda edendigine seretmezden, höküm çykarylan pursatyna çenli on sekiz ýaşyna ýetenler barada bellenilýär. Jeza möhlediniň bir bölegini türmede çekmek bellenende, kazyýet gelen çözgüdini hökümde delillendirmeli we azatlykdan mahrum etmek jeza çäresiniň beýleki bölegini haýsy düzediş edarasynda çekmelidigini görkezmeli.

Düzediş işleriniň azatlykdan mahrum etmek bilen çalşylmagy bilen (TJK-nyň 50-nji m 4-nji b), şertli iş kesilmegiň (TJK-nyň 68-nji m 3-nji b) we jezany çekmegiň yza süýşürilmeginiň (TJK-nyň 78-nji m 2-nji b) ýatyrylmagy bilen azatlykdan mahrum ediş ýerlerine iberilýän adamlara jezany çekmek, olar şu jenaýatlar üçin azatlykdan mahrum edilen ýagdaýlarynda bellenmäge degişli düzediş edaralarynda bellenýär. Kazyýet iş kesilenlere düzediş edaralarynyň degişli düzgününi bellemek üçin esas bolup biljek maglumatlary doly toplamaklary üçin anyklaýyş we ilerki derňew edaralaryna zerur talapkärligi bildirmelidirler. Iş kesilene has berk düzgünli düzediş edarasynyň görnüşi esassyz bellenilen ýagdaýynda, ýokardaky kazyýet işe nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde seredip, iş kesilene jezany degişli düzediş edarasynda çekmegi bellemäge hakylydyr.

## § 4. Jenaýat jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaýlar

Haçan-da Türkmenistanyň JK-nyň 57-nji we 58-nji maddalarynda[1] göz öňünde tutulýan ol ýa-da beýleki ýagdaýlar, TJK-nyň Aýratyn böleginiň dispozisiýasynda jenaýatyň bir

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 26-28

maddalaşdyryjy alamaty hökmünde görkezilen bolsa, ony edilen jenaýat üçin jeza belenilende jogapkärçiligi we jezany ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan ýagdaý hökmünde göz öňünde tutup bolmaz. **"Jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar**[1]

**(1) Şu aşakdaky ýagdaýlar jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar** diýlip hasap edilýär:

a) uly bolmadyk agyr jenaýatyň
ilkinji gezek edilmegi;

b) günäkär kämillik ýaşyna ýetmedik
bolsa; ç)göwrelilik;

ç) günäkäriň köp çagaly maşgalasynyň ýa-da kiçi ýaşly çagalarynyň bolmagy;

d) kyn durmuş ýagdaýlarynyň gabat gelmegi zerarly jenaýatyň edilmegi;

ä) jenaýat haýbat atmagyň, gorkuzmagyň, mejbur etmegiň, täsiri astynda ýa-da maddy, gulluk taýdan garaşlylyk ýa-da başga bir garaşlylyk zerarly edilen bolsa, şeýle hem jenaýatçylykly ýa-da bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetiren halatynda edilen bolsa;

f) zorluk ulanmak, erbet masgaralamak sebäpli ýüze çykan psihiki tolgunmanyň täsiri astynda ýa-da jebir çekeniň başga bikanun hereketleri netijesinde jenaýat edilen bolsa;

d) zerur goranyşyň kanunylygynyň şertleriniň bozulan ýagdaýynda, jenaýat eden adamyny saklanda, ýiti zerurlyk ýüze çykanda, esasly töwekgelçilik ýagdaýynda jenaýat edilmegi;

h) psihiki taýdan syrkawlyk ýagdaýyň täsiri astynda ýa-da psihiki ösüşinde yza galmagy, akyly düzüwligi aradan aýyrmaýan ýagdaýynda jenaýat edilen bolsa;

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 26-27

i) jebir çekeniň hukuga ters gelýän hereketleri ýa-da ahlaksyzlygy jenaýat edilmegi üçin sebäp bolan bolsa;

j) günä boýun alnyp gelnen halatda, jenaýatyň üstüniň açylmagyna, jenaýata beýleki gatnaşanlary paş etmäge, jenaýat netijesinde edinilen emlägi gözläp tapmaga işeňňir ýardam edilmegi;

f)jenaýat edilmeginiň gös-göni yz ýanynda jebir çekene lukmançylyk we başga kömekleriň berilmegi jenaýat zerarly maddy we ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öweziniň meýletin dolunmagy ýa-da düzedilmegi, jebir çekene ýetirilen zeleli düzetmek üçin gönükdirilen beýleki hereketler.

(2) Eger şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ýagdaý jenaýat kanunynyň edilen jenaýat üçin jogapkärçiligi hakyndaky degişli maddasynda göz öňünde tutulan bolsa, onda şol ýagdaý jezany ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde gaýtadan göz öňünde tutulyp bilinmez.

(3) Jeza bellenende şu maddanyň birinji böleginde görkezilmedik ýagdaýlar hem ýeňilleşdirýän ýagdaýlar hökmünde göz öňünde tutulyp bilner.

Kazyýetler Türkmenistanyň JK-nyň 57-nji maddasynda[1] görkezilen jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryň sanawynyň gutarnykly däldigi sebäpli, jeza bellände şu maddanyň birinji böleginde görkezilmedik ýagdaýlary hem jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar hökmünde nazara alyp bilerler.

Jezany ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryň hukuk ähmiýeti olaryň edilen jenaýatyň jemgyýetçilik howpunyň derejesini peseldýänligindedir, şeýle hem günäkäriň şahsyýetini hem-de diňe bir kazyýetiň anyk jeza çäresini saýlamagynda däl-de, eýsem jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmak meselesiniň

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 26-27

çözulşinde hem göz öňünde tutulýar. Ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryň häsiýeti, şeýle hem birnäçe ýagdaýlaryň bolmagy, kazyýetiň olara kadadan çykma hökmünde garap we kanunda bellenilen jezadan has ýeňilrägini bellemäge esas bolup durýarlar. Etmişiň maksatlary we delilleri, günäkäriň roly, jenaýat edilen mahaly ýa-da jenaýat edilip gutarylandan soňra onuň özüni alyp barşy we etmişiň jemgyýetçilik howpunyň derejesini ep-esli peseldýän beýleki ýagdaýlar, şeýle hem toparlaýyn jenaýatçylyk gatnaşyjynyň topar bolup edilen jenaýatyň üstüni açmaga işjeň ýardam bermegi bilen baglanyşykly aýratyn ýagdaýlar bolan mahalynda:

a) günäkäre jenaýat kanunynyň degişli maddasynda göz öňünde tutulan aşak çäkden-de pes bolan jeza bellenilip bilner ýa-da kazyýet şol maddada göz öňünde tutulandakydan jezanyň has ýeňil görnüşini belläp biler;

b) kazyýet hökmany hökmünde göz öňünde tutulan goşmaça jezany ulanman biler.

Käbir ýeňilleşdirýän ýagdaýlar, şeýle hem TJK-niň 57-nji maddasynda[1] görkezilen ýagdaýlar tutuşlygyna aýratyn ýagdaýlar hökmünde ykrar edilip bilner.

Ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryň arasynda has ýygy göz öňünde tutulýanlary jenaýat iş tejribesizligi, şeýle hem şert hökmünde gerekli sowadyň we başarjaňlygyň ýoklugy, zyýanyň ýoklugy (ýa-da ujypsyz möçberde bolmagy), kazyýet edilýäniň saglyk ýagdaýynyň ýaramazlygy, onuň psihiki taýdan syrkawlyk ýagdaýynyň ýa-da psihiki ösüşde yza galmagy (akyly düzüwligi aradan aýyrmaýan ýagdaýynda), onuň eklenjindäki golaý adamlaryň bolmagy, jenaýaty edeninden öň we soň onuň gowy häsiýetnamasynyň bolmagy (maşgalasynda, köpçülikde,

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah 26-27

önümçilikde), onuň öňki üstünlikleri (zähmet sylaglary, watan goragyna gatnaşmagy) we şuňa meňzeşler.

- Uly bolmadyk agyr jenaýatyň ilkinji gezek edilmegi. Ilkinji gezek jenaýat eden tarap diýlip, egerde ol öň jenaýat etmedik bolsa ýa-da öň bolmanda jenaýat eden ýöne, Iş kesilenlikaýby geçen ýa-da kanunda bellenen tertipde aýrylan.
- Günäkäriň kämillik ýaşyna ýetmedikligi. Bu ýerde jeza bellenilende taraplaryň kämillik ýaşyna ýetmedikligini belläp geçilmelidigini we aýratyn ünüs bilen çemeleşmelidigini görkezilýär. Bu ýagdaýyň jeza täsir ediş derejesi, tarapyň haýsy anyk ýaşda (14-18 ýaş aralygynda) jenaýaty edipdir, şeýle hem adaty kämillik ýaşyna ýetmedikleriňkiden günäkäriň nähili indiwidual aýratynlyklary nähili onuň aňynyň ösüş derejesi nähili häsiýetlendirilýär.
- Göwrelilik. Günäkäriň aýalyň özüni alyp barşynda möhüm yz goýýar. Şunlukda göwrelilik ýeňilleşdirýän ýagdaý diýlip hasap edilende, göwreliligiň möhleti ýa-da göwreliligiň ýüze çykan wagty (kast etmäniň döwründe ýa-da şondan soň, ýöne karar çykmazdan öň) saldamly täsir etmeýär.
- Günäkäriň köp çagaly maşgalasynyň ýa-da kiçi ýaşly çagalarynyň bolmagy. Bu görkeziji jezanyň effektiwligini peseldýär. Sebäbi ene-atanyň biriniň ýoklugy (esasan hem enäniň) iň bir erbet görnüşde çaganyň terbiýesinde we emele gelmeginde ýüze çykýar.
- Kyn durmuş ýagdaýlarynyň gabat gelmegi zerarly jenaýatyň edilmegi. Kyn durmuş ýagdaýlarynyň gabat gelmegi zerarly jenaýatyň edilmegi diýlende, tarapyň aňyny we erkini üýtgedýän maşgala, ýaşaýyş, maddy kynçylyklary we durnuksuzlyklary we gerekli terbiýe şertleriniň ýoklugynyň täsiri, maşgalada atanyň ýoklugy, maşgalanyň agzalarynyň ýa-da golaýlarynyň biriniň kesellemegi, kyn durmuş ýagdaýlarynyň bolmagy göz öňünde tutulýar.

## Çyzgy № 62. Jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar

| Jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar |
|---|
| Uly bolmadyk agyr jenaýatyň ilkinji gezek edilmegi; |
| Günäkär kämillik ýaşyna ýetmedik bolsa |
| Göwrelilik |
| Günäkäriň köp çagaly maşgalasynyň ýa-da kiçi ýaşly çagalarynyň bolmagy |
| Kyn durmuş ýagdaýlarynyň gabat gelmegi zerarly jenaýatyň edilmegi |
| Jenaýat haýbat atmagyň, gorkuzmagyň, mejbur etmegiň täsiri astynda ýa-da maddy, gulluk taýdan garaşlylyk ýa-da başga bir garaşlylyk zerarly edilen bolsa, şeýle hem jenaýatçylykly ýa-da bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetiren halatynda edilen bolsa |
| Zorluk ulanmak, erbet masgaralamak sebäpli ýüze çykan psihiki tolgunmanyň täsiri astynda ýa-da jebir çekeniň başga bikanun hereketleri netijesinde jenaýat edilen bolsa |
| Zerur goranyşyň kanunylygynyň şertleriniň bozulan ýagdaýynda, jenaýat eden adamyny saklanda, ýiti zerurlyk ýüze çykanda, esasly töwekgelçilik ýagdaýynda jenaýat edilmegi |
| Psihiki taýdan syrkawlyk ýagdaýyň täsiri astynda ýa-da psihiki ösüşde yza galmagy, akyly düzüwligi aradan aýyrmaýan ýagdaýynda jenaýat edilen bolsa |

| |
|---|
| Jebir çekeniň hukuga ters gelýän hereketleri ýa-da ahlaksyzlygy jenaýat edilmegi üçin sebäp bolan bolsa |
| Günä boýun alnyp gelnen halatda, jenaýatyň üstüniň açylmagyna jenaýata beýleki gatnaşanlary paş etmäge, jenaýat netijesinde edinilen emlägi gözläp tapmaga işeňňir ýardam edilmegi |
| Jenaýät edilmeginiň gös-göni yz ýanynda jebir çekene medissina we başga kömekleriň berilmegi: jenaýat zerarly maddy we ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öweziniň meýletin dolunmagy ýa-da düzedilmegi, jebir çekene ýetirilen zeleli düzetmek üçin gönükdirilen beýleki hereketler |

• Jenaýat haýbat atmagyň, gorkuzmagyň, mejbur etmegiň, täsiri astynda ýa-da maddy gulluk taýdan garaşlylyk ýa-da başga bir garaşlylyk zerarly edilen bolsa şeýle hem jenaýatçylykly ýa-da bikanun buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetiren halatynda edilen bolsa. Bu ýerde günäkäre mejbur ediş çäresiniň ulanylmagy (psihiki ýa-da fiziki), Adamyn erkini basýan, onuň hereketiniň erkinligini çäklendirýän täsiriň ulanylmagy netijesinde jenaýatyň amala aşyrylmagy bolup durýar. Şeýle hem günäkäriň maddy gulluk taýdan başga taraplardan şol sanda wezipeli adamlardan garaşlylygy hem sebäp bolup bilýär.

• Zorluk ulanmak, erbet masgaralamak sebäpli ýüze çykan psihiki tolgunmanyň täsiri astynda ýa-da jebir çekeniň başga bikanun hereketleri netijesinde jenaýat edilen bolsa.

• Zerur goranyşyň kanunylygynyň şertleriniň bozulan ýagdaýynda, jenaýat eden adamyny saklanda, ýiti zerurlyk ýüze çykanda, esasy töwekgelçilik ýagdaýynda jenaýat edilmegi. Görkezilen ýagdaýlarda jenaýat kanunynda bellenilen hemme şertleriň edilmegi, etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan

aýyrýar. Etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan her bir ýagdaýa degişli şertleriň jemi bolýar, şol bolan halatynda özüňi alyp baryş kanuna laýyk hasaplanylýar.

- Psihiki taýdan syrkawlyk ýagdaýyň täsiri astynda ýa-da psihiki ösüşde yza galmagy, akyly düzüwligi aradan aýyrmaýan ýagdaýynda jenaýat edilen bolsa.
- Jebir çekeniň hukuga ters gelýän hereketleri ýa-da ahlaksyzlygy jenaýat edilmegi üçin sebäp bolan bolsa. Kanuna laýyklykda jebir çekeniň özüni alyp barşy hökman kadadan çykma bolmaly, esasan ahlaksyz ýa-da hukuga ters gelýän. Hukuga ters gelýän diýmek- hukuk kadalarynyň ýerine ýetirilmezligi (jenaýat, dolandyryş, maşgala hukuk we ş.m. göz öňünde tutulýar).
- Ahlaksyzlyk. Jebir çekeniň özüni alyp barşynyň ahlak kadalaryna jemgyýetde özüňi alyp barşyň kadalaryna laýyk gelmezligi göz öňünde tutulýar.
- Günä boýun alyp gelen halatda, jenaýatyň üstüniň açylmagyna, jenaýata beýleki gatnaşanlary paş etmäge, jenaýat netijesinde edinilen emlägi gözläp tapmaga işeňňir ýardam edilmegi.
- Jenaýat edilmeginiň gös-göni yz ýanynda jebir çekene lukmançylyk we başga kömekleriň berilmegi jenaýat zerarly maddy we ahlak taýdan ýetirilen zyýanyň öweziniň meýletin dolunmagy ýa-da düzedilmegi, jebir çekene ýetirilen zeleli düzetmek üçin gönükdirilen beýleki hereketler.

### § 5. Jenaýat jogapkärçiligini agyrlaşdyrỳan ỳagdaỳlar

Jezany agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň barlygy amala aşyrylan jenaýatyň we günäkäriň şahsyýetiniň ýokary howplulygyna şaýatlyk edýär. Bu bolsa kazyýete TJK-ň Aýratyn bölümindäki anyk maddaň sanksiýasynyň çäginde jezaň möçberini we has berk görnüşini bellemäge mümkinçilik

berýär. Jezany agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň sanawy TJK-niň 58-nji maddasynda[1] bellenen. **“Jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlar[2]**

(1) Jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlar diýlip, şular ykar edilýär:

a) jenaýatlaryň gaýtadan edilmegi, jenaýatlaryň gaýtalanmagy, pişe görnüşinde jenaýatlaryň edilmegi;

b) edilen jenaýatyň agyr netijelere getirmegi;

ç) iki ýa-da şondan-da köp adam bolup deslapdan dilleşmezden jenaýatyň edilmegi, deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň toparynyň, guramaçylykly toparyň ýa-da jenaýatçylykly bileleşigiň düzüminde jenaýatyň edilmegi;

d) jenaýat etmekde aýratyn işjeň rol oýnan bolsa;

e) psihiki taýdan syrkawlyk zerarly bozulmalardan ejir çekýändigi günäkäre görnetin mälim bolan ýa-da serhoş ýagdaýynda bolan adamlary, şeýle hem jenaýat jogapkärçiligine ýaşy ýetmedik adamlary jenaýat etmäge çekmegi;

ä) milli ýa-da dini duşmançylyk bahanasy boýunça, beýleki adamlaryň kanuny hereketleri üçin ar almak sebäbi boýunça, şeýle hem başga bir jenaýatyň edilmegini aňsatlaşdyrmak ýa-da jenaýatyň üstüni basyrmak maksady bilen jenaýatyň edilmegi;

h) göwrelidigi günäkäre görnetin mälim bolan aýal babatynda jenaýat edilen bolsa, şeýle hem ýaş çaga, beýleki gorawsyz ýa-da biçäre ýagdaýda galan adamlar babatynda ýa-da günäkäre garaşly bolan adam babatynda jenaýatyň edilmegi;

d) aýratyn rehimsizlik bilen, masgaralamak bilen ýa-da jebir çekene ýa-da onuň ýakynlaryna ezýet bermek bilen jenaýatyň edilmegi;

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997. Sah.26-27
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997. Sah.27-28

i) ýarag ulanmak arkaly ýa-da fiziki ýa-da psihiki zorluk ulanmak arkaly jenaýatyň edilmegi;

j) adatdan daşary ýagdaýyň, şertlerini, tebigy ýa-da başga jemgyýetçilik betbagtçylygyny peýdalanmak arkaly, şeýle hem köpçülikleýin bidüzgünçilikler mahalynda jenaýatyň edilmegi;

f)gulluk ýa-da jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetirýän adam babatynda jenaýatyň edilmegi;

i)jenaýat umumy howply usul bilen edilen bolsa;

j)jenaýatyň betnebislik meýiller bilen edilmegi.

(2) Eger şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ýagdaý şu Kodeksiň degişli maddasy tarapyndan edilen jenaýat üçin jogapkärçiligi hakyndaky degişli maddasynda göz öňünde tutulan bolsa, onda şol ýagdaý jezany agyrlaşdyrýan ýagdaý hökmünde gaýtadan hasaba alnyp bilinmez.

(3) Jeza bellenende, işiň ýagdaýlaryna baglylykda, şu maddanyň birinji böleginde sanalyp geçilen ýagdaýlary jogapkärçiligi agyrlaşldyrýan ýagdaýlar diýlip hasap etmezlige kazyýetiň haky bardyr".

Türkmenistanyň JK-nyň 58-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen, jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlaryň sanawynyň gutarnyklydygy sebäpli, kazyýet tarapyndan anyklanan jenaýat edilendäki ýa-da kazyýetde seredilýäni häsiýetlendirýän başga ýagdaýlar (spirtli içgileri kast edip ulanmak, köpçülikde özüni alyp barmak düzgünlerini bozmak, maşgala, okuwa, işe etbet gatnaşygy we.ş.m.), jeza bellenende göz öňünde tutulyp bilner, ýöne jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan diýlip bilnimez.

**Soraglar:**

1.Jeza bellemegiň umumy esaslary.
2. Jezanyň görnüşiniň we möçberiniň bellenmeginiň tertibi.
3. Edilen jenaýat üçin göz öňünde tutulan jezadan has ýeňilrägini bellemek.

4. Gutarylmadyk jenaýat üçin jezanyň bellenilmegi.
5. Bilelikde edilen jenaýat üçin jezanyň bellenmegi.
6. Residiw mahalynda jezanyň bellenmegi.
7.Jenaýatlaryň jemi boýunça jezanyň bellenilmegi.
8. Hökümleriň jemi boýunça jezanyň bellenilmegi.
9.Jezalar goşulan mahalynda şolaryň möhletlerini kesgitlemegiň tertibi.
10. Jeza möhletleriniň hasaplanmagy we jezalaryň hasaba alynmagy.
11. Jenaýat jogapkärçiligini ỳeňilleşdirỳän ỳagdaỳlar.
12. Jenaýat jogapkärçiligini agyrlaşdyrỳan ỳagdaỳlar.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőŷmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007

13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
23. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У
24. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
25. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004
26. Бажанов М.И. Назначение наказания. Киев. 1980
27. Горелик А.С. Наказание по совокупности. Красноярск. 1991

# Bap XVII. Jenaỳat jogapkärçiliginden boşatmak

## §1. Jenaỳat jogapkärçiliginden boşatmak barada düşünje. Jenaỳat jogapkärçiliginden boşatmakylygyň hukuk esaslary

Biziň döwletimizde jenaýatçylyga garşy göreşi alyp barmakda uly işler edilýär. Jenaýatlaryň öňüni almak, olary duýdurmak diňe hukuk goraýjy edaralarynyň işgärleriniň borjy bolman, eýsem her bir Adamyn Watan öňündäki boirjy hem bolmalydyr. Mäşhriban Prezidentimiziň halky eşretli durmuşda ýaşatmak barada edýän aladalaryndan ugur alyp, her-bir Adamyn öz öýünde parahat ýatyp-turmagy üçin biz hem biri-birimize direg bolup zähmet çekmelidiris, okamalydyrys we Watanymyza peýdaly adamlar bolup ýetişmelidiris.

Hormatly Prezidentimiz döwletimizde kanunçylygy we hukuk tertibini berkitmek, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin ýurdumyzyň hukuk goraýjy edaralarynyň işgärlerinden tutanýerli işlemegi talap edýär. Şonuň ýaly çäreler hukuk goraýjy edaralarynyň arasynda hem yzygiderli geçirilip durulýar. Hukuk goraýjy işgärleri mekdeplerde, edaralarda, kärhanalarda we beýleki guramalarda esasanda ýaşlaryň arasynda çykyşlary geçirip durýarlar. Ýaşlaryň arasynda geçirilmeginiň sebäbi, ýurdumyzda sagdyn arassa nesilleri ýetişdirmek bolup durýar. Bu barada Hormatly Prezidentimiz öz kitaplarynda hem giňişleýin belläp geçýär.

Jenaýatçylyga garşy göreşde hukuk goraýjy edaralar özleriniň gündelik işinde jenaýatçylygy döredýän sebäpleriň üstüni açmaga, jenaýatçylygyň öňüni almaga köp üns berýärler. Munuň özi kanun çykaryjy soň etmiş üçin jeza bermäge mejbury bolmazdan ötri etmişiň ozaldan öňüni alar. Emma ol muny hukugyň täsirini çäklendirmek ýoly bilen däl-de, gaýtam

hukuga oňaýly öwüşgin bermek bilen, her bir hukuklaýyn çalyşmada onuň oňaýsyz tarapyny ýok etmek arkaly eder diýilse adalatly bolar. Şonuň üçin-de jenaýatçylyga garşy göreşde biziň döwletimiz jenaýatyň sebäplerini we onuň ýüze çykmagyna getirýän şerti ýok etmäge köp üns berýär. Jenaýaty döredýän sebäpleri ýok etmegiň esasy şerti - dolandyryş edaralarynyň jemgyýetçiligiň kömegi bilen geçirýän durmuşy häsiýetdäki öňüni alyş çäresidir. Jemgyýetçilik öňüni alyş we jenaýatyň öňüni alyş munuň özi döwlet we jemgyýetçilik çärelerini, ulgamlaryny durmuşa geçirmekdir, şol çäreler ulgamlary bolsa ahyr netijede jenaýatçylygyň soňuna çykmagy hem-de jenaýaty döredyän sebäpleri ýok etmegi üpjün eder.

Durmuşy häsiýetdäki öňüni alyş çäreleri diýlende jenaýatçylygyň gös-göni wezipesini öňünde goýman, eýsem, bu wezipäniň gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn çözülmegine ýardam edip biljek durmuşy häsiýetdäki umumy çäreleriň toplumy göz öňünde tutulýar. Munuň özi bütin ilatyň ýa-da onuň düzümine girýän aýry-aýry jemgyýetçilik toparlaryň maddy durmuş derejesini, medeniýetini we aň-düşünjesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreleridir, bu çäreler bolsa ilatyň maddy hal-ýagdaýlaryny gowulandyrmak (iş hakyny artdyrmak, ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak we başgalar) ýoly bilen ahlak-pedogogik, we estetik täsirleriň, (mekdeplerde, kärhanalarda terbiýelemek, leksiýalar, dokladlar, filmler we gaýrylar) kömegi bilen durmuşa geçirilýär.

Şu hili çäreler döwlet edaralary tarapyndan hem, jemgyýetçilik guramalary tarapyndan hem geçirilýär, ýöne elbetde ol jenaýatlaryň öňüni almagyň hakyky manysynda ýörite şoňa ugur alyp edilmeýär. Emma olaryň jenaýatçylyga garşy göreşde üstünlik gazanmak üçin hem ähmiýeti uludyr. Şu ýerden hem olary jenaýat temmi çäreleri bilen utgaşdyrmagyň zerurlygy we olaryň maksadynyň käbir özboluşlylygy gelip

çykýar. Durmuşy häsiýetdäki çäreleriň obýekti anyk we bisaýhal jemgyýetçilik toparlar ýa-da kiçijik toparlar (maşgala, howludaky, mekdepdäki adamlar we ş.ž)ýa-da aýry-aýry adamlar bolup biler, şol çäreleriň maksady bolsa şeýle jemgyýetçilik toparlaryň kiçijik toparlaryň ýa-da aýry-aýry adamlaryň ahlak derejesini ýokarlandyrmakdyr. Bu ýerde jemgyýetçilik guramalarynyň hereketiniň ýöriteleşdiriş derejesiniň işjeňligi hem-de olaryň dolandyryş edaralary (polisiýa, prokuratura, kazyýet edaralary, häkimlikleriň dolandyryş toparlary) bilen has ýakyn aragatnaşyk saklaýandygy duýulýar.

Jenaýat hukugynda bellenilen hukuk kadalarynyň ýüze çykmagynyň netijesinde, kanuna laýyklykda jenaýatyň subýektini jenaýat-hukuk jogapkärçiligine çekmeklige esas döreýär. Jenaýat jogapkärçiligi, jenaýatkäriň döwlet tarapyndan ýazgarylmagy bolup, onuň öz eden bikanun hereketlerine (hereketsizliklerine) döwletiň we jemgyýetiň öňünde jogap bermegidir. Jogapkärçiligi ulanmak mümkinçiliginiň bar mahalynda, ondan boşatmak mümkinçiliginiň bolmagy hem umumy kada bolup durýar.

Hukuk jogapkärçiliginiň bir görnüşi jenaýat hukuk jogapkärçiligi bolup, ol jenaýat hukugynyň esasy institutynyň biri bolup durýar. Ol jenaýatyň edilmegi bilen ýüze çykýanlygy sebäpli hukuk jogapkärçilikleriniň içinde iň bir ýowuzy bolup, TJK-de göz öňünde tutulan jenaýat eden adamyny hukuklaryndan we azatlygyndan çäklendirilmegini ýa-da mahrum edilmegini jemleýär. Käbir awtorlar bu düşünjä jenaýat eden adamynyň döwlet mejbur ediş çäresini çekmeklik borjy diýlip häsýetlendirýärler.[1] Beýlekiler bolsa jogapkärçilik

---

[1] Карпишин М. П., Курляндский В.И. Уголовная ответственнось и состав преступления. М. 1974г. С. 39.

düşünjesiniň aňlatmasyny hukuk kadalarynyň sanksiýasynyň ulanylmagy we olaryň durmuşa geçirilmeginde görýärler.

Jogapkärçilik– çylşyrymly hukuk ulgamy bolup, ol özünde bir tarapdan döwletiň, hukuk bozujy babatynda hukuk täsir ediji çäreleri ulanmak hukugyny, beýleki tarapdan– hukuk bozujynyň döwlet tarapyndan ulanylýan şol çäreleri çekmeklik borjuny birleşdirýär. Şonda döwlet diňe bir hukugy bozana täsir etmekligi hukuk edinmän, eýsem ony kanuny çäklerde ýerine ýetirmägi borçly hem bolup durýar. Edil şonuň ýaly-da hukugy bozan hem diňe bir döwlet tarapyndan ullanylýan mejbur ediji çäreleri çekmeklige borjy edinmän, eýsem ol hem şol çäreleriň kanuny şertlerde ulanylmagyny talap etmäge hukugy bardyr .[1]

Aýdylanlardan ugur alsak, jenaýat jogapkärçiligi diýen düşünjesine hukuk gatnaşygynyň subýekitleriniň hukuklarynyň we borçlarynyň durmuşa geçirilmegi, ýagny bir tarapdan döwlet, onuň hukuk goraýjy edaralary çykyş edýär, beýleki tarapdan bolsa hukuk bozulmany eden adam çykyş edýär diýlip häsýetnama berseň bolýar. Jenaýat-düzediş hukuk gatnaşygy jenaýat hukuk gatnaşygyny durmuşa geçirmegiň görnüşi.[2] Jenaýat hukuk gatnaşygy jenaýatyň edilen pursatyndan başlanýar, ýagny şol pursatdan başlap hem döwletde jenaýat eden adam babatynda jenaýat-hukuk täsir ediş çäresini ulanmak hukugy döreýär, soňundan bolsa– şol täsir ediş çärelerini çekmek borjy döreýär.

Şeýlelikda jenaýat jogapkärçiliginiň esasy, ony çekmeklik borjy jenaýat edilen pursatyndan ýüze çykýar. TJK-ne laýyklykda jenaýat jogapkärçiligine, diňe jemgyýetçilik howply hereketi (hereketsizligi) etmekde we jemgyýetçilik howply netijeleriniň ýüze çykmagynda günäsi anyklanylan

---

[1] Уголовное право. Общая часть. М., 2008,. С. 97.

[2] Уголовное право. Особенная часть. Под ред. Б.В.Здравоьыслова. М. , 2005. С. 156.

adamlar çekilip bilner. Bu bolsa zyýanyň ýetirilmegine bigünä adamlar hiç bir ýagdaýda jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinmeýänligini görkezýär. Onuň şol etmişi etmekde günäkärdigini bolsa diňe kazyýet hökümi bilen yglan etmek bolar. Diýmek kazyýetden öň hiç bir adam jenaýat etmekde günäli diýlip bilinmez we oňa jogapkärçilik ulanylyp jeza bellenilip bilinmez. Hakyky jenaýat jogapkärçiligi, jenaýat jezasy kazyýetiň garalaýjy hökümi hukuk güjine girenden soň başlanýar.

Jenaýat jogapkärçiliginden boşamagyň, jezadan boşamakdan tapawudy birinjiden, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylanda günä yglan edýän hökümi çykarylmaýar, onda günäkär jezadan diňe şonuň esasynda boşadylýar. Iş kesilen adam jezadan diňe kazyet tarapyndan boşadylýar, şol bir wagtda jenaýat jogapkärçiliginden – kazyet, prokuror, şeýle-de prokuroryň razylygy bilen sülçi ýa-da Anyklaýyş edarasy tarapyndan boşadylýar. Jenaýat jogapkärçiliginden boşamakylyk diňe deslapky derňew döwründe we kazyet seljerişi döwründe, ýöne kazyet tarapyndan günä yglan edýän höküm çykýança mümkindir.

Jenaýat jogapkärçiliginden boşatmak meselesi seredilmese, ilki bilen şol adam tarapyndan jenaýatyň amala aşyranlygy baradaky fakty kesgitlemek zerur. Diňe subýektiň günäsi dikeldilen halatynda, ýagny ony doly esasda jenaýatçy diýlip atlandyrylmakdan soň jezany jenaýat jogapkärçiliginden aýratynlaşdyrmak meselesi çözülýär.

Şular bilen baglanyşyklykda jenaýat jogapkärçiliginden boşatmagyň çäkleri baradaky meseläniň uly ähmiýeti bardyr. Başlangyç pursaty – jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy deslapky derňew, kazyet mejlisi döwründe we hatda jenaýat işi gozgalýança mümkindir. Ahyrky çägi – kazyet çözgüdi döwründe, ýöne günä yglan edýän hökümi çykarylmanka.

Jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmaga hukukly döwlet edarasy kanunda anyk kesgitlenen. Diňe jenaýaty amala aşyran günäkäri jenaýat jogapkärçiligine çekýän edaralar we wezipedäki adamlar olary ondan boşadyp bilýär. Bular – kazyet, prokuror, sülçi, prokuroryň razylygy bilen Anyklaýyş organlary.

## §2. Jenaỳat jogapkärçiliginden boşatmakylygyň görnüşleri. Jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmagy bilen jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. Çynlakaý ökünmegi mynasybetli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy

Jenaýat jogapkärçiliginden boşatmakylyk üçin ýörite kanunda bellenilen esaslaryň bolmagy hökmanydyr. Jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagyna kanuny esasda bellenilen ýagdaýlar doly bar bolsa jenaýat etmekde günäli diýlip bilnen adam doly ýa-da bölekleýin jenaýat jezasyndan ýa-da jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilner[1]. Şeýlelikde jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. **Jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmagy bilen baglanyşyklylykda;**
2. **Çynlakaý ökünmegi mynasybetli;**
3. **Ejir çeken bilen ýaraşmagy mynasybetli;**
4. **Ýagdaýyň üýtgemegine görä;**
5. **Wagt möhletiniň dolmagy sebäpli**.

Jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagynyň esaslarynyň her bir görnüşiniň özboluşly aýratynlygy bolup, olar aýratynlykda özbaşdak seredilmegine degişlidir.[2] Şeýle-de bolsa olary umumy alamatlary birikdirýär.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.35-36

[2] Наумов А.В. Российское уголовное право. Общая часть. М. 2006. С. 394.

Birinjiden, ähli ýagdaýlarda jogapkärçilikden boşadylmagy diňe ilkinji gezek jenaýat eden adamlar babatynda ulanylyp bilner. Bu ýagdaýlar, öň jenaýat etmedik ýa-da edende bolsa jenaýat jogapkärçiligine çekmek wagt möhletiniň dolmagy, aýyplaw hökümiň wagt möhletiniň dolmagy, şonuň ýaly-da eger olar jezadan boşadylan bolsa, olaryň iş kesilenlik aýby günä geçmek we amnistiýa namalary esasynda aýrylan bolsa, olaryň iş kesilenlik aýby kazyýet tarapyndan aýrylan ýa-da ýatyrlan bolsa.[1]

Ikinjiden, jogapkärçilikden boşadylmagynyň ähli esaslary boýunça diňe uly bolmadyk agyr we ortaça agyrlykdaky jenaýatlary eden adamlar babatynda mümkindir.

Üçünjiden, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy üçin esaslaryň ähli görnüşi boýunça şertsiz boşadylýar, olara hiç hili borç we olaryň öňünde haýsydyr bir şert goýulmaýar.

Dördünjiden, olaryň amala aşyrylmagy diňe ýörite ygtyýarly edaralar (derňew edaralary we kazyýet) tarapyndan amala aşyrylýar.

Jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmagy bilen baglanyşyklylykda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. Jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagynyň hukuk esaslary barada giňişleýin düşünje bersek, jenaýat jogapkärçiliginden boşatmagyň hukuk esaslarynyň biri hem jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmagy bilen baglanyşyklylykda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy bolup, TJK-niň 70-njy maddasynda[2] göz öňünde tutulan. **“Jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmagy bilen baglanyşyklylykda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy**

[1] Уголовная право РФ. Общая часть. М. 1996г. С. 203.

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.35

(1) Eger adam gutarylmadyk jenaýatyňy ahyryna ýetirmekden meýletin we gutarnykly ýüz öwürse, gutarmadyk jenaýaty üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

(2) Gutarylmadyk jenaýaty ahyryna ýetirmekden meýletin ýüz öwren adam, eger onuň hakyky amal eden hereketi başga jenaýaty düzýän hereketlerden ybarat bolanda, diňe şeýle halatda, jenaýat jogapkärçiligine degişlidir.

(3) Jenaýaty guraýjynyň we meçew berijiniň meýletin ýüz öwürmegi, eger bu adamlar häkimiýet edaralarynda öz wagtynda habar bermek ýa-da öz wagtynda gören başga hili çäreleri arkaly jenaýaty ýerine ýetiriji tarapyndan ahyryna ýetirmegiň öňüni alan bolsalar, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy üçiň esas bolýar. Ýaran, eger onuň özüni soňraky alyp barşy jenaýatyň amala aşyrylmagynyň öňüniň alynmagy üçin özüne bagly bolan ähli çäreleri görendigine şaýatlyk etse, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

(4) Eger guraýjynyň ýa-da meçew berijiniň şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen hereketleri jenaýatyň amala aşyrylmagynyň öňüniň alynmagyna getirip bilmedik bolsa, onda olar jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmaýarlar, ýöne olaryň gören çäreleri jeza bellenilende ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde ykrar edilip bilner”.

Eger adam gutarylmadyk Jenaýatyňy ahyryna ýetirmekden meýletin we gutarnykly ýüz öwürse, gutarmadyk jenaýaty üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar. Ýagny, jenaýatçylykly meýli bolan adam, öz niýetini amal etmäge doly mümkinçiligiň barlygyna garamazdan (hiç hili päsgelçilik bolmazdak)meýletin, ýagny öz hereketlerine doly akyl ýetirip daşdan hiç hilili täsir bolmazdan, jenaýatçylykly hereketlerini ahyryna çenli ýerne ýetirmekden boýun gaçyrmagy. Bu maddanyň esasy alamatlarynyň biri hem jenaýatkäriň jenaýatçylykly meýlini amal etmekden boýun gaçyrmagynyň

gutarnykly bolmagy, ýagny onuň öz jenaýatçylykly meýlini gaýry goýmazdan ýa-da soň gaýdyp gelmek niýeti bolmazdan doly boýun gaçyrmagy.

Gutarylmadyk jenaýaty ahyryna ýetirmekden meýletin ýüz öwüren adam, eger onuň hakyky amal eden hereketi başga jenaýaty düzýän hereketlerden ybarat bolanda, diňe şeýle halatda, jenaýat jogapkärçiligine degişlidir. Ýagny, jenaýatkäriň anyk meýilleşdiren Jenaýatyňy soňuna çenli ýetirmekdan meýletin we gutarnykly boýun gaçyrmazyndan öňki eden hereketinde başga bir jenaýatyň düzümini düzýän alamatlary özinde jemlemegi. Meselem, jenaýatkär ogurlyk etmek niýeti bilen kesekiniň ýaşaýyş jaýyna girip, soň ýaşaýyş jaýynda bar bolan zatlaryň hiç birine el degirmän, jenaýatçylykly niýetinden meýletin boýun gaçyryp çykyp gaýdýar. Bu ýerde jenaýatkäriň ilkibaşdaky niýeti TJK-niň 227-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatyň – Ogurlygyň alamatlaryny özünde jemläp, jenaýat ahyryna çenli ýetirilmedik, emma onuň hereketlerinde TJK-niň 148-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýatyň – **Ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizliginiň bozulmagynyň** alamatlary hem jemlenen, ýagny adamlaryň we raýatlaryň konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy edilen etmiş.

Jenaýaty guraýjynyň we meçew berijiniň meýletin ýüz öwürmegi, eger bu adamlar häkimiýet edaralaryna öz wagtynda habar bermek ýa-da öz wagtynda gören başga hili çäreleri arkaly jenaýaty ýerne ýetirji tarapyndan ahyryna ýetirmegiň öňüni alan bolsalar, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy üçin esas bolýar. Ýaran, eger onuň özüni soňraky alyp barşy jenaýatyň amala aşyrylmagynyň öňüniň alynmagy üçin özüne bagly bolan ähli çäreleri görendigine şaýatlyk etse, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar.

Eger guraýjynyň ýa-da meçew berjiniň şu maddanyň üçinji böleginde görkezilen hereketleri jenaýatyň amala

aşyrylmagynyň öňüniň alynmagyna getirip bilmedik bolsa, onda olar jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmaýarlar, ýöne olaryň gören çäreleri jeza bellenilende ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde ykrar edilip bilner.

Çynlakaý ökünmegi mynasybetli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. Çynlakaý ökünilmegi diýen düşünje jenaýatkäriň jenaýaty edenden soň onuň eden etmişine ökünýändigini we öz hereketleriniň netijesinde jemgyýete ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak babatynda amala aşyrýan aktiw hereketlerini açyp görkezýär. Şeýle hereketler, meselem, meýletin eden Jenaýatyňy boýun alyp gelmegi, jenaýatyň üstüni açmakda hukuk goraýjy edaralara kömek bermegi, zyýanly netijeleriň ýüze çykmagynyň öňüni almagy ýa-da onuň möçberini azaltmak babatynda eden hereketleri, jebir çekene ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy ýa-da başga usyl bilen ýetirilen zyýany aradan aýyrmagy.

Edilen etmiş üçin jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagynyň esaslarynyň biri bolan jenaýatdan meýletin boýun gaçyrylmakdan tapawutlylykda edilen etmiş üçin çynlakaý ökünilmegi mynasybetli, umumy kada boýunça jenaýat jogapkärçiligi aradan aýyrmaýar, ol jogapkärçiligi ýeňilleşdirýär we jeza bellenilende göz öňünde tutulýar. Emma käbir aýratyn halatlarda kanunçykarjy çynlakaý ökünilmegi jenaýat jogapkärçilikde boşatmaga esas diýlip bilýär.

Türkmenistanyň JK-niň 71-nji maddasyna laýyklykda, jenaýat eden adamynyň çynlakaý ökünmegi mynasybetli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy diýlip bellenilen, ýagny uly bolmadyk agyr jenaýaty ilkinji gezek amala aşyran adam, eger jenaýat edeninden soň ökünip, günäsini boýun alyp, meýletin gelip, jenaýatyň açylmagyna işjeň ýardam etse, ýetirilen zyýanyň öwezini dolsa ýa-da başga tär bilen jenaýatyň ýetiren

zyýanyny düzetse, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilner.[1] Bu maddada jenaýat eden adamynyň jenaýat jogapkärçilikden boşadylmagy üçin degişli şertleriň ählisi bellenilen. **“Çynlakaý ökünmegi mynasybetli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy**

(1) Uly bolmadyk agyr jenaýaty ilkinji gezek amala aşyran adam, eger jenaýat edeninden soň ökünip, günäsini boýun alyp, meýletin gelip, jenaýatyň açylmagyna işjeň ýardam etse, ýetirilen zyýanyn öwezini dolsa ýa-da başga tär bilen jenaýatyň ýetiren zyýanyny düzetse, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilner.

(2) Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan şertler bar wagtynda başga derejeli jenaýaty amala aşyran adam jenaýat jogapkärçiliginden diňe jenaýat kanuny tarapyndan ýörite göz öňünde tutulan halatlarda boşadylyp bilner”.

Birinjiden, bu madda diňe jenaýaty ilkinji gezek amala aşyran adamlar babatynda bellenilýär. Bu kada öň iş kesilen, derňewde ýa-da kazyýetde bolan işler boýunça geçýän şahslara degişli däldir. Eger-de şahs öň jenaýat jogapkärçiligine çekilip, jogapkärçilikden ýa-da jezadan boşadylan bolsa, onda ol öň jenaýat etmedik diýlip hasaplanýar.[2]

Ikinjiden, şahsyýet tarapyndan edilen jenaýatçylykly etmiş öz agyrlyk derejesi boýunça uly bolmadyk agyr derejeli jenaýat bolmagy hökmanydyr. Ýagny bu dereje TJK-niň 11-nji maddasyna laýyklykda edilen etmiş üçin jenaýat kanunynda ýokary jezasy iki ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşinde göz öňünde tutulan bilkastlaýyn we seresapsyzlykly etmişler degişlidir.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi. Aşgabat. 1997, sah. 35.
[2] Келина С. Г. Теоретические вопросы осибождения от уголовной ответственности. Москва. 1974г. С.125.

Üçünjiden, günäkäriň çynlakaý ökünmegi kanunda ýörite bellenilen, onuň aktiw hereketlerinde aýan bolýar, şeýle hereketleriň hataryna ilki bilen jenaýatkäriň günäsini boýun alyp gelmegi degişlidir. Ýagny ol hiç hili mejburylyk bolmazdan, özüniň jenaýat edenligi barada doznaniýa, deslapky derňew, prokuratura ýa-da kazyýet edarasyna meýletin habar bermeginde jemlenýär. Jenaýatkäriň bu hereketleri teswirnama bilen resmileşdirilýär we onuň özüniň we hukuk goraýjy edaranyň işgäriniň (teswirnamany düzek)goly bilen tassyklanylýar.

Şonuň ýaly-da çynlakaý ökünilmegi, jenaýatkäriň öz eden Jenaýatyňy özüniň üstüni açmagynda beýan bolýar. Ýagny, jenaýatyň guralynyň we serişdesiniň berilmegi, jenaýatyň edilen ýeriniň ýa-da ogurlanylan zatlaryň ýerleşýän ýeriniň görkezilmegi, beýleki jenaýata gatnaşyjylary paş etmegi we ş.m. hereketler. Şonuň ýaly-da ýetirilen zyýanyň meýletin öweziniň dolunmagy hem göz öňünde tutulýar. Bu hereketler kanun esasynda jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar hökmünde özbaşdak seredilýär we jenaýatyň netijesinde jebir çekene ýetirilen zyýanyň öweziniň pul görnüşinde ýa-da başga görnüşde jenaýaty eden şahs tarapyndan meýletin dolunmagynda jemlenýär.

Jenaýatyň netijesinde ýetirilen zyýany düzetmegi jenaýatkäriň öz hereketlerine ökünýändigini görkezýär. Ýagny, jenaýatkäriň fiziki taýdan bozulan ýa-da zaýalanan zady öz hereketi bilen düzetmegi (döwülen zatlary bejermegi, özüniň asyl nusgasyny ýitiren zady täzeden alyp bermegi we ş.m.), ahlak taýdan ýetirilen zyýany düzetmegi (masgaralandygy üçin çynlakaý ötünç soramagy, sahsyň mertebesine, abraýyna zyýan ýetirýän ýalan maglumatlary inkär etmegi we ş.m.).

Jenaýat jogapkärçiliginden boşatmagyň esaslarynyň bu görnüşi fakultatiw bolup, uly bolmaduk agyr jenaýaty ilkinji

gezek eden şahsy jenaýat jogapkärçiliginden boşatmak baradaky meseläni doznaniýa, deslapky derňew, prokuratura ýa-da kazyýet edarasy, edilen jenaýatyň häsýetine we agyrlyk derejesine baglylykda, şonuň ýaly-da jenaýatkäriň çynlakaý ökünjini häsýetlendirýän hereketiniň häsýetine, aktiwligine we effektiwniligine baglylykda çözýärler.

TJK-niň 71-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan şertler bar wagtynda başga jenaýaty amala aşyran adam jenaýat jogapkärçiliginden diňe jenaýat kanuny tarapyndan ýörite göz öňünde tutulan halatlarda boşadylyp bilner. Beýle diýmek bilen kanun jenaýat etmekde çynlakaý ökünip eden etmişini boýnuna alyp, şol jenaýatyň üstüniň açylmagyna ýardam etmegi, jenýat esasynda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmakylygy ýa-da başga islendik formada günäni ýuwmakylygy göz öňünde tutýar. Bu agzalyp geçilen görnüşleri kazyýet jenaýat jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaýlar diýlip bilmegi hem mümkin. Bu soragyň çözülmeginde esasy kriteriýa bolup, jemgyýetçilik howplulygynyň derejesine we häsýetine, günäkäriň şahsyýetine, onuň çynlakaý ökünjine şaýatlyk edýän hereketleriniň häsýetine baglylykda we.ş.m.

TJK-niň 71-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, eger şahsyýet TJK-niň 71-nji maddasynyň 1-nji böleginde göz öňünde tutulan şertleri özünde jemleýän, başga derejeleri (has agyr) jenaýaty eden hem bolsa ol jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilner. Bu ýgdaýlar ýörite TJK-niň Aýratyn böleginiň degişli maddalarynda göz öňünde tutulandyr. Meselem, ogurlanylan adamyny meýletin boşatmak TJK-niň 126-njy maddasy, şeýle halatlarda jenaýat etmekde günäli bilnip jenaýat jogapkärçiligine çekilen şahslar, jogapkärçilikden boşadylanda şol jenaýat-prosessual gatnaşyklary derňew edaralary we kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar.

71-nji madasyna laýyklykda, jenaýat eden Adamyn çynlakaý ökünmegi mynasybetli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilner. Ýöne munuň üçin şu aşakdaky şertleriniň bolmagy ýüze çykýar:

1. Jenaýaty birinji gezek etmegi. Jenaýaty ilkinji gezek amala aşyranlaryň hataryna, garşylaryna jenaýat işi gozgalmadyk, ozal eden jenaýaty üçin Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 81-nji maddasyna laýyklykda Iş kesilenlikaýby aýrylan, günä geçme ýa-da rehim etme esasynda Iş kesilenlikaýby aýrylan (TJK-niň 80-njy m.), aýyplaw hökümininiň wagt möhletiniň geçendigi sebäpli, jezany çekmekden boşadylan (TJK-niň 79-nji m.) raýatlar degişlidir.

2. Uly bolmadyk agyr jenaýaty etmegi, ýagny TJK-de iki ýyldan köp bolmadyk möhleteazatlykdan mahrum etmek görnuşli jeza göz öňünde tutulan bilkatdan we seresapsyzlykdan edilen etmiş üçin (TJK-niň 11-nji m 2 b). Olaryň hataryna mysal üçin **Eden-etdilik** (TJK-niň 221-nji m), **Bikanun aw** (TJK-niň 321-nji m.) we başgalar degişlidir.

3. Çynlakaý ökünmegi zerur, ýagny jenaýaty eden adam jenaýaty edenden soň, meýletin hukuk goraýjy edarasyna gelmegi, jenaýatyň üstüne açmakylyga ýardam bermegi, ýetirilen zyýany tölemegi ýa-da zyýanyň başga ýol bilen öwezini dolmagy.

## §3. Jebir çeken bilen ýaraşmagy esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. Ýagdaýyň üýtgemegine görä jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. Wagt möhletiniň dolmagy sebäpli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy

Jebir çeken bilen ýaraşmagy mynasybetli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. Jenýat-hukuk kadalaşdyrylyşyň effektli bolmagynyň esasy şerti, jenaýatyň

netijesinde jebir çekeniň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň hasabaty bolup durýar. TJK-niň 72-nji maddasy[1] jebir çekeniň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň hasabatynyň bir usuly bellenilýär, jebir çeken bilen ýaraşmagy mynasybetli günäkär adamynyň jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. Şu ýagdaýda günäkär adamynyň jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagyna ýokarda agzalan esaslardan başgada, esasy fakt jebir çeken bilen jenaýat etmekde günäkär adam bilen ýaraşmagy hökmanydyr. Şonda ýaraşyk jebir çeken tarapyndan meýletin bolmaly we bu hereketler degişli prosessual formada resmileşdirilen bolmagy hökmanydyr. Eger-de iş boýunça birnäçe jebir çeken bolup, olaryň biri bilen ýaraşylmagy günäkäriň jogapkärçilikden boşadylmagyna esas bolup hyzmat edip bilmeýär.

Hökmany şerti hökmünde günäkäriň jenaýat esasynda jebir çekene ýetirilen zyýanyň (maddy we ahlai)öwezini dolmagy zerurdyr. Haçanda zyýanyň öwezi doldurylanda, ol hukuk derňew edaralary ýa-da günäkär tarapyndan ýeterlik derejede diýlip hasaplanman, jebir çekeniň zyýanyň öwezi doly dolundy diýlip bilmegi hökmanydyr.[2]

TJK-niň 72-nji maddasy boýunça kanun esasynda ýörite kesgitlenilen jenaýatlaryň sanawy bellenilýär. Ýagny, TJK-niň 111, 112, 115-nji maddalarynda, 132–nji maddasynyň birinji we ikinji böleginde, şeýle hem 133-nji maddada göz öňünde tutulan jenaýatlary ilkinji gezek amala aşyran adam, eger ol Jebir çeken bilen ýaraşsa we Jebir çekene ýetirilen zyýanyny düzetse, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilner.[3]

Bu jenaýatçylykly ýagdaýlara aýratyn düşündiriş bermeli.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi. Aşgabat. 1997, sah. 36.
[2] Наумов А.В. Уголовное право. Общая часть. Москва. 2006. С. 476.
[3] Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi. Aşgabat. 1997. 36.

*Saglyga bilkastdan ýeňil şikes ýetirilmegi* – TJK-niň Aýratyn bölüminiň 111-nji maddasy uly bolmadyk agyr jenaýaty häsiýetlendirmek bilen şeýle diýýär, syna bilkastdan ýeňil şikesiň ýa-da saglyga başga zyýanyň ýetirilmegi saglyga gysga wagtlaýyn zyýan ýetirilmegine ýa-da umumy işe ýarawlylyk wagtynyň birneme ýitirilmegine getiren bolsa hasaplanýar. Jenaýatyň derejesi uly bolmadyk agyr, düzümi maddy düzümli.

*Urmak* – TJK-niň 112-nji maddasy hem hukuk jogapkärçiliginden boşatmakylyga esas bolýan yagdaýlary öz içine alýar, adam urulanlygy ýa-da başga hili zorlukly hereketler edip, synany fiziki taýdan agyrdanlar üçin, ýöne welin TJK-niň 111-nji maddasynda göz öňünde tutulan netijelere getirmedik bolsa. Bu jenaýatyň derejesi uly bolmadyk agyr, düzümi maddy düzümli.

*Saglyga seresapsyzlyk bilen agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirmek* – jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagyna getirýän ýene-de bir saglyga garşy jenaýatlaryň biri hem TJK-niň 115-nji maddasynda göz öňünde tutulandyr, ýagny saglyga seresapsyzlyk bilen agyr ýa-da ortaça agyr şikes ýetirene jenaýat jogapkärçiligi bellenilýär. Bu jenaýatyň derejesi uly bolmadyk agyr, düzümi maddy düzümli.

*Töhmet* – TJK-niň 132-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bölеklerinde bellenilen töhmet hem jebir çeken bilen ýaraşylmagy esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmaga degişli jenaýatlaryň hataryna degişlidir. Bu jenaýat barada umumy düşünje bersek, töhmet atana, ýagny adamynyň namysyny we mertebesini kemsidýäne, görnetin ýalan maglumatlary ýaýradýana, köpçülikleýin çykyşda, köpçülige niýetlenilen eserde ýa-da köpçilikleýin habar beriş serişdelerinde atylan töhmet üçin, agyr netijelere getiren ýa-da aýratyn agyr jenaýat etmekde aýyplamak bilen birlikde atylan

töhmet üçin jenaýat jogapkärçilik bellenilip, JK-niň 72-nji maddasyna laýyklykda bu maddanyň diňe 1-nji we 2-nji böleginde bellenilen ýagdaýlarda ýaraşyk boýunça jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilner.

*Masgaralamak* - TJK-niň 133-nji maddasynda bellenilen masgaralamak hem jebir çeken bilen ýaraşylmagy esasynda jogapkrçilikden boşadylyp bilner, ýagny adamy ynjydana, ýagny başga bir adamynyň namysyny we mertebesini uslypsyz formada bilgeşleýin kemsidilmegi. Köpçülikleýin çykyşda, köpçülige niýetlenilen eserde ýa-da köpçilikleýin habar beriş serişdelerinde masgaralanmagy.

Jenaýatyň bu görnüşleri boýunça jebir çeken bilen ýaraşmagy jenaýat jogapkärçiliginden boşatmak meselesi ýokarda belläp geçişimiz ýaly umumy kada boýunça çözülýär.

Ýagdaýlaryň üýtgemegine görä jenaýat jogapkärçiliginden boşatmak. Türkmenistanyň TJK-niň 73-nji maddasyna laýyklykda, uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýaty ilkinji gezek amala aşyran adam, eger ýagdaýlaryň üýtgemegi bilen ol adam ýa-da onuň eden etmişi jemgyýetçilik howply bolmagyny bes eden bolsa, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilner. “Ýagdaýyň üýtgemegine görä jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy

Uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýaty ilkinji gezek amala aşyran adam, eger ýagdaýyň üýtgemegi netijesinde ol adam ýa-da onuň eden etmişi jemgyýetçilik howply bolmagyny bes eden bolsa, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilne”.

Bu ýagdaýda jenaýat eden adamynyň jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagynyň umumy esasyny, ýüze çykan ýagdaýlara laýyklykda jenaýat eden adamyny jezalandyrmak maksadalaýyk däldigi we onuň jemgyýet üçin howplulyk derejesiniň ýitmeginde görmek bolýar. Has

giňişleýin aýtsak bu ýagdaýda iki sany aýratyn özbaşdak esaslary häsýetlendirip bolýar, emma olaryň belli bir derejede meňzeşligi hem bar. Bu ýagdaýlaryň üýtgemegi bilen edilen etmişiň jemgyýetçilik howpunyň we etmişi eden şahsyň jemgyýet üçin howpunyň aradan aýrylmagy, şonuň ýaly-da derňewde ýagdaýlaryň üýtgemegi. Edebiýatlarda köplenç bu ýagdaýlaryň bölünşigine degişli üns berilmeýär, şonuň üçin hem bu düşünje birneme çylşyrymly düşündirilýär. Şeýle hem bolsa bu düşünjäniň mazmuny häzirki seredilýän ýagdaýlaryň ikisinde hem aýry başga ýöredilýär.

Edelen etmişiň ýagdaýlaryň üýtgemegi bilen jemgyýet üçin howplulyk derejesiniň aradan aýrylmagy – jemgyýetiň durmuşynda syýasy, durmuş-ykdysady we medeni şertleriniň bütin döwlet möçberinde uly göwrümli öwürlişigi aňladýar, bu ýagdaýlaryň üýtgemegi jemgyýetiň hukuk düşünjesine hem öz täsirini ýetirýär. Ýagny, jemgyýet belli bir derejede öwürlişigiň bolup geçmegi bilen edilen etmişi jemgyýet üçin howply diýlip hasap etmeýärler. Ýagdaýlaryň üýtgemegi has düýpli bolmagy hökmanydyr, ýagny onuň täsiri astynda şol jenaýatlaryň belli bir kategoriýasy däl-de ähli görnüşi boýunça jemgyýet üçin howplulyk derejesi aradan aýrylmaly. Bulardan başgada ýagdaýlaryň üýtgemegi bolanda adatdan daşary ýagdaýlaryň ýüze çykmagy, harby şertleriniň üýtgemegi, etmişe jenaýatçylykly häsýeti berýän hökmany alamat hökmünde jenaýatyň ýeriniň we wagtynyň üýtgemegi.

Ýagdaýlaryň üýtgemegi mynasybetli jenaýat eden şahsyň jemgyýetçilik howpunyň aradan aýrylmagy baradaky düşünje has inçe düşündirilýär: ol şahsyň jenaýat eden pursatynda durmuş şertlerine we iş şertlerine degişli bolup durýar. Bu ýagdaýda köp halatlarda jenaýat eden şahsyň diňe bir obýektiw durmuş şertlerine üns bermän eýsem, jenaýat edenden soň onuň çynlakaý ökünjine, şonuň ýaly-da onuň öz

borçlaryny ýerine ýetirmegine ak ýürekden gatnaşygy we göreldeli özüni alyp barmagyna hem üns berilýär. Jenaýat eden şahsyýetiň düşen ýagdaýlarynyň üýtgemeginiň häsýeti dürli bolup biler, ýöne ähli ýagdaýlarda olaryň jenaýatyň amala aşyrylan sebäpleriniň we şertleriniň bilelikde bolan durkyny bozmagy hökmanydyr, we gelejekde şol şahs tarapyndan täze jenaýatyň edilmek mümkünçiligini aradan aýyrmagy hökmanydyr.

Ýagdaýlaryň üýtgemegi, meselem, harby gullukçynyň öz gulluk ýagdaýyny jenaýaty etmekde peýdalanandygy sebäpli wezipesinden kowulmagy; şahsyýetiň harby gulluga çagyrylmagy we kriminogen töweregi bilen baglanyşygyň bölünmegi, ýagny onuň täsiri astynda jenaýatyň amala aşyrylmagy; maşgala gatnaşyklarynyň bes edilmegi netijesinde ýüze çykan kynçylygyň jenaýatyň amala aşyrylmagyna psihiki taýdan sebäp bolup çykyş etmegi; uzak wagtyň dowamynda akýüreklilik we kanuna tabynlyk ýagdaýynda özüni alyp barmagy we ş.m. ýüze çykan ýagdaýlar edilen jenaýata öz täsirini ýetirmegi bilen jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagyna getirip biler.[1]

Ýagdaýlaryň üýtgemegi mynasybetli jenaýat eden şahsyň jenaýat jogapkär-çiliginden boşadylmagyny kanun çykarjy göşmaça iki şert bilen baglaşdyrýar.

Birinjiden, jenaýat şol şahsyýet tarpyndan ilkinji gezek amala aşyrylan bolmaly. Bu diýildigi jenaýat eden şahsyň öň iş kesilen däldigini, derňew we kazyýet täsirinde däldigi we derňewden, kazyýetden gaçmaýandygyny beýan edýär. Öň edilen jenaýat üçin iş kesilenlik aýbynyň kanunda bellenilen tertipde aýrylmagy ýa-da öz-özünden aýrylmagy, jezadan ýa-da

[1] Практика прокурорского надзора при рассмотрении уголовных дел. М., 2002. С.463-464.

jogapkärçilikden boşadylmagy täze jenaýatyň edilmegi bilen gaýtalanan diýlip hasaplanmaýar we TJK-niň 73-nji maddasynyň ulanylmagyna päsgelçilik bermeýär.

Ikinjiden, şahsyýet tarapyndan edilen jenaýat uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr derejede bolmagy. Jenaýatyň derejesi TJK-niň Umumy bölüminiň 11-nji maddasyna laýyklykda kesgitlenilýär. Diňe şu iki şertiň barlygynda ýagdaýlaryň üýtgemegi mynasybetli jenaýatçylykly etmişiň ýa-da ony amala aşyran şahsyň jemgyýet üçin howlulyk derejesiniň aradan aýrylmagy barada sorag goýlyp bilner.

Jenaýat jogapkärçiliginden boşatmagyň bu esasy fakultatiw häsiýetli bolup, ony ulanmak umumy kada laýyklykda ygtyýarly edilen hukuk gopraýjy edaralaryň borjy däl-de, hukugy bolup şu ýagdaýlar göz öňünde tutulýar, edilen jenaýatyň häsiýeti, ýetirilen zyýanyň agyrlyk derejesi, etmişiň edilen pursatyndan bäri geçilen wagt möhleti, şonuň ýaly-da ýagdaýlaryň üýtgemegi barada we etmişiň ýa-da ony eden şahsyň jemgyýetçilik howpunyň bes etmegine şaýatlyk edýän ýagdaýlary. Jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy gutarnykly we şertsiz häsýete eýedir.

Wagt möhletiniň dolmagy sebäpli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. Jenaýat kazyýet önümçiligi jenaýatyň çalt we doly üstüniň açylmagy, jenaýatyň amala aşyrylmagyna gatnaşan ähli şahslaryň paş edilmegi, we olara kanunda göz öňünde tutulan çäreleriň ulanylmak maksady bilen alnyp barylýar. TJK-niň 74-njy maddasy **„Wagt möhletiniň dolmagy sebäpli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy**[1]

(1) Eger jenaýatyň amala aşyrylan gününden başlap, şu aşakdaky möhletler geçen bolsa, adam jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar:

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi. Aşgabat. 1997. Sah.36.

a) uly bolmadyk agyr jenaýat amala aşyrylanyndan soň - iki ýyl;

b) ortaça agyr jenaýat, amala aşyrylanyndan soň - sekiz ýyl;

ç)agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat amala aşyrylanyndan soň - on bäş ýyl.

(2) Jenaýatyň amala aşyrylan gününden başlap we hökümiň kanuny güýjüne giren pursatyna çenli bolan aralyk wagt möhleti hasaplanylýar. Şol adam täze jenaýaty amala aşyran halatynda wagt möhleti her jenaýat boýunça aýratynlykda geçýär.

(3) Eger adam derňewden ýa-da kazyetdan boýun gaçyrýan bolsa, wagt möhletiniň dowamy togtadylýar. Şeýle halatda wagt möhletiniň dowamy Adamyn tutulan ýa-da onuň öz günäsini boýun alyp gelen pursatyndan täzeden başlanýar.

(4) Aýratyn agyr jenaýaty amala aşyran adama wagt möhletini ulanmak hakyndaky mesele kazyet tarapyndan çözülýär.

(5) Parahatçylyga we adamzadyň howpsuzlygyna garşy jenaýaty amala aşyran adamlar babatda wagt möhleti ulanylmaýar".

Jenaýatyň üsti näçe çalt açylsa, ol şonçada doly we hilli derňelýär, bu bolsa jenaýat we jenaýat-prosessual kanunlarynyň anyk ulanylmagyna getirýär we günäkär şahs babatynda döwlet mejbur ediş çäresiniň adalatly we maksadalaýyk bellenilmegine ýardam edýär. Eger jeza günäkär şahs babatynda jenaýat edilenden soň dowamly wagt möhletiniň geçmegi bilen ulanylsa, ol belli bir derejede özüniň şahsy we umumy duýduryş manysyny ýitirýär we ýerliksiz bellenilen nama hökmünde kabul edilip bilner. Sebäbi wagt möhleti belli bir derejede edilen jenaýatyň aktuallygy we jemgyýetçilik ähmiýetliligini düzýär we günäkäriň jemgyýetçilik howpuny pese düşürýär, ýagny

jemgyýetçilik howply etmişi edenden soň uzak wagtyň dowamynda hereket edýän kanunlara tabynlyk derejede özüni alyp barmagy. Şonuň ýaly-da uzak wagt möhletiniň geçmegi bilen jenaýatyň hemme-taraplaýyn we doly derňelmegini üpjün etmek mümkin däl, sebäbi maddy subutnamalaryň ýitip gitmegi, jenaýat bilen bagly faktlaryň we ýagdaýlaryň jebir çeken we şaýatlar tarapyndan ýatdan çykarylmagy mümkin. Şu aňlamalar bilen bilelikde jenaýat hukukgynda jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň wagt möhleti diýen esaslandyrlan instituty şertlendirilýär.

Jenaýat hukugynda wagt möhleti diýlip – jenaýat edilenden soň kanunda bellenilen wagt möhletiniň dolmagyna düşünilýär, we onuň esasynda jenaýat eden şahsyň jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagyna getirýär. wagt möhletini ulanmak üçin kanunda bellenilen iki sany şertiň ýüze çykmagy hökmanydyr: bellenilen möhletiň dolmagy we bu möhletiň dowamlylygyny bozýan ýagdaýlaryň ýoklugy.

Türkmenistanyň JK-niň 74-nji maddasyna laýyklykda, eger jenaýatyň amala aşyrylan gününden başlap, şu aşakdaky günler geçen bolsa, adam jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar:

a) uly bolmadyk agyr jenaýat amala aşyrylandan soň iki ýyl;
b) ortaça agyr jenaýat amala aşyrylandan soň sekiz ýyl;
c) agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat amala aşyrylandan soň on bäş ýyl.[1]

Jenaýat edilenden soň wagt möhletiniň dowamlylygy jenaýatyň derejesina baglylykda kanun esasynda kesgitlenilýär,

[1] Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi. Aşgabat. 1997ý. 36.

ýagny jenaýatyň jemgyýetçilik howpunyň derejesi näçe agyr bolsa, şonçada wagt möhleti has uzak kesgitlenilýär.[1]

TJK-niň 74-nji maddasynyň 2-nji bölegi wagt möhletiniň hasaplanylmagynyň şertlerini kesgitleýär, jenaýatyň amala aşyrylan gününden başlap we hökümiň kanuny güýjüne giren pursatyna çenli bolan aralyk wagt möhleti hasaplanylýar. Şol adam täze jenaýaty amala aşyran halatynda wagt möhleti her jenaýat boýunça aýratynlykda geçýär. Umumy kada boýunça wagt möhleti jenaýatyň edilen gününiň yzyndaky güniň nol sagat sutgadan başlanyp, wagt möhletiniň soňky gününiň nol sagadyna çenli dowam edýär.

Hukuk edebiýatlarynda bellenilşi ýaly, eger-de maddy düzümli jenaýatyň edilen pursatyndan başlap onuň amala aşyrylmagy bilen jemgyýetçilik howply netijeleriň ýüze çykmagynyň arasynda belli bir derejede wagt möhleti geçýän bolsa, şol ýagdaýda jenaýatyň wagt möhletiniň dolmagyny hasaplamak baradaky mesele boýunça awtorlaryň arasynda jedel ýüze çykýar. Awtorlaryň kop bölegi wagt möhletiniň, jenaýatyň zyýanly netijeleriniň haçan ýüze çykýandygyna garamazdan jenaýatyň edilen pursatyndan başlanýar diýlip hasaplanýar diýen pikiri goldaýarlar.[2]

Jenaýat jogapkärçiliginden boşatmagyň esaslarynyň bu görnüşini ulanmak-da, esasy kynçylyk uzaga çekýän we dowam edýän jenaýatlar babatynda wagt möhleti hasaplanylanda döreýär. Uzaga çekýän jenaýat babatynda wagt möhleti TJK-niň 15-nji maddasy esasynda, jenaýatkäriň öz islegi boýunça jenaýatçylykly etmişiň bes edilen pursatyndan ýa-da onuň islegine bagly bolmazdan jenaýatyň dowam etmegine päsgel berýän wakanyň başlanan pursatyndan hasaplanylýar. Dowam

---

[1] Смольников В.Е. Давность в уголовном праве. Москва 1973г. С.27.

[2] Практика прокурорского надзора при рассмотрении уголовных дел. Москва, 1987. С.63.

edýän jenaýatlar babatynda wagt möhleti TJK-niň 16-njy maddasy esasynda, soňky jenaýatçylykly etmişiň tamamlanylan pursatyndan başlap hasaplanylýar. Şeýlelikde uzaga çekýän we dowam edýän jenaýatlar babatynda wagt möhleti hasaplanylanda jenaýatyň ýuridiki taýdan däl-de hakykatdan hem tamamlanan pursatyndan başlap hasaplanylýar.

Haçanda öň jenaýaty eden şahsyýet, eden jenaýaty üçin wagt möhletiniň geçýän döwründe täzeden jenaýat eden bolsa, bu ýagdaýda wagt möhleti täzeden hasaplanýar we öňki geçen möhlet hasaba alynmaýar. Diýmek, öňki edilen jenaýat üçin wagt möhleti öňküsi ýaly dowam edýär we täze jenaýat üçin wagt möhleti özbaşdak (öňkä goşulmak) hasaplanyp başlanýar. Haçanda şahsyýet tarapyndan iki sany aýry derejeli jenaýat bilelikde edilen bolsa, kanun esasynda wagt möhletini edilen jenaýatyň her biri üçin aýratynlykda hasaplanylýar. Diýmek, häzirki hereket edýän TJK-de wagt möhletiniň bes edilmegi diýen düşünje ýok.

TJK-niň 74-nji maddasynyň 3-nji bölegi, eger adam derňewden ýa-da kazyýetden boýun gaçyrýan bolsa, wagt möhletiniň dowamy togtadylýar. Şeýle halatda wagt möhletiniň dowamy adamyn tutulan ýa-da onuň öz günäsini boýun alyp gelen pursatyndan täzeden başlanýan ýagdaýlaryny göz öňünde tutýar. Derňewden ýa-da kazyýetden boýun gaçyrýan şahs diýlip diňe bir gümän edilýän ýa-da aýplanýan bolman, eýsem jenaýat etmeklige azda-kände dahyly bar diýlip bilnen şahs derňew edaralaryna sorag edilmäge çagyrlan mahaly gelmekden boýun gaçyran bolsa hem TJK-niň 74-nji maddanyň 3-nji böleginiň alamatlaryny özünde jemleýär. Hukuk goraýjy edaralaryna entek mälim bolmadyk jenaýaty eden şahsyň ýa-da jenaýat mälim bolan ýöne, şahsyň şol jenaýata gatnaşandygy doly anyklanylmadyk ýagdaýynda şol şahslar derňewden ýa-da kazyýetden boýun gaçyran diýlip hasaplanyp bilinmez.

Jenaýat eden şahsyetiň derňewden ýa-da kazyýetden boýun gaçyrmagy diýlip, onuň jenaýat jogapkärçiliginden boşamak maksady bilen eden islendik hereketleri hasaplanyp bilner. Bu ýerde esasy üns onuň niýetine berilýär. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, ýüze çykan ýagdaýlaryň täsiri astynda wagt möhleti togtadylýar we şol şahsyň tutulyp saklanylmagy ýa-da onuň öz günäsini boýun alyp gelmegi bilen täzeden başlanýar. Aýratyn agyr jenaýaty amala aşyran adama wagt möhletini ulanmak hakyndaky mesele kazyýet tarapyndan çözülýär. Eger kazyýet şol adamyny wagt möhletiniň dolmagy sebäpli jenaýat jogapkärçiliginden boşatmaga mümkinçilik tapmasa, onda kazyýet tarapyndan jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilinmez. Parahatçylyga we adamzadyň howpsyzlygyna garşy jenaýaty amala aşyran adamlar babatynda wagt möhleti ulanylmaýar.

Wagt möhletiniň dolmagy sebäpli jenaýat jogapkärçiliginden boşatmak prosessual häsýetini göterýän çäre. Eger-de şu esaslar ýüze çyksa TJPK-niň 216-njy maddasyna[1] laýyklykda deslapky derňew döwründe jenaýat işi hökmany ýatyrylmaga degişlidir we bu barada doznaniýa, derňew edarasynyň işgärleriniň ýa-da prokuroryň delillendirilen karary çykarylýar. Işiň kazyýete geçirilen halatynda bolsa kazyýet kesgitleme çykarýar. Eger-de aýplanýan öz garşylygyny beýan etse, bu esas boýunça jenaýat işini ýatyrmaga mümkinçilik berilmeýär we umumy tertipde derňew dowam etdirilýär. Haçanda wagt möhletiniň geçendigi kazyýet seljermesiniň dowamynda anyklanylan bolsa, ýa-da wagt möhleti işiň kazyýet tarapyndan seredilýän pursatynda dolan bolsa, kazyýet seljermesi ahyryna çenli alnyp barylýar we kazyýet iş kesileni jezadan boşatmak baradaky aýyplaýyş hökümini çykarýar. Ol

[1] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2008, sah.91.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň beýik adamkärçiliginiň, ynsanperwerliginiň, rehimdarlygynyň, türkmen halkyna beýik sarpa goýmagynyň nyşanydyr.

**Soraglar:**

1. Jenaỳat jogapkärçiliginden boşatmak barada düşünje.
2. Jenaỳat jogapkärçiliginden boşatmakylygyň hukuk esaslary.
3. Jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmagy bilen jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy.
4. Çynlakaý ökünmegi mynasybetli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy.
5. Jebir çeken bilen ýaraşmagy esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy.
6. Ýagdaýyň üýtgemegine görä jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy.
7. Wagt möhletiniň dolmagy sebäpli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőŷmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. “Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky” kanuny. A., 2009
8. “Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky” kanuny. A., 2009
9. “Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky” kanuny. A., 2001

10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв.ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ:Отв.ред./проф.А.И. Рарог,М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
23. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У
24. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
25. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004

## Bap XVIII. Jezadan boşadylmagy. Iş kesilenlik aỳbynyň ýatyrylmagy we onuň öz-özünden aỳrylmagy

### §1. Jezadan boşadylmagy barada düşünje. Jezadan boşadylmagyň hukuk ýagdaýy. Jezadan boşadylmagyň esaslary

Ýökarda bellenen ýaly, iş kesilen edilen jenaýat üçin döwletiň adyndan kazyýetiň hökümi esasynda berilýän jeza temmisidir. Döwletiň mejbury çäresi hökmünde kazyýetiň hökümi bilen bellenýän jeza, jenaýat etmekde günäkär diýlip ykrar edilen adama ulanylýar. Jezadaň boşadylmagynyň esasynda iş kesilen adam jezageçmeginden doly ýa-da bölekleýyn boşadylýar. Jezadan boşadylmagynyň esasynda iş kesilen esasy ýa-da goşmaça jeza çäresini geçmekden boşadylýar. Esasy we goşmaça jeza çäresiniň dogry utgaşdyrylmagy, ony aýrybaşgalaşdyrmak ýörelgeleriniň yzygiderli amala aşyrylmagyna, jezanyň maksadyna has tiz ýetilmegine ýardam edýär, oňa görä-de kazyýetler her iş boýunça höküm çykaranlarynda goşmaça jezalary ulanmak meselesini, aýratyn hem agyr we aýratyn agyr jenaýatlary etmekde günäli bilnenlere ulanmak meselesini, ara alyp maslahatlaşmaklary gerek. Jenaýat kanunynyň jezalandyryş bölegi goşmaça jeza çäresini ulanmak ýa-da ulanmazlyk mümkinçiligini göz öňünde tutýan bolsa kazyýetler onuň ulanylýandygyny ara alyp maslahatlaşmaga we hökümiň delillendiriş böleginde gelnen çözgüdiň delillerini görkezmäge borçludyr. Şeýle ýagdaýlarda goşmaça jeza çäresiniň ulanylmaýanlygy, bu barada hökümiň netije böleginde görkezilmegini talap etmeýär. Jenaýat kanunynyň goşmaça jeza çäresi hökman diýlip görkezilen maddasy boýunça günäkäre iş kesilende, kazyýet diňe Türkmenistanyň JK-nyň 59-

njy maddasynda görkezilen şertler bar ýagdaýda, gelnen çözgüdiň delillerini hökmany suratda hökümde görkezip we hökümiň netije böleginde Türkmenistanyň JK-nyň 59-njy maddasyna salgylanyp, ol goşmaça jeza çäresini ulanman biler.

Şol hukuk ýagdaýlaryň ýüze çykmagi bilen iş kesilen adam babatda möhletden öň kazyýet aýyby hem ýatyrylyp bilner. Jezanyň esasynda jenaýat eden adamlar belli bir hukuklaryndan we azatlyklaryndan mahrum edilýärler ýa-da çäklendirýärler. Adamy günäkär diýlip hasap etmek we oňa jezany bellemek uçin jenaýat düzüminiň esasy alamatlaryny subut etmeli. Jenaýat jogapkärçiligi kazyýetiň hökmünde bellenen jezany çekmek bilen durmuşa geçirilýär. Şonuň esasynda jezanyň alamatlary şulardan ybarat bolup durýar:

1. Jeza adamy kanunalaýyk özüni alyp barmagy üçin döwlet mejbury çäresidir. Jeza diňe kazyýetiň hökümi bilen we döwletiň adyndan ulanylýar.
2. Jeza özüniň mazmuny we netijesiniň derejesi bilen beýleki çärelerden tapawutlanýar.
3. Jeza berk şahsy häsiýetde bellenýär we diňe iş kesilene gönükdirilen, ony başga bir adama geçirilip bilmaýar.
4. Jeza özüniň obýektiw mazmuny boýunça eden jenaýat etmişi üçin temmidir.

## §2. Jezadan boşadylmagyň görnüşleri. Jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmak. Jeza möhletiniň doldurylmadyk bölegini onuň ýeňilräk görnüşi bilen çalşyrmak. Agyr kesellik zerarly jezadan boşatmak. Göwreli aýallaryň we kiçi ýaşly çagalary bolan aýallaryň jezasyny çekmeginiň yza süýşürilmegi. Aýyplaw höküminiň wagt möhletiniň geçmegi sebäpli jeza möhletini doldurmakdan boşatmak

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 75-81-nji maddalarynda görkezilen esaslar ýüze çykan halatynda, kazyýetiň hökümi boýunça iş kesilen adamlar jezadan boşadylyp bilinýärler. Jezadan boşadylmagynyň esaslary şulardan ybaratdyr:

1. 75 madda. Jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmak
2. 76 madda. Jeza möhletiniň doldurylmadyk bölegini onuň ýeňilräk görnüşi bilen çalşyrmak
3. 77 madda. Agyr kesellilik zerarly jezadan boşatmak
4. 78 madda. Göwreli aýallaryň we kiçi ýaşly çagalary bolak aýallaryň jezasyny çekmegini yza süýşürmek
5. 79 madda. Günä yglan edýän hüküme wagt möhletiniň geçmegi sebäpli jeza möhletini doldurmakdan boşatmak
6. 80 madda. Günä geçme we rehim etme
7. 81 madda. Iş kesilenlik aýby

Iş kesilen adamyn günäsini yglan edýän kanuny güýjüne giren kazyýetiň hökümi, onuň jezany çekenine ýa-da çekmändigine garamazdan Türkmenistanyň Içeri Işler edaralarynyň düzüminden çykarmakylyga ýa-da işe kabul edilmezlige esas bolup durýar. Kazyýet edilenleriň umumy hukuk çäklendirmeleri, olara döwlet gullugynda bolmakylygy gadagan edýär. Etmiş edip, iş kesilen adamlar Türkmenistanyň

polisiýa edaralaryna, gümrük, howpsuzlyk we harby gulluklaryna gulluk etmäge kabul edilip bilinmez. Şeýle hem iş kesilen adamlar kazy, prokuror, sülçi we aklawçy wezipelerini eýeläp bilmez.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 75-nji maddasynda[1] **Jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmakylygynyň** düzgüni görkezilen, oňa laýyklykda:

Düzediş işlerinde işletmek, harby gulluk boýunça çäklengirmeler, azatlykdan mahrun edilmek görnüşindäki jeza çekmek möhletini dolduryan ýa-da harby-düzediş bölüminde saklanylçan adam, eger onuň düzelmegi üçin kazyýetuň bellän jezasyny çekmegiň möhletiniň doldurylmagy zerur däl diýlip, kazyýet tarapyndan ykrar edilse, jezadan şertleýin möhletinden öň boşadylyp bilner. Şonda ol adam goşmaça jezadan doly ýa-da bölekleýin boşadylyp bilner.

Jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmagy ulanmak bilen kazyýet şol adama TJK-niň 68-njy maddasynyň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan borçlary ýükläp biler, şol borçlary ol adam jeza çekmek möhletiniň galan böleginiň dowamynda ýerine ýetirilmelidir.

Jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmak iş kesilen adam tarapyndan hakyky jeza çekmek möhletiniň: a) uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýat üçin bellenilen jeza möhletiniň ýarysyndan az bolmadyk bölegini doldurandan soň; b) agyr jenaýat üçin bellenilen jeza möhletiniň üçin iki bölegini doldurandan soň; ç) aýratyn agyr jenaýat üçin bellenilen jeza möhletiniň, şeýle hem ozal jezadan şertleýin-möhletinden öň boşadylan adama bellenilen jezanyň dörtden üç bölegini doldurandan soň, eger şertleýin-möhletinden öň boşatmak şu

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., sah.37-38

maddanyň altynjy böleginde göz öňünde tutulan esaslar boýunça ýatyrylan bolsa, ulanylyp bilner.

Adamyn azatlykdan mahrum edilmek görnüşinde jezasyny çekmegiň hakyky möhleti alty aýdan az bolup bilmez. Şertleýin-möhletinden öň boşatmak jezalary ýerine ýetirýän edarasyň hödürlemegi boýunça iş kesileniňjezasyny çekýän ýerinde ýerleşýän kazyýet tarapyndan ulanylýar.

Şertleýin-möhletinden öň boşadylan Adamyn özüni alyp barşyna gözegçilik içeri işler organlary, harby gullukçylar babatda bolsa, harby bölümleriň we edaralaryň komandowaniýeleri tarapyndan amala aşyrylýar.

Eger jezanyň doldurylmadyk möhletiniň dowamynda:

a) iş kesilen adam jemgyýetçilik tertibini bozup, munuň üçin oňa administratiw temmi berlende ýa-da oňa şertleýin-möhletinden öň boşatmak ulanylanda, kazyýet tarapyndan öz üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmekden bilgeşleýin boýun gaçyrsa, şonda kazyýet şu maddanyň bäşinji böleginde görkezilen edarasyň ýazyp bermegi boýunça şertleýin-möhletinden öň boşatmagy ýatyrmak we jeza çekmek möhletiniň doldurylman galdyrylan bölegini berjaý etmek hakynda karar kabul edýär; b) iş kesilen seresapsyzlykdan täze jenaýaty amala aşyrsa, şeýle ýagdaýda şertleýin-möhletinden öň boşatmagy ýatyrmak ýa-da saklamak baradaky mesele kazyýet tarapyndan çözülýär; ç) iş kesilen bilkastlaýyn jenaýat etse, kazyýet oňa TJK-niň 64-nji maddasynda göz öňünde tutulan jezany belleýär. Eger kazyýet şertleýin-möhletinden öň boşatmagy ýatyrsa, seresapsyzlyk zerarly jenaýaty amala aşyran halatynda, jeza ýene şol düzgünler boýunça bellenilýär.

Şertleýin-möhletinden öň boşatmak şeýle adama ulanylmaýar: ozal aýratyn agyr jenaýat edeni üçin iş kesilen we täzeden agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat eden adama; aýratyn agyr residiw ýagdaýynda jenaýat edene.

Eger-de adam jezany çekmekden Türkmenistanyň JK-nyň 75-nji maddasynda (şertleýin möhletinden öň) görkezilen tertipde boşadylan bolsa ýa-da Türkmenistanyň JK-nyň 80-nji maddasynda (günä geçimek ýa-da rehim etmek boýunça) görkezilen tertipde şertli boşadylan bolsa we çekilmän galan möhlet günälilik aýbynyň öz-özünden aýrylmagy üçin Türkmenistanyň JK-nyň 81-nji maddasynda görkezilen möhletden uly bolsa, onda çekilmedik jeza möhleti geçip gutarýança günälilik aýby öz-özünden aýrylmaýar, sebäbi şunda jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegi synag möhleti bolup durýar.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 76-njy maddasynda[1] **Jeza möhletiniň doldurylmadyk bölegini onuň ýeňilräk görnüşi bilen çalşyrmakylygynyň** düzgüni görkezilen, oňa laýyklykda:

Uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýat üçin azatlykdan mahrum edilmek görnüşinde jeza möhletini dolduryan Adamyn jeza möhletiniň doldurylmadyk galan bölegini kazyýet onuň jeza çekmek möhletini doldurýan döwründe özüni alyp baryş ýagdaýyny göz öňünde tutmak bilen, jezanyň ýeňilräk görnüşi bilen çalşyryp biler. Şonda ol adam goşmaça jezadan doly ýa-da bölekleýin boşadylyp bilner.

Jeza möhletiniň doldurylmadyk galan bölegini onuň ýeňilräk görnüşi bilen çalşyrmak iş kesilen jezanyň hakyky möhletiniň azyndan üçden bir bölegini geçireninden soň ulanylyp bilner.

Jeza möhletiniň doldurylman galan bölegi çalşyrylanda jezanyň degişli görnüşi üçin bellenilen çäklerde, Jenaýat Kodeksiň 44-nji maddasynda sanalyp geçilen jezanyň degişli

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., sah. 38

görnüşlerine laýyklykda, kazyýet islendik has ýumşak çäräni saýlap biler.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 77-nji maddasynda[1] **Agyr kesellilik zerarly jezadan boşatmakylygynyň düzgüni** görkezilen, oňa laýyklykda:

Jenaýat edeninden soň öz hereketleriniň hakyky manysyna düşünmek ýa-da şolara ýolbaşçylyk edip bilmek mümkinçiliginden mahrum eden psihiki taýdan bozulma keseline uçran adam jezadan boşadylýar, jeza möhletini doldurýan adam bolsa, mundan beýläk möhletini doldurmakdan azat edilýär. Şeýle adama kazyýet lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri belläp biler.

Jenaýat edeninden soň jeza möhletini doldurmaga päsgel berýän başga bir agyr kesele sezewar bolan adam kazyýet tarapyndan jeza möhletini doldurmakdan boşadylyp bilner. Jenaýat edeninden soň zähmet çekmäge bolan ukybyny ýitiren ýa-da pensiýa ýaşyna ýeten adamlar kazyýet tarapyndan düzediş işleri görnüşindäki jezadan boşadylyp bilner. Maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen adamlar sagalan halatynda, eger TJK-niň 74-njy we 79-njy maddalarynda göz öňünde tutulan wagt möhleti geçmedik bolsa, jeza berilmegine degişli bolup biler.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 78-njy maddasynda[2] **Göwreli aýallaryň we kiçi ýaşly çagalary bolan aýallaryň jezasyny çekmegini yza süýşürmeklygynyň düzgüni** görkezilen, oňa laýyklykda:

Iş kesilen göwreli aýallara we sekiz ýaşyna çenli çagalary bolan aýallara, şahsyýete garşy agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýatlar üçin bäş ýyldan ýokary möhlete kazyýet

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., sah.39

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., sah.39-40

edilenlerden başgalaryna, kazyýet jeza möhletini doldurmagy çaga sekiz ýaşyna ýetýänçä yza süýşürip biler.

Eger şu maddanyň birinji böleginde görkezilen aýal iş kesileniňözüni alyp barşyna kontrollygy amala aşyrýan organ tarapyndan duýduryş berlenden soňra çagadan ýüz öwürse ýa-da çagany terbiýelemekden boýun gaçyrmagyny dowam edýän halatynda, kazyýet şol edarasyň haýyşnamasy boýunça şol aýalyň jeza möhletini doldurmagynyň yza süýşürilmegini ýatyryp biler we iş kesilenaýaly kazyýetuň hökümine laýyklykda jeza möhletini doldurmak üçin bellenen ýere iberip biler.

Çaga sekiz ýaşyna ýetensoň, iş kesilenaýaly kazyýet jeza möhletiniň galan bölegini doldurmakdan boşadýar ýa-da jezanyň galan bölegini has ýenil görnüşi bilen çalşyrýar ýa-da iş kesilenaýaly jeza möhletiniň galan bölegini doldurmak üçin degişli edara dolandyryp eltmek hakynda karar kabul edýär.

Eger iş kesilenaýal jezany doldurmak yza süýşürilen döwürde täze jenaýat etse, kazyýet TJK-niň 64-njy maddasy tarapyndan göz öňünde tutulan düzgünler boýunça oňa jeza belleýär.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 79-njy maddasynda[1] **Aýyplaw hököminin wagt möhletiniň geçmegi sebäpli jeza möhletini doldurmakdan boşatmakylygynyň** düzgüni görkezilen, oňa laýyklykda:

Jenaýat edendigi üçin iş kesilen adam eger günä yglan edýän höküm kanuny güýjüne giren gününden hasaplanylyp, şu aşakdaky möhletlerde ýerine ýetirilmedik bolsa, jeza çekmek möhletini doldurmakdan boşadylýar: a) uly bolmadyk agyr jenaýat üçin iş kesilende iki ýyl; b) ortaça agyr jenaýat üçin iş

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., sah.40

kesilendesekiz ýyl; ç) agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýat üçinň iş kesilendeon bäş ýyl möhletlerde ýerine ýetirilmedik bolsa.

Eger iş kesilen adam jeza möhletini doldurmakdan boýun gaçyrýan bolsa, müddetiň dowamy wagtlaýyn togtadylýar. Şeýle halatda şol adam tutulan ýa-da onuň öz günäsini boýun alyp gelen pursatydan wagt möhleti täzeden başlanýar. Günäkär adamyn jeza çekmek möhleti möhletini doldurmakdan boýun gaçyran pursatyna çenli geçen wagt möhleti hasaplanmaga degişlidir. Parahatçylyga we adamzadyň howpsuzlygyna garşy eden jenaýaty üçin iş kesilen adamlara wagt möhleti ulanylmaýar.

Özleri barada Türkmenistanyň JK-nyň 78-nji maddasyna laýyklykda jezany çekmek yza süýşürilen göwreli aýallar we kiçi ýaşly çagalary bolan aýallar, eger olar çaga sekiz ýaşyna ýetýänçä täze jenaýat etmedik bolsalar we çaga sekiz ýaşyna ýetensoň kazyýet iş kesileni galan jezany çekmekden boşadandan soň, olar günälilik aýby ýok diýlip hasap edilmeli. Aýyplaw höküminiň ýerine ýetirilmeginiň wagt möhletiniň geçirilmegi bilen jeza çekmekden boşadylan (Türkmenistanyň JK-nyň 79-njy maddasy) pursatdan başlap, adam günälilik aýby ýok diýlip hasap edilýär. Kazyýet tarapyndan bellenilen azatlykdan mahrum etmek jezasynyň çekilmedik bölegi Türkmenistanyň JK-nyň 76-njy we 80-njy maddalarynda görkezilen tertipde has ýeňil jeza bilen çalşylanda, günälilik aýby azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen hşkmünde öz-özünden aýrylýar we onuň möhleti has ýeňil jezanyň çekilip gutaran gününden başlap hasaplanmalydyr.

## §3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan ynsanperwerlik syýasaty. Günä geçmek (pomilowaniä)we rehim bermek (amnistiỳa)

Türkmenistanda ýaşaýan her bir adam, Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygyny bozan halatynda eýeleýan wezipesine, diline, jynsyna, dinine garamazdan, eden etmişi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmelidir. Şol adama, eden etmişine görä dowletiň adyndan kazyýetiniň hökümininiň esasynda degişli jeza çäresi bellenilýär. Jeza durmuş adalatlylygy dikeltmek, şeýle hem kazyýetde iş kesilen adamy düzetmek we täze jenaýatlaryň edilmeginiň öňüni almak maksatlary bilen ulanylýar. Jeza özüniň mazmuny we mejbury täsiriniň göwrümi bilen beýleki çärelerden tapawutlanýar. Jeza berk şahsy häsiýetde bolmak bilen, diňe kazyýetde iş seredilýäne, onuň günäsini boýnuna goýmak arkaly, onuň eden etmişine görä günäkäre gönükdirilýär. Günäkär jezasyny başga bir adama geçirilip bilmez. Jeza Iş kesilenlik aýybyny emele getirýär. Jemgyýetde jezanyň esasy maksady, jenaýat eden adamlary mejbury terbiýelemek, olaryň geljekde özlerini kanuna laýyk alyp barmaklaryny üpjün etmek we jemgyýete peýdaly raýatlaryň sanawyna goşmakylyk. Jezanyň esasy mazmuny günäkärleriň eden etmişine laýyklykda olaryň hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmekdir. Jeza, edilen ĵenaýat üçin bellenilen ýowuz çäre bolman, ol iş kesilenleri zähmete bolan ýokary ruhda täzeden terbiýelemäge, kanunyň doly we dogry ýerine ýetirilmegine, türkmen jemgyýetine hormat goýmaga we jemgyýetiň beýleki adamlary tarapyndan täze jenaýatlaryň bolmazlygyna örän ähmiýetli çäredir. Düzelmek we täzeden terbiýelenmek jenaýat işiniň derňelýän döwründen başlanýar, ol kazyýet seljerişi döwründe hem dowam edýär, şeýle hem jeza çäresini çekýän möhletinde hem-

de  Iş kesilenlikaýyby aýrylýança dowam edýär. Iş kesilenleri täzeden terbiýelemek  olary düzetmegiň esasy döwridir.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny we Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny alany bäri köp ähmiýetli we ynsanperwerlikli kanunlary kabul etdi. Türkmenistanyň   Halk Maslahaty 1999-njy ýylyň dekabr aýynda jemgiýetçilik durmuşyny kamilleşdirmek, ynsanperwerleşdirmek maksady bilen mukaddes "Gadyr gijesi" mynasybetli Rehim etme we Günä geçme hakynda Kanuny kabul etdi. Mukaddes hasaplanýan Oraza aýynyň tamamlanmagy bilen, halkyň isleglerini göz öňünde tutup bendilikdäki adamlary, ýagny öz etmişine puşman edýänleri ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn göz öňünde tutup olaryň günäsini geçmek barada ýörite kanuny  kabul edilýär. Ol ynsanperwerlikden, musulmançylykdan, adalatlylykdan, adamkärçilikden bir nyşan bolup, demokratik özgertmeleriň ugrunda edilen ynamly ädimdir. Türkmenistanyň Konstitusiyasynyň 53-nji maddasyna[1] laýyklykda Türkmenistanyn Prezidenti Günä geçmek  we Rehim etmek namalary   kabul etmäge haky bardyr.

Türkmen özüniň ynsanperwerlik, adalat we halallyk ýörelgelerine esaslanýan jemgyýetini, gülläp ösýän dünýewi, hukuk hem-de demokratik döwletini gurýar. Binýady berk tutulan ýurdumyzda adam iň belent gymmatlykdyr. Bu barada Türkmenistanyň Baş kanunynda hem görkezilendir: "Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy-adamdyr. Döwlet raýatyň öňünde jogapkärdir. Ol şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şert döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, namysyny, mertebesini we azatlygyny,

[1] Türkmenistanyň Konstituýasy. A., 2008, sah.31

şahsyýetine eldegrilmesizligini , tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar”.[1]

BMG-niň we beýleki halkara guramalarynyň ýörelgelerine we milli kanunçylyk kadalaryna pugta eýermek, olary durmuşa geçirmek, Adamyn ýaşamagy, onuň işlemegi we dynç almagy üçin ýurtda zerur bolan ähli şertleri döretmek Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatynyň we gündelik döwlet işiniň many-mazmunyna öwrüldi we türkmen jemgyýetiniň, onuň syýasatynyň halkara ähmiýetini artdyrýar, ynsanperwerligiň ajaýyp nusgasyny dünýä ýaýýar.

Türkmenistanda ölüm jezasy doly we ömürlyk ýatyryldy. Jenaýat ĵogapkärçiligine çekilen adama rehim etmek hakyndaky namanyň ulanmagy bilen, ol mundam beýläk temmi çäresini çekmekden boşadylyp bilner, ýa-da temmi möhleti gysgaldylyp, ýa-da temminiň ýeňil görnüşi bilen çalşylyp bilner. Günä geçmek namasy jenaýat jogapkärçiliginden, temmiden we beýlekilerden boşatmak üçin hukuk taýdan esas diýlip hasaplanýar. Jenaýaty amala aşyran adam günä geçme namasy esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar. Jenaýat edenligi üçin iş kesilen adam günä geçme namasyna laýyklykda jeza çekmekden doly boşadylyp bilner, bellelilen jeza kemeldilip ýa-da has ýeňli bilen çalşyrylyp bilner, şeýle adam goşmaça jezadan boşadylyp bilner. Günä geçmek çäresi belli bir takyk şahsy ýa-da birnäçe kesgitli şahslara degişli bolup durýar. Eden jenaýaty üçin iş kesilen adam Günä geçme namasy esasynda jezasyny çekmekden şertli ýa-da şertsiz boşadylyp, berlen jeza çäresi kemeldilip, jezasynyň has ýeňil görnüşi bilen çalşyrylyp bilner. Günä geçmek jenaýat edilendigi üçin iş kesilen adamlar barasynda geçirilýär. Türkmenistanyň Prezidentine Günä geçmek hakynda haýyşy

[1] Türkmenistanyň Konstitusiýasy, A., 2008, sah.11

bilen jenaýatkärleriň özi, olaryň dogan-garyndaşlary, edara, kärhana ýolbaşçylary, jemgyýetçilik guramalary we beýlekiler ýüz tutyp bilýärler. Eger-de jenaýatçy azatlykdan mahrym edilen ýerinde saklanýan bolsa, onda haýyşnama azatlykdan mahrum edilen ýerindäki ýolbaşçylyk tarapyndan gozgalýar. Rehim etmek hakyndaky haýyşnamalar esasynda Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda Günä geçmek permanyň esasynda iş kesilenler jezadan boşadylýar. Günä geçme diýlip – Döwlet tarapyndan iş kesileni jezadan boşadylmagyna ýa-da bellenen jezany has ýeňli bilen çalşyrylmagyna aýdylýar.

Günä geçme nama belli bir adama degişli bolup, haýsydyr bir jenaýaty edenligi üçin (köplenç agyr jenaýatlary) kazyýet tarapyndan iş kesilen adama duýgydaşlyk bildirmeklikdir. Günä geçme iş kesilen Adamyn eden işine çyn ýürekden ökünmeginden ýa-da eden etmişiniň jenaýatçylyklydygyna düşünip dogry ýola düşmeginden ugur alnyp ulanylýar. Biziň tejribämizde günä geçme arkaly berk jezalaryň ýeňil görnüşi bilen çalşyrylan ýagdaýlaryna köp gabat gelinýär. Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanda günä geçme Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýar we habar beriş serişdeleriniň üsti bilen, telewidinýa-da, radioda we metbugatda habar berilýär. Günä geçme arkaly ýekebir jezadan boşadylman ýa-da ýeňli bilen çalşyrylman, eýsem jeza çäresini çekip tamamlan adamlaryň Iş kesilenlikaýby hem aýrylyp bilner.

Günä geçme namasy bilen jenaýat eden adam jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar. Munuň özi adama jenaýat etmekde günä bildirilen bolsa, günä geçmek arkaly jenaýat jogapkärçiliginden boşatmagyň deslapky derňew ýa-da anyklaýyş mahaly geçirilýändigini aňladýar. Şeýle halatlarda günä bildirilýän adam özüni günäkär diýlip ykrar etmeýän

bolsa, aklamak esaslary boýunça işiň ýatyrylmagyny isleýän bolsa, günä geçmekden boýun gaçyryp biler. Eger günäkär adam günä geçme namasyna garşy däl bolsa, kazyýetiň serenjam beriji mejlisinde hem jenaýat işi ýatyrylyp bilner.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 12 babynda Çüňä çeçme, Rehim erme, iş kesilenlik aýby barada beýan edilen. TJK-niň 80-nji maddasynda "**Günä geçme we rehim etme** babatda şeýle görkezilen[1],

(1) Jenaýaty amala aşyran adam günä geçme namasy esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar. Jenaýat edenligi üçin iş kesilen adam günä geçme namasyna laýyklykda jeza çekmekden doly boşadylyp bilner, bellelilen jeza kemeldilip ýa-da has ýeňli bilen çalşyrylyp bilner, şeýle adam goşmaça jezadan boşadylyp bilner.

(2) Jenaýat edendigi üçin iş kesilen adam rehim etme namasy esasynda jeza çekmegiň mundan beýläkki möhletinden şertli ýa-da şertsiz boşadylyp bilner, oňa bellenilen jeza kemeldilip ýa-da has ýeňili bilen çalşyrylyp bilner.

(3) Eger şertli rehim edilen adam özüne bellenilen synag möhletiniň dowamynda gaýtadan bilkastlaýyn jenaýat etse, kazyýet oňa şu Kodeksiň 64 maddasynda göz öňünde tutulan düzgünler boýunça jeza belleýär".

Rehim etmek (amnistiýa) namasy esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşatmak. Jenaýat hukugynda amnistiýa düşünjesi, jenaýat eden şahsyýetleriň belli bir toparyny ýa-da ählisini jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da bellenilen jeza çäresini geçmekden doly ýa-da bölekleýin boşatmaga, jeza çäresini has ýeňil görnüşi bilen çalşyrmaga döwletiň ýörite ygtyýarly edaralaryna mümkinçilik berýän hukuk namasyny beýan edýär. "Amnistiýa" termini, grekçe "*amnestia*" sözünden gelip çykyp

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., sah.40-41

bagyşlamak manyny berýär. Amnistiýa namasy ol ýa-da beýleki jenaýat üçin jogapkärçiligi belleýän jenaýat kanunyny üýtgetmeýär we ýatyrmaýar, kazyýetiň anyk jenaýat işi boýunça çykaran hökümini inkär etmeýär.

Amnistiýa (Rehim etme) namasy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilýär we TJK-niň 80-nji maddasynyň 1-nji bölegi esasynda durmuşa geçirilýär, ýagny, jenaýaty amala aşyran adam rehim etme namasynyň esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar. Jenaýat edenligi üçin iş kesilen adam amnistiýa namasyna laýyklykda jeza çekmekden doly boşadylyp bilner, bellenilen jeza kemeldilip ýa-da has ýeňil bilen çalşyrlyp bilner, şeýle adam goşmaça jezadan hem boşadylyp bilner.

Amnistiýa umumy we bölekleýin bolup biler. Umumy bolanda TJK-de göz öňünde tutulan belli-belli maddalar boýunça ähli jenaýat eden adamlar babatynda ulanylýar. Bölekleýin bolanda amnistiýa namasy ýörite göz öňünde tutulan adamlar derejesina degişli bolýar. Rehim etme namasy esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy ulanylýar: jenaýat işini gozgamak döwrinde gozgamakdan ýüz döndermek barada karar; derňew döwrinde ýa-da derňew gutaryp, ýöne höküm çykarylmadyk işler babatynda jenaýat işini ýatyrmak baradaky karar; kazyýet derňewi döwrinde jenaýat işini ýatyrmak barada kazyýetiň kesgitlemesi.

Umymy kada boýunça amnistiýa, diňe amnistiýa namasy hukuk güýjüne girmezinden öň gutaran jenaýatlar babatynda ulanylýar. Şu ýerde ýene-de bir belläp geçmeli, amnistiýa uzaga çekýän we dowam edýän jenaýatlar babatynda, şol jenaýatlaryň iň soňky döwri hökman amnistiýa namasy çykmazyndan öň edilen bolmaly. Eger haýsy hem bolsa bir jenaýatçylykly hereketi amnistiýa namasy hukuk güýjüne girenden soň bolsa, rehim etmek onda ulanylmaýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň her ýylda iş kesilenleriň günäsini beýik ata-babalarmyzyň bize wesýet eden rehimdarlyk, adalatlylyk we ynsanperwerlilik baradaky ýörelgelerine goldanyp, türkmen jemgyýetiniň we her bir maşgalanyň agzybirligini, bütewiligini has-da pugtalandyrmak maksady bilen, jeza çäresi bellenilip, tussaglykda saklanýan adamlaryň günäsi geçilip, olar mundan beýläk esasy jeza çäresini, şeýle hem belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek görnüşindäki goşmaça jeza çärelerini çekmekden boşadyldy.[1]

Jenaýaty amala aşyran adam rehim etmek namasy esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar. Jenaýat edenligi üçin iş kesilen adam amnistiýa namasyna laýyklykda jeza çekmekden doly boşadylyp bilner, bellenilen jeza kemeldilip ýa-da has ýeňil bilen çalşyrylyp bilner. Özüniň mazmuny boýunça amnistiýa döwlet tarapyndan jenaýatça belent ynsanperwerligi aňladýar. Amnistiýa adamyn dürli alamatlary boýunça bir ýa-da birnäçe kategoriýalary gurşap alýar, ýaşy, jynsy, saglyk ýagdaýy, urşa gatnaşmagy we ş.m. Rehim etmek namasy kesgitli we anyk bolmadyk adamlara we adamlaryň toparlaryna ulanylyp bilner. Rehim etmek namasy jenayat eden adamlaryň tutuş toparyna ulanmaga mümkin, mysal üçin, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bar aýallara, kämillik ýaşyna ýetmediklere, birinji we ikinji topar maýyplara we beýlekilere. Rehim etmeginiň hukuk netijeleri dürli-dürli bolup biler: jenayat jogapkärçiliginden boşatmak; jezadan boşatmak; bellenilen jezany gysgaltmak; bellenilen jezany ýeňil görnüşi bilen çalyşmak; jezanyň goşmaça görnüşinden boşatmak; iş kesilenlik aýybyny aýyrmak.

Günä geçme iş kesilenlere döwlet ýolbaşçysy tarapyndan berilýär. Günä geçme hemişe jenaýaty amal aşyran aýry

[1] Türkmenistan gazýeti. Aşgabat. 17.02.2009

adamlara kanunyň temmisini ulanylmazlygy kesgitleýän döwlet ýolbaşçysynyň erkin namasydyr. Jenaýat edendigi üçin iş kesilen adam günä geçmek akty esasynda jeza çekmegiň mundan beýleki möhletinden şertli ýa-da şertsiz boşadylyp bilner, oňa bellenilen jeza kemldilip ýa-da has ýeňil bilen çalşyrp bilner. Jenaýat edenligi üçin iş kesilen adam günä yglan edýän höküm kanuny güýjüne giren gününden Iş kesilenlikaýybynyň öz-özünden aýrylýan ýa-da aýrylýan pursatyna çenli iş kesilenhasaplanýar.

Adamyn jezadan şertleýin möhletinden öň boşadylmagynyň we şertleýin günä geçiş ýa-da rehim ediş namasy bilen boşadylmagynyň, çekilmän galan jeza möhleti geçip gutarýança günälilik aýbyny möhletinden öň aýyrmaga kazyýetlere hukuk bermeýändigini,sebäbi kanunyň manysyna görä bu möhletiň synag möhleti bolup durýandygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.

Ýurdumyzyň köpýyllyk tejribesi esasynda günä geçmeklik meselesine iş kesileniň özüniň, onuň aklowjysynyň, hossarlarynyň, jemgyýetçilik guramalaryň, döwlet edaralarynyň, düzediş edaralaryň dolandyryş bolümleriniň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň haýyşnamasy esasynda garalýar. Eger-de olaryň haýyşnamasy topar tarapyndan garalman galdyrylan ýagdaýynda, onda bu haýyşnama bilen täzeden ýüz tutmakylyga bir ýyl geçenden soň hukuk berilýär.

Haýyşnamanyň mazmunynda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

- haýsy jenaýat boýunça iş kesilen,
- näçe möhlet bilen iş kesilen,
- haýsy kazyýet tarapyndan,
- öň kazyýet edilenmi,
- bellenen möhletiň näçe wagtyny oturan.

Haýyşnamanyň ýany bilen şu aşakdaky resminamalar berilmeli:

- hökümiň nusgasy,
- beýleki kazyýet çözgütleriniň nusgasy,
- iş kesileniň häsiýetnemasy (onuň özüni alyp barşy, zähmete we bilime garaýşy, öz eden etmişine garaýşy, düzediş edarasynyň günäsini geçmeklige getirýän esaslary teklipleri baradaky),
- ýörite anketa,
- sylaglary we bergini üzendigi baradaky delilnama.

Eger-de hökmany suratda garalmakylyga degişli edýän esaslar (iş kesileniň ýa-da onuň ýakyn hossarlarynyň ýarawsyzlygy) bar bolsa, onda haýyşnamanyň ýany bilen lukmançylyk gözegçiliginiň netijeleri, delilnamalary hem berilmelidir. Haçan-da ähli resminamalar doly derejede öwrenilenden we gerekli materiallar toplanandan soň bu ýörite topar tarapyndan iş boýunça gysgajyk delilnama taýarlanylýar we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

Jenaýat edenligi üçin iş kesilen adam rehim etme namasyna laýyklykda jeza çekmekden doly boşadylyp bilner, bellenilen jeza kemeldilip ýa-da has ýeňli bilen çalşyrylyp bilner, şeýle adam goşmaça jezadan hem boşadylyp bilner. Şeýle hem jeza çäresini çekip tamamlan adamdan bolsa, Iş kesilenlikaýby aýrylyp bilner.

Rehim etme namasy birnäçe gezek ulanylmakylyga göz öňünde tutlan. Rehim etmekligi ulanmakylygyň tertibi hakyndaky kararda rehim etmekligi amala aşyrýan hukuk goraýjy edaranyň ady görkezilýär we aýratyn ýagdaýlar boýunça düşündiriş berilýär. Ýagny rehim etme namasyna haýsy jenaýatçylykly etmişiň düşmeýändigi we haýsy görnüşdäki jenaýatçylykly etmişler düşýändigi görkezilýär. Emma rehim etmeklige degişli adamlaryň atlary görkezilmeýär.

Rehim etme namasy bilen jenaýat eden adam jenaýat jogapkärçiliginden boşadylýar. Munuň özi rehim etme arkaly jenaýat jogapkärçiliginden boşatmagyň, eger günäkär adama jenaýat etmekde günä bildirilen bolsa, deslapky derňew ýa-da anyklaýyş mahaly geçirilýändigini aňladýar. Şeýle halatlarda günä bildirilýän özüni günäkär diýlip ykrar etmeýän we aklamak esaslary boýunça işiň bes edilmegini zerur hasaplaýan bolsa, rehim etmekligi ulanmakdan boýun gaçyrylyp bilner. Rehim etme namasynyň ulanylmagy bilen, eger günäkär adam rehim etme namasyna garşy gitmeýän bolsa, kazyýetiň serenjam beriji mejlisinde hem jenaýat işi bes edilip bilner.

Eden jenaýaty üçin iş kesilen adam rehim etme namasynyň ulanylmagy bilen jezasyny çekmekden boşadylýar, bellenen jeza çäresi kemeldilip ýa-da has ýeňil jeza bilen çalşyrylyp bilner. Şeýle adam goşmaça temmi çäresinden hem boşadylyp bilner. Şulary hem göz öňünde tutmak gerekdir, ýagny eger kazyýete bermegiň stadiýasy geçen bolsa, onda kazyýet işe serenjam beriji mejlisinde gaýtadan garap we rehim etme namasyny ulanyp biler. Kazyýetiň bu hökmany rehim etme namasyny ulanmazlygy kazyýetiň ýalňyşlygy bolup durýar we munuň özi kazyýet çözgüdiniň ýatyrylmagyna ýa-da üýtgedilmegine getirýär.

Rehim etme arkaly jezadan boşadylýanlara şular degişlidir:

- kazyýetiň yglan eden, ýöne entek kanuny güýjüne girmedik hökümi esasynda iş kesilen adamlar,
- iş kesilip hökümi şikaýat edilen adamlar. Bu işlere kassasion tertipde rehim etme namasynyň hereket edýän döwründe garalýar. Şunda ikinji basgançakyly kazyýet hökümi (eger höküm başga esaslar boýunça üýtgedilmäge ýa-da ýatyrylmaga degişli bolmasa) üýtgewsiz galdyrýar we iş kesileni jezadan boşadýar.

Jezadan boşatmakylyk doly we bölekleýin bolup biler. Jezadan doly boşadylanda:

- esasy jezadan hem, goşmaça jezadan hem boşadylýar we Iş kesilenlikaýby ýatyrylýar.

Jezadan bölekleýin boşadylanda bolsa:

- çekmeli jezasy kemeldilýär,
- çekmeli jezasy tutuşlygyna ýa-da bir bölegi has ýeňli bilen çalşyrylýar,
- Iş kesilenlikaýby galdyrylyp esasy jezadan ýa-da goşmaça jezadan boşadylýar.

Rehim etme namasynyň her birinde lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri bellenen adamlary boşatmakylygyň tertibi görkezilendir. Şoňa laýyklykda spirtli içgilerinden ejir çekýän adamlar, neşekeşler, weneriki we inçe keseli bilen kesellän adamlar rehim etme esasynda diňe lukmançylyk bejergisini doly alanyndan we kesel ýaýratma howpuny aradan aýyran ýagdaýynda boşadylýar. Rehim etmeklik namasy hakyndaky kararyň kanuny güýjüne girýän güni kanun esasynda görkezilmedik we her gezekgi rehim etmede kanuny güýjüne girýän güni rehim etme namanyň özünde görkezilen. Rehim etmeklik döwrüniň möhleti hem namada görkezilen. Adatça bu möhlet alty aý bolup, şol möhletiň gutaran güni hem rehim etme namasy özüniň kanuny güýjüni ýitirýär.

Jenaýat kanunçylygynyň esasy wezipeleriniň biride jenaýatçylygyň öňüni almakdyr. Onuň kadalarynda jogapkärçiligin bolmagy üçin birnäçe günäni agyrladýan hem ýeňilledýän ýagdaýlaryň, edilen jenaýatçylyk etmişiniň jemgyýet üçin howplylyk derejesiniň we netijesiniň, şeýle-de günäkäriň şahsyýetiniň göz öňünde tutulyp, her bir günäkäre aýratynlykda jeza çäresiniň bellenmegi hem jenaýatyň agyr netijeleriniň öňüni almakda degişli täsirini ýetirip biler.

Aslynda jenaýat jezasynyň bellenmeginiň esasy maksady, jenaýaty eden adamlary düzetmek we gaýtadan terbiýelemekden ybaratdyr. Jenaýaty amala aşyran her bir adam üçin jenaýat jogapkärçiligi kesgitlenilip, jezasyny bellenen edarada çekýär. Başgaça aýdylanda, olar jeza çäresini çekmek bilen zähmet çekmekligi netijesinde terbiýelenýärler. Esasan hem jeza çäresini bellemegiň düýp mazmuny indiki amala aşyryljak jenaýatdan saklanmakylyk we onuň öňüni almakdan ybaratdyr. Ýagny jenaýatçylykly etmiş eden adamlary diňe jeza çerasini çekip azatlyga çykanlaryndan soňra terbiýelemän, eýsem jeza çäresini çekýän döwürleri terbiýelenýärler.

Jenaýatçylykly etmiş eden adamlaryň jeza çäresini çekýän döwürlerinde zähmet çekmekleriniň ýene-de bir ähmiýeti, olaryň zähmet çekmek bilen eline hünär almaklary bolup durýar. Bu bolsa, olaryň jeza çäresini çekip azatlyga çykanlaryndan soňra işe ýerleşmeklerinde uly ämiýeti bar. Jeza çäresini çeken ýa-da rehim etme we günä geçme esasynda jezadan boşadylan hem-de azatlyga çykan adamlara gözegçilik işini, olaryň ýaşaýan ýeri boýunça polisiýanyň ýerli wekilleri amala aşyrýar.

## §4. Iş kesilenlik barada düşünje. Iş kesilenlik aỳbyny aỳyrmak. Iş kesilenlik aỳbynyň öz-özünden aỳrylmagy

Iş kesilenlikaýby barada Türkmenistanyň JK-nyň 81-nji maddasynyň 1-nji böleginde şeýle düşündiriş berilýär: "**Iş kesilenlik aýby**[1]

(1) Jenaýat edendigi üçin iş kesilen adam günä yglan edýän höküm kanuny güýjüne giren gününden Iş kesilenlikaýbynyň öz-özünden aýrylýan ýa-da aýrylýan pursatyna çenli iş kesilen hasaplanylýar.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997, sah.41-42

(2) Iş kesilenlik aýby şeýle ýagdaýlarda öz-özünden aýrylýar:

a) şertli Iş kesilenler babatda synag möhletiniň dolmagy bilen;

b) azatlykdan mahrum etmekden has ýenil jeza çäresi bilen iş kesilen adamlar babatda bellenilen esasy we goşmaça jezasyny çekmek möhletini doldurmagy bilen;

ç) uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýaty edendigi üçin azatlykdan mahrum etmek bilen iş kesilen adamlar babatda esasy we goşmaça jezasyny çekmek möhletini dolduranyndan soň iki ýylyň geçmegi bilen;

d) agyr jenaýat edendigi üçin azatlykdan mahrum etmek bilen iş kesilen adamlar babatda esasy we goşmaça jezasyny çekmek möhletini dolduranyndan soň dört ýylyň geçmegi bilen;

e) aýratyn agyr jenaýat edendigi üçin iş kesilen adamlar babatda esasy we goşmaça jezasyny çekmek möhletini dolduranyndan soň alty ýylyň geçmegi bilen.

(3) Eger adam jeza çekmekden kanun arkaly bellenilen tertipde möhletinden öň boşadylan bolsa ýa-da jeza çekmegiň doldurylmadyk bölegi onuň has ýeňili bilen çalşyrylan bolsa, onda Iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmak möhleti esasy we goşmaça jezasyny çekmegiň hakyky möhletini doldurmagyndan ugur alnyp hasaplanylýar.

(4) Eger iş kesilen adam jeza çekmek möhletini dolduranyndan soň özüni bir kemsiz alyp baran bolsa, onda onuň haýyş etmegi boýunça kazyýet onuň Iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylýan möhleti gutarýança, ýöne bu möhletiň ýarysy dolmazdan öň däl, ondan kazyýet edilendigi aýryp biler”.

Iş kesilen adam kazyýetiň hökümi esasynda bellenen jezany çekmeklige we bellenen möhletiň dowamynda umumy hukuklaryndan çäklendirilip, özüne oňaýsyz bolan ýagdaýda

azatlykdan mahrum edilip, jemgyýetden üzňelikde saklanylmaga degişli edilýär.

Iş kesilenlik aýby jenaýat hukuk çäklendirme hökmünde:

- jenaýatlaryň residiwinde (JK-nyň 19-maddasy),
- jenaýatlaryň gaýtalanmagynda (JK-nyň 17-maddasy) we
- jeza bellenende (JK-nyň 58,62 maddalary) göz öňünde tutulýar.

Şeýle hem Iş kesilenlik aýby:

- kazyýet edilip kazyýet azatlykdan mahrum edilenlere düzediş edaralary

bellenilende, olaryň görnüşine öz täsirini ýetirýär (TJK-nyň 67-nji maddasy);

- jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagynda (TJK-nyň 71-73-nji maddalary);
- kämillik ýaşyna ýetmedik adamlara terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleri ulanmakylykda (TJK-nyň 89-nji maddasy) päsgelçilik döredýär;
- jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmakda (TJK-nyň 75-nji maddasy) mümkinçiligini çäklendirýär.

Käbir ýagdaýlarda bolsa, ýagny:

- Ogurlykda (TJK-nyň 227-nji maddasy),
- Kezzapçylykda (TJK-nyň 228-njy maddasy),
- Ynanylan emlägiň eýelenmeginde ýa-da harç edilmeginde (TJK-nyň 229-nji maddasy),
- Talaňçylykda (TJK-nyň 230-njy maddasy),
- Garakçylykda (TJK-nyň 231-nji maddasy),
- Gorkuzyp almakda (TJK-nyň 232-nji maddasy) iş kesilenlikaýby agyrlaşdyrýan ýagdaý hökmünde kesgitleýji nyşan bolup çykyş edýär.

Kanun iş kesileniň aýbyny kazyýetiň hökümi esasynda jezanyň bellenmegi bilen baglanyşdyrýar. Şeýle hem kanunyň

Adamyn iş kesilenlik aýbynyň aýrylmagyny esasy we goşmaça jeza çäresiniň çekilmegi bilen baglaşdyrýandygy sebäpli, adamyn jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy günäliligi döretmeýär. Wagt möhletiniň geçmegi we günä geçişligiň ulanylmagy (haçan-da ol jezanyň ulanylmagyny aradan aýyrýan bolsa) sebäpli jezadan boşatmak arkaly aýyplaw hökümininiň çykarylan halatlary hem günäliligi döretmeýär, sebäbi aýyplanylýan garşy bolmadyk ýagdaýynda, bu esaslar boýunça iş önümçilikden ýatyrylmaga degişlidir. Ýagny jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan adam iş kesilendiýlip hasaplanylmaýar.

Jenaýat jogapkärçiliginden boşadylan adamlara şular degişlidir:

- jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmagy bilen baglanyşyklylykda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy (TJK-nyň 70-njy maddasy),
- çynlakaý ökünmegi mynasybetli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy (TJK-nyň 71-nji maddasy),
- Jebir çeken bilen ýaraşmagy mynasybetli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy (TJK-nyň 72-nji maddasy),
- ýagdaýyň üýtgemegine görä jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy (TJK-nyň 73-nji maddasy),
- wagt möhletiniň dolmagy sebäpli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy (TJK-nyň 74-nji maddasy).

Ýöne, Türkmenistanyň jenaýat kanunynyň 75,77,78 we 79-njy maddalary esasynda jezadan boşadylan, şeýle hem rehim etmekligiň ulanylmagy (haçan-da ol jezanyň ulanylmagyny aradan aýyrýan bolsa hež)sebäpli jezadan boşatmak arkaly aýyplaw hökümininiň çykarylmagy umumy hukuk çäklendirmelerini doly aradan aýyrmaýar.

Iş kesilenlikaýbynyň öz-özünden ýa-da kazyýet tarapyndan aýrylmagy şu aşakdaky ýagdaýlarda öz-özünden aýrylýar:

- şertli iş kesilenlerbabatda synag möhletiniň dolmagy bilen,
- azatlykdan mahrum etmekden has ýeňil jeza çäresi bilen iş kesilen adamlar babatda bellenilen esasy we goşmaça jezasyny çekmek möhletini doldurmagy bilen,
- uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýaty edendigi üçin azatlykdan mahrum etmek bilen iş kesilen adamlar babatda esasy we goşmaça jezasyny çekmek möhletini dolduranyndan soň 2 ýylyň geçmegi bilen,
- agyr jenaýat edendigi üçin azatlykdan mahrum etmek bilen iş kesilen adamlar babatda esasy we goşmaça jezasyny çekmek möhletini dolduranyndan soň 4 ýylyň geçmegi bilen,
- aýratyn agyr jenaýat edendigi üçin iş kesilen adamlar babatda esasy we goşmaça jezasyny çekmek möhletini dolduranyndan soň 6 ýylyň geçmegi bilen.[1]

Eger adam jeza çekmekden kanun arkaly bellenen tertipde möhletinden öň boşadylan bolsa ýa-da jeza çekmegiň doldurylmadyk bölegi onuň has ýeňli bilen çalşyrylan bolsa, onda Iş kesilenlikaýbynyň öz-özünden aýrylmak möhleti esasy we goşmaça jezasyny çekmegiň hakyky möhletini doldurmagyndan ugur alnyp hasaplanylýar.

Iş kesilenlik aýbynyň dolunmagy diýen düşünjäniň hukuk ulanyş işinde möhüm ähmiýeti bardyr, sebäbi iş kesilenlik aýbynyň bolmagy bilen jenaýat jeza çäresini çekýän adam üçin ýaramaz hukuk netijeleri ýüze çykarýar.

Eger adam şertli iş kesilen bolsa, onda synag möhletiniň tamamlanmagy boýunça ol iş kesilenlik aýby bolmadyk

[1] Türkmenistanyň JK-ny, A., 1997, sah. 41

hasaplanylýar. Emma welin şeýle adama TJK-nyň 68-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda goşmaça temmi çäresi bellenilip bilner, aýdaly, belli bir wezipäni eýelemek we belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmegiň möhleti şertli iş kesileniň synag möhletinden ýokary bolsa hem-de şeýle halatda iş kesilenlik aýbyny doldurmakda kanunda görkezilişi ýaly synag möhletiniň tamamlanmagyndan ugur almak gerekdir.

Uly bolmadyk we ortaça agyrlykdaky, şeýle hem agyr we aýratyn agyr jenaýatlary eden adamlar üçin iş kesilenlik aýbyny dolmagyň möhleti esasy jeza çäresiniň hem, goşmaça jeza çäresiniň hem çekilmegi boýunça hasaplanylýar.[1]

Eger adam jeza çekmekden möhletinden öň boşadylan bolsa ýa-da çekilmedik jeza möhleti has ýeňil jeza bilen çalşyrylan bolsa, onda Iş kesilenlikaýbynyň dolunmaly möhleti esasy we goşmaça jeza çäresiniň hakykatda çekilen pursatyndan hasaplanylýar.

Eger azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jezanyň çekilmedik bölegi has ýeňil jeza bilen çalşyrylan bolsa, onda iş kesilenlik aýbyny dolmagy hasaplamagyň möhletiniň başlanmagy has ýeňil jeza çäresiniň çekilmegi boýunça başlanýar.

Türkmenistanyň Jenaýat kanunynyň 81-nji maddasynda täze jenaýat edilmegi ýa-da beýleki esaslar boýunça iş kesilenlik aýbynyň arasyny kesmek mümkinçiliginiň görkezilmändigi sebäpli, jenaýatlaryň her biri boýunça iş kesilenlik aýbynyň özbaşdak dowam edýändigini göz öňünde tutmak gerekdir.[1]

---

[1] Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007,sah.214

Şertleýin iş kesilende iş kesilenlik aýbynyň möhleti synag möhletiniň başlanmagyndan hasaplanylyp, synag möhletiniň tamamlanmagy bilen öz-özünden aýrylýar.

Şertleýin iş kesilende kazyýet synag möhletini belleýär, şol möhletiň dowamynda iş kesilen adam özüni alyp barşy bilen özüniň düzelendigini subut etmelidir.

On sekiz ýaşy dolmanka jenaýat eden adamlar üçin iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylýan möhleti jenaýat kanunyň 81-nji maddasynyň 2-nji böleginde göz öňünde tutulyşy boýunça gysgaldylýar we degişlilikde şulara deňdir:

- uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmek möhletini dolduranyndan soň bir ýyla,
- agyr jenaýat üçin jeza möhletini dolduranyndan soň üç ýyla,
- aýratyn agyr jenaýat üçin jeza möhletini dolduranyndan soň bäş ýyla.[1]

Eger jezadan şertleýin möhletinden öň boşadylan 18 ýaşyna ýetmedik adam tarapyndan täzeden jenaýat edilen bolsa we hökümleriň jemi boýunça jeza bellenen bolsa, onda birinji eden jenaýaty üçin bellenen jezany çekip gutaranyndan soňra öz-özünden aýrylýar.

Eger kämillik ýaşyna ýetmedikleri azatlykdan mahrum etmekden has ýeňil jezalar bellenilip iş kesilen ýagdaýynda, Iş kesilenlik aýby şu kanunyň 81-nji maddasynyň 2-nji böleginiň “A” we “B” böleklerinde görkezilen esaslar boýunça öz-özünden aýrylýar.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 81-nji maddasynyň 2-nji bendinde[1] bellenen iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden

---

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi . A., 1997, sah. 45

aýrylmak möhleti iş kesileniň kazyýet tarapyndan bellenen jezany (esasy, eger goşmaça jeza hem bellenen bolsa, onda soňkysyny) çekip doldurmagy esasynda boşadylan gününden başlap hasaplanylýar. Şuňa laýyklykda iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagy iş kesileniň eden Jenaýatyňyň agyrlyk derejesine baglydyr. Emma azatlykdan mahrum etmeklige garanyňda şertleýin iş kesilenwe has ýeňil jeza çäresi bellenilip iş kesilen adamlaryň iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagy, olaryň eden Jenaýatyňyň agyrlyk derejesine bagly däldir.

Her bir edilen jenaýat üçin iş kesilenlik aýbynyň möhleti özbaşdak hasaplanylýar. Birinji edilen jenaýat üçin iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagy, ikinji jenaýat üçin iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagyna päsgelçilik döretmeýär we iş kesileni düzediş edarasyndan has berk düzgünli düzediş edarasyna geçirmek üçin esas bolup durmaýar.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 81-nji maddasynyň 2-nji bendinde bellenen iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmak möhleti dolanyndan soň öz-özünden aýrylýar we munuň üçin ýörite çözgüt ýa-da karar çykarylmaýar. Şol adamlar tarapyndan täzeden jenaýat eden ýagdaýlarynda kazyýet edaralary Iş kesilenlikaýbynyň öz-özünden aýrylmagy baradaky meseleler boýunça zerur bolan ähli resminamalary öwrenmelidirler.

Haçan-da iş kesileniň aýbyny aýyrmaýan günä geçmek ýa-da rehim etmek namasy boýunça jeza çekmekden boşadylanda ýa-da kazyýetiň şertleýin möhletinden öň

---

[1] Türkmenistanyň jenaýat kodeksi . A., 1997, sah. 41-42

boşatmak hakyndaky kesgitnamasy bilen jezadan boşadylanda, onuň aýby Türkmenistanyň Jenaýat kanunynyň 81-nji maddasynda görkezilen möhletiň çäginde, degişlilikde ol möhleti günä geçişligiň ýa-da rehim edişligiň ulanylan gününden ýa-da kazyýet tarapyndan şertleýin möhletinden öň boşatmak hakyndaky kesgitnamanyň çykarylan gününden başlap hasaplamak bilen öz-özünden aýrylýar. Eger şunda goşmaça jeza çäresi çekilmäge degişli bolup galsa, onda iş kesilenlik aýbynyň aýrylmagy üçin möhleti goşmaça jeza çäresiniň çekilip tamamlanan gününden hasaplamaly.

Eger-de adam jezany çekmekden Türkmenistanyň Jenaýat kanunynyň 75-nji maddasynda (şertleýin möhletinden öň görkezilen tertipde boşadylan bolsa ýa-da Türkmenistanyň Jenaýat kanunynyň 80-nji maddasynda (günä geçişlik ýa-da rehim edişlik boýunça) görkezilen tertipde şertli boşadylan bolsa we çekilmän galan möhlet iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagy üçin Türkmenistanyň Jenaýat kanunynyň 81-nji maddasynda görkezilen möhletden uly bolsa, onda çekilmedik jeza möhleti geçip gutarýança iş kesilenlik aýby öz-özünden aýrylmaýar, sebäbi şunda jezanyň çekilip gutarylmadyk bölegi synag möhleti bolup durýar.[1]

Kazyýet tarapyndan bellenilen azatlykdan mahrum etmek jezasynyň çekilmedik bölegi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 76-njy we 81-nji maddalarynda görkezilen tertipde has ýeňil jeza bilen çalşylanda, iş kesilenlik aýby azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen hökmünde öz-özünden aýrylýar we onuň möhleti has ýeňil jezanyň çekilip gutaran gününden başlap hasaplanmalydyr.

---

[1] Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy Aşgabat-2007ý.

Eger-de jeza çäresini çeken adam iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmak möhleti geçýänçä ýene-de jenaýat etse, onda möhletini soňky jenaýat üçin jezany (esasy we goşmaça) çekenden soň hasaplamak bilen, olardan has agyr jenaýat üçin günälilik aýbynyň öz-özünden aýrylmak möhleti geçýänçä ol adam iki jenaýat üçin hem iş kesilen diýlip hasap edilýär.

Özleri barada Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 78-nji maddasyna laýyklykda jezany çekmek yza süýşürilen göwreli aýallar we kiçi ýaşly çagalary bolan aýallar, eger olar çaga 8 ýaşyna ýetýänçä täze jenaýat etmedik bolsalar we çaga 8 ýaşyna ýetensoň kazyýet iş kesilen galan jezany çekmekden boşadandan soň, olar iş kesilenlik aýby ýok diýlip hasap edilmeli.[2]

Aýyplaw höküminiň ýerine ýetirilmeginiň wagt möhletiniň geçirilmegi bilen jeza çekmekden boşadylan (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 79-njy maddasy) pursatdan başlap, adam iş kesilenlik aýby ýok diýlip hasap edilýär.

Iş kesilen özüni birkemsiz alyp baran mahaly we iş kesilenlik aýbyny doldurmagyň azyndan ýarpy möhletiniň geçmegi boýunça iş kesilenlik aýbynyň möhletinden öň aýrylmagyna ýol berilýär.

Eger iş kesilen adam jeza çekmek möhletini dolduranyndan soň özüni birkemsiz alyp baran bolsa, onda onuň haýyş etmegi boýunça kazyýet onuň Iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylýan möhleti gutarýança, ýöne bu möhletiň ýarysy dolmazdan öň däl, ondan kazyýet edilendigini aýryp biler.

---

[2] Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy Aşgabat-2007ý.

Eger synag möhletiniň dowamynda şertleýin iş kesilen özüni alyp barşy bilen özüniň düzelendigini subut etse, ýagny öz üstüne ýüklenilen borçlary göwnejaý ýagdaýda ýerine ýetirse, jemgyýete peýdaly zähmet bilen meşgullansa, durmuşda hem-de jemgyýetde özüni mynasyp alyp barsa, şertleýin iş kesileniň özüni alyp barşyna gözegçilik edýän edaranyň hödürlemegi boýunça kazyýet şertleýin kazyýet edilendigi ýatyryp we iş kesilenlik aýbyny aýryp biler.

Adamyn jezadan şertleýin möhletinden öň boşadylmagynyň we şertleýin günä geçiş ýa-da rehim ediş namasy bilen boşadylmagynyň, çekilmän galan jeza möhleti geçip gutarýança iş kesilenlik aýbyny möhletinden öň aýyrmaga kazyýetlere hukuk bermeýändigini, sebäbi kanunyň manysyna görä bu möhletiň synag möhleti bolup durýandygyny kazyýetler göz öňünde tutmalydyrlar.[2]

Iş kesilenlik aýbyny möhletinden öň aýyrmak baradaky meseläni çözende, jezany çekenden soň geçen wagty nazara almak bilen, Adamyn düzelendigini tassyklaýan jemgyýetçilik guramalary tarapyndan berilýän haýyşnamalary we maglumatlary kazyýetler ykjam barlamalydyrlar. Şunda iş kesilenlik aýbynyň möhletinden öň esassyz aýrylmagynyň, şeýle adamlar tarapyndan täze jenaýat ediläýende onuň hereketleriniň maddalaşdyrylyşyna täsir edýändigini we has ýeňil jeza ulanmakylyga getirýändigini nazara almaly.

**Soraglar:**

1. Jezadan boşadylmagy barada düşünje.
2. Jezadan boşadylmagyň esaslary.
3. Jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmak.

[2] Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007, sah. 214

4. Jeza möhletiniň doldurylmadyk bölegini onuň ýeňilräk görnüşi bilen çalşyrmak.
5. Agyr kesellik zerarly jezadan boşatmak.
6. Göwreli aýallaryň we kiçi ýaşly çagalary bolan aýallaryň jezasyny çekmeginiň yza süýşürilmegi.
7. Aýplaw hökümininiň wagt möhletiniň geçmegi sebäpli jeza möhletini doldurmakdan boşatmak.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan ynsanperwerlik syýasaty.
9. Günä geçmek (pomilowaniä)we rehim bermek (amnistiỳa).
10. Iş kesilenlik barada düşünje.
11. Iş kesilenlik aỳbyny aỳyrmak.
12. Iş kesilenlik aỳbynyň öz-özünden aỳrylmagy.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőŷmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. "Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky" kanuny. A., 2009
8. "Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky" kanuny. A., 2009
9. "Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky" kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009

11. “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ:Отв.ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
23. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У
24. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
**25.** Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004
**26.** Матвеев М.П. Погашение и снятия судимости. М., 1964
**27.** Зельдов С.И. Освобождение от наказания и его отбывности. М., 1982

## Bap XIX. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işleri barada umumy düşünje

### § 1. Kämillik ýaşyna ýetmedikler barada düşünje. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jogapkärçiliginiň aýratynlyklary. Kämillik ýaşyna ýetmediklere jezanyň bellenmeginiň tertibi

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat etmegine garşy göreşmek işi jenaýatçylyga garşy alnyp barylýan bütin göreşiň esasy ugurlarynyň biridir. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatçylygy diýen düşünje ýaş çäkleri bilen baglanyşyklydyr. Şonuň bilen birlikde hem şol jenaýatyň ösüş –artyş meýline täsir edýän birnäçe ýagdaýlar ýaş ýetginjekleriň arasynda duş gelýär. Kämillik ýaşyna ýetmedikler diýlip jenaýat hukugynda 14 ýaşdan 18 ýaş aralygyndaky adamlara aýdylýar. Olar öz gezeginde TJK-niň 21-nji maddasyna[1] laýyklykda iki topara bölünýär:

1-nji topar 14 ýaşdan 16 ýaş aralykda.

2-nji topar 16 ýaşdan 18 ýaş aralykda.

**“Jenaýat jogapkärçiliginiň düşýän ýaşy**

1) Jenaýat jogapkärçiligine jenaýat eden wagtyna çenli on alty ýaşy dolan adamlar düşýär.

2) On dört ýaşdan on alty ýaşa çenli bolan adamlar jenaýat edende, bilkastlaýyn adam öldürendigi üçin (101 madda), saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirendigi üçin (107 madda), saglyga bilkastdan orta agyrlykdaky şikes ýetirendigi üçin (108 madda), zorlandyş üçin (134 madda), ogurlyk edendigi üçin (227 madda), talaňçylyk edendigi üçin (230 madda), garakçylyk edendigi üçin (231 madda), gorkuzyp

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.11-12

alandygy üçin (232 madda), kesekiniň ulag serişdesini bikanun eýeländigi üçin (234 madda), emlägi bilkastda ýok edendigl ýa-da zaýalandygy üçin (235 maddanyň ikinji bölegi), ýaragy, ok-därileri, partlaýjy maddalary we partladyjy enjamlary ogurlandygy ýa-da gorkuzyp alandygy üçin (291 madda), neşe serişdeleri ýa-da psihotrop jisimleri satmak maksady bilen bikanun taýýarlandygy, gaýtadan işländigi, edinendigi, saklandygy, daşandygy, iberendigi üçin (292 madda), neşe serişdeleri ýa-da psihotrop jisimleri ogurlandygy ýa-da gorkuzyp alandygy üçin (294 madda) jenaýat jogapkärçiligine degişlidir".

Kämillik ýaşyna ýetmediklere jeza çäresi bellenilende kanun boýunça on bäş ýyldan artyk jeza çäresi bellenilmeýär. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň edýän jenaýatlarynyň köpüsine daş-töwerekdäkiler ýaşlyk etmegiň netijesi, bezzatlyk hökmünde garalýar.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatçylygy köp derejede şol jenaýatçylyga garşy alnyp barylýan göreşiň ýagdaýyna hem-de ýetginjekleriň özleriniň boş wagtyny geçirişine, maşgalanyň, terbiýeçilik edaralarynyň, jemgyýetçiligiň durmuş taýdan gözegçilik edişiniň derejesine baglydyr. Kämillik ýaşyna ýetmedikleri tarapyndan jenaýatlaryň azalmagyny gazanmak üçin ýetginjekler bilen öňüni alyş işlerini işjeň alyp barmaly, esasy alyp barmagyň guramaçylykly merkezi ýaşlaryň ýaşaýan ýeridir.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň edýän jenaýatçylygynyň aýratynlyklary şu aşakdakylar ýaly häsiýetlendirilýär:

- **Eýeçilike garşy jenaýatlar (Ogurlyk, Talaňçylyk, Başga biriniň ulag serişdesini bikanun eýelemek we ş.m.).**
- **Jemgyýetçilik howpsuzlygyna we jemgyýetçilik tertibine garşy jenaýatlar (Huligançylyk we s.m.).**

## Çyzgy №63. Jenaýat jogapkärçiliginiň ýaşy

Jenaýat jogapkärçiligine jenaýat eden wagtyna çenli 16 ( on alty ) ýaşy dolan adamlar düşýär

14 ( on dört ) ýaşdan 16 ( on alty ) ýaşa çenli ýaşdaky

1) bilkastlaýyn adam öldürendigi üçin ( nyň
2) saglyga bilkastdan agyr şikes ýetirenligi üçin (107
3) saglyga bilkastdan orta agyrlykdaky şikes ýetirenligi üçin
4) zorlandygy üçin (134
5) ogurlyk edenligi üçin (227
6) talaňçylyk edenligi üçin (230
7) garakçylyk edenligi üçin (231
8) gorkuzyp alanlygy üçin (232
9) kesekiniň transport serişdesini bikanun eýeländigi üçin
10) emlägi bilkastdan ýok edenligi ýa nji maddanyň 2
11) ýaragy, ok
12) narkotiki serişdeleri ýa

- **Zorluk ulanylypedilýän jenaýatlar (Saglyga bilkastdan şikes ýetirmek we ş.m.).**

Kämillik ýaşyna ýetmedikleri jenaýat etmekligine uly, öň iş kesilen adamlar itergi berýärler. Şol ýagdaýlary göz öňünde tutyp, Jenaýat kodeksinde degişli maddalar beýän edilen.

“**155 madda. Kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýat etmäge çekmek**[1]

(1) On sekiz ýaşyna ýeten adam jenaýat etmäge kämillik ýaşyna ýetmedigi çekse,

üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Ata-ene, bilim-terbiýeçilik işgäri ýa-da kanun arkaly kämillik ýaşyna ýetmedik hakda alada etmek borçlary üstüne ýüklenen başga adam tarapyndan şonuň ýaly etmiş edilse,

üç ýyla çenli belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(3) Şu maddanyň birinji ýa-da ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan etmişler fiziki zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmak bilen amala aşyrylsa,

dört ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(4) Kämillik ýaşyna ýetmedigi guramaçylykly jenaýatçylykly topara ýa-da jenaýatçylykly bileleşige çekmek bilen ýa-da aýratyn agyr jenaýaty etmäge çekmek bilen baglanyşykly şu maddanyň birinji, ikinji ýa-da üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan etmişler üçin,

bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär”.

Ýa-da **TJK-niň 156-njy maddasy “Kämillik ýaşyna ýetmedigi jemgyýete garşy hereketler etmäge çekmek**[1]

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.70-71

(1) Kämillik ýaşyna ýetmedik adamy spirtli içgileri yzygiderli içmäge, seri dumanladyjy maddalary lukmançylyk däl ýagdaýda kabul etmäge, sergezdançylyk ýa-da gedaýçylyk bilen meşgullanmaga çekene,

iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

(2) Şonuň ýaly etmiş:

a) gaýtadan edilse;

b) fiziki zorluk ulanmak ýa-da ony ulanmak haýbatyny atmak bilen edilse,

dört ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär".

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň belli bir şertlerde jenaýat edip biljek şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde şu aşakdaky jenaýata ýol berýän ýagdaýlar aýgytly orun oýnaýarlar:

a) Maşgaladaky ýaramaz täsirleri. Maşgala terbiýesinde goýberilen düýpli kemçilikler köplenç şahsyýetiň bibaş kemala gelmeginde, soňra bolsa anyk ýetginjekleriň jenaýatçylyk ýoluna düşmeginde ýüze çykýar.

b) Ýakyn töwerekdäki ýaramaz täsirler, munuň özi durmuşda, okuwda, önümçilikde we başga ýerlerde ýetginjekleriň öz deň-duşlarynyň ýa-da uly ýaşly adamlaryň edýän ýaramaz täsiri bilen baglanyşyklydyr. Bu ýetginjekler belli bir toparda bolup, şol toparyň gadyr-gymmatyny bilip, şol toparyň ýolbaşçysyna öýkünjek bolup hem-de özleriniň daşky sypaty we gylyk-häsiýeti boýunça şol ýobaşça meňzejek bolup çalyşýarlar.

d) Uly ýaşly jenaýatçylaryň meçew bermegi.

d) Uzak wagtlap belli bir zähmet bilen meşgullanmazlyk. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň okuwyny taşlamaklary hem

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi.A., 1997, sah.71

olarda jemgyýete ýat garaýyşlaryň hem endikleriň döremegine sebäp bolýar.

1989-njy ýylyň noýabr aýynyň 20-sine Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen **"Çaganyň hukuklary hakyndaky"**[1] konwensiýa-da çagalaryň ynjadylmagynyň aňsatdygy sebäpli aýratyn alada we goramaga mätäçdigi tassyklanylýar, goramak boýunça esasy aladanyň we jogapkärçiligin maşgala degişlidigi nygtalýar. Onda şeýle hem çaganyň dogulmagyndan öň we soň hukuk taýdan goralmagynyň, çaga degişli bolan halkyň medeni gymmatlyklaryny hormatlamagyň möhümdigi hem-de çaganyň hukuklaryny goramakda halkara hyzmatdaşlygyna jana-jan möhüm ornuň degişlidigi nygtalýar.

Şeýle hem çagalaryň aýratyn alada we kömege hukugynyň bardygy, maşgalanyň, jemgyýetiň esasy öýjügi we onuň agzalarynyň, aýratynda çagalaryň ösmegi we abadançylygy üçin tebigy gurşaw bolandygy sebäpli oňa jemgyýetiň çäklerindäki borçlaryny öz üstüne doly alyp bilmegi üçin zerur goragyň ýardamyň berilmegini, çaganyň şahsyýetiniň doly we sazlaşykly ösmegi üçin maşgala gurşawynda, bagtyýarlyk, söýgi we ýagdaýynda ösmekligi zerur diýlip hem-de hiç bir çaga gynamalara, rehimsiz çemeleşmä ýa-da jeza, bikanun tussaga ýa-da azatlykdan mahrum edilmäge sezewar edilmeli däl. Azatlykdan mahrum edilen islendik kämillik ýaşyna ýetmedik munuň özi onuň has oňat bähbitlerine laýyk gelýär diýlip hasap edilenden başga ähli halatlarda uly ýaşlylardan aýry saklanylmaly. Saklanylan kämillik ýaşyna ýetmedigiň hukuk kömegine we beýleki kömege, şeýle hem öz maşgalasy bilen gatnaşyk saklamaga hukugy bardyr.

---
1

Her bir kämillik ýaşyna ýetmedik hukuk bozujylar barada adyl kazyýetligi amala aşyrylan mahalynda onuň mertebesine we ähmiýetine düşünmek duýgusyny ösdürmäge ýardam edýän, onuň ýaşyny nazara alýan we onuň jemgyýete täzeden goşulyşmagyna gönükdirilen usulynyň ulanylmagyna hukugy bar we onuň esasy kepillendirmelere, şeýle hem goranyş mahaly hukuk kömegine we beýleki kömege hukugy bar. Kazyýet seljerişini geçirmekden we azatlykdan mahrum ediş ýerlerinden saklamakdan mümkin boldugyça saklanmaly diýlip ykrar edilýär.

Biziň Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde kämillik ýaşyna ýetmedikler beýleki döwletlere garanyňda jenaýaty az edýärler.

## § 2. Kämillik ýaşyna ýetmediklere bellenýän jezalaryň görnüşleri. Jerime düzediş işleri. Azatlykdan mahrum etmek

Jenaýaty amala aşyran pursatynda on dört ýaşyny dolduran, ýöne on sekiz ýaşy doldurmadyklar, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar diýlip ykrar edilýär. Degişli ýaşa ýetilen pursat doglan senesine gabat gelýän günüň yz ýanyndaky günüň başlanýan wagty hasaplanylýar. Şol umumy düzgünlerden ugur alyp, jenaýat işini amala aşyran kämillik ýaşyna ýetmediklere jeza çäresi ýa-da şolara terbiýeçilik täsirli mejbury çäreler ulanylyp bilner. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça önümçiligiň aýratynlyklary jenaýat prosesinde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine has doly üpjün etmegine, hakykaty ýüze çykarmagyň goşmaça kepillendirmelerini, şeýle hem hukuk bozujy we ony gurşap alýan adamlar barada terbiýeleýiş-öňüni alyş täsir etmegi üçin

zerur şertleriniň döretmeginiň maksat edinmekden ýbarat bolup durýar.

Şu görnüşli işler boýunça jenaýat kazyýet önümçiliginiň düzgünleri jenaýat jogapkärçiligine çekilýän adamýn kanunda bellenen ýaş (psihiki taýdan sagdynlygy we beýleki) häsiýetlerini göz öňünde tutýar. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça önümçiligiň tertibini sazlaýan kadalar jenaýaty eden pursatyna çenli on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlar üçin ulanylýar. Şonuň bilen bilelikde bu adam doglan gününde dälde, onuň ertesi güni kämillik ýaşyna ýeten diýlip hasap edilýär. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 82-nji maddasynda[1] bellenilişine görä, jenaýaty amala aşyran pursatynda on dört ýaşyny dolduran, ýöne on sekiz ýaşy doldurmadyklar, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar diýlip ykrar edilýär. Degişli ýaşa ýetilen pursat doglan senesine gabat gelýän güniň yz ýanyndaky günün başlanýan wagty hasaplanylýar.

On sekiz ýaşyna çenli jenaýat eden adamy jenaýat jogapkärçiligini Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat jogapkärçiligi düzgunleşdirýän bölüminiň maddalary arkaly kesgitlenilýär. Jenaýat işini amala aşyran kämillik ýaşyna ýetmediklere jeza çäresi ýa-da şolara terbiýeçilik täsirli mejbury çäreler ulanylyp bilner.

Adamyn ýaşy kazyýet lukmançylyk ekspertizasy tarapyndan anyklanan mahalynda, eger ekspert Adamyn doglan ýylyny kesgitlese, onda onuň görkezen ýylynyň iň soňky güni Adamyn doglan güni diýlip hasap edilmeliýär. Eger ekspert Adamyn mümkin bolaýjak iň ýokary we iň pes ýaşyny görkezse, onda onuň pes bolan ýaşy göz öňünde tutulyp, şol Adamyn ýaşy diýlip hasap edilýär.

---

[1]Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997. Sah.42

Şu aýdylanlaryň esasynda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işleriniň önümçilikleri barada aýdylanda şu netijä gelmek bolýar

1. Derňew hereketleri geçirilende, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça sorag edilende, jenaýat işi bilen tanyşdyrylanda, ýagny ähli derňew hereketleri geçirilende kämillik ýaşyna ýetmedikleriň kanuny wekilleriniň gatnaşmaklarynda geçirilmeli. Kanuny wekiller diýilende enesi-atasy, hossary ýa-da howandary ýa-da mugallymy gatnaşdyrylmalydyr.
2. Kämillik ýaşyna ýetmedikleri tutup saklananda, deslapky derňewde we kazyýetde sorag edilende we beýleki ähli derňew hereketleri geçirilende hökman aklawjy gatnaşdyrylmalydyr.

**TJK-niň 83-nji maddasynda jezanyň bellenilmeginiň esasy düzgünleri görkezilendir[1].** Kämillik ýaşyna ýetmedige jeza bellenilende onuň ýaşaýyş we terbiýeleniş şertleri, psihiki ösüş derejesi, şahsyýetiň beýleki aýratynlyklary, jenaýatyň äheňi, şeýle hem uly ýaşly adamlaryň we beýleki kämillik ýaşyna ýetmedikleriň täsiri göz öňünde tutulýar. Kämillik ýaşyna ýetmezlik jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan beýleki ýagdaýlar bilen bilelikde göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jogapkärçiliginiň aýratynlyklary şulardan ybaratdyr, **“84 madda. Jezanyň görnüşleri[2]**

(1) Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin jezanyň görnüşleri şulardyr:

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997. Sah.42
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997. Sah.42-43

a) jerime;

b) düzediş işleri;

ç) azatlykdan mahrum etmek”.

Diýmek, uly ýaşly adamlardan tapawutlylykda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň garşysyna diňe üç sany jenaýat jeza çäreleri bellenilip bilinýär. Ýagny, Jenaýat kodeksiniň 84-nji maddasyna laýyklykda olara diňe şu aşakdaky jeza çäreleri bellenilýär:

a) jerime;

b) düzediş işleri;

ç) azatlykdan mahrum etmek.

Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti azatlykdan mahrum etmek bilen baglanyşykly bolmadyk jeza çärelerine iş kesilen kämillik ýaşyna ýetmedikleriň üstünden gözegçilik etmegini güýçlendirmek, olary düzetmek we terbiýelemek baradaky işine jemgyýetçiligiň we zähmetkeşlik toparlarynyň wekillerini giňden gatnaşdyrmak, kazylaryň kämillik yaşyna ýetmedikler baradaky toparlary, kärdeşler arkalaşyklary, ýaşlar, sport, hünär öwrediş guramalary we bilim edaralary bilen ýakyn işewür aragatnaşyklary berkitmek barada nygtap görkezýär.[1]

Jenaýat kodeksine laýyklykda jenaýat eden kämillik ýaşyna ýetmediklerine jenaýatçynyň ýetiren zyýanyny töletmek, belli bir wezipeleri eýelemek ýa-da belli-belli işler bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek, döwlet sylaglaryndan, harby we beýleki atlardan kesmek ýa-da emlägini döwlediň haýryna geçirmek ýaly jeza çäreleri ulanylyp bilinmez.

[1] Kemala gelmedikleriň jenaýatçylygy hakyndaky olaryň jenaýatçylykly işiň we jemgyýete garşy başga hereketlere çekilmegi hakyndaky işler boýunça kanunçylygyň kazylar tarapyndan ulanylyşynyň iş ýörelgeleri hakyndaky karar. A., 1997

**Jerime TJK-niň 85-njy maddasy**[1] bilen göz öňünde tutulan çäklerde salynýan, jeza bellenilýän pursatyna çenli Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň belli bir sanyna laýyk gelýän möçberinde pul töletmekdir. Jerime diňe özbaşdak girdejisi bar bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler babatda ulanylýar we zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ikisinden ýüzüsine çenli bolan çäklerde bellenilýär. Jerimäniň möçberi edilen jenaýatyň agyrlygyna baglylykda, iş kesileniň emläk ýagdaýy nazara alnyp, kazyýet tarapyndan bellenilýär. Jerime goşmaça jeza görnüşinde, eger ol degişli jenaýat üçin gös-göni jogapkärçiligi kesgitleýän kadada diňe goşmaça jeza hökmünde göz öňünde tutulan bolsa, diňe şeýle halatlarda bellenilip bilner. Kazyýet tarapyndan esasy jeza çäresi hökmünde bellenen jerimäni töledip almaga mümkinçilik bolmadyk halatynda ýa-da jerimäni tölemekden bilgeşleýin boýun gaçyrylan halatynda, düzediş işlerinde işletmegiň bir aýyny zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberi üçin bir aýynyň hasabyna almak bilen jerime kazyýet tarapyndan düzediş işleri bilen, ýöne iki ýyldan köp bolmadyk möhlete çalşyrylýar.

**“86 madda. Düzediş işleri**[2]

(1) Düzediş işleri diňe on alty ýaşyna ýeten, zähmet çekmäge ukyply kämillik ýaşyna ýetmediklere özleriniň iş ýerlerinde, eger kämillik ýaşyna ýetmedik işlemeýän we okamaýan bolsa, iş kesileniňýaşalýan ýeriniň çägindäki başga ýerlerinde bir ýyla çenli möhlet bilen ulanylýar.

(2) Kämillik ýaşyna ýetmedikler düzediş işleriniň möhletini doldurmakdan bilkastlaýyn boýun gaçyran

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997. Sah.43

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997. Sah.43

ýagdaýynda kazyýet düzediş işleriniň doldurylmadyk möhletini azatlykdan mahrum etmek bilen çalşyryp biler, emma onuň möhleti dört aýdan köp bolmaly däldir. Düzediş işlerini azatlykdan mahrum etmek bilen çalşyrmak şu Kodeksiň 50-njy maddasynyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan düzgünler boýunça geçirilýär”.

Azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen kämillik ýaşyna ýetmedikler jeza möhletini terbiýeleýiş edarasynda çekýärler. Türkmenistanyň JK-nyň 67-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda kazyýetiň hökmünde azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen kämillik ýaşyna ýetmedigiň jezasyny terbiýeleýiş edarasynda çekdirmeli diýlip beýan edilmegi ýeterlikdir we onuň on sekiz ýaşyna ýetenden soň jeza çekmek üçin geçirilmeli düzediş edarasynyň görnüşini hökümde kesgitläp görkezmeklik talap edilmeýär. On sekiz ýaşyna ýetmän jenaýat eden, ýöne höküm çykarylan pursatyna çenli on sekiz ýaşan azatlykdan mahrum etmeklige iş kesilen adamlaryň jeza çäresini çekmeli ýerleri kesgitlenende bolsa, olara uly adamlara bellenilýän düzediş edaralarynyň degişli görnüşi saýlanyp alynmalydyr. Höküm çykandan soň on sekiz ýaşyna ýeten iş kesileni degişli düzediş edarasyna ýa-da mejbury göçürilip eltilen ýerlere (koloniýa – poseleniýalara) geçirmek baradaky mesele, kazyýet tarapyndan görkezilen tertipde çözülýär.

**“87 madda. Azatlykdan mahrum etmek**[1]

(1) Kämillik ýaşyna ýetmedikleri azatlykdan mahrum etmek on ýyldan ýokary bolmadyk möhlete, aýratyn agyr jenaýat üçin bolsa on bäş ýyldan ýokary bolmadyk möhlete bellenilýär.

---

[1] Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Ginişleýin mejlisiniň Kararlarynyň ýygyndasy.A., 2007.sah.117-121

(2) Höküm çykarylan pursatynda on sekiz ýaşyna ýetmedik adama azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza möhletini doldurmak terbiýeleýiş edarasynda bellenilýär”.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň eden jenaýatlary baradaky arzalara we habarlara garamak hem-de barlamak, jenaýat işini gozgamak baradaky soragy çözmek jenaýat-prosessual kanuny tarapyndan kesgitlenen umumy tertipde amala aşyrylýar. Şonuň bilen bilelikde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň garşysyna jenaýat işini gozgamak baradaky meseläni çözmek üçin Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň baş jemliginiň berýän düşündirişlerinden ugur almaly. Onda hukuk goraýjy edaralar tarapyndan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň çaga garagollyk häsiýetini, uly bolmadyk hukuk bozulmalary, şeýle hem öz ene-atalaryndan ýa-da bile ýaşaýan maşgala agzalaryndan eden ogurlygy üçin, eger jebir çekenleriň özleri ýetginjegi jenaýat jogapkärçiligine çekmegini sorap degişli ederalara ýüz tutmadyk bolsalar, onuň garşysyna jenaýat jeza çärelerini ulanmaly däldigi barada aýdylýar.[1]

Kämillik ýaşyna ýetmedige jeza bellenilende onuň ýaşaýyş we terbiýeleniş şertleri, psihiki ösüş derejesi, şahsyýetiniň beýleki aýratynlyklary, jenaýatyň äheňi, şeýle hem uly ýaşly adamlaryň we beýleki kämillik ýaşyna ýetmedikleriň täsiri göz öňünde tutulýar.

Kämillik ýaşyna ýetmezlik jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan beýleki ýagdaýlar bilen bilelikde göz öňünde tutulýar.

---

[2] B.T.Taganow.Jenaýat prosesi.A., 2001, sah.56

### § 3. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jezasyny amala aşylmagyň tertibi. Kämillik ýaşyna ýetmedikleri jezadan boşatmak. Terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleriň mazmuny. Jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmak. Iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagy

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň eden jenaýatlary hakyndaky işlerinde raýat hak islegine garalanda, on bäş ýaşyna ýetmedik kazyýet edilýän tarapyndan ýetirilen maddy zyýan üçin onuň ene-atasy, hossarlary ýa-da howandarlary jogap berýärler[1]. On bäş ýaşdan on sekiz ýaş aralykdaky kämillik ýaşyna ýetmedik adam ýetiren zyýanynyň öwezini dolmak üçin özi jogap berýär, emma ýetiren zyýanynyň öwezini doldurmaga onuň ýeterlek emlägi ýa-da gazanjy ýok bolsa, onda tölenmeli zyýanyň ýetmeýän bölegini onuň ene-atasy, hossary ýa-da howandary doldurmalydyr. Ene-atanyň şu borjy kämillik ýaşyna ýetmedik on sekiz ýaşyna ýetenden soň bes edilýär.

Uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýaty birinji gezek amala aşyran kämillik ýaşyna ýetmedigi, eger amal eden etmişiniň we onuň netijesiniň häsiýeti, şahsyýeti hem-de onuň işiniň başga ahwalatlary hakyndaky maglumatlar boýunça onuň düzelmegi jezany ulanmazdan mümkin bolsa, kazyýet jezadan boşadyp we oňa terbiýeleýjilik häsiýetli mejbury çäreleri ulanyp ýa-da ony kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin ýörite terbiýeleýiş ýa-da bejeriş-terbiýeleýiş edarasyna ýerleşdirip biler.

Eger-de işe seretmegiň netijesinde kazyýet, uly howp döretmeýän jenaýaty eden kämillik ýaşyna ýetmedige jenaýat jezasy berilmese-de ol düzeler diýlip netijä gelse, onda ol jenaýat işini ýatyrmak barada we kämillik ýaşyna ýetmedige

Jenaýat kodeksiniň 89-njy maddasynda görkezilen tertipde terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleriniň birini ulanmak barada kesgitleme (karar) çykarýar.

**“89 madda. Terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleri ulanmak**[1]

(1) Uly bolmadyk agyr jenaýaty birinji gezek amala aşyran kämillik ýaşyna ýetmedik adam, eger onuň düzelmegini terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleri ulanmak ýoly bilen gazanyp bolmagy mümkin diýlip ykrar edilse, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilner.

(2) Kämillik ýaşyna ýetmedige terbiýeçilik täsirli şu aşakdaky çäreler bellenilip bilner:

a) duýduryş;

b) ata-eneleriniň, olaryň ýerini tutýanlaryň ýa-da içeri işler edaralarynyň gözegçiligi astyna bermek;

ç)ýetiren zyýanyny düzetmek borjuny üstüne ýüklemek;

d) boş wagtyny çäklendirmek we özüni alyp barşyna aýratyn talaplary bellemek.

(3) Kämillik ýaşyna ýetmedige bir wagtyň, özünde terbiýeçillk täsirli mejbury çäreleriň birnäçesini bellemek bolar. Şu maddanyň ikinji böleginiň «b» we «g» punktlarynda göz öňünde tutulan terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleri ulanmagyň möhletiniň dowamlylygy şol çäreleri bellän organ tarapyndan kesgitlenýär.

(4) Terbiýeçilik täsirli özüne bellenilen mejbury çärelerde göz öňünde tutulan talaplary kämillik ýaşyna ýetmedigiň yzygiderli ýerine ýetirmeýän ýagdaýynda bu çäre ygtyýarly döwlet edarasynyň görkezmesi boýunça ýatyrylýar we materiallar kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin iberilýär”.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997. Sah.44

Terbiýeçilik täsirli özüne bellenen mejbury çärelerde göz öňünde tutulan talaplary kämillik ýaşyna ýetmedigiň yzygiderli ýerine ýetirmeýän ýagdaýynda bu çäre ygtyýarly döwlet edarasynyň görkezmesi boýunça ýatyrylýar we resminamalar kämillik ýaşyna ýetmedigi jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin iberilýär.

Kazyýet kämillik ýaşyna ýetmediklere şertleýin iş kesmek we hökümiň ýerine ýetirilmegini yza süýşürmek ulanylanda kazyýetde işine seredilýänlere we olaryň kanuny wekillerine hökümiň düýp mazmunyny we ony ýerine ýetirmezlik şertlerini düşündirilmelidir. Azatlykdan mahrum edilen on dörtden on sekiz ýaşy aralygyndaky kämillik ýaşyna ýetmedikler zähmet-terbiýeleýiş edaralaryna iberilýär. On sekiz ýaşa ýeten adamlar, emma jeza çäresiniň möhleti dolmadyk bolsa, olar umumy zähmet-düzediş edaralaryna geçirilýär.[1]

Uly bolmadyk agyr jenaýaty birinji gezek amala aşyran kämillik ýaşyna ýetmedik adam, eger onuň düzelmegini terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleri ulanmak ýoly bilen gazanyp bolmagy mümkin diýlip ykrar edilse, jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp bilner.

Kämillik ýaşyna ýetmedige terbiýeçilik täsirli şu aşakdaky çäreler bellenilip bilner:

a) duýduryş;

b) ata-eneleriniň, olaryň ýerini tutýanlaryň ýa-da içeri işler edaralarynyň gözegçiligi astyna bermek;

ç) ýetiren zyýanyny düzetmek borjuny üstüne ýüklemek;

d) boş wagtyny çäklendirmek we özüni alyp barşyna aýratyn talaplry bellemek;

---

[1] А.П.Рыжаков «Комментарий к уголовному кодексу РФ» Москва-2002 г. С.275

Kämillik ýaşyna ýetmedige bir wagtyň özünde terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleriň birnäçesini bellemek bolar.

**“90 madda. Terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleriň mazmuny**[1]

(1) Duýduryş kämillik ýaşyna ýetmedige onuň etmişi bilen ýetirilen zyýany we jenaýat kanunda göz öňünde tutulan etmişleri gaýtalamak bilen ýetirilen zyýanyň netijelerini düşündirmekden ybaratdyr.

(2) Gözegçilik astyna bermek kämillik ýaşyna ýetmedige terbiýeçilik tasirli we onuň özüni alyp barşyna gözegçilik borçlaryny şu Kodeksiň 89 maddasynyň ikinji böleginde görkezilen adamlaryň üstüne ýüklemekden ybaratdyr.

(3) Ýetiren zyýanyny düzetmek borjuny üstüne ýüklemek kämillik ýaşyna ýetmedigiň emläk ýagdaýyny we onda degişli zähmet endikleriniň bardygyny hasaba almak bilen bellenilýär.

(4) Boş wagtyny çäklendirmek käbir ýerlere barmagy, boş wagtyň belli bir görnüşlerini, peýdalanmagy, hususan-da mehaniki transort serişdesini sürmek bilen baglanyşykly peýdalanmagy, gije-gündiziň belli bir wagtyndan soň öýünden daşarda bolmagy gadagan etmegi, içeri işler edaralarynyň rugsady bolmasa, başga ýerlere gitmegi çäklendirmegi göz öňünde tutup biler. Şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedige okuw jaýyna gaýdyp barmak ýa-da ygtyýarly döwlet edarasynyň kömegi bilen işe ýerleşmek babatda talap bildirilip bilner”.

Türkmenistanyň Ýokary Kazyýeti kazyýetlere özlerine berlen kämillik ýaşyna ýetmediklere jemgyýetçilik terbiýeçisini bellemek baradaky meseläni çözmek hukuklaryny giňden ulanmagy maslahat bermek bilen, şol meseläni esaslandyrýan ýagdaýlary we delilleri hökümiň, kesgitlemäniň, kararyň beýan

---

[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997. Sah.44-45

ediş böleginde, kabul edilen çözgüdi bolsa netije böleginde beýan etmegi görkezýär. Olaryň nusgalary bolsa ýerine ýetirmek üçin ýetginjekleriň ýaşaýan ýerindäki Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky toparlaryna iberilýär.

Billi bir ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen, kämillik ýaşyna ýetmedikleri jezadan şertleýin -möhletinden öň boşatmak bolýar. **“91 madda. Jezadan şertleýin -möhletinden öň boşatmak**[1]

Düzediş işlerinde işletmäge ýa-da azatlykdan marhum edilmäge iş kesilen kämillik ýaşyna ýetmedik babatda jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmagy:

a) uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýat üçin bellenilen jeza möhletiniň azyndan üçden birini;

b) agyr jenaýat üçin bellenilen jeza möhletiniň azyndan ýarysyny:

ç) aýratyn agyr jenaýat üçin bellenilen jeza möhletiniň azyndan üçden ikisini hakyky oturyp doldurandan soň ulanyp bolar”.

On sekiz ýaşy dolmanka jenaýat eden adamy jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezadan wagt möhletiniň geçmegi bilen baglanyşyklylykda boşatmak şu Jenaýat kodeksiň 74-nji we 79-njy maddalarynda göz öňünde tutulandakysyndan iki esse az möhleti ulanmak bilen geçirilýär.

TJK-niň 93-nji maddasynda kamillik ýaşyna ýetmedikleriň iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylýan möhleti görkezilendir. **“Iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylýan möhleti**[2]

On sekiz ýaşy dolmanka jenaýat eden adamlar üçin iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylýan möhleti şu Kodeksiň

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997. Sah.45
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. A., 1997. Sah.45

81 maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulyşy boýunça gysgaldylýar we degişlilikde şulara deňdir:

a) uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmek möhletini dolduranyndan soň bir ýyla;

b) agyr jenaýat üçin jeza möhletini dolduranyndan soň üç ýyla;

ç)aýratyn agyr jenaýat üçin jeza möhletini dolduranyndan soň bäş ýyla".

Kämillik ýaşyna ýetmedik Adamyn akylyny üýtgedýän kesel bilen baglanyşykly bolmadyk akyl ösüşiniň yza galandygy hakynda maglumatlar bar bolsa, onuň öz hereketleriniň ähmiýetine doly düşünip biljekdigi ýa-da düşünip bilmejekligi hem anyklanylmalydyr. Şu ýagdaýlary anyklamakylyk üçin kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ene-atalary, mugallymlary, terbiýeçileri hem-de gerekli maglymatlary berip biljek beýleki adamlar sorag edilmelidir, şonuň ýaly-da gerekli resminamalar talap edilip alynmalydyr, çagalaryň we ýetginjekleriň psihologiýasy ýa-da psihiatriýasy boýunça hünärmenler (psihologlar, mugallymlar) tarapyndan ekspertiza geçirilmelidir.

Kämillik ýaşyna ýetmedigi gözegçilik astyna berilmegi maksada laýykdyr diýlip hasap edip bolar, eger-de, mysal üçin, ýetginjek mekdebiň kollektiwi bilen gatnaşygyny üzen bolsa, emma onuň eden jenaýatyň häsiýetine hem-de şahsyýetiň aýratynlyklaryna görä ony tussag astyna almakda zerurlyk ýok bolsa.

Kämillik ýaşyna ýetmedigiň garşysyna tussag astyna almak bilen baglanyşykly bolmadyk ätiýaçsyzlandyryş çäreleri seçilip alnanda sülçi we kämillik ýaşyna ýetmedikler baradaky bölüminiň işgärleri güman edilýänler we aýyplanýanlar tarapyndan edilýän hukuk bozulmalaryny duýdurmak boýyunça goşmaça guramaçylykly çärelerini geçirmelidirler.

Kämillik ýaşyna ýetmedikler baradaky bölümi öňüni alyş işlerini geçirýär, esasy derňew döwründe ýetginjekleriň özlerini alyp baryşlaryna gözegçilik edýär. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky bölüminiň işgärleri ýetginjegiň özüni nädogry alyp barýandygy barada maglumat alanlarynda, bu barada haýal etmän sülçä habar berýärler. Sülçiniň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky bölümi bilen özara gatnaşykda işlemegi ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň duýduryş we terbiýeleýiş täsir etmeginiň netijeliligini üpjün edýär.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda ylym-bilim işini täzeçe guramak üçin “Täze bilim’’ syýasaty işläp düzüldi. ”Täze bilim” syýasatynyň baş maksady çagany köçe terbiýesinden halas etmekdir. Maşgala terbiýesini göwnejaý gurmaga ene-ata ýol görkezmekdir. Biziň döwletimizde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatçylygyny ýok etmek boýunça Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow köp aladalary edýär, kämillik ýaşyna ýetmedikler tarapyndan amala aşyrylýan jenaýatçylygyň pese düşmegi geçirilýän çäreleriň aýdyň mysalydyr.

**Soraglar:**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedikler barada düşünje.
2. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jogapkärçiliginiň aýratynlyklary.
3. Kämillik ýaşyna ýetmediklere jezanyň bellenmeginiň tertibi.
4. Kämillik ýaşyna ýetmediklere bellenýän jezalaryň görnüşleri.
5. Azatlykdan mahrum etmek.
6. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jezasynyň amala aşyrylmagynyň tertibi.
7. Kämillik ýaşyna ýetmedikleri jezadan boşatmak.
8. Terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleriň mazmuny.
9. Iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagy.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőŷmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. "Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky" kanuny. A., 2009
8. "Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky" kanuny. A., 2009
9. "Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky" kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. "Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky" Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008

18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
23. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У
24. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
25. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004

## Bap XX. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagyň esasy we tertibi. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň bellenmegi we bes edilmegi

### § 1. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmagyň esaslary. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmagyň maksady

Jemgyýetçiligiň içinde bolup geçýän jenaýatlara garşy göreşmeklik diňe Jenaýat kanunçylygynyň esaslarynda mümkindir, çünki, diňe kanun haýsy etmişleriň jemgyýet üçin howpludygyny hem-de onuň jenaýat bolup durýandygyny we şol jenaýaty edenlere jezanyň haýsy görnüşini ulanmalydygyny kesgitleýändir. Islendik etmişi eden adam eden etmişi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekiljek bolsa onda ilki bilen onuň eden etmişiniň jemgyýetçilik üçin howplulygy anyklanmalydyr. Ine, şonuň üçin hem jenaýat hukugynda jenaýatyň düzümi diýen düşünjäniň kesgitlemesi döwletde kanunçylygy berkitmegiň ugründa göreşmegiň esasy şertleriniň biri bolup durýandyr. Biziň Türkmenistan döwletimiziň kanunçylygy, özüniň eýeleýän wezipesine ýa-da derejesine garamazdan Türkmenistanyň ähli raýatlary tarapyndan ýerine ýetirilmegini talap edýändir.

Lukmançylyk häsiýetli mejbury ediş çäreleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 14-15-nji baplarynda ýerleşip, 94-100-nji maddalary[1] aralygyny öz içine alýar. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 94-nji maddasyna laýyklykda, **“Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmagyň esaslary**[2] sulardan ybaratdyr:

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi, A.,1997, sah.46-49
[2] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi, A.,1997, sah.46

(1) Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler kazyýet tarapyndan şu adamlara bellenilip bilner:

a) jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi akyly düzüw däl ýagdaýda amala aşyrana;

b) jenaýaty amala aşyranyndan soň jezany bellemäge ýa-da ýerine ýetirmägi mümkinçilik bermeýän psihiki taýdan bozulma bilen keselläne.

(2) Lukmançylyk häsiýetli çäreler arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýa-dan ejir çekýän, jenaýaty amala aşyran adamlar babatda olary bejermek we jezanyň maksadyna etmegi üçin ýardam edýän şertleri döretmek maksady bilen kazyýet tarapyndan jeza bilen bir hatarda bellenilip bilner.

(3) Lukmançylyk häsiýeti mejbury çäreleri ýerine ýetirmegiň tertibi Türkmenistanyň jenaýat-ýerine ýetiriş kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýär.

(4) Uly bolmadyk agyr jenaýaty amala aşyran, şu maddanyň birinji böleginde sanalyp geçilen adamlar, seýle hem özüniň psihiki ýagdaýy boýunça howp döretmeýän adamlar babatda kazyýet olary bejermek ýa-da psihiatriki edaralara ibermek baradaky meseleleri çözmek üçin psihiatriki kömek we ol berlende raýatlaryň hukuk kepillikleri hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde zerur bolan materiallary saglygy goraýyş edaralarynda berip biler".

Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri kazyýet tarapyndan jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmişi akyly düzüw däl ýagdaýda amala aşyranlara we jenaýaty amala aşyranyndan soň jezany bellemäge ýa-da ýerine ýetirmägi mümkinçilik bermeýän psihiki taýdan bozulma bilen kesellän adamlara bellenilip bilner. Lukmançylyk häsiýetli çäreleri serhoşlykdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýa-dan ejir çekýän, jenaýaty amala aşyran adamlar babatda olary bejermek we jezanyň

maksadyna etmegi üçin ýardam edýän şertleri döretmek maksady bilen kazyýet tarapyndan jeza bilen bir hatarda bellenilip bilner. Uly bolmadyk agyr jenaýaty amala aşyran, lukmançylyk mejbury çärelere degişli adamlar, seýle hem özüniň psihiki ýagdaýy boýunça howp döretmeýän adamlar babatda kazyýet olary bejermek ýa-da psihiatriki edaralara ibermek baradaky meseleleri çözmek üçin psihiatriki kömek we ol berlende raýatlaryň hukuk kepillikleri hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde zerur bolan materiallary saglygy goraýyş edaralarynda berip biler.

**Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 526-njy maddasynda "Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak üçin esaslar**[1]

1. Eger jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan we jemgyýet üçin howply bolan etmişleri akyly ýerinde däl ýagdaýynda eden ýa-da jenaýat edenden soň, öz hereketlerine düşünmäge ýa-da şol hereketlere erk etmäge mümkinçilik bermeýän dälilik keseli bilen kesellän adamlar özleriniň eden etmişiniň häsiýeti we özleriniň kesellilik ýagdaýy boýunça jemgyýet üçin howply bolup durýan bolsalar, kazyýet şol adamlar barada Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 96-njy maddasynda göz öňünde tutulan lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanýar.
2. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler diňe Adamyn akylyndan azaşma keseli onuň özi ýa-da töweregindäkiler üçin howplulygy bilen ýa-da başga bir görnüşli düýpli zyýan ýetirmek mümkinçiligi bilen baglanyşykly bolan halatynda bellenilýär.
3. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak boýunça önümçiligiň tertibi şu Kodeksiň umumy düzgünleri bilen we mundan başga-da şu aşakdaky maddalar bilen kesgitlenýär".

[1] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2009, sah.208

Deslapky derňew geçirilýän mahalynda TJIK-niň 526-njy maddasynyň[1] esasynda şu aşakdaky ýagdaýlar aýdyňlaşdyrylmalydyr: 1) jemgyýet üçin howply etmişiň edilen wagty, ýeri, nähili usul bilen ýerine ýetirilendigi we başga ýagdaýlary; 2) hakykatdan hem şol adam tarapyndan jemgyýet üçin howply, jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişiň edilendigi; 3) etmiş netijesinde ýetirilen zyýanyň häsiýeti we möçberi; 4) jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişi eden Adamyn ony edeninden öň we soň özüni alyp barşy; 5) şol Adamyn akyldan azaşma keseliniň ozal bardygy ýa-da ýokdugy, jemgyýet üçin howply, jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişi eden pursatynda ýa-da işiň derňelýän wagtynda akyldan azaşma keseliniň derejesi we häsiýeti. Jenaýat işini gozgamaga we derňewiň geçirilmegine sebäp bolan, jemgyýet üçin howply, jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişi diňe hut şol Adamyn edendigini görkezýän ýeterlik anyk maglumatlar bar bolan mahalynda, şol Adamyn kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesine iberilmegine ýol berilýär. Eger jemgyýet üçin howply etmişi eden Adamyn gatnaşmagy bilen derňew hereketlerini geçirmek şol Adamyn dälilik ýagdaýy zerarly mümkin däl bolsa, sülçi bu hakda teswirnama düzýär. Akyly ýerinde däl adamlar we jenaýat edenden soň akyldan azaşma keseli bilen kesellän adamlar hakyndaky işler boýunça deslapky derňew TJIK-niň 535-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde tamamlanylýar[2].

Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler kazyýet tarapyndan şu adamlara bellenilip bilner: jenaýaty amala aşyran wagty akyly düzüw däl adamlara ýa-da jenaýaty amala

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2009, sah.208
[2] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2009, sah.209

aşyranyndan soň psihiki taýdan bozulma bilen kesellän adamlara.

**Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 95-nji maddasynda** Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagyň maksady görkezilen. **“Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagyň maksady**[1]

Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler ulanylýan adamlaryň jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan täze etmişleri etmeginiň öňüni almak, şeýle hem şol adamlary bejermek ýa-da olaryň psihiki ýagdaýyny özi ýa-da beýleki adamlar üçin howplulygy ýa-da başga bir düýpli zyýan ýetirmek howpuny aradan aýrar ýaly derejede gowulandyrmak maksady bilen ulanylýar”.

Psihiki taýdan keselli adamlara ulanylýan lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri ýörite düzgün esasynda amala aşyrylýarlar. Olaryň ulanylmakylyk mümkinçiligi psihiator lukmanlaryň toparsy ýa-da kazyýet psihiatrik ekspertizasy, ýa-da kazyýet norkologik ekspertizasy tarapyndan kesgitlenýär. Bu çäreleriň düzümi bolsa lukmançylyk görkezmelerine laýyklykda psihiki taýdan keselli adamlary bejeriş edaralarynyň işgärleri tarapyndan kesgitlenýär. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri döwlet tarapyndan bellenýän mejbury jenaýat-hukuk çäreleri bolup durýarlar. Sebäbi olar jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulandyr.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 1997, sah.46-47

## § 2. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerininiň görnüşleri. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleriniň bellenmegi. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri dowam etdirmek, üýtgetmek we bes etmek

Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri ulanylýan adamlaryň jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan täze etmişleri etmeginiň öňüni almak, şeýle hem şol adamlary bejermek üçin ulanylýar. Haçan-da olaryň psihiki ýagdaýy özleri ýa-da beýleki adamlar üçin howpluluy bolan halatynda, ýa-da başga bir düýpli zyýan ýetirmek howpuny aradan aýrmak üçin ulanylan bolsa, onda lukmançylyk mejbury çäreleri jenaýat eden akyly ýok adamlaryň saglygyny gowulandyrmak maksady bilen ulanylýar.

**TJK-niň 96 maddasynda "Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň görnüşleri görkezilen**[1]

(1) Kazyýet lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleriniň şu aşakdaky görnüşlerini belläp biler:

a) gatnawly usulda mejbury gözegçiligi we bejerişi;

b) umumy görnüşli ýatymlaýyn usulda psihiatriki mejbury bejerişi ;

ç) ýöriteleşdirilen görnüşli psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejerişi;

d) güýçli gözegçilikli ýöriteleşdirilen görnüşli psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejerişi.

(2) Jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan hereketi üçin iş kesilen we tüýs akyly ýerindäki, ýöne arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomoniýa-dan bejertmäge mätäç adama kazyýet jeza bilen bir hatarda gatnawly usulda

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 1998, sah.47

şertlerindäki mejbury gözegçilik we bejeriş görnüşinde lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni belläp biler”.

Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygyna laýyklykda lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň görnüşleri gatnawly usulda mejbury gözegçiligi we bejerişi bilen, umumy görnüşli ýatymlaýyn usulda psihiatriki mejbury bejerişi bilen, ýöriteleşdirilen görnüşli psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejerişi bilen, güýçli gözegçilikli ýöriteleşdirilen görnüşli psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejerişi bilen bagly bolup durýarlar.

Jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan hereketi üçin iş kesilen, akyly ýerindäki, ýöne arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomoniýa-dan bejertmäge mätäç adamlara kazyýet jeza bilen bir hatarda gatnawly usulda şertlerindäki mejbury gözegçilik we bejeriş görnüşindäki Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni belläp biler.

Umumy görnüşli lukmançylyk edarasy görnüşi diýmek – keselhananyň bu görnüşine ýerleşdirilen akyly ýerinde däl adamlar keselhanada saklanmaga degişli, ýöne bu adamlar barada üýtgeşik gözegçiligi talap edilmeýär, sebäbi olar daş töweregi üçin howply däl.

Ýöriteleşdirilen görnüşli psihiatriki lukmançylyk edarasy görnüşi diýmek, keselhananyň bu görnüşine ýerleşdirilen akyly ýerinde däl adamlar babatda hemişelik gözegçiligi talap edilýär, sebäbi olar daş töweregi üçin howplydyrlar.

Güýçli gözegçilikli ýöriteleşdirilen görnüşli mejbury lukmançylyk edarasy görnüşi diýmek - keselhananyň bu görnüşine ýerleşdirilen akyly ýerinde däl adamlar daş töweregindäki adamlar üçin aýratyn howply bolup durýarlar, olaryň aýratyn güýçlendirilen gözegçiligi talap edilýär.

**TJK-niň 97-nji maddasynda “Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň bellenilmegi tertibi bellenen**[1]

(1) Gatnawly şertlerindäki mejbury gözegçilik we bejeriş şu Kodeksiň 94 maddasynda göz öňünde tutulan esaslar bar mahalynda, eger şol adam özüniň psihiki ýagdaýy boýunça ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasyna ýerleşdirilmegine mätäçlik çekmeýän bolsa, bellenilip bilner.

(2) Ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejeriş şu Kodeksiň 94 maddasynda göz öňünde tutulan esaslar bar mahalynda, eger şol Adamyn psihiki taýdan bozulma keseliniň häsiýeti we agyrlygy diňe keselhana şertlerinde amala aşyryp bolýan bejermek, seretmek, saklamak we gözegçilik etmek şertlerini talap edýän bolsa, bellenilip bilner.

(3) Umumy görnüşli ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejeriş psihiki ýagdaýy boýunça keselhana ýerleşdirilmegine mätäç, ýöne güýçli gözegçiligi talap etmeýän adama bellenilip bilner.

(4) Ýöriteleşdirilen görnüşli ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejeriş özüniň psihiki ýagdaýy boýunça hemişelik gözegçiligi talap edýän adama bellenilip bilner.

(5) Güýçli gözegçilikli ýöriteleşdirilen görnüşli ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasyndaky mejbury bejeriş özüniň psihiki ýagdaýy özi ýa-da beýleki adamlar üçin aýratyn howply bolup durýan we hemişelik hem-de güýçli gözegçiligi talap edýän bolsa, şol adama bellenilip bilner.

Jenaýat kanunynda görkezilen etmişi eden psihiki keselinden ejir çekýän adam barada ätiýaçsyzlandyryş çäreleri

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 1997, sah.48

ulanylyp bilinmez. Zerurlyk ýüze çykan mahalynda bu adamlar barada şu aşakdaky howpsuzlyk çäreleri ulanylýar: 1) degişli saglygy goraýyş edarasyna habar bermek bilen kesellini onuň garyndaşlaryna, howandarlaryna seretmäge bermek; 2) psihiki kesellerinden bejeriş kömegini berýän ýöriteleşdirilen lukmançylyk edaralaryna ýerleşdirmek. Jenaýat kanunynda görkezilen etmişi eden, ýöne töweregindäkilere howp salmaýan adam akyldan azaşma keseli bilen kesselländigi anyklanan badyna öz garyndaşlaryna, howandarlaryna seretmäge berlip bilner, ol barada degişli saglygy goraýyş edarasyna habar berilmelidir.

**TJK-niň 98 maddasynda "Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri dowam etdirmek, üýtgetmek we bes etmek** barada düşündiriş berilýär[1]

(1) Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini dowam etdirmek, üýtgetmek we bes etmek psihiator-lukmanlar toparynyň çykaran netijesi esasynda psihiatrik kömek berýän edaranyň dolandyryşynyň ýazyp bermegi boýunça kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar.

(2) Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresi bellenilen adam, şeýle çäräni bes etmek ýa-da üýtgetmek hakynda esaslaryň bardygy baradaky meseläni çözmek üçin kazyýete teklip girizmek maksady bilen şu maddanyň birinji böleginde görkezilen topar tarapyndan alty aýda azyndan bir gezek barlanylyp görülmägi degişlidir. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini bes etmek ýa-da üýtgetmek üçin esaslar ýok bolsa, psihiatrik kömegi berýän edaranyň dolanşygy mejbury bejerişi dowam etdirmek üçin kazyýete öz gelen netijesini berýär. Mejbury bejerilişiň birinji dowam etdirilmesi lukmançylyk

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 1997, sah.48

häsiýetli mejbur ediş çäresiniň başlanan pursatyndan alty aý geçeninden soň amala aşyrylyp bilner.

(3) Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni üýtgetmek ýa-da bes etmek şol Adamyn psihik ýagdaýy öň bellenilen çäräniň zerurlygy aradan aýrylýan derejede üýtgän ýa-da lukmançylyk häsiýetli başga bir çäräni bellemek zerurlygy ýüze çykan halatynda kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar.

(4) Ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejerişi bes edip, kazyýet şol adama şu Kodeksiň 97 maddasynyň birinji bölegine laýyklykda mejbury gatnawly usulda gözegçiligini we bejerişi belläp biler".

## § 3. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri ulanmagyň wagtynyň hasaba alynmagy. Jezany ýerine ýetirmek bilen birleşdirilen mejbury bejeriş

Türkmenistanyň Jenaýat Iş ýörediş kodeksiniň 530-njy maddasynyň[1] esasynda ýöriteleşdirilen lukmançylyk edarasyna ýerleşdirmek tertibi görkezilen. Öň tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan Adamyn akyl taýdan kesellidigi anyklanan mahalynda, prokuroryň karary bilen ol şeýle kesellileri berk düzgünli üzňelikde saklaýan, akyldan azaşma kesellerinden bejeriş kömegini berýän ýöriteleşdirilen lukmançylyk edarasyna ýerleşdirilýär. Tussaglykda saklanmaýan adamy akyldan azaşma kesellerinden bejeriş kömegini berýän ýöriteleşdirilen lukmançylyk edarasyna ýerleşdirmek TJIK-niň 294-nji maddasynyň[2] talaplaryna laýyklykda geçirilýär. **TJK-niň 99 maddasynda**

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2009, sah.210

[2] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2009, sah.125-126

**“Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagyň wagtynyň hasaba alynmagynyň tertibi berkidilen**[1]

Jenaýat edeninden soň psihiki taýdan bozulma bilen kesellän adama lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler ulanylan döwür onuň sagaldylan we oňa jeza bellenilen ýa-da onuň ýerine ýetirilmegi dikeldilen halatynda, jeza möhletine hasaba alynýar”.

Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini dowam etdirmek, üýtgetmek we bes etmek psihiator-lukmanlar toparynyň çykaran netijesi esasynda psihiatrik kömek berýän edaranyň dolandyryşynyň ýazyp bermegi boýunça kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar.

Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresi bellenilen adam, şeýle çäräni bes etmek ýa-da üýtgetmek hakynda esaslaryň bardygy baradaky meseläni çözmek üçin kazyýete teklip girizmek maksady bilen şu maddanyň birinji böleginde görkezilen topar tarapyndan alty aýda azyndan bir gezek barlanylyp görülmäge degişlidir. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini bes etmek ýa-da üýtgetmek üçin esaslar ýok bolsa, psihiatrik kömegi berýän edaranyň dolanşygy mejbury bejerişi dowam etdirmek üçin kazyýete öz gelen netijesini berýär. Mejbury bejerilişiň birinji dowam etdirilmesi lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresiniň başlanan pursatyndan alty aý geçeninden soň amala aşyrylyp bilner.

Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni üýtgetmek ýa-da bes etmek şol Adamyn psihiki ýagdaýy öň bellenilen çäräniň zerurlygy aradan aýrylýan derejede üýtgän ýa-da lukmançylyk häsiýetli başga bir çäräni bellemek zerurlygy ýüze çykan halatynda kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar.

---

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 1997, sah.48

**TJK-niň 100-njy maddasynda "Jezany ýerine ýetirmek bilen birleşdirilen mejbury bejerişiniň tertibi bellenen**[1]

(1) Şu Kodeksiň 96 maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri azatlykdan mahrum edilmek görnüşinde jeza möhletini doldurýan ýerinde, jeza çekmegiň, başga görnüşi boýunça iş kesilenler babatda gatnawly usulda psihiatrik kömegini berýän saglygy goraýyş edaralarynda ýerine ýetirilýär.

(2) Psihiator-lukmanlar toparynyň çykaran netijesi esasynda, eger ol iş kesileniň psihiki ýagdaýyna we bejerişiň bähbidine esaslanýan bolsa, kazyýet şeýle adamy ýatymlaýyn psihiatriki lukmançylyk edarasyna ýa-da başga bejeriş edarasyna iberip biler. Şonda şu Kodeksiň 98 maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan barlap görmegiň möhleti berjaý edilmelidir.

(3) Agzalan edaralarda bolunan wagt jezanyň möhletini dolduryş möhletine hasaba alynýar. Iş kesileni agzalan edaralarda mundan beýläk bejermegiň zerurlygy aradan aýrylanda, ol kazyýetiň çözgüdi boýunça şu maddanyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan tertipde jeza möhletini doldurmak üçin iberilýär.

(4) Jezany ýerine ýetirmek bilen birleşdirilen lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini bes etmek psihiator-lukmanlar toparynyň çykaran netijesine esaslanan jezany ýerine ýetirýän edarasynyň görkezmesi boýunça berjaý edilýär".

Türkmenistanyň Jenaýat kanunynyň 98-nji maddasyna laýyklykda, lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri dowam etdirmek, üýtgetmek we bes etmek tertibiniň beýäny şulardan

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 1997, sah.49

ybarat: lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini dowam etdirmek, üýtgetmek we bes etmek psihiator-lukmanlar toparynyň çykaran netijesi esasynda psihiatrik kömek berýän edaranyň dolandyryşynyň ýazyp bermegi boýunça kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar. **Dowam etdirmek bolanda**, kazyýet tarapyndan akyly ýerinde däl adama lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresiniň haýsy görnüşi bellenen bolsa şol görnüşini hem (başga görnüşlerine hem üýtgetmäk)dowam etdirilmegine aýdylýar. **Üýtgetmek bolanda,** kazyýet tarapyndan başda akyly ýerinde däl adama bellenen lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresiniň başga görnüşleri bilen çalşyrylyp üýtgedilmegi göz öňünde tutulýar. **Bes etmek bolanda**, mundan beýläk lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini dowam etdirmek zerurlygy ýök diýmekdir. Mysal üçin, akyly ýerinde däl adamynyň akyly düzelen ýagdaýynda.

Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmakylygy jenaýat ýa-da jemgyýetçilik howply etmişi eden psihiki keselli Adamyn etmişiniň jemgyýetçilik howplulygyny aradan aýrmak üçin ulanylýan düzgündir. Lukmançylyk mejbury çärelerine degişli şahsyyetleriň jemgyýetçilik howplulygy iki ölçeg bilen kesgitlenýär: **hukuk** (jenaýat kanunynda göz öňünde tutlan jenaýatyň edilmegi) we **lukmançylyk** (şahsyyetiň özi we jemgyýet üçin howplulygyny görkezýän psihiki keseliň bolmagy).

Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresi bellenilen adam, şeýle çäräni bes etmek ýa-da üýtgetmek esaslaryň bardygy baradaky meseläni çözmekde kazyýete teklip girizmek maksady bilen topar tarapyndan her alty aýda azyndan bir gezek barlanylyp görülmäge degişlidir. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini bes etmek ýa-da üýtgetmek üçin esaslar ýok bolsa, psihiatrik kömegi berýän edaranyň dolanşygy

mejbury bejerişi dowam etdirmek üçin kazyýete öz gelen netijesini berýär. Mejbury bejerilişiň birinji dowam etdirilmesi lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresiniň başlanan pursatyndan alty aý geçeninden soň amala aşyrylyp bilner. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni üýtgetmek ýa-da bes etmek şol Adamyn psihiki ýagdaýy öň bellenilen çäräniň zerurlygy aradan aýrylýan derejede üýtgän ýa-da lukmançylyk häsiýetli başga bir çäräni bellemek zerurlygy ýüze çykan halatynda kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar. Psihiatriki lukmançylyk edarasynda mejbury bejerişi bes edip, kazyýet şol adama TJK-niň 97-njy maddasynyň birinji bölegine laýyklykda mejbury gatnawly usulda gözegçiligini we bejerişi belläp biler.

Eger akyly ýerinde däl diýlip ykrar edilen Adamyn sagalmagy ýa-da onuň saglyk ýagdaýynyň üýtgemegi zerarly ozal ulanylan lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni şondan beýläk ulanmagyň zerurlygy aradan aýrylýan bolsa, onda kazyýet şol adamy saklaýan saglygy goraýyş edarasynyň baş psihiatrynyň, hünärmen-lukmanlar toparynyň netijenamasy esasynda ýazyp bermegi boýunça lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ýatyrmak, üýtgetmek we möhletini uzaltmak hakyndaky meselä Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 98-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda şol çäräni ulanmak hakynda kesgitnama çykaran ýa-da şol çäräniň ulanylýan ýerinde ýerleşen kazyýetde prokuroryň hökman gatnaşmagy bilen seredýär. Akyly ýerinde däl diýlip ykrar edilen adamyn ýakyn garyndaşlary we başga gyzyklanýan adamlar lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň ýatyrylmagy ýa-da üýtgedilmegi hakynda haýyşnama bilen ol barada kesgitnama çykaran ýa-da şol çäräniň ulanylan ýerindäki kazyýete ýüz tutup bilerler. Şeýle halatlarda kazyýet, kim hakynda haýyşnama gelen bolsa, şol Adamyn saglyk ýagdaýy barada degişli saglygy goraýyş edaralaryndan hat üsti bilen soraýar. Işiň seredilmäge

bellenilmegi barada kazyýet lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanylan adamyn kanuny wekiline, mejbury bejeriş geçirýän edaranyň ýolbaşçylygyna, adwokata we prokurora habar berýär. Kazyýet mejlisine adwokat bilen prokuroryň gatnaşmagy hökmandyr, beýleki adamlaryň gelmezligi işe seretmäge päsgelçilik döretmeýär.

Kazyýet mejlisinde mejbury bejeriş geçirýän edaranyň, akyldan azaşma keselleri boýunça hünärmen-lukmanlar toparynyň netijenamalary barlanylýar, mejlise gatnaşyjylaryň pikirleri diňlenilýär. Eger hünärmen-lukmanlar toparynyň netijenamasy şübhe döredýän bolsa, kazyýet mejlise gatnaşýanlaryň haýyşy ýa-da öz başlangyjy boýunça kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesini belläp, goşmaça resminamalary talap edip biler hem-de saglyk ýagdaýy mümkinçilik berýän bolsa lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanylan adamy sorag edip biler. Eger şol Adamyn saglyk ýagdaýy boýunça ozal bellenilen lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmagy dowam etmek hökman bolmasa ýa-da başga görnüşli lukmançylyk çäresini ulanmaga zerurlyk ýüze çykan halatynda, kazyýet mejbury çäräni ýatyrýar ýa-da üýtgedýär. Bu çäräni ýatyrmaga ýa-da üýtgetmäge esas bolmasa, kazyýet mejbury bejerişiň möhletini uzaldýar. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmagyň ýatyrylandygy, üýtgedilendigi ýa-da uzaldylandygy, şol sanda hem ýatyrmakdan ýüz dönderilendigi hakynda kazyýet maslahat otagynda kesgitnama, kazy bolsa karar çykarýar we ony kazyýet mejlisinde yglan edýär.

Jenaýat edeninden soň psihiki taýdan bozulma bilen kesellän adama lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler ulanylan döwür onuň sagaldylan we oňa jeza bellenilen ýa-da onuň ýerine ýetirilmegi dikeldilen halatynda, jeza möhletine hasaba alynýar. Jenaýat edeninden soň psihiki taýdan bozulma keseli bilen kesellän adama Lukmançylykhäsiýetli mejbury çäreler

ulanylan döwür onuň sagaldylan we oňa jeza bellenilen ýa-da onuň ýerine ýetirilmegi dikeldilen halatynda, jeza möhletine hasaba alynýar. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 100-nji maddasyna laýyklykda, jezany ýerine ýetirmek bilen birleşdirilen mejbury bejeriş. Jenaýat kodeksiň 96-njy[1] maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri azatlykdan mahrum edilmek görnüşinde jeza möhletini doldurýan ýerinde, jeza çekmegiň, başga görnüşi boýunça iş kesilenler babatda gatnawly usulda psihiatrik kömegini berýän saglygy goraýyş edaralarynyň edaralarynda ýerine ýetirilýär.

Jenaýat edeninden soň akyldan azaşma keseli bilen kesellän we lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmak bellenilen adam barada hünärmen-lukmanlar topary ony sagalan hasap eden halatynda, kazyýet mejbury bejeriş geçirýän lukmançylyk edarasynyň netijenamasy esasynda, TJIK-niň[2] talaplaryna laýyklykda lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmagy ýatyrmak hakynda kesgitnama çykarýar we işi anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek, şol adamy aýyplanýan hökmünde jogapkärçiligi çekmek we işi umumy tertipde kazyýete ibermek hakyndaky meseläni çözýär. Lukmançylyk edarasynda geçirilen wagt jeza çekmegiň möhletine goşulyp hasaplanylýar.

**Soraglar:**

1. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmagyň esaslary.

[1] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi. Aşgabat, 1998, sah.49

[2] Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2009, sah.214-125

2. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmagynyň maksady.
3. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerininiň görnüşleri.
4. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleriniň bellenmegi.
5. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri dowam etdirmek, üýtgetmek we bes etmek.
6. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri ulanmagyň wagtynyň hasaba alynmagy.
7. Jezany ýerine ýetirmek bilen birleşdirilen mejbury bejeriş.

**Ulanylmaly edebiýatlar:**


1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőŷmek – bagtdyr.A., 2007
4. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
5. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
6. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009
7. "Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky" kanuny. A., 2009
8. "Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky" kanuny. A., 2009
9. "Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky" kanuny. A., 2001
10. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
11. "Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky" Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010

12. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
13. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
14. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
15. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
16. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
17. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
18. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
19. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
20. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
21. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
22. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
23. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У
24. Уголовное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
25. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004
26. Антонян Ю.М., Бородин С.В. Преступное поведение и психические аномалии. М., 1998
27. Назаренко Г.В. Принудительные меры медицинского характера в уголовном праве. М.,2000

28. Ситковская О.Д. Психологический комментарий к Уголовному кодексу Российской Федерации. М., 1999
29. Рыжов А.П. Производство по применению принудительных мер медицинского характера. М. 1997
30. Судебная психиатрия: Учебник. / Под ред. Г.В. Морозова. М., 1986
31. Судебная психиатрия: Учебник / Под ред. А.С. Дмитриева, Т.В. Клименко. М., 1998
32. Романов В. В. Юридическая психология: Учебник. М., 1998

**Esasy we goşmaça edebiýatlar**

1. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. II-nji tom. A., 2009
2. Mugallym, esger, ilhalar ynsan. Berdymuhamet Annaýewiň gahrymançylykly ömür ýoly.A., 2008
3. Gurbanguly Berdymuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-nji tom. A., 2008
4. Gurbanguly Berdymuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky sőýmek – bagtdyr.A., 2007
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy
    a. ösdürmegiň ylmy esaslary. A., 2007
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we
    a. ruhubelentligiň ýurdy. A., 2007
7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy
    a. täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. A., 2007
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň
9. Umumymilli „Galkynyş“ Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik
10. partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlislerinde
11. sözlän sözi. A., 2007
12. Türkmenistanyń konstitutsiýasy. A., 2008
13. Türkmenistanyń Jenaýat kodeksi. A., 1997
14. Türkmenistanyń Jenaýat iş ýörediş kodeksi. A., 2009

15. Türkmenistanyň Prokuratura hakyndaky kanuny. A., 2009
16. Türkmenistanyň Kazyýet hakyndaky kanuny. A., 2009
17. Türkmenistanyň Içeri Işler edaralary hakyndaky kanuny. A., 2001
18. „Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. A., 2009
**19.** "Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de ony rejelenen görnüşde tassyklamak hakyndaky" Türkmenistanyň Kanuny. A., 2010
20. Türkmenistanyň Ýokary Kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň kararlarynyň ýygyndysy. A., 2007
21. AtaýewH.A. Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksine düşündirişler. A., 1998
22. Ataýew H.A. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine düşündirişler. A., 2003
23. Антонян Ю.М., Бородин С.В. Преступное поведение и психические аномалии. М., 1998
24. Карпец И.И. Наказание: Социальные, правовые и криминологические проблемы. М., 1973
25. Лебедев М.Ю. Уголовное право. М., 1999
26. Назаренко Г.В. Принудительные меры медицинского характера в уголовном праве. М.,2000
27. Романов В. В. Юридическая психология: Учебник. М., 1998
28. Рыжов А.П. Производство по применению принудительных мер медицинского характера. М. 1997

29. Полубинская С.В. Цели уголовного наказания. М., 1990
30. Шаргородский М.Д. Наказание, его цели и эффективность. Л., 1973
31. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том I. М., 2001
32. Таганцев Н.С. Лекции по русскому уголовному праву. Часть Общая. Том II. М., 2001
33. Ситковская О.Д. Психологический комментарий к Уголовному кодексу Российской Федерации. М., 1999
34. Судебная психиатрия: Учебник. / Под ред. Г.В. Морозова. М., 1986
35. Судебная психиатрия: Учебник / Под ред. А.С. Дмитриева, Т.В. Клименко. М., 1998
36. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.В.Мозякова, М., 2002
37. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ В.М. Лебедева, Ю.И. Скуратова, М., 2002
38. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф.А.И. Рарог, М., 2004
39. Комментарий к УК РФ: Отв. ред./ проф. А.В. Наумова, М., 2008
40. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2008
41. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, М., 2008
42. Уголовное право России, Общая и Особенная часть: учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Н.Г.Кадникова. М., 2006
43. Уголовное право, Общая часть, учебник для ВУЗов. / Под общей редакцией Акименко О. М., 2006 У

44. головное право России: Часть Общая: Учеб. для вузов. Отв.ред./ проф. Л.Л.Кругликов, М., 2006
45. Уголовное право России: Особенная часть: Учебник (УМО РФ) Под ред./ В.Н. Кудрявцева, А.В. Наумова, М., 2004
46. Уголовное право Российской Федерации. Общая часть: Учебник. / Под ред. А.И. Рарога. М., 2001
47. Уголовное право РФ: Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2001
48. Уголовное право РФ: Особенная часть: Учеб. для вузов. Под ред./ проф. Б.В. Здравомыслова, М., 2001
49. Уголовное право России. Общая часть: Учеб. для вузов. Под ред./А.Н. Игнатова, Ю.А.Красикова, М., 2000
50. Уголовное право России: Особенная часть: Краткое пособ. для подготовки к экзамену. Отв.ред. Л.Л.Кругликов, М., 2000
51. Уголовное право РФ: Общая часть: Практикум под ред./ проф. Л.Д.Ермаковой, М., 2000
52. Уголовное право РФ: Особенная часть: Конспект лекций в сх. Ред.-сост./ Е.В. Платонова, М.,2001
53. Уголовное право РФ: Общая и Особенная части: Учеб. для вузов. Отв.ред. проф. Кашепов В.П, М., 2001
54. Уголовное право. Тестовые задания: Учеб.-практич. пособие. М., 2001
55. Уголовное право: Общая часть: Пособ. для подготовки к экзаменам. М., 2001
56. Уголовное право: Общая и Особенная части. Интенсивный полный курс в алгоритмах: Под ред./ Л.Д.Гаухмана. М., 2001

57. Уголовное право: Общая и Особенная части: Практикум. М., 2002
58. Уголовное право: Общая и Особенная часть: Учеб. для вузов Под. ред./ Н.И.Ветрова, Ю.И.Ляпунова, М., 2001
59. Уголовное право: Словарь-справочник,  М., 2000.
60. Уголовное право. Схемы, таблицы. Учеб. пособие для вузов. М.,  2001
61. Уголовный кодекс Австрии, Под ред./ А.В.Серебренниковой. М., 2001
62. Уголовный кодекс Испании. Под ред./ Кузнецовой, М., 1998
63. Уголовный кодекс ФРГ. Под ред./ А.В.Серебренниковой. М.,, 2001
64. Уголовный кодекс Швейцарии, Под ред./

А.В.Серебренниковой. М., 2001

**Jenaýat hukugy ( Umumy bölegi)**

## Mazmuny

Çiriş ..............................................9

Bap I. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ynsanperwerlik syýasaty we jenaýatçylyga garşy göreş baradaky taglymaty

§ 1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan ynsanperwerlik syýasaty..............................................................................16

§ 2. Türkmenistanyň Prezidentiniň jenaýatçylyga garşy göreş baradaky taglymaty. Türkmenistanda geçirilýän jenaýatçylygyň öňüni almak bilen bagly umumy we ýörite çäreleri...................................................................................21

§ 3. Türkmenistanda ömürlik ölüm jezasynyň ýatyrylmagy....29

§4. Jenaýatçylyga garşy syýasaty döwletiň adyndan amala aşyrýan hukuk goraýjy edaralary..............................................33

Bap II. Jenaýat hukugy barada düşünje

§ 1.Jenaýat hukugy barada düşünje. Jenaýat hukugynyň predmeti we usuly. Garaşsyz, Bitarap, Hukuk döwletinde jenaýat hukugynyň orny..........................................................40

§ 2. Jenaýat hukuk ulgamy. Hukuk pudaklarynyň ulgamynda jenaýat hukugynyň eỳeleỳän orny..........................................41

§ 3.Jenaýat hukugynyň wezipeleri..........................................45

§ 4.Jenaýat hukugynyň ýörelgeleri barada düşünje. Kanunlyk. Kanun öňünde raýatlaryň deňligi. Günäkärlik jogapkärçiligi. Adalatlylyk. Ynsanperwerlik. Jenaýat hukugynyň wezipelerini amala aşyrmakda jenaýat hukugynyň esasy ýörelgeleriniň orny. ..........................................................................................50

Bap III. Jenaỳat kanuny

§1. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň kanunlary kämilleşdirmek babatda alyp barýan syýasaty........................................................................ 59
§2. Jenaỳat kanuny barada düşünje. Jenaýat kanunynyň esasy alamatlary we ähmiỳeti............................................. 63
§3. Jenaỳat kanunynyň kadasy, onuň düşünjesi we gurluşy. Gipotiza barada düşünje we onuň görnüşleri. Dispozisiýa barada düşünje we onuň görnüşleri. Sanksiýa barada düşünje we onuň görnüşleri.......... .............................. 68
§4. Jenaỳat kanunyna düşündiriş bermek. Jenaỳat kanunynyň hereket edyän wagty. Jenaỳat kanunynyň güýjüniň yzyna hereket etmegi. Türkmenistanyň çäginde jenaýat eden adamlar babatda jenaýat kanunyň hereketi. Türkmenistanyň çäkleriniň daşynda jenaýat eden adamlar barada jenaýat kanunyň hereketi. Jenaýat eden adamlaryň berilmegi.............95

Bap IV. Jenaýat barada düşünje

§1. Jenaýat barada düşünje.............................................104
§2. Jenaýatyň alamatlary. Jemgyýet üçin howply. Günäli. Jenaýat kanuna garşy. Jezaly.................................................108
§3. Etmiş . Hereket we hereketsizlik. ...........................114
§4. Jenaýatyň derejeleri. Uly bolmadyk agyr. Ortaça agyr. Agyr jenaýatlar. Jenaýatlaryň görnüşleri. ...........................118
§5. Jenaýatyň beýleki hukuk bozulmalaryndan tapawudy........................................................................121
§ 6. Jenaýatçylyk barada düşünje we onuň derejesi. ....223

Bap V. Jenaýatyň köplügi

§1. Jenaýatyň köplügi barada düşünje we onuň alamatlary Jenaýatyň köplügüniň hukuk ähmiýeti. Jenaýatyň köplüginiň jenaýat-hukuk netijeleri. Jenaýatyň köplüginiň görnüşleri. ..........................................................................................128
§2. Jenaýatlaryň gaýtalanmagy..........................................132
§3. Jenaýatlaryň umumy jemi. ..........................................137
§4. Jenaýatlaryň residiwi we onuň görnüşleri......................138
§5. Ýeke täk we çylşyrymly jenaýatlar barada düşünje we olaryň görnüşleri. Ýeke täk jenaýat barada düşünje we onuň görnüşleri. Alternatiw hereketli jenaýatlar. Düzümli jenaýatlar. Goşmaça agyr kast edişli jenaýatlar.Dowamly jenaýatlar. Uzaga çekýän jenaýatlar. Gaýtalamak hereketi bilen amala aşyrylýan jenaýatlar..... .......................................................142
§6. Jenaýat köplügi mahalynda jezanyň bellenmeginiň düzgünleri..............................................................................153

Bap VI. Jenaýat jogapkärçilgi diýen düşünje we onuň görnüşleri

§1. Jenaýat jogapkärçiligi barada düşünje.................157
§2. Jenaýat jogapkärçiliginiň esasy. ..........................158
§3. Jenaýat jogapkärçiliginiň görnüşleri. ....................165
§4. Jenaýat jogapkärçiliginiň amala aşyrylyşy...........166
§5. Jenaýat jogapkärçiligin beýleki jogapkärçiliklerden tapawudy.........................................................................168

Bap VII. Jenaýatyň düzümi barada düşünje

§1. Jenaýatyň düzümi barada düşünje we onuň hukuk ähmiýeti...... .........................................174

§2 .Jenaýatyň düzüminiň elementleri we olaryň häsiýetleri.......... ……………………………………178
§3. Jenaýatyň obýekti. ..............................................193
§4. Jenaýatyň obýektiw tarapy. .................................196
§5. Jenaýatyň subýektiw tarapy.................................202
§6. Jenaýatyň subýekti. .............................................210
§7. Jenaýat düzüminiň jenaýatlary maddalaşdyrylmagynda orny.....................................213

Bap VIII. Jenaýatyň obýekti

§1. Jenaýatyň obýekti barada düşünje. Jenaýatyň obýektiniň mazmuny.Jenaýatyň obýektiniň gurluşy.....219
§2. Jenaýatyň obýektiniň etmişleri maddalaşdyrmakda orny...............................................................................220
§3. Jenaýatyň obýektiniň görnüşleri. Umumy obýekt. Yörite obýekt. Gönüden-göni obýekt. ........................227
§4. Jenaýatyň predmeti we onuň hukuk ähmiýeti........233

Bap IX . Jenaýatyň obýektiw tarapy

§1. Jenaýatyň obýektiw tarapy barada düşünje we onuň ähmiýeti. .........................................................237
§2. Jenaýatyň obýektiw tarapynyň hökmany we goşmaça alamatlary. ................................................243
§3. Jenaýatyň obýektiw tarapynyň hökmany alamatlary. Jemgyýet üçin howply etmiş (hereket ýa-da hereketsizlik). ................ ........................................250
§4. Jemgyýetçilik howply netijeler. Maddy düzümli we formal düzümli jenaýatlar. Hereket bilen howply netijäniň arasyndaky baglanşyk.................................253

§5. Jenaýatyň obýektiw tarapynyň goşmaça alamatlary. Jenaýatyň ýeri, wagty, usuly, serişdesi, ýaragy we beýlekiler..........................................................258

Bap X. Jenaýatyň subýektiw tarapy

§1. Jenaýatyň subýektiw tarapy barada düşünje we onuň ähmiýeti......................................................263
§2. Jenaýatyň subýektiw tarapynyň hökmany alamatlary. Günä baradadüşünje we onuň görnüşleri.........................................................268
§3. Bilkastlaýyn edilen jenaýat. Niýet we onuň görnüşleri (göni we gytaklaýyn niýet).........................273
§4. Seresapsyzlyk bilen edilen jenaýat. Özüne ynam edijilik we harsallyk. ..................................................281
§5. Günäniň ikileýin görnüşi Tötänlik (duýdansyzlyi) hem onuň günäden bolan tapawudy. Ýalňyşlyk we onuň jenaýat hukuk ähmiýeti..................................289

Bap XI. Jenaýatyň subýekti

§1. Jenaýatyň subýekti barada düşünje we onuň alamatlary...............................................................295
§2. Jenaýatyň subýektiniň ýaş alamatlary. Jenaýat jogapkärçiliginiň ýaşyny 16 ýaşdan 14 ýaşa peseltmeginiň hukuk esaslary. Ýaş alamaty hem-de onuň jenaýat jogapkärçiligine bolan täsiri..........................................297
§3. Akyly düzüwlik we akyly ýerinde dällik. Akyly ýerinde dälligiň hukuk ähmiýeti. Akyly ýerinde dälligiň lukmançylyk we hukuk kriteriýalary (ölçegleri)..............307
§4. Akyly ýerinde dälligiň görnüşleri. Hroniki psihiki (psihiki) üýtgemeklik.Wagtlaýyn psihiki (psihiki)

üýtgemeklik. Kemakyllyk. Psihikanyň (ruhunyň) beýleki keselli ýagdaýy.........................317
§5. Jenaýatyň ýörite subýekti barada düşünje. Jenaýatyň ýörite subýektiniň alamatlary.Umumy we ýörite subýektiň tapawudy. ..........................................................................325
§6. Jenaýatyň subýekti we jenaýatçynyň şahsyýeti..........333
§7. Serhoşlyk ýagdaýy we onuň jenaýat jogapkärçiligine bolan täsiri..................................................................334

Bap XII. Jenaýatyň döwürleri

§ 1. Jenaýatyň döwürleri barada düşünje we onuň görnüşleri.....................................................................340
§ 2. Gutarylan jenaýat barada düşünje. Zyýanly netije we onuň jenaýatyň gutarylmagyna hukuk ähmiýeti. ..................346
§ 3. Gutarylmadyk jenaýat barada düşünje we onuň görnüşleri. Jenaýata taýýarlyk görmek barada düşünje. Jenaýata taýýarlyk görmek üçin jezanyň bellenilmegi.. ......................358
§ 5. Jenaýatyň kastyna düşmek barada düşünje. Jenaýatyň kastyna düşmek üçin jezanyň bellenilmegi...........362
§ 6. Jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmak. ................366

Bap XIII. Etmişiň jenaýatçylygyny aradan aýyrýan ýagdaýlaryň hukuk ähmiýeti

§1. Etmişiň jenaýatçylygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar barada düşünje. Etmişiň jenaýatçylygyny aradan aýyrýan ýagdaýlaryň hukuk ähmiýeti we olaryň görnüşleri..........371
§2. Zerur goranyş barada düşünje. Zerur goranyşyň hukuk ähmiýeti. Zerur goranyş esaslary, şertleri we çäkleri. Zerur goranyşyň çäklerinden çykmak bilen jenaýat etmek....................................................................................376

§3. Jenaýat eden adam saklananda zyýan ýetirmek barada düşünje we onuň ähmiýeti. Jenaýaty eden adam häkimiýet edaralaryna eltmek we täze jenaýatlaryň öňüni almak üçin saklananda zyýan ýetirilmeginiň hukuk esaslary, şertleri we çäreleri. Jenaýat eden adamy tutmak üçin zerur çäklerinden çykmak bilen jenaýat etmek. .......... .......................... 393
§4. Bialaç zerurlyk barada düşünje. Bialaç zerurlygyň hukuk ähmiýeti. Bialaç zerurlygyň esaslary, şertleri we çäkleri.Bialaç zerurlygyň çäklerinden çykmak................406
§5. Fiziki we psihiki taýdan mejbur etmek barada düşünje we onuň görnüşleri. Fiziki taýdan mejbur etmek. Psihiki taýdan mejbur etmek. Fiziki we psihiki taýdan mejbur etmek esasynda jenaýaty amala aşyrmak. .......................417
§6. Esaslandyrylan töwekgelçilik (obosnowannyý risi)barada düşünje. Esaslandyrylan töwekgelçiliginiň (obosnowannyý riskiň) hukuk esaslary. ............ ...........420
§7. Buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek barada düşünje. Buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek esasynda zyýan ýetirmek. Görnetin jenaýatçylykly buýrugy ýa-da görkezmäni ýerine ýetirmek üçin jenaýat jogapkärçiligin ýüze çykmagy. ......................................427

Bap: XIV. Jenaýata bile gatnaşmak (şäriklik)

§1. Jenaýata bile gatnaşma barada düşünje. Jenaýata bile gatnaşmakylygyň hukuk ähmiýeti. ........................................437
§2Jenaýata bile gatnaşmakylygyň alamatlary. ...............441
§3. Jenaýat hukugy boýunça şärikligiň görnüşleri. Guraýjy. Ýerine ýetiriji. Meçew beriji. Ýaran. Ýerine ýetirijiniň kadadan çykmagy. Şärikligiň görnüşlere bölünişiniň ähmiýeti........ .............................................................446

§4. Deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary. Deslapdan dilleşmek boýunça guramaçylykly topar. Deslapdan dilleşmek boýunça jenaýatçylykly bileleşik tarapyndan jenaýatyň edilmegi. ..............................................................475
§5. Şärikligiň esasynda jenaýat jogapkärçiliginiň bellenişi. Şärikligiň görnüşleri boýunça jeza bellemek. Jenaýata degişliligi..................................................................................482

Bap XV. Jeza barada düşünje

§1. Jeza barada düşünje. Jeza bellemekligiň umumy esaslary we onuň maksady. Jeza bellenilişiniň tertibi. Jezanyň görnüşleri. Esasy jeza çäreleri. Goşmaça jeza çäreleri.........................................................................488
§2. Harby gulluk boýunça çäklendirme. Harby gullyl boýunça çäklendirmek. Düzediş işleri. Azatlykdan mahrum etmek..........................................................................497
§3. Ýetirilen zyýany düzetmek borjuny üstüne ýüklemek. Jerime salmak. Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek. Belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek. ..................................504
§4. Döwlet sylaglaryndan, harby atlardan we beýleki atlardan mahrum etmek, emlägi muzdsuz almak…………………513

Bap XVI. Jezanyň görnüşiniň we möçberiniň bellenmeginiň tertibi

§ 1. Jeza bellemegiň umumy esaslary. Jezanyň görnüşiniň we möçberiniň bellenmeginiň tertibi..................520
§ 2. Edilen jenaýat üçin göz öňünde tutulan jezadan has ýeňilrägini bellemek. Gutarylmadyk jenaýat üçin jezanyň

bellenilmegi. Bilelikde edilen jenaýat üçin jezanyň bellenmegi..............................................................................524
§ 3. Residiw mahalynda jezanyň bellenmegi. Jenaýatlaryň jemi boýunça jezanyň bellenilmegi. Hökümleriň jemi boýunça jezanyň bellenilmegi. Jezalar goşulan mahalynda şolaryň möhletlerini kesgitlemegiň tertibi. Jeza möhletleriniň hasaplanmagy we jezalaryň hasaba alynmagy. Şertleýin kazyýet işine çekmek..........................................................532
§ 4. Jenaýat jogapkärçiligini ỳeňilleşdirỳän ỳagdaỳlar. .......548
§ 5. Jenaýat jogapkärçiligini agyrlaşdyrỳan ỳagdaỳlar. ........555

Bap XVII. Jenaỳat jogapkärçiliginden boşatmak

§1. Jenaỳat jogapkärçiliginden boşatmak barada düşünje. Jenaỳat jogapkärçiliginden boşatmakylygyň hukuk esaslary.................................................................................560
§2. Jenaỳat jogapkärçiliginden boşatmakylygyň görnüşleri. Jenaýatdan meýletin boýun gaçyrmagy bilen jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. Çynlakaý ökünmegi mynasybetli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. .........565
§3. Jebir çeken bilen ýaraşmagy esasynda jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. Ýagdaýyň üýtgemegine görä jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. Wagt möhletiniň dolmagy sebäpli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylmagy. ...573

Bap XVIII. Jezadan boşadylmagy. Iş kesilenlik aỳbynyň ýatyrylmagy we onuň öz-özünden aỳrylmagy

§1. Jezadan boşadylmagy barada düşünje. Jezadan boşadylmagyň hukuk ýagdaýy.Jezadan boşadylmagyň esaslary. ..................................................................................587

§2. Jezadan boşadylmagyň görnüşleri. Jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmak. Jeza möhletiniň doldurylmadyk bölegini onuň ýeňilräk görnüşi bilen çalşyrmak. Agyr kesellik zerarly jezadan boşatmak. Göwreli aýallaryň we kiçi ýaşly çagalary bolan aýallaryň jezasyny çekmeginiň yza süýşürilmegi. Aýyplow höküminiň wagt möhletiniň geçmegi sebäpli jeza möhletini doldurmakdan boşatmak. ....................................589
§3.Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan ynsanperwerlik syýasaty. Günä geçmek pomilowaniä) we rehim ermek (amnistiỳa).... .......................................................596
§4. Iş kesilenlik barada düşünje. Iş kesilenlik aỳbyny aỳyrmak. Iş kesilenlik aỳbynyň öz-özünden aỳrylmagy. .....607

Bap XIX. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işleri barada umumy düşünje

§1. Kämillik ýaşyna ýetmedikler barada düşünje. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jogapkärçiliginiň aýratynlyklary. Kämillik ýaşyna ýetmediklere jezanyň bellenmeginiň tertibi................................................ 620
§2. Kämillik ýaşyna ýetmediklere bellenýän jezalaryň görnüşleri. Jerime düzediş işleri. Azatlykdan mahrum etmek. ...........................................................................626
§3. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jezasyny amala aşyrylmagynyň tertibi. Kämillik ýaşyna ýetmedikleri jezadan boşatmak. Terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleriň mazmuny. Jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmak. Iş kesilenlik aýbynyň öz-özünden aýrylmagy...........633

BapXX. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagyň esasy we tertibi. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň bellenmegi we bes edilmegi

§ 1. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmagyň esaslary. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerini ulanmagynyň maksady. ........................................642
§ 2. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çärelerininiň görnüşleri. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleriniň bellenmegi. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri dowam etdirmek, üýtgetmek we bes etmek.......................................647
§ 3. Lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäreleri ulanmagyň wagtynyň hasaba alynmagy. Jezany ýerine ýetirmek bilen birleşdirilen mejbury bejeriş.........................................651

Ulasnylan edebiýatlaryň sanawy ........................................661
Mazmuny...................................................................................666